J. Annaorazow, T. Aşyrow, D. Annaýew

AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARYNYŇ TARYHYNYŇ ÇEŞMEŞYNASLYGY WE TARYHNAMASY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2019

UOK 378:94 (5+6)
A 65

Annaorazow J. we başg.
A 65 **Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhynyň çeşmeşynaslygy we taryhnamasy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.

Okuw kitabynyň girişi, II, IV, VI, VIII, X, XII, XIII, XV, XVII baplary taryh ylymlarynyň kandidaty J. Annaorazow, IX, XI, XIV, XVI baplary T. Aşyrow we J. Annaorazow, I, III, V, VII baplary D. Annaýew we J. Annaorazow tarapyndan ýazyldy.

TDKP № 166, 2019 KBK 63+3 (5+6) ýa 73

© J. Annaorazow we başg., 2019.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

Gaýtalama:

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

Gaýtalama:

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

GIRIŞ

Çeşmeşynaslyk hakynda düşünje. Çeşmeşynaslykda we taryh ylmynda esasy mesele taryhy çeşme hakyndaky düşünjedir. Bu taryhy aň-düşünjäniň özboluşlylygy bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi öwrenilýän obýektiň (geçmiş, taryhy waka, hadysa) we ony öwrenýän subýektiň (taryhçy) arasynda taryhy çeşme duryar. Netijede, häzirki zaman taryhçy alymlary (subýektiwlik) taryhy çeşmeleriň kömegi bilen geçmişiň wakalaryny hem-de hadysalaryny (obýektiwlik) özara birleşdiryärler. Şundan ugur alnyp, çeşmeşynaslyk ylmynda taryhy çeşmä obýektiwligiň (geçmiş, waka, hadysa) hem-de subýektiwligiň (çeşmäni dörediji, taryhçy) özara birleşmesi hökmünde baha berilýär.

Her bir taryhy çeşme subýektiwdir, sebäbi ol adam aňynyň, subýektiň önümi bolup duryar. Beýleki bir tarapdan, taryhy çeşme obýektiwdir, sebäbi onuň özi taryhy hakykatyň bir bölegi bolup galýar. Şol bir wagtyň özünde bolsa, çeşmäni döredijiler taryhy hakykaty obýektiw beýan etmäge ukyplydyrlar. Ýöne taryhy çeşme we taryhy hakykat – bularyň ikisi bir zat däldir. Şol sebäpli hem her bir taryhy çeşmäni çeşmeşynaslyk taýdan öwrenmek zerurlygy ýüze çykýar.

Bar bolan we ýüze çykarylýan her bir çeşmäni çeşmeşynaslyk taýdan öwrenmek üçin köp işleri amal etmeli bolýar. Munuň üçin nazary usullary, dürli çemeleşmeleri we usulyýet ýörelgelerini işläp düzmeli we şolaryň esasynda taryhy derňew hem-de ylmy-seljeriş işlerini geçirip, çeşmelerden zerur maglumatlary almaly. Eýsem-de bolsa taryhy çeşmeler nämedir?

Taryhy çeşmeler – bu adamzat jemgyýetiniň köp müňýyllyk ösüş ýoluny görkezýän we oňa akyl ýetirmäge mümkinçilik berýän zatlardyr, ýagny adamyň gündelik zähmetiniň netijesinde döredilen we jemgyýetiň köptaraply durmuşy hakynda maglumat berýän ähli zatlar çeşmedir. Çeşmeleriň döremeginiň kanunalaýyklygy we olarda köp müňýyllyklardan bäri dowam edip gelýän adamzat taryhynyň şöhlelenilişi çeşmeşynaslygyň dersidir. Şeýlelikde, çeşmeşynaslyk – bu adamzat jemgyýetiniň köpugurly hem-de köptaraply durmuşy barada maglumat berýän taryhy çeşmeler hakyndaky ylymdyr.

Çeşmeşynaslygyň wezipesi onuň nazary-usulyýet ýörelgelerine daýanmak arkaly çeşmeleriň taryhy hakykata näderejede gabat gelýändigini öwrenmekden, şeýle hem çeşmelerdäki maglumatlary ýüze çykarmagyň usullaryny, tärlerini we tilsimlerini işläp düzmekden we olary ylmy taýdan derňemekden ybaratdyr.

Alymlar çeşmeleriň ýedi görnüşini agzaýarlar. Olar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Ýazuw çeşmeleri.

2. Maddy önümler, gündelik durmuşda ulanylýan dürli esbaplar we enjamlar.

3. Etnografik gymmatlyklar, milli medeniýet we miras bilen baglanyşykly önümler.

4. Dilden-dile geçip gelen wakalar hakyndaky gürrüňler.

5. Dil bilimi (lingwistika) bilen baglanyşykly maglumatlar.

6. Surat we janly şekil (fotokino) önümleri.

7. Ses (fono) ýazgylary.

Ýöne şu okuw kitabynda, esasan, ýazuw çeşmeleri hakynda gürrüň ediler. Ýazuw çeşmeleri hem birnäçe toparlara – görnüşlere bölünýär:

1. Ýyl ýazgylary (hronikalar).

2. Kanunlar, kanunçylyk ýygyndylary, kararlar (aktlar).

3. Iş dolandyryş kagyzlary.

4. Hususy kararlar ýa-da permanlar (aktlar).

5. Statistik (mukdar-hasabat maglumatlary) çeşmeler.

6. Döwürleýin metbugat.

7. Memuarlar, ýatlamalar, gündelikler, hatlar.

8. Edebi ýadygärlikler.

9. Publisistika we syýasy eserler.

10. Ylmy işler.

Dürli asyrlarda ýazylan ýazuw ýadygärlikleri ýa-da ýazuw çeşmeleri ýazgylaryň edilen döwri babatynda birnäçe görnüşlerde bolup bilýär. Olar asyl nusgasynda, göçürme, redaktirlenen we düşündiriş berlen görnüşlerde gabat gelýär.

Çeşmeşynaslygyň biri-birinden aýryp bolmaýan iki sany prinsipi – ýörelgesi bardyr. Olaryň birinjisi obýektiwlik ýörelgesi bolup, ol her bir çeşmäni öwrenmegiň gözbaşynda durmalydyr, ýagny çeşmäniň mazmuny obýektiw wakalary beýan etmelidir.

Çeşmeşynaslygyň taryhylyk ýörelgesi her bir çeşmä bitewi we çuňňur çemeleşmegi talap edýär. Kähalatlarda taryhylyk diýip, çeşmäniň döremegine getiren wakalary öwrenmeklige düşünýärler.

Taryhnama ylmy hakynda düşünje. Taryhnama ylmy adalga hökmünde grekleriň «historiýa» we «grafio» sözlerinden gelip çykyp, türkmen dilinde göni manyda «taryhy beýan etmek» diýmekligi aňladýar. Bu dersi we ylmy türkmen dilinde atlandyrmak üçin «taryhnama» diýen düşünje ulanylýar.

Eýsem-de bolsa, taryhnama dersi näme, ol nämäni öwrenýär? Taryhnamaçy alymlar bu dersiň many-mazmunyna dört sany kesgitleme berýärler:

1. Taryhnama – bu adamzat jemgyýetine akyl ýetirmegiň we ony öwrenmegiň möhüm usullarynyň biri bolan taryh ylmynyň taryhydyr.

2. Dürli döwürlerde bellibir tema ýa-da taryhy döwre bagyşlanylyp ýazylan işleriň toplumyna-da taryhnama diýilýär. Mysal üçin, Sin nesilşalygynyň taryhynyň taryhnamasy, Beýik Mogollaryň imperiýasynyň taryhynyň taryhnamasy, Osman imperiýasynyň taryhynyň taryhnamasy we başgalar. Nazary-ideologik, usulyýet we millilik alamatlary boýunça içki bitewüligi bar bolan taryhy işleriň toplumy hem taryhnama bolup bilýär. Mysal üçin, Hytaýyň orta asyr taryhnamasy, Hytaýyň buržuaz-demokratik taryhnamasy, Hytaýyň marksistik taryhnamasy, Eýranyň milli taryhnamasy we başgalar.

3. Taryhnama – bu taryh ylmynyň taryhyny öwrenýän ylymdyr.

4. Giň manyda taryhnama diýlip taryh ylmynyň özüne-de aýdylýar. Şonuň üçin kähalatlarda taryhçyny «taryhnamaçy» diýip hem atlandyrýarlar. Emma ol häzirki zaman ylmy dilinde az ulanylýan adalgadyr.

Entek hat-ýazuw döremänkä taryhy pikirler we taryhy bilimleriň käbir görnüşleri köp halklaryň dilden-dile, agyzdan-agza geçip gelen hekaýatlarynda we rowaýatlarynda beýan edilýärdi. Mysal üçin, şadessanlarda, hekaýatlarda, rowaýatlarda çeper-beýannama usulynda taryhy wakalar hakynda gürrüň edilýär we maglumatlar berilýär. Olarda öz döwri üçin möhüm hasaplanylan taryhy wakalar we möhüm jemgyýetçilik hadysalary (hökümdarlar, ýörişler, uruşlar, gündelik iş-aladalar, adamlaryň özara gatnaşyklary we başgalar) beýan edilipdir, şeýdibem olar hakyndaky gürrüňler dilden-dile geçip, biziň günlerimize gelip ýetipdir.

Iň gadymy eserler hasap edilýän hindi eposlary – şadessanlary «Mahabharata», «Ramaýana», gadymy hytaý şadessany «Aýdymlar kitaby» («Şiszin») bilen ýakyndan tanyşlyk bu kitaplarda gadymy döwürleriň taryhy pikirleriniň we garaýyşlarynyň yzlaryny görmäge mümkinçilik berýär. Wagtyň geçmegi, adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň çaltlaşmagy, ilkinji döwletleriň döremegi, hat-ýazuwyň peýda bolmagy bilen taryhy bilimlere we adamzat taryhyna akyl ýetirmäge bolan islegler hem-de gyzyklanmalar artyp başlaýar. Aýdylanlara Şumeriň we Akkadyň patyşalarynyň, Hytaý Şan-In döwrüniň, Müsüriň gul eýeçilik döwletleriniň ýazgylary, şeýle hem döwlet, buthana we şahsy arhiwleriň peýda bolmagy şaýatlyk edýär.

Taryhyň ýazylmagyna, taryhy wakalaryň many-mazmunynyň düşündirilmegine Gündogaryň gadymy dinleri bolan otparazçylygyň, daosizmiň, buddaçylygyň we konfusiançylygyň ynanç esaslary hem uly täsir edýär. Jemgyýetde bolup geçýän dürli wakalaryň hem-de hadysalaryň «Bu zatlar Gudraty güýçliniň emri bilen bolýar» diýlip düşündirilmegi eýýäm şol döwürlerde ýüze çykýar. Şunuň bilen bir hatarda, Gadymy Gündogarda taryha akyl ýetirmek, ony öwrenmek üçin käbir amatly şertler (mysal üçin, senenamalar, ýyl hasabyny ýöretmegiň dürli usullary, hronologik ulgamlar) hem döreýär.

Bu döwürde taryhy eserleriň hem käbir görnüşleri (ýyl ýazgylary, ömürbeýanlar, terjimehal häsiýetdäki işler) ýüze çykyp ugraýar. Taryhy eserleriň ýazylyş usulynyň çylşyrymlaşyp ugramagy ýaly ýagdaýlar hem ýüze çykýar, ýagny indi

gysgajyk ýazgylardan hekaýatlara geçilip ugralýar. Muňa b. e. öňki VIII asyra degişli ilkinji hytaý ýyl ýazgysy bolan «Çunsýu» (Ýaz we güýz) ýyl ýazgysy mysal bolup biler.

Adamzat jemgyýetiniň öz ösüşinde täze tapgyrlara, hususan-da, orta asyrlar eýýamyna gadam basmagy bilen taryh ylmy has-da kämilleşýär, ösýär. Ýöne tä şu eýýamyň ahyryna çenli adamzadyň geçen taryhy ýoluny öwrenmekde dini garaýyşlaryň täsiri uly boldy. Şonuň üçin hem bu döwrüň taryhy eserleri «adamzadyň geçmeli ýoly Hudaý tarapyndan öňünden kesgitlenilen» diýip düşündirýär. Orta asyr taryhçylarynyň şeýle taryhy garaýyşlary ylymda «prowidensializm»[1] diýlip atlandyrylýar. Bu döwrüň möhüm işleriniň hatarynda hytaýlylaryň «Nesilşalyk taryhlaryny», arap taryhçysy at-Tabariniň ählumumy taryh häsiýetdäki «Tarih ar-Rusul wa al-muluk» (Pygamberleriň we patyşalaryň taryhy) eserini mysal hökmünde görkezmek bolar. Emma taryh ylmy Gündogarda uly üstünliklere eýe bolsa-da, ol uzak asyrlaryň dowamynda orta asyr gatnaşyklarynyň we aň-düşünjeleriniň täsirinde bolup galdy. Munuň tersine, Günbatar Ýewropada taryh ylmy ýuwaş-ýuwaşdan kämilleşýär we orta asyr düşünjeleriniň täsirinden çykyp ugraýar.

Täzeden döreýiş döwründe (XIV–XVI asyrlar) kemala gelen italýan gumanistleriniň taryhnamasy (Leonardo Bruni (1370–1444), F. Býundo (1392–1463), N. Makiýewelli (1469–1527), F. Gwiççardini (1483–1540) we başgalar) taryh ylmynyň ösüşine uly itergi berdiler we onuň orta asyr aň-düşünjeleriniň täsirinden çykmagyna täsir etdi. Emma italýan gumanistlerinden birneme öňräk meşhur arap taryhçysy we filosofy ibn Haldun (Abu Zeýd Abd ur-Rahman ibn Muhammet, 1332–1406) özüniň «Araplaryň, parslaryň, berberileriň we olar bilen bilelikde ýaşan halklaryň taryhy boýunça kitap» atly ägirt uly eseriniň «Girişinde» (Mukaddime) adamzat taryhy bilen baglanyşykly iňňän gymmatly ylmy garaýyşlary öňe sürýär. Adamzat taryhyny orta asyr garaýyşlarynyň esasynda düşündirmegi ret etmek bilen, ibn Haldun taryhy hemişe ösýän hem-de özgerýän şekilde beýan edýär. Ol jemgyýetiň taryhynda geografik gurşawa uly ähmiýet beripdir.

Günbatar Ýewropa ýurtlarynda buržuaz rewolýusiýalaryň (niderland, iňlis we beýik fransuz rewolýusiýalary) bolup geçmegi bilen, orta asyr taryhnamasynyň esasynda öňdebaryjy aň-düşünjelere esaslanýan täze – magaryfçylyk taryhnamasy kemala gelýär. Magaryfçylyk taryhnamasynda Monteskýeniň (1689–1755), Wolteriň (1694–1778), Russonyň (1712–1778), Kondorseniň (1743–1794) we başgalaryň taryhy garaýyşlary uly ähmiýete eýe boldy.

XIX asyryň ortalarynda taryha akyl ýetirmegiň täze ugurlarynyň biri bolan marksçylyk taryhnama-da ýüze çykdy. Häzirki döwürde bu akym öz ähmiýetini ýi-

[1] Prowidensializm *(latyn. providential – öňünden görme, öňünden bilme, gudrat)* – orta asyrlar döwrüniň taryhy-filosofik akymy bolup, bu akymyň alymlary adamzadyň durmuşy Hudaý tarapyndan öňünden kesgitlenilen diýip düşündiripdirler. Bu akym musulmançylyk, hristiançylyk we ýahudyçylyk taryhnamalary üçin häsiýetlidir.

tiren hem bolsa, ol käbir ýurtlarda (Hytaý Halk Respublikasynda, Koreýa Halk Demokratik Respublikasynda, Wýetnam Sosialistik Respublikasynda, Kubada) taryhy beýan etmegiň baş usuly hökmünde ýaşap gelýär.

XIX asyryň ahyrlaryna çenli Aziýa we Afrika ýurtlarynyň halklarynyň Ýewropanyň az sanly döwletleriniň tabynlygyna sezewar bolmaklary zerarly, bu yklymlaryň halklary taryhy ösüşde yza galdylar. Emma Ýewropanyň öňdebaryjy ideýa-syýasy akymlarynyň gürrüňi edilýän yklymlara ýaýramagy bilen, bu ýurtlarda hem taryha ylmy nukdaýnazardan garamak meýilleri oýanyp ugrady. Şeýle meýilleriň gözbaşynda bakna ýurtlaryň milli magaryfçylary duryardylar. Olar öz halklaryny sowatly etmek, orta asyrlaryň «gaflat ukusyndan oýarmak» ugrunda göreşýärdiler.

Milli magaryfçylar, birinji nobatda, öz ýurtlarynyň taryhy geçmişine ýüzlenip, baý medeni hem-de taryhy mirasy wagyz etmegiň esasynda, milli duýgyny oýarmaga çalyşýardylar. Şunuň esasynda XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda Aziýa we Afrika ýurtlarynda ýerli taryhnamada milli watançylyk akymy peýda boldy. Bu akymyň peýda bolmagynda we ösmeginde Ram Mohan Roýuň (Hindistan), Kan Ýuweýiň we Lýan Siçaonyň (Hytaý), Butrus al-Buldaniniň (Müsür), Malkom hanyň, Zeýnelabidin Merageýiniň (ikisem Eýranda), Hose Risalyň (Filippinler), Mustafa Kemalyň (Türkiýe) we başgalaryň uly hyzmaty bardyr.

Täze taryh döwründe Aziýa we Afrika ýurtlarynda ýüze çykyp ugran ýerli taryhçylar öz ýurtlarynyň geçmişindäki aýry-aýry wakalara milli bähbitlerden ugur alyp baha bermäge çalyşýardylar. Çünki ýewropaly taryhçylaryň aglabasy Täze taryh döwründe kolonial ýurtlarda bolup geçen wakalara ýewropalynyň garaýşy esasynda düşündiriş berýärdiler. Mysal üçin, Angliýanyň taryhçylary 1857–1859-njy ýyllarda Hindistanda bolup geçen wakalary iňlis häkimiýetlerine garşy gönükdirilen topalaň hökmünde häsiýetlendirseler, hindiler bu waka keseki agalygyna garşy hindi halkynyň milli azat edijilik urşy hökmünde baha berýärdiler.

Häzirki döwürde Aziýa we Afrika ýurtlarynyň her birinde öz milli taryhnama mekdepleri hereket edýär. Milli taryhnama mekdeplerinde taryh ýazmak bilen baglanyşykly baý tejribe hem-de taryhnama mirasy toplanyldy. Olaryň her birinde degişli ýurtlaryň taryhy, şol ýurtlaryň adamzat taryhynda tutýan orny, dünýä siwilizasiýasynyň ösüşine goşan goşandy özboluşly usullar arkaly beýan edilýär. Şunuň bilen bir hatarda, milli taryhnama mekdeplerinde öz ýurdunyň dünýä taryhyndaky ornuny hetdenaşa artdyryp görkezmäge çalyşmak ýaly kemçilikler, hiç bir ýurduňka meňzemeýän «aýratyn milli ösüş ýoly» hakyndaky esassyz garaýyşlar hem duş gelýär.

Taryhnama ylmy aşakdaky jähetlerde – aspektlerde ylmy derňewleri alyp barýar:

1. Taryhnama ylmy her döwür üçin mahsus bolan taryh ylmynyň sosial esasyny öwrenmäge ýardam edýär, ýagny ol taryhyň näme maksat bilen ýazylýandy-

gyny we onuň sosial wezipesini öwrenýär. Mysal üçin, Gadymy döwürde we Orta asyrlarda taryh bellibir syýasy maksatlar ýa-da anyk durmuş toparynyň, aýry-aýry şahslaryň bähbitleri nazarda tutulyp ýazyldy.

2. Taryh ylmynyň her bir ugruna mahsus bolan nazary we usulyýet ýörelgelerini – prinsiplerini öwrenýär. Adamzat taryhyny ylym hökmünde öwrenýän durmuş-ykdysady, taryhy-medeni, taryhy-hukuk, pozitiwizm ýaly birnäçe ugurlar bar. Bu ugurlaryň hersiniň özüniň nazary hem-de usulyýet ýörelgeleri bardyr. Taryhnama ylmynyň esasy jähetleriniň biri-de şu ugurlaryň her biriniň nazary hem-de usulyýet esaslaryny öwrenmekdir.

3. Taryhy işleriň çeşmeşynaslyk gorlaryna, peýdalanylan çeşmeleriň häsiýetine, ylmy derňewiň usullaryna seljerme berýär. Taryhnamanyň şu jähetde öwrenilmegi her bir taryhy mekdebiň ylmy işleriniň özboluşlylygyny öwrenmäge mümkinçilik berýär.

4. Taryhy işleriň garaýan meselelerine, ylmy derňewleriň ösüşine we giňelişine seljerme berýär. Meseleleriň hut şeýle nukdaýnazardan öwrenilmegi islendik meseläniň öwrenilişiniň ösüş ýoluny kesgitlemäge, uly meseleleri içki meselelere bölüp, has jikme-jik öwrenmäge ýardam edýär.

5. Dürli taryh mekdepleriniň döreden ylmy taglymatlaryny – konsepsiýalaryny öwrenýär. Taryhy taglymatlaryň derňelmegi, bir tarapdan, wagtyň geçmegi bilen köne taryhy pikirlerden, garaýyşlardan el çekilişini ýüze çykarmaga mümkinçilik berse, beýleki bir tarapdan, köne taryhy pikirler bilen täze pikirleriň arasyndaky baglanyşygy açmaga, öňki döwürdäki hakyky ylmy netijeleri ulanmaga ýardam edýär. Şunuň esasynda bolsa dürli taryh mekdepleriniň – akymlarynyň arasyndaky göreşlere anyk göz ýetirmäge kömek edýär.

6. Taryh ylmynda ylmy derňewiň guralyşyny we formalaryny, ylmy edaralaryň we arhiwleriň işlerini, hünärmenleriň taýýarlanylyşyny, neşirýat işlerini, taryhy taglymatlary ulanmagyň görnüşlerini we olaryň ýaýradylyşyny öwrenýär.

«Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhynyň çeşmeşynaslygy we taryhnamasy» dersi boýunça ýazylan bu okuw kitaby Magtymguly adyndaky TDU-nyň dünýä taryhy kafedrasynda ara alnyp maslahatlaşylandan soň çap etmäge hödürlenildi. Okuw kitabyndaky goşundylar, ders boýunça hödürlenilýän edebiýatlaryň sanawy dünýä taryhy kafedrasynyň mugallymy G. Muhammedow, P. Durdygylyjow we J. Öwezowa tarapyndan düzüldi. Olardan G. Muhammedow okuw kitabynyň «Günorta–Gündogar Aziýa ýurtlarynyň çeşmeşynaslygy we milli taryhnamasy» bölümini ýazmaga hem gatnaşdy.

I BAP. HYTAÝYŇ TARYHY BOÝUNÇA GADYMY WE ORTA ASYR ÇEŞMELERI

Hytaýyň taryhynyň Sýa, In we Günbatar Çžou döwürlerine degişli ýazuw çeşmeleri (b. e. öňki II müňýyllyk – b.e. öňki VIII asyr)

Hytaýda gadymy döwürlerden başlap ýurduň taryhyny ýazmak däbe öwrülipdir. Şonuň üçin hem Hytaýyň gadymy döwrüniň taryhyny şöhlelendirýän köpsanly ýazuw ýadygärlikleri saklanyp galypdyr. Olardan biziň günlerimize gelip ýeten iň irkisi «Şan şu» (Taryh kitaby) eseridir. Bu eser «Şu szin» (Taryhy hekaýatlaryň kitaby) ady bilen hem bellidir. Merkezleşdirilen Hytaý döwletini esaslandyran Sin Şihuandi (b. e. öňki III asyr) tarapyndan kitaplar otlanylanda «Şan şu» eseri ýitýär. Emma b. e. öňki II asyrda eseriň ýazgylary gaýtadan dikeldilýär. Şol sebäpden hem eseriň gaýtadan dikeldilen görnüşi çeşmeşynaslyk ylmynda «Şan şunuň täze nusgasy» diýlip atlandyrylýar. Birneme soňrak «Şan şunuň gadymy nusgasy» diýlip atlandyrylýan görnüşi hem peýda bolýar. Ol mazmuny boýunça «täze nusgadan» görnetin tapawut edýär.

«Şan şu» eseri özüniň täze nusgasynda gurluş taýdan 58 bapdan ybarat bolup, ondaky maglumatlar ady rowaýata öwrülen gadymy hytaý hökümdary Ýaodan başlap, tä b. e. öňki VII asyr aralykdaky wakalar barada gürrüň berýär. Eser seneleşdirme-hronologiýa taýdan bäş sany bölümçelere bölünýär. Emma çeşmeşynas alymlaryň tassyklamalaryna görä, «Şan şunuň» ýazgylarynyň diňe ýary asyl nusgasyna muwapyk gelýär; eseriň galan bölegini emele getirýän ýazgylar soňra eseri göçürijiler tarapyndan goşulypdyr.

«Şan şunuň» hakyky ýazgylar diýlip hasap edilýän bölümçelerindäki ýazgylardan Günbatar Çžou döwrüne (b. e. önki XI–IX asyrlar) degişlileri bellärliklidir. Şol maglumatlar, esasan, hytaýly wanlaryň (patyşalar) we olaryň

Ýüpek matanyň ýüzüne ýazylan hytaý golýazmasy (V asyr)

köşk adamlarynyň dilinden berilýän maglumatlardyr. Soňra alymlar «Şan şunuň» ýazgylary bilen şol döwre degişli epigrafiki ýazgylary deňeşdirip gördüler. Şonda eseriň hem-de epigrafiki ýazgylaryň ýazylyş usullarynyň we dilleriniň örän meňzeşdigi ýüze çykaryldy. Munuň özi «Şan şunuň» «Täze nusga» diýlip atlandyrylýan bölegindäki ýazgylaryň bir böleginiň hakykydygyny tassyk edýär.

乾隆壬子孟冬購得尚書表注為顧伊人所藏
本後歸吾邑花山馬氏遺古樓馬氏售於武林
吳氏瓶花齋即此書也何義門謂書有殘缺顧
伊人意為補全未可盡信細校此書方知意為
補全之處且與通志堂刊本微有異同景仁山
先生集有尚書表注序而伊人抄補之序亦復
刪節不全今並存之近時藜郡以通志堂本重
刻版樣縮小以致標題位置多訛又缺其下方
大非表請四闌外式矣松靄周春記

«Şan şu» eseriniň sahypasy

XI asyryň hytaý golýazmasy

Bu çeşmäniň käbir baplary In döwrüniň (b. e. öňki XIV–XI asyrlar) wakalaryndan habar berýär. In döwrüne degişli ýazuw çeşmeleriniň biri-de «Çžuşu szinýan» (Bambuk ýyl ýazgysy) eseridir. Bu eseriň şeýle atlandyrylmagy, onuň ýazgysynyň bambuk tagtajyklarynyň ýüzüne ýazylandygy bilen baglanyşyklydyr. Bambuk tagtajyklarynyň ýüzündäki ýazgylar gadymy öwlüýä talaňçylar tarapyndan talanylýarka ýüze çykarylypdyr. Ýöne soňra bu eseriň originaly, ýagny asyl nusgasy ýitirilipdir, onuň giçki döwürlere degişli bolan göçürmelerinde bolsa köp nätakyklyklara ýol berlipdir. Mysal üçin, eseriň XVIII–XIX asyrlarda ýaýran ýazgysyndaky maglumatlar, VII–X asyrlaryň eserlerinde ulanylan maglumatlardan görnetin tapawut edýär.

«Bambuk ýyl ýazgysy» mazmuny boýunça «Şan şudan» düýpli tapawut edýär, sebäbi ondaky maglumatlar örän gysgaça beýan edilip, gurluşy boýunça hronikadyr, ýagny wakalar ýyllar boýunça yzygider beýan edilýän sene ýazgylarydyr. Eserde gadymy hytaý patyşalarynyň dolandyran ýyllary hronologik tertipde yzygider beýan edilýär.

B. e. öňki XIV–IX asyrlaryň wakalary baradaky maglumatlar beýik hytaý taryhçysy Syma Sýanyň (b. e. öňki 145–90) «Şi-szy» (Taryhy ýazgylar) eseriniň başky baplarynda bellenilip geçilýär. Çeşmeşynas alymlaryň çaklamalaryna görä, Syma Sýan öz işini ýazanda nähilidir bir irki ýazgylara daýanypdyr. Ýöne hytaýly taryhçynyň ulanan şol ýazgylary biziň günlerimize gelip ýetmändir. Syma Sýanyň berýän maglumatlary In döwrüniň epigrafik ýazgylary bilen deňeşdirilip görlende, maglumatlar köp babatda bir-biri bilen meňzeş gelýär. Bu bolsa Syma Sýanyň işiniň ylmy ähmiýetini has-da artdyrýar.

Çunsýu-Çžango döwrüniň çeşmeleri (b. e. öňki VIII–III asyrlar)

Gündogar Çžou döwri gadymy Hytaýda taryhnama ylmynyň kemala gelmeginde ep-esli işleriň bitirilen döwürleriniň biri hasap edilýär. Baryp Günbatar Çžou patyşalarynyň (b. e. öňki XI–IX asyrlar) köşgünde senenamaçylaryň ýörite wezipesi bolupdyr. Olar ýurtda bolup geçýän möhüm wakalaryň senelerini ýöredipdirler we ýazga geçiripdirler. Netijede, b. e. öňki I müňýyllygyň ortalarynda gadymy hytaý döwletleri bolan Çžou, Lu, Si, Szin, Çžen, Çu, U we Ýue patyşalyklarynda ilkinji ýyl ýazgylary peýda bolup ugraýar. Şol çeşmeleriň ýazgysy öňküler ýaly gysgaça bolmandyr-da, wakalar indi has jikme-jik beýan edilipdir. Şeýle çeşmeleriň hatarynda biziň günlerimize gelip ýetenleriň biri «Çunsýu» (Ýaz we güýz) ýyl ýazgysydyr. Ol Lu patyşalygynda ýazylyp, onda b. e. öňki 722–480-nji ýyllaryň wakalary barada gürrüň berilýär. Şoňa görä-de Hytaýyň taryhynyň şu döwri hem «Ýaz we güýz» (ýagny Çunsýu) döwri diýlip atlandyrylýar. Ýyl ýazgysynda Lu patyşalygynda bolup geçen wakalar sene yzygiderliliginde beýan edilipdir.

«Çunsýu» ýyl ýazgysy bilen baglanyşykly ýene-de bir çeşme saklanyp galypdyr, ýöne ol bu esere kommentariýa (beýan) hasap edilýär. Ol «Szoçžuan» (Szonyň kommentariýasy) diýlip atlandyrylýar. Adyndan mälim bolşy ýaly, eser meşhur hytaýly akyldar Konfusiniň (Kun-szy, b. e. öňki 552–479) yzyna eýerijileriň biri Szo Sýulin tarapyndan ýazylypdyr. Szo Sýulin hem b. e. öňki 722–448-nji ýyllaryň wakalaryny beýan edýär. Eser b. e. öňki IV asyrdan soň ýazylypdyr diýlip çaklanylýar. Aýratyn bellemeli zat, «Çunsýu» bilen deňeşdirilende, «Szonyň kommentariýasy» has jikme-jik maglumatlary berýär.

«Çunsýu» we «Szoçžuan» bilen bir hatarda ýene-de bir çeşmäni atlandyrmak bolar. Ol «Goýuý» (Patyşalaryň çykyşlary) eseridir. Emma başky ady agzalan iki çeşmeden tapawutlylykda, «Goýuýy» doly derejede ýyl ýazgysy diýip atlandyrmak mümkin däldir. Çünki onda diňe patyşalaryň aýdanlary, ýagny çykyşlary berilýär. Bu çeşmede her bir döwletiň patyşalarynyň aýdanlary aýry-aýrylykda ýerleşdirilipdir. Kitap jemi 21 bapdan ybarat bolup, onuň 1–3-nji baplary Çžou döwletiniň, 4–5-nji baplary – Lu döwletiniň, 6-njy baby – Si döwletiniň, 7–15-nji baplary – Szin döwletiniň, 16–19-njy baplary – U döwletiniň, 20–21-nji baplary bolsa Ýue döwletiniň patyşalarynyň aýdanlaryna bagyşlanyp-



«Çunsýu» eseriniň sahypasy

Ýao hakynda hekaýat (XIX asyryň nusgasy)

dyr. «Goýuýyň» ähmiýetli tarapy onda «Çunsýuda» atlary görkezilmedik taryhy şahslaryň – patyşalaryň aýdanlary hem bardyr.

Giçki Çžou döwrüne degişli çeşmeleriň arasynda «Çžangose» (Söweşýän patyşalyklaryň meýilnamalary) eseriniň hem uly ähmiýeti bardyr. Bu kitap asyl nusgasynda 10 bölümden ybarat bolup, olardaky wakalar her patyşalyk boýunça aýratynlykda, hronologik yzygiderlikde beýan edilýär. Eserde jemi 482 sany waka barada gürrüň berilýär. Şol wakalar, esasan, b. e. öňki V–III asyrlaryň döwlet işgärleriniň ara alyp maslahatlaşan harby, diplomatik we beýleki meseleleri bilen baglanyşyklydyr.

XX asyryň 70-nji ýyllarynda Han imperiýasynyň döwrüne degişli mazarystanlykdan b. e. öňki 168-nji ýyla degişli, ylymda öň näbelli bolan bir eser tapyldy. Mazmuny we ýazylyş usuly boýunça ol «Çžangose» eserine juda meňzeş. Ol eser 27 bölümden ybarat bolup, «Çžangoseni» metinşynaslyk, ýagny tekstologik taýdan öwrenmekde uly ähmiýete eýe boldy.

B. e. öňki I müňýyllyga degişli çeşmeleriň arasynda «Şiszin» (Aýdymlar kitaby) eseri aýratyn uly orun eýeleýär. Onuň häzirki zaman nusgasy 305 sany goşgudan ybarat bolan kitapdyr. Şol goşgular mazmuny boýunça «Patyşalyklaryň gylyklary», «Kiçi odalar», «Uly odalar» we «Senalar» diýlip atlandyrylan dört sany bölüme bölünipdir. Ýöne käbir irki ýazuw çeşmelerinde, mysal üçin, «Szoçžuanda» we «Goýuýda» bu eserdäki käbir aýdymlara duş gelmek bolýar. Şol aýdymlar bolsa «Şisziniň» häzirki zaman nusgasyna girizilmändir. Onuň hem sebäbi beýleki ençeme eserler bilen bir hatarda «Aýdymlar kitaby» hem b. e. öňki 213-nji ýylda Sin imperiýasyny esaslandyryjy Sin Şihuandiniň buýrugy bilen ýok edilipdir. Emma barybir Sin imperiýasy döränden soň hem «Aýdymlar kitabynyň» birnäçe nusgasy peýda bolupdyr. Şol nusgalaryň biri hem onuň biziň günlerimize gelip ýeten nusgasydyr. Şol nusganyň awtory Mao atly bir alym bolupdyr. Umuman alnanda, b. e. öňki VI asyryň ortalarynda «Şiszin» aýratyn, bitewi bir ýygyndy bolupdyr diýip aýtmak bolar.

«Aýdymlar kitabyndaky» bölümleriň her biriniň öz gelip çykyşy bar. Meselem, «Patyşalyklaryň gylyklary» mazmun taýdan dilden aýdylýan folklor eserlerine meňzeş bolsa, «Odalar» we «Senalar» mazmuny boýunça ritual, ýagny dini

däp-dessurlar häsiýetdäki goşgular bolup durýar. Görnüşi ýaly, «Aýdymlar kitaby» gadymy hytaýlylaryň däp-dessurlary, ynançlary we endikleri, şeýle hem maddy medeniýeti barada gymmatly çeşmedir.

Gadymy çeşmeleriň arasynda b. e. öňki V–III asyrlaryň hytaý filosoflarynyň işleri hem uly ähmiýete eýedir. Eserleriň filosofik mazmunyna garamazdan, olarda taryhy wakalar we şahslar hakyndaky şaýatnamalar örän köpdür. Şeýle eserleriň biri hem Konfusiniň pähimlerini özünde jemleýän «Lunýuý» (Pikirler we gürrüňler) kitabydyr. Bu kitap akyldaryň okuwçylary tarapyndan ýazylypdyr diýlip çaklanylýar. Kitap 20 bölümden ybarat bolup, onuň esasy mazmuny Konfusiniň öz okuwçylary we döwlet işgärleri bilen dürli meseleler boýunça guran çekişmelerinde aýdan pikirleridir.

Konfusiniň okuwçylarynyň we onuň yzyna eýerijileriň hem ençemesiniň eserleri saklanyp galypdyr. Irki konfusiaçylaryň işlerinden Men Keniň (b. e. öňki IV asyryň ahyrlary – III asyryň başlary) «Men-szy» eserini görkezmek bolar. Eserde Men Keniň syýasy garaýyşlary beýan edilipdir. «Men-szy» 7 bapdan ybarat we olaryň her biri ikä bölünýär. Ajaýyp jedelkeş hökmünde tanalan Men Ke öz gatnaşýan çekişmelerinde hemişe taryhy mysallara ýüzlenip durupdyr. Şol sebäpden hem onuň işinde Gadymy Hytaýyň mifiki taryhyndan başlap, tä b. e. öňki III asyra çenli döwrüň wakalary barada baý maglumatlar berilýär.

Konfusiaçylaryň hatarynda Sýun-szynyň (b. e. öňki 313–238) ady hem giňden tutulýar. Onuň adybir «Sýun-szy» eseri bardyr.

Konfusiniň şägirtleriniň hem-de okuwçylarynyň esasy garşydaşy hytaýly dana Mo Di (b. e. öňki 479–400) bolupdyr. Onuň yzyna eýerijiler ylymda «moçiler» (moistler) diýlip atlandyrylýar. Mo Di «Mo-szy» eseriniň awtorydyr. Eseriň asyl nusgasy 71 bapdan ybarat bolupdyr, ýöne soňra onuň 18 baby ýitipdir, galan baplaryndaky ýazgylara bolsa, soňky asyrlarda köp goşmaça ýazgylar goşulyp-

«Şiszin» eseriniň sahypasy

dyr. Şol goşmaçalaryň käbirleri b. e. öňki V–IV asyrlara, käbirleri bolsa b. e. öňki IV–III asyrlara degişlidir. Şunda, aýratyn hem, Mo Diniň şägirtleriniň ýazan bölümleri uly ähmiýete eýedir. Eger-de konfusiaçylar Günbatar Çžou döwrüni, onuň tertip-düzgünlerini mahabatlandyran bolsalar, olaryň tersine, moçiler «Günbatar Çžou döwrüniň düzgünleri köneldi, şonuň üçin hem olar ýok edilmelidir» diýip aýdypdyrlar. Mo Diniň yzyna eýerijileri hytaý filosofik ugurlarynyň biri bolan legisleriň (kanunçylaryň, danalaryň) gözbaşy – başlangyjy hökmünde kabul edýärler.

Şan Ýan (b. e. öňki 390–338) hytaý filosofiýasynda legistleriň, ýagny kanunçylaryň ýa-da başgaça aýdylanda danalaryň akymyny esaslandyryjylaryň biri hasap edilýär. Ol «Şan szýun şu» (Şan welaýatynyň häkimininiň kitaby) atly eserini ýazypdyr. Onuň eseri 26 bapdan durýar. Han Feý-szy (b. e. öňki 233-nji ýylda aradan çykan) hem legistdir. Onuň eseri «Han Feý-szy» diýlip atlandyrylýar. Bu eserde-de Hytaýyň taryhyna degişli köp mukdardaky maglumatlar jemlenendir.

Taryh bilen baglanyşykly käbir maglumatlar daosçylyk dini mekdebiniň alymlarynyň işlerinde-de duş gelýär. Olardan «Daodeszini» (Dao we de hakynda kitap), Çžuan Çžouň (b. e. öňki 369–286) «Çžuan-szy» we b. e. öňki VII asyrda ýaşap geçen Guan Çžunyň «Guan-szy» eserlerini görkezmek bolar.

Çžango döwrüniň çeşmeleriniň arasynda harby mazmunly eserler hem uly ähmiýete eýedir. Sebäbi b. e. öňki V–III asyrlarda Hytaýda harby sungat uly ösüşe eýe bolupdyr. Munuň özi birnäçe harby mazmunly işleriň ýazylmagyna getiripdir. Şeýle mazmunly çeşmeleriň hatarynda «Sun-szy», «U-szy» eserlerini görkezmek bolar. Şunuň bilen baglylykda, 1972-nji ýylda b. e. öňki II asyra degişli mazarystanlykda gazuw-agtaryş işleri geçirilende, harby mazmunly ýazgylar toplumynyň hem birnäçesi ýüze çykarylypdyr.

Sin-Han döwrüniň ýazuw ýadygärlikleri (b. e. öňki III – b. e. III asyrlary)

Sin-Han döwri hem hytaý taryhnamasynyň ösüşinde ençeme eserleriň döredilen döwri boldy. Bu döwürde diňe bir hytaý taryhnamasynyň däl, eýsem dünýä taryhnamasynyň hem ajaýyp eseri hasap edilýän «Şi-szi» (Taryhy ýazgylar) eseri ýazyldy. Eseriň awtory Syma Sýan (b. e. öňki 145–90) Han imperiýasynyň döwlet edarasynda taryhçynyň wezipesini eýelemek bilen, öz kitabyny gulluk borjy boýunça däl-de, atasynyň wesýetini berjaý etmek üçin ýazypdyr. Sebäbi onuň atasy uly işiň başyny tutsa-da, ony ahyryna çenli tamamlap ýetişmändir.

«Şi-szi» – bu Hytaýyň ählumumy taryhy bolup, ol sene taýdan iň gadymy zamanlardan – tä biziň eýýamymyzdan öňki I müňýyllygyň soňky ýüzýyllygynyň ahyrlaryna çenli döwrüň wakalaryny özünde jemleýär. Bu giň döwrüň taryhyny beýan etmek üçin bar bolan ähli ýazuw çeşmelerini ýygnamak we umumylaşdyr-

mak gerekdi. Şonuň üçin Syma Sýanyň atasy hem, onuň özi hem bu kyn wezipäni amala aşyrmagyň hötdesinden gelipdirler.

Hytaý golýazmasy

Syma Sýan taryhy beýan etmegiň öňki däp bolup gelýän köne usulyndan ýüz öwrüpdir. Sebäbi öňki işlerde taryhy wakalar guraksy beýan edilýärdi. Syma Sýan kitabyny birnäçe ýörite bölümlere bölüpdir we many-mazmuny meňzeş wakalary bir bölümiň çäginde beýan edipdir. Taryhçy eserini 5 sany aýratyn bölüme bölýär: 1. «Benszy» (Esasy ýazgylar); 2. «Býao» (Seneler); 3. «Şu» (Eserler); 4. «Şiszýa» (Mirasdüşer nesilşalyklaryň taryhy); 5. «Leçžuan» (Ömürbeýanlar).

Eseriň «Esasy ýazgylar» bölümi bir patyşanyň ýa-da bir nesilşalygyň patyşalarynyň döwründe bolup geçen wakalary özünde jemläpdir, «Senelerde» bolsa kitabyň dürli bölümlerindäki sanlaryň tablisalary (jedweller), ýyllaryň seneleri görkezilýär. «Eserler» bölüminde, beýlekilerden tapawutlylykda, onda wakalar temalary boýunça beýan edilýär. Şunda esasy üns ykdysadyýete we medeniýete berlipdir.

Adyndan mälim bolşy ýaly, «Mirasdüşer nesilşalyklaryň taryhy» bölüminde Gadymy Hytaýyň taryhynda ýaşap geçen nesilşalyklaryň taryhy barada gürrüň edilýär. Kitabyň soňky, bäşinji bölümi bolan «Ömürbeýanlarda» öz döwrüniň ajaýyp şahsyýetleri – patyşalaryň, döwlet işgärleriniň, alymlaryň, ýazyjy-şahyrlaryň we başgalaryň terjimehallary barada giňişleýin maglumatlar berilýär. Şu bölümde koreýler, şeýle hem türkmenleriň we türki halklaryň gadymy ata-babalary bolan hunlar baradaky maglumatlar uly gyzyklanma döredýär.



«Şi-szi» eserine giriş

Syma Sýan Hytaýda taryh ýazmagyň «nesilşalyklaryň taryhy» (şu) diýlip atlandyrylan usulyny esaslandyran alym hasap edilýär. Hytaýly taryhçylaryň soňky nesilleri Hytaýyň taryhyny Syma Sýanyň döredip giden «nesilşalyklaryň taryhy» ülňüsi esasynda ýazypdyrlar.

Görnükli taryhçy Ban Gu (b. e. 32–92) Syma Sýanyň ülňüsini ulanyp, birinji «nesilşalyk taryhyny» ýazýar. Onuň eseri ylymda «Han-şu» (Han nesilşalygynyň taryhy) ady bilen ýörgünlidir. Eserde b. e. öňki III – b. e. I asyry aralygyndaky döwrüň taryhy beýan edilýär. Syma Sýanyň atasy ýaly, Ban Gunuň atasy hem taryhçy bolupdyr we ol öz atasynyň gutaryp ýetişmedik işini dowam etdiripdir.

Göwrümi boýunça «Han-şu» «Şi-sziden» sähel kiçidir. Onda jemi 100 bap (szýuan) bar. Emma käbir baplaryň öz içinde iküç bölümçeden duryandygy nazarda tutulsa, onda eserdäki baplaryň sany 120-den geçýär.

Awtor eserinde Syma Sýanyň işindäki Han imperiýasynyň taryhy bilen baglanyşykly köp maglumatlary giňişleýin peýdalanypdyr. Ban Gu käbir ýerlerde «Şi-sziniň» baplaryny dolulygyna göçüripdir. Emma geçmişiň wakalaryna Syma Sýanyň pikirlerine çapraz gelýän bahalar berlipdir. Sebäbi Syma Sýan daosçy (akyldar Laoszynyň yzyna eýeriji), Ban Gu bolsa konfusiaçy bolupdyr.

«Han-şu» eseriniň gurluşy hem edil Syma Sýanyň eserinňki ýaly, ýöne Ban Gunuň işinde «Taryhy ýazgylardaky» 4-nji bölüm (Mirasdüşer nesilşalyklaryň taryhy) ýok. Syma Sýanyň eserindäki «Eserler» bölümini bolsa Ban Gu «Syn» diýip atlandyrypdyr. Ban Gunuň eseriniň «Syn» bölüminde (onda 10 sany syn ýerleşdirilipdir) senenama, däp-dessurlar, saz, jenaýat jemkanunlary, ykdysadyýet, pul-haryt gatnaşyklary, geografiýa, astronomiýa, dini ynançlar barada möhüm maglumatlar berilýär. Şu bölümde I asyra degişli ýazuw ýadygärlikleriniň bibliografiýasy hem berilýär.

«Nesilşalyk taryhynyň» ikinjisi Fan Ýe (398–445) tarapyndan ýazylypdyr. Onuň eseri «Hou Han-şu» (Giçki Han nesilşalygynyň taryhy) diýlip atlandyrylýar. Onuň işi 10 sany «Ýazgydan», 10 sany «Syndan» we 80 sany «Ömürbeýanlardan» ybaratdyr. Fan Ýe eseri edil özünden öňki hytaý taryhçylarynyň edişi ýaly, «nesilşalyk taryhy» usulynda ýazypdyr. Şunuň bilen bir hatarda, ol bu işe täzeligem girizýär. Fan Ýe hytaý taryhnamasynda ilkinji bolup «Ömürbeýanlar» bölümine «Ajaýyp aýallaryň ömürbeýanlary» atly bölümçe goşupdyr. Soňraky asyrlaryň taryhçylary bu tejribäni Fan Ýeden öwrenipdirler. Awtoryň eseri Syma Sýanyň we Ban Gunuň eseri bilen deňeşdirilende, dünýä sinologiýasynda[1] gowşak öwrenilendir.


帝紀第一上
范曄 後漢書一
唐章懷太子賢注
光武皇帝
世祖光武皇帝諱秀字文叔 禮祖有功而宗有德光武中興故廟稱世祖諡法能紹前業曰光克定禍亂曰武伏古今注曰秀之字曰茂伯仲叔季兄弟之次長兄伯升次仲故字文叔焉
南陽蔡陽人 南陽郡今鄧州縣也蔡陽縣故城在今隨州棗陽縣西南
高祖九世之孫也出自景帝生長沙定王發 長沙郡今潭州縣也發生春陵節侯買 春陵鄉名本屬零陵今道縣在今永州唐興縣北元帝時徙南陽仍號春陵故城今在隨州棗陽縣東事具宗室四

«Hou Han-şu» eseriniň sahypasy

B. e. öňki III – b. e. III asyrlarynda Gadymy Hytaýda dowam eden ideologik göreşler şol döwrüň jemgyýetiniň dürli ugurlary bara-

[1] Sinologiýa (Hytaýy öwreniş) Gündogary öwreniş ylmynyň bir pudagy.

da möhüm maglumatlary özünde jemleýän köpsanly filosofik eserleriň döremegine sebäp bolýar. Şeýle mazmundaky işleriň arasynda b. e. öňki III asyrda ýazylan «Lýuýşi çunsýu» (Jenap Lýuýyň ýazy we güýzi) eseri uly ähmiýete eýedir. Bu eseri ýazmaklyk işi b. e. öňki 241-nji ýylda tamamlanypdyr. Bu kitapda dürli syýasy mekdepleriň we ugurlaryň wekilleriniň garaýyşlary beýan edilýär. Eser 26 bapdan ybarat bolup, gurluş taýdan 3 bölüme bölünýär – «Ýazgylar», «Synlar» we «Pikirler». Kitapda dünýäniň gurluşy, jemgyýeti dolandyrmagyň esaslary we ahlak ýörelgeleri bilen bir hatarda, hytaýlylaryň ekerançylyk endikleri, agrotehniki kadalar barada-da baý maglumatlar berilýär.

Şeýle mazmundaky işleriň hatarynda konfusiaçy alym Dun Çžun-şunuň «Baýhu tunýi» (Ak gaplaň köşgündäki çekişmeler), daosçy alymlar toparynyň b. e. öňki II asyryň ortalarynda ýazan «Huaýnan-szy» (Huaýnan patyşasynyň ýazan kitaby), Wan Çunuň (b. e. I asyry) «Lunhen» (Tankydy pikirler) we beýlekileriň kitaplaryny görkezmek bolar.

Han imperiýasynyň döwri hytaýly alymlaryň hem uly üstünlikler gazanan döwri bolupdyr. Olar ylmyň dürli ugurlary boýunça eserleri, ýörite okuw kitaplaryny döredipdirler. Şolardan has ähmiýetlisi b. e. öňki II asyrda ýazylan «Szýuçžan suanşu» (Dokuz baplyk matemetika) eseridir. Eseriň taryhy çeşme hökmünde gymmaty onda dürli harytlaryň bahalary, ölçeg birlikleri, senetçileriň zähmet öndürijiligi, gümrük salgytlarynyň mukdary, hakyna tutma işgärleriň ortaça aýlyk hakynyň möçberi we başgalar barada maglumatlar berilýänligindedir.

Fan Şençžiniň (b. e. öňki I asyr) adybir kitaby («Fan Şençži şu») agrotehnikanyň we oba hojalygynyň meselelerine bagyşlanypdyr. Öz döwründe 18 sany bölümden ybarat bolan bu kitabyň diňe 7 bölümindäki ýazgylar biziň günlerimize gelip ýetipdir. Onda ekin ekilýän, hasyl ýygnalýan döwür, tohumlaryň saýlanylyşy, käbir ekinleriň ekilişi, dänäniň saklanylyşy bilen baglanyşykly maglumatlar berilýär. Şeýle meselelere Suý Şiniň (b. e. II asyry) «Symin Ýuemin» (Halkyň dört gatlagy üçin aýba-aý düzgünler) kitabynda-da garalyp geçilýär.

Han döwri Hytaýda ýerli lukmançylygyň hem dörän döwrüdir. Çžan Çžuns--zin (150–219) «Şanhanlun» (Garahassalyk barada) eserini döredýär. Hytaýda şeýle eserleriň başga-da köp sanlysy ýazylypdyr.

Hytaýyň orta asyrlar döwrüniň çeşmeleri (III–XVII asyrlar)

Hytaýyň orta asyr çeşmeşynaslygy Syma Sýanyň «Şi-szy» eserinden gözbaş alyp gaýdýar. Mälim bolşy ýaly, Syma Sýan hytaý çeşmeşynaslygynda «nesilşalyk taryhy» atly täze bir usuly esaslandyrypdy. Bu eser hronologik taýdan b. e. öňki 2697-nji ýyldan – b. e. önki 90-njy ýyllara çenli aralykda bolup geçen wakalary beýan edýär. Mundan beýläk hytaýly taryhçylaryň ählisi öz işlerini Syma Sýanyň

esaslandyran ülňüsi boýunça ýazypdyrlar. Hytaý çeşmeşynaslygynda jemi 26 sany «nesilşalyk taryhlary» bardyr. «Nesilşalyk taryhlary» XVIII asyrda Hytaýyň dolandyryjylary bolan mançžur hökümdarlary tarapyndan bir ýere jemlenilipdir we «Er-şi sy-şi» (24 taryh) ady bilen neşir edilipdir. Esere «24 taryh» diýlip at berilmeginiň sebäbi, bu ýygynda mongollaryň Ýuan nesilşalygynyň taryhyny beýan edýän iki «nesilşalyk taryhlarynyň» biri girizilmändir. Bu ýygyndyny taýýarlap, neşir eden mançžurlaryň Sin nesilşalygy hem şindi dowam edýärdi.

Aşakda «nesilşalyk taryhlarynyň» 26-sy hronologik tertipde ýerleşdirildi.

1. «Şi-szy» (Taryhy ýazgylar), onda b. e. öňki 2697-nji ýylyndan – b. e. öňki 90-njy ýyllaryň wakalary beýan edilýär.
2. «Han-şu» (Han nesilşalygynyň taryhy – b. e. öňki 206 – b. e. 24).
3. «Hou Han-şu» (Giçki Han nesilşalygynyň taryhy – 25–220).
4. «San Go-çži» (Üç döwletiň ýazgysy – 220–280).
5. «Szin-şu» (Szin nesilşalygynyň taryhy – 265–419).
6. «Sun-şu» (Sun nesilşalygynyň taryhy – 420–478).
7. «Nan si-şu» (Günorta nesilşalyklarynyň taryhy – 479–501).
8. «Lýan-şu» (Lýan nesilşalygynyň taryhy – 502–557).
9. «Çen-şu» (Çen nesilşalygynyň taryhy – 557–580).
10. «Weý-şu» (Weý nesilşalygynyň taryhy – 386–535).
11. «Beý si-şu» (Demirgazyk nesilşalyklarynyň taryhy – 550–557).
12. «Çžou-şu» (Çžou nesilşalygynyň taryhy – 557–581).
13. «Nan-şi» (Günorta nesilşalygynyň taryhy – 420–589).
14. «Beý-şi» (Demirgazyk nesilşalygynyň taryhy – 386–581).
15. «Suý-şu» (Suý nesilşalygynyň taryhy – 581–617).

«Tan şu» eseriniň bir sahypasy

16. «Szýu Tan-şu» (Tan nesilşalygynyň köne taryhy – 618–906).
17. «Sin Tan-şu» (Tan nesilşalygynyň täze taryhy – 618–906).
18. «Szýu u daý-şi» (Bäş nesilşalygyň we on patyşalygyň köne taryhy – 907–959).
19. «Sin u daý-şi» Bäş nesilşalygyň we on patyşalygyň täze taryhy – 907–959).
20. «Sun-şi» (Sun nesilşalygynyň taryhy – 960–1276).
21. «Lýao-şi» (Lýao nesilşalygynyň taryhy – 916–1125).
22. «Szin-şu» (Szin nesilşalygynyň taryhy – 1115–1234).
23. «Ýuan-şi» (Ýuan nesilşalygynyň taryhy – 1206–1368).
24. «Sin Ýuan-şi» (Ýuan nesilşalygynyň täze taryhy – 1206–1368).
25. «Min-şi» (Min nesilşalygynyň taryhy – 1368–1644).
26. «Sin Şi-gao» (Sin nesilşalygynyň «garalama» taryhy – 1644–1911).

Şu nesilşalyklaryň köpüsinde türkmenleriň we türki halklarynyň gadymy ata-babalary bolan hunlar, göktürkmenler we oguzlar barada-da gymmatly maglumatlar berilýär.

«Nesilşalyk taryhlaryny» ýazmaklyk şu ülňiniň ösüşiniň ähli döwürlerinde döwletiň bu işe gönüden-göni gatnaşmagynda we gözegçiliginde amala aşyrylypdyr. Irki döwürlerde «nesilşalyk taryhlaryny» ýazmaklyk kanunlaşdyrylmandyr. Emma VII asyryň ortalarynda, ýagny Tan nesilşalygynyň höküm süren döwründe, «nesilşalyk taryhyny» ýazmak üçin imperatoryň permany bilen ýörite döwlet edarasy – taryhnama komiteti döredilýär. Onuň esasy wezipesi «nesilşalyk taryhyny» düzmek we ýazmak bolupdyr.

Däp bolşy ýaly, şeýle eser diňe bir nesilşalygyň taryhyna bagyşlanylmaly bolupdyr, özi hem nesilşalygyň taryhy diňe ol ýykylandan soň ýazylmaly eken. Adatça, häkimiýet başyna gelen täze nesilşalyk, özünden öňki nesilşalygyň taryhyny beýan edipdir. Şeýtmek bilen häkimiýete täze gelen nesilşalyk öz abraýyny berkidipdir we öz häkimiýetine kanunylyk alamatyny beripdir.

Alymlaryň biragyzdan bellemeklerine görä, Hytaýda bar bolan 26 sany nesilşalyk taryhlarynyň iň kämil düzüleni «Min nesilşalygynyň taryhy» hasap edilýär. Özünde Hytaýyň taryhy boýunça gymmatly mahlumatlary jemleýän bu eseri ýazmak tas 100 ýyllap diýen ýaly dowam edipdir.

«Nesilşalyklaryň taryhynda» hytaýly awtorlar diňe bir öz ýurtlary hakynda däl, eýsem, Hytaý bilen goňşuçylykda ýaşaýan

Pol Pellio Dunhuan gowagynyň golýazmalaryny öwrenýär

halklaryň (türki, mongol halklarynyň, koreýleriň, ýaponlaryň, wýetnamlylaryň, mýanmalylaryň we başgalaryň) taryhyny hem ýazypdyrlar. Sebäbi hytaýlylaryň nädogry düşünjeleri boýunça Hytaý dünýäniň merkezi bolup (ýagny «Jungo»), goňşuçylykda ýaşaýan ähli halklary olar özleriniň ýapjalary ýa-da raýatlary hasap edipdirler. Şol sebäpden hem hytaýlylar özleriniň «keseki raýatlary» hakynda ýazmagy «agalyk» borçlary hasaplapdyrlar. Adatça, şol halklar baradaky maglumatlar «Nesilşalyk taryhlarynyň» ýörite baplarynda ýerleşdirilipdir.

Dunhuan resminamalary

Hytaýyň Gansu welaýatynyň günbatarynda Dunhuan şäheri ýerleşýär. XX asyryň başlarynda Dunhuanyň günorta-gündogaryndan geçýän Dasýuan derýasynyň gaýalary ýada salyp duran hanasynda IV–VI asyrlarda bina edilen, emma indi hiç kimiň barmaýan buddaçylyk ybadathanasyndan Wan Ýuan-lu atly bir monah tötänleýin orta asyr kitaphanasynyň üstüni açýar. Bu barada ol ýerli döwlet edaralarynyň ýolbaşçylaryna duýdursa-da, kitaphanadaky golýazmalara eýe çykmaga hiç kim howlukmandyr. 1904-nji ýylda golýazmalary ybadathananyň özünde galdyrylmaly diýlip karar kabul edilýär.

Wan Ýuan-lunuň açyşy baradaky habar köp ýerlere ýaýrapdyr. Şol döwürler öz ekspedisiýasy bilen Sinsizýanda işläp ýören belli iňlis arheology A. Steýn bu habary eşidip, 1907-nji ýylda Dunhuana gelýär. Ol bu ýerden 7 müňden gowrak golýazmalary alyp gidýär. 1909-njy ýylda bu ýere fransuz sinology P. Pelliýo hem gelýär. Oňa Dunhuandan 3,5 müň töweregi golýazmany alyp gitmek başardýar. Ol hytaý dilini gowy bilýär eken, şonuň üçin hem dini äheňdäkileri däl-de, esasan, taryh bilen baglanyşykly golýazmalary alypdyr.

Pelliodan soň 1910-njy ýylda Dunhuana Otaniniň baştutanlygynda ýapon arheologik ekspedisiýasy hem gelýär. Bu ekspedisiýa IV–X asyrlarda buddaçylygyň Gündogar Türküstana ýaýramagynyň meselelerini öwrenýär eken. Otaniniň ekspedisiýasy hem golýazmalaryň köp mukdaryny Ýaponiýa alyp gidýär.

1910-njy ýylda hytaýly alymlaryň talap etmegi bilen ýurduň hökümeti Dunhuan kitaphanasyndaky golýazmalary Pekine äkitdirip ugraýar. Emma bu iş örän guramaçylyksyz alnyp barlypdyr, üstesine-de, golýazmalaryň bir bölegi döwlet emeldarlary tarapyndan talanypdyr. 1914-nji ýylyň awgust aýynda A. Steýn ikinji gezek Dunhuana gelýär. Şonda ol ýene-de öňki äkiden möçberindäki ýaly golýazmalary ele salýar.

1914-nji ýylyň awgustyndan 1915-nji ýylyň ýanwaryna çenli aralykda S. F. Oldenburgyň baştutanlygyndaky rus ekspedisiýasy hem Dunhuanda işleýär. Bu ekspedisiýa hem ep-esli mukdardaky golýazmany Russiýa äkidýär. Netijede, Dunhuanyň ybadathana kitaphanasynyň golýazmalary Hytaý, Angliýa, Fransiýa,

Russiýa ýaly iri döwletleriň milli kitaphanalaryna düşýär. Golýazmalaryň bir bölegi soňra Ýaponiýa we Hindistana hem äkidilýär.

Dunhuan resminamalary hronologiýa taýdan V–XI asyrlary öz içine alýar. Resminamalaryň içindäki iň irki ýazgy 406-njy ýyla degişli bolup, ol Demirgazyk Weý nesilşalygynyň (396–581) döwri, iň giçkisi bolsa 1002-nji ýyla degişli bolup, ol Günorta Sun nesilşalygynyň döwri barada maglumatlary berýär.

Dunhuan resminamalary şol döwürde Hytaýyň, Gündogar Türküstanyň durmuş-ykdysady, syýasy we medeni ýagdaýy, sebitde ýaýran dinler (buddaçylyk, otparazçylyk, maniheýçilik, konfusiançylyk, daosçylyk) barada gymmatly maglumatlary berýär. Taryhy maglumatlar bilen bir hatarda, Dunhuan resminamalarynyň arasynda edebi we surat eserleri hem bar. Tapylan golýazmalaryň umumy sany 40 müň töweregidir diýlip çaklanylýar. Dunhuan resminamalarynyň aglaba köpçüligi (70–80%-i) hytaý (han) dilinde, ýöne tibet, uýgur-türki, şeýle hem ýiten diller hasap edilýän sanskrit, sogdak, kuçin, hotan dillerinde ýazylan ýazgylar hem duş gelýär.

Hytaýyň taryhy boýunça taryhy ensiklopediýalar we syýahatçylaryň ýazgylary

Hytaýyň gadymy hem-de orta asyrlar döwürleriniň taryhyny öwrenmekde «Nesilşalyk taryhlaryndan» başga-da, dürli görnüşdäki ensiklopediýalar, ýygyndylar, taryhy-geografik ýazgylar hem uly ähmiýete eýedir. Olardan «Hekaýatlar ummany» («Şohaý»), «Hytaýyň demirgazyk araçäginiň doly beýany» («Şofanbeý-çen») ýygyndylary, şeýle hem ensiklopediýa bolan «Umumy teswir» («Tunçži»), «Imperator kitaphanasyndaky uly pyşdyl» («Sefuýunguý»), «Jemleýji maglumat» («Wensiýantunkao»), «Kämil derejede ýazylan düýpsüz aýna kimin ensiklopediýa» («Ýuan Sziýanleýhan»), «Dasin imperiýasy barada jemleýji maglumat» («Dasini-tunçži»), «Köne we täze döwürleriň kitaplarynyň we suratlarynyň doly ýygyndysy» («Tuşusziçen»), «Günbatar göktürkmenleriň taryhy boýunça maglumatlar» («Si-týukýue-şilýao») we başga eserleri görkezmek bolar.

Hytaýly budda zyýaratçylarynyň işleri hem ýurduň taryhyny öwrenmekde uly ähmiýete eýedir. Olaryň hatarynda Fa Sýanyň (400), Sun Ýunuň (518–522), Weý Szonyň (605–616), Sýuan Szanyň (629–648), I Sziniň (673–695), Hoý-Çao-nyň (723–729), U Kunuň (751–790) we beýlekileriň ýazgylaryny görkezmek bolar. Aýratyn hem, Sýuan Szanyň ýazgylary ähmiýetlidir.

Umuman alnanda, hytaý çeşmeleri mazmun taýdan hem, mukdar taýdan hem juda baýdyr we örän giňdir.

Türkmenleriň we türki halklarynyň taryhy boýunça hytaý dilli çeşmeler

Türkmen hem-de türki halklarynyň baý taryhy geçmişi barada hytaý çeşmeleri gymmatly maglumatlar berýär. Bu halklaryň gadymyýetini öwrenmekde daşary ýurt çeşmeleriniň arasynda gadymy hytaý ýazgylary aýratyn orun eýeleýär. Uzak ýyllaryň dowamynda türkmen we türki halklarynyň döreden döwletleri bolan Beýik Hun döwletiniň, Göktürkmenleriň (Türk kaganaty) döwletiniň we başgalaryň Hytaýdaky döwletler bilen goňşuçylykda ýerleşmegi, olar bilen özara syýasy-ykdysady we medeni gatnaşyklaryň alnyp barylmagy bu ýurtda gymmatly ýazuw çeşmeleriniň toplanmagyna getiripdir.

Gadymyýetde goňşy oturan halklar bolan türkiler we hytaýlylar asyrlaryň dowamynda bir-birine her hili atlary beripdirler. Hytaý ýazuw çeşmelerinden mälim bolşy ýaly, hytaýlylar oguzlary-türkmenleri, türkileri «hunnu», «gunnu», «sýunnu», «dulga», «týukýue» ýaly atlar bilen atlandyrypdyrlar. Gadymy orhon-ýeniseý ýazgylaryndan mälim bolşy ýaly, türkmenler we beýleki türki halklary hem hytaýlylary «tabgaç», «kytaý», «hytaý», olaryň ýurduny bolsa, birneme giç-kiräk döwür – araplar gelenden soň «Çyn-Maçyn»[1], ýagny «Çin-Beýik Çin» diýip hem atlandyrypdyrlar.

Gadymy türkiler hakynda gürrüň berýän iň irki hytaý ýazuw ýadygärligi – bu «Taryh kitaby» («Şan-şu») eseridir. «Taryh kitabynda» şindi Ýao we Şan döwründe (b. e. öňki III müňýyllyk) hytaý bilen goňşuçylykda Man, I, Di, Žun diýlip atlandyrylan halklaryň ýaşandygy bellenilýär. Hytaý ýazuw çeşmelerinde türki dilde gepleýän halklaryň öz köklerini «di» diýlip atlandyrylan halkdan alyp gaýdýandyklary bellenilýär.

Han nesilşalygynyň agalyk eden asyrlarynda (b. e. öňki III – b. e. III asyrlar) Hytaý diňe bir öz goňşulary bilen däl, eýsem uzakdaky ülkeler bilen hem gyzgalaňly gatnaşyklara girip ugraýar. Türki kowumlarynyň gadymy ata-babalarynyň döreden Beýik Hun döwleti bilen alnyp barylýan uruşlar döwründe hytaý patyşasy köşk adamlarynyň birini – Çžan Sýany Horezme ilçi edip iberýär. Çžan Sýanyň maksady Horezmi hunlara garşy uruşda Hytaýyň tarapyna çekmek bolupdyr. Çžan Sýan b. e. öňki 140–126-njy ýyllar aralygynda Horezmde bolmak



Dunhuandan tapylan sogdy dilindäki golýazma (IX asyr)

[1] «Maçyn» arapça «Beýik Çin» diýmekligi aňladýar.

bilen Merkezi Aziýanyň halklary barada gummatly maglumatlary galdyrypdyr.

Ban Gu

Hytaýyň «Nesilşalyk taryhlarynyň» sanawynda meşhur taryhçy Syma Sýanyň «Taryhy ýazgylar» («Şi-szy») eseri birinji orunda durýar. «Taryhy ýazgylaryň» 110-njy baby («Szýuany») dolulygyna hunlaryň taryhyna bagyşlanýar. «Taryhy ýazgylaryň» gymmatly tarapy onda türkmen we türki halklarynyň köp asyrlyk taryhynyň bardygy tassyk edilýär. Bu barada Merkezi Aziýanyň halklarynyň geçmişi dogrusynda gürrüň berýän hytaý çeşmelerini rus diline terjime eden N. Ý. Biçurin: «Hunlar Sýan Çžonyň ýazmagyna görä, patyşa Ýaonyň döwründe (b. e. öňki III müň ýyllyk) «Hunýuý», Çžou nesilşalygynyň döwründe «Hýan-ýun», Sin nesilşalygy döwründe bolsa «Hunnu» diýlip atlandyrylypdyr» diýip ýazýar.

«Taryhy ýazgylarda» Syma Sýan Beýik Hun döwletini dolandyran sekiz hökümdaryň döwrüniň taryhyny beýan edýär. Awtor hunlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ussatlyk bilen beýän etmegi başarypdyr. Ol: «Hunlar otuň-suwuň ýagdaýyna görä, mallary bilen göçüp-gonup ýörler, olar gapysy gündogara tarap bakdyrylan tegelek gara, ak öýlerde ýaşaýarlar. Iýmitleri et, içgileri gymyz, egin-eşiklerini dürli reňkli ýüň matadan edýärler. Kim batyr, güýçli we jedelli meseleleri çözmäge ukyply bolsa, ony özlerine han saýlaýarlar» diýip belläpdir. Syma Sýan öz eserinde hunlaryň iň gowy tohum atlary köpeldýändiklerini bellemek bilen «Ýaý atyp bilýänleriň hemmesi atly goşunda gulluk edýärler. Parahatçylyk döwürde olar, adatça, awçylyk edip, mal yzynda gezýärler, zerur wagty bolsa çozuşlary geçirmek üçin türgenleşýärler. Olaryň dogabitdi häsiýetleri şeýledir. Olaryň uzyn ýaraglary gylyç bilen demir saply naýza, kelte ýaraglary bolsa, ok-ýaý. Iş şowuna bolanda öňe okdurylýarlar, şowsuzlyk bolsa haýal etmän yza çekilýärler. Gaçmagy özlerine utanç hasap etmeýärler» diýip, hunlaryň örän söweşjeň halk bolandygyny ýazypdyr.

Türki halklarynyň taryhy barada gymmatly maglumat berýän eserleriň biri-de belli taryhçy Ban Gu (32–92) tarapyndan ýazylan «Irki han nesilşalygynyň taryhy» («Sýan Han-şu») kitabydyr. Ban Gu öz kitabynda Beýik Hun döwletini dolandyran 17 sany hanyň döwrüniň wakalaryny beýan edipdir. Hunlar hakyndaky maglumatlar Ban Gunuň kitabynyň 94 a we 94 b baplarynda beýan edilýär. Bu kitapda, aýratyn hem, Hun döwletiniň gowşak döwürleri has gowy beýan edilipdir. Şonda Ban Gu Hytaý tarapynyň ýapjalygy kabul etmek baradaky teklibine hanlaryň garaýşyny şeýle beýan edýär: «Bu mümkin däl» diýip ýaşulular aýtdylar.

Ouýan-sýu

At üstünde oturyp söweşmek biziň artykmaçlygymyz. Hut şonuň üçin hem ähli halklar bizden çekinýärler. Bizde entek edermen ýigitler gutaranok. Emma indi iki süýtdeş dogan tagt üstünde dawa edýärler. Bu gün bolmasa ertir tagty ýa kiçisi alar, ýa-da bolmasa ulusy alar. Şu ýagdaýda öleniňem gowudyr. Biziň nesillerimiz hemişe-de halklaryň üstünden agalyk edip gezerler. Han nesilşalygynyň ýapjasy bolmaklyk – dünýäden öten hanlarymyzyň abraýyny dökmeklikdir, goňşy halklara bolsa üstümizden güldürmekdir».

Hunlar hakynda möhüm maglumatlary özünde jemleýän eserleriň biri-de Fan Ýeniň «Giçki han nesilşalygynyň taryhy» («Hou Han-şu») kitabydyr. Şol maglumatlar eseriň 119-njy babynda ýerleşdirilip, onda b. e. 25–215-nji ýyllary aralygynda Günorta Hun imperiýasyny dolandyran 20 hökümdaryň döwri hakynda gürrüň edilýär.

Türkmen we türki halklarynyň taryhynyň möhüm döwürleriniň biri-de Göktürkmenleriň döwletiniň (Türk kaganaty) ýaşan döwrüdir (552–745). Bu döwürler barada-da gymmatly hytaý çeşmeleri bardyr. Göktürkmenleriň döwleti hakynda maglumatlar, esasan, Weý-şou (VI asyrda ýaşan) tarapyndan ýazylan «Weý nesilşalygynyň taryhy» («Weý-şu»), Li Ýan-şou (VII asyrda ýaşan) tarapyndan ýazylan «Demirgazyk nesilşalyklarynyň taryhy» («Beý-şu»), Weý Çženiň (VII asyrda ýaşan) «Suý nesilşalygynyň taryhy» («Suý-şu»), Ouýan Sýu-nyň (XI asyrda ýaşan) «Tan nesilşalygynyň taryhy» («Tan-şu») we käbir beýleki «nesilşalyk taryhlarynda» jemlenendir.

Hytaý çeşmeşynaslygynda «Tan nesilşalygynyň taryhynyň» iki sany görnüşi bardyr. Olaryň birinjisi «Tan nesilşalygynyň köne taryhy» («Szýu Tan-şu») bolup, ol 941–945-nji ýyllarda Lýu Heý tarapyndan ýazylypdyr, ikinjisi «Tan nesilşalygynyň täze taryhy» («Sin Tan-şu») bolup, ony 1045–1060-njy ýyllarda Ouýan Sýu ýazypdyr. Ýöne ylymda bu iki eser bir meselä bagyşlanandyklary üçin, «Tan nesilşalygynyň taryhy» ady bilen bellidir. Ady agzalan eserleriň içinde iň abraýlysy we ylmy taýdan ähmiýetlisi «Tan nesilşalygynyň täze taryhydyr». Adyndan mälim bolşy ýaly, eser Hytaýyň taryhynda uly yz galdyran Tan nesilşalygynyň (618–907) taryhyna bagyşlanandyr.

Göktürkmenleriň taryhy bilen baglanyşykly maglumatlar eseriň 215 a we 215 b baplarynda ýerleşdirilipdir. «Tan nesilşalygynyň taryhy» eserinde Göktürkmen döwleti hakyndaky maglumatlar iki bölege bölünip berilýär. Onuň birinji bölümin-

de Gündogar Göktürkmenler döwletini (552–745) dolandyran 21 sany hanyň döwri beýan edilýär, ikinji bölüminde bolsa Günbatar Göktürkmen döwletini (600–766) dolandyran 28 sany hanyň döwri hakynda gürrüň berilýär. «Tan nesilşalygynyň taryhy» eseriniň awtory göktürkmenleriň tebigy häsiýeti barada «Olar uruşda ölmegi – şöhrat, keselden ölmegi bolsa masgaraçylyk hasap edýärler» diýip ýazypdyr.

«Tan-şu» eseriniň sahypasy

Göktürkmenleriň taryhy boýunça möhüm çeşme bolmak bilen, eser bu halkyň döreýşi, onuň urp-adatlary, dini ynançlary, durmuş taýdan bölünişi, döwlet gurluşy, hojalygy, şeýle hem döwletiň daşary we içeri syýasaty barada örän gymmatly maglumatlary berýär.

XVIII asyryň ahyrlarynda Pekinde dürli milletleriň wekilleriniň (hytaý, mançžur, mongol, uýgur we tibet) alymlaryndan ybarat ýörite edara döredilipdir. Edaranyň wezipesi gadymy hytaý taryhy kitaplaryndaky atlary degişli halkyň öz dilinde aýdylyş ýagdaýyna getirmeklik bolupdyr. Edaranyň alymlary Sun, Liao we Ýuan «Nesilşalyklaryň taryhyndaky» (916–1368) atlara düzediş beripdirler. Emma irki döwürleriň «Nesilşalyk taryhlaryndaky» atlar düzedilmän galypdyr. Şol sebäpden hem hunlaryň we göktürkmenleriň döwrüniň köp adam atlary henize-bu güne çenli düşnüksiz bolup galýar. N. Ý. Biçurin hytaý «Nesilşalyk taryhlaryndaky» oguz-türkmen adalgalarynyň käbirlerini türkmen dilindäki aýdylyş derejesine getirmegi başarypdyr. Muňa mysal edip kehan-kagan, katun-hatyn, dele-tegin, şehu-ýabgu, şa-şat, tutun-tutuk, dagan-tarhan, be-beg, mohe-baga, mohedu-bahadyr, gudulu-gutlug, bigýa-bilge, dynli-taňry we başgalary görkezmek bolar.

Hytaý çeşmeleri gadymy türkileriň taryhyny doly we sene yzygiderliliginde berýär. Olarda beýan edilýän adam, ýer-ýurt we tire-taýpa atlary, halkyň hojalygy, medeniýeti, dini ynanjy, aýry-aýry wakalar türki halklaryň taryhyny has-da baýlaşdyrýar. Üstesine-de, hytaý çeşmeleri anyk ýazuw çeşmelerine esaslanýarlar.

Türkmen we türki halklaryň gadymy ata-babalary hakyndaky goşmaça ýazuw çeşmelerini «Han nesilşalygynyň taryhy» eseriniň awtory Ban Gu hem ulanypdyr. Syma Sýanyň hunlar hakyndaky ýazgylaryny sözme-söz göçürmek bilen Ban-Gu goşmaça maglumatlary hem getirýär. Meselem, Beýik Hun patyşasy Mete hanyň (Maotun) Han imperator aýaly Gaohouň adyna ýazan hatyny görkezmek bolar. Goşmaça maglumatlar «Giçki han nesilşalygynyň taryhy» eserinde hem getirilýär. Türkileriň ýurdy hakyndaky maglumatlar serkerde Ban Çaonyň b. e. 94–96-njy ýyllaryndaky ýörişleriniň esasynda toplanylypdyr. Şu ýörişiň döwründe tä Sinhaýa

– Hazar deňzine çenli hytaý jansyzy Gan In iberilipdir. Onuň ýazgylary hem «Giçki han nesilşalygynyň taryhynda» öz ornuny tapypdyr. Bu işde Merkezi Aziýa bilen goňşuçylykdaky Hytaý welaýatlarynyň häkimleriniň maglumatlary hem giňişleýin ulanylypdyr.

«Weý nesilşalygynyň taryhy» üçin möhüm maglumatlar bolup V asyryň ortalarynda Merkezi Aziýanyň köp ýerlerini aýlanan hytaýly ilçiler Tun Ýuanyň we Gao Miniň ýazgylary hyzmat edipdir. Aslyýetinde, bu işde türki halklary barada berilýän maglumatlar has düşnükli we anyk bolandygy üçin, ondaky maglumatlar giçki döwrüň ensiklopediýalaryna (meselem, XIV asyryň awtory Ma Duan-liniň taryhy ensiklopediýasy) hem girizilipdir.

Suý we Tan nesilşalyklarynyň taryhy hem, esasan, ýazuw çeşmelerine esaslanýar. Şunda, aýratyn hem, hytaýly budda zyýaratçylarynyň ýazgylary gyzyklydyr. Şeýle maglumatlaryň arasynda Merkezi Aziýanyň üstünden Hindistana geçip giden hytaýly budda zyýaratçylaryndan Fa Sýanyň (400), Sun Ýunuň (518–522), Weý Szonyň (605–616), Sýuan Szanyň (629–648), I Sziniň (673–695), Hoý-Çaonyň (723–729), U Kunuň (751–790) ýazgylaryny görkezmek bolar. Aýratyn hem, Sýuan Szanyň ýazgylary ähmiýetlidir.

«Nesilşalyk taryhlaryndan» başga-da, türki halklar hakynda dürli görnüşdäki ensiklopediýalar, ýygyndylar, taryhy-geografik ýazgylar hem köp maglumatlar berýärler.

Türki halklary hakyndaky hytaý çeşmelerini ylmy esasda öwrenip başlanlar fransuz alymlarydyr. XVIII asyrda Hytaýda iş alyp baran fransuz missionerleri – din ýaýradyjylary Ž. Dýugald, Ž. Degin, Wisdelu, M. Malýa, Erbelo, Žerbilýon, Gobil, de Maýýa we başgalar uly işleri bitiripdirler. Bu alymlar hunlar, göktürkmenler we olar bilen goňşuçylykda ýaşan köpsanly halklaryň taryhyna degişli maglumatlary fransuz diline geçirmek bilen, bütin Ýewropany Merkezi Aziýanyň taryhy bilen içgin tanyşdyrdylar. Bu awtorlaryň arasyndan Ž. Deginiň (soňra Sarbonna uniwersitetiniň professory) 1756-njy ýylda neşir edilen «Gunlaryň, türkileriň we beýleki tatarlaryň umumy taryhy», Erbelonyň 1777-nji ýylda neşir edilen «Gündogar kitaphanasy», M. Malýanyň «Hytaýyň öz arhiwleriniň esasyndaky umumy taryhy» (11 tomluk), de Maýýanyň «Hytaýyň umumy taryhy» eserleri aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

Fa Sýan

Öwrenilýän mesele bilen XIX asyryň birinji ýarymynda fransuz alymlary A. Remýuza we Ý. Klaprot uly işleri amala aşyrypdyrlar. 1820-nji ýylda Parižde A. Remýuzanyň «Tartarlaryň (türkileriň) dili boýunça barlaglar», 1825-nji ýylda bolsa Ý. Kloprodyň «Aziýanyň taryhynyň hronologiýasy» kitaplary neşir edildi.

Gadymy türkileriň taryhyna degişli hytaý çeşmelerini öwrenmekde uly işleri bitiren alymlaryň biri-de meşhur rus sinology Nikita Ýakowlewiç Biçurindir (1777–1853). N. Ý. Biçurin ençeme kitaplaryň awtorydyr. Ýöne oňa aýratyn şöhrat getiren iş «Gadymy döwürlerde Orta Aziýada ýaşan halklar hakynda maglumatlar ýygyndysy» (1851) eseridir. Bu eser N. Ý. Biçuriniň uzak ýyllaryň dowamynda terjime eden hytaý taryhy çeşmeleriniň esasynda döredilipdir. Bu işe rus ylmy jemgyýetçiligi hem, Ýewropa ylmy jemgyýetçiligi hem ýokary baha beripdir.

Türkmenleriň we beýleki türki halklarynyň taryhyna degişli Hytaý çeşmelerini nemes we iňlis dillerine terjime etmekde Plat, Pfismaýýer, Waýli we Parker tapawutlanypdyrlar. Plat we Pfismaýýer 1863–1874-nji ýýllarda Wenada we Mýunhende ýörite işleri neşir etdirdiler. Waýliniň «Hunlaryň Hytaý bilen gatnaşyklary», Parkeriň «Türk – skif taýpalary» we «Tartarlaryň müň ýyllygy» atly işleri aýratyn gyzyklydyr. Bu işler XIX asyryň ahyrlarynda Hytaýda iňlis dilinde neşir edilipdir.

II BAP. HYTAÝYŇ TARYHYNYŇ TARYHNAMASY

Hytaý taryhnamasy b. e. I asyryna çenli döwürde

Hytaýyň taryhnamasy öz gözbaşyny gadymy döwürlerden alyp gaýdýar. Baryp b. e. öňki II–I müňýyllyklarda hytaý patyşalarynyň köşgünde senenamalary ýöredýän we wakalaryň senelerini düzýän ýörite emeldarlar – ilkinji taryhnamaçylar bolupdyr. Olaryň ýazgylarynda her hili tebigy we jemgyýetçilik hadysalaryna, döwrüniň syýasy wakalaryna baha bermäge synanyşyklar edilipdir.

Taryh baradaky azda-kände garaýyşlary gadymy hytaý etiki-syýasy taglymaty dörediji Konfusiniň (Kun-szy – b. e. öňki 552–479) we onuň garaýyşlarynyň esasynda dörän konfusiançylyk taglymatyna eýeren hytaýly danalaryň-akyldarlaryň dürli asyrlarda ýazyp galdyran işlerinde görmek bolýar. Konfusiniň özi we onuň şägirtleri urugçylyk zamanynyň we urug begzadalarynyň bähbitlerini arapdyrlar. Ýöne b. e. öňki VI–V asyrlar Hytaýda jemagatçylyk gurluşynyň gowşap ugran we täze begzadalar gatlagynyň täsiriniň güýçlenýän döwrüne gabat gelipdir. Şonuň üçin hem Konfusiý hemişe geçmişi, ýagny adamzat taryhynyň «altyn asyry» diýip atlandyran jemagatçylyk döwrüni taryplapdyr. Çünki jemagatçylyk döwründe adamy adamyň ezmegi ýaly hadysalar bolmandyr, adamlar adaty deňlik durmuşynda ýaşapdyrlar.

Konfusiniň jemgyýet we geçmiş hakyndaky garaýyşlary onuň okuwçylary tarapyndan ösdürilipdir. Taryhy garaýyşlary irki konfusiançylaryň biri bolan Men-szynyň (b. e. öňki 389–305) işinde-de görmek bolýar. Onuň garaýyşlary Konfu-

siniňkä golaý bolupdyr, ýöne onuň döwründe urug begzadalarynyň döwri eýýäm tamamlanypdy. Şonuň üçin hem Hytaýyň taryhynyň Ýao we Şan döwürlerini (b. e. önki III müňýyllyk) «Adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň çürbaşy» diýip hasap etse-de, ol özüniň adybir «Men-szy» eserinde täze gatlaklaryň bähbitlerini hem hasaba almaly bolupdyr. Men-szy ilkinji bolup taryhyň tapgyrlaýyn (siklleýin) häsiýeti hakyndaky pikiri öňe sürüpdir. Şunda ol başarjaň we emelsiz patyşalar ýerlerini yzygider çalşyp durarlar diýip aýdypdyr. Ol adamzat taryhyna gaýtalanyp, aýlanyp duran hadysa hökmünde seretmek bilen, şol aýlawlaryň her biriniň dowamlylygy 500 ýyldan ybaratdyr diýip belleýär. Men-szy her 500 ýyllyk döwrüň başlangyjyny edenli patyşalaryň häkimiýet başyna gelmegi bilen baglanyşdyrýar.

Men-szynyň döwürdeşi Szou Ýan hem konfusiançy bolupdyr. Ol «Adamzat hemişe ösüp, ýene-de gadymyýete dolanyp barar» diýip aýdypdyr.

Konfusiançylygyň giçki döwrüniň alymy hasap edilýän Sýun-szy (b. e. öňki 298–238) irki konfusiançylardan tapawutlylykda, gadymyýeti, ýagny jemagatçylyk gurluşyny taryplamagy bes edip, öz hyzmatyny täze ýüze çykan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna we agalyk ediji täze gatlaga bagyş eden alymdyr. Elbetde, ol konfusiançy bolandygy üçin «altyn asyr» hakyndaky ideýalaryndan hem el çekmändir, ýöne şunuň bilen bir hatarda, täze durmuş gatlaklarynyň häkimiýet baradaky hukuklaryny hem hasaba almaly bolupdyr. Şonuň üçin hem ol jemgyýetiň täze-täze basgançaklara ösüp geçýändigini inkär edipdir. Onuň pikiriçe, öz ýaşan döwri hem hamana, edil gadymyýet ýalymyş.

Gadymy hytaý taryhnamasynda «legistler»[1] diýip at alan hytaýly danalar uly yz galdyrypdyrlar. Meşhur alym Han Feý-szy (b. e. önki 233-nji ýylda aradan çykan) şu akymyň ajaýyp wekili bolupdyr. Ol Sýun-szynyň şägirdi hasap edilýär, ýöne köp meselelere garaýyşlarynda halypasyndan ozdurypdyr. Özünden öňküler-den tapawutlylykda, ol könelere salgylanmandyr. Han Feý-szy taryh ylmynda iki sany möhüm pikiri öňe sürüpdir. Ol: «Gadymyýet we häzirki zaman bir-birine düýbünden meňzemeýär, şol sebäpden hem gadymyýeti yzyna dolap getirmek mümkin däldir. Adamzat jemgyýetiniň içki ösüşi netijesinde döwürleriň arasynda döreýän tapawut öz-özünden ýüze çykýar. Döwürleriň bir-birine meňzemezligi bolsa kanunalaýyklykdyr» diýip aýdypdyr. Beýleki hytaýly akyldarlaryň köpüsinden tapawutlylykda, Han Feý-szy jemgyýetdäki özgerişleri adatdan daşary güýçleriň täsirinden däl-de, jem-

Konfusiý (Kun-szy)

[1] Legio – kanun.

gyýetiň öz içinde bolup geçýän özgerişlerden gözläpdir. Ýöne Han Feý-szynyň ýaşan döwründe we soňraky asyrlarda onuň öňdebaryjy ideýalary taryh ylmynyň ösüşine känbir täsir edip bilmändir.

Ajaýyp taryhçy Syma Sýan (b. e. öňki 145-90) hytaý taryhnamasynda ilkinji bolup anyk taryhy konsepsiýanyň esasynda eser döredipdir. Ol taryhy ösüşiň adam erkine bagly bolmadyk nazaryýetini döredipdir. Onuň nazaryýeti sinologiýa ylmynda «Asmanyň[1] emri hakyndaky» taglymat diýlip atlandyrylýar. Syma Sýan «Asmanyň öňünde adamyň edýän işleri hiç zatdyr» diýip belläpdir. Bu nazaryýeti ol islendik taryhy wakany beýan edende ulanypdyr. Ol Hytaýy birikdirmek ugrunda Sin imperiýasynda alnyp barlan işleri hem «Taňrynyň emri bilen boldy» diýip düşündiripdir we ol bu möhüm işde janyny gaýgyrmadyk hytaýly şahslaryň hyzmatyny görkezmäge çalşan taryhçylary ýiti tankytlapdyr.

Syma Sýan geçmişi üznüksiz dowam edip duran aýlawly hereket hasap edipdir. Ol: «Döwürler biri-birinden dolandyryşyň ýörelgeleri boýunça tapawutlanýarlar» diýip belläpdir. Onuň pikirine görä, Sýa nesilşalygy dolandyryşda «hoşniýetlilige», In nesilşalygy «sadyklyga», Çžou nesilşalygy «medeniýete», Sin nesilşalygy bolsa «kanuna» daýanypdyr. Şu ýörelgeleri Syma Sýan taryhy döwürleri biri-birinden tapawutlandyrmak üçin peýdalanypdyr.

Gadymy Hytaý taryhnamasynyň ösüşinde mistikleriň – hyýalbentleriň garaýyşlary hem uly ähmiýete eýe bolupdyr. Taryha mistiki garaýyşlary işläp düzen Dun Çžun-şu (b. e. öňki 180–120) hasap edilýär. Sinolog alymlar Syma Sýanyň hem Dun Çžun-şunuň garaýyşlaryndan ugur alandygyny belleýärler. Dun Çžun-şunuň pikirine görä, «Asman»[2] ynsan keşbine giren beýik Hudaý bolupdyr. Onuň pikiriçe, «Asman» ýerdäki häkimiýeti patyşalara gowşurypdyr we patyşalar diňe onuň öňünde jogap beripdirler. Eger-de patyşalar «Asmanyň» erkiniň garşysyna gitseler, onuň «göwnünden turup bilmeseler», onda ol häkimiýeti patyşalardan gaýtaryp alypdyr we täze nesilşalyklaryň häkimiýete gelmegine ýol açypdyr. Şunuň netijesinde Hytaýyň taryhynda ençeme ýola bolup geçen nesilşalyklaryň çalşyp durmagy bilen baglanyşykly wakalara, orta asyr taryhçylary «Asmanyň» emri bilen bolan hadysalar hökmünde baha beripdirler.

Syma Sýan (b. e. öňki 145–90)

Dun Çžun-şunuň bellemegine görä, Asmanyň (ýagny Hudaýyň), Ýeriň we Adamyň arasynda berk baglanyşyk bolupdyr. Şol sebäpden hem dürli asyrlarda patyşalar öz konfusiançy alymlaryndan özleriniň «Asman» tarapyndan halanylmaýandyklaryny, özleriniň edýän işleri-

[1] ýagny Hudaýyň, Taňrynyň, Gudratygüýçliniň diýen manylarda.

[2] ýagny Hudaý, Taňry, Gudratygüýçli.

ni Onuň oňlamaýandygyny nädip bilmeli diýip soraýar ekenler. Şonda alymlar Dun Çžun-şunuň nazaryýetine esaslanyp, şeýle jogap beripdirler: «Eger Asman patyşanyň edýän işlerini oňlamasa, diýmek, häkimiýetini onuň elinden almak islese, hökman alamat görkezer: ol Hytaýda ýer titreder, suw joşdurar, ýangynlary tutaşdyrar, gozgalaňlary turzar, Aý-Günüň öňüni tutar, ýyldyzlary bir hatara düzer, apy-tupan turzar». Şol sebäpden hem şeýle wakalar köp gaýtalanýan Hytaýda, birdenkä şeýle hadysalar köpeliberse, patyşalar hökman howsala düşýär ekenler.

Dun Çžun-şunuň nazaryýetine dürli asyrlarda Lýu San (b. e. öňki 77–9), Lýu Sin (b. e. öňki 46 – b. e. 23), Szin Fan (I asyr) ýaly ençeme alymlar eýeripdirler.

Hytaýyň taryhynyň orta asyrlar döwrüniň taryhnamasy

Hytaýyň orta asyr taryhy eserleri möçberi boýunça-da, mazmun taýdan-da köp ýurtlaryň taryhy eserlerinden tapawut edýärler. Köp ýurtlaryň taryhyna degişli eserler, esasan, syýasy wakalar (uruşlar, ýörişler, patyşalaryň ömürbeýanlary we başgalar) hakynda gürrüň berýän bolsalar, hytaýly awtorlaryň işlerinde ýaňky wakalar bilen bir hatarda, ýurduň ykdysadyýeti hakynda-da gymmatly maglumatlar berilýär. Sebäbi konfusiançylyk däpleri boýunça patyşalardan diňe bir ýurdy asuda saklamak däl, eýsem olardan ýurduň hojalygy barada-da aladalanmak talap edilipdir. Şeýle hem ýurduň her bir raýatyndan, ol aýal bolsun, erkek bolsun, tapawudy ýok, zähmet çekmeklik we salgyt tölemeklik talap edilipdir. Bu barada «Weý-şu» (Weý nesilşalygynyň taryhy) eserinde Konfusiniň dilinden aýdylýan şeýle setirler göze ilýär: «Döwleti we maşgalany dolandyrmakda däne we beýleki azyk önümleri esasy orny eýeleýär. Gadymyýetiň ähli parasatly hökümdarlary raýatlaryň ekerançylyk bilen meşgullanmaklaryna we esasy ünsi däne öndürmäge gönükdirilmegini gazanmaga çalşypdyrlar. Eger-de erkeklerden kim-de kim ýer sürmese, ekin ekmese, aýallardan kim-de kim ik egirmese, dokma dokamasa, olar açlyga we horluga sezewar bolarlar. Açlyk we horluk olara hatda öz çagalaryny halas etmäge-de mümkinçilik bermez. Şonuň üçin hem olar topalaň turuzmaga, talaňçylyk etmäge başlarlar. Görlüp oturylsa, bu zatlaryň barysynyň sebäbi patyşanyň emelsiz dolandyryşyndan gelip çykýar».

Şuňa meňzeş pikirleri «Sin Tan-şu» (Tan nesilşalygynyň täze taryhy) kitabynda hem görmek bolýar. Bu eseriň awtory XII asyryň ajaýyp alymy we döwlet işgäri Ouýan Sýu bolupdyr. Onuň kitabynda şeýle diýilýär: «Gadymyýetde kim döwleti ussatlyk bilen dolandyryp, halky söýgi bilen terbiýelän bolsa, ol, esasan, ýönekeýje kanunlardan ugur alypdyr. Patyşa halkyň garnyny doýurmak üçin aladalanypdyr. Patyşa girdejini we çykdajyny hasaplapdyr we şunuň netijesinde-de täze çykda-

jylary edipdir. Şu üç zat bir-biri bilen baglanyşyklydyr; birini bulaşdyrsaň, beýleki ikisi hem öz-özünden dargap gider». Bu mysallar hytaý taryhnamasynda ykdysady meselelere uly ähmiýet berlendigine ýene-de bir ýola anyk şaýatlyk edýär.

Mälim bolşy ýaly, orta asyr hytaý taryhnamasynyň esasy eserleri «Nesilşalyk taryhlarydyr». Hytaý taryhnamasynda 26 sany «Nesilşalyk taryhlarynyň» bardygy mälimdir. Şolardan «Şi-szynyň» we «Han-şunuň» gadymy döwürde, «Min-şiniň» we «Sin şi-gaonyň» bolsa täze taryh döwründe, şeýle hem XX asyrda ýazylandyklaryna garamazdan, olaryň ählisiniň mazmuny meňzeşdir.

Hytaýyň orta asyr taryhnamasynda «Nesilşalyk taryhlaryndan» başga-da ýurduň hojalygy, şäherler, senetçilik barada ýazylan işler hem az däl. Olar ýurduň ykdysadyýetiniň dürli ugurlary boýunça gymmatly maglumatlary berýärler. Şol eserleriň arasynda iň ygtybarlylaryndan we ähmiýetlilerinden Kaýfyn şäherine bagyşlanan «Dunszin menhua lu» (Gündogar paýtagty hakyndaky ajaýyp düýşüň ýorgudy, 1127 ý.), Hançžou şäheri hakynda ýazylan «Duçen lýan lu» (Arpa şülesi taýýar bolýança görlen düýşüň ýorgudy, 1274 ý.) we Ulin şäheri hakynda gürrüň berýän «Ulin szýuşi» (Ulin hakyndaky gadymy hekaýat, 1290 ý.) kitaplaryny görkezmek bolar.

Taryhçy Weý Ýuan

XVI–XVII asyrlarda Hytaýda taryh hakyndaky bilimler birneme kämilleşipdir, taryh ýazmak bilen baglanyşykly baý tejribe toplanylypdyr. Şol döwrüň taryhçylaryndan Çžou To-çženiň, Sýuý Guan-siniň, Sun Peýiň, Tan Iniň we başgalaryň atlaryny görkezmek bolar. Olar özleriniň öňdebaryjy pikirleri we ideýalary bilen tapawutlanypdyrlar. Aýratyn hem, Sýuý Guan-si (1562–1635) öz işlerinde söwdanyň giňeldilmegi, ýewropa ylmynyň we tehnikasynyň ornaşdyrylmagy bilen baglanyşykly pikirleri öňe sürüpdir. Ol ilkinji bolup ýewropa dillerindäki kitaplary terjime edipdir we Ýewropanyň gazanlaryny Hytaýda ýaýratmak işinde öz tagallalaryny gaýgyrmandyr.

Hytaýyň Täze taryh döwrüniň taryhnamasy

XVII asyryň ortalarynda Hytaýda häkimiýet başyna mançžurlaryň Sin nesilşalygy gelýär. Mançžurlar kesekiler bolupdyr, şonuň üçin hem bu nesilşalygyň dolandyran başky döwürlerinde hytaý taryhnamasy uly kynçylyklary başdan geçiripdir. Mançžur patyşasy Sýan Lunuň (1736–1796) dolandyran ýyllarynda watançylyk ruhunda ýazylan kitaplary, öňdebaryjy alymlary ýok etmeklik döwlet syýasatynyň baş ýörelgesine öwrülipdir. Taryhy kitaplar, çeper eserler aýratyn eserdeňlik bilen aňtalypdyr we ýok edilipdir. Kitaplaryň mazmunyny barlamak we olary ýygnamak

işi bütin ýurduň çäginde alnyp barlypdyr. 1774–1782-nji ýyllarda kitaplar 24 gezek ýakylypdyr we 13862 sany kitap oda atylypdyr.

Ýöne sinleriň döwründe-de taryhnama bilen baglanyşykly käbir işler amala aşyrylypdyr. Olaryň döwründe ylym, medeniýet, sungat, lukmançylyk, senenamalar bilen baglanyşykly ençeme kitaplar gaýtadan neşir edilipdir. Olar bar bolan «Nesilşalyk taryhlaryny» hem bir ýere jemläp, olary «Er-si sy-şi» (24 taryh) ady bilen neşir etdiripdirler.

XVIII asyryň ahyrlarynda – XIX asyryň başlarynda Sin imperiýasy çuň çökgünlikleriň tapgyryna gadam basýar. Ýurtda köpçülikleýin halk çykyşlary başlanýar, üstesine-de, daşary ýurtlular, birinji nobatda, Angliýa Hytaýda ornaşmaga jan edipdir. Angliýa bilen bolup geçen birinji uruş (1840–1842) Hytaýyň öňdebaryjy taryhçylaryny geçmişe täzeçe garamaga, daşarky dünýä bilen gatnaşyklara başgaça seretmäge mejbur edýär. Hytaýyň Günbataryň ýurtlaryndan yza galmaklygy, geografiýa we taryh baradaky nädogry düşünjeler gaýtadan oýlanmaklygy talap edipdir. XIX asyryň ortalarynyň alymlary Lin Sze-sýuý (1785–1850), Weý Ýuan (1794–1857), Gun Szy-çžen (1792–1841) we Huan Szýuýe-szy (1793–1853) öňdebaryjy ideýalary wagyz edijiler bolupdyrlar.

Gun Szy-çžen Hytaýda özgertmeleri geçirmäge çagyrypdyr, Lin Sze-sýuý bolsa «Iňlis patyşa aýalyna ýüzlenmesinde» (1839) we «Imperatora gizlin ýüzlenmesinde» (1841) özüni hakyky watançy hem-de daşary ýurtly basybalyjylara garşylyk görkezmegiň tarapdary hökmünde görkezipdir.

Weý Ýuanyň ünsüni Hytaýyň daşary ýurtlular bilen gatnaşyklary özüne çekipdir. Ol baý ylmy miras galdyrypdyr. Özüniň 1879-njy ýylda ýazan «Harby wakalaryň ýyl ýazgylary» atly işinde Sin nesilşalygynyň Angliýa, Fransiýa we beýleki ýurtlar bilen alyp baran uruşlaryny beýan edipdir.

Sinleriň döwründe Taýpinleriň döwleti (1850–1864) barada köp kitaplar ýazylypdyr. Olardan Wan Szi Miniň «Guansili topalaňçy Hun Sýu-sýuanyň gysgaça taryhy» (1886), Du Wen-lanyň «Günorta kenar we Demirgazyk kenar ordalarynyň taryhy» (1889) we «Guansili topalaňçylaryň boýun egdirilişiniň gysgaça taryhy» eserlerini görkezmek bolar. Bularyň ählisi taýpinlere duşmançylyk ruhunda ýazylan kitaplardyr.

Abel Remýuza (1788–1832)

XIX asyryň ikinji ýarymynda Hytaýda özgertmeleri geçirmekligiň zerurlygy barada Fen Guý-fen, Sýue Fu-çen, Wan Tao, Ma Szýan-çžun, Çen Çži, Çžen Guan-in we başgalar yzygiderli çykyş edipdirler.

Lýan Si Siçao XIX asyryň ahyrlarynyň meşhur taryhçylarynyň biri bolupdyr. Ol diňe bir geçmişe dogruçyl baha bermäge däl, eýsem ähli ýazylan işlere we olaryň öňe sürýän ideýalaryna-da baha bermäge çalşypdyr. Ol özüniň «Täze taryhnama» diýen makalasynda köne döwrüň

taryhçylarynyň işleriniň mazmun taýdan dört kemçiligini görkezipdir. Lýan Si Siçao şeýle ýazypdyr: «Taryhçylar diňe imperator köşgi bilen çäklenipdirler we ýurt barada unudypdyrlar; olar diňe şahsyýeti bilýärdiler we halk köpçüligini unudýardylar; olar diňe geçmişi bilýärdiler we şu güni unudýardylar; olar diňe maglumatlary bilýärdiler we ideýalary unudýardylar».

Hytaý taryhnamasynda öňdebaryjy ideýalaryň dabaralanmagyna Tan Sy Tun (1865–1898) uly goşant goşupdyr. Onuň esasy işi «Ynsanperwerlik hakynda taglymat» eseridir. Öz işlerinde we çykyşlarynda Sin neslinden bolan patyşalaryň emelsiz syýasatyny ýazgarýandygy üçin, ol häkimiýetler tarapyndan jezalandyrylyp öldürilipdir.

Hytaýyň taryhynyň daşary ýurt taryhnamasy

XVIII asyrda Hytaýda iş alyp baran fransuz missionerleri bu ýurduň taryhynyň daşary ýurtlarda öwrenilmeginiň esasyny goýdular. Olardan Ž. Dýugaldyň, Ž. Deginiň, Wisdelunyň, M. Malýanyň, Erbelonyň, Žerbilýonyň, Gobiliň, de Maýýanyň we başgalaryň atlaryny görkezmek bolar. Bu alymlar hytaý we mançžur dillerini suwara bilmek bilen Hytaýyň taryhyna degişli maglumatlary fransuz diline geçirip, bütin Ýewropany Uzak Gündogaryň taryhy bilen içgin tanyşdyrdylar. Öwrenilýän mesele bilen XIX asyryň birinji ýarymynda fransuz alymlary A. Remýuza we Ý. Klaprot uly işleri amala aşyrypdyrlar. Hytaý çeşmelerini nemes we iňlis dillerine terjime etmekde Plat, Pfismaýýer, Waýli we Parker tapawutlanypdyrlar.

XIX asyryň ortalarynda Günbatar Ýewropada we ABŞ-da Hytaýyň taryhy boýunça ilkinji ylmy işler peýda bolup başlaýar. Ýöne olarda, esasan, XVII we XIX asyrlaryň taryhy beýan edilipdir. 1848-nji ýylda amerikan awtory Uilýamsyň «Merkez[1] döwleti» diýen kitaby çapdan çykýar. Onda ýurduň geografiýasy, syýasy gurluşy, jemgyýetçilik durmuşy barada giň maglumatlar berilýär. 1856-njy ýylda Londonda T. Medousyň «Hytaýlylar we olaryň topalaňlary», 1868-nji ýylda bolsa A. Wilsonyň «Hemişe ýeňiş gazanýan goşun» atly kitaplary neşir edilýär. Kitaplaryň ikisi hem taýpinleriň gozgalaňyna bagyşlanypdyr.

XIX asyryň ahyrlaryna degişli kitaplaryň arasynda iňlis diplomaty Jorj Kerzonyň «Uzak Gündogaryň meseleleri» (London, 1894; 1898) kitaby aýratyn orun eýeleýär. Onda awtor diňe bir Hytaýyň däl, eýsem Ýaponiýanyň we Koreýanyň hem ykdysady we syýasy ýagdaýyny giňişleýin we çuňňur derňeýär. Hut şu döwürde Wolpiselliniň «Hytaý-ýapon urşy» (1896), lord Beresfordyň «Hytaýyň dargamagy» (London-Nýu-Ýork, 1899) kitaplary hem neşir edilýär.

[1] Hytaý, ýagny «Jungo» – «Merkez» diýildigi.

Anri Kordýe (1849–1925)

XX asyryň birinji ýarymynda çap edilen işleriň hatarynda A. Sarżentiň «Iňlis-hytaý söwdasy we diplomatiýasy» (Oksford, 1907), Kentiň «Hytaýyň demir ýol kärhanalary» (London, 1907), Morzeniň «Hytaýda söwda we dolandyryş» (Nýu-Ýork, 1908) we «Hytaý imperiýasynyň halkara gatnaşyklary» (London-Nýu-Ýork, 1910–1918), Owerlahyň «Hytaýda daşary ýurt maliýe gözegçiligi» (Nýu-Ýork, 1919), Remeriň «Hytaýyň daşary ýurt söwdasy» (Şanhaý, 1926) we «Hytaýda daşary ýurt maýa goýumlary» (Nýu-Ýork, 1933), Pan Çu-lunuň «Birleşen Ştatlaryň Hytaý bilen söwdasy» (Nýu-Ýork, 1924), Illougbiniň «Hytaýda daşary ýurt hukugy we bähbitleri» (Baltimor, 1927), Kitonyň «Hytaýda eksterritoriallygyň ösüşi» (Nýu-Ýork, 1928) diýen işlerini görkezmek bolar.

Hytaýyň orta asyrlar döwrüniň taryhyny beýan edýän işler Günbatar Ýewropada we ABŞ-da XX asyryň birinji çärýeginde peýda bolup başlaýar. Şol döwrüň iň iri eserleriniň biri fransuz taryhçysy Kordýeniň dört tomluk «Hytaýyň ählumumy» taryhy (Pariž, 1921) eseri hasap edilýär. Eseriň başky iki tomy Hytaýyň iň gadymy we orta asyrlar taryhyna bagyşlanypdyr. Kordýeniň Hytaýyň täze taryh döwrüne bagyşlanan «Hytaýyň Günbataryň döwletleri bilen gatnaşyklarynyň taryhy» (Pariž, 1901–1902) diýen saldamly eseri hem bardyr. Soňra Wineýkiň «Häzirki zaman Uzak Gündogary» (Nýu-Ýork, 1928), Goueniň we Holluň «Hytaýyň taryhynyň oçerkleri» (Nýu-Ýork–London, 1929), Laturettiň «Hytaýlylar. Olaryň taryhy we medeniýeti» (Nýu-Ýork, 1934), Steýjeriň «Uzak Gündogaryň taryhy» (Nýu-Ýork, 1936) ýaly ähmiýetli işler neşir edilýär.

XX asyryň 20–30-njy ýyllarynda Günbataryň alymlary tarapyndan Hytaýyň medeniýeti boýunça-da birnäçe işler çap edildi. Olardan Wilgelmiň «Hytaý medeniýetiniň taryhy» (Mýunhen, 1928), Graneniň «Hytaý siwilizasiýasy» (Pariž, 1929), Grosseniň «Gündogaryň siwilizasiýasy» (III tomy Hytaýa we Merkezi Aziýa bagyşlanan, Pariž, 1928–1930) we «Hytaý imperiýasynyň galkynmagy we gülläp ösmegi» (Berkli, 1953–1958), Fitsžeraldyň «Hytaý medeniýetiniň gysgaça taryhy» (London, 1935; Nýu-Ýork, 1938) işlerini görkezmek bolar. Umuman alnanda, Hytaýyň taryhynyň daşary ýurt taryhnamasy juda giňdir hem-de baýdyr.

III BAP. KOREÝANYŇ TARYHY BOÝUNÇA ÝAZUW ÇEŞMELERI

Koreýanyň taryhy boýunça hytaý çeşmeleri

Koreýanyň etniki, sosial-ykdysady we syýasy taryhynyň köp meseleleri henize bu güne çenli jedelli bolmagynda galýar diýlip hasap edilýär. Şonuň üçin hem Koreýanyň taryhynyň irki döwrüniň esasy meselelerиniň öwrenilmegi, öňi bilen saklanyp galan çeşmeleriň giňişleýin hem-de çuňňur öwrenilmegine bagly bolup galýar. XX asyryň ikinji ýarymyna çenli ýeke-täk çeşme hytaý we koreý dillerinde ýazylan ýyl ýazgylarydy. Ýöne soňky döwürlerde koreýaly arheologlaryň we etnologlaryň bu ugurda gazanan üstünlikleri Koreýanyň taryhyna degişli çeşmeleriň mukdaryny üzül-kesil artdyrdy.

Koreýada ýaşan taýpalar hakyndaky ilkinji jikme-jik maglumatlar I asyra degişli hytaý çeşmelerinde getirilýär. I asyryň hytaý taryhçysy Ban Gunuň «Han nesilşalygynyň taryhy» atly eserinde koreýalylar hakynda aýratyn ýatlanylyp geçilýän ýerler bar. Bu işiň «Geografiki ýazgylar» atly bölümçesinde «Çoson[1] ýemek we kurýo wagşy taýpalaryndan ybarat» diýlip aýdylýan jümle göze ilýär. Koreýalylar baradaky jikme-jik ýazgylar III asyrda ýaşap geçen Çen Şouň «Üç döwletiň ýazgysy» we V asyrda ýaşap geçen Fan Ýeniň «Giçki Han nesilşalygynyň taryhy» eserlerinde hem duş gelýär.

Koreýa degişli maglumatlar hytaýly awtorlar tarapyndan düzgün boýunça «Gündogarly wagşylar» diýlip atlandyrylan bölümlerde berilýär. Şol bölümleriň ýörite bir bölümçesi bolsa koreýalylara bagyşlanypdyr. Hytaý ýyl ýazgylaryndaky bölümleriň ähliсiniň gurluşy birmeňzeşdir. Başda olaryň degişli döwürde ýaşan ýerleriniň geografiki beýany, soňra bolsa etnologiki häsiýetnama, ýagny koreýleriň gelip çykyşy, olaryň hojalygy, geýim-gejimleri, iýgi-içgileri, dini ynançlary, däp-dessurlary barada maglumatlar berilýär. Etnologiki ýazgydan soňra koreýalylaryň syýasy taryhy yzarlanylýar.

Köp ýyllaryň dowamynda hytaý dilindäki ýyl ýazgylarynyň üstünde işlän görnükli rus alymy N. W. Kýuner «Şol ýyl ýazgylarynyň awtorlary, hytaýly däl halklaryň taryhyny ýazanlarynda, hytaýly syýahatçylaryň, täjirleriň, döwlet we harby işgärleriň maglumatlaryna esaslanypdyrlar» diýip ýazýar. Şol bir wagtyň özünde-de, her bir awtor öz işini ýazmaga girişmezden öň, özünden öňki ýazylan işleri sözme-söz göçüripdir. Komplýatiw (göçürme) häsiýetdäki şeýle ýazgylaryň özüne ýetesi kemçilikleri we artykmaçlygy bolupdyr.

[1] Çoson – Koreýanyň gadymy ady.

Gadymy koreý golýazmasy

Kemçiliklere, esasan, bir ýyl ýazgysyndan beýleki bir ýyl ýazgysyna geçýän, hiç bir hili sene bilen baglanyşdyrylmaýan şol bir taryhy-etnografik gaýtalamalar degişlidir. Mysal üçin, «Üç döwletiň ýazgylary» atly işde koreýalylarda türmäniň bolmaýandygy hakyndaky maglumat III asyrda munuň hakykatdan-da şeýle bolup biljekdigini tassyk etse, soňky döwürleriň ýyl ýazgylary bolan «Giçki Han nesilşalygynyň taryhy» ýa-da «Günorta nesilşalyklarynyň taryhy» eserlerinde bu maglumat eýýäm müňkürlik döredýär.

Komplýatiw häsiýetdäki ýazgylaryň artykmaç tarapy barada aýdylanda, ýazgy etmegiň bu usuly irki döwürler baradaky gadymy çeşmeler ýitäýen ýagdaýynda-da, gymmatly maglumatlaryň beýleki eserleriň sahypalarynda saklanyp galmagyna mümkinçilik berýär.

«Üç döwletiň ýazgylary» Hytaýyň taryhynyň üç patyşalyk döwrüne (Weý, Şu, U döwletleri) degişlidir. Onuň awtory, gelip çykyşy Şu döwletinden bolan Çen Şou (233–297) Üç patyşalygyň ýykylmagy we onuň ornuna Szin nesilşalygynyň gelmegi bilen baglanyşykly çylşyrymly wakalaryň gözli şaýady bolupdyr.

Irki orta asyrlarda Koreýanyň ýerinde ilkinji peýda bolan Kogurýo döwletiniň taryhy Çen Şouň eseriniň ýörite bölümçesinde beýan edilýär. Şol bölümçede Çen Şou Weý döwletiniň serkerdesi Guansýu Szýanyň 246-njy ýylda Kogurýo garşy eden ýörişi bilen baglanyşykly maglumatlary ýerleşdiripdir. Şol ýörişde hytaýlylar Kogurýonyň paýtagty Hwandony ýumurýarlar we koreýaly taýpalaryň ýaşaýan ýerleriniň içi bilen geçip, Gündogar deňzine çenli gidipdirler. Bu wakalaryň döwürdeşi bolan Çen Şou ýörişe gatnaşyjylaryň gören-eşiden zatlaryny ýazga geçirip, alan maglumatlaryny öz eserinde ulanypdyr.

Çen Şouň işinde kogurýolylaryň durmuşy baradaky maglumatlar agdyklyk edýär. Olarda kogurýolylaryň gelip çykyşy, olaryň dili, hojalygy, maddy medeniýeti we däp-dessurlary bilen baglanyşykly gyzykly maglumatlar köpdür. Çen Şou kogurýolylaryň jemgyýetçilik gurluşy, olaryň goňşy koreý taýpalary we Hytaý bilen alyp baran ykdysady, medeni we syýasy gatnaşyklary barada-da gyzykly maglumatlary berýär. Eseriň syýasy taryha degişli bölüminde b. e. 7–242-nji ýyllarynda bolup geçen wakalar yzarlanylýar.

Sun döwletiniň (420–478) döwründe imperator Wen Di (425-nji ýylda tagta çykan) taryhçy Peý Sun Çžä gürrüňi edilýän ýyl ýazgysynyň üstüni doldur-

magy buýurýar. Ol Çen Şouň işini täze maglumatlar bilen baýlaşdyrýar. Şonda Peý Sun Çži öz toplan maglumatlaryny Çen Şouň işiniň üstüne kommentariýa (öz sözüň bilen beýan etmek) görnüşinde goşýar. Peý Sun Çžiniň kommentariýasynyň – beýanynyň gymmatly tarapy, onda Ýuý Huan tarapyndan ýazylan, ýöne soňra ýitirilen «Weý döwletiniň gysgaça taryhy» eserine häli-şindi salgylanylýar.

X asyryň koreý golýazmasy

Fan Ýeniň «Giçki Han nesilşalygynyň taryhy» eseri (V asyr) hem Sun döwletinde ýazylan işleriň hataryna degişlidir. Bu işde-de Koguryonyň taryhy barada gymmatly maglumatlar getirilýär.

265–583-nji ýyllar Hytaýyň taryhynda Günorta we Demirgazyk nesilşalyklarynyň döwrüdir. Koreýanyň taryhy «Sun nesilşalygynyň taryhy», «Lýan nesilşalygynyň taryhy», «Weý nesilşalygynyň taryhy», şeýle hem Li Ýan-şouň «Demirgazyk nesilşalyklarynyň taryhy» we «Günorta nesilşalyklaryň taryhy» atly uly göwrümli işlerde beýan edilýär.

Bu işleriň ähliisinde koreýler baradaky taryhy-etnografik ýazgylar ýerleşdirilen bölümçeler bardyr. Koreýanyň demirgazyk nesilşalyklarynyň ýerleşýän ýerlerine golaý bolandygy üçin, koreýalylar barada berilýän maglumatlar has hem jikme-jikdir.

Kogurýo döwletiniň VII asyrdaky durmuş-ykdysady, syýasy we harby taryhy «Tan neşilşalygynyň täze taryhy» atly işinde hem öz beýanyny tapypdyr. Bu ýyl ýazgysy Sun döwrüniň (X–XIII) meşhur taryhçysy Ouýan Sýu (1007–1072) tarapyndan ýazylypdyr. Işde koguryolylaryň maddy hem-de ruhy medeniýeti, olaryň adaty ýaşaýyş jaýlary, öýleriniň gurluşy, daosçylygyň Kogurýo döwletiniň çäklerine ýaýraýşy, ýurduň bilim ulgamy, şeýle hem döwletiň kartasynyň döredilendigi barada gymmatly maglumatlar berilýär.

Eseriň syýasy taryh bilen baglanyşykly bölümçesinde awtor tan goşunlarynyň Kogurýo ýörişleri we koguryolylaryň keseki ýerlilere garşy göreşini beýan edýär. Emma hytaýly bolandygy üçin, awtor bu wakalary öz ýurdunyň bähbitleri esasynda şöhlelendiripdir.

Bu ýyl ýazgylaryndan başga-da, hytaýly awtorlaryň «Suý nesilşalygynyň taryhy», «Tan nesilşalygynyň köne taryhy», «Tanlaryň taryhyna syn», «Umumy ýazgylar», «Taýpinleriň dolandyran ýyllarynyň ýazgylary» we başga-da birnäçe işlerde Kogurýo barada baý maglumatlar berilýär.

Koreýanyň taryhy boýunça ýerli ýazuw çeşmeleri

Biziň günlerimize gelip ýeten ýazuw çeşmeleri Koreýada taryhy eserleriň haçan dörändigi barada käbir maglumatlary berýär. Olarda Koreýanyň ýerinde taryhy ýazmak däpleriniň üç döwletiň döwründe (Koguryo, Pekçe we Silla), ýagny IV–VII asyrlarda dörändigi barada aýdylýar.

Koreýanyň taryhy ýerli ýyl ýazgylarynda has doly beýan edilipdir. Baryp IV asyrda Koreýada 100 tomdan ybarat bolan «Geçmişiň ýazgylary» atly ýyl ýazgylar toplumynyň döredilendigi barada giçki döwrüň çeşmelerinde habar berilýär. VII asyrda onuň esasynda «Täze ýygyndy» atly taryhy eser döredilipdir. Emma bu gadymy ýazgylar köpsanly uruşlarda ýanyp ýok bolupdyr.

XX asyryň koreý taryhçylary Li Usonyň we Li Gibegiň bellemeklerine görä, biziň eýýamymyzyň başlarynda Koguryonyň ýerinde gadymy ýazgylar bolupdyr. Pekçe bilen Silla döwletlerinde hem taryhnama däpleriniň bolandygy barada şaýatnamalar az däl. Bu döwletlerde ýerli taryhlaryň ýazylyp başlanandygy barada anyk sene hem görkezilýär. Mysal üçin, XII asyrda ýazylan «Samguk sagi» eserinde 373-nji ýylda Pekçe döwletinde geçmişiň we döwrüň möhüm wakalarynyň ýazga geçirilendigi barada aýdylýar.

Koreýada taryhnama däpleriniň has irki döwürde dörändigi barada ýapon çeşmelerinde hem ýatlanylyp geçilýär. Gadymy ýapon ýyl ýazgysy, şeýle hem dini kitap hasap edilýän «Nihon sýokide» (Ýaponiýanyň taryhy) Pekçäniň taryhyny açyp görkezýän dürli ýazuw ýadygärliklerine («Pekçe gi», «Pekçe sinçhan», «Pekçe pongi») häli-şindi ýüzlenilip durulýar. Gynançly ýeri, Pekçäniň, şeýle hem Koreýanyň taryhyny beýan edýän bu işler hem biziň günlerimize gelip ýetmändir.

VII asyryň ahyrlarynda Koreýanyň ýerleri Silla döwleti tarapyndan birikdirilenden soň, taryhnama däpleri ep-esli kämilleşýär we ösýär. Muňa mysal edip, Kim Demunyň şejereler we ömürbeýanlar görnüşindäki işlerini («Hwaran segi», «Kerim çançon», «Hansan gi») görkezmek bolar.



Ir Ýonuň «Samguk ýusa» eserinden bölek

Häzirki döwürde biziň günlerimize gelip ýeten iň irki koreý ýyl ýazgysy Kim Busigiň «Samguk sagi» (Üç döwletiň taryhy ýazgylary) eseridir. Bu işde Koreýanyň taryhynyň b. e. öňki I asyrdan b. e. IX asyryna çenli aralykdaky durmuş-ykdysady, syýasy wakalary we

medeni hadysalary beýan edilýär. Koreýanyň taryhy baradaky başga bir möhüm çeşme bolsa, budda monahy Ir Ýonuň XIII asyrda ýazylan «Samguk ýusa» (Üç döwletiň unudylan işleri) atly eseridir.

Koreýanyň harby we syýasy taryhy, aýratyn hem, Koreýanyň Hytaý bilen gatnaşyklarynyň taryhy, orta asyr ýadygärligi bolan «Koreýanyň harby ýazgysy» atly eserde giňişleýin gürrüň berilýär. Koreý ýazyjysy Li Gü Bonuň «Tonmýon wan phýon» (Tonmýon patyşanyň ömürbeýany) eserinde bolsa Kogurýo döwletini esaslandyryjy Tonmýon wanyň ömürbeýany we eden işleri açylyp görkezilýär. Bu eserleriň her birinde Koreýanyň taryhyny açyp görkezmäge synanyşyk edilýär. Şonuň üçin hem olar ýurduň taryhyny açyp görkezmekde bahasyna ýetip bolmajak gymmatly çeşmelerdir.

Kim Busigiň «Samguk sagi» eseri we onuň Koreýanyň taryhyny öwrenmekde ähmiýeti

Meşhur koreý taryhçysy Kim Busik (1075–1151) Korýo döwrüniň (918–1392) ajaýyp döwlet hem-de syýasy işgäri bolupdyr. XII asyryň 30-njy ýyllarynda Korýo patyşalarynyň köşgünde hökümetiň başlygynyň wezipesini ýerine ýetirmek bilen, ol ýurduň demirgazyk-gündogar böleginiň häkimleriniň merkezi häkimiýete garşy topalaňlaryny rehimsizlik bilen basyp ýatyryp, Korýo döwletini berkidipdir. Kim Busik juda sowatly adam bolupdyr, Koreýanyň geçmiş taryhyny suwara bilipdir.

Ýaşynyň soňunda Kim Busik patyşanyň adyna hat ýazyp, özüniň Koreýanyň geçmişini gowy bilýändigini, geçmişde bolsa sapak alarlyk möhüm wakalaryň bolup geçendigini we olary öwrenmegiň juda zerurdygyny aýdypdyr. Ol öz hatynda «Biziň ýurdumyzda üç döwletiň ýaşap geçeli bäri köp ýyllar geçipdir, şonuň üçin hem olaryň geçmişde bitiren hyzmatlaryny göz öňüne tutup, olar barada ýadygärlik galdyrmak islegim bar» diýipdir.

Kim Busik Koreýanyň taryhynda «üç döwlet» diýip at galdyran Kogurýonyň, Pekçäniň we Sillanyň taryhyny öwrenmegiň zerurdygyny tekrarlapdyr. Ol öz ýurdunyň watançysy bolmak bilen, Koreýada alymlaryň hem-de danalaryň köpdügini, ýöne olaryň hytaý taryhyny gowy bilýändiklerini, emma öz ýurtlaryna gezek gelende welin, hiç zat bilmeýändiklerine çyn ýürekden gynanypdyr. Kim Busik patyşa ýazan hatynda

«Samguk sagi» eserinden bölek

ýaşynyň gaýdyp ugranlygyndan we «gözleriniň ümezleýänliginden» zeýrenip, eger-de patyşa ygtyýar berse, «akyly çaşmanka» şol döwletleriň taryhyny ýazmak isleýändigini aýdypdyr.

Üç döwletiň taryhyny ýazmaklyk Kim Busige juda kyn düşüpdir. Ol köpsanly ýyl ýazgylaryny, taryhy eserleri, arhiw maglumatlaryny öwrenmeli bolupdyr. Birnäçe ýyllap dowam eden ylmy-barlaglaryň, gözleg işleriniň netijesinde «Samguk sagi» (Üç döwletiň ýazgylary) atly eser dünýä inýär. Köp zähmet hem-de zehin siňdirilen bu eseri ýazmak işi 1145-nji ýylda tamamlanypdyr.

Kim Busigiň «Üç döwletiň taryhy ýazgylary» eseri koreý asylly rus taryhçysy M. N. Pakyň adalatly belleýşi ýaly, orta asyr koreý taryhnamasynyň ajaýyp eseridir we Kogurýonyň, Pekçäniň we Sillanyň taryhyny öwrenmekde birinji derejeli ýazuw çeşmesidir. Çünki onda üç döwletiň taryhy bilen baglanyşykly ummasyz köp maglumatlar getirilýär. «Samguk sagide» Koreýanyň taryhynyň IV–IX asyrlar döwrüniň durmuş-ykdysady, syýasy we medeni durmuşy bilen baglanyşykly köpsanly meseleler gozgalýar.

Li nesilşalygy döwrüniň (1392–1910) ýazuw ýadygärlikleri

XIV asyryň ahyrlaryndan başlap Koreýada taryh ylmy has hem ösüp ugraýar. Bu döwür Koreýada Li nesilşalygynyň häkimiýet başyna gelmegi bilen baglanyşykly boldy. Bu döwrüň eserleriniň ýazylmagyna hytaý taryhnama däpleri uly täsir edipdir. Aslyýetinde Koreýada döwlet işleri bilen bir hatarda, taryhy ýazmak hem hytaý dilinde alnyp barlypdyr. Şonuň üçin hem Koreýanyň taryhyna degişli işleriň arasynda-da Hytaýyň «Nesilşalyk taryhlary» ýaly eserler az bolmandyr. Bu täsir, aýratyn hem, Li nesilşalygynyň häkimiýetinden öň Koreýada ýaşan Korýo döwletiniň (918–1392) taryhy ýazylanda has aýdyňlygy bilen ýüze çykypdyr.

«Samguk saginiň» köne golýazmasy

Korýonyň taryhyny ýazmak işi 1392-nji ýylda başlaýar. XV asyryň 50-nji ýyllaryna çenli alnyp barlan işleriň netijesinde «Korýo kuksa» (Korýonyň taryhy), «Tonguk[1] saryak» (Koreýanyň taryhy), «Sugýo korýosa» (Korýonyň geçmişi) ýaly taryhy eserler döredilipdir.

[1] Tonguk – Koreýanyň edebi atlarynyň biri.

XV asyryň ikinji ýarymyndan XVII asyryň başlaryna çenli döwürde belli koreý taryhçylary Li U, Pak San, Li Hirýon, Lim Je, Çon Ýoripa, Ho Gün, Han Bekkýom, Li Jiham we başgalar tarapyndan birnäçe eserler döredilipdir. Biziň günlerimize diňe Pak Sanyň «Tonguk sarýak» we Li Hirýonyň «Tonguk sarýak» işleri gelip ýetipdir.

XVIII asyryň taryhçy alymlaryndan An Çonbogyň, Li Gynýigiň, Han Çhiýunyň we beýlekileriň atlaryny bellemek bolar. Li Gynýik (1736–1806) öz döwrüniň meşhur taryhçylarynyň biri hasap edilýär. Ol Koreýanyň taryhyna bagyşlanan köp tomluk kitap ýazýar. Bu döwrüň taryhçylarynyň işlerinde Koreýanyň taryhynyň her bir döwrüniň (Gadymy Çoson, Üç döwletiň döwri, Silla, Korýo) wakalary şöhlelendirilipdir. Olarda Koreýada ýaşan taýpalar, Koreýa ýarym adasynda döwletiň emele gelşi, tanymal hökümdarlar, döwletara gatnaşyklar, özara uruşlar, ykdysadyýet, medeniýet we başgalar barada gymmatly maglumatlar berilýär.

Koreý çeşmeleriniň aglaba bölegi Günbatar we Gündogar Ýewropa ýurtlarynda, Koreýanyň özünde düýpli öwrenilip, olaryň has ähmiýetlileri dürli ýyllarda iňlis, fransuz, nemes, rus we beýleki dillerde neşir edildi.

IV BAP. KOREÝANYŇ MILLI TARYHNAMASY

Koreýada ýerli taryhnama däpleriniň ýüze çykmagy

Koreýada milli taryhnamanyň döremegi we ösmegi ajaýyp döwlet işgäri hem-de taryhçy Kim Busigiň ady bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ol 1145-nji ýylda «Samguk sagi» (Üç döwletiň ýazgylary) eserini neşir etdirýär. Onuň eserinde Koreýanyň taryhynyň b. e. öňki I asyryndan b. e. IX asyryna çenli döwri beýan edilýär. Bu eser döredilmänkä hem Koreýada taryhy işler bolupdyr. Olaryň hatarynda Pak Innýanyň, Ko Dyk Sanyň («Kogym nok», «Hedon[1] samguk thonnýok»), näbelli awtoryň «Hedon samguksa» we «Ku samguksa» eserlerini görkezmek bolar. Ýöne olar Kim Busigiň işi ýaly uly göwrümli bolmandyr we ylmy ähmiýeti boýunça ondan soňda duryarlar.

Kim Busik eserini Koreýanyň ýerinde IV–IX asyrlarda ýaşap geçen Kogurýo, Pekçe we Silla döwletleriniň taryhyndan gürrüň berýän «Ku samguksanyň» esasynda ýazypdyr. Çeşmeşynaslyk taýdan ähmiýetlidigine garamazdan, «Ku sam-

[1] Hedon – Koreýanyň edebi atlarynyň biri.

Kim Busik

guksadan» tapawutlylykda, Kim Busigiň kitaby hytaýparaz ruhda ýazylypdyr. Dünýägaraýşy boýunça konfusiançylyga golaý bolandygy üçin, ol häli-şindi Hytaýyň «dana hökümdarlaryna» salgylanypdyr, hytaý siwilizasiýasynyň gazananlarynyň öňünde ýaýaplapdyr we Koreýanyň milli medeniýetine kembaha garapdyr. «Samguk sagi» eseri «Ku samguksanyň» esasynda döredilse-de, onuň awtory koreý taryhynyň köp wakalaryny, taryhy hakykatlaryny ýoýupdyr. Kim Busik gelip çykyşy boýunça sillaly bolupdyr, şonuň üçin hem Korýo döwletiniň döremegini (918-nji ýyl), Silla döwleti bilen baglanyşdyrypdyr. Hakykat ýüzünde Korýo adynyň, Koguryodan[1] gelip çykandygy taryhy hakykatdyr.

Koreý taryhynyň möhüm wakalaryny ýoýandygy üçin, Kim Busik soňraky döwürlerde koreýaly taryhçylaryň ýiti tankydyna sezewar edilipdir. XIII asyrda mongollara garşy uruşlar döwründe Li Gü Bo tarapyndan ýazylan «Tonmýon wan phýon» eseriniň ideýasy hem «Samguk şagi» eserine garşy gönükdirilipdir. Şol asyryň ahyrlarynda buddaçy monag Ir Ýon hem özüniň «Samguk ýusa» eserinde Kim Busik bilen jedelleşipdir, onuň hytaýparaz garaýyşlaryny ýiti tankytlapdyr.

Koreý patyşasy Sejon

Kim Busikden tapawutlylykda, Ir Ýon öz eserini ýazanda gadymy koreý rowaýatlarynyň maglumatlaryny ulanypdyr, ýerli däp-dessurlary ýazyp beýan edipdir we öz halkynyň gazananlaryna çuňňur hormat goýupdyr. Mälim bolşy ýaly, hytaýparaz bolandygy üçin, Kim Busik bu zatlara ähmiýet bermändir, tersine, olara yzagalaklyk, nadanlyk we medeniýetli halklara mahsus däl zat hökmünde kembaha garapdyr. Ir Ýonuň ýene-de bir artykmaçlygy, ol Koreýanyň taryhyny Üç döwletiň döwründen däl-de, Gadymy Çosondan alyp gaýdypdyr. Gadymy Çosony esaslandyran Tangun barada gürrüň etmek bilen, Ir Ýon Koreýanyň özbaşdak ösüş ýolunyň we özboluşly taryhynyň bolandygyny subut etmäge çalşypdyr.

[1] Alymlar Kogurýo, Korýo we Koreýa atlarynyň düýp sözi «kor», ýagny «goňur aýy» sözünden gelip çykandygyny belleýärler.

Ösen orta asyrlar zamanynda resmi taryhnamanyň kemala gelmegi

XIV asyryň ahyrlarynda – XV asyryň başlarynda Koreýada taryhnama däpleri ep-esli kämilleşýär. Bu ýagdaý ýurtda täze nesilşalygyň – Li neberesiniň häkimiýet başyna gelmegi bilen baglanyşykly boldy. Bu döwürde Koreýanyň taryhy resmi döwlet nazaryýeti bolan «sadedjuyý» esasynda beýan edildi. Koreýanyň orta asyr taryhnamasynda esasy taglymat bolmak bilen, «sadedjuyý» – Koreýanyň taryhyny konfusiançylyga esaslanýan hytaýparazlyk ruhunda beýan edýärdi. Bu taglymat boýunça Koreýanyň taryhy ösüşinde Hytaýyň täsiri hetdenaşa mahabatlandyrylyp görkezilýärdi. Mälim bolşy ýaly, Sillanyň döwründen başlap, Koreýa köp babatda Hytaýyň täsirinde boldy, döwleti dolandyryşda, ykdysadyýeti ýöretmekde, medeniýetde hytaý däp-dessurlary, hytaý tejribesi giňden ornaşdyryldy, ýurduň dini durmuşynda ilki buddaçylyk, soňra bolsa konfusiançylyk agalyk ediji ideologiýa öwrüldi. Bu bolsa asyrlaryň dowamynda Koreýanyň Hytaýyň täsirinde bolmagyna sebäp boldy.

1392-nji ýylda Korýonyň «hakyky» taryhyny ýazmak işi başlaýar. Bu iş 60 ýyldan hem gowrak wagt (1392–1454) dowam edýär. Koreýaly taryhçylaryň alyp baran işleriniň netijesinde 1392–1395-nji ýyllarda «Korýo kuksa» eseri ýazylýar. Emma dolandyryjylara bu eseriň mazmuny ýaramandyr, eserde «sadedjuyý» garaýyşlarynyň hetdenaşa agdyklyk edýändigi üçin ol kabul edilmeýär. 1402–1403-nji ýyllarda ýazylan «Tonguk sarýak» eseri hem «sadedjuyýyň» täsiriniň güýçli duýulýandygy sebäpli oňlanylmaýar.

Koreýany 1419–1450-nji ýyllarda dolandyran patyşa Sejon Hytaýdan özbaşdak syýasat ýöretmäge çalşypdyr, şonuň üçin hem ol Korýonyň taryhyny ýazmaga tankydy çemeleşmegi buýurýar. Emma 1420–1429-njy ýyllarda ýazylan «Sugýo Korýosa» eseri hem mazmuny boýunça öňkülerden känbir tapawut etmeýändigi we bildirilen talaplara laýyk gelmeýändigi üçin, Sejon tarapyndan kabul edilmeýär. Üstesine-de, 1450-nji ýylda Sejon aradan çykýar. Bu iş ahyrsoňy 1454-nji ýylda çap edilýär.

Konfusiaçy-sarimleriň taryhnamasy

XV asyrda Koreýanyň milli taryhnamasynda täze bir ugur ýüze çykýar. Bu ugur ylymda «konfusiaçy-sarimleriň» ýa-da ýöne «sarimleriň»[1] taryhnamasy diýlip atlandyrylýar. Adyndan belli bolşy ýaly, sarimler konfusiaçy bolupdyrlar. Sarimler resmi taryhnamanyň wekilleri bolmandyrlar, ýöne muňa

[1] Sarim – Koreýada adaty mekdeplerde konfusiançylygy okadýan mugallymy we konfusiýaçy alymy şeýle atlandyrypdyrlar.

Pak Ynsik

garamazdan, olar konfusiaçy bolandyklary üçin «sadedjuýý» garaýyşlaryna eýeripdirler. Koreýanyň bilim ulgamynyň konfusiaçy-sarimleriň elinde bolmagy, olara ýaşlary hytaýparaz ruhda terbiýelemäge mümkinçilik beripdir.

Li U (1469–1517), Pak San (1474–1530), Li Hirýon (1480–1552) belli konfusiaçy-sarim taryhçylary bolupdyrlar. Biziň günlerimize diňe Pak Sanyň «Tonguk sarýak» we Li Hirýonyň «Tonguk sarýak» işleri gelip ýetipdir. Bularyň işlerinde Koreýanyň baý milli mirasyna kembaha garalypdyr, olar nadanlygyň döreden zatlary hökmünde häsiýetlendirilipdir, şunuň bilen birlikde bolsa, Hytaýyň gazananlary we hytaýlylaryň döreden gymmatlyklary öwlüp arşa çykarylypdyr.

Konfusiaçy-sarimler Koreýada dörän döwletleriň hem hamana hytaýlylar tarapyndan döredilendigi hakyndaky nädogry garaýyşlara eýeripdirler. Hatda olar Gadymy Çoson döwletini döreden Ki Janyň (Tangun) hem aslynyň hytaýlydygyny tekrarlapdyrlar.

Konfusiaçy-sarimleriň taryhy mirasy koreýleriň özboluşly halk hökmündäki mertebesine, milli buýsanjyna we watançylyk duýgularyna ýaramaz täsir edipdir. Şunuň netijesinde koreýleriň bir böleginde ýurduň ykbalyna parhsyzlyk, watan öňündäki mukaddes borja düşünmezlik ýaly ýaramaz endikler kemala gelipdir. Bu bolsa ahyrsoňunda 1592–1598-nji ýyllaryň watançylyk urşunda Koreýanyň Ýaponiýadan ýeňilmegine, ýurduň wagtlaýynça kesekiler tarapyndan eýelenilmegine getiripdir. Eger-de bu uruşda Hytaý kömek etmedik bolanlygynda, geljekde Koreýanyň taryhy ykbalynyň neneňsi boljakdygy belli däldi. Bu uruşda Hytaýyň öz «ýapjasy» Koreýa ýakyndan kömek bermekligi «sadedjuýýyň» we konfusiaçy-sarimleriň täsirini has-da artdyrypdyr, koreýleriň aňynda «Hytaýsyz ýaşap bolmajakdygy» hakyndaky yzagalak düşünjeleri ýene-de bir ýola berkidipdir. Munuň hakykatdan-da şeýle bolandygyny XVII asyrdaky mançžur basybalyşlary hem subut etdi.

Elbetde, sarimleriň taryhnamasy döwürdeşleri we olardan soňky döwrüň birentek taryhçylary tarapyndan bellibir derejede ýazgarylypdyr. Lim Je (1549–1587), Çon Ýoripa (1589-njy ýylda aradan çykan), Ho Gün (1569–1618), Han Bekkýom (1552–1615), Li Jiham (1517–1578) ýaly taryhçylar öz işlerinde sarimleriň garaýyşlaryny we «sadedjuýýy» ýiti tankytlapdyrlar.

Sirhaklaryň taryhnamasy

Sin Çheho

XVII asyrdan başlap Koreýanyň milli taryhnamasynda täze akymlar peýda bolup ugraýar. Şeýle meýilleriň döremegi Koreýanyň üstüne ýaponlaryň çozmagy hem-de mançžur basybalyşlary bilen baglanyşykly boldy. Koreýanyň döwlet durmuşynda özgertmeleriň geçirilmegini we milli watançylygy wagyz edýän bu akym ylymda «Ezeli ylymlaryň tarapdarlarynyň guramasy» ýa-da «sirhak pha» diýlip atlandyrylýar. Sirhaklar koreý jemgyýetiniň ýokary gatlagynyň öňdebaryjy toparyna degişli adamlar bolupdyr.

Sirhaklar Hytaýdan gelen konfusiançylyk garaýyşlaryna gaýtadan seretmekligi, ýurduň döwlet gurluşyny milli bähbitleriň esasynda üýtgedip gurmaklygy talap edipdirler. Olar Koreýada özgertmeleriň geçirilmeginiň zerurlygyny esaslandyrmak üçin Koreýanyň taryhyna ýüzlenipdir. Sirhaklaryň arasyndan An Çonbok (1712–1791), Li Gynýik (1736–1806), Han Çhiýun (1765–1814) ýaly ajaýyp watançy taryhçylar ösüp ýetişipdirler. Li Gynýik sirhakçy taryhçylaryň iň görnüklisi hasap edilýär. Ol 1776-njy ýyla çenli Koreýanyň taryhyna bagyşlanan 59 tomluk kitaby ýazyp gutarýar. Li Gynýigiň eserinde ýazuw çeşmelerini ulanmakda käbir ýalňyşlyklara ýol berlendigine garamazdan, ol Koreýanyň taryhyny dogruçyl beýan etmäge, ýurduň özüniň «milli ýüzüni» görkezmäge çalşypdyr. Şeýle ýagdaýyň Han Çhiýunyň 1823-nji ýylda çap edilen işi üçin hem häsiýetlidigini aýtsa bolar. Sarimlerden tapawutlylykda, awtorlaryň ikisiniň işinde-de Koreýanyň baý maddy we ruhy mirasy bilen baglanyşykly çeşmeler giňişleýin ulanylypdyr.

Koreýada buržuaz-watançy taryhnamanyň ýüze çykmagy

Koreýany öwreniji alymlar buržuaz-watançy taryhnamanyň döremeginiň we kemala gelmeginiň gözbaşynda meşhur taryhçylar Pak Ynsik (1859–1925) bilen Sin Çhehonyň (1880–1936) durandyklaryny belleýärler. Bularyň ylmy-barlag işleriniň iň öndümli döwri 1910-njy ýyldan soňraky ýyllara degişlidir. Çünki şol ýyl Koreýa özüniň garaşsyzlygyndan mahrum bolup, Ýaponiýanyň koloniýasyna öwrülýär. Ýurtda ornaşdyrylan ýapon kolonial düzgüni taryhçylaryň ikisini hem ýurdy taşlap emigrasiýa gitmäge we azat edijilik hereketine goşulmaga mejbur edýär.

1915-nji we 1920-nji ýyllarda Pak Ynsik Koreýanyň taryhyna bagyşlap iki sany kitap – «Koreýanyň garaşsyzlygy ugrundaky hereketiň taryhy» we «Koreýanyň pajygaly taryhy» eserlerini ýazýar. Pak Ynsik milli taryhnamada ilkinji bolup taryhy wakalary ylmy esasda beýan edýär we taryhy ýazmakda orta asyr taryhnama usulyny ret edýär. Onuň eserleriniň biri 1919-njy ýylyň Mart gozgalaňyna bagyşlanypdyr. Bu eseriň mazmuny durky bilen milli watançylyga ýugrulypdyr. Pak Ynsik öz işleriniň üsti bilen koreýalylaryň kalbynda watançylyk duýgularyny oýarmaga, şeýdibem olary ýapon agalygyna garşy azat edijilik hereketine aýaga galdyrmaga çalşypdyr.

Sin Çheho Pak Ynsigiň işlerini dowam etdirijidir. Onuň ylmy derňewleri Gadymy Çosonyň taryhyny öwrenmek bilen baglanyşyklydyr. Mälim bolşy ýaly, orta asyr taryhçylary Gadymy Çosonyň taryhyna seýrek ýüzlenýärdiler, sebäbi bu döwür Hytaýyň taryhy bilen baglanyşmaýar diýen ýalydy. Şol sebäpden hem taryhçylar Koreýanyň taryhyny, esasan, Üç döwletiň döwrüni öwrenmekden, ýagny koreý-hytaý gatnaşyklarynyň ýygjamlaşyp ugran döwründen başlaýardylar.

Sin Çhehonyň esasy işleri 1925–1926-njy ýyllarda ýazylan «Çoson sangosa», «Çosonsa ýonguçho» we «Koreý rewolýusiýasynyň manifesti» eserleridir. Öz işlerinde koreý taryhnamasynyň mirasyny içgin öwrenmek bilen ol «Hakyky taryhy eserler diňe ýazuw çeşmeleri tankydy derňewden geçirilenden soň we maglumatlar dogruçyl beýan edilende döreýär» diýip belläpdir. Orta asyr koreý taryhnamasynyň kemçiliklerini giden taryhy döwürleriň (mysal üçin, Gadymy Çosonyň taryhy) inkär edilmeginde, ýurduň taryhynyň diňe Koreýa ýarym adasy bilen çäklendirilmeginde, köpsanly görnükli şahsyýetleriň eden işlerine kembaha garalmagynda we unudylmagynda görüpdir. Ol gürrüňi edilýän nogsanlyklaryň «Koreýanyň taryhyny beýan eden hytaý taryhnamasy üçin däl, eýsem koreý taryhnamasy üçin hem häsiýetlidir» diýip, Hytaý taryhnamasynyň ýerli taryhnamanyň ösüşine uly zyýan ýetirendigini belläpdir.

Ol öz döwürdeş taryhçylaryndan ulanýan we ylmy dolanyşyga girizilýän çeşmeleriň mukdarynyň köpeldilmegini, ylmy-derňew işleriniň geriminiň giňeldilmegini talap edipdir. Ol: «Gadymy ýazgylary ýöne bir gaýtalaman, çeşmelerde gizlenip ýatan hakyky wakalary ýüze çykaryň, aýry-aýry şahslaryň bitiren işlerini aýan ediň, döwrüň we jemgyýetiň ösüşini görjek boluň» diýip ýazypdyr.

Koreýanyň ýapon kolonial taryhnamasy

Koreýada ýapon kolonial taryhnamasynyň kemala gelmegi ýurduň Ýaponiýa tarapyndan basylyp alynmagy we baknaçylyk düzgüniniň girizilmegi bilen baglanyşykly boldy. 1910-njy ýylda Koreýa eýelenenden soň, ýaponlar ýurdy elde sak-

lamak üçin diňe ok-ýaragyň ýeterlik däldigine tiz göz ýetirýärler. Ýaponlara koreý milletiniň öňünde özleriniň basybalyjylykly syýasatlaryny ýuwmarlamak, koreý jemgyýetçiliginiň gözüni-başyny aýlamak, Ýaponiýanyň hamana Koreýa «siwilizasiýa getirendigini» ynandyrmak hem gerekdi. Munuň üçin ýaponlaryň nukdaý-nazary esasynda Koreýanyň taryhyny ýazmaklyga girişilýär.

Kolonial taryhnamanyň işjeňligi 1919-njy ýylyň Mart gozgalaňyndan we Pak Ynsik bilen Sin Çheho öz ylmy-barlag işlerini güýçlendirenlerinden soň has hem artdy. XX asyryň 20-nji ýyllarynyň başlarynda ýapon kolonial-dolandyryş edarasynyň ýanynda «Koreýanyň taryhyny ýazmak boýunça jemgyýet» döredilýär. Jemgyýetiň bu ugurdan amal eden işleriniň iň ulusy we ähmiýetlisi 37 tomluk «Koreýanyň taryhy» işidir. Köptomlukda Koreýanyň köp asyrlyk taryhy düýpli ýoýlupdyr. Işiň giriş bölüminde awtorlar «Wagşy halklaryň köpüsinden tapawutlylykda koreýler hatly-ýazuwly, medeniýetli halk bolupdyrlar, ýöne olar döwlet dolandyrmaga ukypsyz bolup galypdyrlar. Şol sebäpden hem Koreýa ýaponlar geldiler» diýip belläpdirler.

1936-njy ýylda awtory näbelli «Koreýanyň taryhy ýoly» atly kitap çap edilýär. Koreýanyň taryhyny ýoýup görkezýän bu kitap ýapon kolonial düzgüniniň ornaşdyrylmagynyň 25 ýyllygyna bagyşlanypdyr. Onda, birinjiden, Koreýanyň özbaşdak ösüş ýoly inkär edilipdir; ikinjiden, koreý halkynyň özboluşly milli medeniýeti hasaba alynmandyr; üçünjiden, Koreýanyň daşary syýasatynda Hytaýyň täsirine uly ähmiýet berlipdir; dördünjiden, ýurduň ykdysadyýeti hamana hemişe durgunlyk ýagdaýynda bolanmyş; bäşinjiden, köşk dawalary, häkimiýet ugrundaky özara göreşler netijesinde «Koreýa Uzak Gündogaryň näsag adamsyna öwrülipdir». Bular bolsa ahyrynda Ýaponiýanyň Koreýany öz «howandarlygyna» almagyna getiripdir. Koreýaly taryhçylardan Li Nynhwa, Çhwe Namson, An Hwan we beýlekiler ýapon kolonial taryhnamasy bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edipdirler.

Koreýanyň[1] häzirki zaman taryhnamasy we onuň esasy ugurlary

Koreýanyň watançy taryhçylary ýapon kolonial taryhnamasyna, onuň koreýalylaryň milli mertebisini kemsidýän garaýyşlaryna garşy berk göreşipdirler. Hytaýda ýerleşýän koreýaly emigrantlar gazetleriň we žurnallaryň sahypalarynda neşir edilýän makalalaryň, şeýle hem çap edilýän kitaplaryň üsti bilen halky azat edijilik göreşine aýaga galmaga çagyrypdyrlar. Şunda häli-şindi koreý taryhyna, aýry-aýry taryhy wakalara, koreýaly görnükli şahsyýetleriň bitiren işlerine ýüzlenipdirler.

[1] Diňe Koreýa Respublikasynyň, ýagny Günorta Koreýanyň taryh ylmy göz öňünde tutulýar.

«Kodziki» eseriniň bir parçasy (1803-nji ýylyň göçürmesi)

XX asyryň 30-njy ýyllarynda Koreýanyň buržuaz-watançylyk taryhnamasynda üç sany ugur ýa-da mekdep ýüze çykýar: sosial-ykdysady, pozitiwistik we buržuaz-milletçilik ugurlary.

Meşhur taryhçy Pak Namun (1894–1983) Koreýanyň milli taryhnamasynda sosial-ykdysady ugry esaslandyran alymdyr. Ol öz taryhy garaýyşlaryny 1933-nji we 1937-nji ýyllarda neşir edilen «Koreýanyň sosial-ykdysady taryhy» we «Koreýanyň feodalçylyk döwrüniň taryhy» atly kitaplarynda beýan edýär.

Pozitiwistik mekdebiň[1] wekilleri bolan Li Býondonyň, Son Jintheniň, Li Sanbegiň we başgalaryň işleriniň mazmuny hem öňi bilen ýapon kolonial taryhnamasynyň öňe süren ideýalaryna garşy gönükdirilipdir.

Çon Inbo (1893–1988) buržuaz-milletçilik ugruň görnükli wekili, onuň düýbüni tutujylaryň biri hasap edilýär. Ol Pak Ynsigiň we Sin Çehonyň işlerini dowam etdiripdir. Onuň galamyna Koreýanyň taryhy boýunça ýazylan ençeme saldamly kitaplar degişlidir.

Bu ugruň kemala gelmeginde we soňraky on ýyllyklarda ösmegine An Jehon (1891–965) hem uly goşant goşupdyr. An Jehon 1919-njy ýylyň mart gozgalaňyna gatnaşypdyr we soňra ol Koreýa Respublikasynyň atly taryhçylarynyň biri bolup ýetişýär. An Jehon sirhaklaryň taryhy mirasyny çap etmäge-de işeňňir gatnaşypdyr. Ol XX asyryň 40-njy ýyllarynyň ortalarynda «täze milletçilik» diýip at alan taryhnama mekdebiniň düýbüni tutýar.

An Jehonyň esaslandyran «täze milletçilik» mekdebiniň many-mazmunyny, pozitiwistik akymyň wekili Son Jinthe (1900–1950) giňişleýin beýan edipdir. Ol «köne feodal milletçiligini» (sirhaklar) hem, «Kapitalistik döwrüň milletçiligini» hem inkär edipdir. Sebäbi Son Jinthäniň pikiriçe, «olar milletçilik etmek bilen, her edip-hesip edip, häkimiýeti elde saklajak bolýarlar» diýip aýdypdyr. Şol sebäpden hem Son Jinthe «Hakyky milletçilik milletiň ähli gatlaklarynyň bagty üçin gulluk etmelidir» diýip ýazypdyr.

[1] Ýagny diňe gowy, pozitiw zatlary ýazmaga ýykgyn edýän ugur.

V BAP. ÝAPONIÝANYŇ TARYHY BOÝUNÇA ÝAZUW ÇEŞMELERI

Ýaponiýada taryhy eserleriň peýda bolup başlamagy

Ýaponiýada ýurduň taryhyny ýazmakda köp asyrlyk taryhy tejribe toplanylypdyr. Asyrlaryň dowamynda Ýaponiýada ýurduň geçmişi bilen baglanyşykly dürli görnüşdäki we dürli mazmundaky köpsanly eserler döredilipdir. Ýaponiýada taryhnamanyň kemala gelmegine hytaý tejribesi, Hytaýyň hat-ýazuwy uly täsir edipdir. Emma Hytaýdan tapawutlylykda, Ýaponiýada hemişe bir neşilşalyk – Sumeragileriň neberesi hökümdarlyk etdi. Şol sebäpden hem Ýaponiýada taryh ýazmaklygyň «nesilşalyk taryhlary» ýaly ülňüsi ulanylmandyr. Tersine, Sumeragileriň hökümdarlyk edýän ýurdunda şeýle mazmundaky taryhy eserleri ýazmaklyk ýakymsyz alamat hasap edilipdir. Ýöne, muňa garamazdan, Ýaponiýada hem özboluşly milli taryhnama mekdebi ýüze çykypdyr we asyrlaryň dowamynda baý taryhy miras toplanylypdyr.

Ýaponiýanyň taryhy boýunça «Kodziki» (Gadymyýetiň ýazgylary) we «Nihongi» ýa-da «Nihon sýoki» (Ýaponiýanyň ýazgylary) eserleri uly ähmiýete eýedir. «Kodzikiniň» ilkinji nusgasynyň 712-nji ýylda neşir edilendigi, «Nihonginiň» bolsa 720-nji ýylda çapdan çykandygy çeşmeşynaslyk ylmynda anyklanyldy. 759-njy ýylda goşgy bilen ýazylan taryhy-poetiki ýygyndy bolan «Manýosýu» (Tükeniksiz ýapraklaryň ýygyndysy) bilen «Kaýfuson» (751) hem neşir edilýär.

«Nihon sýoki» gadymy ýapon rowaýatlarynyň, hekaýatlarynyň we dilden-dile, nesilden-nesle geçip gelýän gürrüňleriň esasynda köne ruhanylar neberesi bolan Urabeler tarapyndan düzülipdir.



«Nihongi» eserinden bir parça

Her bir diniň öz keramatly kitaplarynyň bolşy ýaly «Kodziki» (Gadymyýetiň ýazgylary) we «Nihongi» (Ýaponiýanyň ýazgylary) ýaponlaryň milli dini bolan sintoizmiň hem baş kitaplarydyr. Emma beýleki dinleriň keramatly kitaplaryndan tapawutlylykda, bu kitaplar hakykat ýüzünde dini kitaplar bolman, rowaýata öwrülen taryhy ýyl ýazgylarydyr. Bularda ilkinji gezek ýaponlaryň dilden aýdylyp gelinýän hekaýatlary we rowaýatlary ýygnalyp ýazgy edilipdir.

Ýaponiýanyň taryhy boýunça kanunçylyk eserleri

Ýaponiýada kanunlary düzmek işleri VII asyryň ilkinji ýyllarynda başlanýar. Köşk kanunçylarynyň alyp baran işleriniň netijesinde ýüz ýyla golaý döwrüň dowamynda köpsanly kanunnamalar kabul edilýär we kanunçylyk bilen baglanyşykly işler amala aşyrylýar. Olardan iň ähmiýetlileri «Sýotokunyň Konstitusiýasy», «Taýkanyň Jarnamasy» we «Taýka döwrüniň kanunlarynyň ýygyndysydyr».

Şazada Sýotokunyň Asuka-dera ybadathanasyndaky agaçdan edilen heýkeli

VII asyryň başlarynda Ýaponiýada patyşa häkimiýetini berkitmäge, döwlet edarasynyň işini tertibe salmaga gönükdirilen birnäçe çäreler amala aşyrylypdyr. Bu döwürde Sumeragileriň patyşa neslinden bolan Sýotoku-taýsi içeri syýasatda hytaý medeniýetiniň muşdaklary bolan köşk begzadalaryna daýanypdyr. 604-nji ýylda ol ylymda «Sýotokunyň Konstitusiýasy» adyny alan «17 maddalyk kanuny» işläp düzýär. Bu kanunda dolandyryşda Hytaý düzgünlerini kabul etmäge ymtylyşlar duýlupdyr. Emma bu kanuny iş ýüzünde durmuşa geçirmäge mümkinçilik bolmandyr. Sebäbi ýurtdaky ähli häkimiýet köp ýyllar bäri hökümetiň başlygynyň wezipesini eýeläp gelýän, asly Koreýadan bolan Sogalar neberesiniň elindedi.

«Sýotokunyň Konstitusiýasy» ýöne bir kanunçylyk resminamasy bolman, eýsem ol soňraky döwürde kabul edilen ähli ýapon kanunnamalarynyň işlenilip düzülmegine ägirt uly täsir edýär. Bu kanunlar Ýaponiýada orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelmeginde hem möhüm ähmiýete eýe boldular.

«Sýotokunyň Konstitusiýasy» ýapon dilinde «Sýotoku taýsi no 17 dzýo no kempo» (Tagt mirasdary Sýotokunyň on ýedi maddalyk konstitusiýasy) diýlip atlandyrylýar. «Sýotoku» Sumeragiler neberesinden

bolan syýasy işgär Umaýadonyň (ýaşan ýyllary 574–622) lakamydyr, «taýsi» bolsa «tagtyň mirasdary» diýmekligi aňladýar. Ol patyşa Suýko Hatynyň (ýaşan ýyllary 554–628) atabegi bolupdyr we şol döwürde-de bu kanunnama kabul edilýär. Bu kanunnamadan başga-da, Sýotoku biziň günlerimize gelip ýetmedik «Tennoki» (Patyşa ýyl ýazgylary), «Kokki» (Döwlet ýyl ýazgylary) atly ýyl ýazgylarynyň, dini äheňdäki birnäçe eserleriň hem awtory hasap edilýär.

«Sýotokunyň Konstitusiýasy» biziň günlerimize 720-nji ýylda neşir edilen «Nihon sýoki» (Ýaponiýanyň ýazgylary) ýyl ýazgysynyň üsti bilen gelip ýetipdir. Sebäbi şol ýyl ýazgysynda «Sýotokunyň Konstitusiýasy» dolulygyna ýerleşdirilipdir. Bu kanunnama Ýamato (ýapon) patyşalarynyň ilkinji jarnamasy bolup, onda dolandyryjy neberäniň ýurtdaky ýokary häkimiýete bolan hukuklary beýan edilipdir. Ýaponiýada ýokary häkimiýeti dolulygyna ele almak maksady bilen, sumeragiler Koreýanyň üsti bilen gelen buddaçylyk dinine bil baglapdyrlar. 594-nji ýylda buddaçylyk Ýaponiýada döwlet dini diýlip yglan edilýär, atabeg Sýotokunyň özi hem buddaçylygyň hakyky janköýeri bolupdyr. Netijede, «Sýotokunyň Konstitusiýasy» ýapon imperatorlarynyň syýasy maksatlarynyň ideologik binýady bolup hyzmat edipdir.

«Sýotokunyň Konstitusiýasynyň» öňe süren esasy ideýasy soňra «Taýkanyň Jarnamasy» atly kanunnamada özüniň has aýdyň beýanyny tapýar.

645-nji ýylda Ýaponiýada Sogalaryň begzadalar neslinden bolan Kotoku (646–654) «Taýka» ady bilen tagta çykandan soň, «Taýkanyň Jarnamasy» ady bilen ýörite kanun kabul edilýär. «Nihon sýokide» berilýän maglumatlara görä, onuň awtory Kotokunyň özi bolupdyr, ýöne alymlar bu kanuny taýýarlamaga Fudziwaralaryň begzada neslinden bolan Nakatomi Kamatari (614–669), Takamuko Kuromaro (654-nji ýylda aradan çykan) we Minabuti Sýoan (ýaşan ýyllary belli däl) ýaly belli köşk işgärleriniň hem işjeň gatnaşandyklaryny belleýärler.

«Taýkanyň Jarnamasy» biziň günlerimize dolulygyna gelip ýetipdir. Ol girişden we dört sany maddadan ybaratdyr. Her maddanyň öňünde başlangyç ýazgysy ýa-da giriş sözi berlipdir. Oňa çenli ýapon kanunlary kagyz ýüzünde beýan edilmän, dilden-dile geçip gelipdir. «Jarnamanyň» çap edilmegi bilen indi ýaponlarda kanunlary kagyz ýüzünde beýan etmek başlanýar. «Jarnama» Ýamatonyň imperatorlarynyň özboluşly kanuny bolup, onda Sumeragileriň ýokary häkimiýet baradaky islegleri we

Fudoki

olaryň ýurtda merkezleşdirilen döwlet edarasyny döretmäge gönükdirilen maksatlary beýan edilipdir.

«Taýkanyň Jarnamasy» boýunça Ýaponiýada ilkinji gezek kanun esasynda daýhanlar babatynda salgytlar we borçlar (önüm salgydy, hojalyk salgydy we zähmet borjy) girizilýär. Netijede, 646-njy ýyldan 700-nji ýyla çenli aralykda imperatorlaryň adyndan yglan edilen ähli kanunlar, jemkanunlar, dürli maddalar jemlenilip, 702-nji ýylda «Taýhorýo» (Taýka döwrüniň kanunlarynyň ýygyndysy) ady bilen neşir edilýär.

Ýaponiýanyň durmuş-ykdysady taryhyny öwrenmekde «Taýhorýo» (Taýka döwrüniň kanunlarynyň ýygyndysy) kanunnamasynyň ähmiýeti örän uludyr. Çünki ol Ýaponiýanyň ekerançylyk pudagy, agrar gatnaşyklar, ýer eýeçiligi, onuň görnüşleri, daýhan hojalyklarynyň ýer paýynyň möçberi, salgyt ulgamy, salgytlaryň sany we mukdary, ekinleriň görnüşleri we başgalar barada gymmatly maglumatlary özünde jemleýär.

Fudokiler

VIII asyryň başlary Ýaponiýanyň taryhynda ýurduň geçmişini öwrenmekde, kanunnamalary işläp düzmekde we dürli häsiýetdäki hem-de mazmundaky resminamalary kabul etmekde iň bir öndürijilikli işlenilen döwür hasap edilýär. Bu ýyllar ýapon milli haty bolan hiragananyň we katakananyň hem işlenilip düzülýän döwrüdi.

713-nji ýylda ýylda ýapon imperatory tarapyndan ýurduň ähli welaýatlarynyň häkimlerine öz ýolbaşçylyk edýän ýeriniň hytaý dilinde taryhy-geografik ýazgysyny etmeklik buýrulýar. Taryhy-geografik ýazgylar ýapon dilinde «fudoki» diýlip atlandyrylypdyr. Bu ýazgylarda welaýatyň etraplary, obalary, ýer üstüniň gurluşy (daglar, dereler, derýalar, tokaýlar, düzlükler we başgalar), ýeriniň ösümlik we haýwanat dünýäsi, ekerançylyk ýerleri, olaryň hili, ybadathanalar, däp-dessurlar görkezilmeli edilýär. Bu maglumatlar köpsanly ertekiler, hekaýatlar we rowaýatlar bilen üpjün edilipdir. Fudokileri düzmeklik işi 945-nji ýyla çenli, ýagny 200 ýyldan hem köp wagtlap dowam edipdir.

Ýapon «fudokileri» gündogarşynas alymlarda uly gyzyklanma döredipdir. Emma, gynançly ýeri, biziň günlerimize diňe Idzumo welaýatynyň doly ýazgysy gelip ýetipdir. Bu işi düzmeklik 733-nji ýylda tamamlanypdyr. Häzirki wagtda ol ylymda «Idzumo-fudoki» (Idzumo welaýatynyň taryhy-geografik ýazgysy) ady bilen bellidir. Mundan başga-da Ýaponiýanyň şol wagtlardaky Hitati, Harima, Bungo, Hidzen welaýatlarynyň 4 sany iri taryhy-geografik ýazgylary, şeýle hem 48 sany welaýat barada bölek-büçek ýazgylardyr salgylanmalar saklanyp galypdyr. Diýmek, doly bolmasa-da, 53 sany welaýat barada «fudokiler» biziň günlerimize gelip ýetipdir. Bu san şol döwürde Ýaponiýada şonça mukdarda welaýatlaryň bolandygyny aňladýar.

Görnüşi ýaly, VIII–X asyrlarda Ýaponiýada her welaýat boýunça taryhy-geografik we etnografiki ýazgylary geçirmeklik başardypdyr. Bäş welaýat boýunça (Idzumo, Hitati, Harima, Bungo, Hidzen) saklanyp galan ýazgylar rus diline terjime edilip, 1966-njy ýylda Moskwada «Idzumo-Fudoki» (Идзумо-Фудоки) we 1969-njy ýylda bolsa «Gadymy Fudokiler» (Древние Фудоки) atlary bilen neşir edildi.

Gadymy Idzumo welaýaty häzirki Simane prefekturasynyň ýaryna golaýyny tutupdyr. «Idzumo-Fudokide» welaýatyň dokuz etrabynyň (Ou, Simane, Aika, Tatenui, Idzumo, Kamudo, Iisi, Hita we Ohara) taryhy-geografik ýazgylary ýerleşdirilipdir. Iş gurluş taýdan welaýatyň umumy taryhy-geografik ýazgysyna, dokuz etrabyň her biriniň aýratyn ýazgylaryna we netijä bölünýär.

Idzumo welaýatynyň her bir etraby baradaky ýazgylarda, etraplaryň dolandyryş-çäk gurluşy, etrabyň adynyň gelip çykyşy, obalaryň we olaryň geografik ýerleşişi, sintoistik ybadathanalar, daglar, derýalar, howuzlar, güzerler, adalar, haýwanat we ösümlik dünýäsi baradaky maglumatlar ýerleşdirilipdir. «Idzumo-Fudokiniň» soňunda berilýän netijedäki welaýatyň ýollary, harby bölümleriň ýerleşişi, duýduryş-habar beriş harby nokatlary bilen baglanyşykly maglumatlar ähmiýetlidir. Idzumo welaýatynyň taryhy-geografik ýazgysy şeýle sene bilen tamamlanýar: Tempýonyň 5-nji ýyly, 2-nji aý, 30-njy gün. Bu bolsa onuň 733-nji ýylda ýazylandygyna güwä geçýär. Ýazgynyň iň soňunda bu işi ýerine ýetireniň ady we goly goýlupdyr.

Ýazgylardaky gyz we krokodil, beýik Hudaý Sadanyň gowagy, adam iýýän ýeke göz arwah we başga-da ýer atlarynyň gelip çykyşy bilen baglanyşykly köpsanly gyzykly maglumatlar berilýär. Umuman alnanda, «Fudokiler» Ýaponiýanyň VIII–X asyrlarynyň taryhy, geografiýasy, dili, folklory we bellibir derejede ykdysadyýeti barada möhüm maglumatlary berýär.

Kogo-sýui

808-nji ýylda Imbe Hironari tarapyndan ýazylan «Kogo-sýui» (Geçmiş hakynda aýdylanlara goşmaça) eseri ertekileriň we hekaýatlaryň esasynda ýazylan kitapdyr. Bu eseriň mazmunynyň syýasy äheňi onuň awtorynyň gadymy ruhanylar neberesi bolan Imbä degişlidigini tassyklaýar. Bu nebere bir zamanlar sinto däp-dessurlary ýerine ýetirilende esasy wezipäni ýerine ýetirýär eken. Emma 645-nji ýylda Imbe neberesi diňe bir häkimiýete gaýtadan eýe bolan Sumeragileriň patyşa maşgalasy tarapyndan däl, eýsem Nakatomileriň ruhany neberesi tarapyndan hem ýurduň dini durmuşynda agalyk etmekden çetleşdirilýär. Bu döwürde ýapon patyşa neberesiniň häkimiýetini mahabatlandyrýan «Kodziki» (Gadymyýet barada ýazgylar) we «Nihongi»[1] (Ýaponiýanyň ýazgylary) eserleri hem Nakatomiler neberesiniň ýolbaşçylygynda we olaryň bähbitlerine laýyk edilip düzülipdir.

[1] Nihon – Ýaponiýanyň resmi ady.

Imbe Hironari öz eserinde Imbe neberesiniň ilki dörändigini, Sumeragileriň patyşa neberesiniň we Nakatomileriň bolsa soň dörändiklerini, olaryň geçmişdäki ähmiýetiniň Imbäniňkiden pes bolandygyny subut etmäge çalşypdyr. Eseriň şeýle äheňiniň bolmagy, çeşmedäki maglumatlaryň bellibir derejede ygtybarlylygyny güýçlendirýär. Sebäbi ol resmi däl eserleriň hataryna degişlidir.

Mokkan ýazgylary

Ýaponiýanyň irki orta asyr döwrüniň taryhyny öwrenmekde bambukdan edilen ýasy tagtajyklaryň ýüzüne ýazylan epigrafik ýazgylaryň ähmiýeti uludyr. Şeýle ýazgylar ýapon çeşmeşynaslygynda «mokkan» ady bilen bellidir. Mokkanlar hem edil Hytaý çeşmeşynaslygyndaky «Bambuk ýyl ýazgylary» ýa-da Russiýanyň çeşmeşynaslygyndaky «Beresta ýazgylary» ýaly möhüm çeşmedir. Tagtajyklaryň ýüzüne ýazylan ýazgylar bir döwürde Koreýada-da köpçülikleýin ulanylypdyr.

1988-nji ýylda Nara şäherinde söwda merkeziniň gurluşygy alnyp barylýan döwürde ýüzi ýazgyly ummasyz köp mukdarda bambuk tagtajyklary ýüze çykarylýar. Söwda merkeziniň gurulýan ýerinde bir zamanlar imperator Temmunyň agtygy, belli köşk işgäri Nagaýyň (684–729) köşgi ýerleşýär eken. Tapylan tagtajyklar soňra bir ýere jemlenilip sanalyp görlende, olaryň sany 200 müňe ýetipdir. Eger-de Gadymy Rus döwletiniň taryhyna degişli «Beresta ýazgylarynyň» umumy sanynyň müňe-de ýetmeýändigini göz öňünde tutsak, onda mokkanlaryň nähili uly ylmy ähmiýetiniň bardygyny, olaryň nähili wajyp maglumatlary özlerinde saklaýandyklaryny göz öňüne-de getirmek kyn.

Mokkan ýazgylary

Mokkanlar Ýaponiýanyň başga-da ençeme ýerlerinden tapylypdyr. Olarda merkezdäki döwlet edarasynyň gündelik işi, onuň ýerlerdäki dolandyryş edaralary bilen gatnaşyklary, alşylan hatlar, merkezden ugradylan permanlar, buýruklar, ýerlerden gelip gowşan dürli mazmundaky hatlar, habarlar we başgalar barada maglumatlar berilýär. Käbir mokkanlaryň ýüzünde nusgawy hytaý ýazgylary hem ýerleşdirilipdir. Bu maglumatlar Ýaponiýanyň taryhynyň VII–IX asyr taryhlaryny öwrenmekde uly ähmiýete eýedir.

Norito

Taryhy-medeni barlaglary üçin bellibir ähmiýeti bolan «Norito» (Sinto hudaýlaryna ýüzlenmeler) eseri hem ýapon çeşmeşynaslygynda wajyp orun eýeleýär. Adyndan belli bolşy ýaly, Noritoda sinto hudaýlaryna ýüzlenilip aýdylýan keramatly jümleler ýerleşdirilipdir. Şol jümleleriň 28 sanysy 927-nji ýylda düzülen «Engisiki» (Enginiň patyşalyk süren ýyllarynyň dabaralary) atly ýygyndynyň 8-nji kitabynda hem ýerleşdirilipdir. Emma «Noritonyň» özi «Engisikiden» has gadymydyr. «Noritonyň» esasy bölegi VII asyrda düzülip, mazmuny boýunça dini şygryýete degişlidir. Onuň mazmuny diňe bir gadymy ýaponlaryň dini düşünjelerini görkezmän, eýsem, olaryň medeni we hojalyk durmuşlary barada-da birtopar maglumatlary berýär. «Norito» iňlis diline terjime edildi.

Ýaponiýanyň geçmişi hakynda taryhy hekaýatlar

Ýaponiýanyň çeşmeşynaslygynda taryhy hekaýatlara aýratyn orun degişlidir. Taryhy hekaýatlar ylymda «monogotari» (taryhy powest, taryhy roman, taryhy hekaýat) ady bilen bellidir. Taryhy beýan etmegiň bu usuly X asyrda, ýagny ýapon jemgyýeti ösen orta asyrlar zamanyna geçýän döwürde ýüze çykypdyr. «Monogotarileriň» ýüze çykmagy içgysgynç köşk durmuşy bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Sebäbi taryhy hekaýatlaryň aglaba köpüsi köşk kenizleri ýa-da imperatorlaryň ünsden düşürilen, ýatdan çykarylan, unudylan gyrnaklary tarapyndan döredilipdir.

Adatça bolşy ýaly, orta asyr döwründe Aziýanyň we Ýewropanyň döwletlerinde soltanlaryň, imperatorlaryň, patyşalaryň, korollaryň, hanlaryň we emirleriň köşklerinde köpsanly zenan maşgalalar saklanylypdyr. Ýaş wagtlary zenanlar hökümdarlaryň iň bir islegli adamlarynyň biri bolupdyrlar, emma wagtyň geçmegi bilen olaryň ornuny täze-täze zenanlar eýeläpdirler. Netijede, olar üçin içgysgynç köşk durmuşy başlapdyr. Olaryň durmuşy köşk bilen aýrylmaz baglanyşykly bolandygy sebäpli, kenizler we gyrnaklar köşkde we ýurtda bolup geçýän her bir waka, ýerlerden gelip gowuşýan her bir habar bilen öz wagtynda tanyşýardylar. Şonuň üçin



«Şazada Gendzi hakynda hekaýat» eserine çekilen surat

hem olaryň käbirleri şol wakalary çeper sözüň üsti bilen beýan etmäge, şeýdibem özleriniň içgysgynç durmuşlaryny nähilidir bir ýol bilen bezemäge, günlerini has gyzykly geçirmäge çalşypdyrlar. Şunuň netijesinde taryhda we çeper edebiýatda «monogotarileri» ýazmak däbi ýüze çykýar. «Monogotariler» ýapon edebiýatynyň bir ugry bolan gunki, ýagny «harby-gahrymançylyk şadessany» žanrynda ýazylan eserlerdir.

«Monogotarileriň» çeşmeşynaslyk nukdaýnazaryndan ähmiýeti uludyr. Çünki ýapon taryhynyň aýry-aýry döwürleri öwrenilende olar «Kodziki» we «Nihongi» ýaly ýyl ýazgylaryndan hem has ähmiýetlidir.

«Gendzi-monogotari» (Şazada Gendzi hakynda hekaýat) X–XI asyrlaryň sepgitlerinde, ýapon medeniýetiniň gülläp ösýän döwründe döredilen ilkinji hekaýatlaryň biridir. Onda imperatoryň nikasyz doglan ogly şazada Gendziniň başyndan geçen söýgi bilen baglanyşykly wakalar beýan edilýär. Eseriň awtory Sýosin Hatynyň (dolandyran ýyllary 986–1011) köşk kenizleriniň biri Murasaki Sikibu hasap edilýär. Bu eser öz döredilen döwründe giň meşhurlyga eýe bolupdyr we ony her bir maşgala edinmäge çalşypdyr. Şonuň üçin hem eser köpçülikleýin göçürilipdir.

«Taýra monogotariniň» gahrymanlarynyň biri, meşhur ýaýçy Ýoitiniň suraty

Eser dört tomdan ybarat bolup, ol gurluş taýdan 54 baba bölünýär. Onda üç ýüzden hem gowrak gahrymanlar hereket edip, olaryň otuzdan gowragyny baş gahrymanlar hasap edip bolar. Monogotariler ýapon taryhynyň Heýýan döwrüniň (IX–XII asyrlar) edebiýatynyň, sungatynyň we medeniýetiniň ösüşine ägirt uly täsir edýär. Eserde ýapon imperatorlarynyň 4-siniň hökümdarlyk eden 70 ýyllyk döwrüniň taryhy beýan edilýär. Hekaýatdaky wakalar mazmun taýdan üç döwürde beýan edilýär: 1) şazada Gendziniň ýaşlygy; 2) kämillik döwri – sürgün edilmegi we yzyna dolanyp gelmegi, şöhrata eýe bolmagy we aradan çykmagy; 3) Gendziniň ogullygy Kaorunyň ömür ýoly. Hekaýatyň sýužetiniň – wakasynyň özboluşly halka şekilli aýlawy bar.

Ýaş wagtlary Gendzi juda syratly, ugurtapyjy hem-de başarjaň ýigit bolupdyr. Ýigrimi ýaşynda ony kakasynyň baş geňeşdarynyň gyzyna öýlendirýärler. Emma ol maşgalasyna biwepa bolup çykýar. Köp zenanlaryň gözüni-başyny aýlap, olary özüne bendi edýär. Onuň göwün berip, soňra taşlan zenanlary ýa aradan çykypdyrlar, ýa-da bolmasa buddaçylyk ybadathanalaryna hemişelik monahçylyga gidipdirler. Ol hatda kakasynyň gyrnaklarynyň biriniň hem başyny-gözüni aýlaýar, ondan bolan ogul bolsa soňra tagta çykýar. Netijede, ýapon tagtyna Gendziniň inisi däl-

-de, öz ogly çykýar. Emma ahyr ýaşynda Gendziniň özüne-de biwepalyk edilýär. Ol söýgülisi San-no Maýanyň özüne biwepalyk edendigini, öz oglunyň hakyky kakasynyň bolsa, köşkdäki ýaş ýigitleriň biridigini duýup galýar. Netijede, kakasyna eden ýamanlygy, indi onuň öz başyndan inýär. Wakalaryň şeýle beýan edilmegi Heýýan döwrüniň medeniýeti üçin häsiýetlidir. Bu ýerde karmanyň, ýagny «Edeniň alnyňa geler» diýen buddaçylyk ynanjynyň täsiri duýulýar. Çünki bu döwürde durmuşda buddaçylygyň täsiri uly bolupdyr. Ýaponiýanyň orta asyr taryhyndan gürrüň berýän eserleriň biri-de XI asyryň zenan awtory Sendzi tarapyndan ýazylan «Sagoromo monogotari» (Sagoromo hakynda hekaýat) we «Takamura monogotari» (Takamura hakynda hekaýat) eserleridir. Bu eserlerde-de dogumly hem-de ugurtapyjy ýaş ýigitler bolan Sagomoranyň we Takamuranyň başyndan geçen gyzykly wakalar barada gürrüň berilýär.

«Nihon sýokiniň» 1599-njy ýylda neşir edilen nusgasy

XIII asyryň başlarynda monah Ýukinaga tarapyndan ýazylan «Taýra monogotari» (Taýra nesli hakynda hekaýat) eseri XII asyrda Ýaponiýada häkimiýet ugrunda uzaga çeken göreşleri alyp baran Minamoto we Taýra samuraý nesilleri hakynda gürrüň berilýär. Bu eser biziň günlerimize dürli nusgalarda gelip ýetipdir. Eserde otuz ýylyň dowamynda bolup geçen wakalar beýan edilýär.

Eserde Taýralaryň samuraý neberesi, esasan hem, onuň ýaşulusy serkerde Kiýemori hakynda köp gürrüň berilýär. Taýra neberesi öz gözbaşyny dolandyryjy nesilşalygyň bir şahasyndan alyp gaýtsa-da, bu nebere köp wagtlap köşge golaýlap bilmändir. Emma Taýralar, hususan-da, olaryň serdary Kiýemori, Minamotolar tarapyndan imperatora garşy guralan topalaňy basyp ýatyrmaga ilkinjileriň biri bolup aýaga galýarlar. Taýralara gülüp bakan bu şowlulyk Kiýemoriniň köşkde hökümetiň başlygynyň wezipesini eýelemäge mümkinçilik berýär. Indi ondan diňe bir beýleki köşk adamlary däl, eýsem imperatoryň özi hem çekinipdir. Şol döwürler «Taýra neberesine degişli däl adamyň bahasy bir köpükdir» diýen gürrüň ýörgünli bolupdyr.

Wagtyň geçmegi bilen ýurtdaky ähli häkimiýeti öz eline alan Kiýemori imperatoryň kanuny mirasdaryny hem häkimiýetden çetleşdirip, tagta öz kiçi ýaşly agtygyny çykarýar. Emma 1181-nji ýylda Kiýemori aradan çykýar we Taýralar asgynlap ugraýar. Ýurtda häkimiýet ugrundaky göreşler gaýtadan tutaşýar. Indi üstünlik Minamotolaryň tarapynda bolupdyr. 1184-nji ýylda Taýralar paýtagt şäher Kiotony taşlap gitmeli bolýarlar, bir ýyl geçenden soň bolsa olar Iti-no-tani söweşinde Mina-

motolardan agyr ýeňlişe sezewar bolýarlar. 1185-nji ýylda iň soňky körpeje Taýra Simonoseki aýlagynyň kenaryndaky Dan-no-ura diýen ýerde öldürilýär. Şeýdip Taýra nesli taryhy sahnadan düşýär.

XIV–XV asyrlarda peýda bolan «Ýosisune monogotari» (Ýosisune hakynda hekaýat) eserinde hem Taýralar bilen Minamotolaryň arasynda alnyp barlan özara uruşlar hakynda gürrüň berilýär. Eseriň baş gahrymany Minamoto Kuro Ýosisune bary-ýogy on dört aýlap Minamotolaryň samuraý goşunlaryna serkerdelik edýär. Ýöne, muňa garamazdan, ol Kiýemoriniň nesilleri bilen alnyp barlan dört söweşde ýeňiş gazanýar we onuň ady Ýaponiýanyň taryhynda hemişelik galýar.

Taýralaryň esasy bäsdeşleri bolan Minamotolar häkimiýet ugrundaky göreşlerde öz garşydaşlaryndan ýeňilýärler. Ýeňlen neberäniň ýaşulusy Ýositomonyň ogullary we garyndaşlary Taýralaryň berk gözegçiligi astynda kynlyk bilen öz janlaryny saklapdyrlar. Ýosisuneniň özi hem buddaçylyk ybadathanasynda ösüp ulalypdyr. Emma wagty gelende ol öz tarapdarlary bilen Taýralara garşy aýaga galýar. Taýralar bilen alnyp barlan ýeňişli söweşlerden soň bolsa Ýosisune Kioto köşgünde hökümet başlygynyň wezipesini eýelän Taýra Munemorini ogly we ýanynyň ýene-de otuza golaý egindeşleri bilen ýesir alýar. Şeýlelikde, Taýralaryň döwri tamamlanýar we 1192-nji ýylda Minamotolar Ýaponiýanyň taryhynda «Minamotolaryň sýogunlygy» (1192–1333) diýlip atlandyrylan täze häkimýeti esaslandyrýarlar. Kamakura şäherini bolsa olar ýurduň täze paýtagtyna öwürýärler. Ýaponiýanyň sumeragiler neberesinden bolan imperatorlary bolsa köne paýtagt Kiotada galyberýärler. Sumeragileriň häkimiýeti paýtagtyň eteginden uzaga gitmändir. Minamotolar Ýaponiýany 1192–1333-nji ýyllarda dolandyrdylar. Minamotolaryň sýogunlygy paýtagtynyň ýerleşýän ýerine görä «Kamakura sýogunlygy» diýlip hem atlandyryldy.

Taýralar bilen Minamotolaryň arasyndaky göreşler barada «Heýke-monogotari», «Hogen-monogotari» we «Heýdzi-monogotari» ýaly hekaýatlarda hem gyzykly gürrüň berilýär.

VI BAP. ÝAPONIÝANYŇ TARYHYNYŇ TARYHNAMASY

Ýaponiýada ylmy taryhnamanyň ýüze çykmagy

Aziýa we Afrika ýurtlarynyň aglaba köpüsinde bolşy ýaly, Ýaponiýada hem milli taryhnama mekdebiniň ýüze çykyşy we kemala gelşi XIX asyryň ahyrlaryna – XX asyryň başlaryna degişlidir. Sebäbi XIX asyryň ortalarynda Ýaponiýanyň ABŞ we Ýewropa ýurtlary tarapyndan «açylmagynyň», soňra bolsa 1867–1868-nji ýyllaryň «Meýdzi» rewolýusiýasynyň netijesinde, ýurtda giň gerimli durmuş-yk-

dysady, syýasy we medeni özgertmeler amala aşyrylyp, senagat önümçiligi çalt depginler bilen ösüp başlady, ýaponlar dünýä bazarynda, dünýä syýasatynda, halkara gatnaşyklar ulgamynda özlerini tanadyp ugradylar.

Hara Kasuro

XIX asyryň ahyrynda Ýaponiýa özüniň goňşusy Hytaýyň üstünden aýgytly ýeňiş gazandy we Koreýany öz täsirine salyp ugrady. Netijede, XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda Ýaponiýa dünýäniň harby-syýasy we ykdysady taýdan ösen döwletleriniň hataryna goşuldy. Bulardan başga-da Ýaponiýa Günbataryň ylymda, tehnikada we magaryfda gazananlary hem çalt ornaşyp ugrady. Bu ýagdaýlar ylmyň dürli ugurlary bilen bir hatarda taryh ylmynyň ösüşine-de uly täsir etdi. Ýöne Ýaponiýada entekler orta asyr taryhnama däpleriniň täsiriniň uly bolandygyny we onuň täsiriniň tä Ikinji Jahan urşunyň ahyrlaryna çenli duýlandygyny hem bellemek gerek.

Ýaponiýada ylmy taryhnamanyň ýüze çykmagy we onuň taryh ylmynyň möhüm ugry hökmünde kemala gelmegi belli ýapon taryhçylary Utida Gindzonyň (1872–1919) we Hara Kasuronyň (1871–1924) atlary bilen aýrylmaz baglanyşykly boldy. Ýapon taryhynyň, aýratyn hem, onuň orta asyrlar döwrüniň dogruçyl beýany ilkinji gezek ady agzalan taryhçy alymlaryň işlerinde görkezildi.

Utida we Hara[1] çenli ýapon taryhnamasynyň «söýgüli» usuly syýasy wakalary beýan etmek bolan bolsa, indi olar öz ylmy-barlag işlerini, esasan, ýurduň durmuş-ykdysady meselelerine bagyşlaýardylar. Orta asyr ýapon taryhnamasy ýurduň taryhynyň aýry-aýry döwürlerini açyp görkezmekde esasy ölçeg, baş tutaryk hökmünde ilki ýapon patyşalarynyň, soňra bolsa sýogunlaryň dolandyran ýyllaryny saýlap alan bolsalar, Utida bilen Hara döwürleriň biri-birinden tapawudyny Ýaponiýanyň sosial-ykdysady durmuşynda bolup geçen ilerlemelerden gözläpdirler. Bu bolsa olara Ýaponiýanyň taryhynyň iň gadymy, gadymy, orta asyrlar we täze taryh döwürleriniň arasyny bölýän serhetlerini, döwürleriň dowam eden asyrlaryny kesgitlemäge mümkinçilik beripdir.

Ýaponiýanyň milli taryhnamasynyň esasy ugurlary we ylymda ýapon taryhynyň meselelériniň goýluşy

Ýapon milli taryhnamasynyň dürli ugurlara bölünmegi XX asyryň birinji çärýeginde bolup geçdi. Şu döwre çenli ylmy-barlag işleri, esasan, üç ugur boýun-

[1] Ýaponlarda, hytaýlylarda, koreýlerde we Günorta-Gündogar Aziýanyň käbir halklarynda adyň başky bölegi familiýa hökmünde ulanylýar.

ça alnyp baryldy. Soňra şol ugurlaryň esasynda Ýaponiýanyň milli taryhnama mekdepleri kemala geldi. Şol mekdepler aşakdakylardan ybarat:

1. Durmuş-ykdysady mekdebi;
2. Taryhy-hukuk mekdebi;
3. Medeni-taryhy mekdebi.

Bu mekdepleriň her birini başgaça ýapon taryhnamasynyň nazaryýetleri hökmünde hem görkezmek bolar. Sebäbi her bir taryhnama mekdebiniň özüne mahsus ylmy nazaryýeti hem bolýar.

Ýaponiýanyň sosial-ykdysady taryhyny dürli ugurlar boýunça öwrenmekde belli ýapon taryhçysy Suda Sokitiniň (1873–1861) dersara ylmy-barlaglarynyň uly ähmiýeti bar. Köp ýaponşynas alymlar Ýaponiýada taryhy tankydyň döremeginiň gözbaşynda Sudonyň durandygyny belleýärler. Onuň işleri döwürdeşleriniňkiden özüniň baý çeşmeşynaslyk binýada esaslanýandygy we ylmy derňewleriň çuňlugy hem-de giň gerimliligi bilen tapawutlanýar. Özüniň ylmy-barlag işlerinde Sudo asyrlar boýy dowam edip gelen «mifiki taryhyň» esassyzdygyny görkezmek bilen, Ýaponiýanyň obýektiw taryhynyň biziň eýýamymyzyň başlaryndan gözbaş alyp gaýdýandygyny subut etdi.

Häzirki zaman ýapon taryhnamasynda dürli ugurlaryň we mekdepleriň hereket edýändigine garamazdan, ylmy jemgyýetçiligiň arasynda alym hökmünde Sudonyň abraýy örän ýokarydyr. Dogry, onuň käbir pikirleri ençeme ýola tankydam edilipdi. Ol ýapon taryhynyň «aýratyn ýoly» baradaky resmi nazaryýeti we resmi çeşmeleriň «gürrüňsiz dogrudygy» baradaky yzagalak düşünjeleri ýeňip geçmegi başaran belli alymdyr.

Sudonyň işleri, esasan, taryhy we çeper edebiýatyň ylmy derňewlerine bagyşlanan. Onuň bu ugurdan taýýarlan saldamly işi 1916-njy ýylda neşir edilýär. Bu işde Sudo orta asyrlar döwrüniň begzadalarynyň durmuşyny, olaryň häkimiýet we din baradaky düşünjelerini, daýhanlara we samuraýlara garaýyşlaryny, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary baý maglumatlaryň esasynda açyp görkezmegi başarypdyr. Onuň taryhy-edebi seljermeleri inçe pikirlere we nusgalyk netijelerdir jemlemelere baýdyr.

Ýapon taryhnamasynyň taryhy-hukuk mekdebiniň wekilleri öz işlerinde Ýaponiýanyň orta asyr döwrüniň kanunçylyk resminamalaryny öwrenmäge köp üns beripdirler. Olar Ýaponiýanyň taryhy ösüşinde dürli asyrlarda kabul edilen dürli mazmundaky kanunçylyk resminamalarynyň aýratyn uly ähmiýetiniň bolandygyny tekrarlaýarlar. Bu ugruň kemala gelmeginde Nakata Kaorunyň (1877–1967) uly hyzmaty bardyr. Eger-de taryhy-hukuk mekdebiniň wekilleri esasy ünsi kanunçylyk resminamalaryna berip, kanunçylygyň ýapon taryhynda aýratyn uly orun eýeländigini görkezmäge çalşan bolsalar, medeni-taryhy mekdebiň alymlary milli medeniýetiň meselelerinden ugur alypdyrlar we ýurduň köp asyrlyk taryhynda medeniýetiň uly hyzmatynyň bolandygyny subut etmäge ýykgyn edipdirler.

Ýapon taryhnamasynyň medeni-taryhy nazaryýeti dolulygyna ilkinji gezek belli taryhçy Nisida Naodzironyň (1886–1964) 1924-nji ýylda Kiota uniwersitetiniň talyplarynyň öňünde eden çykyşlarynda öz beýanyny tapdy. Soňra ol öz çykyşlaryny jemläp, 1932-nji ýylda aýratyn kitap edip çykarýar. Nisidanyň nazaryýetiniň güýçli tarapy, onuň Günbatar Ýewropa we ýapon feodalizmleriniň arasynda umumy häsiýetleriň bolandygy bilen baglanyşykly gelen netijesidir. Onuň bu nazaryýeti ýapon taryhynyň hem-de medeniýetiniň dünýä halklaryndan «aýratynlygy» we «üýtgeşikligi» baradaky resmi nazaryýete garşy göreşde özüniň oňyn netijesini berdi.

Häzirki zaman ýapon taryhnamasynda feodalçylyk döwrüniň meseleleriniň öwrenilişi

Ýaponiýanyň milli taryhnamasynda feodalçylyk gatnaşyklarynyň haçan dörändigi baradaky pikirler dürli-dürlüdir. Taryhçylar şu meseläni çözmekde belli-bir usulyýet birliginiň ýoklugyndan zeýrenýärler. Mysal üçin, ýapon taryhçysy Sera Terusiro 1977-nji ýylda neşir edilen «Taryhyň usulyýet meseleleri» atly kitabynda «Taryhçylaryň birleri ýapon feodalizmi sýöenleriň (mülkleriň) döremegi (VIII–IX asyrlar), ýene birleri samuraýlar gatlagynyň peýda bolmagy (XI–XII asyrlar), üçünji birleri harby-feodalçylyk düzgüniniň girizilmegi (XII asyryň ahyrlary) bilen, dördünji birleri feodal dagynyklyk döwründen (XIV–XV asyrlar), bäşinji birleri bolsa daýhanlaryň ýere gaýtadan berkidilmegi bilen (XVI asyr) başlady diýýärler» diýip adalatly belleýär.

Ýaponiýanyň taryhyna, aýratyn hem, onuň orta asyrlar döwrüne bagyşlanan işler köpdür. Şol kitaplarda ulanylan ummasyz köp mukdardaky çeşmeler, çeşmeleriň jikme-jik derňewi, ýapon feodalizmi hakyndaky düşünjeleri gürrüňsiz giňeldýär.

Ikinji Jahan urşundan soňky döwürde aýry-aýry meselelere bagyşlanyp neşir edilen köpsanly işler ýurtda Ýaponiýanyň taryhy boýunça köp tomluk işleri taýýarlamaga-da giň mümkinçilik döretdi. Şeýle köp tomluklaryň sany, aýratyn hem, XX asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap artyp ugrady. Bu ýyllar ýapon taryh ylmynyň iň öndürijilikli işlän we ýokary hilli ylmy işleriň taýýarlanylan döwri hasap edilýär. Olary taýýarlamaga ýapon taryhnamasynyň dürli mekdepleriniň we ugurlarynyň alymlarynyň uly topary gatnaşdy.

60-njy ýyllaryň ortalarynda «Týuo koronsýa» neşirýaty tarapyndan Ýaponiýanyň 26 tomluk taryhy neşir edildi. 1965–1966-njy ýyllarda 6 tomluk «Ýaponiýanyň taryhy» neşir edildi. Hut şol ýyllar «Iwanami sýoton» neşirýaty tarapyndan Ýaponiýanyň 23 tomluk taryhy, 1967-nji ýylda köp tomluk «Nihon rekisi» (Ýaponiýanyň taryhy) we başgalar çap edildi. Aýratyn hem, soňky köp tomluk ylmy taýdan ähmiýetlidir. Şu kitabyň 2–4 tomlary dolulygyna ýapon feodalizminiň meselelerine bagyşlanypdyr.

Taryha akyl ýetirmegiň marksistik nazaryýetinden tapawutlylykda, ady agzalan we ýokarda görkezilen beýleki köp tomluklarda, feodalçylyk zamanynda ýapon jemgyýetiniň gatlaklary biri-birinden önümçilik serişdelerine bolan gatnaşyklary esasynda däl-de, ýaşaýyş şertleri we mümkinçilikleri boýunça tapawutlandyrylýar. Mysal üçin, baý daýhanyň köp emlägi bar, ýöne ol feodal hasap edilmändir, sebäbi samuraý bolmandygy üçin, döwür oňa ýarag götermäge mümkinçilik bermändir. Munuň tersine, ýönekeý samuraýlaryň ygtyýarynda nähilidir bir baýlygy ýa-da emlägi bolmandyr, emma ol baý daýhanlardan tapawutlylykda ýarag göterýär. Şol sebäpden hem ol ýokary gatlagyň wekili hasap edilip, baý daýhandan has ýokarky durmuş basgançagynda durupdyr.

Ady agzalan köp tomluklar öň neşir edilen baý çeşme binýadyna daýanýar we ýapon taryhçylarynyň dürli ýyllarda neşir edilen köpsanly ylmy-barlag işlerini umumylaşdyrýar. Olarda dürli resminamalardan, resmi taryhlardan, gündeliklerden, çeper edebiýatdan alnan ummasyz köp maglumatlar tertibe salnypdyr, şeýle hem arheologik gazuw-agtaryş netijesinde alnan we saklanyp galan medeni ýadygärlikler bilen baglanyşykly maglumatlar ulanylypdyr. Şunuň bilen bir hatarda, tomluklary taýýarlamaga gatnaşan taryhçy alymlaryň ýokary hünär taýýarlygyny we işleriň kämil usulyýet esaslarynyň bolandygyny hem bellemek gerek. Hut şu hil görkezijileri ýapon köp tomluklarynyň ylmy hem-de amaly ähmiýetini artdyrýar.

Gürrüňi edilýän döwürde Ýaponiýanyň adaty medeniýetini, ilatyň durmuşyny we däp-dessurlaryny öwrenmekde-de köp işler edildi. Olar, esasan, medeniýetiň taryhy barada umumy işleri, şeýle hem edebiýat, suratkeşlik, heýkeltaraşlyk, saz sungaty baradaky ýörite taýýarlanylan işleri öz içine alýar.

Heýkeltaraşlyk sungatyna degişli işleriň arasynda Kuno Takesiniň «Gadymy heýkeltaraşlyk» (1967), «Tohoku etrabynyň gadymy heýkeltaraşlygynyň taryhy» atly işleri ylmy taýdan has ähmiýetlidir. Beýleki bir sungaty öwreniji Akiýama Terukadzunyň «Heýýan döwrüniň dünýewi suratkeşligi barada barlaglar» (1964) atly eseri ösen orta asyrlar zamanynyň suratkeşlik sungatyny öwrenmäge bagyşlanypdyr.

Ýamanaka Ýukatanyň işleri Heýýan döwrüniň syýasy işgärleriniň, köşk begzadalarynyň we ýazyjylarynyň ömürbeýanlaryna, olaryň ýaşaýyş-durmuşyna, däp-dessurlaryna bagyşlanypdyr. Şu meseleleri öwrenmek üçin ol «Eýga monogotari» (Gülläp ösüş barada hekaýat), «Gendzi monogotari» (Şazada Gendzi hakynda hekaýat) ýaly orta asyr taryhy-edebi eserlerini taryhnama nukdaýnazaryndan düýpli öwrenipdir.

Ýaponiýanyň taryhyny öwrenmekde ýapon alymlaryna etnologiýa pudagy hem köp maglumatlary berdi. Şolaryň esasynda nikanyň görnüşleri, ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşy, ýaponlaryň adaty geýim-gejimleri, halk lukmançylygy, beýleki meseleler çuňňur öwrenildi. Umuman alnanda, ýapon taryhçy alymlary öz milletiniň taryhyny öwrenmek işine ägirt uly goşant goşdular.

Ýaponiýanyň milli taryhnamasynda döwürleşdiriş meselesi

Mälim bolşy ýaly, resmi döwlet taryhnamasy Ýaponiýanyň taryh ylmynda XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başynda-da öz ornuny berk saklap gelýärdi. Resmi taryhnamanyň wekilleri entekler hem taryhy konfusiançylyk däpleriniň gözi bilen garamaklaryny dowam etdirýärdiler. Resmi taryhnamanyň merkezi Tokiodaky imperatorçylyk uniwersitetinde ýerleşmek bilen, bu ugruň wekilleri ýapon taryhyny bar bolan çeşmeleri ýeterlik derejede derňemezden we öwrenmezden ýüzleý beýan edýärdiler.

Emma täze dörän senagat buržuaziýasy, liberal ýapon intelligensiýasy ýurtda heniz hem dowam edýän orta asyr düzgünleriniň galyndylarynyň garşysyna çykýardylar, raýat azatlyklarynyň giňeldilmegi ugrunda çykyş edýärdiler. Ýurduň ýokary gatlaklarynyň we öňdebaryjy intelligensiýasynyň bähbitlerini liberal meýilli taryhçylaryň bir topary gorap çykyş edýärdi. Olar taryhy ylym derejesine çykarmaga çalyşmak bilen, öz ylmy-barlag işleriniň çägini hem-de gerimini kem-kemden giňeldýärdiler, Ýaponiýanyň geçmişini ylmy esasda düşündirmäge çalyşýardylar.

Utida Gindzo şeýle taryhçylaryň kerwenbaşysydy. Utida buržuaz gatlakdan çykypdyr. Ol 1896-njy ýylda Tokio uniwersitetini, soňra bolsa aspiranturany tamamlaýar. 1903–1906-njy ýyllarda ol Günbatar Ýewropanyň birnäçe döwletlerinde hünärini kämilleşdiripdir, ýewropa dilleriniň köpüsini, ýewropa taryhy edebiýatyny suwara öwrenipdir. Utida 1907-nji ýyldan tä ömrüniň ahyryna çenli Tokio uniwersitetiniň taryh kafedrasynyň professory bolup işleýär.

Utidanyň ylmy-barlaglary resmi ýapon taryhnamasynyň işlerinden meseleleriň goýluşynyň geriminiň giňligi we çuňlugy, bütindünýä taryhy prosesinde Ýaponiýanyň taryhynyň ornuny ylmy esasda görkezmäge çalşylýandygy, taryh babatynda dowam edip gelýän çäkli syýasy düşünjeleri ýeňip geçmäge ymtylýandygy bilen tapawutlanýar. Elbetde, onuň işlerinde-de resmi taryhnama üçin häsiýetli bolan ýapon imperator neberesine ýurduň taryhynyň aýratynlygyny kesgitleýän nyşan hökmünde garamak we hamana Ýaponiýanyň Hudaý tarapyn döredilendigi baradaky rowaýatlara uýmak ýaly ynançlaryň saklanyp galýandygyny hem görmek bolýar. Bu ynançlaryň Utida Ýaponiýanyň gadymy taryhyny ylmy esasda öwrenmäge päsgel berendiklerini soňraky döwürleriň alymlary belläpdirler.

Utidanyň monografiýalary, makalalary, umumy okuwlarynyň ýazgylary, esasan, ýapon taryhynyň döwürleşdirilişine, onuň aýratynlyklaryna, ýurduň taryhynyň, medeniýetiniň, Täze taryhyň we ýapon ykdysadyýetiniň meselelerine bagyşlanypdyr.

XX asyryň başlaryna çenli ýapon taryhyny patyşalaryň dolandyran ýyllarynyň şygarlary (mysal üçin, «taýka», «anseý», «meýdzi» we başg.), paýtagtyň ýerleşen ýeri (Nara, Kioto, Kamakura, Muromati, Edo), syýasy häkimiýetiň häsiýeti (imperator, sýogun), medeniýetiň ýokary göterilen döwürleri (Nara, Heýýan) boýunça

döwürlere bölýärdiler. Ýaponiýanyň taryhyny döwürleşdirmegiň şu usuly Ikinji Jahan urşunyň ahyrlaryna çenli dowam etdi. Mysal üçin, özüniň konserwatiw garaýyşlary bilen tapawutlanan Kuraita Kasumi 1908-nji ýylda Ýaponiýanyň XIX asyryň 60-njy ýyllaryna çenli taryhyny paýtagtlarynyň ýerleşen ýerleri boýunça üç sany samuraýçylyk döwürlerine böldi: Kamakura (1192–1333), Muromati (1338–1373) we Edo (1603–1868).

Döwürleşdirişe taryhy öwrenmegi ýeňilleşdirýän şertleriň biri hökmünde garamak bilen, Utida Kuraitanyň konsepsiýasyny inkär etmändir. Bu barada ol özüniň «Ýaponiýanyň taryhy» kitabynda belläpdir. Ýöne şol bir wagtda-da ol Ýaponiýanyň taryhy babatynda Morgan tarapyndan işlenilip düzülen döwürleşdirmäni – ýabanylyk, wagşylyk we siwilizasiýa döwürlerini hem ulanypdyr.

Ýaponiýanyň bütin taryhyny, şol sanda ykdysady taryhyny hem Utida bäş sany döwre bölüpdir.

1. Irki gadymyýet – Taýkanyň özgertmelerine çenli (iň gadymy döwürlerden VII asyryň ortalaryna çenli).
2. Orta gadymyýet – Taýkanyň özgertmelerinden Heýýan döwrüne çenli (XII asyr).
3. Orta asyrlar ýa-da Giçki gadymyýet – Kamakura sýogunlygynyň esaslandyrylan wagtyndan tä Oda Nobunaganyň we Toýotomi Hideýosiniň döwrüne çenli (XII asyryň ahyrlaryndan XVI asyryň ahyryna çenli).
4. Täze taryh – Edo döwri (XVII–XIX asyryň ortalary).
5. Iň täze döwür – Meýdziniň öwrülişiklerinden (1867–1868) başlanýan täze döwür.

Haýsy hem bolsa bir döwrüň anyk sene bilen çäklendirilmegine Utida garşy bolupdyr we taryhda başlanýan her bir öwrülişige ol uzaga çekýän waka hökmünde garapdyr. Ol: «Döwürleşdirme wakalary derňemäge ýardam edýän usuldyr we taryhy döwürleriň islendiginiň çarçuwasy şertlidir» diýip belläpdir. Şu meselä ünsi çekmek bilen, Utida: «Eger-de Täze taryhyň başlanýan anyk senesini görkezmek zerurlygy ýüze çykaýsa, onda Tokugawalaryň häkimiýet ugrunda alyp baran uruşlarynyň iň netijelisi bolan Sekigahara söweşinem ýa-da täze sýogunlygyň esaslandyrylan 1603-nji ýylynam däl-de, Tokugawanyň aradan çykan 1616-njy ýylyny saýlap almaly bolardy. Sebäbi bu döwre çenli ýurt birikdirilipdi we Ýaponiýany daşarky dünýä üçin «ýapmaklyga» ugur alnypdy» diýip ýazypdyr. Şu pikirden ugur almak bilen, ol XVI asyryň ikinji ýarymyndan – XVII asyryň başlaryna çenli aralygy Täze taryha geçiş döwri diýip atlandyrypdyr. Utida ýapon taryhnamasynda ilkinji bolup Täze taryhy özbaşdak döwre bölüpdir we ony öwrenmäge girişipdir.

Feodalçylyk eýýamyna Utida Günbatar üçin hem, Gündogar üçin hem umumy bolan dünýä taryhynyň hadysasy hökmünde baha beripdir we onuň ilki bilen Uzak Gündogaryň ýurtlarynda dörändigini aýdypdyr. Şol sebäpden hem Utida: «Gündogaryň taryhyny öwrenmän, «Feodalizm diňe Ýewropa üçin häsiýetlidir» diýýän

alymlar ýalňyşýarlar» diýip belläpdir. Ol feodalizme agalyk we ýapjalyk gatnaşyklaryny, feodallaryň daýhanlara bolan eýeçiligini we syýasy dagynyklygy özünde jemleýän sosial-syýasy gurluş hökmünde baha beripdir.

Feodalçylyk gurluşyny «özbaşdaklygyň dargamagy (desentralizasiýa)» diýip düşündirýän ýewropaly taryhçylardan tapawutlylykda, ol desentralizasiýany feodalçylyk gurluşynyň esasy alamaty hasap etmändir. Onuň pikiriçe, desentralizasiýa feodal gatnaşyklaryň ösüşiniň netijesi bolupdyr. Onuň kemala gelşi aýry-aýry ýurtlarda, taryhy ösüşiň aýry-aýry tapgyrlarynda merkezi häkimiýetiň, baş feodal bolan monarhyň (korol) güýjüne bagly bolupdyr.

Feodalçylyk döwrüni Utida samuraýlaryň agalygy (1192–1868) bilen baglanyşdyrypdyr, ýöne şunuň bilen bir hatarda, onuň has irräk dörän bolmagynyň ähtimaldygyny hem aýdypdyr. Tokugawalaryň dolandyran eýýamyny (1603–1868) Täze taryh hökmünde kesgitlemek bilen, ol bu asyrlary kämil feodalçylyk döwri diýip hasap edipdir. 1867–1868-nji ýyllaryň wakalary barada aýdylanda bolsa, Utida üçin bu waka sýogunçylygyň ýatyrylyp, imperatorçylyk düzgüniniň ýöne bir gaýtadan dikeldilmesi bolman, eýsem, feodalçylyk düzgüniniň doly ýok edilmegi we Ýaponiýanyň mundan soňky ösüşi üçin möhüm badalga bolup hyzmat edipdir.

VII BAP. MONGOLIÝANYŇ TARYHY BOÝUNÇA ÇEŞMELER

Mongollaryň irki döwrüne degişli ýazuw ýadygärlikleri

Ösen orta asyrlar döwründe dünýä taryhynda uly yz galdyran mongol halkynyň taryhy boýunça köp mukdardaky taryhy eserler saklanyp galypdyr. Aýratyn hem, mongollaryň taryhynyň irki döwrüne degişli çeşmeler ylmy taýdan gymmatlydyr. 1240-njy ýylda düzülen «Çagan teuke» (Ak taryh) atly mongol ýyl ýazgysy biziň günlerimize gelip ýetipdir. Ýöne köpsanly çeşmelerde berilýän maglumatlara görä, dürli hronikalara we ýyl ýazgylaryna esaslanýan taryhy eserler mongollarda XIII asyrdan öň hem bolupdyr. Mysal üçin, Çingiz hanyň özi, kowumy we onuň nesil şejeresi barada gürrüň berýän we hanyň hut özüniň hazynasynda saklanylan «Altan depter» (Altyn kitap, ýagny altyn ýaly gymmatly hekaýat) atly eser bolupdyr. Bu ktaby okamaga we onuň mazmuny bilen tanyşmaga diňe Çingiz hanyň ýakyn garyndaşlaryna ygtyýar edilipdir.

Bu kitabyň nusgasy Eýranda höküm süren hulagularyň köşk hazynasynda saklanylypdyr we soňra «Ýyl ýazgylaryň ýygyndysy» eserini ýazanda (1300–1310) Reşideddin tarapyndan peýdalanylypdyr.



«Paýzalar» (paýsza) – «Tarhanlyk hatlary» (XIII asyr)

«Altyn depder» XIII asyrda mongol dilinden hytaý-ça terjime edilip, «Ýuan-çao bi-şi» (Mongollaryň gizlin taryhy) ady bilen Hytaýda neşir edilipdir. XIX asyryň ikinji ýarymynda bu eser köpsanly daşary ýurtly mongolşynaslaryň esasy ylmy-derňew işlerine öwrülipdir. Ýanyna asyl nusgasy goşulan bu eseriň terjimesi birnäçe dillere terjime edilipdir. Bu ýyl ýazgysynyň hytaý dilindäki nusgasynyň («Ýuan-çao bi-şi») üstüni açmak we ony ilkinji gezek «Çingiz han hakynda mongollaryň gadymy hekaýaty» ady bilen rus diline terjime etmek abraýy, şeýle hem ondaky bar bolan maglumatlary ylmy dolanyşyga girizmek rus sinology P. I. Kafarowyň paýyna düşdi.

«Mongollaryň gizlin taryhynyň» kim tarapyndan ýazylandygy belli däl. Eseriň awtorynyň Çingiz hanyň kowumyna golaý we şol döwri gowy bilýän adamyň dilinden ýazylyp alnan bolmagy ähtimaldyr. Eserde berilýän maglumatlar, onuň awtorynyň hanyň kowumyna, şol döwrüň wakalaryna juda belet bolandygyny subut edýär. Sebäbi ol esere dürli hekaýatlary, şeýle hem irki döwürlere degişli köpsanly wakalar baradaky gürrüňleri hem girizipdir. Çeşmeşynas alymlaryň birnäçesi «Mongollaryň gizlin taryhyny» ýazmaga birnäçe adamyň gatnaşan bolmagynyň mümkindigi baradaky çaklamany hem öňe sürýärler.

«Mongollaryň gizlin taryhynda» Çingiz hanyň ata-babalarynyň öz gözbaşyny mifiki Gowa Maral (ýagny gowy, owadan Ene sugun) bilen Sary itden alyp gaýdýandygy tekrarlanylýar. Saklanyp galan rowaýata görä, Gowa Maral bilen Sary itden Bodançar atly ogul dünýä inýär. Reşideddiniň we Abul Gazy hanyň berýän maglumatlaryna görä, Sary itden emele gelen Bodonçar Çingiz hanyň dokuzynjy arkasydyr:

1. Bodonçar;
2. Buka;
3. Dutum Menum han;
4. Kaýdu;
5. Baýsungur;
6. Tümen;
7. Habul han;
8. Bartan Batyr;
9. Ýesugeý Batyr;
10. Çingiz han.

«Mongollaryň gizlin taryhyndan» alnan şu maglumatlary ilki Reşideddin, soňra bolsa Abul Gazy han Adam atadan gaýdýan pygamberleriň we patyşalaryň nesil şejeresi bilen birleşdiripdirler. Mälim bolşy ýaly, şol şejerä Oguz hanyň nesilleriniň şejeresi hem goşulandyr. Bu şejere Abul Gazynyň eserinde şeýle tertipde beýan edilýär:

1. Adam ata (1000 ýyl höküm sürýär), 2. Sif (920 ýyl), 3. Enos (912 ýyl), 4. Kaýnan (840 ýyl), 5. Meleleýil (920 ýyl), 6. Iýaret (960 ýyl), 7. Enoh (82 ýyl), 8.Mafusal (?), 9.Lameh (?), 10. Nuh (950 ýyl), 11. Ýafes (250 ýyl), 12. Türk (?), 13. Tutuk (240 ýyl), 14. Ilçe han (?), 15. Düýpbakuý han (?), 16. Gök han (?), 17. Alynja han (?), 18. Mongol (?), 19. Gara han (?), 20. Oguz han (116 ýyl), 21. Gün han (70 ýyl) we başgalar. Bularyň yzyna bolsa Reşideddin bilen Abul Gazy han Çingiz hanyň şejeresini goşupdyrlar.

Aslyýetinde, mongollaryň taryhyna degişli rowaýatlar, hekaýatlar, dürli mazmundaky gürrüňler juda köp bolupdyr. Abul Gazy han özüniň «Türkileriň şejeresi» atly eserinde bu barada şeýle ýazýar: «Reşideddiniň eseri indi meniň öňümde ýatyr. Ondan başga-da meniň golumyň astynda Çingiz han barada gürrüň berýän ýene-de on ýedi sany taryhy eser bar».

«Çingiz hanyň daşy» (Onuň ýüzünde «Çingiz» sözi saklanyp galypdyr)

Mongol imperiýasy döwründen taryhy-hukuk häsiýetdäki «Ak taryh» eseri hem saklanyp galypdyr. Bu eser biziň günlerimize XVI asyryň nusgasynda gelip ýetipdir. Möçberiniň uly däldigine garamazdan, ol Mongoliýanyň XIV asyr taryhy baradaky maglumatlaryň uly toplumyny özünde jemleýär.

Mongoliýanyň taryhy baradaky gymmatly maglumatlar XVII asyryň ýyl ýazgysy bolan «Altyn topçy» (mongolça *«Altan towçi»* – «altyn düwme», «altyn ýygyndy») eserinde-de jemlenendir. Kitap mongol taryhynyň hem-de edebiýatynyň ajaýyp eseridir, mongol taryhnamasynyň täsin nusgasydyr. Onda biziň günlerimize gelip ýetmedik has irki döwürleriň wakalary janlandyrylýar. «Altyn topçynyň» iki nusgasy bardyr: «Kiçi Altyn topçy» we «Uly Altyn topçy». «Kiçi Altyn topçy» XVII asyryň başlarynda ýazylyp, onuň awtorynyň kimligi belli däl. «Uly Altyn topçy» 1620-nji ýylda ordosly lama Lubsan Danzan tarapyndan ýazylypdyr.

«Altyn topçuda» Çingiz han, Ugedeý, Hubilaý hakyndaky gürrüňleriň esasynda Mongoliýada we onuň daşynda bolup geçen möhüm wakalar beýan edilýär. Kitapdaky wakalar köp babatda «Mongollaryň gizlin taryhynda» beýan edilýän wakalar bilen gabat gelýär. Eser hytaý, rus we ýapon dillerine terjime edildi.

«Altyn topçy»

Mongoliýanyň taryhyny öwrenmekde Ordosyň hökümdary Sagan Seçen Huntaýjynyň (1604-nji ýylda doglan) «Erdeniýin topçy» (Gymmatly düwme) eseriniň ähmiýeti uludyr. Bu eser 1662-

-nji ýylda ýazylyp gutarylýar. Eser Mongoliýanyň orta asyrlar döwrüniň taryhyny öwrenmekde birinji derejeli çeşme hasap edilýär.

Mongoliýanyň taryhyny öwrenmekde kanunçylyk namalarynyň ähmiýeti uludyr. Çeşmeşynaslyk ylmynda «Ih Saaz» (ýa-da «Sajin biçig», «Beýik kanun») ady bilen tanalýan kanunnama 1640-njy ýylda oýrat hany Batyr Huntaýjynyň ýolbaşçylygynda geçen mongol hanlarynyň gurultaýynda kabul edilýär. Kanunnama çarwa jemagatyny dolandyrmakda uly ähmiýete eýe bolupdyr. Ýöne bu kanunnama diňe Jungar we Galmyk hanlyklarynda ulanylypdyr, emma gündogar mongol hanlyklaryna onuň täsiri ýaýramandyr.

Mongol jemgyýetiniň dolandyrylyşy we hukuk gatnaşyklary bilen baglanyşykly ýene-de bir çeşme saklanyp galypdyr, ol «Halha jirum» (Halhanyň kanunlarynyň ýygyndysy) kanunnamasydyr. 24 sany kanundan ybarat bolan bu kanunnama mongol hanlarynyň 1709-njy we 1770-nji ýyllarda geçirilen gurultaýlarynda kabul edilip, onuň güýji 1911-nji ýyla çenli – tä mançžur agalygy synýança dowam edýär.

Ýuan imperiýasynyň we Hulagular döwletiniň taryhy barada mongol hanlary tarapyndan dürli derejedäki adamlara berlen «paýza» (paýtsza, ýagny tarhanlyk hatlary) hem özboluşly maglumatlary berýär. Mysal üçin, Sankt-Peterburgyň (Russiýa) Ermitaž muzeýinde saklanýan XIII asyryň mongol paýzasynyň ýüzünde «Baky Taňrynyň emri bilen, kimde-kim hanyň permanyna boýun synmasa, jezalandyrylar» diýlip ýazylypdyr. Tegelek paýzalar, esasan, çaparlara berlipdir we ol çaparlaryň eldegrilmesizliginiň hem-de howpsuzlygynyň kepili bolup hyzmat edipdir.

Mongoliýanyň XIII asyr taryhyny öwrenmekde mongol hanlarynyň ýewropaly hökümdarlar we Rim papasy bilen alşan hatlarynyň hem uly ähmiýeti bardyr. Ol hatlar uýgur haty bilen mongol dilinde ýazylypdyr. Häzirki döwürde Gök hanyň, Argun hanyň, Oljaýtu hanyň Rim papasyna, Fransiýanyň korollaryna ýazan hatlary saklanyp galypdyr.

Mongoliýanyň taryhy boýunça hytaý çeşmeleri

Mongollaryň gadymy ata-babalary hakyndaky maglumatlar ir döwre degişli hytaý «nesilşalyk taryhlarynda» («Taryhy ýazgylar», «Irki Han nesilşalygynyň taryhy», «Giçki Han nesilşalygynyň taryhy», «Tan nesilşalygynyň köne taryhy», «Tan nesilşalygynyň täze taryhy», «Suý nesilşalygynyň taryhy», «Weý patyşalygynyň taryhy», «Üç döwletiň ýazgylary», «Lýao nesilşalygynyň taryhy», «Sun nesilşalygynyň taryhy», «Kidan döwletiniň taryhynyň beýany» we başgalar) köp duş gelýär.

Hytaýda «nesilşalyk taryhlarynyň» döredilýän döwründe köşk taryhçylary ýurduň demirgazygynda ýaşaýan çarwa halklary we taýpalary hakynda köp maglumatlary getiripdirler. Şol maglumatlar ýörite bölümlerde we bölümçelerde ýerleşdirilipdir. Olarda Hytaýyň çarwa halklary bilen alyp baran syýasy, medeni we söwda gatnaşyklary beýan edilipdir. Aýratyn hem, hunlar, sýanbiler, žužanlar, göktürkmenler, kidanlar, gadymy mongollar barada berilýän maglumatlar ähmiýetlidir.

«Ak taryh» (Çagan Töwke) eseriniň käbir sahypalary (XVI asyryň nusgasy)

Mongoliýanyň we mongollaryň taryhyna gönüden-göni dahylly hytaý dilli çeşmeleriň arasynda «Keramatly batyryň şahsy ýörişleriniň ýazgysy» we «Ýuan nesilşalygynyň taryhy» (Ýuan-şi) eserleriniň ähmiýeti uludyr. Başky ady agzalan eser rus we fransuz dillerine terjime edildi. Mongolşynas alymlaryň tassyklamaklaryna görä, bu iş XIII asyrda ýazylyp, hytaý dilinde saklanyp galan mongol hronikasydyr.

Mongoliýanyň taryhynyň XIII–XIV asyrlar döwrüne degişli hytaý dilinde ýazylan «Ýuan nesilşalygynyň taryhy» eseri iki nusgada, ýagny «köne» we «täze» nusgalarda ýazylan eserdir. Eser möçberi boýunça uly hem-de gutarnykly işdir. Bu eser Min nesilşalygynyň (1368–1644) başky döwürlerinde Sun Lýanyň we Wan Weýiň baştutanlygynda 30-dan hem gowrak taryhçynyň gatnaşmagynda ýazylypdyr. Emma «Ýuan nesilşalygynyň taryhynda» mongollaryň Hytaýdaky hökümdarlygy döwründe alyp baran işleri beýan edilmeýär. Hytaýly taryhçylar mongol nesilşalygynyň taryhyny ýazanlarynda Harhasun, Baly, Sagan, Togon, Ariun, Şazgaý, Amintamir, Daşhaýan, Togtumur ýaly köpsanly mongol taryhçylarynyň galdyran ýazgylaryny hem peýdalanmandyrlar.

Mongollaryň taryhyny öwrenmekde hytaýly syýahatçylaryň ýazgylary hem uly ähmiýete eýedir. Günorta Sun döwletiniň ilçisi Çžao Hunuň 1221-nji ýylda Demirgazyk Hytaýdaky mongol goşunlarynyň baş serkerdesi Muhaliniň ýanynda bolanda eden ýazgylarynyň esasynda döredilen «Men-da beý-lu» (Mongol-tatarlaryň doly ýazgysy) eserinde gymmatly maglumatlar berilýär.

«Haý-da şi-lýue» (Gara tatarlar hakynda gysgaça maglumatlar) hem mongollaryň taryhy boýunça gymmatly çeşmedir. Onda Günorta Sun döwletiniň ilçileri Pen Daýyň we Sýuý Tiniň Ugedeý hanyň ordasynda bolmaklary bilen baglanyşykly wakalar beýan edilýär.

Mongollaryň ýörişleri barada keseki ýurtly taryhçylaryň eserleri

Çingiz hanyň we onuň nesilleriniň ýörişleri XIII asyryň kese ýerli awtorlarynyň hem ünsüni özüne çekipdir. Bu işleriň aglabasynda mongollaryň gazaply ýörişleri tankydy göz bilen beýan edilipdir. Bu wakalar Muhammet ibn Ahmet an-Nesewiniň (Nisawi) 1234-nji ýylda pars dilinde ýazylan «Nafsat al-masdur» (Şemalyň şuwwuldysy), 1241-nji ýylda arap dilinde ýazylan «Sirat as-sultan Jelal-ud-din Mankuberti» (Jelaleddin Meňburnuň ömür beýany), Fazlallah Reşideddiniň (1240/47–1318) «Jami at-Tawarih» (Ýyl ýazgylarynyň ýygyndysy) eserlerinde has giňişleýin beýan edilýär. Reşideddin musulman däl halklaryň taryhy ýazylanda, şol halklaryň taryhyna degişli çeşmelere we olaryň taryhnama tejribesine, däp-dessurlaryna daýanmaly diýip hasap edipdir. Munuň özi şol döwürde taryhy ýazmakda özboluşly öňegidişlikdi. Sebäbi öňler arap-pars awtorlary taryhy ýazmagyň şeýle usulyny inkär edýärdiler.

Mongol hökümdary Gök hanyň Rim papasy Innokentiý IV-ä ýazan haty (XIII asyr)

Taryhçy hökmünde Reşideddin mongol taýpalary, Çingiz han we onuň nesilleri baradaky hronikalara, ýyl ýazgylaryna, esasan hem, «Altyn depdere» daýanypdyr. Mongollaryň özlerine degişli çeşmelerden köp gymmatly maglumatlary susup alypdyr. Ol ilhanlaryň köşgünde işlän mongol taryhçysy Bold Çinsanyň we beýlekileriň beren hekaýatlaryna hem-de maglumatlaryna-da daýanypdyr. Bu bolsa Reşideddine belli rus alymy, akademik B. Ý. Wladimirsowyň adalatly belleýşi ýaly, «mongol taýpalarynyň çarwa durmuşynyň ajaýyp suratyny jikme-jik görkezmäge» mümkinçilik beripdir. Eserde Reşideddin mongollar bara-

Reşideddiniň heýkeli. Hemedan şäheri

bu awtorlaryň işleriniň mazmunyna XX asyryň 20-nji ýyllarynyň wakalary uly täsir edipdir. Üstesine-de, şol ýyllar mongol rewolýusiýasynyň serdarlary bolan H. Çoýbalsanyň, D. Losolyň we D. Demidiň işleri neşir edilýär. Olar mongol taryhyny, aýratyn hem, 1921-nji we 1924-nji ýyllarda Mongoliýada bolup geçen taryhy wakalary marksistik nukdaýnazardan beýan etmäge çalşypdyrlar. Netijede, hut şu ýyllar Mongoliýanyň milli taryhnamasynda marksistik nazaryýet agalyk ediji orny eýeläp başlaýar.

Mongoliýanyň milli taryhnama ylmynyň kemala gelmegine sowet taryhnama mekdebi ägirt uly täsir etdi. Sowet taryhnamasynyň täsiri bilen Mongoliýada ýurduň taryhynyň möhüm meseleleri bilen baglanyşykly köpsanly ylmy işler neşir edildi. Şunuň bilen bir hatarda, sowet taryhnamasy mongol taryh ylmyna uly zyýan hem ýetirdi. Sebäbi sowet taryhnamasy üçin häsiýetli bolan nogsanlyklar mongol taryhnamasyna hem geçdi. XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ahyrynda kemala gelip ugran mongol milli taryhnamasy asyryň 40-njy ýyllaryna çenli sowet taryhnama ylmynyň «howandarlygyna» sezewar boldy we bu ýagdaý 90-njy ýyllara çenli dowam etdi. Sebäbi bu döwürde Mongoliýanyň taryhyny sowet taryhçylary hem ýazdylar. Şonuň üçin, eger-de mongol taryhnamasy bilen baglanyşykly «gyşarmalar» ýüze çykan ýagdaýynda, olar «mongol doganlarynyň ýalňyşlyklaryny» düzedýärdiler we olaryň işleriniň mazmunyny marksistik-leninçilik ugra gönükdirýärdiler.

XX asyryň 20–30-njy ýyllarynyň taryhy edebiýaty Mongoliýada azat edijilik hereketiniň taryhyny we rewolýusion wakalary beýan etmek bilen baglanyşykly boldy. Şol ýyllar mongol halkynyň mançžurlaryň golastyndaky agyr durmuşyna, keseki ýerlileriň agalygyna garşy göreşe baştutanlyk eden halk gahrymanlary Magsaržawyň, Damdinsureniň, Tohtohyň we başgalaryň bitiren işlerine bagyşlanan eserler çap edildi. Şunuň bilen bir hatarda, käbir awtorlaryň işlerinde, mysal üçin, G. Nawannamžiliň kitabynda taryhy şahslaryň ornuny hetdenaşa mahabatlandyryp görkezmek ýaly kemçiliklere hem ýol berildi.

Ikinji Jahan urşundan soň mongol taryhnamasynyň gerimi ýyl-ýyldan giňäp ugrady. Muňa köp derejede öňki SSSR-iň gumanitar ugurly ýokary okuw mekdeplerini tamamlap gelen ýerli hünärmenleriň sanynyň artmagy uly itergi berdi. Öňler esasy ýörgünli temalar rewolýusion wakalar, azat edijilik hereketi, Mongoliýada «sosializm gurluşygy» bilen baglanyşykly bolan bolsa, indi mongollaryň etnografiýasyny, hojalygyny, medeni we ruhy mirasyny öwrenmeklik hem giň gerime eýe boldy.

Belli taryhçy Ş. Nasagdorž arhiw resminamalarynyň we golýazmalarynyň esasynda Halha Mongoliýanyň[1] XVIII–XX asyryň başlaryna çenli döwürdäki adaty hojalygyny öwrendi. Ol Mongoliýanyň mançžur agalygy döwründäki (1634–1911) taryhy beýan edýän saldamly işi neşir etdirdi. Beýleki bir taryhçy S. Nasanbalžiriň işleri hem hut şu meselelere bagyşlandy.

[1] Häzirki Mongoliýa Respublikasynyň ýerleri.

Amursana

Mongoliýanyň halk gahrymanlary Amursananyň we Çungunçžawanyň baştutanlygyndaky mançžurlara garşy azat edijilik hereketiniň taryhy N. Işžamsyň işlerinde öz beýanyny tapdy.

Mongol taryhçylary täze taryh döwrüniň dürli meselelerini, hususan-da, hytaý söwda-süýthorçylyk maýa goýumlarynyň Mongoliýa aralaşmagy, lamaçylyk dini we din adamlary, dini edaralaryň hojalygy we tabyn aratçylyk bilen baglanyşykly, şeýle hem ýurduň dolandyryş-çäk gurluşy, durmuş-ykdysady gatnaşyklar, medeniýetiň ösüşi we beýleki meseleleri içgin öwrenmekde ep-esli işleri bitirdiler.

Bogdo-Gegeniň guran döwletiniň taryhy S. Punsagnawyň we Ş. Sandagyň işlerinde öz beýanyny tapdy.

Mongoliýanyň milli taryhnamasynyň uly üstünlikleriniň biri-de XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyrlarynda awtorlar köpçüligi tarapyndan üç tomluk «Mongoliýa Halk Respublikasynyň taryhy» atly saldamly işiň neşir edilmegi boldy. Bu işi ýazmaga Mongoliýanyň belli taryhçylary, arheologlary, etnograflary gatnaşdylar we olar Mongoliýanyň iň gadymy eýýamlardan başlap, tä XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ortalaryna çenli taryhynyň derwaýys meselelerini açyp görkezdiler. Ýöne şu ýerde bu işiň sowet taryhnamasynyň gönüden-göni «gözegçiligi» astynda döredilendigini hem bellemek gerek. Sebäbi bu kitap Moskwada «barlagdan» geçip, köp ýerleri düzedilenden soň neşir edilipdi.

Akademik Şagdaryn Bira

B.Ý. Wladimirsow

Ygtybarly çeşmeleriň we taryhnama binýadynyň bolmagy, ylmy hünärmenleriň sanynyň üzül-kesil artmagy, dünýä mongolşynaslygynyň umumy gazananlary, russiýaly alymlar bilen ysnyşykly gatnaşyklar, uruşdan soňky onýyllyklarda milli taryhnamanyň dürli meseleleri boýunça özbaşdak we köpçülik bolup ýazylýan işleriň sanyny artdyrmaga mümkinçilik berdi. N. Serodžaw, D. Dorž, D. Nawan, D. Sewendorž tarapyndan Mongoliýanyň gadymy taryhy, hususan-da, paleolitiň, neolitiň, bürünç asyrynyň, şeýle hem Türk kaganatynyň (Göktürkmenleriň döwleti) taryhy boýunça gymmatly monografiýalar neşir edildi. S. Handsureniň žužanlaryň taryhyna bagyşlanan işinde baý etnografik maglumatlar ulanylypdyr, onuň sýanbiler we hunlar hakyndaky işlerinde bolsa ýazuw çeşmelerinden ýerlikli peýdalanylypdyr.

N. Işžams bilen Ç. Dalaý Çingiz hanyň döwletiniň döreýiş taryhyna we Ýuan imperiýasynyň döwrüne bagyşlap çuň mazmunly monografiýalary ýazdylar. Mongoliýanyň orta asyrlar döwrüniň taryhyny öwrenmekde D. Gongoryň «Halhanyň gysgaça taryhy» atly iki tomluk işiniň, Ş. Nasagdoržyň «Aratlar» we «Mongol feodalizminiň esasy ýoly» atly işleriniň uly ähmiýeti boldy.

Mongoliýanyň täze taryh döwrüne bagyşlanan işleriň arasynda Ş. Sandagyň «1850–1919-njy ýyllarda Mongoliýanyň daşary-syýasy gatnaşyklary» atly kitaby aýratyn orun eýeleýär. Mongoliýada lamaçylyk buthanasynyň taryhy S. Purewžawyň işinde açylyp görkezildi.

XX asyryň ikinji ýarymynda mongol taryhnamasynda milli medeniýetiň meselelerini öwrenmäge-de uly üns berildi. Bu ugurdan Ç. Şugderiň, D. Daşžamsyň we Damdinsureniň işleri bellärliklidir. Belli taryhçy Ş. Biranyň «Mongoliýanyň taryhnamasy» atly saldamly işi mongol taryhçylarynyň köp asyrlyk işleriniň jemini jemledi.

Häzirki döwürde mongol taryhnamasynda hem uly öwrülişikler bolup geçýär. Mongol halkynyň taryhy, indi keseden gatyşmazdan, ýerli taryhçylar tarapyndan özbaşdak ýerine ýetirilýär.

Mongoliýanyň rus we sowet taryhnamasy

Russiýada Mongoliýany öwrenmeklik XVII asyrda Sibiriň ruslar tarapyndan eýelenilýän, Jungariýa we Halha hanlyklary bilen gatnaşyklar açylýan döwürlerde başlandy. Russiýanyň daşary işler ministrliginiň işgäri W. M. Bakunin tarapyndan 1724-nji ýylda ýazylan «Galmyk halklarynyň, aýratyn hem, Torgaut halkynyň, olaryň hanlarynyň we mülkdarlarynyň amal eden işleriniň beýany» diýen işiniň golýazmasy saklanyp galypdyr. W. M. Bakunin XVII asyryň ajaýyp mongol kanunnamasy bolan «Ih saaz» eserini rus diline terjime edipdir. Bu kanunnama ylymda «1640-njy ýylyň mongol-oýrat kanunlary» ady bilen meşhurdyr.

XVIII asyrda Russiýa YA-nyň açylmagynyň netijesinde Mongoliýa bilen serhetleşýän Sibire birnäçe ekspedisiýalar ugradylýar. Şu ekspedisiýalara gatnaşan akademikler G. F. Miller, Ý. N. Fişer we P. S. Pallas Sibire degişli öz işlerinde Mongoliýany öwrenmäge-de uly üns beripdirler.

Russiýada Mongoliýany düýpli öwrenmäge başlan alym Ý. I. Şmitdir. Ol Mongoliýa baradaky işleri üçin akademik derejesine mynasyp bolýar. Mongoliýany öwrenmäge uly goşant goşan alymlaryň biri-de O. M. Kowalýewskidir.

I. Ý. Biçurin (Iakinf) XIX asyrda Mongoliýany öwrenmekde uly işleri bitirdi. Ol 14 ýyllap Russiýanyň Pekindäki dini missiýasyna ýolbaşçylyk edýär. Şol ýyllar ol Hytaýyň we Mongoliýanyň taryhy boýunça 14 sany kitap taýýarlaýar. Biçuriniň başlan işlerini soňra W. P. Wasilýewskiý dowam etdirdi. Onuň Merkezi we Gün-

N. Ý. Biçurin

L. N. Gumilýow



W. W. Radlow

dogar Aziýanyň çarwa halklary bolan kidanlaryň, çžurçženleriň, tangutlaryň we mongollaryň taryhyna bagyşlanan uly göwrümli işleri heniz hem öz ähmiýetini ýitirenok.

Mongoliýanyň taryhyny öwrenmekde A. M. Pozdnew hem uly işler bitirdi. Bu ugurdan rus syýahatçylary N. M. Preževalskiniň, T. N. Potaniniň, M. W. Pewsowyň, P. K. Kozlowyň we W. W. Radlowyň işleri hem aýratyn bellemäge mynasypdyr. Ajaýyp alym W. W. Bartoldyň «Türküstan mongol basybalyşlary döwründe» atly düýpli işi aýratyn ähmiýete eýe boldy. Şunda ilkinji gezek musulman awtorlarynyň işlerini giňişleýin ulanmak bilen, ol orta asyr mongol taryhyny doly açyp görkezmegi başardy.

Mongoliýany öwrenmeklik sowet döwründe-de dowam etdirildi. Şu döwrüň işleriniň arasynda ilkinji neşir edileni I. M. Maýskiniň «Häzirki zaman Mongoliýa» atly eseridir. 1926-njy ýylda Merkezi Aziýa boýunça belli syýahatçy, bilimi boýunça etnograf G. Ý. Grumm-Grižimaýlonyň uly göwrümli ylmy işi neşir edildi.

Mongolşynaslyk ugry boýunça iň kämil işleriň biri akademik B. Ý. Wladimirsowyň 1934-nji ýylda neşir edilen «Mongollaryň jemgyýetçilik gurluşy» atly saldamly kitabydyr. Bu kitap diňe bir mongollaryň taryhyny öwrenmekde däl, eýsem bütin çarwa dünýäsiniň geçmiş mirasyny öwrenmekde-de gymmatly iş hasap edilýär. Mongoliýanyň taryhy boýunça 1937-nji ýylda A. Ý. Ýakubowskiý bilen akademik B. D. Grekowyň, 1940-njy ýylda bolsa A. Ý. Nasonow tarapyndan çap edilen işleriniň hem ähmiýeti örän uludyr.

Mongoliýanyň orta asyrlar döwrüniň taryhy awtorlar köpçüligi tarapyndan taýýarlanylan we 1970-nji hem-de 1977-nji ýyllarda neşir edilen «Mongol-tatarlar Aziýada we Ýewropada» atly işde öz beýanyny tapdy. Bu ýurduň taryhyny öwrenmekde uly işleri bitiren alymlaryň biri-de L. N. Gumilýowdyr. Onuň «Hunnu-sýunnu», «Toslama patyşalygyň gözleginde» we «Gadymy Rus we Beýik Sähra» işleri dünýä taryhnamasynda uly şöhrata eýe boldy.

Mongoliýanyň täze taryhy sowet taryhnamasynda ilkinji gezek I. Ý. Zlotkin tarapyndan ulgamlaşdyryldy we bu mesele onuň «Mongoliýa Halk Respublikasynyň täze we iň täze taryhynyň öçerkleri» we «Jungariýa hanlygynyň taryhy» eserlerinde beýan edildi.

Gürrüňi edilen işlerden başga-da, sowet taryhnamasynda mongol taryhynyň rewolýusion we «sosializm gurluşygy» döwürlerine bagyşlanan köpsanly ylmy we ylmy-populýar işler hem bardyr.

Mongoliýanyň taryhy boýunça Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň alymlarynyň işleri

Günbataryň ýutlarynda mongol halkynyň taryhyny öwrenmek işine XVIII asyryň ortalarynda başlandy. Bu işde fransuz missionerleri we sinologlary (hytaýy öwrenijiler) Ž. Dýugaldyň, Ž. Deginiň, Wisdelunyň, M. Malýanyň, Žerbilýonyň amala aşyran işleri aýratyn uly ähmiýete eýe boldy. Olar hytaý, mançžur, şeýle hem bellibir derejede musulman çeşmelerini ulanmak arkaly, diňe bir mongollaryň däl, eýsem ähli çarwa halklaryň gelip çykyşyny öwrenmäge-de synanyşyk edipdirler. Bu awtorlaryň işlerinde şahsy çaklamalar we garaýyşlar öňe sürülýär.

Awtorlar Merkezi Aziýanyň ähli halklaryny iki topara – oturymly («medeniýetli») we çarwa («medeniýetsiz») halklara bölüpdirler, Çingiz hanyň we mançžur imperatorlarynyň syýasatyny makullapdyrlar. Şunuň bilen bir hatarda, olar mongollaryň XIII asyrdaky talaňçylykly ýörişleriniň basylyp alnan ýurtlaryň halklaryna uly betbagtçylyklary getirendigini hem belläpdirler. Fransuz sinologlarynyň işleri öz döwründe mongollaryň taryhyny ulgamlaşdyrmaga edilen ilkinji synanyşyk bolupdy. Mysal üçin, Ž. Degin diňe bir hytaý çeşmelerini däl, eýsem arap ýazuw ýadygärliklerini ulanmak bilen, özüniň «Umumy taryh» eserinde hunlaryň, türkleriň we mongollaryň taryhy ösüşini dogry beýan etmegi başarypdyr. M. Malýa 11 tomluk «Mançžur imperiýasynyň arhiwleri boýunça Hytaýyň umumy taryhy» diýen eseriniň soňky 3 tomuny mongollaryň taryhyna bagyşlapdyr.

Çarwa halklaryň taryhyny öwrenmeklik işi Günbatar bilen Gündogaryň, Ýewropa ýurtlary bilen Hytaýyň arasyndaky gatnaşyklaryň ýygjamlaşmagy netijesinde has hem güýjedi. Ýöne XIX asyryň ikinji ýarymynda şu meseläni öwrenmekde baknaçylyk usuly hem giň ýaýrady, şunda ýewropaly awtorlar Aziýanyň halklaryny bakna etmekde öz ýurtlarynyň hökümetiniň alyp barýan adalatsyz syýasatyny aklamaga çalyşýardylar.

1824-nji ýylda ermeni asylly fransuz taryhçysy D'Ossonyň «Mongollaryň taryhy» atly kitabynyň birinji neşiri ýaýrady. Arap, pars we türki dillerindäki çeşmeleriň asyl nusgasyny bilmegi we olary ýerlikli ulanmagy başarmagy D'Ossona mongol basybalyşlaryny giňişleýin beýan etmäge mümkinçilik beripdir. Ondan soň iňlis taryhçysy G. Howars özüniň 4 tomluk eserinde Günbatarda mongollaryň taryhyny doly beýan etmäge synanyşyk etdi. Emma onuň «Mongollaryň IX asyrdan XX asyra çenli taryhy» eseri Ýewropada XVIII–XIX asyrlarda çykan işleriň komplýatiw (göçürme) görnüşi bolup durýar.

G. Ý. Grumm-Grižimaýlo

Günbatar Ýewropanyň oriýentalistleri – gündogarşynaslary XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda Mongoliýanyň orta asyrlar we täze taryh döwürleriniň taryhyny öwrenmegi dowam etdirdiler. 1896-njy ýylda Leon Kaunyň «Aziýanyň taryhyna giriş. Türkiler we mongollar dörän wagtlaryndan 1705-nji ýyla çenli» diýen işi çap edildi. Hytaý-rus gatnaşyklarynda Mongoliýanyň orny barada G. Kaeniň we M. Kuranyň işlerinde giňişleýin gürrüň berilýär. Iňlis taryhçysy D. Beedliniň 2 tomluk kitaby hem mongollaryň taryhyny jikme-jik beýan edýän işleriň biridir.

Mongoliýanyň taryhyny öwrenmekde Merkezi Aziýa boýunça syýahatda bolan U. Uilýamsyň, Ý. Gukuň, Gobsuň, W. Rokhilliň, D. Karrutersiň we beýlekileriň ýazgylary möhüm ähmiýete eýedir. Olaryň işlerinde mongollaryň Sin imperiýasynyň düzümindäki gözgyny ýagdaýy dogruçyl beýan edilýär.

XX asyryň 50-nji ýyllaryna çenli Günbatar ýurtlarynda mongolşynaslyk bilen az sanly alymlar meşgullandylar. Olardan Ramstedt bilen Uinkrigi (Awstriýa), K. Grenbahy (Daniýa), B. Laufer bilen F. Lessingi (ABŞ), P. Pelliony (Fransiýa), E. Heýnişi (Germaniýa) görkezmek bolar. Bu alymlar mongollaryň taryhyna degişli çeşmeleri öwrenmek we neşir etmek işlerine uly goşant goşdular.

Ikinji Jahan urşundan soň, aýratyn hem, 50–60-njy ýyllarda Günbatarda Mongoliýany öwrenmek adaty hem täze ugurlarda gaýtadan güýçlenip ugrady. Çeşmeleri öwrenmekde we olary neşir etmekde uly üstünlikler gazanyldy. Soňky 20–30 ýylyň dowamynda ABŞ-da, Germaniýada we Ýaponiýada bu işler tapgyrlaýyn häsiýete eýe boldy. Bu ugurdan A. Mostert, F. W. Kliffs, W. Heýssig, D. Boýl, L. Ambis, K. Siratori, S Hattori, A. Murakami, S. Odzawa, I. Raçewils we başgalar uly işleri bitirdiler. Däp bolup gelşi ýaly, Günbataryň mongolşynaslyk ylmynda Gadymy, Orta asyrlar we Täze taryh döwürlerini öwrenmäge uly üns berilýär. Şunda G. Serroýsyň Mongoliýanyň taryhynyň XV-XVI asyrlar döwri, H. W. Şurmanyň we G. Frankeniň Ýuan nesilşalygynyň ykdysady gurluşy, I. Raçewilsiň Çingiz hanyň döwri we Mongol imperiýasy, G. Abemasunyň, S. Wadanyň, M. Murakaminiň, H. Odzawanyň mongol orta asyry bilen baglanyşykly kitaplary aýratyn bellemäge mynasypdyr. Ýapon mongolşynaslarynyň işleriniň arasynda S. Iwamuriniň «Mongollaryň sosial-ykdysady taryhyndan barlaglar» atly işi aýratyn orun eýeleýär.

IX BAP. GÜNORTA – GÜNDOGAR AZIÝA ÝURTLARYNYŇ ÇEŞMEŞYNASLYGY WE MILLI TARYHNAMASY

Wýetnamyň taryhy boýunça çeşmeler

VI–X asyrlarda wýetnamly taryhçylar tarapyndan ýurduň geçmiş taryhyna bagyşlanyp ençeme ýyl ýazgylary döredilipdir. Emma, gynançly ýeri, şol ýazgylar biziň günlerimize gelip ýetmändir. Biziň günlerimize gelip ýeten ilkinji ýyl ýazgysy XIII asyra degişlidir. Olaryň arasynda iň ähmiýetlisi «Wýet Şi Lyok» (Wýet ýyl ýazgylary) atly awtory näbelli bolan ýyl ýazgysydyr. Giçki döwrüň eserlerinden tapawutlylykda, bu işde Günorta-Gündogar Aziýada köpçülikleýin ýaýran buddaçylyk däpleriniň täsiri güýçli duýulýar.

Wýetnamyň orta asyr taryhyny şöhlelendirýän möhüm işleriň biri hem Ňo Şi Lieniň «Daýwýet şy-ki-toan-thy» (Daýwýetiň taryhy ýazgylarynyň doly ýygyndysy) eseridir. Bu eser çeşmeşynaslyk ylmynda «Toan-thy» (Taryhy ýazgylar) ady bilen hem tanalýar. Ýyl ýazgysynyň mazmunyna konfusiançylyk we hytaý däpleri uly täsir edipdir. Awtor Wýetnamyň wagtlaýynça demirgazyk goňşusynyň (ýagny Hytaýyň) gol astynda bolandygyny bellemek bilen, şol bir wagtyň özünde-de onuň gadymdan bäri özbaşdak döwlet hökmünde ýaşap gelendigini ýazypdyr. Ňo Şi Liýen wýetnam halkynyň özbaşdaklyk ugrunda alyp baran uruşlaryna aýratyn orun beripdir.

«Daýwýet şy ki toan thy» eserinde b. e. öňki 2879-njy ýyldan başlap, tä XVII asyryň üçünji çärýegine çenli aralykda bolup geçen taryhy wakalar beýan edilýär. Ençeme asyrlaryň dowamynda bu eseriň üsti doldurylyp, oňa goşmaça baplar girizilip durlupdyr. Ençeme asyrlaryň taryhçylarynyň irginsiz zähmetiniň netijesi bolan «Toan thy» iň soňky gezek 1697-nji ýylda resmi taýdan neşir edilýär.

«Toan thy» Wýetnamyň taryhy hakyndaky garaýyşlaryň nusgawy ýadygärligi bolup duryar. Wýetnamyň gadymy we orta asyr taryhyna bagyşlanan ylmy derňewler şu ýadygärligiň esasynda alnyp barylýar, şonuň ýaly-da okuw kitaplary hem, esasan, şu taryhy ýazuw ýadygärliginiň esasynda ýazylýar. Bu eseriň şeýle uly abraýynyň bolmagy asyrlaryň dowamynda ony ýazmaga

«Daýwýetiň taryhy ýazgylarynyň doly ýygyndysy» eseriniň daş ýüzi

gatnaşan awtorlar Le Wan Hýunyň, Ňo Şi Liýeniň, Fam Koň Çynyň atlarynyň hem meşhur wýetnamly taryhy şahslaryň arasynda uly orun eýelemegine täsir edipdir.

«Toan Thy» Wýetnamyň taryhynyň esasy meseleleri boýunça ýeke-täk çeşme bolmagynda galýar. Bu eseriň özüniň häzirki zaman nusgasyna öwrülýänçä 400 ýyldan hem köp wagt gerek bolupdyr. Bu iş ilkinji gezek 1272-nji ýylda ýazylypdyr. Şunda Wýetnamyň irki döwrüne degişli ýazuw ýadygärlikleri giňişleýin ulanylypdyr, ýöne olar soňra ýitip ýok bolupdyr we biziň günlerimize gelip ýetmändir. Wýetnamyň taryhyny ýazmak soňraky döwrüň taryhçylary tarapyndan üznüksiz dowam etdirilipdir we bu iş 1675-nji ýylda tamamlanypdyr. 1272-nji ýyldan soňra ýazylan ýyl ýazgylary «Toan tha» yzygider girizilip durlupdyr. Netijede, 1272–1675-nji ýyllarda düzülen ýyl ýazgylary «Toan thynyň» düzümine girizilip, olar bu eseriň täze baplaryny emele getiripdir.

«Toan thy» orta asyr wýetnam jemgyýetiniň milli ideologiýasyny özünde jemleýän ýygyndydyr. «Toan thynyň» öňünde duryan baş maksat – wýetnamlylaryň kalbynda watançylygy, milli duýgulary terbiýelemek, Wýetnamyň merkezi häkimiýetiniň abraýyny ýokary götermek, döwlet agalygyny berkitmek bolupdyr.

«Toan thynyň» döremegine Hytaýyň taryhnama däpleri uly täsir edipdir. Onda diňe bir geçmiş beýan edilmän, eýsem, ýurdy dolandyryjylar üçin bilinmegi zerur hasaplanan öwüt-ündewler hem ýerleşdirilipdir. «Toan thynyň» diliniň çeperçiligi hakynda aýdylanda, ol çeper eser däldir. Şonuň üçin hem ol giň okyjylar köpçüligine däl-de, az sanly döwlet adamlaryna, öz döwrüniň alymlaryna niýetlenip ýazylan öwüt berijilik häsiýetdäki ýyl ýazgysydyr.

Eýýäm bellenip geçilişi ýaly, «Toan thynyň» häzirki görnüşi XIII–XVII asyrlarda (1272–1697) gutarnykly kemala gelipdir. Bu iş Giçki Le nesilşalygy döwrüniň (1428–1788) taryhçylary tarapyndan dowam etdirilipdir. Ýyl ýazgysynyň ilkinji awtory Le Wan Hýu (1230–1322) hasaplanýar, ol 1272-nji ýylda imperator Çan Than-toňuň (1258–1278) tabşyrygy bilen «Daýwýetiň taryhy ýazgylary» atly taryhy ýyl ýazgysyny ýazmaga girişipdir.

Ňo Şi Liýen

Le Wan Hýunyň ýyl ýazgysyny mazmun taýdan iki bölüme bölmek bolar. Birinji bölüm wýetlileriň «demirgazyga garaşlylyk döwründäki» taryhyny özünde jemläpdir. Bu döwürde Gyzyl derýanyň boýlary we Günortadaky kenarýaka ýerleri Hytaý imperiýasynyň düzümine girizilipdir we keseki ýerliler tarapyndan dolandyrylypdyr. Le Wan Hýu bu döwrüň taryhyny beýan edende wýet halkynyň hemişe-de bolan-

dygyny, hytaý basybalyşlaryndan öň wýet halkynyň öz taryhy mekanynyň we baý taryhynyň bolandygyny görkezmäge çalşypdyr.

Ikinji bölümde X asyrda dörän özbaşdak wýet döwletiniň taryhy beýan edilýär. Bu iki bölüm diňe bir syýasy wakalar boýunça däl, eýsem ulanylan çeşmeleriň mazmuny hem biri-birinden tapawutlanýar. Eseriň birinji bölüminde hytaý çeşmeleriniň täsiri güýçli duýulýar. Emma käbir kemçilikleriň bardygyna garamazdan, bu iki bölümde ulanylan çeşmeleriň ylym üçin ähmiýeti uludyr.

Wýetnamyň milli taryhnamasynda «ilkinji wýet taryhçysynyň» kim bolandygy hakyndaky mesele heniz doly anyklanmadyk meseleleriň biridir. Ýöne Wýetnamyň taryhyna degişli ýyl ýazgylara ser salnanda, ilkinji wýet taryhçysy hökmünde Le Wan Hýunyň ady orta çykýar. Sebäbi ol XIII asyrda wýet hökümdarlary tarapyndan ykrar edilen ilkinji taryhçydyr. Alymlaryň käbir topary ondan öň hem wýet taryhçylarynyň bolandygyny, emma olaryň atlarynyň biziň günlerimize gelip ýetmändigini belleýärler. Häzirki zaman taryhçylary beýleki çeşmeleriň berýän maglumatlaryna esaslanyp, Le Wan Hýunyň kitabynyň käbir kemçiliklerиniň bardygyny belleýärler. Onuň kitaby 200 ýyllap golýazma görnüşinde saklanypdyr. Soňra dürli görnüşde göçürilip, näbelli adamlar tarapyndan redaktirlenipdir.

XIV asyr Wýetnamyň taryhynda galagoply döwür bolupdyr. Sebäbi XIII asyryň ahyrlarynyň mongol basybalyşlary ýurduň oba hojalygynda we döwletiň syýasy durmuşynda uly kynçylyklary döredýär, soňra Çan nesilşalygynyň gowşamagy we ýykylmagy bilen, wýetnamly hökümdarlaryň taryh ylmyndan ünsi sowulýar. Bu döwürde ylma berilýän ähmiýet has hem peselipdir. Emma XV asyrda hökümdar Le Thaý-tonuň dolandyran (1428–1433) döwründe döwletiň paýtagty Thaňlauňda (häzirki Hanoý) konfusiançylyk uniwersiteti (Watançy ogullaryň mekdebi) açylypdyr. Bu okuw jaýy soňra ylym-bilim merkezine, şol sanda taryh ylmynyň öwrenilýän ýerine öwrülipdir. Hut şu döwürde Le Wan Hýu «Wýet taryhynyň atasy» hökmünde ykrar edilýär.

XV asyryň ahyrlarynda öz döwrüniň görnükli taryhçylarynyň biri bolan Ňo Şi Liýen «Toan thynyň» üstünde işleýär. Ol XV asyryň ikinji ýarymynda alnyp barlan işleri bir ýere jemläp, «Toan thyda» beýan edilýän wakalary 1479-njy ýyla çenli ýetirip goýýar.

XVI asyrda «Toan thy» bilen taryhçy Wu Kuin (1455–1616) meşgullanýar. Ol 1511-nji ýylda 26 bapdan ybarat bolan ýyl ýazgysyny tamamlaýar. Soňra 1514-nji ýyldan başlap, onuň ýyl ýazgysynyň yzyny taryhçy Le Tuň dowam etdirýär.

«Toan thynyň» iň ahyrky nusgasynyň üstünde Fam Kon Çy (1622–1675), Ho Şi Zyon (1622–1681) we Le Hi (1646–1702) ýaly alymlar işleýärler. Olar «Toan thy» ýyl ýazgysynda beýan edilýän wakalary 1675-nji ýyla ýetirip goýýarlar. Wýetnamyň syýasy durmuşynda ýurt dagynyklygynyň güýjäp başlamagy bilen, taryh ýazmak işi ýene-de ünsden düşürilip başlaýar. Muňa garamazdan, wýetnamly taryhçylar Teýşonlaryň döwletiniň (1788–1802) we Ňuenleriň imperiýasynyň (1802–1945) taryhynyň irki döwürlerini hem beýan edipdirler. Şunda Ňo Thi Şiniň

«Daýwýet şy ki tienbien» (Daýwýetiň taryhy ýazgylaryna deslapky bellikler) we onuň ogly Ňo Thi Nýamyň «Wýet şy tieu an» (Wýetiň taryhy barada tankydy bellikler) diýen eserleri uly ähmiýete eýedir.

Wýetnamyň taryhynyň taryhnamasy



Anri Maspero

Wýetnam taryhynyň ýewropalylar tarapyndan öwrenilmegi XIX asyryň ahyrynda başlanypdyr. Wýetnam fransuz koloniýasyna öwrülenden soň, bu ýurduň taryhy ýuwaş-ýuwaşdan öwrenilip başlanýar. XIX asyryň ahyrlarynda Hindihytaý ýarym adasyndaky ýurtlaryň (Wýetnam, Kampuçiýa, Laos) taryhyny öwrenmek üçin «Fransuz Uzak Gündogar mekdebi» atly ýörite ylmy-barlag instituty döredilipdir. Bu institutyň alymlary sebitiň orta asyrlar taryhyny öwrenmekde käbir işleri amala aşyrypdyrlar. Şunuň netijesinde eýýäm XIX asyryň ahyrlarynda Wýetnamyň taryhy boýunça fransuz awtorlarynyň birnäçe kitaplary we makalalary neşir edilipdir.

XIX–XX asyrlaryň sepgidinde Wýetnamda taryhy öwrenmekde ep-esli öňegidişlik gazanylýar. Katolik missioneri Petrus Ki Wýetnamyň taryhy boýunça kitap ýazýar. Onuň kitaby «Annamyň taryhy» diýlip atlandyrylyp, onda Merkezi Wýetnamyň (ýagny Annamyň) orta asyrlar döwrüniň taryhy beýan edilipdir. Bu kitap uzak ýyllaryň dowamynda Wýetnamyň taryhyny öwrenmekde gollanma bolup hyzmat edipdir.

Petrus Ki öz eserinde Wýetnamyň taryhyna degişli orta asyr ýyl ýazgylaryndan giňişleýin peýdalanypdyr. Emma wýetlileriň durmuşy bilen ol diýen düýpli tanyşlygynyň bolmandygy sebäpli, awtoryň işlerinde käbir kemçilikler hem bolupdyr.

Ol Wýetnamda döwletiň döräp wagtynyň b. e. öňki I asyrdan alyp gaýdýandygyna garamazdan, özbaşdak Wýetnam döwletiniň döräp wagty hökmünde 939-njy ýyly saýlap alypdyr.

Fransuz alymlary tarapyndan ýazylan taryhy eserlerde orta asyr gatnaşyklarynyň emele gelen wagty hakynda hem dürli pikirler öňe sürülýär. Fransuz alymy A. Maspero bu senäni b. e. öňki I asyra çenli yza süýşüripdir. Awtor «Tanlar döwründe Annamyň Hytaýa tabynlygy» atly işinde Wýetnamyň orta asyr taryhyny syýasy we harby nukdaýnazardan öwrenipdir. A. Masperonyň «Gadymy Li nesilşalygy» we «X–XIII asyrlarda Khmer-Annam serhetleri» atly işlerinde Wýetnamyň taryhy geografiýasy düşnükli we yzygiderli derejede kesgitlenipdir.

Fransuz awtorlarynyň işlerinde ýurduň harby-syýasy taryhy beýan edilse-de, olar oba hojalygynyň meselelerine, oba ilatynyň durmuşyna, salgytlaryň görnüşlerine we mukdaryna, ilatyň jemgyýetçilik gurluşyna az üns beripdirler. Bu bolsa alymlaryň işiniň ähmiýetini bellibir derejede peseldýär.

Fransuz taryhçysy L. Kadýer Wýetnamyň taryhyny syýasy taýdan beýan edipdir. Ol Ňuenleriň döwründe Günorta Wýetnamyň basylyp alnyşy we wýetnam-fransuz uruşlarynyň alnyp barlyşy barada gürrüň beripdir. Beýleki bir fransuz alymy R. Delustal adaty hukuk resminamalarynyň esasynda «Gadymy Annamyň kanunçylygy» atly kitabyny ýazypdyr. Ol öz kitabynda XV asyra degişli «Hoň Dykyň jemkanuny» atly işden peýdalanyp, Wýetnamyň orta asyr kanunçylygynyň käbir aýratynlyklaryny beýan edipdir.

XX asyryň 20–30-njy ýyllarynda Wýetnamyň taryhnamasynda adaty-watançylyk ugry kemala geldi. Onuň ilkinji wekilleriniň biri bolan Çan Çoň Kimiň «Annam taryhynyň oçerkleri» atly eseri bu ugurda ilkinji we düýpli eserleriň biri boldy. Awtoryň bu işi soňra Wýetnamda birnäçe gezek neşir edilipdir. Çan Çoň Kimiň işinde orta asyr wýet ýyl ýazgylary, arhiw we kanunçylyk resminamalary giňişleýin peýdalanylypdyr. Ýöne onuň işinde ilatyň durmuş-ykdysady ýagdaýy we oňa täsir edýän şertler hakynda hiç-hili maglumat berilmändir.

XX asyryň 30-njy ýyllaryndan başlap wýetnamly awtorlaryň ýurduň taryhynyň aýry-aýry meselelerine bagyşlanan işleri çap edilip başlaýar. Dao Zuý Anyň «Wýetnam medeniýetiniň taryhy» atly kitaby uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Çünki onda hytaý çeşmeleri wýet diline terjime edilip, Wýetnamyň orta asyr medeniýetiniň taryhy beýan edilende giňişleýin ulanylypdyr.

XX asyryň 40-njy ýyllarynda wýetnam taryhnamasynda uly öwrülişik bolup geçýär. 1945-nji ýylyň Awgust rewolýusiýasyndan soň ýurtda watançylyga ýugrulan milli taryhnama ýokary göterilipdir. Wýetnam taryhçylary taryhda milli garaşsyzlyk ugrundaky göreşe höweslendirýän wakalary agtarmaga we ýüze çykarmaga ýykgyn edipdirler. Şeýle eserleriň biri hem «Le Than Ton» kitabydyr. Kitapda orta asyrlarda ýaşap geçen meşhur wýet patyşasynyň ýaşan ýyllary, onuň Wýetnam döwletini ösdürmek ugrunda alyp baran işleri hakynda gürrüň berilýär.

1955-nji ýylda neşir edilen Le Than Khoýyň «Wýetnam» atly eseri Wýetnamyň milli taryhnamasynyň esasy eserleriniň biridir. Kitapda ýurduň orta asyrlar döwrüniň taryhy yzygiderli döwürleşdirilipdir. Ýyl ýazgylaryndan we resminamalardan ýerlikli peýdalanyp, awtor bu döwrüň taryhyny yzygiderli derňäpdir we beýan edipdir.

XX asyryň ahyrlarynda – XXI asyryň başlarynda Wýetnamyň milli taryhnamasynda uly ösüşler gazanyldy. Bu döwürde ýurduň taryhynyň dürli döwürleriniň, şeýle hem Wýetnamyň durmuş-ykdysady, syýasy we medeni taryhynyň dürli meselelerini şöhlelendirýän köpsanly ylmy işler neşir edildi.

Indoneziýanyň häzirki zaman milli taryhnamasy we onuň esasy ugurlary

Indoneziýanyň milli taryhnamasynyň köp asyrlyk tejribesiniň barlygyna garamazdan, ol ýaş taryhnama hökmünde tanalýar. Sebäbi geçmişde Gollandiýanyň koloniýasy bolan Indoneziýanyň taryhyny öwrenmäge ýeterlik derejede üns berilmedi. Üstesine-de, ýerli taryhçylaryň aglabasyna Ýewropanyň taryh ylmynyň gazananlary, ýewropaly alymlar tarapyndan işlenilip düzülen ylmy nazaryýetler we usulyýetler tanyş däldi. Şonuň üçin hem ýurduň taryhyny ýazmaklyga milli garaşsyzlyk gazanylandan (1947) soň girişildi. Şunda Indoneziýanyň taryhy ýerli taryhçylar tarapyndan «Indonez watançylygy» konsepsiýasy esasynda ýazylyp başlandy.

XX asyryň ikinji ýarymynda Indoneziýanyň milli taryhnamasy özüniň ýaşdygyna we heniz tejribesizdigine garamazdan, ýurduň dogruçyl taryhyny döretmekde ep-esli işleri amala aşyrdy. Indoneziýaly taryhçylar öz işlerinde ýurduň raýatlarynda watançylyk we milli buýsanjy döretmäge, golland kolonizatorlarynyň aýry-aýry toparlarynyň köp ýyllaryň dowamynda öňe sürüp gelen «indoneziýalylaryň milli kemisliligi» hakyndaky galat garaýyşlaryny ýeňip geçmäge ýykgyn edýärdiler. Şol sebäpden hem ýerli taryhnamada Indoneziýanyň taryhynyň şanly döwürlerine, milli azat edijilik hereketiniň taryhyna, onuň ýolbaşçylarynyň we gahrymanlarynyň ömürbeýanlaryna hetdenaşa üns bermek meýilleri juda güýçli duýulýar.

Indoneziýanyň milli taryhnamasynda ýurduň geçmişdäki kuwwatly döwletleriniň (Şriwijaýýa, Majapahit, Kediri we başgalar) taryhyny we olaryň tanymal hökümdarlarynyň we serkerdeleriniň ömür ýollaryny öwrenmeklige hem uly ähmiýet berilýärdi. Munuň özi Indoneziýanyň milli taryhnamasynda terjimehal häsiýetdäki işleriň döremegine, şunuň esasynda bolsa, ýerli taryhnama mekdebinde terjimehal žanrynyň uly orun eýelemegine getirdi.

Täze döreýän milli taryhnamanyň maksady Indoneziýanyň azat edijilik hereketiniň ýolbaşçylarynyň ömür ýollaryny beýan etmek arkaly, olaryň azatlyk ugrundaky göreşlerini, ýerli halkyň watançy ogullaryny yzarlan kolonizatorlaryň zalymlygyny görkezmäge, şunuň esasynda bolsa, ýaş nesliň kalbynda olara öýkünmek duýgularyny döretmäge ýardam etmekden ybaratdy. Indoneziýada köp ýyllaryň dowamynda şu žanra bagyşlanan «Ömür nusgalyklary» atly yzygider neşir edilýän kitaplaryň köp sanlysynyň çykmagy hem ýöne ýerden däldir.

Indoneziýanyň milli taryhnamasynda milli gahrymanlar bilen bir hatarda Täze taryh döwründe Ýewropanyň az sanly döwletleri tarapyndan kolonial agalyga sezewar edilen Aziýa ýurtlarynyň beýik şahsyýetleri bolan Sun Ýat-sen, Mahatma Gandi, Jawaharlal Neru, Hose Risal ýaly gahrymanlaryň ömür menzillerini beýan etmäge-de uly üns berlipdir. Ýöne şunuň bilen bir hatarda şu žanryň özüne ýetesi kemçilikleriniň bolandygyny hem bellemek gerek. Sebäbi kitaplaryň, monografiýa-

laryň, ýygyndylaryň awtorlary üçin öz gahrymanlarynyň keşbini hetdenaşa ideallaşdyryp görkezmeklik häsiýetlidi.

Käbir awtorlar ömür ýoly beýan edilýän gahrymanlaryň dünýägaraýyşlaryna häsiýetnama bermek bilen, olara öz dünýägaraýyşlaryny, düşünjelerini we ynançlaryny ýöňkemäge, taryhy gahrymany has ideal şekilde görkezmäge ýykgyn edipdirler. Şunda olar, esasan, anyk maglumatlara we çeşmelere seljerme bermäge howlukman, okyjylaryň milli duýgularyna täsir etmäge çalşypdyrlar. Üstesine-de, işleriň aglabasynyň halk köpçüligine niýetlenip ýazylandygy üçin, olary ylmy-barlag işleriniň hataryna goşmak kyn. Özi hem şol işler mazmuny boýunça ylmy-derňew eseri däl-de, beýannama görnüşde ýazylan öçerklerdir. Aslyýetinde, Indoneziýanyň milli taryhnamasynyň usulyýet aýratynlyklarynyň biri, milli gahrymanlaryň ömür ýollaryny beýan etmek arkaly, ýurduň köp asyrlyk taryhyny toplumlaýyn beýan etmäge synanyşmadyr. Mälim bolşy ýaly, milli taryhnamada şeýle usulyň köp ulanylmagy garaşylýan netijäni gazanmaga mümkinçilik bermeýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Indoneziýada terjimehal-biografik häsiýetli kitaplaryň we kitapçalaryň onlarçasy neşir edildi. Eýsem-de bolsa, bu işleri ideýa-mazmun taýdan nähili ugurlara bölmek bolar?

Indoneziýanyň milli taryhnamasynyň ýaşlygy we onuň tejribesizligi, ony dürli mekdeplere we ugurlara bölmäge mümkinçilik bermeýär. Bu işleri ideýa-mazmun taýdan diňe olaryň awtorlarynyň syýasy garaýyşlarynyň esasynda bölmek bolar. Bu babatda, esasan, üç sany ugur göze ilýär: dünýewi watançylar, musulman watançylary we indoneziýaly kommunistler.

«Dünýewi watançylaryň» işleri Indoneziýanyň taryhy barada ýazylan işleriň esasy köpçüligini eýeleýär. Terjimehal häsiýetdäki taryhy eserleriň hatarynda aýallar hereketiniň belli işgäri Hurustiati Subandrionyň watançy we magaryfçy zenan Raden Ajeň Kartinä (1879–1904) bagyşlap ýazylan «Kartini – indoneziýaly zenan» atly kitapçasyny (1950), Pramudiýa Ananta Turuň «Meni ýöne Kartini diýip atlandyraýyň» (1962) atly monografiýasyny görkezmek bolar.

Terjimehal-biografik işleriň hatarynda Ymam Supardiniň «Budi Utoma» (Beýik maksat) guramasyny esaslandyryjylaryň biri bolan Sutoma (1888–1938) barada «Doktor Sutoma. Onuň ömri we göreşleri» (1951), M. Balfasyň Çipto Mangunkusumo (1886–1943) bagyşlap ýazan (Ol «Budi Utoma» guramasynyň çep ganatynyň lideri bolupdy) «Çipto Mangunkusumo – hakyky demokrat» (1952), Çiptonyň egindeşi Suwardi Suryaningrat (1889–1959) barada (ol Ki Hajar Dewantora lakamy bilen tanalýar) «Ki Hajar Dewantora – Indoneziýanyň garaşsyzlygynyň pioneri» (1959), Indoneziýanyň ilkinji prezidenti Ahmet Sukarno (1901–1970) barada Ýunan Nasutnonyň «Sukarnonyň ömrüniň we göreşleriniň gysgaça taryhy» (1945), Sutomanyň egindeşleriniň biri M. Husni Tamrin (1894–1941) barada Matu Mononyň «Husni Tamriniň ömrüniň we göreşleriniň taryhy» (1941), Sarekat Yslamyň lideri Çakroaminota (1882–1934) barada Amelsiň «Hajy Omar Seýit Çakro-

aminotanyň ömri we göreşleri» (1952), Çakroaminotanyň egindeşleriniň biri Agus Salim (1884–1954) barada Solihin Salimiň «Hajy Agus Salim – milli gahryman» (1961) kitaplaryny we başga-da ençeme eserleri görkezmek bolar.

Indoneziýada milli taryhnamanyň kemala gelşi hakynda gürrüň edilende käbir taryhçylar onuň gözbaşyny XX asyryň başyndan alyp gaýdýarlar. Şunda ilkinji nobatda Jaýýadingratyň we Purbaçaragyň adyny tutýarlar. Ýöne olaryň işlerinde, esasan, indoneziýaly musulman soltanlarynyň şejere taryhy, ýerli däp-dessurlaryň döreýşi, adatyň taryhy we beýleki etnografiýa bilen baglanyşykly meseleler hakynda aýdylyp, olarda XIX asyryň ahyrlarynyň – XX asyryň taryhynyň meseleleri gozgalmandyr. Jaýýadingratyň we Purbaçaragyň işleri 1910–1916-njy ýyllarda we XX asyryň 70-nji ýyllarynyň başynda neşir edilipdir we olaryň işlerinde golland kolonial taryhnamasynyň täsiri güýçli duýlupdyr.

XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ahyrynda – 30-njy ýyllaryň başynda kemala gelen Indoneziýanyň milli taryhnamasynda Ikinji Jahan urşy ýyllarynda hem ep-esli işler döredilipdir. Olaryň hatarynda Sanusi Paneniň «Indoneziýanyň taryhy» we A. K. Priňgodigdonyň «Indonez hereketiniň taryhy» kitaplaryny görkezmek bolar.

Giçkiräk döwrüň işleriniň hatarynda 1963–64-nji ýyllarda Iwa Kusum Sumantriniň «Indoneziýa rewolýusiýasynyň taryhy», 1968–1969-njy ýyllarda Slametmulýonanyň «Milletçilik indonez milletiniň göreşiniň esasydyr» diýen işlerini görkezmek bolar.

Indoneziýanyň taryhy boýunça okuw kitaplary hem çap edilipdir. Bu meseleler dogrusynda gürrüň edilende, ol indonez taryhnamasynda amal etmesi iň bir kyn işleriň biri boldy. Sebäbi tä XX asyryň 80-nji ýyllaryna çenli neşir edilen işleriň köp bolandygyna garamazdan, halkyň işlegine laýyk gelýän, öwrenmesi oňaýly okuw kitaplary bolmady. Muňa bellibir derejede ýurtda dürli bilim ulgamynyň (döwlet, hususy, ýewropa, musulman, hristiýan we başg.) bolmagy hem täsir edýär. Şeýle hem köp ýyllaryň dowamynda Indoneziýada taryh ugrundan hünärmenleri taýýarlamak işine ýeterlik üns berilmändir.

XX asyryň 80-nji ýyllaryna çenli Indoneziýanyň uniwersitetleriniň birinde-de taryh fakulteti bolmandyr. Diňe käbir okuw jaýlarynda – Jakarta, Jokýakarta, Bandung uniwersitetlerinde taryh kafedralary bolup, olar hem edebiýat fakultetiniň düzüminde bolupdyr. Şonuň üçin hem Sunusi Pakeniň uruş ýyllarynda ýazylan iki tomluk «Indoneziýanyň taryhy» eseri uzak ýyllaryň dowamynda talyplar we mekdep okuwçylary üçin gollanma bolup hyzmat edipdir. Sebäbi geçen asyryň 50-nji ýyllarynda neşir edilen Anwar Sunusiniň «Halk mekdepleri üçin niýetlenen Indoneziýanyň taryhy», Sundoronyň «Orta mekdepler üçin Indoneziýanyň taryhy», M. S. Simotunang bilen H.P. Pardedeniň «Biziň watanymyzyň taryhy we döwlet gurluşy» diýen kitaplaryň juda gowşak çykan neşirlerdigini, olarda örän köpsanly ýalňyşlyklara, nätakyklyklara ýol berlendigini ýerli hem-de daşary ýurt alymlary belläpdirler. Soňky döwürlerde M. Kasym we Uenga Gany tarapyndan orta mekdep-

ler üçin ýazylan iki tomluk «Geçmişiň, häzirki döwrüň we geljegiň döwürleri», Suçiptonyň «500 ýyllyk zulumdan soň garaşsyzlyga» atly okuw kitaplarynda hem şeýle kemçilikleriň köp duş gelýändigi barada aýdylýar.

General Suhartonyň dolandyran ýyllary (1966–1998) indonez taryhnamasynda aýratyn döwürdir. Sebäbi bu döwürde Indoneziýada demokratik düzgünler çäklendirildi, gazet-žurnallar, syýasy partiýalar ýapyldy. Şonuň üçin hem köp indonez taryhçylary ýa kazyýet jogapkärçiligine çekilip, jezalandyryldy, ýa-da başga ýurtlara emigrasiýa gitdiler. Ýurtda galan taryhçylaryň işleri bolsa general Suhartonyň girizen harby-syýasy düzgüni tarapyndan berk gözegçilige alyndy. Köp meseleleri gozgamak we şahsyýetler barada ýazmak gadagan edildi. Şonuň üçin hem taryhçylar Indoneziýanyň gadymy we orta asyrlar taryhynyň meselelériniň üstünde işlemeli bolupdyrlar. Bu döwrüň taryhy işleriniň hatarynda Slametmulýonanyň «Şan-şöhratyň belentliklerine. Majapahit imperiýasynyň taryhy» (1965), «Majapahidiň milli hökümetiniň gurluşy» (1966), «Majapahidiň kanunçylygy» (1967) atly kitaplaryny we beýlekileri görkezmek bolar. Indoneziýanyň milli taryhnamasynyň ýeten sepgitlerinden görnüşi ýaly, ýurduň köp asyrlyk taryhyna bagyşlanyp köpsanly işleriň neşir edilendigine garamazdan, bar bolan taryhnama mirasy bu ýurduň taryhyny toplumlaýyn şekilde göz öňüne getirmäge mümkinçilik bermeýär.

Şazada Çinoratyň heýkeli

Taýlandda milli taryhnamanyň döremegi

Günorta-Gündogar Aziýanyň uly döwletleriniň biri hasap edilýän Taýlandyň wakalara baý, özboluşly taryhy bardyr. Geçen onýyllyklaryň dowamynda bu döwletiň taryhy barada-da ep-esli işler edilipdir. Emma XX asyryň başlaryna çenli Taýlandda milli taryhyň meselelerine çynlakaý baha berip bilýän ylmy işler ýazylmandyr. Beýle diýildigi bu ýurduň bilimli adamlarynyň arasynda milli taryha gyzyklanmalaryň bolmandygyny aňlatmaýar. Sebäbi Taýlandyň patyşalarynyň

köşgünde ýörite bellenilen wezipeli adamlar tarapyndan ýyl ýazgylary yzygider düzülip durlupdyr. 1767-nji ýylda Taýlandyň ýerinde kemala gelen döwletleriň biri bolan Aýutiýa döwleti ýykylandan soň, köp taryhy çeşmeler ýitipdir. Emma XVIII asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap, Taýlandyň ýerinde dörän Siýam döwletinde ýiten ýyl ýazgylaryň täze nusgalaryny düzüp başlaýarlar. Şol ýyl ýazgylarda milli taryhyň meselelerine we wakalaryna ylmy esasda düşündiriş bermäge synanyşyklar edilipdir.

1768–1782-nji ýyllarda ýurduň paýtagty wagtlaýynça Tonburi şäherinde ýerleşipdir, häkimiýet bolsa dolandyryjy nesilşalyga degişli bolmadyk, ýarym siýamly, ýarym hytaýly Pýa Tak Siniň eline geçýär. Şonda ýerli taryhnamada adaty bolmadyk hadysa bolup geçýär. Ýagny ýerli budda ruhanylary Siýamyň taryhy wakalaryny XIV asyrda ýazylan buddaçylyk dini eseri bolan «Traýpumyň» esasynda beýan edipdirler. Emma Siýamyň paýtagty Bangkok şäherine geçirilenden soň we 1782-nji ýylda häkimiýet başyna Çakry nesilşalygy gelenden soň, milli taryhnamada «Traýpumyň» ideýalary inkär edilýär we ol ýene-de öňki däplerine dolanyp gelýär. Siýamda taryhnamanyň ösmegine XVIII asyryň ahyrlarynda bolup geçen syýasy wakalar hem uly täsir edipdir, sebäbi halklaryň arasyndaky özara gatnaşyklar, uruşlar, halk gozgalaňlary, nesilşalyklaryň çalyşmagy, Ýewropa döwletleriniň zor salmagy we başgalaryň netijesinde Taýlandyň çäginde ýaşaýan halklar bir-biri bilen garyşypdyrlar. Netijede, ýurduň çäginde milli umumylyklar kemala gelip ugraýar.

Milli umumylygyň kemala gelmegi taryhnama däpleriniň ýüze çykmagyna we ösmegine oňyn täsir edipdir. Munuň özi geçmişiň wakalaryny beýan etmekde-de bellibir üýtgeşmeleriň bolup geçmegine, taryhy wakalary beýan etmegiň usullarynyň üýtgemegine-de öz täsirini ýetirýär. Milli taryhnamada ýüze çykan bu üýtgeşmeleri siýamly awtorlaryň biri şeýle häsiýetlendiripdir: «Çakri nesilşalygynyň döwründe taryhy garaýyşlarda uly özgerişler bolup geçýär, söýgi we islegler barada az aýdylyp, esgerleriň we emeldarlaryň watançylygy, edermenligi barada köp aýdylýar. Ählumumy abadançylyga gönükdirilen işler şöhratlandyrylýar».

1834–1848-nji ýyllarda patyşa Rama III-niň döwründe taryhy maglumatlary ýygnamakda hem ep-esli işler edilipdir. Rama I-niň ogly, şazada Çinorat (1854-nji ýylda aradan çykan) Aýutiýanyň (1350–1767) geçmişini we ýurduň paýtagty Tanburi bolan döwrüniň (1768–1782) taryhyny ýazypdyr. Şonuň üçin hem Siýamyň taryh ylmy öz gözbaşyny şazada Çinoratyň döreden eserinden alyp gaýdýar. Sebäbi bu işlerde taryhy wakalary dogruçyl beýan etmäge ýykgyn edilipdir.

XIX asyryň ortalaryndan başlap Siýam Günbatar Ýewropanyň we ABŞ-nyň ylmy jemgyýetçiligi bilen dürli ugurlarda, şol sanda taryh ylmynda hem hyzmatdaşlyk açyp ugraýar. 1865-nji ýylda amerikan missioneri Bredliniň çaphanasynda «Patyşa golunyň taryhy» ady bilen belli bolan «Aýutiýanyň taryhy» eseri neşir edilýär. «Aýutiýanyň taryhy» atly kitabyň bu nusgasynyň awtory şazada Çinoratyň

özi bolupdyr. Ýöne ol Siýamyň 1851-nji ýylda häkimiýet başyna gelen patyşasy Mongkut tarapyndan redaktirlenipdir. Bu kitapda awtor Aýutiýanyň taryhyny 1350-nji ýyldan başlap, tä 1767-nji ýyla çenli, ýagny Aýutiýa döwleti ýykylýança beýan edipdir.

Şazada Damrong

«Aýutiýanyň taryhynyň» ikinji bölümini düzmek üçin Mongkut özüniň şahsy kitaphanasynda saklanylýan köpsanly golýazmalary we köne kanunçylyk resminamalaryny peýdalanypdyr. Ol Siýamyň taryhçylarynyň arasynda ilkinji bolup Aýutiýanyň kanunlaryny öz işlerinde giňişleýin ulanypdyr. Olar şaýatlar (1350), hökümete garşy jenaýatlar (1351), erkegiň we aýalyň borçlary (1351), arza bermegiň düzgünleri (1355), gyz alyp gaçmak (1356), halka garşy jenaýatlar (1357), ýer (1359), ogurlyk (1360) we jedeller (1367) hakyndaky kanunlardyr.

XIX asyryň ikinji ýarymynda Aýutiýada höküm süren nesilşalyklaryň taryhyny düzmek işi hem dowam etdirilipdir. XIX asyryň 50–60-njy ýyllarynda köşk taryhçysy Tipakarawong «Birinji patyşalygyň ýyl ýazgysy», «Üçünji patyşalygyň ýazgysy» we «Dördünji patyşalygyň ýazgysy» işlerini ýazypdyr. Elbetde, awtoryň işi daşky görnüşi boýunça ýyl ýazgysy (onda, esasan, patyşa maşgalasy, dini däp-dessurlary berjaý etmegiň düzgünleri we başgalar barada gürrüň berilýär) bolsa-da, bu işler mazmuny boýunça eýýäm taryhy eserleriň hataryna girýärdi.

1884-nji ýylda Bangkokdaky we beýleki ýerlerdäki ähli resminamalar bir ýere jemlenip, «Waçiranan jemgyýeti» döredilýär. Şol ýyldan başlap, jemgyýet ýörite ylmy źurnal hem neşir edip ugraýar. Şu źurnalda şazada Damrongyň işleri neşir edilipdir. Damrong (1862–1943) patyşa Mongkutyň ogly bolup, ol Siýamyň taryhy boýunça birnäçe eserleriň awtorydyr. Ol birnäçe eserlere giriş ýazyp, olary gaýtadan neşir hem etdiripdir. Şazada Damrong öz işlerinde Siýamyň taryhyny nesilşalyklar boýunça däl-de, täzeçe usul bilen beýan edipdir. Onuň galamyna «Khmerleriň taryhy», «Taýlaryň taryhy», «Birmalylaryň taryhy», «Taýlaryň döwründe Siýamyň ýokary göterilmegi», «Praçao (patyşa) Utongyň taryhy», «Sukatan döwletiniň taryhy», «Lannataýyň taryhy», «Aýutiýanyň praçao Utong tarapyndan esaslandyrylmagynyň sebäpleri» ýaly işler degişlidir.

XX asyryň 20-nji ýyllarynda Damrong «Girdejiler hakynda eser» (1922), «Siýamyň harby flotunyň taryhy» (1924), «Waňnanyň ýa-da ikinji patyşanyň köşgüniň taryhy» (1925), «Siýama Günbatar medeniýetiniň aralaşmagy hakynda» (1926), «Waçiranan kitaphanasynyň kitaplary hakynda gürrüň» (1928) atly işleri ýazýar. Aýratyn hem, onuň iki tomdan ybarat bolan «Biziň Birma bilen uruşlarymyzyň taryhy» (1920) atly eseri ähmiýetlidir.

Mýanmanyň XX asyr taryhnamasy

Mýanmanyň (öň Birma) taryh ylmynyň hem baý milli däpleri bardyr. Biziň günlerimize gelip ýeten döwlet we ybadathana ýyl ýazgylarynyň azyndan 500 ýyllyk taryhy bar. Diýmek, has irki döwürlerde-de Mýanmada taryhy eserler döredilipdir. XIX asyra degişli ýyl ýazgylary milli taryhnama mekdeplerinde döredilen iň kämil eserlerdir. Muňa mysal edip, birinji nobatda «Aýnaly köşgüň ýyl ýazgysy» we «Kanbaunlaryň ýyl ýazgysy» eserlerini görkezmek bolar. Bu işlerde Mýanmanyň taryhy iňlis basybalyşlaryna çenli beýan edilip, olarda diňe bir irki döwrüň maglumatlary däl, eýsem, orta asyrlaryň etnografik häsiýetdäki çeşmeleri hem giňişleýin peýdalanylypdyr. Mýanma Angliýa tarapyndan eýelenenden soň, ýerli taryh ylmy birnäçe wagtlap durgunlyk ýagdaýa düşýär. Sebäbi ýyl ýazgylarynyň ýazylmagyny hemişe höweslendirip duran patyşa häkimiýeti döwletiň syýasy durmuşyndan çetleşdirilýär. Buddizm dini bolsa ýurtda agalyk ediji ýagdaýdan we patyşa häkimiýetiniň goldawyndan mahrum bolýar. Taryhy äheňdäki işler iňlisler tarapyndan ýazylypdyr, olar bolsa ýa-ha kolonial edarasynyň wekilleri, ýa-da alymlar bolupdyr.

Häzirki zaman mýanma taryhnamasynyň ýüze çykmagyna kolonial döwürde ýurtda iki sany oňyn jemgyýetçilik-syýasy ýagdaýyň emele gelmegi, XX asyryň başlarynda Ýewropada Gündogar siwilizasiýalaryny öwrenmäge bolan gyzyklanmalaryň güýçlenmegi bilen baglanyşykly boldy. Sebäbi kolonial administrasiýanyň wekilleri ýurduň geçmiş taryhyny öwrenmäge uly gyzyklanma bildirýärdiler. Üstesine-de, düňýä jemgyýetçiliginiň öňünde iňlis kolonial administrasiýasynyň abraýyny galdyrmak zerurlygy hem ýüze çykýar. Şonuň üçin Angliýanyň alymlary we döwlet işgärleri Mýanmanyň taryhyny, medeniýetini we dini ynançlaryny öwrenmäge girişipdirler.

Britan Hindistanynyň[1] wise-koroly lord Kerzonyň şahsy başlangyçlary bilen 1901-nji ýylda Padanda muzeý, soňra bolsa Birmanyň arheologiýa müdiriýeti döredilýär. 1926-njy ýyla çenli her ýyl bu müdiriýetiň ýyllyk hasabaty hem neşir edilipdir.

1910-njy ýylda «Birma ylmy-barlag jemgyýeti» esaslandyrylyp, ol 1911-nji ýyldan başlap öz źurnalyny hem neşir edip başlaýar. Arheologiýa müdiriýetiniň we ylmy-barlag jemgyýetiniň işine ýerli halkyň wekilleri bolan birmalylar hem çekilip başlanýar. Munuň hem sebäbi bu ylmy-barlag guramalarynyň hatarynda ýewropaly ajaýyp alymlar işleýärdiler, olar Birmanyň taryhyna, özboluşly medeniýeti bolan ýerli halka uly hormat bilen garapdyrlar. Şeýle alymlaryň hatarynda J. Fernuwoly, Gordon Lýusi, O. Blagdeni, Ş. Dýuruazeli, J. Holly, B. Pirni we başgalary görkezmek bolar.

[1] Şol döwürler Birma (Mýanma) Angliýanyň Britan Hindistany koloniýasynyň düzümine girýärdi.

Ylmy-barlag jemgyýetiniň agzalarynyň arasynda birmalylaryň sany hem ýyl-ýyldan artypdyr. Olaryň arasyndan Pe Maun Tin, Lýu Pe Win, Po Seýn ýaly görnükli taryhçylar ýüze çykypdyr. Birmalylar arheologiýa müdiriýetiniň işine hem işjeň gatnaşypdyrlar. Olar serişdeleriň ýiti ýetmezçiligine garamazdan, gazuw-agtaryş işlerini alyp barypdyrlar. Birmaly arheologlardan To Seýn Konuň, Mýanyň we Lýu Pe Winiň atlaryny görkezmek bolar. Olar iňlis alymlary bilen bileleşip, bilelikdäki işleri hem döredipdirler. Muňa Gordon Lýus bilen Pe Maun Tin tarapyndan «Aýnaly köşgüň ýyl ýazgysy» eseriniň iňlis diline terjime edilmegi mysal bolup biler.

Mýanma taryhnamasynyň ýüze çykmagyna täsir eden ikinji bir ýagdaý birmaly watançylaryň syýasy işleri bilen gönüden-göni baglanyşykly boldy. Bular Birmanyň ýaş – täze nesliniň wekilleridi. Özi hem olaryň Birmanyň taryhynyň koloniýadan ozalky döwri bilen hiç hili baglanyşygy ýokdy: olar ýa Rangun[1] uniwersitetinde, ýa-da Ýewropanyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alan adamlardy. Olar daşary ýurt edebiýatyny jikme-jik öwrenipdirler. Eger-de «Birmanyň arheologiýa müdiriýetiniň» we «Birma ylmy-barlag jemgyýetiniň» agzalary bolan ýerli taryhçylary Birmanyň gadymy geçmişi, milli medeniýeti we edebiýaty gyzyklandyran bolsa, ýaş watançylar öz ýaşaýan döwürleri bilen içgin gyzyklanypdyrlar.

Kolonial döwürde taryhy eserleri döretmek üçin şertler we mümkinçilikler az bolan bolsa, Birmanyň garaşsyzlyk gazanmagy bilen, bu ugurda giň mümkinçilikler döreýär. Şonuň üçin hem ýurduň taryhy boýunça ilkinji eserler azat edijilik hereketine gatnaşyjylar tarapyndan neşir edilipdir. Garaşsyzlyk gazanylýança Birmanyň okuw mekdeplerinde iňlis alymy Harwiniň «Birmanyň gysgaça taryhy» atly kolonial ruhda ýazylan okuw kitaby (1925) ulanylypdyr. Bu bolsa täze emele gelen ýagdaýda professor-mugallymlaryň, talyplaryň we okuwçylaryň isleglerine laýyk gelip biljek dälди.

Birmanyň taryhy boýunça milli ruhda ýazylan ikinji okuw kitaby polkownik Ba Şin tarapyndan ýazylyp, ol «Birma Bileleşiginiň taryhy» diýlip atlandyrylypdyr. Ol Birmanyň garaşsyzlyk gününde – 1948-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda çap edilipdir we soňra birnäçe gezek neşir edilipdir. Ba Şiniň işiniň ähmiýetli tarapy, onda Birmanyň ýerinde döwletleriň döremegi ykdysady sebäpler bilen baglanyşdyrylypdyr. Öňki döwürde döwletleriň döremegi Birma buddizmiň ýaýramagy bilen baglanyşdyrylýardy.

XX asyryň 50-nji ýyllarynyň başlarynda Birmada taryhy-memuar mazmunly işleriň sany artdy. Şeýle işleriň hatarynda ýurduň şol döwürdäki premýer-ministri U Nunuň «Birma ýapon zulumy astynda», belli žurnalist Maun Peniň «Birma agyr synaglaryň döwründe», Birmanyň 50-nji ýyllardaky prezidenti Ba Unuň «Meniň Birmam», U Kiniň «Birmanyň ýaponlar tarapyndan eýelenilişi barada U Hla Peniň gürrüňleri» kitaplaryny görkezmek bolar. Görnüşi ýaly, şol ýyllarda

[1] Mýanmanyň paýtagty, häzir ol Ýangon diýlip atlandyrylýar.

ýerli taryhnamanyň iň ýörgünli ugry ýapon basybalyşlaryny we ýurduň garaşsyzlyk gazanmagyny açyp görkezmek bolupdyr.

Birmanyň milli taryhnamasynyň aýratynlyklarynyň biri-de, ýurduň geçmişine degişli uly göwrümli işleriň iňlis dilinde ýazylmagydyr. XX asyryň 50-nji ýyllarynda giňden tanalýan taryhçylar Tan Tun, Maun Maun we Tin Aun dagylar öz işlerini, esasan, iňlis dilinde ýazypdyrlar. Bu taryhçylaryň her biri milli taryhnamanyň bir ugruna wekilçilik edýärdiler. Öň «Birma ylmy-barlag jemgyýetinde» ýewropaly alymlar Gordon Lýus, Holl we başgalar bilen bile işlän Tan Tun ýurt garaşsyzlygyndan soň Rangun uniwersitetinde mugallymçylyk edipdir. Ol şol döwrüň iň öndümli işlän, tanymal taryhçylarynyň biri bolupdyr. Tan Tunuň esasy işi «Birmanyň taryhy» (1959) kitabydyr.

Tin Aun milli taryhnamanyň «watançylyk» ugrunyň wekilidir. Ol Birmanyň taryhyny ideallaşdyrmaga we ýurduň taryhyny, medeniýetini, sungatyny Günorta-Gündogar Aziýanyň beýleki halklarynyňkydan has «ýokary» goýmaga ýykgyn edipdir. Onuň esasy işi 1967-nji ýylda Nýu-Ýorkda (ABŞ) çap edilen «Birmanyň taryhy» atly eseridir.

Görnükli taryhçy Maun Maun (1925-nji ýylda doglan) ýapon basybalyjylaryna garşy göreşijileriň biri bolupdyr. Onuň ilkinji kitaby «Birma halklaryň maşgalasynda» (1956) diýlip atlandyrylypdyr. Awtoryň bu eseri monografik barlaglaryň jemi bolup, şonuň esasynda ol doktorlyk dissertasiýasyny goraýar. Maun Maunyň ABŞ-da «Birmanyň konstitusiýasy» atly kitaby neşir edildi. Ol başga-da Birmanyň milli gahrymany Aun Sanyň öldürilişi barada «Birmadaky waka», «Birmaly Aun San» diýen kitaplary ýazdy. 1963-nji ýylda Maun Maunyň ýene-de bir kitaby – «Birmada kanunlar we däpler, birma taryhy» atly eseri neşir edilýär.

X BAP. HINDISTANYŇ TARYHY BOÝUNÇA ÇEŞMELER

Dünýä taryhynda, adamzat siwilizasiýasynyň kemala gelmeginde we ösmeginde Hindistanyň halklarynyň döreden baý milli mirasynyň ähmiýeti örän uludyr. Asyrlaryň dowamynda Hindistanyň ýerinde özboluşly adamzat siwilizasiýasy, köp halklaryňka meňzemeýän, gaýtalanmajyk maddy hem-de ruhy mirasy kemala gelýär.

Hindistanlylar gadymy mirasyň eýeleri bolmak bilen, özboluşly hat-ýazuw hem döredipdirler. Şunuň esasynda bolsa baý milli miras kemala gelipdir. Hat-ýazuwyň döremegi taryh hakyndaky bilimleriň ösmegine-de oňaýly täsir edýär. Gadymy döwürlerde adamzat jemgyýeti, onuň jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady we medeni durmuşy barada aýdyň pikirler öňe sürlüpdir. Emma Hindistanda taryhna-

Atharweda

manyň ýüze çykmagynyň özboluşly aýratynlygy boldy. Hytaýdan, Günorta-Gündogar Aziýanyň halklaryndan we Hindistan bilen goňşuçylykda ýerleşen beýleki döwletlerden tapawutlylykda, tä XIII asyra çenli Hindistanda ýyl ýazgylary ýöredilmändir, seneleriň üsti bilen beýan edilýän taryhy eserler ýazylmandyr. Şol sebäpden hem ýyl ýazgylarynyň ýörgünli bolmazlygy Hindistanyň gadymy taryhyny öwrenmekde bellibir kynçylyklary döredýär. Şonuň üçin hem ýurduň syýasy taryhy öwrenilende, köplenç, Hindistan bilen goňşuçylykda ýerleşýän ýurtlaryň we sebitleriň (Orta Aziýa, Eýran, Hytaý, Günorta-Gündogar Aziýa) taryhy bilen baglanyşykly eserlerinden köp peýdalanylýar.

Emma Hindistanyň çeşmeşynaslygynyň köp halklaryňkydan artykmaç ýeri hem bardyr. Bu ýurtda hindi jemgyýetiniň we her bir adamyň gündelik durmuşy, durmuş ýörelgeleri, ynançlary, ýerine ýetirmeli däp-dessurlary, eýermeli urp-adatlary bilen baglanyşykly ummasyz köp maglumatlar saklanyp galypdyr. Şol maglumatlar Hindistanyň taryhynyň gadymy we orta asyrlar döwrüni öwrenmekde uly ähmiýete eýedir.

Weda edebiýaty

Weda edebiýatyny hindi durmuşynyň dürli ugurlaryna degişli köpsanly gadymy mukaddes kitaplar emele getirýär. Olaryň sany doly anyk däldir. Bu kitaplar mazmuny boýunça iki topara bölünýär. Mukaddes kitaplaryň birinji topary «şruty» («eşidilenler»), ikinjisi bolsa «smriti» («ýatda saklanylanlar») diýlip atlandyrylýar. Indusçylyk ynançlaryna görä, şruty kitaplaryny hiç kim döretmändir, olar hudaýlaryň peýda bolmagy bilen ýüze çykanmyş. Özi-de olar kitap hökmünde däl-de, bilim hökmünde ýüze çykanmyş. Şol bilimler hudaýlaryň aňynda saklananmyş we hamana şol bilimleri rişilere (danalar) eşitdiripdirler, olar bolsa hudaýlardan eşiden ähli zatlaryny kitaplara geçiripdirler.

Mukaddes kitaplar mazmuny boýunça ýedi topara bölünýär. Olaryň birinji topary Weda (Bilim) kitaplary bolup, olar dört jiltden ybaratdyr: «Rigweda», «Ýajurweda», «Samaweda» we «Atharweda».

«Rigweda» – bu dini senalaryň ýygyndysy bolup, ol bize mälim bolan ilkinji hindi edebi ýadygärligidir. Rigweda sanskrit diliniň «rig» (öwgi, sena, goşgy) we «weda» (bilim) sözlerinden emele gelip, türkmen diline «dini senalar» görnüşinde terjime edilýär. Ol b. e. öňki 1700–1100-nji ýyllar aralygynda düzülendir diýlip çak edilýär. Asyrlaryň dowamynda ol dilden aýdylyp gelnipdir we irki orta asyrlarda ilkinji gezek ýazga geçirilipdir.

«Rigweda» 1028 sany senadan ybarat bolup, onuň agramly bölegi sadaka bermek adaty bilen baglanyşyklydyr. Olar hudaýlary mahabatlandyrmak üçin aýdylýan gysgajyk senalardyr. «Rigwedanyň» 1028 senasynyň 1877-nji ýyldaky neşiri özünde jemi 10552 sany gazaly jemleýär. «Rigweda» jemi 10 sany kitapdan ybaratdyr.

«Ýajurweda» («ýajur» – sadaka bermegiň düzgünleri, «weda» – bilim) indusçylyk dini boýunça sadaka, gurbanlyk däplerini berjaý etmegiň düzgünleri hakynda ylymdyr. Alymlaryň aglaba köpüsiniň şaýatlyk etmegine görä, «Ýajurweda» b. e. öňki X asyr töwerekleri düzülipdir. Onda noldan trilliona çenli sanlar hakynda ilkinji gezek agzalyp geçilýär.

«Samaweda» («saman» – dini aýdymyny aýtmak, «weda» – bilim) – dini aýdymlar bolup, ol wedalaryň sanawynda üçünji bolup gelýär. Samaweda b. e. öňki 1300–1000-nji ýyllarda düzülipdir. «Samaweda», esasan, «Rigwedadan» alnan senalardan, senalaryň böleklerinden we aýratyn gazallardan duryar.

«Atharweda» («atharwan» – gadymy rişi, «weda» – bilim) wedalaryň sanawynda dördünji orunda duryar. Ol hindi danalary bolan rişiler (dana) tarapyndan düzülen eserdir. Beýleki üç wedadan («Rigweda», «Samaweda», «Ýajurweda») tapawutlylykda, «Atharwedada» hudaýlar we rowaýatlar hakynda däl-de, öňi bilen adam, onuň jemgyýetçilik we adaty şahsy durmuşy hakynda gürrüň berilýär. Bu eser gadymy hindi taýpalarynyň durmuşy hakynda özboluşly ensiklopediýa bolup, onda patyşalaryň tagta çykyşy, toý we ýas dessurlary, öý gurluşy, hassalaryň bejerilişi we başgalar barada köp mukdarda maglumat berilýär.



Rigwedanyň golýazmasy

Umuman alnanda, weda kitaplarynyň esasy mazmuny dini aýdymlar, dilegler, dini dessurlaryň beýany, berjaý edilişi we adaty durmuş aladalary bilen baglanyşyklydyr.

Kitaplaryň ikinji toparyny keramatly kitaplar – Brahmanlar (Brahmanyň erkiniň beýany) düzýär. Brahmanlar onlarça kitaplardan ybaratdyr. Mazmuny boýunça olar wedalaryň teswiridir. Bularyň mazmunyny Brahma hudaýy ruhanylaryň üsti bilen adamlara iberipdir diýlip hasap edilýär.

Mukaddes kitaplaryň üçünji topary Aranýaklardyr (Terkidünýäleriň kitaby). Adyndan belli bolşy ýaly, onda terkidünýälik we onuň berjaý edilişiniň dessurlary hakynda gürrüň berilýär.

Upanişadlar (sözme-söz terjimesi «upa» (ýanynda), «ni» (aşak), «şad» (oturanlar), ýagny mugallymyň – brahmanyň öňünde oturan okuwçylary diýen manyda) mukaddes kitaplaryň dördünji toparyny emele getirip, olar wedalaryň dini-filosofik tewsirleridir.

Bäşinji topar – Puranlar gadymy hekaýatlar bolup, olar onlarça kitaplardan – smritilerden ybaratdyr. Has gadymy puranlar başda ýatdan aýdylypdyr. Mazmuny boýunça olar hudaýlar hakyndaky gürrüňlerdir.

«Mahabharata» (Beýik bharatalylar; bharatalylar – hindistanlylar) poemasy hem keramatly kitap hasap edilip, onuň ýeke özi altynjy topary emele getirýär. Poema 100 müňe golaý ikilemelerden ybaratdyr. Ol 18 sany bölüme bölünip, şolaryň her biri aýratyn kitap hökmünde kabul edilýär. Bu bölümler – kitaplar möçberi boýunça 320-den 14372-ä çenli ikilemeleri öz içine alýar.

Ýedinji topary hem ýeke bir kitap emele getirip, ol «Ramaýana» (Rama hakynda hekaýat) poemasydyr. Bu kitap 24 müň sany ikilemeden ybaratdyr. «Ramaýana» ýedi bölüme bölünip, ol, adatça, bir kitap edilip çap edilýär.

Gadymy ýazuw ýadygärlikleriniň ýene-de bir görnüşi «Wedangadyr» (Wedanyň [bir] bölegi). Wedanga – Wedadan bölünip aýrylýan däp-dessurlaryň we ylmy edebiýatyň toplumydyr. Ol weda däplerini dogry berjaý etmek we weda edebiýatyna düşündiriş bermek bilen baglanyşykly alty sany ylmy ugry özünde jemleýär. Şol ugurlar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Şikşa (dil bilimi);
2. Çhandas (şygryýetiň taglymaty);
3. Wýakarana (ýazuw düzgünleri);
4. Nirukta (etimologiýa – dil biliminiň bir ugry);

«Mahabharata» eserinden bir parça

5. Jýotişa (älemşynaslyk, astronomiýa);
6. Kalpa (hindi adatyny öwreniş ylmy).

Alymlaryň pikirine görä, wedangalaryň agramly bölegi b. e. öňki V–II asyrlarda düzülipdir.

Dharmaşastrlar

Beýleki ýurtlarda bolşy ýaly, orta asyrlarda Hindistanda hem jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlaryna degişli köpsanly eserler döredilipdir. Şol eserleriň bir topary dharmaşastrlar diýlip atlandyrylýar. Dharmaşastrlar – bu dini-etiki, hukuk we syýasy häsiýetdäki dessurlar baradaky ýazgylaryň özboluşly ýygyndysy bolup, olar akyldarlygyň we peýdaly maslahatlaryň gymmatly çeşmeleridir. Bu kitaplaryň mazmuny gadymy brahmançylyk mekdepleriniň däplerini we taglymatyny görkezmek we beýan etmek bolup, olaryň mazmunyna öz döwrüniň şertlerine hem-de talaplaryna görä düşündiriş berlipdir.

«Arthaşastra» – bu eser darmaşastrlaryň iň irki görnüşi hasap edilýär. «Arthaşastra» (sanskrit. «peýda hakynda ylym», «döwlet dolandyrylyşy hakynda ylym», «syýasat hakynda ylym») eseri gadymy hindi jemgyýetçilik-syýasy pikiri hakyndaky ýazgylardyr. «Arthaşastra» döwleti dogry hem-de dürs dolandyrmak üçin patyşalara pent hökmünde ýazylan eser bolup, ol hindileriň syýasy sungaty baradaky amaly bilimleriň özboluşly ýygyndysydyr. Bu eser Maurýalar nesilşalygynyň belli hökümdary Çandragupta I-niň (b. e. öňki 321–297) baş maslahatçysy Kautilýa (ýa-da başgaça Wişnagupta) tarapyndan ýazylypdyr diýlip çaklanylýar. Bu eseriň b. e. IV asyrynda ýazylan bolaýmagynyň ähtimaldygy hakyndaky pikirler hem bardyr. «Arthaşastra» XX asyryň başlarynda hindi alymy R. Şama-Şastri tarapyndan ýüze çykarylypdyr we 1909-njy ýylda neşir edilýär.

«Ramaýana» eserinden bir parça

«Arthaşastrada» maddy gymmatlyklar ýa-da peýda (artha) diniň hem-de duýgy lezzetleriniň esasyny düzýär, döwleti dolandyrmak, syýasat filosofiýanyň, diniň we ykdysadyýetiň abadançylygyny we goragyny üpjün edýär we şu üç ylmyň kökleri syýasatdan gözbaş alyp gaýdýar diýlip aýdylýar. «Arthaşastra» mazmuny boýunça 15 sany bölümden ybaratdyr. Onda ylym, bilim, döwlet dolandyryş, kanunçylyk we kazyýet ulgamlary, jenaýat işleri, daşary syýasatyň alty usuly (parahatçylyk, uruş, hüşgärlik, hüjüm, howandar gözlemek, «iki ýüzli syýasat») we başgalar hakynda aýdylýar. Umuman alnanda, «Arthaşastra» döwlet dolandyryş ulgamyny we jemgyýetiň durmuş gurluşyny beýan edýän iň gymmatly ýazuw ýadygärligidir.

Wagtyň geçmegi bilen dharmaşastrlardaky pähimler täze ýüze çykan şertlerde ulanylman, diňe keramatly eser hökmünde ýaşamagyny dowam etdiripdir. Bu kitaplar tä Täze taryh döwrüne çenli köpsanly orta asyr kommentatorlary – brahman rişileri tarapyndan öwrenilipdir we düşündiriş berlipdir. Dharmaşastrlara edilen düşündirişleriň iň giçkisi – «Ýajnawalkýa-smriti» XVIII asyra degişlidir, ýöne ol diňe döwlet hakyndadyr.

Gadymy hukuk eserleri boýunça hünärmenleriň ir döwürlerde alyp baran işleriniň häsiýeti köp babatda brahmançylyk bilimleriniň näderejede bolandygyny görkezýär. Şunuň bilen bir hatarda, şol döwürlerde amala aşyrylan işler, orta asyr ylmynyň özboluşly ösüşini hem görkezýär. Emma dharmaşastrlaryň ýazgysynda brahmanlar tarapyndan beýan edilen köpsanly hukuk kadalary gollanma hökmünde ulanylypdyr we orta asyr hindi jemgyýetiniň ýokary gatlagynyň ýöreden ideologiýasyna öz täsirini ýetiripdir.

Gadymy kitaplaryň öwrenilmeginiň we olara düşündiriş berilmeginiň rişileriň, ýagny hindi danalarynyň nesihatlaryna hemişe ýüzlenilmeginiň özboluşly manysy bolupdyr. Sebäbi adaty hindi jemgyýeti hemişe gadymy medeni mirasyň, däp-dessurlaryň, urp-adatlaryň, dini-filosofik garaýyşlaryň saklanylmagynyň tarapdary bolupdyr. Gürrüňi edilýän dharmaşastrlaryň awtorlary hem rişileriň özleri bolupdyr. Şeýle mazmundaky kitaplar juda haýallyk bilen özgerýän ykdysady we durmuş gurluşy bolan hindi jemgyýetinde özboluşly zerurlyk hökmünde kabul edilipdir.

Şu žanra ir döwürlerde Kamandaky tarapyndan döredilen «Nitisara» eseri hem degişlidir. «Nitisarada» syýasat hakynda gürrüň edilýär. Kamandakiniň «Nitisarasy» b. e. I müňýyllygynyň ortalarynda düzülip, ol dolulygyna syýasatşynaslyk sungaty hakyndaky kitapdyr.

«Ýajnawalkýa-smriti» hem, «Nitisara» hem öz gözbaşyny Kautilýa tarapyndan düzülen gadymy «Arthaşastra» eserinden alyp gaýdýarlar. «Arthaşastra» özboluşly döwlet dolandyryş taglymatydyr. Şol sebäpden hem «Nitisara» «Arthaşastradan» bellibir derejede tapawutlanýar. Sebäbi «Nitisarada», «Arthaşastradaky» ýaly administratiw-hojalyk dolandyryşy we kazyýet işlerini alyp barmak bilen baglanyşykly baplar ýokdur. Üstesine-de, «Nitisara» goşgy bilen ýazylan eserdir.

«Ýajnawalkýa-smriti» orta asyrlaryň bütin dowamynda ençeme ýola kommentirlenipdir, ýagny düşündiriş berlipdir we oňa iňňän ygtybarly tekst hökmünde salgylanylypdyr. «Ýajnawalkýanyň» awtorlary hökmünde hudaýlary ýa-da hyýaly danalary görkezipdirler. Şol danalaryň biri hem Ýajnawalkýa bolupdyr. Bu eseriň iň gadymy düşündirişleriniň biri VIII–IX asyrlarda edilip, awtory Wişwarupa hasap edilýär. XI–XII asyrlarda bu esere başga bir kommentator Wijnýaneşwara düşündiriş beripdir, ýöne onuň düşündirişi «Mitakşara» ady bilen bellidir. XVI asyrda «Mitakşara» Mitramişra atly başga bir kommentator düşündiriş berip, ony «Wiramitrodaýa» diýip atlandyrypdyr.

«Ýajnawalkýa-smritiniň» tekstini kommentatorlar üç baba bölýärler: 1. «Açara» (hökmany adat); 2. «Wýawahara» (kazyýet işleri); 3. «Praýaşçitta» (dini arassalaýyş, günäden saplaýyş).

«Ýajnawalkýadan» başga-da dharmaşastrlaryň «Narada-smriti» görnüşi-de bardyr. «Narada-smriti» formal taýdan dharmaşastr žanryna degişli bolsa-da, ol ondan käbir taraplary boýunça tapawut edýär. Sebäbi «Narada-smriti» tutuşlygyna hukuk we kazyýet işlerine degişlidir. Adaty dharmaşastrlarda bolsa, hukuk we kazyýet işleri esasy tema bolman, ol onda uly bolmadyk möçberi eýeleýär. Eserde görkezilen hukuk kadalarynyň ulanylmaly esasy obýekti jemgyýetiň salgyt töleýän raýatlarynyň arasynda ýüze çykýan jedeller we hukuk bozulmalarydyr. Mälim bolşy ýaly, hindi jemgyýetiniň agramly bölegini salgyt töleýän ilat – jemagatçylar emele getirýärdiler. Şonuň üçin hem «Narada-smritidäki» kadalar, birinji nobatda, jemagatçylar babatynda ulanylypdyr.

«Narada-smriti» hindi jemgyýetinde durmuş-ykdysady meselelerini, maşgala gatnaşyklaryny hem kesgitläpdir. «Narada-smriti» III–IV asyrlarda anonim göçüri-



Sanskritde ýazylan hindi golýazmasy

jiler tarapyndan has irki döwürleriň eserleri bolan «Ýajnawalkýa-smriti» we «Manu-smriti» eserlerinden göçürilen giçki dharmaşastrlardyr. «Narada-smritide» her bir indusyň öz durmuşynda ugur almaly dini, etiki we hukuk kadalarynyň toplumy hakynda aýdylýar. Şeýle mazmundaky eserler b. e. öňki I müňýyllykda we b. e. I müňýyllygynda giň gerime eýe bolupdyr. Netijede, «Narada-smriti» mazmuny boýunça türkmençilik ýa-da türkmenleriň adaty ýaly bir zatdyr.

Dharmaşastrlara «Manu-smriti» (Manu kanunlary) eseri hem degişlidir. Ol durmuş däplerini we kadalaryny kesgitläpdir. «Manu-smriti» we «Ýajnawalkýa-smriti» edil musulmanlaryň şerigaty bilen bir hatarda Hindistanda iňlis kolonial edarasy tarapyndan ykrar edilipdir we indus kazyýetinde ulanylypdyr.

Hindistanyň taryhy boýunça musulman çeşmeleri

VIII asyrdan Hindistana musulman dininiň we arap diliniň ýaýrap başlamagy bilen, ýurtda asyrlaryň dowamynda baý taryhnama mirasy toplanypdyr. Emma musulmançylyk köpçülikleýin ýaýrasa-da, Hindistanda arap dili özüne mynasyp orun eýeläp bilmedi; bu ýurtda hat-ýazuwyň, çeper we ylmy döredijiligiň dili hökmünde pars dili öňe saýlandy. Hindi çeşmeşynaslygynyň aýratynlyklarynyň biri-de, taryhçylaryň esasy köpçüliginiň goňşy ýurtlardan Hindistana göçüp gelenlerden bolmagydyr. Hasan Nyzamy, Minhajuddin Juzjany, Hoja Nyzamuddin Ahmet, Abul Fazl, Ferişta, Mirza Amin Kazwini, Hafi Han şeýle taryhçylaryň hataryndandyr. Taryhçylaryň arasynda kakasy ýa-da atasy Orta Aziýadan, Eýrandan we Arap ýurtlaryndan göçüp gelen adamlar hem köp bolupdyr. Olardan Ziauddin Baranyny, Emir Hysrow Dehlewini, Sirhindini, Badaunini, Abdul Hamit Lahorini we başgalary görkezmek bolar.

Hindistan hakynda ýazan awtorlaryň arasynda Firuz şa Togolak, Teýmirleň, Zahyreddin Muhammet Babur, Mirza Haýdar Duglat (Döwlet), Jahangir ýaly hökümdarlar hem bolupdyr. XVII–XVIII asyrlarda indus taryhçylarynyň hem uly topary peýda bolýar. Olaryň aglabasy Beýik Mogollar döwletinde we beýleki musulman döwletlerinde ýokary wezipeleri eýeläpdirler we pars dilinde ençeme eserleri döredipdirler. Olardan Bindra Ban Roýuň, Bhim Seniň, Bhagwanat Dasyň, Banwali Dasyň,

Emir Hysrow Dehlewi okuwçylary bilen (Soltan Söýüniň eserinden miniatýura)

Sujan Roýuň, Işwar Dasyň, Jagjiwan Dasyň, Çaturman Raýyň, Daýa Ramyň we beýlekileriň atlaryny görkezmek bolar.

Abu Nasyr Muhammet al-Utbiniň (961–1036) Gaznaly nesliniň taryhy, hususan-da, Mahmyt Gaznalynyň ömür ýoly beýan edilýän «Kitab al-Ýamini» eseri Hindistanyň X–XI asyrlar döwrüniň taryhy barada gymmatly maglumatlary özünde jemleýär. Bu iş musulmanlar tarapyndan Hindistan barada ýazylan ilkinji işleriň biridir. Hindistan barada gaznalylar köşgünde işlän al-Birunynyň «Hindistan» atly meşhur taryhy-geografik kitabynda, Abul Fazl Beýhakiniň «Tarih-i Beýhaki», Abdalhaýy Gardiziniň «Zeýn al-ahbar» (Habarlaryň bezegi) eserlerinde hem giňişleýin berilýär.

Hindistanda Deli soltanlygynyň esaslandyrylmagy bilen ýurduň öz çäginde hem taryhy eserler ýazylyp başlanýar. Bu döwür Hindistanda musulman, şeýle hem indus taryhnamalarynyň kemala gelmeginde uly ähmiýete eýe boldy. Bu işe ömrüniň soňky ýyllaryny Hindistanda geçiren asly merwli Muhammet Aufiniň (1177–1242), Minhajuddin Juzjanynyň (1193-nji ýylda doglan), Emir Hysrow Dehlewiniň (1253–1325) döredijiligi örän uly täsir etdi.

Deli soltanlygynyň taryhyna degişli ilkinji işleriň biri – «Taj al-Ma'asir» eseri Hasan Nyzamy tarapyndan ýazylýar. Eserdäki wakalar 1192–1228-nji ýyllary öz içine alýar. Hasan Nyzamynyň özi nişapurly bolup, Gaznadan Delä gelipdir we döwletiň syýasy durmuşynda uly täsire eýe bolupdyr. Eserde Owganystanyň çäginde dörän Gurlaryň döwleti, şeýle hem Deliniň ilkinji hökümdarlary Kutubeddin Aýbegiň (1206–1210) we soltan Iltutmuşyň (1210–1236) dolandyran ýyllary, Ihtiýaruddin Muhammet ibn Bagtyýar Halajyň Gündogar Hindistana ýörişleri barada gymmatly maglumatlar berilýär.

Deli soltanlygynyň irki taryhyny öwrenmekde Fahreddin Mübärekşahyň (Fahr Mudabbir – 1207-nji ýylda aradan çykan) ylymda «Tarih-i Mubarek-şahi» ady bilen tanalýan eseriniň hem aýratyn uly ähmiýeti bar. Onda türki kowumlaryndan bolan serkerdeleriň Hindistana gelişleri, olaryň ata-babalary, şeýle hem oguz taýpalary barada gymmatly maglumatlar berilýär.

Nureddin Muhammet Awfiniň «Lawami al-Rawaýat» eseri Hindistanyň XIII asyryň başlaryndaky durmuş ýagdaýyny açyp görkezmekde uly ähmiýete eýedir. Onuň işinde Bihar we Bengaliýa (Gündogar Hindistan), hususan-da, bu ýerleriniň mäligi Mahmyt Nasyreddin hakynda gymmatly maglumatlar berilýär. Awfiniň eserine soňraky döwrüň Barany we Jüzjany ýaly taryhçylary hem häli-şindi salgylanyp durupdyrlar. Bu iş Hasan Nyzamynyň «Taj al-Ma'asir» we Jüzjanynyň «Tabakat-i Nasiri» eserlerinde berilýän maglumatlaryň üstüni doldurýar.

Hindistanyň taryhyny öwrenmekde edebi eserleriň hem uly ähmiýeti bardyr. Seýit Sirajuddin (1254-nji ýylda aradan çykan) ýa-da Siraji Horasani Hindistanda ilkinji «Diwan» döreden şahyrlaryň biri hökmünde tanalýar. Ol bu ýere soltan Iltutmuşyň döwründe gelipdir. Onuň «Diwanynda» XIII asyryň birinji ýarymynda

Demirgazyk we Gündogar Hindistanda bolup geçen harby-syýasy wakalar hakynda köp şaýatnamalar getirilýär.

Hindistanyň taryhyny şygyr bilen ýazan awtorlaryň biri-de beýik türkmen şahyry Emir Hysrow Dehlewidir (1252–1325). Ol Kyýaseddin Balbandan (1265–1287) başlap, onuň agtygy Mugyzeddin Keýkubadyň (1287–1290), Jelaleddin Firuz şa Halajyň (1290–1296), Alaýeddin Muhammet şa Halajyň (1296–1316), Kutubeddin Mübärek şa Halajyň (1316–1320), Togalak soltanyň (1320–1325) we onuň ogly Muhammet han Togalagyň (1325–1351) dolandyran ýyllarynda Delidäki soltanlaryň köşgünde işläpdir.

Emir Hysrow taryhy eserleri ýazmandyr, ýöne onuň dünýä belli meşhur eserlerinde döwrüň syýasy hem-de sosial wakalary giňden şöhlelendirilipdir. Emir Hysrow Dehlewiniň şeýle mazmundaky eserleriniň ilkinjisi 1289-njy ýylda ýazylan «Bagtly ýyldyzlaryň birleşmegi» («Kyran as-sadeýin») atly dessanydyr. Dessanda iki soltanyň – ataly-ogluň duşuşygy, şeýle hem Delidäki soltanlaryň mongol basybalyjylaryna garşy göreşleri beýan edilýär. Balbanyň agtygy Mugyzeddin Keýkubadyň özünden maslahat soralman tagta çykarylmagyndan, täze hökümdaryň kakasy, Bengaliýanyň emiri Bugra han nägile bolupdyr. Keýkubat kakasynyň garşysyna Bengaliýa tarap goşun sürýär. Bugra han hem goşunlary bilen oglunyň garşysyna çykypdyr. Emma 1288-nji ýylda abraýly köşk begzadalarynyň araçy bolmagynda, ataly-ogluň arasynda ýaraşyk baglaşmak başardypdyr. Bu waka şahyryň «Kyran as-sadeýin» eserinde öz beýanyny tapypdyr. Şahyryň eserini soňra orta aziýaly syýahatçy hem-de alym Abdyrazzak Samarkandy (1413–1482) özüniň «Hindistana syýahat hakynda hekaýat we onuň gudratlarynyň we täsinliklerиniň beýany» atly işinde giňişleýin ulanypdyr.

Abul Fazl özüniň «Ekber-nama» eserini Ekber patyşa gowşurýar

Emir Hysrow Dehlewi Firuz şa Halaja bagyşlap 1291-nji ýylda «Ýeňiş açary» («Mehtaf al-futuh»), soňra bolsa «Ýeňişler hazynasy» («Hazaýyn al-futuh») dessanlaryny döredýär. Bu eserde

şahyr öz howandarynyň ýeňişli ýörişlerini wasp edýär. Emir Hysrowyň «Togalak nama» dessany onuň iň soňky eseridir. Dessan soltan Togalak hana bagyşlanyp, onda XIV asyryň 20-nji ýyllarynyň birinji ýarymynyň syýasy wakalary beýan edilýär. Şahyryň 1316-njy ýylda ýazylan «Dewal-rani we Hydyr han» dessany hem Günorta Hindistana guralan ýörişler bilen baglanyşykly wakalary beýan edýär.

XIV asyrda Zyýa ud-Din Barany hem-de Şems Siraj Afif tarapyndan Firuz şa Togalaga (1351–1388) bagyşlanylyp «Tarih-i Firuz şahi» atly iki sany eser döredilýär. Deli soltanlygynyň taryhy barada eser ýazan meşhur taryhçylaryň biri Ziýauddin Baranydyr (1285–1357). Barany begzada maşgalasynda dünýä inýär. Onuň kakasy we atasy Deli soltanlygynda ýokary köşk wezipelerini eýeläpdirler. Onuň özi hiç haçan wezipe eýelemändir, ýöne on ýedi ýyllap Muhammet han Togalagyň ýakyn adamlarynyň biri bolupdyr. Barany Emir Hysrow Dehlewi bilen hem dostlukly gatnaşyklary saklapdyr. Emma Muhammet Togalak tagtdan agdarylandan soň ol şowsuzlyga uçraýar. Ol öz eserlerini Firuz şanyň gönünü görmek, özüniň köşkdäki öňki ýagdaýyny dikeltmek üçin ýazypdyr. Emma täze hökümdar oňa gülüp bakmandyr. Onuň eserine baha-da berilmändir. Ziýauddin Barany 1357-nji ýylda garyplykda aradan çykypdyr. Onuň «Tarih-i Firuz şahi» eserindäki wakalar Kyýaseddin Balbandan başlanyp, Firuz şanyň hökümdarlygynyň alty ýylyny öz içine alýar. Firuz şanyň hökümdarlygy hakynda näbelli awtoryň «Sirat-i Firuz şahi» (Firuz şanyň ömürbeýany) eseri hem saklanyp galypdyr.

Baranynyň «Fetwaý-i Jahandari» eseri syýasy mazmunly işdir. Onda musulman hökümdarynyň nähili bolmalydygy, döwlet we raýatlar babatynda nähili işleriň amala aşyrylmalydygy barada pikir ýöredilýär. Ziýauddin Barany «Salwat-i Kebir», «Sena-i Muhammadi», «Hasratnama», «Inaýatnama», «Ma'asir-i Sa'adat» ýaly eserleri hem döredipdir.

Minhajuddin Jüzjanynyň 1260-njy ýylda ýazylan «Tabakat-i Nasiri» eserinde hem Deli soltanlygynyň taryhyndan söz açylýar. Onuň doly ady Abu Omar Osman ibn Muhammet al-Minhaj-e-Siraj al-Jüzjany bolup, oňa Iltutmuş hanyň kiçi ogly soltan Nasyreddin Mahmyt (1246–1365) howandarlyk edipdir. Şonuň üçin hem ol eserini onuň hormatyna «Tabakat-i Nasiri» diýip atlandyrypdyr. Ol 1227-nji ýylda Iltutmuş han tarapyndan Deliniň kazysy wezipesine bellenipdir. Onda Yslamyň irki döwründen 1259-njy ýyllara çenli wakalar yzarlanylýar. Eseriň ähmiýetli tarapy, ol XIII asyryň ortalarynda Gündogar Hindistanyň durmuş-ykdysady ýagdaýyny has anyk beýan etmäge mümkinçilik berýär. Eseriň häzirki zamandaky ýazgylary iki tomda jemlenendir.

Ziýauddin Barany

Taj al-Mülk Ihtisan al-Hindiniň (1301–1351) «Basatin al-Uns» eseri hem gymmatly çeşmeleriň biri hasap edilýär. Eseriň awtory Kyýaseddin Togalagyň we Muhammet Toga-

lagyň döwründe ýokary döwlet wezipelerini eýeläpdir. Awtoryň syýasy wakalar, medeniýet we sungat hakynda gymmatly maglumatlary berýändigine garamazdan, bu işdäki maglumatlar häzirki zaman taryhçylary tarapyndan ulanylmaýar. 1325–1326-njy ýyllarda ýazylan bu işde XIV asyryň möhüm wakalary teswirlenýär.



Ibn Batuta

Isaminiň 1349-njy ýylda ýazylan «Futuh as-Salatin» (Soltanlaryň ýörişleri) eseri hem çeşmeşynaşlyk taýdan ähmiýetli işleriň biri hasap edilýär. Bu eser «Namah Şah-i-Hind» (Hindi şalary hakynda kitap) ady bilen hem bellidir. Isami 1310-njy ýylda doglupdyr, onuň aradan çykan ýyly belli däl. Onuň atasy Izzeddin Balbanyň goşunynyň baş serkerdesi (sipahsalar), garry atasy Zahir al-Mülk bolsa soltan Nasyreddin Mahmydyň wekili bolupdyr. Ol Muhammet Togalagyň döwründe, döwletiň täze paýtagty Döwletabat şäherinde hem ýaşapdyr. Ahyrsoňunda ol Bähmeni döwletini esaslandyran soltan Alaeddin Bähmenşanyň gullugynda durýar. Isaminiň eserinde Mahmyt Gaznalydan başlap, Alaeddin Halaja çenli wakalar beýan edilýär. Onda hindileriň medeni durmuşy hem bellibir derejede şöhlelendirilýär.

Deli soltanlygynyň taryhy barada arap dilinde ýazylan işleriň hem käbiri saklanyp galypdyr. Muňa mysal edip arap alymy Omar Şihabuddiniň (1301–1348) aragatnaşyk ýollary hem-de ýurtlar hakyndaky işini görkezmek bolar. Bu işiň ylmy ähmiýetine diňe hindistanly alymlar däl, eýsem ýewropaly alymlar hem ýokary baha beripdirler. Eserde döwletiň içeri syýasaty, gury ýer we deňiz goşunlary, hindileriň medeni durmuşy barada-da gyzykly gürrüňler berilýär. Şihabuddiniň işinde täjirleriň, syýahatçylaryň, alymlaryň, zyýaratçylaryň we hökümdarlar tarapyndan Hindistanyň dürli ýerlerine iberilen emeldarlaryň gürrüňleri we maglumatlary giňişleýin peýdalanylypdyr.

Deli soltanlygynyň taryhyna degişli resminama maglumatlary saklanmandyr diýen ýaly. Diňe 1359-njy ýylda salgyt gullugynyň emeldary Hajy Abdul Hamit Muharrir Gaznewi tarapyndan hasapçylar üçin niýetlenilip ýazylan kitapçanyň golýazmasy saklanyp galypdyr. Kitapçada şerigatyň kadalary boýunça alynmaly salgytlar, salgytlary ýygnamagyň usullary barada maslahatlar, salgyt ulgamy bilen baglanyşykly adalgalar barada düşündirişler berilýär. Deli soltanlygynyň döwrüne degişli malfuzat, maktubat (hat) we tezkire (sopularyň terjimehaly hakynda eserler) görnüşindäki eserler hem saklanyp galypdyr.

Malfuzatlaryň hatarynda Nyzameddin Öwlüýä bagyşlanyp Emir Hasan Sijji tarapyndan 1325-nji ýylda ýazylan «Fawaid al-Fuad», Hamit Galandaryň şeýh Mahmyt Nasyreddin Çiragi Dehlewä bagyşlap 1356-njy ýylda ýazan «Haýr al-Majlis», şeýle hem «Madan al-Ma'ani» (1345), «Malfuz as-Safar» (1360, Sopuçylyk

Muhammetguly Kutupşa

ýoluna akyl ýetirme), «Genji-laÝafana» (1359/1376, Ebedi hazyna) eserlerini görkezmek bolar.

Maktubat žanryna degişli işleriň hatarynda Şerefeddin Ýahýa Maneriniň (1290–1381) öz şägirtlerine we Deliniň hem-de Bengaliýanyň hökümdarlaryna ýazan hatlaryny, şeýle-de Muzaffar Şems Balhiniň (1400-nji ýylda aradan çykan), Nur Kutb-i Älemiň (1415-nji ýylda aradan çykan) we Aşraf Jahangir Semnaniniň (1425-nji ýylda aradan) ýazgylary uly ylmy ähmiýete eýedir.

Tezkire žanry boýunça Çiştiýe sopuçylyk akymyna degişli meşhur sopular barada «Siýar al-Auliýa», «Manakib al-Esfiýa» (Sopularyň amal eden şöhratly işleri) ýaly işler saklanyp galypdyr.

Hindistanyň taryhyny öwrenmekde meşhur arap syýahatçysy Ibn Batutanyň (1304–1377) «Rehla» ýa-da «Tuhfat al-Nuzzar fi Garaip Amsar Ajaib wa al-Esfar» eseriniň uly ähmiýeti bardyr. Ibn Batuta dünýäniň köp ýerlerine, şol sanda Hindistana hem syýahat edipdir. Ibn Batuta sekiz ýyllap Deliniň kazysy bolup işläpdir. Ol 1333–1347-nji ýyllarda Hindistanda bolup, Deli soltanlarynyň gullugynda durupdyr, olaryň diplomatik tabşyryklary boýunça goňşy ýurtlarda bolupdyr. Ibn Batuta 1343–1345-nji ýyllarda Bengaliýada-da bolup görüpdir. Awtoryň «Rehla» eseri Hindistanyň taryhynyň şu döwri boýunça iň gymmatly işleriň biridir.

Hindistanda höküm süren owganlaryň Lodi we Suri neşilşalyklarynyň[1] taryhy barada Ahmet Ýadygäriň «Tarih-i salatin-i afagane» (1451), Nygmatulla ibn Habullah Herewiniň «Mahzan-i afagane», (1612), Hasan Aly hanyň «Tawarih-i doulati Şer şahi» (XVI asyr), Abdullanyň «Tarih-i Daudi» (XVII asyryň başy) eserleriniň ähmiýeti uludyr.

Deli soltanlygyny dolandyran Seýitler nesilşalygynyň (1414–1441) taryhy barada Ýahýa ibn Ahmet Sirhindiniň 1434–1435-nji ýyllarda ýazylan «Tarih-i Mubarak-şahi» eserinde gürrüň berilýär. Onuň eserindäki baý maglumatlar soňraky asyrlaryň taryhçylary tarapyndan giňişleýin ulanylypdyr.

Seýitleriň döwründe 1438–1439-njy ýyllarda Muhammet Bihamat Han tarapyndan «Tarih-i Muhammadi» eseri ýazylypdyr. Eserde Muhammet pygamber, dört Çaryýarlar, omeýýalar, abbasylar, gaznalylar, seljuklar we Hindistanda gurlan musulman döwletleriniň taryhy beýan edilipdir. Eser mazmuny boýunça Yslamyň ýyl ýazgysy görnüşinde ýazylan özboluşly ähmumumy taryhydyr.

[1] Hakykat ýüzünde owganlaryň Lodi hem-de Suri neşilşalyklarynyň asly türkmenleriň halaç taýpasyndan gelip çykypdyr. Halaçlary giçki döwürlerde «hilji», «gilji» diýip atlandyrypdyrlar. Häziki döwürde olar «gilzaýlar» diýlip atlandyrylýar.

Adylşalar we Kutubşalar döwletleriniň taryhyna bagyşlanan eserler

Günorta Hindistanda (Dekan) ýaşap geçen Adylşalar (1489–1686) we Kutubşalar (1512–1687) döwletleri ýurduň taryhynda uly yz galdyrypdyr. Bu sebitlerde ylym-bilimiň, medeniýetiň we sungatyň ösmegi bilen urdu diliniň «Dekan urdusy» atly şiwesi hem ýüze çykypdyr.

Bu nesilşalyklaryň ikisiniň döreýiş taryhy-da, soňraky ykbaly-da meňzeş. XV asyryň ahyrlarynda – XVI asyryň başlarynda esaslandyrylan döwletleriň ikisi hem iki ýüz ýyla golaý wagt ýaşanlaryndan soň 1687-nji ýylda mogol patyşasy Aurangzebiň çozuşlarynyň netijesinde synypdyr. Bijapur bilen Golkonda syýasy we edebi bäsdeşler bolan Muhammetguly Kutubşanyň (1580–1611) hem-de Ywraýym II Adylşanyň (1580–1625) dolandyran ýyllarynda gülläp ösüpdir. Bu iki höküm-daryň ikisi hem şahyr bolupdyr. Muhammetguly Kutubşadan «Külliýet» (Ýygyndy), Ywraýym II Adylşadan bolsa «Nauras» (Dokuz nagma) atly uly göwrümli eserler miras galypdyr.

Adylşalaryň Bijapurdaky köşgünde «Saky nama» (Saky (şerapçy) hakynda kitap) eserini döreden Muhammet Zuhury, ajaýyp taryhçy, ylymda «Ferişte» ady bilen tanalýan Muhammet Kasym Hinduşah Astrabady (1623-nji ýyldan soň aradan çykan) uly abraýdan peýdalanypdyrlar. Ferişdäniň 1593-nji ýylda ýazylan «Gülşan-e Ibrahimi» (Ywraýymyň gülçemeni) eseri häzirki bu güne çenli Adylşalaryň taryhy boýunça urdu dilinde ýazylan iň ygtybarly çeşme hasap edilýär. Onuň ýazmagyna görä, Ywraýym II-niň döwründe Bijapurda bir million töweregi ilat ýaşap, onda 1600 sany metjit bolupdyr. Şäherde köpsanly köşkler, kerwensaraýlar, bazarlar, hammamlar we ýaşaýyş jaýlary gurlupdyr.

Bijapur köşgünde «Şahyrlaryň şasy» derejesine eýe bolup, ajaýyp eserleri döreden meşhur şahyrlaryň biri Muhammet Nusraty (1684-nji ýylda aradan çykan) bolupdyr. Ol Adylşalary taryplaýan kasydalary, poemalary bilen bir hatarda «Alinama» (Aly [Adyl şa] hakynda hekaýat) we «Tarih-i Iskanderi» (Isgender [Aly şanyň] hökümdarlygynyň taryhy) atly kämil taryhy kitaplary hem ýazypdyr. Nusratynyň gahrymançylykly wakalary wasp edýän eserlerinde Dekanda bolup geçen taryhy wakalar janlandyrylýar, Adylşalaryň we Kutubşalaryň mogollar bilen alyp baran uruşlary beýan edilýär.

Beýik Mogollar döwletiniň döwründe ýazylan taryhy eserler

Beýik Mogollaryň hökümdarlygy döwründe (1526–1857) hem köpsanly taryhy eserler döredilipdir. Olaryň iň irkileriniň hatarynda döwleti esaslandyryjy Zahyreddin Muhammet Baburyň (1526–1530) «Baburnama», Baburyň gyzy Gülbeden

Zahyreddin Muhammet Babur

Begimiň (1603-nji ýylda aradan çykan) öz enebaşga dogany Humaýunyň (1530–1540, 1555–1556) ömür ýoluna bagyşlap ýazan «Humaýunnama» eserleri türki dilinde ýazylan ýatlamalardyr. Emma Baburyň doganoglany Mürze Haýdar Döwlet hanyň (1531-nji ýylda aradan çykan) Çagataýlar nesliniň taryhyny hem özünde jemleýän «Tarih-i Raşidi» eseri eýýäm pars dilinde ýazylan işleriň hataryna girýär. Humaýunyň gysgaça ýatlamalary hem ýazylypdyr. Ony Humaýunyň supraçybaşysy (af-tabaçi) Jöwher ýazypdyr. Gülbeden Begimiň we Jöwheriň işleri Baburyň agtygy, Humaýunyň bolsa ogly Ekberiň haýyşy boýunça ýazylypdyr. «Baburnama» we «Humaýunnama» eserleriniň diňe bir taryhy ähmiýeti bolman, olar türki dilini öwrenmekde-de möhüm ähmiýete eýedir.

Ekberiň dolandyran ýyllary barada Abul Fazl Allaminiň (1639-njy ýylda aradan çykan) «Akbarnama» atly üç tomluk eseriniň hem ähmiýeti uludyr. Eseriň üçünji tomy – «A'in-i Akbari» has-da ähmiýetlidir. Onda Beýik Mogollar döwletiniň dolandyryş ulgamynyň gurluşy açylyp görkezilýär.

Beýik Mogollar döwletiniň taryhy barada ýazylan işleriň arasynda Ekber patyşanyň köşk ymamy Adul Kadyr Badauniniň (1541–1596) «Muntahab at-tawarih» (Ýyl ýazgylaryndan alnan mysallar) eseri ähmiýetlidir. Eseriň awtory mogollar döwrüniň belli sünni ulamalarynyň biri bolupdyr. Ol öz hökümdary Ekberiň dini syýasatyny oňlamandyr, şonuň üçin hem onuň bu meselede Ekberi tankyt edýän eseri köp wagtlap gizlenilip saklanypdyr. Iş üç tomdan ybarat bolup, onuň birinji tomunda Hindistanyň taryhynyň XI–XVI asyrlarynyň, ikinji tomunda Ekberiň höküm süren ýyllarynyň taryhy, üçünji tomunda bolsa öz döwrüniň meşhur ulamalarynyň ömürbeýanlary şöhlelendirilipdir.

Ekberiň ogly Jahangiriň (1605–1627) dolandyran ýyllarynda oňa bagyşlanyp «Tuzuk-i Jahangiri» eseri döredilýär. Bu hökümdaryň dolandyran ýyllary barada köşk işgäri Mutamad han (1602-nji ýylda aradan çykan) hem «Ykbalnameýi Jahangiri» diýen eseri ýazypdyr. Jahangiriň döwründe Beýik Mogollaryň nesilbaşysy Teýmirleňiň ýatlamalary hökmünde Hindistanda «Tuzukati Timuri» eseri hem ýaýrapdyr. Muhammet Salyh Kambun «Amal-i Salih» (Salyhyň işleri) we Şa-Jahanyň ömür ýoluna bagyşlap «Şah-Jahan-name» eserini döredýär. Şa Jahan barada Ýusup Miregiň «Tarih-i mazhar-i Şah Jahani» eseri hem saklanyp galypdyr. Aurangzebiň (1658–1707) döwri barada Hafi hanyň «Muntahab-al-lubab» (Saýlanan jümleler) eseri ýazylypdyr. Aurangzebiň hökümdarlygy Muhammet Kasym (1639-

-njy ýylda aradan çykan) we Muhammet Saki Mustaid han (1724-nji ýylda aradan çykan) tarapyndan hem giňişleýin beýan edilipdir.

Beýik Mogollar döwletiniň dargamagy we iňlis agalygynyň ornaşdyrylmagy bilen baglanyşykly wakalar hakynda Gulam Hüseýin han Tabatabaýynyň (1781-nji ýylda aradan çykan) wakalary 1780-nji ýyla çenli ýetirilip goýlan «Saýýa-al-muta'aherin» (Soňky hökümdarlaryň terjimehallary) hem-de Haýreddin Muhammet Allahabadiniň (1796-njy ýyldan soň aradan çykan) işlerinde gürrüň berilýär. Soňky ady agzalan awtor Şah Älem II-niň dolandyran ýyllarynyň taryhyny hem ýazypdyr.

Bu döwürde Teýmirleňden gözbaş alyp gaýdýan Mogollar neşilşalygynyň taryhyny beýan etmäge-de synanyşyk edilipdir. Muňa Muhammet Haşim Hafi hanyň (1732-nji ýylda aradan çykan) «Teýmirileriň taryhy» we 1785-nji ýyllar töweregi Emir Haýdar Hüseýni Bilgrami tarapyndan ýazylan «Sawanih-i Akbari» eserleri mysal bolup biler.

Terjimehal kysmy işler diňe bir dolandyryjy nesilşalygyň wekilleri tarapyndan däl, eýsem kesekiler tarapyndan hem ýazylypdyr. Şeýle işleriň hatarynda şeýh Muhammet Aly Haziniň (1766-njy ýylda aradan çykan) «Tazkirat al-ahwal» we Mürze Muhammet ibn Mutamat hanyň 1767-nji ýylda ýazan «Ibretnama» eserlerini görkezmek bolar. Mir Abdurrazak Aurangabadiniň (1758-nji ýylda aradan çykan) «Ma'asir al-umara», Amin Ahmet Raziniň 1594-nji ýylda ýazylan «Haft iklim», Murtaza Hüseýin Bilgriminiň «Hadikat al-akalim» atly işleri hem şu žanra degişli eserlerdir.

Terjimehal kysmy işleriň arasynda Hindistanda ýaşap geçen şaýy ulamalaryna bagyşlananlary-da bar. Olaryň hatarynda Nurullah ibn Şerif al-Mar'aşiniň (1610-njy ýylda aradan çykan) «Majalis al-muminin», Muhammet ibn Sadyk ibn Mehdiniň 1869-njy ýylda ýazan «Nujum es-sem'a» eserlerini görkezmek bolar.

Hindistanly sopular, meşhur ulamalar barada ýazylan köpsanly işleriň arasynda Hamit ibn Fazlallah Jemalynyň (1535/36-njy ýylda aradan çykan) «Siýar al-arifin», Abdul Hak Buharynyň (1642-nji ýylda aradan çykan) «Ahbar al-ahiýýar», Abdurrahman Çişti tarapyndan 1655-nji ýylda ýazylan köp tomluk «Mir'at al-esrar», şeýle hem Auranzeb patyşanyň dogany şazada Dara Şikohyň (1659-njy ýylda aradan çykan) «Safinat al-auliýa» eserleri has ähmiýetlidir.

Münşi Muhammet Kazymyň «Älemgirnama», mogol serkerdesi Mürze Nathanyň «Baharystany Gaýyby» (Baharsyz ýurt), Abdal Baky Nahawendiniň «Ma'asiri Rahimi», Abdyl Hamit Lahoriniň «Patyşanama» hronikasy we başgalar Beýik Mogollar döwletiniň giçki döwri barada gürrüň berýärler.

Hindistanyň aýry-aýry sebitleriniň taryhyny beýan edýän işler hem az däl. Şolardan biri «Tarih-i Sinde» ady bilen Mir Muhammet Masumi tarapyndan 1600-nji ýylda ýazylypdyr. Eserde VIII asyryň başlarynda araplaryň Sintde peýda bolmaklaryndan tä Ekber şanyň döwrüne çenli aralykda bolup geçen wakalar hakynda gürrüň berilýär.

Roberto de Nobili

Iňlis basybalyşlaryna berk gaýtawul beren Maýsur döwleti hakyndaky eser XVIII asyryň ahyrlarynda Haýdar Alynyň we onuň mirasdary Tipu Soltanyň köşgünde ýaşan Mir Hüseýin Aly han Kermany tarapyndan ýazylypdyr. Aly Muhammet han tarapyndan ýazylan Güjeratyň taryhy beýan edilýän «Mirati Ahmadi» (Ahmediň aýnasy) eseriniň hem ähmiýeti uludyr. Sindiň (Hind derýasynyň aşak akymlary) taryhy Mir Alyşir Kaniniň (1787-nji ýylda aradan çykan) «Tuhfat al-kiram» eserinde beýan edilýär. Şah Nawaz han tarapyndan ýazylan ömürbeýany häsiýetdäki «Ma'asir-al-umara» (Emirleriň eden işleri) eseri XVIII asyrda ýazylan eserleriň arasynda görnükli orun eýeleýär.

Hindistanyň XVI–XVIII asyrlar döwrüniň taryhy barada başga-da eserler köpdür. Olaryň hatarynda Akyl han Razynyň «Wakeýet-i Alemgiri», Muhammet Kasymyň «Ahwal al-hawanin», Kewal Ramyň «Tazkirat al-umara», Mürze Muhammediň «Tarih-i Muhammadi», Han Bahadur hanyň «Mirat-i Ahmadi», Naraýan Şafigiň «Hakikat-i hakk-i Hundustan» işlerini görkezmek bolar. Bu döwrüň wakalary hakynda gürrüň berýän hatlaryň ýygyndysy hem saklanyp galypdyr. Olardan Musawi hanyň «Munşat», Münşi Daýa Ramyň «Balmukandnama», Bhagawan Dasyň «Aziz al-Galib» ýygyndylaryny görkezmek bolar.

XI BAP. HINDISTANYŇ TARYHYNYŇ TARYHNAMASY

Hindistanyň ýewropa taryhnamasy

Hindistanyň köp müňýyllyk taryhy boýunça asyrlaryň dowamynda ummasyz köp taryhy çeşmeler toplanypdyr. Hindi jemgyýetiniň durmuşynyň dürli ugurlaryny açyp görkezýän şol çeşmeleri ylmy esasda öwrenmeklige heniz kolonial döwürde girişildi. Mälim bolşy ýaly, Hindistan XVII asyryň ikinji ýarymyndan başlap iňlisler tarapyndan eýelenilip başlanýar. XVIII asyrda Hindistany eýelemeklik has hem giň gerime eýe boldy. Netijede, XIX asyryň birinji ýarymynda Hindistan doly eýelenildi.

Hindistanyň eýelenilýän we onuň eýýäm eýelenilen ýerlerinde iňlis dolandyryş ulgamy ýola goýulýan döwürde ýurduň köneden gelýän kanunçylyk, ýer eýeçilik we salgyt ulgamlaryny öwrenmäge bolan gyzyklanmalar artdy. Sebäbi kolonial basybalyşlaryň baş maksady eýelenilen ýurduň baýlyklaryny we öndüriji güýçlerini tabyn edip, köp girdeji almak, baýlyk toplamak bolup duryardy. Ýöne munuň

üçin öňi bilen bu ýurtda asyrlar boýy dowam edip gelen jemgyýetçilik-syýasy we ykdysady gatnaşyklary, ýerli halkyň däp-dessurlaryny hem-de dini ynançlaryny öwrenmelidi. Şunsuz Hindistan ýaly uly, şonuň bilen bir hatarda, köp milletli, köp dinli, bir söz bilen aýdylanda köp öwüşginli ýurdy edara etmek mümkin däldi. Galyberse-de, iňlis Ost-Hindistan kompaniýasynyň aýry-aýry işgärleri, Angliýanyň tanymal adamlary Hindistanyň baý medeni mirasyny öwrenmäge çuňňur gyzyklanma bildiripdirler.

Hindistanyň Angliýanyň koloniýasy bolandygy üçin, bu ýurdy öwrenmekde iňlis taryhçylarynyň hyzmaty uly boldy. XVIII–XX asyrlarda iňlis taryhçylary tarapyndan Hindistanyň taryhynyň düýpli öwrenilmegi, soňra XX asyryň ortalarynda ýüze çykyp ugran Hindistanyň milli taryhnamasyna-da öz täsirini ýetirdi.

Gündogaryň beýleki ýurtlarynda bolşy ýaly, Hindistanyň taryhy hem kolonial basybalyşlary döwründe hristian missionerleri we dürli hünärli iňlis raýatlary tarapyndan öwrenilip başlandy. Missionerleriň käbirleri Hindistanda, Hytaýda, Tibetde, Siamda we beýleki ýurtlarda birnäçe ýyllap ýaşap, bu ýerleriň halklarynyň dillerini öwrenip, olaryň däp-dessurlary, dini ynançlary, maddy hem-de ruhy medeniýetleri hakynda köp maglumatlary toplapdyrlar.

Hristian missionerleri, esasan, Hindistanyň günorta kenarlarynda ýerleşipdirler. Olardan katolikçi Roberto de Nobiliniň (1577–1656) we protestant Bartolomeo Sigenbalyň (1682–1717) atlaryny görkezmek bolar. Bularyň ikisi hem Günorta Hindistanda giňden ýaýran tamil dilini suwara öwrenipdirler we sebitiň taryhyny öwrenmekde uly yz galdyrypdyrlar. B. Sigenbal Ýewropada ilkinji bolup tamil diliniň grammatikasyny ýazypdyr we Günorta Hindistanyň kenar ýakalaryny beýan edipdir. Ol «Malabar hudaýlarynyň şejeresi» atly eseriň hem awtorydyr.

Hristian missionerleri hindiýewropa dilleriniň başlangyjy bolan sanskrit dilini öwrenmäge uly ähmiýet beripdirler. Şunda olar bu diliň ýewropada ýaýran diller bilen köp babatda uýgun gelýändigine göz ýetiripdirler. Munuň özi hristiançylygyň keramatly kitaplarynyň sanskrite we ýerli dillere, şonuň ýaly-da «Ýajurwedanyň» we «Upanişadyň» Ýewropa dillerine terjime edilmegini höweslendiripdir. Ýewropalylar Deli soltanlygy we Beýik Mogollar döwletiniň döwründe Hindistanda çuňňur ornaşan pars dilini, bu dilde döredilen baý edebiýaty öwrenmäge-de uly ähmiýet beripdirler. Netijede, XVIII asyryň ahyrlarynda – XIX asyryň başlarynda Ýewropada gündogary öwreniş ylmynda täze bir ugur – indologiýa (Hindistany öwreniş) ýüze çykýar.

Uorren Heýgstings

Mälim bolşy ýaly, Hindistany öwrenmeklik Ýewropada däl-de, Hindistanyň özünde – Kalkutta şäherinde başlandy. 1773-nji ýylda Ost-Hindistan kompaniýasynyň Bengaliýadaky mülkleriniň general-gubernatorlygyna bellenilen Uorren Heýgstings (1732–1818) iňlislere tabyn edilen ýurdy öwrenmegiň we onuň baý mirasyny gorap saklamagyň möhümdigini aýdypdyr. Onuň hyzmaty bilen Kalkuttada we Benaresde Sanskrit kollejleri döredilýär. Ýerli halkyň wekillerine musulmançylyk (şerigat) we indusçylyk (sanskrit şastrlary) esasynda kazyýet işlerini alyp barmaga ygtyýar berilýär. Emma iňlis kazylary ýerli kanunlary bilmeýändikleri üçin, köplenç, hindilerden bolan maslahatçylaryň kömegine bil baglamaly bolupdyrlar. Şonuň üçin hem iňlis häkimiýetleriniň tabşyrmagy boýunça hindi brahmanlary indus kanunçylyk şastrlaryny düzmäge girişipdirler. Şol şastrlar Natienel Halhed tarapyndan «Indus hukugynyň jemkanuny» ady bilen iňlis diline terjime edilipdir. Emma N. Halhed sanskrit dilini bilmändir, şonuň üçin hem ony ilki bengal diline, bengalçadan pars diline terjime edipdirler. Diňe şundan soň N. Halhed «Indus hukugynyň jemkanunyny» iňlisçä geçiripdir.

N. Halhediň göreldesine eýerip, iňlis täjiri Çarlz Uilkins sanskrit dili bilen meşgullanyp başlaýar. Uorren Heýgstings ony Benares şäherine – indusçylygyň meşhur merkezine iberýär. 1785-nji ýylda ol induizmiň iň bir sarpa goýulýan eseri bolan «Bhagawad-gita» eserini sanskritden iňlis diline terjime edýär. Alym W. Gumboldt bu eseri soňra «Dünýä edebiýatynyň eke-täk filosofik poemasy» diýip atlandyrýar. Bu kitap Ýewropada giň meşhurlyga eýe bolýar we sebitiň ähli dillerine terjime edilýär.

Çarlz Uilkins Ýewropada ilkinji bolup sanskritiň grammatikasyny hem neşir etdirýär. XVIII asyryň ahyrlarynyň iňlis medeniýetiniň görnükli wekili Uilýam Jonsuň (1746–1794) bitiren işleri has hem uly ähmiýete eýe bolýar. Ol E. Gibbon, D. Reýnolds, P. Şeridan ýaly belli gündogarşynaslar bilen dostlukly gatnaşyklary saklapdyr. Aslyýetinde U. Jons hünäri boýunça nusgawy edebiýat we diller bilen meşgullanypdyr. Ol Ost-Hindistan kompaniýasynyň işgärlerine niýetläp pars diliniň grammatikasyny düzüpdir we ony U. Heýgstingse gowşurypdyr. Tiz wagtdan ol Kalkuttada kazynyň wezipesine bellenilýär. Ol döwürler Angliýadan Hindistana barmak üçin birnäçe aýlap deňizde ýüzmeli bolýardy. Ol Londondan Bengaliýa gelýärkä özüniň meşhur «Memorandum» eserini – Gündogar ýurtlaryny giňişleýin we çuňňur öwrenmegiň meýilnamasyny düzýär. «Memorandumda» Gündogar halklarynyň gadymy, orta asyrlar we täze taryh döwürleriniň taryhyny, dil mirasyny, edebiýatyny, dolandyryş ulgamyny we tebigy baýlyklaryny öwrenmek göz öňünde tutulypdyr. Ýöne U. Jonsy, esasan, Gündogar halklarynyň poeziýasy, dinleri we filosofiýasy has köp gyzyklandyrypdyr. Şunda onuň bar ünsi Hindistana gönükdirilipdir.

1785-nji ýylda U. Jonsuň teklibi bilen Kalkuttada gündogarşynaslyk ylmyny guramagyň taryhynda ilkinji ylmy-barlag edarasy – «Aziýa jemgyýeti» döredilýär. Bu jemgyýete öz döwrüniň sowatly iňlis adamlary girip, olar wagtal-wagtal ýygnanyşyp, edilen işleri ara alyp maslahatlaşypdyrlar, ýazylan ylmy işleri «Aziýa barlaglary» atly žurnalda çap etmäge hödürläpdirler. «Aziýa jemgyýeti» Hindistanda häzir hem hereket edýär; onuň baý kitaphanasy, arhiwi we özüniň şahsy neşirýaty bar. XIX asyryň başlarynda «Aziýa jemgyýeti» tarapyndan toplanylan gymmatlyklaryň esasynda Kalkuttada Hindistanda iň iri mirashana – Hindi muzeýi döredildi.

Uilýam Jons

U. Jons ýerli alymlaryň – panditleriň kömegi bilen sanskriti öwrenmegi uly höwes bilen dowam etdiripdir. Şunuň netijesinde ol Kalidasanyň «Şakuntala» dramasyny, «Manunyň kanunlaryny» we «Gitagowinda» poemasyny terjime edipdir. Alym «Aziýa jemgyýetiniň» ýygnaklarynda yzygiderli habarlar bilen çykyş edipdir. Aýratyn hem, «Şakuntala» dramasynyň terjimesi uly üstünlige eýe bolupdyr. Ol ýewropa dilleriniň ählisine terjime edilipdir.

U. Jonsuň ylmy-barlaglary Hindistanyň özünde-de uly ähmiýete eýe bolupdyr. Onuň amal eden işleri meşhur hindi ýazyjysy we jemgyýetçilik işgäri Ram Mohan Roýuň (1772–1838) döredijiligine güýçli täsir edipdir.

«Aziýa jemgyýeti» Hindistanda täze birleşmeleriň döremegi üçin nusga bolup hyzmat edipdir. 1804-nji ýylda Bombeýiň «Edebiýat jemgyýeti» döredilip, ol soňra «Aziýa jemgyýetiniň» bölümine (häzir özbaşdak gurama – «Bombeýiň Aziýa jemgyýeti») öwrülýär. Birneme soňrak «Aziýa jemgyýetiniň» bölümi Madrasda-da esaslandyrylýar.

Indologiýa ylmynyň Ýewropa ýaýramagynyň hem uly ähmiýeti boldy. Bengaliýada gulluk borçlaryny tamamlap, gündogarşynaslar Angliýa dolanyp gelýärdiler. Ç. Uilkins «India Offisiň» (Angliýanyň hökümetiniň Hindistanyň işleri boýunça ministrligi) kitaphanaçysy wezipesini eýeleýär. «Aziýa jemgyýetiniň» beýleki bir agzasy, deňizçi serkerde Aleksandr Gamilton Hindistany öwrenmekligi Fransiýada dowam etdirýär. Ol Parižiň Milli kitaphanasyndaky hindi golýazmalaryny öwrenmek we sanskritden sapak bermek bilen meşgullanypdyr. Ol bu ýerde pars dili boýunça bilermen Antuan Leonar Şezi we nemes şahyry hem-de filosofy Fridrih Şlegel bilen ýakyn aragatnaşyk saklaýar. F. Şlegel 1808-nji ýylda «Hindileriň dili we pähimleri» atly kitaby neşir edýär.

Sanskritologiýa (sanskrit dilini öwrenýän ylym) ylmy Fransiýada, Germaniýada we Angliýada has güýçli ösýär. 1815-nji ýylda «Kollež de Frans» okuw mekdebinde Abel Remýuza tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän Hytaý kafedrasy bilen bir

hatarda, Sanskrit diliniň kafedrasy hem esaslandyrylýar. Şol döwürler Prussiýanyň magaryf ministri, meşhur dilçi we filosof Wilgelm Gumbold bolupdyr. Ol 1818-nji ýylda Bonn şäherinde Sanskrit boýunça ýörite kafedra döredýär we Berlinde baý golýazmalar toplumyny döretmäge girişýär. Berlin golýazmalarynyň esasyny öň Kalkuttanyň kazysy we «Aziýa jemgyýetiniň» işeňňir agzalarynyň biri bolan Robert Çambersiň toplan hindi golýazmalary düzüpdir. Germaniýada «Bhagawad-gita», «Ramaýananyň» ep-esli bölegi çap edilýär. Şeýdip bu ýerde german indologiýasynyň düýbi tutulýar.

Bonn mekdebi bilen bir hatarda, Frans Bopp (1791–1867) tarapyndan sanskritologiýanyň Berlin mekdebi hem peýda bolýar. F. Bopp tarapyndan çap edilen eserleriň arasynda hindi poemasy «Mahabharatadan» bölek – «Nal hakynda hekaýat» bar. Onuň rusça terjimesini «Nal we Damaýanti» ady bilen W. A. Žukowskiý amala aşyrýar. Bu döwürde sanskritologiýa Russiýada-da ýaýraýar. 1830-njy ýylda Berngard Albreht Dorn Harkow uniwersitetinde sanskriti okadyp başlaýar.

Ýewropada Hindistany öwrenmäge islegiň hem-de höwesiň artýan mahalynda, iňlis alymlarynyň käbirlerinde hindileriň mirasyna gyýa göz bilen garamak ýaly pikirler hem bolupdyr. Mysal üçin, iňlis alymy Jeýms Mill özüniň resmi garaýyşlar esasynda ýazylan «Britan Hindistanyň taryhy» atly işinde hindileriň mirasy babatynda utilitar[1] garaýyşlary öňe sürüpdir. Onuň pikiriçe, hindileriň köp asyrlyk mirasy düýpli derňelmäge we olaryň «gowulary» seçilip alnyp, «ýaramazlary» (!) bolsa «zyňlyp taşlanmaga» degişli bolupdyr. Beýleki bir tanymal iňlis taryhçy alymy T. Makoleý hem şeýle garaýyşlara eýermek bilen, «Bütin Gündogaryň ähli edebiýaty, ýewropa nusgawy edebiýatynyň ýekeje tekjesine degenok» diýip belläpdir. Şeýle garaýyşlara iňlis alymlary A. Lou, G. M. Elliot dagylaryň hem eýerendiklerini bellemek gerek. Emma Hindistanyň taryhy babatynda şeýle garaýşa eýerendiklerine garamazdan, G. Elliot bilen J. Dausonyň 1866–1877-nji ýyllarda bilelikde çap eden «Hindistanyň öz taryhçylary tarapyndan gürrüň berlen taryhy» atly köp tomluk eseri uly ähmiýete eýedir. Hindistanyň orta asyrlar döwrüniň taryhyny öwrenmekde Stenli Len-Puluň we U. Heýgiň işleri hem bellenilmäge mynasypdyr. S. Len-Pul hindi-musulman teňňeleriniň esasynda Hindistandaky musulman nesilşalyklarynyň sanawyny düzdi.

---

[1] Util (rus. утиль sözünden – ütül, galyndy, taşlandy manylarynda) – senetçilik we senagat harytlarynyň ýetmezçilik edýän döwründe durmuşda ulanylýan zatlar (egin-eşik, aýakgaplar, gap-çanak we başga zatlar) könelenden soň hem abatlanylyp, gaýtadan ulanylyşa girizilýärdi. Iňlis alymlarynyň käbirleri hindi mirasyna edil şeýle göz bilen garapdyrlar, ýagny olar hindileriň geçmişde döreden mirasynyň haýsydyr biri täze döwür üçin hem «ýaramly» diýlip hasap edilse, onda ony galdyrmaly, eger-de tersine bolan ýagdaýynda, «taşlanylmaly» – ulanyşdan galdyrylmaly diýip hasap edipdirler. Şeýle garaýyşlaryň esasynda hem hindi taryhyny öwrenmegiň «utilitar ugry» diýen düşünje döredi.

Emma Angliýada barybir hindi taryhynyň muşdaklarynyň garaýyşlary agdyklyk etdi. Olar Hindistanyň taryhyny, edebiýatyny, dinini çuňňur öwrenmäge, hindi mirasyny gorap saklamaga çagyrypdyrlar. Olardan iňlis alymlary J. Malkolmyň, M. Ý. Elfinstonyň, J. Toduň, J. Grant-Doffuň, G. Dodwelliň, W. U. Morlendiň, T. J. Spiriň atlary bellenilmäge mynasypdyr.

U. Jonsdan soň Bengaliýanyň «Aziýa jemgyýetiniň» ýolbaşçysy Genri Tomas Kolbruk (1765–1837) bolupdyr. Ol giň garaýyşly, ylmyň-bilimiň dürli ugurlaryndan baş çykarýan alym hasap edilipdir. Ol sanskrit edebiýatynyň we rowaýatlarynyň beýanyny düzüpdir, gadymy hindi astronomiýasy, matematikasy we filosofiýasy boýunça ilkinji işleri ýazypdyr. Onuň özi tarapyndan toplanylan hindi golýazmalarynyň ägirt uly toplumy «India Offisiň» ýygyndylarynyň esasyny düzüpdir. Ol Londonyň «Patyşalyk Aziýa jemgyýetiniň» ilkinji direktorlygyna bellenilipdir.

Ilkinji iňlis indologlarynyň hatarynda Gorasiý Geýman Wilsonyň (1786–1860) ady hem hormat bilen tutulýar. G. G. Wilson Kalkutta lukman hökmünde gelipdir. Ol sanskriti öwrenmäge uly gyzyklanma bildirýär we Kalidasanyň «Jarçy bulut» poemasyny terjime edýär. Ol köp ýyllaryň dowamynda «Aziýa jemgyýetiniň» sekretary bolup işleýär. Onuň Hindistana bagyşlanan işleriniň esasy bölegi, ýagny sanskrit boýunça sözlügi, hindi dramalarynyň we «Wişnu-purananyň» terjimesi Angliýa dolanyp gelenden soň çap edilýär. Haçanda 1833-nji ýylda Ýewropanyň iň meşhur okuw mekdebi – Oksford uniwersitetinde sanskrit dili kafedrasy açylanda, onuň müdirligine G. G. Wilson bellenilýär.

Arheologiýa, numizmatika we epigrafika ylymlary bilen baglanyşykly maglumatlar bilen işlemegiň esasynda iňlis alymlary indologiýa uly goşant goşdular. XIX asyryň 30-njy ýyllarynda Jeýms Prinsep (1799–1840) brahma hatyny okamagyň syrlaryny açdy. Alymyň bu açyşy Hindistanyň gadymy taryhyny öwrenmäge giň mümkinçilik berdi.

Ýewropada buddizm dinini öwrenmek hem giň gerime eýe boldy. XIX asyryň ortalarynda buddizm taglymaty we onuň taryhy bilen görnükli fransuz alymy Ežen Lui



Albreht Weber



E. Konze

Mortimer Uiler

Býurnuf (1801–1852) meşgullandy. Ol sanskriti A. L. Şeziden, hytaý dilini bolsa A. Remýuzadan öwrenýär. A. L. Şezi aradan çykandan soň E. Býurnuf onuň işlerini dowam etdirýär. Ol döwürler buddizm hakyndaky maglumatlaryň möçberi ýylsaýyn artýardy. Wengriýaly Aleksandr Çoma de Köreş (1784–1842) öz halkynyň gadymy watanynyň gözleginde Gündogar ýurtlarynyň köp ýerlerine aýlanýar. Ol 1822-nji ýylda Hindistanyň Lakhnau şäherinde Merkezi Aziýa boýunça iňlis hünärmeni U. Murkrofta sataşýar. Şonda U. Murkroft ony Tibete ugradýar. Çoma de Köreş köp ýyllap Tibetde ýaşap, buddizm we tibet dili barada köp maglumat toplaýar. Ol tibet diliniň sözlügini hem düzýär. Onuň işlerini russiýaly alym Ýakow Iwanowiç Şmidt (1779–1847) dowam etdirýär. Ý. I. Şmidt galmyklaryň arasynda bolup, buddizm we tibet dili baradaky maglumatlary ýygnamak bilen meşgullanýar.

Seýlon adasynda iňlis emeldary J. Terner (1799–1843) Hindistanda ýaýran dilleriň biri bolan pali dilinde ýazylan «Mahawamsa» ýyl ýazgysyny tapýar. Katmandudaky (Nepal) iňlis rezidenti Braýan Hojson (1800–1894) buddizme degişli nepal golýazmalarynyň ýygyndysyny toplaýar. Ol ýygyndydaky golýazmalaryň ep-esli bölegini E. Býurnufa berýär. 1826-njy ýylda E. Býurnuf öz işgärleriniň biri, norwegiýaly alym H. Lessen (1800–1876) bilen bilelikde pali diliniň oçerkini neşir etdirýär.

E. Býurnufyň esasy işi 1844-nji ýylda neşir edilen «Buddizmiň taryhyna giriş» eseridir. Birnäçe ýyldan soň alym buddizmiň «demirgazyk» şahasynyň keramatly kitaplarynyň biri hasap edilýän «Saddharmapundariki» (Abadançylyk kanunynyň lotos güli) kitabyny terjime edýär.

E. Býurnuf sanskritologiýa boýunça hem ep-esli işleri amala aşyrýar. Ol «Bhagawata-purana» sanskrit ýazgylaryny çap edýär. Ol 1822-nji ýylda Parižde «Aziýa jemgyýetini» hem esaslandyrýar. Ol «Aziýa žurnalynyň» birinji redaktory bolupdyr. Nemes sanskritologlary, iň irki hindi edebi eserleriniň biri bolan meşhur «Rigwedany» öwrenijiler – Maks Müller we Rudolf Rot dagylar E. Býurnufyň okuwçylary bolupdyrlar. Onuň egindeşlerinden H. Lassen bolsa 1847–1861-nji ýyllarda dört tomluk «Hindi gadymyýeti boýunça barlaglar» eserini neşir etdirýär. 1867–1873-nji ýyllarda bu eser gaýtadan çap edilýär.

1873–1875-nji ýyllarda Rudolf Rotuň (1821–1895) täsiri bilen matematik we sanskritolog German Grassman «Rigwedanyň» doly sözlügini düzýär. Şol döwürler Oksfordda M. Monýe-Wilýamsyň sanskrit-iňlis sözlügi neşir edilýär.

Weda edebiýatyny öwrenmek işine Fridrih Maksimilian Müller (1823–1900) uly goşant goşdy. Öz kärdeşleri Teodor Aufreht, Ýulius Eggeling, Albreht Weber bilen bilelikde M. Müller 25 ýylyň dowamynda «Rigwedany» äpet kitap görnüşinde her biri 500 nusgada alty gezek neşir edýär.

«Rigweda» bilen bir hatarda, weda ýazgylarynyň beýleki görnüşleri hem nemes dilinde çap edilýär. Hususan-da, T. Benfeý «Samawedany», R. Rot we U. D. Uitni «Atharwedany», A. Weber «Ýajurwedany», «Taýttriýa-samhitini» we «Şatapathany», T. Aufreht bolsa «Aýtareýany» neşir edýärler.

1851–1853-nji ýyllarda Albreht Weber (1825–1901) Berlin golýazmalarynyň uly möçberli katalogyny taýýarlady. Şol döwürler beýleki golýazma ýygyndylarynyň beýany hem peýda bolýar. Şonuň üçin hem şol kataloglaryň ählisi bir ýere jemlenip, Teodor Aufreht (1822–1907) tarapyndan «Kataloglaryň katalogy» neşir edilýär. 1848-nji ýyldan başlap Kalkuttada «Hindi kitaphanasy» ady bilen ýygyndy neşir edilip başlanýar. Onuň sahypalarynda sanskritde ýazylan eserleriň ýüzlerçe tomy neşir edilýär. Bu işiň esasy ruhlandyryjysy ajaýyp hindi alymy, başda «Aziýa jemgyýetiniň» kitaphanaçysy, soňra prezidenti bolup işlän Rajendralal Mitra (1822–1891) bolupdyr. A. Weber «Indische Studien» atly ýörite žurnal esaslandyrýar. Ýarym asyryň dowamynda (1849–1898) žurnalyň sahypalarynda sanskrit ýazgylarynyň 18 tomy neşir edilipdir.

XIX asyryň ortalarynda sanskritologiýa boýunça milli mekdepler hem kemala gelip ugrady. Uilýam Duaýt Uitni (1827–1894) ilkinji amerikan indologlarynyň biri bolupdy. Ol «Atharwedany» iňlis diline terjime etdi. U. D. Uitni Ýel uniwersitetinde işläpdir. 1842-nji ýylda «Amerikan gündogarşynaslarynyň jemgyýeti» esaslandyrylýar, 1850-nji ýyldan başlap bolsa «Amerikan gündogarşynaslyk ylmynyň žurnaly» neşir edilip başlanýar. Gollandiýada buddolog (buddizmi öwreniji) Gendrik Kern (1833–1917) öz ugrundan uly işleri alyp barypdyr. Bu döwürler Russiýanyň Sankt-Peterburg we Moskwa şäherleriniň uniwersitetlerinde ilkinji sanskritologlar işläp başladylar. P. Ý. Petrow 1851-nji ýylda Moskwa uniwersitetiniň sanskrit dili kafedrasyna müdirlik edip başlaýar. K. A. Kossowiç 1850-nji ýylda «Sanskrit-rus sözlügini» taýýarlaýar. Haçanda Sankt-Peterburg uniwersitetinde sanskrit dili kafedrasy döredilende, K. A. Kossowiç onuň müdirligine bellenýär.

Indologiýa ylmy XX asyrda-da uly ösüşlere eýe boldy. Bu ugurdan Hindistany koloniýa öwren we ony 250 ýyldan-da köp wagtlap öz elinde saklan Angliýada köp işler edildi. Angliýada hindi golýazmalary, dürli resminamalaryň ummasyz köp mukdary toplandy we olar düýpli öwrenildi. Oksford we Kembrij uniwersitetlerinde, Britan muzeýinde we Gündogary öwreniş we afrikanistika mekdebinde giň gerimli işler alnyp baryldy. Oksford uniwersitetiniň professory, iňlis taryhçy-indology Winsent Artur Smit (1848–1920) Hindistany öwrenmek işine uly goşant goşan alymlaryň biridir. W. A. Smit Hindistanyň taryhy, numizmatikasy, epigrafikasy, gadymy we orta asyr sungaty hem-de medeniýeti boýunça ylmy-barlag işlerini alyp bardy. Ol 1901–1904-nji ýyllarda çap edilen «Hindistanyň irki taryhy» we «Hindistanyň Oksford» taryhy atly meşhur eserleriň awtorydyr.

S. F. Oldenburg

XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda Hindistanyň taryhy boýunça ylmy-barlag işlerini alyp baran iňlis alymlarynyň hatarynda H. Uilsonyň, A. Wulneriň, Ý. Hultşuň, T. Mihelsonyň, G. Býuleriň atlaryny görkezmek

bolar. 1922-nji ýylda Kembrij uniwersitetiniň alymlary tarapyndan neşir edilen «Hindistanyň Kembrij taryhy» eseri bütin dünýäde giň meşhurlyga eýe bolan ylmy işdir.

Ikinji Jahan urşundan soň belli iňlis arheology Mortimer Uiler (1890–1976) Hindistanyň gadymy siwilizasiýalary, hususan-da, Harappa medeniýeti boýunça möhüm açyşlary etdi. Ol bir döwürde Hindistanyň Arheologiýa gullugyna ýolbaşçylyk hem edipdi. Iňlis arheolog alymlary Brijit we Raýmond Olçin dagylar hem Harappa medeniýetiniň taryhy boýunça ylmy-barlag işlerini alyp bardylar. Bu döwürde gadymy hindi dillerini öwrenmeklige üns berildi. Bu ugurdan T. Barrou bilen M. Emenonyň eden işleri aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Olar «Drawid diliniň etimologik sözlügini» taýýarladylar. G. Beýli gadymy ýazgylaryň we ýyl ýazgylarynyň esasynda buddizmiň, J. Braf bolsa brahman neberelerиniň taryhy barada ylmy barlaglary alyp bardy. Şunda meşhur buddolog Edward Konzeniň (1904–1979) bitiren işleri uly ähmiýete eýe boldy. Onuň esasy işleri buddizm taglymaty bilen baglanyşykly edebiýaty öwrenmeklige bagyşlanypdyr.

Žorž Dýumezil

Jon Dunkan Martin Derrettiň ylmy işleri dharmaşastrlary – nusgawy hindi hukugyny öwrenmek bilen baglanyşykly bolupdyr. Onuň Hindistanyň orta asyrlar taryhyna bagyşlanan saldamly monografiýasy hem bardyr. Hindistany öwrenmeklige görnükli iňlis alymy Artur Lewelel Beşim (1914–1986) hem uly goşant goşupdyr. Onuň esasy eseri – «Hindistan – täsinlikler ýurdy» atly kitapdyr. Onda gadymy hindi siwilizasiýasynyň kemala gelşi we ösüşi yzarlanylýar. Bu kitabyň iňlis dilinde birnäçe gezek edilen gaýtadan neşirleri we köp dillere terjimesi bar. A. L. Beşimiň buddizm we jaýnizm bilen bir döwürde ýüze çykan gadymy dini mezhepleriň biri bolan ajiwiki hakynda monografiýasy, epigrafika we paleografiýa barada kitaplary bardy. Ol ömrüniň soňky ýyllarynda Kanberra uniwersitetinde (Awstraliýa) kafedra ýolbaşçylyk edýär.

Hindistanyň taryhyny öwrenmäge rus-sowet taryhçylary hem uly goşant goşdular. I. P. Minaýewiň, W. Wasilýewiň, akademik S. F. Oldenburgyň, G. M. Bongrad-Lewiniň, G.F. Ilýiniň, A. W. Gerasimowyň, K. Z. Aşrafýanyň, K. A. Antonowanyň, G. G. Kotowskiniň we beýlekileriň işleri dünýä indologiýasynda mynasyp orun eýeleýär.

Gollandiýa hem Ýewropada indologiýa ylmynyň güýçli ösen ýurtlarynyň biri boldy. Geçen asyryň 30-njy ýyllarynda weda edebiýaty we onuň taryhy barada görnükli golland alymy Ýan Gonda uly işleri amala aşyrdy. Onuň bu ugurdan alyp baran işleri bäş tomluk «Adamzadyň dinleri» atly kitabynda öz beýanyny tapdy. Onda hindi dinleri bolan buddizm, jaýnizm, induizm we taýpa dini ynançlary

hakynda gürrüň edilýär. Ýan Gonda ykrar edilen indolog hökmünde «Hindi edebiýatynyň taryhy» atly yzygider neşir edilýän toplumlaýyn monografiýalara ylmy redaktorlyk hem edipdir. Şunda onuň özüniň samhit we brahman edebiýaty boýunça ýazan işleri hem ýerleşdirilipdir. Ol hindi medeniýetiniň yslamdan öňki indonez medeniýetine eden täsiri barada-da işleri ýazypdyr. Ol De Ýong, «Mahabharatany» öwreneji Wan Beýtenen (ABŞ) ýaly alymlaryň mugallymydyr.

Gollandiýanyň Leýden uniwersitetiniň kafedra müdiri bolup işlän F. B. Ý. Keýper gadymy hindi dili bilen baglanyşykly ylmy-barlag işlerini alyp barypdyr. Onuň weda rowaýatlary we däpleri boýunça ýazan işleri Ýewropanyň ylmy jemgyýetinde uly gyzyklanmalary döredipdir. Şu mesele barada golland sanskritologlary H. W. Bodewisiň, F. Staalyň, I. Heestermanyň işleri neşir edildi. Hindistanyň medeniýetini, dillerini we dinlerini öwrenmek bilen dürli ýyllarda leýdenli alym Ž. F. Fogel (1871–1958), amsterdamly indolog Lehaýzen de Leuw dagylar meşgullandylar.



Žan Fillioz

Fransiýada we Belgiýada indologiýa boýunça «Kollež de Frans», Ýokary barlaglaryň amaly mekdebi, Hindistan we Günorta Aziýa boýunça barlaglar merkezi, Strasburg, Luwen, Gent uniwersitetleri, Luwr muzeýiniň Gündogar bölümi ýaly ylmy merkezleri hereket etdi. Lui Renu (1896–1966) meşhur fransuz indologlarynyň biri bolupdy. Ol weda edebiýatynyň taryhyndan ylmy-barlaglary alyp bardy. Onuň on sekiz tomluk «Wedalar hakynda etýudlar» atly köpgyraňly eserinde «Rigwedanyň» agramly böleginiň terjimesi çap edildi. Onuň ylmy redaktorlygynda «Nusgawy Hindistan» atly saldamly ylmy iş neşir edildi.

Meşhur fransuz indology Žorž Dýumezil (1898–1986) bütin ömrüni hindi dinlerini öwrenmäge bagyşlady. Sarbonna uniwersitetiniň professory Lýudwig Sternbah ummasyz köp mukdarda hindi pähimlerini ýygnapdyr we bu ugurdan ýörite ýygyndy çap etdirýär. Hindistanyň adaty hukugy we onuň çeşmeleri Rober Lengiň (1892–1972) ylmy monografiýasynda beýan edilipdir. Hindistanyň Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň däp-dessurlarynyň we dini ynançlarynyň arabaglanyşygy bilen baglanyşykly meseleler Žan Filliozyň (1906–1982) işlerinde açylyp görkezildi. Ol 1955-nji ýylda Pondişeride Fransuz indologiýa institutyny esaslandyrdy. Hünäri boýunça lukman bolandygy üçin, ol adaty hindi lukmançylygy barada-da iş ýazdy.

Ikinji Jahan urşundan soň Hindistanyň günorta-günbatarynda möhüm arheologik barlaglar geçirildi. Şu maksat bilen Ž. M. Kazalyň we Žarrižiň baştutanlygynda arheologik ekspedisiýalar guraldy. Žannin Obuaýeniň gadymy hindi sungatyna, şeýle hem Gadymy Hindistanyň ilatynyň adaty durmuşyna bagyşlanan monografiýalary neşir edildi. Gadymy Hindistanyň taryhy geografiýasy we epigrafiýasy

boýunça P. Eggermontyň (1914–1995) birnäçe monografiýalary bardyr. Buddizmiň taryhy boýunça görnükli buddolog Etýen Lamott 1944–1970-nji ýyllarda buddizmiň taryhy we filosofiýasy boýunça üç tomluk terjime işlerini ýerine ýetirdi. Sarbonna uniwersitetinde buddologiýa kafedrasyna Andre Baro ýolbaşçylyk etdi we pali kanunlary boýunça uly göwrümli işi çap etdirdi. Induizm medeniýeti, Hindistanyň syýasy taryhy bilen uzak ýyllaryň dowamynda Şarl Malamud, Madlen Biardo, Žerar Fýusman, Lui Dýumon ýaly alymlar meşgullandylar.

Italiýadaky indologiýa boýunça ylmy merkezleri Rimde we Turinde hereket edýärler. Italýan arheologlary Pakistanda geçirilýän gazuw-agtaryş işlerine işeňňir gatnaşýarlar. Sanskrit edebiýaty, gadymy hindi syýasy nazaryýeti we hukugy barada aýdylanda, bu mesele J. Tuççiniň we Oskar Bottonyň işlerinde öz beýanyny tapdy.

Hindistany öwrenmek işi Daniýada, Şwesiýada we Finlýandiýada hem gowy ýola goýlan. Bu işleriň netijesinde Daniýada «Pali diliniň tankydy sözlügi» neşir edilipdir. Fin indology Asko Parpola sanskrit dilindäki dessury ýazgylary çap etdirdi. Ol iň gadymy hindi ýazgylarynyň okalyş syrlaryny açmaga we okamaga gatnaşdy. Hindistany öwrenmekde fin alymy Klaus Karttuneniň işleriniň hem uly ähmiýeti boldy. Häzirki döwürde Şwesiýanyň Upsala uniwersitetinde hem möhüm ylmy barlaglar amala aşyrylýar.

Norman Braun

Indologiýa bagyşlanan işler Çehiýada, Wengriýada we Polşada hem alnyp barylýar. A. Lýudwigiň, M. Winternisiň (Çehiýa), Ý. Harmattanyň (Wengriýa) işleri, şeýle hem Krakowyň, Wroslawyň we Warşawanyň uniwersitetleriniň alyp barýan ylmy barlaglary ähmiýetlidir.

Birinji Jahan urşuna çenli nemes ylmy öňdebaryjylygy elden bermändi. Bu döwürde Germaniýanyň tas ähli uniwersitetlerinde diýen ýaly sanskrit dili kafedrasy hereket edýärdi. XX asyryň 20–30-njy ýyllarynda olaryň sany görnetin kemeldi, Ikinji Jahan urşundan soň bolsa iki esse azaldy. Emma 60-njy ýyllardan başlap Hindistany öwrenmäge, esasan hem, dine we medeniýete bolan gyzyklanmalar ep-esli artdy. Nemes indologlarynyň ylmy işleriniň esasy ugry ýazuw ýadygärliklerini öwrenmek we çap etmek bilen baglanyşykly boldy. Ernst Waldşmidt buddizme degişli golýazmalary öwrenmekde we çap etmekde uly hyzmatlary görkezdi.

Däp bolup gelşi ýaly, buddologiýa we filosofiýa hem uly ähmiýet berilýär. Erih Frauwallner (1898–1974) şu ugur boýunça ykrar edilen alymlaryň biri bolupdyr. Ol «Hindi filosofiýasynyň taryhy» atly uly göwrümli işiň awtorydyr. Erih Frauwallneriň okuwçysy Gerhard Oberhammer hindi logikasy we akyl ýetiriş nazaryýeti boýunça sözlük taýýarlapdyr. Onuň işleýän esasy ugry – hindi ýogasy we soteriologiýasy (halas bolmak taglymaty) bilen baglanyşyklydyr.

Nemes alymy Haýns Behert buddizme we onuň taryhyna degişli pali dilindäki ýyl ýazgylaryny we dini ýazgylaryny öwrenmekde köp işleri bitirdi. Münheniň Indologiýa we iranistika institutynyň direktory bolup işlän D. Şlingloff Ajanta gowaklarynyň ýazgylaryny derňemekde uly işleri alyp bardy. Gadymy Hindistanyň taryhy boýunça görnükli alymlaryň biri-de Wilgelm Raudyr. 1957-nji ýylda onuň «Gadymy Hindistanyň jemgyýeti we döwleti brahman ýazgylary boýunça» diýen saldamly kitaby neşir edildi. W. Rau Gadymy Hindistanyň taryhy boýunça uly bolmadyk, ýöne örän ähmiýetli monografiýalary ýazdy. Gadymy hindi jemgyýetini öwrenmekde XX asyryň 50–60-njy ýyllarynda Garri Falk, German Kulke, Walter Ruben, G. Ýakobi, Riçl, M. Şetelih tarapyndan edilen işleriň hem ähmiýeti uludyr.

ABŞ-da indologioa merkezleri Pensilwaniýa (Filadelfiýa) we Ýel (Çikago) uniwersitetlerinde hereket edýär. Soňky ýyllarda täze kafedralar Ostinde (Tehas) we Enn Arborda (Miçigan) esaslandyryldy. Indologiýa ugry boýunça Pensilwaniýa uniwersitetinde Franklin Ejerton (1885–1963), ondan soň Norman Braun (1892–1975) bu ugurdan uly işleri alyp bardylar. N. Braun diňe bir ABŞ-da däl, eýsem Hindistanyň özünde, Waranasi uniwersitetinde hem ylmy-barlaglary alyp bardy. Waranasi uniwersitetinde belgiýaly Lýudo bilen Rozanna Roşe dagylar hem işlediler.

Çikagoda Wendi Donijer O'Şarfe induizm rowaýatlary barada birnäçe kitaplary çap etdirdi. ABŞ-da germaniýaly alym Hartmut Şaffe «Arthaşastra» we gadymy hindi syýasy nazaryýetleriniň üstünde işledi. Berkli uniwersitetinde gollandiýaly Fris Staal weda edebiýaty, Enn Arborda Tomas Robert Trautmann bolsa drawid edebiýaty boýunça ylmy barlaglary alyp bardy. Ylmy barlaglaryň netijesinde ady agzalan alymlaryň birnäçe monografiýalary neşir edildi.

Hindistanyň taryhy boýunça Ýaponiýada hem ähmiýetli ylmy işler alnyp barylýar. Tokio uniwersitetiniň professory, bir döwürde Oksfordda bilim alan ýapon alymy H. Sudzi (1899–1974), şeýle hem Minoru Hara, Hadzime Nakamura weda edebiýatynyň we buddizmiň, şeýle hem gadymy hindi filosofiýasynyň taryhy boýunça ylmy-barlag işlerini alyp bardylar. H. Nakamuranyň gadymy hindi filosofiýasynyň taryhy boýunça ýazan işleri 20 tomluk eserde jemlendi.

Hindistanyň milli taryhnamasy

XVIII asyryň ahyrlarynda hindileriň arasyndan ýewropa bilimini alan, giň dünýägaraýyşly, ýokary medeniýetli we watançy adamlaryň peýda bolup başlamagy, ýurduň özünde ýerli Hindistanyň köp asyrlyk taryhyny, medeniýetini, sungatyny öwrenmäge bolan gyzyklanmalary artdyrýar. Bengal milletiniň wekili, iri mülk eýesiniň ogly Ram Mohan Roý (1772–1833) şeýle adamlaryň biri bolupdy. Ol nusgawy indus we musulman bilimlerini alypdyr, bengal we iňlis dillerinden

başga-da arap, pars, grek we gadymy ýewreý dillerini suwara öwrenipdir. 1814-nji ýylda Ram Mohan Roý salgyt gullugy edarasyndaky wezipesini taşlap, galan ömrüni magaryf we jemgyýetçilik-syýasy işlere bagyş edýär. 1815-nji ýylda ol «Atmiýa sabha» (Ruhy ýygnak) jemgyýetini esaslandyrýar. 1821-nji ýylda Ram Mohan Roý birbada bengal we pars dillerinde gazetleri neşir edip ugraýar. Bu gazetleriň sahypalarynda ol sowatsyzlyga, medeni we ruhy garyplyga garşy çykyşlary gurapdyr, aýal-gyzlaryň hak-hukuklaryny wagyz edipdir. 1828-nji ýylda Ram Mohan Roý «Brahmo samaj» (Brahma jemgyýeti) jemgyýetini esaslandyrýar. Bu jemgyýet onuň reformatorçylyk, magaryfçylyk we jemgyýetçilik garaýyşlaryny wagyz edýän gurama öwrülýär. Ram Mohan Roý Hindistanyň çäginden çykyp daşary ýurda giden birinji hindi wekilidir.

XIX–XX asyrlaryň sepgidinde hindileriň özlerinden ýetişen awtorlaryň ilkinji işleri peýda bolup ugraýar. Ramkrişna Gopal Bhandarkar (1837–1925) Hindistanyň milli taryhnama mekdebiniň düýbüni tutujy hasap edilýär. 1925-nji ýylda onuň gadymy hindi hökümdary barada «Aşoka» kitaby çap edildi. R. G. Bhandarkaryň «Dekanyň[1] musulmanlara çenli taryhy» atly beýleki bir kitabynda gadymy Hindistanyň taryhy beýan edilýär.

1947-nji ýylda Hindistan öz milli garaşsyzlygyna eýe bolandan soň, milli taryhnama mekdebi has-da kämilleşdi we ösdi. Bu döwürde N. Şastriniň, U. Ghoşalyň, R. Saletoryň, Jatunath Sarkaryň, M. Mehendalyň işleri neşir edildi. Bu awtorlaryň işlerinde Hindistanyň gadymy taryhy giňişleýin hem-de çuňňur beýan edilýär. Gadymy hindileriň jemgyýetçilik-syýasy durmuşy barada P. Kaneniň «Dharmaşastryň taryhy» eserinde jikme-jik gürrüň berilýär. Kitapda has hem jemgyýetçilik gatnaşyklary we döwlet gurluşy meseleleri gowy açylyp görkezilipdir. R. Thaparyň 1951-nji ýylda çap edilen «Aşoka we Maurýalaryň synmagy» atly işi Hindistanda giň meşhurlyga eýe boldy. Emma iňlis taryhnamasyndan tapawutlylykda, hindi mekdebi üçin hindi siwilizasiýasynyň gazananlaryny mahabatlandyryp görkezmek we onuň «özbaşdaklygyny» subut etmäge çalyşmak meýilleri agdyklyk edýär. Mälim bolşy ýaly, iňlis taryhnamasynyň käbir wekilleri hindi taryhyna we hindileriň milli mirasyna kembaha garamaga we ony utilitaristik garaýyşlar esasynda beýan etmäge ýykgyn edýärdiler.

Hindistanyň ösen we giçki orta asyrlar taryhyny öwrenmeklik hem hindi alymlarynyň bu ugurda alyp barýan işleriniň esasy bölegini eýeledi. Mälim bolşy ýaly, VIII asyrdan başlap Demirgazyk Hindistana yslam dini ýaýrap urapdy, şunuň esasynda bolsa, bu ýerlerde ilkinji musulman döwletleri peýda bolup başlady. Gaznalylar döwründe, aýratyn hem, XII asyryň ahyrlarynda – XIII asyryň başlarynda Demirgazyk Hindistana musulmançylyk köpçülikleýin ýaýrady. 1206-njy ýylda Deli soltanlygynyň döremegi bilen Hindistanyň taryhynda täze döwür – musulmanlaryň zamanasy başlandy.

[1] Günorta Hindistan «Dekan» diýlip atlandyrylýar.

Hindistanyň taryhynyň şu döwrüniň taryhy barada-da köp işler edilipdir. Şunda pars dilindäki çeşmeleri öwrenmek we olary neşir etmek giň gerime eýe boldy. Bu işde M. Habib, Wahyt Mirza, I. Prasad, A. W. Habullah, Möwlewi Hidaýat Hüseýin, Mähdi Hüseýin, H. Nyzamy, I. Habib ýaly taryhçy alymlar aýratyn tapawutlandylar. Ýöne orta asyr musulman taryhçylaryna we olaryň eserlerine bagyşlanan işler XX asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrlarynda – 60-njy ýyllaryň başlarynda peýda bolup ugrady. Bu ugurdan, aýratyn hem, P. Hardiniň 1968-nji ýylda çap edilen «Hindistanyň orta asyr taryhçylary» atly saldamly işiniň ähmiýeti uludyr. Eserde Deli soltanlygy döwründe musulman taryhçylary tarapyndan ýazylan işlere çuňňur seljerme berilýär. M. Hasan tarapyndan neşir edilen «Hindistanyň orta asyr taryhçylary» atly işiniň hem ähmiýeti uludyr. 1976-njy ýylda şu meselä bagyşlanyp Harbans Mukhiýanyň Beýik Mogollar döwletiniň meşhur hökümdary Ekberiň (1556–1605) döwründe ýazylan taryhy eserlere bagyşlanyp ýazylan kitaby hem çap edildi. Pakistanly taryhçy Aftab Asgar hem pars dilli eserleri öwrenmäge uly goşant goşdy. XX asyryň 70-nji ýyllarynda onuň şu meselä bagyşlanan işleri neşir edildi.

Hindistanyň taryhy boýunça uly işleri bitiren alymlaryň arasynda Jatunath Sarkaryň (1870–1958) we A. Çatterjiniň atlary aýratyn orun eýeleýär. J. Sarkar Bengaliýanyň häzirki Bangladeş döwletine degişli ýerinde dünýä inýär, milleti boýunça bengal. Ol taryhyň professory hökmünde Kalkuttada, Patnada, Waranaside we Katakede işlemek bilen hindi taryhçylarynyň uly toparyny ýetişdirdi. Aýratyn hem, J. Sarkaryň Beýik Mogollar döwletiniň taryhyna bagyşlanan işleri ähmiýetlidir. Şu döwür bilen baglanyşykly ol «Aurangzebiň taryhy» (1930), «Mogollarda dolandyryş ulgamy» (1935), «Şiwaji we onuň döwri» (1961), «Şiwaji nesilşalygy» (1955) kitaplaryny we başga-da birnäçe işleri ýazypdyr.

J. Sarkar Hindistanyň taryhnamasynda özboluşly nazaryýete esaslanýan indusçylyk mekdebini esaslandyran taryhçydyr. Şonuň üçin hem onuň esaslandyran taryhnama mekdebine diňe indus taryhçylary eýerýärler. Sebäbi J. Sarkaryň işlerinde musulmançylykdan öňki döwre uly ähmiýet bermek, musulmanlaryň taryhy bilen baglanyşykly asyrlara bolsa kembaha garamak ýaly meýiller güýçli duýulýar. Hindistanyň taryhnamasy boýunça işleýän ýewropaly, şol sanda rus-sowet taryhçylary hem J. Sarkaryň döreden mekdebiniň usullaryny ýewropa kazyýet ulgamynyň işleýiş usuly bilen deňeşdirýärler. Mälim bolşy ýaly, ýewropa kazyýet ulgamynda aklawçynyň we garalawçynyň wezipesine uly ähmiýet berilýär, şunda garalawçy jogapkärçilige çekilýäniň etmişini subut etmäge, aklawçy bolsa ony kazyýet jogapkärçiliginden halas etmäge çalyşýar. J. Sarkaryň döreden indusçylyk mekdebiniň nazaryýeti hem edil şonuň ýalydyr. Ol XIII asyrdan – XIX asyryň ortalaryna çenli Hindistanda höküm süren musulman hökümdarlarynyň hindi taryhyndaky yzlaryny hut şeýle jähtden beýan edýär. Ol musulman hökümdarlarynyň ýurduň taryhyndaky ornuny başardygyndan peseltmäge we olar barada hindi halkynyň hakydasynda köp babatda ýakymsyz duýgularyň galandygyny subut etmäge ça-

lyşýar. Emma ol eýýäm şol döwürlerde ýüze çykan we induslar tarapyndan dolandyrylýan döwletleriň hökümdarlary babatynda beýle usuly peýdalanmaýar; olaryň Hindistanyň taryhynda galdyran yzlary, adatça, has oňyn şekilde beýan edilýär.

J. Sarkaryň döreden bu nazaryýeti Hindistanyň musulman taryhçylarynyň işlerine-de öz täsirini ýetiripdir. Olar hem öz gezeginde Hindistandaky musulman döwletleriniň we olaryň hökümdarlarynyň Hindistanyň taryhyndaky orunlaryny has gowy ýagdaýda beýan etmäge çalşypdyrlar. Deli soltanlygynyň, Beýik Mogollar döwletiniň we beýleki musulman döwletleriniň taryhy boýunça saldamly işleri döreden Alynyň, Aşrafyň, Kureýşiniň, Aziziň, ibn Hasanyň we beýlekileriň işlerinde J. Sarkaryň döreden nazaryýetiniň täsirini görmek bolýar.

Hindistanyň milli arheologiýa ylmy hem özboluşly ösüş taryhyny başdan geçirdi. Şunda milli arheologiýa ylmynyň kemala gelmeginde iňlis alymlarynyň hyzmaty uly ähmiýete eýe boldy. 1943-nji ýylda M. Uiler tarapyndan esaslandyrylan Hindistanyň arheologiýa gullugy bu işiň gözbaşynda durdy. Hindistanly we pakistanly arheologlar M. Uileri öz halypalary hasap edýärler. M. Uiler hindi arheologlaryna ýolbaşçylyk etmek bilen birnäçe möhüm açyşlary etdi.

XX asyryň ikinji ýarymynda arheologlar Günbatar Hindistanda eneolit döwrüne degişli birnäçe ýadygärlikleriň üstüni açdylar. Şunda Hansmukh Dhiraj Lal Sankaliýanyň açyşlarynyň uly ähmiýeti boldy. Arheologlaryň açyşlary gadymy hindi şadessanlary bolan «Mahabharatada» we «Ramaýanada» berilýän maglumatlar bilen hem bellibir derejede gabat gelýär. Şunda hindi arheology B. B. Lalyň amal eden işleri, şeýle hem A. Ghoşuň ýolbaşçylygynda taýýarlanylan «Hindi arheologiýasynyň ensiklopediýasy» işi ähmiýetlidir.

XX asyryň ahyrlarynda köpsanly gadymy hindi epigrafik ýazgylary hem ýüze çykaryldy. Şu meselä bagyşlanyp «Hindi epigrafik ýazgylarynyň toplumy» atly üç tomluk iş neşir edildi. Görnükli epigrafik ýazgylary öwreniji Dineş Çandra Sirkar (1907–1985) Hindistanyň taryhy boýunça ýazgylaryň iki tomlugyny, epigrafika boýunça gollanma we sözlük neşir etdirdi.

Hindistanda gadymy we orta asyr edebi eserleriniň dilini we olaryň ýazuw kadalaryny öwrenmek boýunça-da ep-esli işler edilipdir. Madrasda Raghawananyň ýolbaşçylygynda sanskrit ýazgylarynyň esasynda «Kataloglaryň täze katalogy» neşir edildi. 1935–1976-njy ýyllarda Wişwa Bandhunyň (1897–1973) ylmy redaktorlygynda Hindistanyň Hoşiarpur şäherinde «Wedalaryň leksikasynyň görnüşleri» atly on alty tomluk wajyp iş çapdan çykdy. Özünde samhitleri we aranýaklary jemleýän «Şrautakoşa» atly weda dessurlarynyň birnäçe tomy hem neşir edildi. Bu neşiriň çapdan çykmagynda görnükli alym P. D. Dandekar hem uly hyzmat görkezipdir.

Wişweşwaranand indologiýa institutynda L. Sternbah tarapyndan taýýarlanylan hindi pähimleriniň köp tomluk ýygyndysy çap edildi. 1976-njy ýyldan

başlap Maharaştranyň Puna şäherinde sanskritiň tankydy sözlügi hem neşir edilip ugrady. Onuň alty tomunda diňe «a» harpdan başlanýan sözleriň ýerleşdirilmegi, bu eseriň juda uly göwrüminden habar berýär.

G.P.Malalasekara

Indologiýa boýunça Hindistanyň goňşusy Şri-Lanka döwletinde hem uly işler alnyp barylýar. Seýlonly alym G.P. Malalasekara (1899–1973) iki tomluk «Pali dilindäki atlaryň sözlügini» taýýarlady. 1955-nji ýyldan bäri Malalasekaranyň ýolbaşçylygynda esaslandyrylan «Buddizmiň ensiklopediýasy» atly halkara žurnaly çap edilip gelýär.

Hindi edebiýatynyň bibliografiýasy boýunça hem ep-esli işler durmuşa geçirilipdir. Bu işe bir wagtlar L. Renu tarapyndan girişilýär, soňra bolsa R. Dandekar tarapyndan dowam etdirilýär. Ol «Weda edebiýatynyň bibliografiýasynyň» uly göwrümli bäş tomlugyny çap etdirýär.

Hindistanyň taryhyna degişli ummasyz köp mukdarda golýazmalar, ýazgylar we dürli görnüşdäki resminamalar saklanyp galypdyr. Olar häzirki döwürde Hindistanyň Deli, Kalkutta, Madras, Benares, Patna, Allahabat, Puna, Waranasi, Barod, Triwandrum ýaly şäherleriniň arhiwlerinde, muzeýlerinde we dürli golýazma institutlarynda saklanýar.

Hindistanyň taryhyna degişli hindi alymlarynyň özleri tarapyndan ýazylan işleriň hatarynda «Hindi halkynyň taryhy we medeniýeti» kitabyny görkezmek bolar. Bu kitap Ikinji Jahan urşundan öň Bombeýiň alymlary tarapyndan ýazylyp başlanýar. Onuň ilkinji üç tomy geçen asyryň 50-nji ýyllarynda Romeş Çandra Majumdaryň (1888–1980) ýolbaşçylygynda neşir edildi.

Hindi alymlary tarapyndan «Hindistanyň umumy taryhy» atly üç tomluk saldamly iş taýýarlandy. Onuň ikinji tomy (birinji tomy neşir edilmändir) 1957-nji ýylda, üçünjisi bolsa 1983-nji ýylda çap edildi. Bu işiň neşir edilmeginde Nilakantha Şastri uly hyzmat görkezipdir.

Hindistanyň taryhyny öwrenmäge Damodar Dharmanand Kosambi (1907–1966) uly goşant goşdy. D. D. Kosambi belli hindi buddolagynyň maşgalasynda dünýä inýär. Ol Garward uniwersitetinde okap bilim alýar we Puna hem-de Bombeý uniwersitetlerinde matematikanyň professory bolup işleýär. Onuň taryh boýunça ilkinji işleri XX asyryň 40-njy ýyllarynda peýda bolup başlaýar. Onuň galamyna sanskrit dilindäki hindi pähimlerine bagyşlanan kitap hem degişlidir. Uruşdan soňky ýyllarda D. D. Kosambiniň «Gadymy Hindistanyň taryhy we medeniýeti», «Hindi taryhyny öwrenmäge giriş» işleri neşir edildi.



D. D. Kosambi

Ram Şaran Şarma Hindistanyň durmuş-ykdysady taryhy boýunça tanymal alym hasap edilýär. R. Ş. Şarma Deli uniwersitetinde kafedra ýolbaşçylyk edipdir. Onuň okuw kitaby boýunça ýurduň orta mekdepleriniň ýokary synp okuwçylary Hindistanyň gadymy taryhyny öwrenýärler. R. Ş. Şarmanyň «Gadymy Hindistanyň şudrlary» kitaby gadymy hindi jemgyýetiniň tabyn ilatynyň durmuş-ykdysady ýagdaýyna bagyşlanypdyr. Onuň durmuş-ykdysady meselelerine bagyşlanan «Hindi feodalizmi», «Hindistanyň şäherleriniň pese gaçmagy» atly saldamly işleri hem bardyr. Onuň makalalary 1988-nji ýylda rus dilinde neşir edilen «Gadymy hindi jemgyýeti» atly ýygyndyda-da ýerleşdirilipdir.

Hindistanda R. Thaparyň, Dewika Dewahutiniň işleri hem giň meşhurlyga eýedir. XX asyryň ikinji ýarymynda bu taryhçy zenanlaryň ýurduň gadymy we orta asyrlar döwrüniň meselelerine bagyşlanan birnäçe işleri neşir edilipdir. Umuman alnanda, Hindistanyň taryhy boýunça baý taryhnama mirasy toplanypdyr. XVIII–XX asyrlaryň dowamynda ýewropaly alymlar we ýerli taryhçylar, dilçiler, filosoflar we ynsanperwer ylymlaryň beýleki ugurlarynyň wekilleri tarapyndan ummasyz uly işler amala aşyrylypdyr.

XII BAP. EÝRANYŇ TARYHY BOÝUNÇA ÇEŞMELER

Eýranyň gadymy taryhy boýunça çeşmeler

Goňşy döwletimiz bolan Eýranyň taryhy boýunça asyrlaryň dowamynda ummasyz köp mukdarda dürli görnüşdäki we häsiýetdäki eserler döredilipdir. Eýranyň taryhyna degişli gadymy pars dilinde ýazylan ýazuw çeşmeleri b.e.öňki VI asyrda peýda bolup başlaýar. Bu döwrüň çeşmeleriniň hatarynda ahemeniler döwrüniň şine şekilli ýazgylaryny (meşhur Behistun ýazgylary), antiki awtorlar Gerodotyň (Taryh), Ktesiniň (Persiýanyň taryhy), Diodoryň (Taryh kitaphanasy), Pompeý Troguň (Filippiň taryhy), Strabonyň (Geografiýa), Ptolomeýiň (Almagista) (Uly ýygyndy), Kwint Kursiniň (Aleksandr Makedonskiniň taryhy), Arrianyň (Aleksandryň anabasisi) (Aleksandryň ýörişleri) we başgalaryň işlerini görkezmek bolar.

Sasanylaryň döwründe dürli mazmundaky we görnüşdäki ýazgylar orta pars ýa-da pehlewi dilinde döredilipdir. Bu döwürde ýazuw ýadygärlikleriniň mukdary görnetin artýar. Şol döwrüň ýazgylarynyň hatarynda Paýkulynyň we Şapuryň sasany ýazgylaryny we olar bilen baglanyşykly pehweli dilinde ýazylan we zoroastrizm dinine uýýanlaryň mukaddes kitaby hasaplanýan «Awestany», şeýle hem dini mazmunly «Bundahişn», «Zarer namak» (Zarer hakynda kitap) we «Arza Wiraz namak» (Takwa Wiraz hakynda kitap) kitaplaryny görkezmek bolar.

Eýranyň gadymy taryhy barada Sogdy arhiwiniň (Güregiň şahsy arhiwi), gadymy Horezm arhiwi, aýry-aýry gadymy türki dilli ýazgylary, köpsanly epigrafik ýazgylar möhüm maglumatlary berýärler. Taryhy taýdan uly ylmy ähmiýeti bolan çeşmeler arap we pars dilli edebiýatda, şeýle hem sak, tohar we tibet ýazgylarynda-da saklanýar.

Dag gaýasyna ýazylan «Behistun ýazgylarynyň» bir bölegi

Eýranyň taryhy çeper edebiýatda hem bellibir derejede şöhlelendirilýär. B. e. I asyryna degişli «Wis we Ramin» atly ajaýyp söýgi romanynda Parfiýa döwründe Orta Gündogarda, şol sanda Türkmenistanyň ýerinde bolup geçen dürli wakalar barada gürrüň berilýär.

Sasany şalarynyň köşgünde möhüm wakalaryň ýyl ýazgylaryny ýöredýän ýörite bellenilen emeldarlar bolupdyr. Şol ýazgylaryň esasynda sasanylaryň hökümdarlygynyň soňky ýyllarynda, ýagny 632 – 651-nji ýyllarda Daneşwar tarapyndan orta pars dilinde «Hwadaý-namak» («Hudaý-nama» – Patyşalar hakynda kitap) eseri döredilipdir. Onda Eýranyň sasanylar döwrüniň taryhy, belli sasany şalary, hususan-da, VI asyryň ahyrlarynyň – VII asyryň başlarynyň syýasy wakalary has jikme-jik şöhlelendirilipdir. Daneşwaryň eseri soňra otparazçylykdan musulmançylyga geçen Abdallah ibn al-Mukaffa (757-nji ýylda jezalandyrylyp öldürilen) tarapyndan arap diline terjime edilipdir. Ol eýran çeşmeşynaslygynda «Ruzbeh» lakamy bilen hem tanalýar. Al-Mukaffa bar bolan beýleki pehlewi dilinde ýazylan eserleriň hem käbirlerini, şol sanda «Parslaryň şalarynyň ömür beýany» kitabyny hem arapça geçiripdir. Abulkasym Firdöwsi özüniň meşhur «Şanama» eserini ýazanda al-Mukaffanyň terjimelerindäki maglumatlardan giňişleýin peýdalanypdyr.

Öz döwrüniň meşhur kanunnamasy bolan «Mün çözgüt» (Hazar dadestan) eseri hem sasanylar döwrüniň emläk we hukuk gatnaşyklary barada köp maglumatlary özünde jemleýär. Bu eseriň bölekleri biziň günlerimize Parsyň hristian buthanasynyň başlygy (mitropolit), asly Siriýaly Işobahtyň terjimesinde gelip ýetipdir.

Sasanylar döwrüniň çeşmeleriniň arasynda Eýranyň şäherleriniň esaslandyrylyşy barada maglumat berýän eserleriň ähmiýeti uludyr. Şolardan «Şahristaniha-ýe Eran» (Eýranyň şäherleri) atly eser aýratyn ylmy ähmiýete eýedir. Döwletiň syýasy düzgünleri, dolandyryş we ahlak kadalary baradaky maglumatlar «Tansaryň hatlary» atly ýygyndyda berilýär. Bu eseriň maglumatlaryny soňra at-Tabariniň dünýä meşhur işini pars diline terjime eden Muhammet Balami giňişleýin peýdalanypdyr.

Sasanylar döwrüniň taryhyny öwrenmekde «Tajnamak» (Täçnama ýa-da Jyganama), «Karnamak-e Artahşir-e Papakan» (Papagyň ogly Ardaşiriň bitiren işleri), «Darahti Asurik» (Assiriýa agajy), «Hazar afsane» (Müň erteki) ýaly hekaýatlaryň we çeper eserleriň hem bellibir ylmy ähmiýeti bardyr.

III–VII asyrlaryň wakalary «Mazdak hakynda hekaýat», «Bähram Çubin hakynda hekaýat», «Rüstem hakynda hekaýat», «Hysrow we onuň hyzmatkäri hakynda hekaýat», «Hysrow we Şirin hakynda hekaýat» eserlerinde, şeýle hem harby sungata we küşt oýnuna bagyşlanan traktatlarda giňişleýin şöhlelendirilýär. Emma pehlewi dilinde ýazylan bu eserleriň hiç biri-de asyl nusgasynda saklanyp galmandyr. Olar diňe giçki döwrüň arap çeşmeleriniň içinde ýerleşdirilen görnüşde duş gelýär.

Pehlewi, ýagny orta pars dilindäki ýazgylary IX–X asyrlaryň arap we pars taryhçylary – Ýakubi (IX asyryň ikinji ýarymy) «Taryh», Ibn Kuteýba (889-njy ýylda aradan çykan), Belazuri (892-nji ýylda aradan çykan) «Kitab futuh al-Buldan» (Ýurtlaryň basylyp alnyşynyň taryhy) we Dinaweriniň (892-nji ýylda aradan çykan) «Kitab al-ahbar at-tiwal» (Uzak hekaýatlaryň kitaby) eserlerinde giňişleýin ulanylypdyr we bu ýazgylar olara esasy çeşme binýady bolup hyzmat edipdir.

Aleksandriýanyň prawoslaw buthanasynyň patriarhy arap-hristian Ýewtihiniň (940-njy ýylda aradan çykan) işi, Masudyň (956-njy ýyl töweregi aradan çykan) taryhy-geografiki eserleri, Hamza Yspyhanynyň 961-nji ýylda düzülen ýyl ýazgylary, sasanylar döwrüniň wakalary barada öz döwründe pehlewi dilinde ýazylan işleriň giçki terjimeleridir.

Sasanylar döwrüniň taryhy Eýran bilen kä parahatçylykly, käte-de duşmançylykly häsiýetdäki gatnaşyklary alyp baran Rimiň, soňra Wizantiýanyň awtorlary tarapyndan hem ýazylypdyr. Rimli Ammian Marselliniň (IV asyr), V asyryň grek taryhçylary Feodorit, Sokrat, Ýewagriý, Prisk we başgalar Eýranyň medeniýeti, hususan-da, otparazlyk barada gymmatly maglumatlary galdyrypdyrlar. Wizantiýaly awtorlardan Menandr Protektoryň, Prokopi Kesareýalynyň, Feofilakt Simmokattyň, Agafiý Sholastigiň, Pýotr Patrikiniň, Feofanyň, siriýaly Ioann Efesskiniň, Ýeşu Stilitiň, Zahariniň, ermeni awtorlary Lazar Parpesiniň, Moiseý Horenasiniň, Sebeosyň we başgalaryň işleri hem uly ähmiýete eýedir.

Eýranyň orta asyr çeşmeşynaslygy

Eýranyň araplar tarapyndan basylyp alnyşy «Kitab al-magazi» (Ýörişleriň kitaby) atly birnäçe eserlerde beýan edilýär. Olaryň biziň günlerimize gelip ýetenleriniň biri Abu Abdallah Muhammet ibn Omar al-Wakydiniň (747–823) «Kitab al-magazi» eseridir. Ondan başga-da şu mesele bilen baglanyşykly Abul Hasan Aly ibn Muhammet al-Medaininiň «Kitab al-magazi» we «Tarih al-hulafa» (Halyflaryň

Aristotel talyplary bilen sapak geçýär (pars dilli golýazma)

taryhy) işleri-de bardyr. Gynançly ýeri, onuň kitaplary biziň günlerimize gelip ýetmändir, ýöne bu işlerden bölekler giçki döwrüň taryhçylarynyň işlerinde ýerleşdirilipdir.

Araplaryň Eýrana we Orta Aziýa ýörişleri baradaky maglumatlary, hususan-da, «Kitab al-magazi» eserlerindäki çeşmeleri Abu Bekr Ahmet ibn Ýahýa ibn Jabir al-Belazuri «Kitab futuh al-buldan» (Ýurtlaryň basylyp alnyşynyň kitaby) giňişleýin ulanypdyr. Bu iş wakalaryň dogry hem-de gysgaça beýan edilýänligi bilen tapawutlanýar. Onda arap serkerdeleri bilen olara boýun egen şäherleriň ilaty bilen baglaşylan şertnamalaryň hem birnäçesiniň gysgaça beýany ýerleşdirilipdir. Belazuriniň ýene-de bir eseri bardyr. Ol «Kitap ansab al-aşraf» (Asylzada adamlaryň şejere kitaby) eseridir, ýöne onuň diňe iki tomy biziň günlerimize gelip ýetipdir. Awtoryň işleri golland arapşynasy de Gue tarapyndan neşir edilipdir.

At-Tabari

Eýranly parslardan gelip çykan, tebigaty öwreniji, filosof we taryhçy alym Abu Hanifa ad-Dinaweriden (takmynan 895-nji ýylda aradan çykan) «Kitab al-ahbar at-tiwal» (Uzak hekaýatlaryň kitaby) eseri miras galypdyr. Onda araplar bilen sasanylaryň arasynda bolup geçen 637-nji ýylyň Kadisi söweşinden tä IX asyra çenli aralykda bolup geçen wakalar, şol sanda şaýylaryň (şiga) we haryjileriň mezheplerineň ideologiýasy astynda bolup geçen halk hereketleri beýan edilýär.

As-Suly

Horasanly alym, dini ynanjy boýunça şyga Ahmet ibn Wadih al-Ýakubi (892-nji ýylda aradan çykan) «Taryh» atly eseri döredijidir. Onuň bu eseri Eýranyň we onuň bilen goňşy sebitleriň taryhynyň VII–IX asyrlar döwrüne degişli wajyp çeşme bolup durýar. Bu eserde beýleki köp taryhy çeşmelerde duş gelmeýän maglumatlar berilýär. Ýakubi birnäçe geografik işleriň hem awtorydyr.

Abu Jafar Muhammet ibn Jarir at-Tabari (833–923) asly Tabarystanly (häzirki Mazendaran) pars bolupdyr. Ol köp syýahat edip, musulman derwüşçiligi we kanunçylygy (fykyh) bilen meşgullanypdyr. At-Tabari soňra yzy ýiten jerirleriň sünni derwüşçilik mekdebini esaslandyryjy hasap edilýär. Ol 962-nji ýylda Gurhana düşündiriş berýän 30 jiltden durýan «Tafsiri Tabari» (Tabariniň tefsiri) eserini ýazmak we fykyhçylaryň dürli garaýyşlaryny derňemek bilen meşhurlyk gazanýar. Emma alyma hakyky meşhurlygy ählumumy taryh görnüşinde ýazan «Tarih ar-Rusul wa-al-muluk» (Pygamberleriň we patyşalaryň taryhy) eseri getiripdir. Bu işde gadymy hindi we hristian awtorlarynyň esasynda Bibliýanyň – Injiliň gysgaça taryhy, rim hem-de wizantiýa imperatorlarynyň gysgaça taryhy beýan edilipdir. Onuň eserinde Eýranyň taryhy jikme-jik beýan edilipdir we wakalaryň beýany hijriniň 300-nji ýylyna (912-nji ýyl) çenli ýetirilipdir. Awtor «Pygamberleriň we patyşalaryň taryhy» eserini ýazanda sasanylar döwrüniň «Hwadaýnamak» eserini arapça terjime edip, ony özüçe işläpdir we ondaky maglumatlary giňişleýin peýdalanypdyr. Ol al-Wakydiniň, al-Madaininiň eserlerini, horasanly alym Ahmet ibn Abu Tahyr Teýfuryň IX asyrda döreden «Bagdadyň taryhy» ýaly başga-da birnäçe işlerden peýdalanypdyr. At-Tabariniň bu eseri 963-nji ýylda samanylaryň döwlet işgäri Muhammet Balami (974-nji ýylda aradan çykan) tarapyndan pars diline terjime edilipdir. Elbetde, Balaminiň terjimesi pars taryhnamasynyň saýlama eseri bolmasa-da, ol pars taryhnamasynyň mundan beýläkki ösüşine oňyn täsir edipdir.

X asyryň belli alymlaryndan Abul Faraj Kudama ibn al-Bagdadynyň 928-nji ýylda döreden «Kitab al-haraj» (Hyraç salgydy hakynda kitap) eseriniň çeşmeşynaslyk taýdan uly ähmiýeti bardyr. Onuň özi halyflygyň salgyt gullugynda işländigi üçin, eserde halyflygyň welaýatlaryndan gelýän salgytlar, olaryň mukdary, salgyt gullugyny ýola goýmak bilen baglanyşykly gymmatly maglumatlar berilýär. Şeýle mazmundaky eserler musulman taryhnamasynda juda azdyr, şonuň üçin hem iş uly gyzyklanma döredýär.

Gelip çykyşy boýunça gürgenli oguz-türkmenlerinden bolan Abu Bekr Muhammet ibn Ýahýa as-Suly (946-njy ýylda aradan çykan), dini ynanjy boýunça şaýy bolupdyr. Ol doly tamamlanmadyk «Awrak ahbar al-Abbas wa aş'arihim» (Abbasylar nesli we olaryň döwrüniň şygryýeti hakyndaky habarlardan sahypalar) atly eseri ýazypdyr. Eserdäki wakalar 750–866-njy ýyllary öz içine alyp, ony ýazmaklyk çen bilen 900-nji ýylda bes edilipdir.

Ýan de Gue

Abul Hasan Aly ibn al-Hüseýin al-Masudi (956-njy ýylda aradan çykan) belli arap maşgalalarynyň birinden gelip çykypdyr. Ol Eýranda, Siriýada, Müsürde, Arabystanda, Hindistanda, Seýlonda we Afrikanyň gündogar kenarlarynda syýahatda bolup, halklaryň we ýurtlaryň taryhy hem-de geografiýasy boýunça giň maglumatlary toplapdyr hem-de şolaryň esasynda 947-nji ýylda «Muruj az-zahab wa ma'adin al-jawahir» (Altyn ýuwlup alynýan ýer we göwher daşlaryň käni) atly eserini ýazýar. Ol bar bolan ýazuw çeşmeleri bilen kanagatlanmandyr, şol sebäpden hem syýahat eden döwründe gözi bilen gören, gulagy bilen eşiden maglumatlaryny, beýleki syýahatçylaryň we täjirleriň gürrüňlerinden giňişleýin peýdalanypdyr. Masudi musulman däl halklaryň – jöhitleriň, hristianlaryň we induslaryň däp-dessurlaryna gyzyklanma bildiren az sanly orta asyr musulman awtorlarynyň biridir. Şonuň üçin hem onuň işinde dünýäniň köp yklymlary we halklary barada köp mukdarda taryhy, geografik, ykdysady we etnografik maglumatlar jemlenendir.

Hamza Yspyhany hem Eýranyň taryhy boýunça eser ýazan we şu'biýa taryhnama mekdebiniň belli pars taryhçylarynyň biridir. Ol 961-nji ýyllar töweregi ählumumy taryh görnüşinde gysgaça «Tarih al-umam» (Halklaryň taryhy) atly eserini ýazyp gutarýar. Ol öz işinde eýranly otparaz ruhanylarynyň gürrüňleri esasynda döredilen ýazgylardan hem peýdalanypdyr.

Eýranyň taryhy boýunça arap dilli geografik çeşmeler

IX asyr Eýran çeşmeşynaslygynda geografik eserleriň döräp başlan döwri hasap edilýär. Arap dilli geografik eserler grek-rim kosmografiýa[1] we geografiýa ylymlarynyň, şeýle hem gadymy eýran we hindi ylmy işleriniň esasynda döräpdir. IX asyryň meşhur arap alymy al-Kindi b. e. II asyrynyň grek alymy Ptolomeýiň «Uly ýygyndy» atly işini arap diline (araplarda «Almagista» ady bilen tanalyp-

[1] Gadymy we orta asyrlarda älemiň gelip çykyşy, astronomiýa we fiziki geografiýa boýunça umumy maglumat berýän ders.



Al-Horezmi

dyr) terjime edýär. Şu eseriň esasynda soňra biziň ildeşimiz Muhammet ibn Musa al-Horezmi «Surat al-arz» (Dünýäniň atlasy) atly kosmografik eserini döredýär.

Eýranyň çeşmeşynaslygynda ykdysady-çaklaýyş häsiýetdäki köpsanly geografik eserler hem peýda bolup ugraýar. Olardan gürrüňi edilýän döwrüň ykdysadyýeti we geografiýasy boýunça möhüm maglumatlary alyp bolýar. Bu eserleriň awtorlary araplar, eýranlylar we orta aziýalylar bolupdyr.

Iň irki ykdysady geografik mazmunly eserleriň hatarynda eýranly otparazlardan gelip çykan Ubeýdullah ibn Abdallah ibn Hordadbehi görkezmek bolar. Ol 846-njy ýylda ýazylyp, 885-nji ýylda täzeden işlenilen «Kitab al-mesalik wa-al-memalik» (Ýollaryň we ýurtlaryň kitaby) atly eseriň awtorydyr. Onuň bu işi biziň günlerimize gysgaldylan görnüşde gelip ýetipdir. Eserde ilatly nokatlar, menziller, şäherler we olaryň arasyndaky uzaklyk, salgytlar, girdejiler, çykdajylar we beýleki ykdysady-geografik görkezijiler bilen baglanyşykly maglumatlar berilýär. Biraz soňra, ýagny 891-nji ýylda Ahmet ibn Wadih al-Ýakuby tarapyndan ibn Hordadbehiň kitaby ýaly «Kitab al-buldan» (Ýurtlaryň kitaby) atly başga bir geografik eser döredildi.

902-nji ýylda ibn al-Fakih lakamly Abu Bekr Ahmet ibn Muhammet al-Hamadani tarapyndan döredilen ýene-de bir «Kitab al-buldan» eseri Eýranyň taryhy boýunça toplanan geografik maglumatlary has hem baýlaşdyrdy. Bu eser 1922-nji ýylda köpsanly golýazmalaryň hatarynda Eýranyň Maşat şäherindaki Ymam Rzanyň metjidindäki kitaphanadan tapyldy. Onda diňe bir Eýranyň däl, eýsem Orta Aziýa ýurtlarynyň ykdysady geografiýasy boýunça hem köp mukdarda maglumatlar berilýär.

Abu Zeýd Ahmet ibn Sahl al-Balhi (850–934) Balhyň emirleriniň gullugynda durupdyr. Onuň asly parslardan bolup, 919-njy ýylda «Suwar al-akalim» (Yklymlaryň suraty) atly düşündirişli geografik kartalaryň atlasyny düzýär. Balhynyň eseri Gündogarda giňden ykrar edilipdir. Ol asyl nusgasynda biziň günlerimize gelip ýetmändir, ýöne giçkiräk döwrüň geograflary Istahrynyň we ibn Haukalyň eserlerinde dolulygyna diýen ýaly girizilipdir.

Araplardan bolan taryhçy hem-de geograf Abu Dulaf Mis'ar ibn al-Muhalkal X asyryň 30 – 40-njy ýyllarynda Buharada samanylaryň köşgünde işläpdir. Ol Eýranda, Owganystanda, Hindistanda, Tibetde we beýleki ýurtlarda syýahatda bolupdyr. Ol baryp gören ýurtlary barada geografik eser döredipdir. Onuň eseri ýitirilen hasap edilýär eken: ondan diňe XIII asyryň awtory Ýakudyň geografik eserine girizilen bölekler saklanyp galypdyr. Emma 1923-nji ýylda awtoryň bu işiniň iki bölümi Maşat kitaphanasynda ýüze çykarylypdyr.

Ýokarda ady agzalan Masudi «Muruj az-zahab wa ma'adin al-jawahir» (Altyn ýuwlup alynýan ýer we göwher daşlaryň käni) eserinden başga-da, X asyryň ortalarynda «Kitab at-takwim wa-al-işraf» (Öwüt-nesihatlaryň we ynançlaryň kitaby) atly ýene-de bir geografik eser döredipdir.

Eýranly pars geografy Abu Ishak Ibrahim ibn Muhammet al-Istahriniň ykdysady geografiýa ugry boýunça döreden «Kitab mesalik al-memalik» (Ýurtlaryň ýollarynyň kitaby) eseri çeşmeşynaslykda abraýly iş hökmünde giň meşhurlyga eýedir. Ol bu işi Eýran we goňşy sebitlere eden syýahatlarynyň netijesinde toplan maglumatlarynyň esasynda 933-nji ýyllar töweregi ýazypdyr diýlip hasap edilýär. Bu işe ol al-Balhynyň «Suwar al-akalim» eserini hem dolulugyna girizipdir. Istahriniň işinde Eýranyň we onuň bilen goňşuçylykdaky ýurtlaryň öndüriji güýçleri, ykdysadyýeti we topografiýasy boýunça möhüm maglumatlar jemlenendir.

Abul Kasym ibn Haukal gelip çykyşy boýunça bagdatly arap, X asyryň 40-njy ýyllarynda Demirgazyk Afrika, Ispaniýa, Sisiliýa, Arabystana, Eýrana we Hindistana syýahat edýär. Istahriniň haýyşy boýunça ibn Haukal 951-nji ýyllar töweregi onuň eserini täzeden işlemäge girişýär, onuň goýberen käbir ýalňyşlyklaryny düzedýär we syýahatlar döwründe toplan maglumatlary bilen onuň üstüni ýetirýär. Şunuň netijesinde ibn Haukalyň «Kitab al-mesalik wa al-memalik» (Ýollaryň we ýurtlaryň kitaby) eseri dünýä inýär. Heniz awtoryň öz ýaşan döwründe bu eseriň birnäçe nusgalary peýda bolupdyr.

Sanalyp geçilen taryhy we geografik eserler VII asyryň ortalaryndan – X asyryň ortalaryna çenli Eýranyň we goňşy sebitleriň taryhyny öwrenmekde möhüm ähmiýete eýedirler. Bularyň arasynda Belazuriniň, Dinaweriniň, Tabariniň, Masudyň, Istahriniň we ibn Haukalyň işleri aýratyn orun eýeleýär.

983-nji ýylda bolsa anonim awtoryň «Hudud ul-Älem min ul-Maşrik wa al-Magrib» (gysgaça «Hudud ul-Älem») kitaby terjime edilýär. Şol ýyl farmakologiýa boýunça gözükdiriji, samanylaryň we gaznalylaryň döwründe bolsa, «Adab as-saltana wa al-wuzara» (Soltanlar we wezirler üçin nusgalyk kitap) ýazylýar.

Eýranyň taryhy beýan edilýän işleriň hatarynda Abu Bekr Narşahynyň (959-njy ýylda aradan çykan) «Buharanyň taryhy» eserini görkezmek bolar. Bu eser 1128-nji ýylda Abu Nasyr Kubawy tarapyndan pars diline geçirilipdir.

X asyrda täze pars edebi dilinde ilki geografik, soňra taryhy eserler dörän hem bolsa, barybir IX–X asyrlarda arap dilli eserler uly ähmiýete eýe boldy. X asyryň awtory an-Nedimiň 988-nji ýyllar töweregi tamamlan «Fihrist» (Görkeziji) kitaby we onuň bize gelip ýetmedik taryhy-bibliografiki eseri arap dilinde ýerine ýetirilen işlerdir.

Gaznalylar we Seljuklar döwründe Eýranyň taryhy barada ýazylan eserler

Ibn Miskaweýh

Eýranyň taryhy barada gaznalylaryň we seljuklaryň hökümdarlyk eden döwründe hem ep-esli işler edilipdir. Bu döwürde, aýratyn hem, seljuklaryň zamanynda pars dili döwlet diline öwrülýär we pars dilinde ençeme eserler döredilýär. XI asyrda arap dilinde ýazylan eserleriň arasynda Abu Aly Ahmet ibn Muşkuýäniň (arap ýoýulmasynda aýdylyşy ýaly ibn Miskaweýh, 1030-njy ýylda aradan çykan) ählumumy taryh görnüşinde ýazan alty tomluk «Kitab tajarib al-umam» (Halklaryň tejribe kitaby) möhüm ähmiýete eýedir. Ibn Miskaweýhiň özi pars bolupdyr we Günbatar Eýranyň buidler (buweýhiler) nesilşalygyndan bolan hökümdarlaryň hazynaçysy hem-de weziri wezipelerinde işläpdir. Onuň eseriniň başky tomlary irki çeşmeleriň we şol sanda at-Tabarynyň kitabynyň özboluşly kompilýasiýasy – göçürmesi bolup duryar. Ýöne ol hijriniň 300-nji ýylyndan (milady boýunça 912/3-nji ýyl) bärki döwrüň taryhyny beýan edende, ol eýýäm at-Tabarynyň işini dowam etdiriji awtor hökmünde çykyş edýär. Onuň işinde harby-syýasy wakalaryň dowamy 982-nji ýyla çenli ýetirilip goýlupdyr. Ibn Miskaweýh döwlet arhiwleriniň maglumatlaryndan hem peýdalanypdyr. Ol öňki awtorlaryň edişi ýaly wakalary guraksy beýan etmändir-de, wakalara, hadysalara özüçe düşündiriş bermäge-de çalşypdyr.

Ibn Miskaweýhiň döwürdeşi Abu Mansur al-Hüseýin ibn Muhammet as-Sa'alibi (1038-nji ýylda aradan çykan) orta asyrlaryň meşhur taryhçylarynyň biridir. Ol 1021-nji ýyllar töweregi Eýranyň taryhy boýunça «Kitab al-guzar fi-siýar al-muluk wa ahbarihim» (Şalaryň ömür beýanyndan we olar baradaky maglumatlaryň naýbaşylary) atly dört tomluk eserini ýazyp gutarýar. Eseriň, aýratyn hem, dördünji tomy ähmiýetlidir. Onda halyflygyň düzümindäki Eýranyň, sebitiň beýleki ýurtlarynyň taryhy, halyflygyň dargamagy, täze döwletleriň kemala gelmegi ýaly meseleler gozgalýar.

Abu Nasyr Muhammet al-Utbi (961–1036) Gaznaly nesliniň taryhy boýunça ajaýyp eser galdyrypdyr. Ol gelip çykyşy boýunça Eýranda mesgen tutan Reýiň belli arap maşgalasyndan bolupdyr. Utbi ilki samanylara, soňra bolsa, başky gaznaly hökümdarlary – Söbüktegine we Mahmyda gulluk edipdir. Ol soltan Mahmyt Gaznalynyň hökümdarlygy barada «Kitab al-Ýamini» (Mahmyt Gaznaly hakynda kitap) diýen eserini ýazýar. Bu eser Gündogar Eýranyň we Orta Aziýanyň taryhynyň 975–1021-nji ýyllary barada möhüm çeşmedir. Işde arhiw maglumatlary hem peýdalanylypdyr. Utbiniň eseriniň dili düşünmek üçin juda çylşyrymlydyr. Şonuň üçin hem oňa düşünmek üçin XIII asyryň başlarynda Ahmet al-Manini tarapyndan dü-

zülen düşündiriş gerek bolupdyr. Bu eser şol döwürde (XIII asyryň başlary) pars diline terjime-de edilipdir.

Al-Biruny

Näbelli awtor tarapyndan pars dilinde ýazylan «Hudud ul-Älem» (Dünýäniň serhetleri) atly eserde taryhy wakalar kämil derejede beýan edilipdir. Onda X asyrda Maweranнahryň çäginde ýerleşen 200 geografik nokatlar, 130 şäher barada gymmatly maglumatlar berilýär. Eserde şol döwürde sebitde 9 million ilatyň ýaşandygy, şeýle hem Samarkant, Buhara, Keş, Termez ýaly şäherlerde öndürilýän önümler barada hem wajyp maglumatlar getirilýär. Ylymda «Tumanskiniň golýazmasy» ady bilen tanalýan bu eser, 1892-nji ýylda Buharada ýüze çykarylypdyr. Onda Orta Gündogar ýurtlarynyň taryhy bilen bir hatarda, oguzlaryň-türkmenleriň taryhy boýunça-da baý maglumatlar ýerleşdirilipdir. Bu eser 1930-njy ýylda çap edildi.

X–XIII asyrlarda arap dili ulanyş geriminiň daralýandygyna garamazdan, entekler hem halkara diliniň ornuny saklapdyr, ýöne täze pars dili hem ornuny bellibir derejede berkidipdir. Şol döwürlerde Orta Gündogar ýurtlarynyň taryhnamasynda özboluşly nysak peýda bolýar. Şoňa görä eserler pars dilinde ýazylypdyr, ýöne olaryň atlary arap dilinde berlipdir. Munuň özi öňden bäri ulanylyp gelinýän arap diline goýulýan özboluşly sarpadan nyşan bolupdyr. XI asyryň pars taryhçysy Abdalhaýi Gardiziniň «Zeýn al-ahbar» (Habarlaryň bezegi) eseri şeýle işleriň biridir. Gardiziniň ömür ýoly barada 1968-nji ýylda Tähranda A.H. Habibi tarapyndan kitap çap edildi.

«Zeýn al-ahbar» eseri 1050-nji ýyllar töweregi pars dilinde ýazylypdyr, ýöne kitap arapça atlandyrylypdyr. Ondaky wakalaryň beýany 1041-nji ýyla çenli ýetirilip goýlupdyr we ol X–XI asyrlaryň taryhy boýunça gymmatly çeşme bolup hyzmat edýär. Kitapda Hindistana, Gündogar Ýewropa halklaryna, şeýle hem Aziýanyň türki taýpalarynyň taryhyna bagyşlanan ýörite bölümler berlipdir. Şonuň üçin hem awtoryň eseri diňe bir sebitde bolup geçen möhüm taryhy wakalar hakynda gürrüň bermän, eýsem Ýewraziýa yklymynyň taryhy boýunça-da möhüm çeşme bolup durýar.

Eýranyň we onuň bilen sebitdeş ýurtlaryň taryhy Gündogaryň beýik alymy Abu Reýhan Muhammet ibn al-Birunynyň (983–1048) «Asar al-bakiýa an kurun al-haliýa» (Öten asyrlardan galan yzlar) atly işinde beýan edilýär. Biruny karmatlaryň we hurramitleriň («ak geýimlileriň») mezhepleri, olaryň halyflaryň häkimiýetine garşy gönükdirilen hereketleri barada-da eserler döredipdir, ýöne olar biziň günlerimize gelip ýetmändirler. Alym «Hindistan» atly meşhur taryhy-geografik eseriň hem awtorydyr.

Merwli taryhçy alym we syýahatçy Abu Sa'ad Abdal Kerim ibn Muhammet as-Sama'ni (1113–1167) gelip çykyşy boýunça belli arap maşgalasyndan bolup-

dyr. Ol köpsanly eserleri döredipdir. Sa'mani tanymal adamlaryň – syýasy, dini we medeni işgärleriň ömür ýollaryna bagyşlap, elipbiý tertibinde ýerleşdirilen şejere sözlügini düzüpdir we ony «Kitab al-ansab» (Şejere atlarynyň kitaby) diýip atlandyrypdyr. Bu iş Eýranyň we Orta Aziýanyň taryhy boýunça möhüm çeşmeleriň biridir. Sa'mani Merwiň taryhy boýunça 20 tomluk eser ýazypdyr, gynansagam, olar biziň günlerimize gelip ýetmändir.

Şu döwre degişli işleriň hatarynda Nasyr Hysrowyň «Safarnama» (XI asyr), Keý Kowus ibn Isgenderiň «Kowusnama» (1082), Nyzam al-Mülküň «Syýasatnama» (1091), al-Gazalynyň «Nasihal al-muluk» (1105–1111) eýýäm atlary tutulan eserlerini hem görkezmek bolar. XII–XIII asyrlaryň başlarynda ýazylan geografik işleriň hatarynda Makdisiniň (ýa-da Mukaddesi – X asyr) «Ahsan at-takasim fi-ma'arifat al-akalim» (Yklymlara akyl ýetirmegiň iň gowy bölünişigi), Muhammet al-Idrisiniň (1099–1165) «Geografiýasy», Ýakut ar-Rumi al-Hamawi (1179–1221) «Kitab mu'jam al-buldan» (Ýurtlaryň elipbiý tertibi biýunça sözlügi), ibn-Balhiniň «Farsnama» (Pars welaýaty hakynda kitap), Muhammet ibn Nejip Bekranyň «Jahannama», şeýle hem awtory belli bolmadyk «Ajaýyp ad-Dunýa» (Dünýäniň ajaýyplyklary) eserlerini görkezmek bolar.

Bu eserleriň arasynda Makdisiniň ýokarda ady tutulan arap dilinde ýazylan eseri uly ähmiýete eýedir. Onuň özi iýerusalimli (kuddusly) bolandygy üçin, «Makdisi» ýa-da «Mukaddasi» familiýasy bilen meşhurdyr. Ol musulman dünýäsiniň Ispaniýadan, Seýistandan we Sintden galan ähli ýerlerinde bolupdyr we gören-eşiden zatlary barada ummasyz köp maglumatlary jemläpdir. Ol toplan maglumatlarynyň

Nyzam al-Mülküň janyna kast edilmegi (miniatýura)

esasynda 985-nji ýylda «Ahsan at-takasim fi-ma'arifat al-akalim» (Yklymlara akyl ýetirmegiň iň gowy bölünişigi) atly eseri ýazyp gutarýar. Üç ýyl geçenden soň, ol eseri taraşlap we goşmaça maglumatlary ýerleşdirip, eserini gaýtadan neşir etdirýär. Eserde ilki welaýatlaryň, soňra etraplaryň, iň soňunda bolsa şäherleriň geografik beýanlary berilýär. Eser Eýranyň ykdysady taryhy boýunça gymmatly maglumatlary özünde jemleýär.



Ýakut al-Hamawi

Eýranyň taryhy boýunça ýazylan işleriň hatarynda Ýakudyň «Mu'jam al-buldan» (Ýurtlaryň elipbiý tertibi boýunça sözlügi) eseri hem ähmiýetlidir. Ýakudyň özi gelip çykyşy boýunça Kiçi Aziýaly grek bolup, ol ýaşka Siriýanyň Hama şäherinden bolan bir täjire gulçulyga satylypdyr. Onuň hojaýyny Ýakuda öz döwrüniň gowy bilimini beripdir we ony gullukçysy hökmünde ulanypdyr. Hojaýyny aradan çykandan soň, ol Eýrana we Orta Aziýa syýahat edipdir. Ol özüniň eserini 1224-nji ýylda ýazyp gutarypdyr. Eseri ýazmak üçin ol ýüzden gowrak çeşmelerden peýdalanypdyr, ýöne alan maglumatlaryna seresaplylyk bilen çemeleşipdir. Onuň eserinde Istahriniň, Ibn Haukalyň we Makdisiniň işleri bilen deňeşdirilende durmuş-ykdysady meseleler boýunça maglumatlar azlyk edýän-de bolsa, onda berilýän maglumatlaryň Eýranyň taryhyny öwrenmekde ähmiýeti uludyr.

Bekranyň «Jahannamada» aýdyşy ýaly, onda «beýleki alymlar bilen deňleşmek, hökümdaryň mübärek elinden sowgat almak arzuwy, Horezmşah Ala-ed-Din Muhammet bin Tekeş üçin dünýäniň kartasyny çyzmak islegi» döräpdir. Bu möhüm hem-de jogapkärli işi amala aşyrmak üçin Bekran birnäçe wagtlap irginsiz zähmet çekipdir. Awtoryň «Jahannama» eserinden mälim bolşy ýaly, 1208-nji ýylda ol dünýä kartasyny düzmek işini tamamlapdyr we alymlaryň çaklamalaryna görä, bu karta Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň hökümdary Alaýeddin Muhammet II-ä (1200–1220) sowgat berlipdir. Dünýä kartasyny çyzmakda ol al-Horezminiň (787–863) «Kitab surat al-arz» («Ýeriň surat kitaby»), al-Birunynyň (973–1051) köpsanly işlerinden, Abulkasym ibn Hordadbehiň (IX a.) hem-de al-Istahrynyň (X asyr) adybir «Kitab al-mesalik wa al-memalik» (Ýollaryň we ýurtlaryň kitaby), ar-Ruhiniň (888–962) «Aşkal al-akalim» (Yklymlaryň şekilleri), Nasyr Hysrowyň (XI asyr) «Safarnama» (Syýahat kitaby) eserlerinden giňişleýin peýdalanypdyr.

Bekranyň düzen dünýä kartasy biziň günlerimize gelip ýetmändir, emma onuň ýazgysy bolan «Jahannama» saklanypdyr. «Jahannamanyň» Seýit Aly Gürgeni tarapyndan 1265-nji ýylda göçürilen bir nusgasy Orta Aziýada, ýene bir nusgasy bolsa Gürgende saklanypdyr. Onuň Muhammet ibn Muhtar al-Kafi tarapyndan 1430-njy ýylda göçürilen Gürgendäki nusgasy soňra Eýranyň ýerlerine, giçki döwürlerde bolsa Ýewropa ýurtlaryna düşüp, häzir Parižiň Milli kitaphanasynda saklanýar.

Asly Kaşanyň Rawend etrabyndan bolan Nejmeddin Muhammet Rawendi Seljuklar barada ýazan az sanly awtorlaryň biridir. Onuň näçenji ýyllarda ýaşap geçendigi belli däl. Ol 70 dürli ýazuw usulyny özleşdiripdir we hatdatlyk boýunça okuw kitabyny ýazypdyr. Ussatlygy üçin iň soňky seljuk soltany Togrul III-niň (1175–1194) köşgüne işe alnypdyr. Rumdaky Seljuk tagtyna Abul-Fath Keýhosrow ibn Gylyç Arslan çykandan soň, ol 1202–1205-nji ýyllarda «Rahat as-sudur we aýat as-surur» (Ýürekleriň ynjalygy we şatlygyň höziri) diýen işiniň üstünde işleýär. Bu kitapda beýan edilýän taryhy wakalar Gurhanyň süreleri, arap we pars dillerindäki goşgular, nakyllar, atalar sözleri, pähimler, dürli tymsallar bilen utgaşyp gidýär. Kitapda Seljuklaryň XI asyrda taryhy sahna çykan döwründen tä 1199-njy ýyla çenli taryhy beýan edilýär. Soňky Seljuk soltanlary bolan Arslan şa we Togrul III bilen baglanyşykly maglumatlar şu awtordan başga hiç bir awtoryň işinde gabat gelmeýär. Ol öz garyndaşy bolan Zahyreddin Nişapuriniň «Seljuk-nama» diýen işinden köp maglumatlary alypdyr. Ol Abul Fazl Beýhakynyň «Tarihi Beýhaki» eserinden-de peýdalanypdyr.

Eýranda Hulagularyň we Teýmirileriň hökümdarlygy baradaky çeşmeler

Mongol basybalyşlary Eýranyň we sebitdeş ülkeleriň medeni taýdan ösüşine ýaramaz täsir eden-de bolsa, ylmyň, bilimiň we medeniýetiň ösüşini barybir doly togtadyp bilmändir. Basybalyşyň netijesinde emele gelen tozgunçylyklardan 30–40 ýyl geçensoň, medeniýetiň käbir ugurlary gaýtadan ösüp ugraýar. Hususan-da, XIII asyryň ikinji ýarymynda – XIV asyrda eýranyň taryhnamasy ýokary derejede ösdi. Bu döwürde edebiýatda pars dili öňdebaryjy ýagdaýa eýe boldy, arap dili bolsa edebiýatdan doly diýen ýaly gysylyp çykaryldy. Öňki asyrlaryň awtorlaryndan tapawutlylykda, XIII–XIV asyrlaryň awtorlary öz eserlerinde resminamalary we arhiw maglumatlaryny köpçülikleýin ulanýardylar.

Eýranda höküm süren mongol hanlary öz ýeňişleriniň we atlarynyň şöhratlandyrylmagyna uly gyzyklanma bildiripdirler, şonuň üçin hem şahyrlara we taryhçylara howandarlyk edipdirler. Adatça, parslardan bolan taryhçy bu işi köşk ýa-da dolandyryş bilen baglanyşykly wezipeleriň biri bilen utgaşdyrypdyr. Şonuň üçin hem şeýle adamlar döwletiň içeri hem-de daşary syýasatyndan gowy baş çykarypdyrlar, olaryň döwlet arhiwlerine girmäge hem ygtyýary bolupdyr. Elbetde, öz ýerine ýetirýän işleri üçin ýokary sylag-serpaý alýan taryhçylar mongollaryň ýeňişlerini, olaryň nesilbaşysy Çingiz hanyň, onuň mirasdüşerleriniň atlaryny hetdenaşa mahabatlandyryp görkezipdirler.

XIII–XIV asyrlarda pars taryhnamasynyň ýokary göterilmeginiň ýene-de bir sebäbi, haçly ýörişleriň dowam etmegi, Altyn Ordanyň, Çagataýlaryň ulusynyň we

Hulagularyň imperiýasynyň esaslandyrylmagy, Ortaýer deňiz we gury ýer kerwen söwdasynyň ösmegi netijesinde, Eýranyň ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklary ep-esli derejede giňedi. Bu bolsa eýranly taryhçylaryň dünýägaraýşyny giňeltdi, olara has täze maglumatlary ulanmaga, hususan-da, mongollaryň we türki halklaryň taryhy boýunça toplanan maglumatlary we işleri peýdalanmaga mümkinçilik berdi. Eýranly taryhçylary basybalyjylara garaýyşlary boýunça iki topara – olaryň duşmanlaryna we mahabatlandyryjylara bölmek bolar.

Mongol basybalyşlary we Eýranda dörän Hulagularyň döwleti barada ençeme eserler saklanyp galypdyr. Şolaryň iň irkileriniň biri Izzeddin Muhammet ibn al-Asiriň (1160–1234) «Al-Kamil fit-taryh» (Kämil taryh) atly 12 tomluk eseriniň uly ylmy ähmiýeti bardyr. Onda köp meseleler bilen bir hatarda, mongollaryň Orta Aziýa we Orta Gündogar ýurtlara ýörişleri beýan edilýär. Ibn al-Asir bu işi mongollaryň ýörişleriniň yzysüre ýazypdyr. Onda Samarkandyň eýelenilişi, Buharanyň derbi-dagyn edilişi jikme-jik şöhlelendirilipdir. Onuň eseriniň käbir bölekleri rusça terjime edildi.

Mongollaryň taryhy boýunça ýazylan musulman çeşmeleriniň arasynda Horendiz galasynyň eýesi, horasanly belli begzadalar neslinden gelip çykan Muhammet ibn Ahmet an-Nesewiniň (Nisawi) eseri uly ähmiýete eýedir. Ol Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň iň soňky hökümdary Jelaleddin Meňburnuň (1221–1231) kätibi bolmak bilen, hökümdarynyň mongollara garşy alyp baran söweşleriniň ählisine gatnaşyp, wakalary gözi bilen görüpdir. Jelaleddin ölenden on ýyl geçensoň, 1241-nji ýylda ol arap dilinde «Sirat as-sultan Jelal-ad-din Mankuberti» (Jelaleddin Meňburnuň ömür beýany) eserini ýazýar. Eserde 1218–1231-nji ýyllaryň wakalary jikme-jik beýan edilýär. An-Nesewiniň işi fransuz, rus we türkmen dillerine terjime edildi.

1930-njy ýylda Eýranda an-Nesewiniň öň belli edilmedik ýene-de bir eseri ýüze çykarylýar. Ol 1234-nji ýylda pars dilinde ýazylan «Nafsat al-masdur» (Şemalyň şuwwuldysy) eseridir. Bu eser an-Nesewiniň özboluşly memuary bolmak bilen, onda XIII asyryň 20–30-njy ýyllarynyň galagoply wakalary barada gürrüň berilýär. Ildeşimiziň eserleriniň ikisi hem mongollara duşmançylyk ruhunda ýa-

Ilhan Argun hanyň 1290-njy ýylda Rim papasy Nikolaý IV-ä iberen haty (Hatyň ýüzüne hytaýça ýazgyly dörtburç möhür basylan).

zylypdyr. Eserde Jelaleddin basybalyjylara garşy göreşen beýik musulman serkerdesi hökmünde suratlandyrylýar.

Mongollar barada eser ýazan kese ýerli awtorlaryň arasynda Hulagular döwletiniň köşk işgärleriniň biri bolan Fazlallah Reşideddin Abulhaýr Aly Hemedany (1240/47–1318) aýratyn orun eýeleýär. Ol Eýranyň iň baý adamlarynyň biri bolup, onuň Töwrizdäki kitaphanasynda 60 kitap saklanylypdyr. Reşideddine töhmet atylyp, Oljaýtu hany zäherlemekde aýyplanýar we 1318-nji ýylda jezalandyrylyp öldürilýär, ähli emlägi bolsa alynýar.

Reşideddin ilhan Gazan hanyň (1295–1304) buýurmasy esasynda mongollaryň taryhy barada ägirt uly «Jami at-Tawarih» (Ýyl ýazgylarynyň ýygyndysy) eserini ýazýar. Eseri ýazmakda «Altyn depderden» başga-da, ol belli köşk işgäri Polat Çinsýanyň gürrüňlerini hem peýdalanypdyr. Saklanyp galan käbir maglumatlara görä, awtoryň bu eserini ýazmaga iki sany ýerli eýranly alym, şonça hytaýly awtor, bir hindi alymy we bir katolik dinli ruhany gatnaşypdyr.

Üç tomdan ybarat bolan bu eseri ýazmak işi 1300-nji ýylda Gazan han dirikä başlanýar we 1310-njy ýylda Oljaýtu hanyň döwründe-de tamamlanýar. Eseriň birinji tomy Gazan hanyň hatyrasyna «Tarih-i Gazani» (Gazan hanyň taryhy) diýlip atlandyrylyp, onda mongol hem-de türki taýpalarynyň geçmişi, Çingiz hanyň we onuň ýakyn mirasdarlarynyň we Mongoliýadan bölünip aýrylan mongol uluslarynyň, şol sanda Hulagularyň döwletiniň taryhy beýan edilýär. Bu tom XIII asyrda Eýranyň we Azerbaýjanyň durmuş-ykdysady taryhy boýunça baý maglumatlary özünde jemleýär. Ikinji tomda musulman däl döwletleriň – Hytaýyň, gadymy jöhitleriň, «franklaryň», rim papalarynyň, Wizantiýanyň, Mukaddes Rim imperiýasynyň, Hindistandaky döwletleriň taryhy hakynda giň maglumatlar berilýär. Eseriň üçünji tomy biziň günlerimize gelip ýetmändir.

Reşideddiniň bu eseri ählumumy taryhyň özboluşly ýygyndysy bolup, onda ir döwürlerden başlap, tä XIV asyryň başlaryna çenli aralykda bolan harby-syýasy wakalar yzarlanylýar. Reşideddiniň özi hem XIII asyryň ikinji ýarymynda bolup geçen köp wakalaryň gözli şaýady bolupdyr we öz gören-eşiden zatlaryny öz eserinde giňişleýin ulanypdyr.



Ilhan Argunyň 1289-njy ýylda fransuz koroly Filip IV Görmegeýe iberen haty

Reşideddin musulman däl halklaryň taryhy ýazylanda, şol halklaryň taryhyna degişli çeşmelere we olaryň taryhnama tejribesine, däp-dessurlaryna daýanmaly diýip hasap edipdir. Munuň özi şol döwürde taryhy ýaz-

makda özboluşly öňegidişlikdi. Sebäbi öňler arap-pars awtorlary taryhy ýazmagyň şeýle usulyny inkär edýärdiler.

Ata Mälik Juweýniniň eseriniň golýazmasy

Taryhçy hökmünde Reşideddin mongol taýpalary, Çingiz han we onuň nesilleri baradaky hronikalara, ýyl ýazgylaryna, esasan hem, «Altyn depdere» daýanypdyr. Mongollaryň özlerine degişli çeşmelerden köp mukdardaky gymmatly maglumatlary susup alypdyr. Ol ilhanlaryň köşgünde işlän mongol taryhçysy Bold Çinsanyň we beýlekileriň beren hekaýatlaryna hem-de maglumatlaryna-da daýanypdyr. Bu bolsa Reşideddine belli rus alymy, akademik B. Ý. Wladimirsowyň adalatly belleýşi ýaly, «mongol taýpalarynyň çarwa durmuşynyň ajaýyp suratyny jikme-jik görkezmäge» mümkinçilik beripdir. Eserde Reşideddin mongollar barada ýazan eýranly taryhçylaryň işlerinden hem peýdalanypdyr. XX asyrda «Jami at-Tawarih» dünýäniň köp halklarynyň diline terjime edildi. Reşideddiniň eseriniň mazmuny birnäçe asyr geçenden soň Hywanyň hökümdary Abul Gazy han hem özüniň «Türkileriň nesil şejeresi» diýen eserinde gaýtalapdyr. Şunda ol Çingiz hanyň nesil şejeresini beýan etmek üçin Reşideddiniň musulman awtorlarynyň işlerinden alan pygamberleriň şejeresini ulanypdyr we Çingiz hanyň şejeresini olaryň yzyna tirkäpdir.

Reşideddiniň «Munşat-i Raşidi» (Raşidiň hatlarynyň ýygyndysy) ýa-da «Muketabat-i Raşidi» diýlip atlandyrylan şahsy hatlarynyň ýygyndysy hem möhüm çeşmedir. Onda 53 sany hat ýerleşdirilip, olary Reşideddiniň kätibi Aberkuhi ýygnap çap edipdir. Olaryň arasynda Reşideddiniň özüne dürli adamlardan gelen hatlar, onuň özüniň ogullaryna, döwlet adamlaryna, din işgärlerine we dürli derejedäki begzadalara ýazan hatlary bar. Şol hatlaryň birinde Reşideddiniň emlägini miras galdyrmak bilen baglanyşykly wesýetnamasy ýerleşdirilipdir. Şondan çen tutup, şol döwrüň iň gurply adamlarynyň hojalygyny hem-de emläginiň möçberini göz öňüne getirip bolýar.



Ilhan Oljaýtu hanyň 1305-nji ýylda Filip IV Görmegeýe iberen haty

Mongollaryň basybalyşlary baradaky mesele eýranly taryhçy Ata Mälik Juweýniniň (1226–1283) meşhur eserinde öz beýanyny tapypdyr. Ol mongol hanlarynyň döwründe Horasanyň weziri

bolan Bäheweddin Juweýniniň ogly bolupdyr. Ata Mälik Juweýniniň dogany Şemseddin Muhammet Juweýni Hulagular neslinden bolan başky üç hanyň baş weziri bolup işläpdir. Onuň özi bolsa, mongol hanlarynyň Bagdatdaky dikmesi bolupdyr we tozgunçylykly ýörişlerden soň weýran bolan şäheri dikeltmek işlerine ýolbaşçylyk edipdir. Juweýni 1283-nji ýylyň martynda hökümdaryň gazabyna duçar bolýar. Ol özüniň ähli emläginiň alnandygyny eşidýär, onuň üstüne hossarlary bilen bilelikde jezalandyrylmak howpy ýüze çykýar. Bu zatlara ýüregi çydamadyk taryhçy birdenkä ysmaz keseline ýolugýar we köp wagt geçmänkä-de tarpa-taýyn aradan çykýar.

Juweýniniň 1260-njy ýyllar töweregi ýazylyp gutarylan «Taryhy Jahanguşaý» (Dünýäni basyp alanyň taryhy) eseriniň taryh ylmy üçin uly ähmiýeti bardyr. Eseriň mazmuny jemi üç tomda beýan edilýär. Birinji tomda Çingiz handan tä Gök hanyň ölümine çenli wakalar; ikinjide – horezmşalaryň (ýagny Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň) döwletiniň taryhy we 1258-nji ýylda abbasy halyflygynyň; üçünjide bolsa – Hulagu hanyň Eýrana ýörişi (1256–1258), şeýle hem eýranly ysmaýilitleriň taryhy beýan edilýär. Eseriň üçünji tomy biziň günlerimize gelip ýetmedik «Serguzeşt-i seýidna» (Biziň jenabymyz hakynda hekaýat) eseriniň esasynda ýazylypdyr.

Juweýniniň özi wakalaryň gözli şaýady bolmasa-da, mongollaryň ýörişleriniň yzysüre ýazylandygy üçin, wakalaryň beýan edilişi hakykata golaýdyr. Juweýnä ägirt uly mongol imperiýasynyň köp ýerlerinde bolmak miýesser edipdir. Ol diňe bir Türküstanda däl, eýsem uýgurlaryň ýurdunda, hatda alysdaky Mongoliýada-da bolup görüpdir. Juweýniniň eseriniň iňlisçe terjimesi 1958-nji ýylda neşir edilipdir, Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň taryhy bilen baglanyşykly ýerleri bolsa Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen diline terjime edilip, Türkmenistanyň Milli medeni miras merkezi tarapyndan çap edildi.

Pars dilinde ýazylan eseriň golýazmasy

Eýranly taryhçylaryň biri bolan Abdylla Kaşany Gazan hanyň inisi Oljaýtu hanyň (1304–1316) dolandyran ýyllaryna bagyşlap eser ýazypdyr. Kaşany «Jami at-tawarih» ýazylýan döwürde Reşideddiniň tabynlygyndaky işgärleriň biri bolmak bilen, Reşideddini «edebiýat ogurlygynda» aýyplamaga, ol jezalandyrylyp öldürilenden soň bolsa, onuň eserine eýe çykmaga synanyşyk edipdir. Şol sebäpden hem Kaşanynyň «Tarih-i Oljaýtu han» kitaby Reşideddiniň eseriniň dowamy ýaly bir eserdir.

Minhajuddin Abu Omar Osman ibn Sirajuddin Juzjaniniň «Tabakat-i Nasiri» (Nasyryň derejeleri) eserinde mongollaryň Orta Aziýa, Eýrana ýörişleri we Jelaleddin Meňburnuň olara garşy göreşi beýan edilýär. Ol 1193-nji ýylda doglupdyr we Owganystandaky Gurlaryň döwletiniň hökümdarlaryna gulluk edipdir. Mongol çozuşlary döwründe ol Hindistana gaçmaga mejbur bolýar we ömrüniň ahyryna çenli şol ýerde-de galýar. Ol 1260-njy ýyllar töweregi pars dilinde gysgaça görnüşde ählumumy taryh ýazýar we ony Deli soltany Nasyreddin Mahmyt şa I-ä bagyşlaýar. Şol sebäpden hem eserini hem «Nasyryň derejeleri» diýip atlandyrýar. Eserde Çingiz hanyň goşunlarynyň Horasana kürsäp girişleri jikme-jik beýan edilýär. Juzjany biziň günlerimize gelip ýetmedik birnäçe işlerden hem peýdalanypdyr. Ol Mongol imperiýasynyň taryhyny duşmançylykly ruhda beýan etmek bilen, özüniň basybalyjylara bolan ýigrenjini gizlemän, olaryň adyna aç-açan nälet okaýar.



Hamdallah Kazwininiň aramgähi

XIII asyryň awtorlarynyň biri hem asly Pars welaýatyndan bolan Abdallah ibn Omar Baýdawy bolupdyr. Baýdawy Kurany teswirlän we Yslamyň sünni mezhebi we metafizika boýunça eserleri ýazan awtordyr. Ol komplýatiw häsiýetde, ýagny başgalaryň işlerinden göçürme görnüşinde, pars dilinde «Nizam at-tawarih» (Taryhy eserleriň tertibi) eserini hem ýazypdyr. Kitapda mongollaryň Eýrandaky hökümdarlygy barada az aýdylýar, ýöne onuň Pars welaýatynyň salyrlardan bolan türkmen atabegleri barada berýän maglumatlary has ähmiýetlidir.

Hamdallah ibn Abu Bekr Mustoufi Kazwini (1281-nji ýylda doglan, aradan çykan wagty belli däl) tarapyndan 1334-1335-nji ýyllarda ýazylan «Tarih-i Guzide» (Saýlanan taryh) eseri Reşideddiniň ogly Kyýaseddin Muhammet Reşidä bagyşlanyp ýazylan eserdir. Eseriň IV babynyň XII bölümçesinde mongollaryň ýörişleri, eýranly hulagular barada möhüm maglumatlar berilýär. Belli begzada maşgalasyndan bolandygy üçin, Hamdallah Kazwini Reşidiniň döwründe uly döwlet wezipesini ýerine ýetiripdir.

1340-njy ýylda Hamdallah Kazwini kosmografiýa we geografiýa barada «Nuzhat al-kulub» (Ýürekleriň ynjalygy) eserini hem ýazyp gutarýar. Onuň üçünji

Sa'adiniň «Gülüstan» dessany (1427)

bölüminde Eýranyň geografik ýerleşişi we Hulagularyň döwletiniň çäkleri jikme-jik beýan edilýär.

Şihabeddin Abdallah ibn Fazlallah Şirazi hem Reşideddiniň goldawyndan peýdalanan adamlaryň biri bolupdyr. Ol ylymda «Wassaff al-hazrat» (Aly hezretleriň öwüjisi) ýa-da ýöne «Wassaf» lakamy bilen bellidir. Onuň özi Şirazly bolup, Reşideddiniň kömegi bilen eýranly ilhanlaryň köşgünde ýokary wezipeleri eýeläpdir. Ol arapça at bilen, pars dilinde «Tajziýat al-amsar wa tazjiýat al-asar» (Welaýatlaryň bölünişi we asyrlaryň paýlanylyşy) ýa-da başgaça «Tarih-i Wassaf» (Wassafyň taryhy) atly uly göwrümli eser ýazýar. Eseriň başky dört bölümi 1312-nji ýylda tamamlanylyp, Reşideddiniň ýardamy bilen Oljaýtu hana gowşurylýar, bäşinji bölümini ýazmak işi bolsa 1328-nji ýylda tamamlanýar. Wassafyň eseri hem Juweýniniň eseriniň dowamy hökmünde ýazylypdyr we onda 1257–1323-nji ýyllaryň wakalary beýan edilýär. Eseriň çeşme binýady bolup Juweýniniň, Reşideddiniň we başgalaryň, şeýle hem resmi hatlar, ýatlamalar we gözi bilen görenleriň gürrüňleri we ýatlamalary hyzmat edipdir.

Mongollar baradaky maglumatlar şahyr hem taryhçy Muhammet ibn Aly Şebangareýiniň pars dilinde ählumumy taryh görnüşinde ýazylan «Mujum-ul al-ansab» (Şejereleriň ýygyndysy) atly eserinde hem berilýär. Bu eseriň has taraşlanan nusgasy awtor tarapyndan 1342-nji ýylda tamamlanypdyr.

Mongollar hakyndaky maglumatlar Orta Gündogaryň dürli sebitleri barada ýazylan işlerde hem duş gelýär. Olaryň hatarynda Seýfi ibn Muhammet Herewiniň «Tarih nameý-i Herat» (Hyradyň taryhy barada kitap) eserini görkezmek bolar. Awtor ylymda Seýfi lakamy bilen meşhurdyr. Ol 1282-nji ýylda Hyratda doglupdyr, onuň aradan çykan wagty belli däl. Seýfi örän sowatly adam bolup, ol merkezi Hyratda ýerleşen we eýranly ilhanlaryň tabynlygynda bolan Gurtlaryň döwletiniň (1245–1389) köşk şahyrlaryndan bolupdyr. Ol ençeme kyssalar bilen bir hatarda, Hyradyň mäligi Kyýaseddin Gurduň tabşyrygy boýunça Hyrat şäheriniň we onuň töwereklerіniň taryhy barada uly göwrümli iş ýazypdyr.

«Hyradyň taryhy barada kitap» eseri Çingiz hanyň Horasana ýörişinden (1220-nji ýyl) başlap, tä 1321-nji ýyla çenli döwri öz içine alýar. Çeşme hökmünde ol Juzjanynyň, Juweýniniň we Reşideddiniň işlerinden, şeýle hem Hyradyň taryhy boýunça biziň günlerimize gelip ýetmedik işlerden, diplomatik resminamalardan, gözi bilen görenleriň gürrüňlerinden we ýatlamalaryndan peýdalanypdyr.

Mongollaryň Eýrany basyp alyşlary we Teýmirleňiň XIV asyryň ahyrlarynda – XV asyryň başlarynda geçirilen ýörişleri hakyndaky gymmatly maglumatlar 1404-nji ýylda Teýmirleňiň köşk adamlarynyň biri bolan Nyzameddin Şamy tarapyndan ýazylan «Zafarnama» (Ýeňiş kitaby) eserinde berilýär. Teýmirleňiň beýleki bir işgäri Şerefeddin Aly Ýezdiniň 1424-nji ýylda ýazan «Zafarnama» (Ýeňiş kitaby) kitabynda hem mongollaryň irki döwri we Teýmirleňiň ýörişleri barada maglumatlar köpdür. XV asyryň ikinji ýarymynyň awtory Abdyrazzak Samarkandynyň şu mesele bilen baglanyşykly işi hem ähmiýetlidir. Onda hulagularyň we teýmirileriň taryhy beýan edilýär.

Teýmirileriň hökümdarlygynyň soňky ýyllary barada Mirhond lakamly Muhammet ibn Hawendşanyň (1433–1498) 10 tomluk ägirt uly kompilýatiw häsiýetdäki «Rauzat us-safa fi sirat al-enbiýa wa-al-hulafa» (Pygamberleriň, patyşalaryň we halyflaryň ömür ýollarynyň tämizlik bagy) ýa-da gysgaça «Rauzat as-Safa» (Tämizlik bagy) kitabynda Teýmirleňiň we onuň nesilleriniň döwri barada giňişleýin gürrüň berilýär. Bu eseriň 1-6-njy tomlary Mirhond, 7-nji tomy agtygy Hondemir, 8–10 tomlary bolsa Ryzaguly han tarapyndan ýazylypdyr. Mirhondyň yzyny soňra agtygy Hondemir ýa-da Handemir lakamly Kyýaseddin Hüseýni (1475–1536) dowam etdiripdir. Ol meşhur «Habibussiýar» (Ömürbeýanlaryň dosty) eseriniň hem awtorydyr. Kitap 3 tomdan ybaratdyr. Ol şa Ysmaýyl Sefewiniň gullugynda durupdyr, soňra bolsa Hindistanda Beýik Mogollara hyzmat edýär.

Ýewropaly awtorlardan wenesiýaly Katerino Zeno (1471–1473), Iosafat Barbaro (1471–1478), Amwrosiý Kontarini (1474–1476) Teýmirleňiň Samarkantdaky köşgünde bolupdyrlar we Eýranyň we Orta Aziýanyň taryhy boýunça gymmatly maglumatlary galdyrypdyrlar. Eýran baradaky maglumatlar twerli rus täjiri Afanasiý Nikitiniň (1466–1472) «Üç deňziň aňyrsyna syýahat» eserinde hem berilýär.

Eýranyň taryhynyň sefewiler, awşarlar we gajarlar döwürleriniň taryhy boýunça çeşmeler

Sefewiler döwründe Eýranyň taryhy barada kitap ýazan ilkinji taryhçylaryň biri Ýahýa Kazwini (1481–1555) hasap edilýär. Ol «Lubb at-tawarih» (Ýyl ýazgylarynyň ýüregi) atly ählumumy taryh görnüşindäki eseriň awtorydyr. Eseriň soňky bölüminde şa Ysmaýylyň dolandyran ýyllary barada gürrüň berilýär.

Parsça golýazma (XVI asyr)

Şu döwre degişli taryhçylaryň biri-de Hurşah ibn Kubad al-Hüseýnidir. Onuň asly eýranly bolup, köp ýyllaryň dowamynda Hindistandaky Ahmednagary dolandyran Nyzamşalaryň köşgünde gulluk edýär. Nyzamşalaryň ilçisi hökmünde Hurşah 1546-njy ýylda Eýrana gelýär. Ol bu ýerde «Tarih-i ilçi-ýi Nizamşah» (Nyzamşalaryň ilçisiniň taryhy) atly eser döredýär. Bu eser hem mazmuny boýunça ähliumumy taryh häsiýetdedir. Iş gurluş taýdan alty bölümden (makale) durup, onuň soňky bölüminde XVI asyryň birinji ýarymynyň wakalary beýan edilýär.

Sefewiler döwründe Eýranyň taryhy barada kitap ýazan ilkinji taryhçylaryň biri Mürze Barhurdar Türkmen bolupdyr. Ol 1530-njy ýylda «Ahsan as-siýar» (Syýahatlaryň naýbaşysy) eserini ýazyp gutarypdyr. Gynançly ýeri, bu türkmen taryhçysynyň eseri dolulygyna biziň günlerimize gelip ýetmändir. Onuň dört tomluk işinden diňe bir tomy – 4-nji tomy saklanyp galypdyr. Mürze Barhurdar Türkmeniň terjimehaly barada maglumat ýok.

Sefewiler döwrüniň taryhçylary hakynda gürrüň edilende öňi bilen şa Ysmaýylyň Hanybeg hanymdan bolan ogly Tahmasp şanyň (1524–1576) adyny bellemeli. Sefewi türkmenleriniň döwletini 52 ýyllap dolandyran şa Tahmasp ylymda taryhçy hökmünde hem tanalýar. Onuň «Tezkireý-i şah Takmasp» (Şa Tahmaspyň ýatlamalary) atly işi saklanyp galypdyr. Tahmasp şanyň eseri ylymda iki at bilen bellidir. Onuň birinjisi «Şa Tahmaspyň rum [Osmanly] ilçileri bilen söhbetleri» ady bilen belli bolup, onuň iki sany nusgasy saklanyp galypdyr. Eser «hekaýat» diýlip atlandyrylan bäş bölümden ybarat bolup, olar «Ulama beg Tekeli barada», «Gazy han Tekeli barada», «Algas mürze Tahmaspyň inisi barada», «Isgender paşa Osmanly serkerdesi barada» we soltan «Baýazit Osmanly soltany (1481–1512) barada» diýlip atlandyrylýar.

«Tezkiräniň» ýadygärlik ýazgylar we ýatlamalar mazmuny bardyr. Tahmasp şanyň türkmen taýpalary, sefewi-osmanly gatnaşyklary, Şirwanyň Sefewi döwletine birikdirilişi baradaky berilýän maglumatlary gyzyklydyr. Şeýle hem eserde Sefewi türkmen döwletiniň gurluşy we dolandyrylyşy, welaýatlara häkimleriň belenilişi, mülkler we mülkdarlar baradaky gürrüňleri täsirlidir.

Tahmasp I

Biziň gürrüňini edýän döwrümiziň belli taryhçylarynyň biri-de «münşi» lakamly Pudak Kazwinlidir (1510–1580). Ol Sefewi türkmen döwletiniň taryhy barada «Jawahir al-ahbar» (Göwher ýaly gymmat habarlar) eserini ýazypdyr. Pudak münşiniň «Göwher habarlar» kitaby ählumumy taryh bolup, ondaky maglumatlar gadymy döwürlerden tä Ysmaýyl II-niň (1576–1578) tagta çykaýan döwrüne çenli wakalary öz içine alýar. Iş «kysym» diýlip atlandyrylýan dört bölümden duryar we onuň soňky «kysym» Garagoýunly, Akgoýunly türkmen patyşalaryna we sefewi türkmenleriniň ilkinji patyşalary bolan Ysmaýylyň we Tahmaspyň dolandyran ýyllaryna bagyşlanypdyr. Alymlaryň pikirine görä, Pudak münşiniň kitaby, aýratyn hem, Tahmasp şanyň dolandyran ýyllary barada birinji derejeli çeşme hasap edilýär. Sebäbi işiň awtory, köplenç halatda, gürrüňi edilýän wakalaryň gözli şaýady bolupdyr ýa-da olara gös-göni gatnaşypdyr.

Eýranyň taryhy barada 10 tomluk eser ýazan meşhur taryhçylaryň biri-de sefewi türkmenleriniň rumly taýpasyndan bolan Hasan beg Rumludyr (1530-njy ýylda doglan). Ol sefewi türkmenleriniň taryhy barada, aýratyn hem, Tahmasp şanyň dolandyran ýyllarynyň taryhyny jikme-jik beýan edýän «Ahsan at-tawarih» (Taryhlaryň naýbaşysy) eserini döredipdir.

Awtoryň bu eseriniň diňe 9–10-njy tomlary saklanyp galypdyr. Eserde öz döwrüniň meşhur türkmen begzadalarynyň, din we döredijilik işgärleriniň, alymlaryň terjimehallary barada gymmatly maglumatlar getirilýär. Hasan beg türkmen begzadalarynyň, emirleriniň we taýpa serdarlarynyň köpsanlysynyň atlaryny getirýär we olaryň durmuş ýoly barada gürrüň berýär: Muhammet han Türkmen, Haýdar soltan Çapyk Türkmen, Pirpudak han Türkmen, Ärdogdy beg Tekeli, Ýegen beg Tekeli, Weli soltan Tekeli, Han Wezir beg Baharly, Gylyç beg Garamanly, Baýram beg Garamanly, Oraz han Rumly, Gurban soltan Rumly, Weli halypa Awçy Şamly, Gorkmaz han Şamly, Kuly beg Awşar, Weli han Awşar, Halil han Awşar, Tozgoparan Garapiri beg Gajar, Ymamguly han Gajar, Toýgün beg Gajar, Şaguly soltan Ýegen Üstitäçli, Köpek soltan Üstitäçli, Gylyç han Üstitäçli, Muhammetguly halypa Gorkuly Zülkadar, Şaguly halypa Zülkadar, Tebet aga Zülkadar, Şageldi aga Jylawdar we başgalar.



«Älemiň bezegi Abbasyň taryhy» eserindäki miniatýura

Sadyk beg Awşaryň (1533–1610) ady görnükli türkmen taryhçylarynyň arasynda aýratyn orun eýeleýär. Töwrizde doglan Sadyk beg Awşar şa Ysmaýyl II-niň (1576–1578) döwründe «Kyrk sütün» köşgüniň ýanyndaky kitaphananyň çeperçilik ussahanasynda, Hudaýbendäniň (1578–1587) döwründe kitaphana müdiri, Abbas I (1587–1528) döwründe bolsa kitapdar bolup işläpdir.

Ol şa Abbasyň ýörişleriniň taryhyna bagyşlap ýazan «Jeňnama» eserinde özüniň ençeme şygyrlaryny ýerleşdiripdir. Sefewiler döwrüniň taryhçylary öz eserlerini, esasan, pars dilinde ýazypdyrlar. Emma Sadyk beg türkmen dilinde tezkire – ýatlama žanrynda ýazylan «Mujm al-hawas» (Duýgularyň jemi) eserini döredipdir. Onda sefewi türkmenleriniň döwründe häzirki Türkmenistanyň çäginde, Eýranda, Azerbaýjanda, Osman türkmenleriniň döwletinde bolup geçen syýasy wakalar, şeýle hem türkmen we pars edebiýaty barada giňişleýin gürrüň berilýär. Hususan-da, ol döwrüniň belli türkmen şahyrlary Muhammet Amanynyň, Pidaýynyň, Muhammet Fizulynyň, Pirguly begiň, Mir Muhammet Ew-oglanyň (Ýywa oglan bolmagy ahmal) döredijiliginden nusgalary getirýär.

Sadyk beg Awşaryň «Kanun as-suwar» (Suratkeşlik barada traktat) eseri sungatyň inçe ugurlarynyň biri bolan suratkeşlige bagyşlanypdyr. Ol esger hökmünde birnäçe ýörişlere-de gatnaşypdyr. Onuň Sefewi şalaryna garşy gozgalaň turzan türkmen serdary Abanyň garşysyna guralan ýörişe gatnaşandygy barada taryhy ýazgylarda agzalyp geçilýär.

Eýranyň taryhynyň XVI asyr döwri baradaky maglumatlar asly kürtlerden bolan Şeref han Bidlisiniň iki tomdan ybarat bolan «Şerefnama» eserinde hem giňişleýin beýan edilýär.

Eýranyň taryhy barada ýazan meşhur awtorlaryň biri-de Isgender beg Türkmen (1560–1634) bolupdyr. Ol özüniň şa Abbasyň dolandyran ýyllaryna bagyşlanyp ýazylan «Tarih-i alamaraý-i Abbas-i» (Älemiň bezegi Abbasyň taryhy) atly eseri bilen meşhurlyk gazanypdyr. Isgender begiň eseriniň dili orta asyr ýazuw ýadygärliklerиniň köpüsinden ýönekeýligi we düşnükliligi bilen tapawutlanýar. Bu barada ol «Ýönekeý adamlara düşnükli bolar ýaly, begzadalar bolsa makullar ýaly, şu işde düşnüksiz we çylşyrymly zatlaryň bolmazlygy üçin, Sadyk guluňyz öz öňünde şeýle wezipe goýdy» diýip ýazypdyr. Isgender beg şa Abbasyň 1603–1607-nji ýyllarda Azerbaýjana, 1626-njy ýylda bolsa Bagdada ýörişlerine-de gatnaşypdyr. Şa Abbas öleninden soň 1630-njy ýylda Isgender beg şa Sefi I (1628–1642) döwründe onuň Bagdada guran ýörişine-de gatnaşypdyr.

Isgender begiň eseri «mukaddeme» diýlip atlandyrylan girişden we «sahypa» diýlip atlandyrylan iki sany tomdan ybaratdyr. Onda Türkmenistanyň, Eýranyň, Azerbaýjanyň, Türkiýäniň, Arap ýurtlarynyň, häzirki Özbegistanyň, Owganystanyň we Hindistanyň taryhy boýunça gymmatly maglumatlar berilýär. 1938-nji ýylda neşir edilen Türkmenistanyň taryhy boýunça möhüm çeşme hasap edilýän «Türkmenleriň we Türkmenistanyň taryhy boýunça maglumatlar» (MITT) kitabynda hem Isgender begiň bu işinden parçalar getirilýär. Şol ýazgylarda türkmenleriň okly taýpasyndan bolan Aba serdaryň sefewilere garşy gozgalaňy barada gürrüň berilýär.

Žan Şarden

Işiň girişinde Isgender beg sefewileriň nesil şalygy we olaryň şejeresi barada ýazanda dürli çeşmelerden alnan maglumatlary giňden peýdalanypdyr. Eseriň şu bölümini ýazmak üçin dürli taryhy işleri, aýratyn hem, «Tarih-i-ahwali salatin-i Turkman» (Türkmen soltanlarynyň taryhy) we «Tarih-i Turukmaniýýa» (Türkmenleriň taryhy) kitaplaryndan giňişleýin peýdalanypdyr. Isgender begiň Akgoýunly we Sefewi türkmen döwletleriniň taryhy, aýratyn hem, bu iki döwletiň hökümdarlarynyň garyndaşlyk gatnaşyklary barada berýän maglumatlary gyzykly.

Isgender begiň eseriniň birinji tomy şa Abbasyň 42 ýyllap dowam eden hökümdarlygynyň 30 ýyllyk döwrüne (1587–1617) bagyşlanyp, onda Sefewi türkmenleriniň döwletinde we sebitde bolup geçen wakalar beýan edilýär. Işiň ikinji tomy şa Abbasyň ýurdy dolandyran soňky 12 ýyl döwrüne bagyşlanan (1617–1628). Onda şa Abbasyň içeri we daşary syýasaty barada jikme-jik gürrüň berilýär.

Isgender beg Türkmeniň eserinde Sefewi türkmenleriniň döwletiniň syýasy taryhy bilen baglanyşykly meseleler bilen bir hatarda, durmuş-ykdysady ýagdaýy, şeýle hem medeni durmuşy barada-da köp maglumatlar berilýär. Eserde meşhur sungat ussatlarynyň, şahyrlaryň, tebipleriň, hatdatlaryň we başgalaryň eden işleri we ömür ýollary barada-da gürrüň berilýär. Isgender beg meşhur suratkeş Kemaleddin Begzad, hatdat Pirpudak beg Gaplaň ogly Şamly, tebip Kiçik (kiçijik) Hekim, şahyr Şany Tekeli, suratkeş we taryhçy Sadyk beg Awşar we başgalar barada gymmatly maglumatlar getirýär. XVII asyryň meşhur türkmen taryhçylarynyň biri-de Weliguly beg Şamly (1625-nji ýylda doglan) bolup, ol Hyratda doglupdyr. Weliguly beg kyssaçy hökmünde türkmen taryhy barada «Kysas al-Hakani» (Hanlar barada kyssalar) eserini ýazypdyr. Bu eseri Weliguly beg 38 ýaşynda ýazmaga başlapdyr. Eseri onuň haçan ýazyp gutarandygy belli däl, ýöne 1674–1675-nji ýyllarda-da ol bu kitaby ýazmagyny dowam etdiripdir. Eserde Sefewi türkmenleriniň döwletiniň döräп wagtyndan tä şa Abbas II-niň hökümdarlygynyň ahyryna çenli döwür (1666) barada gürrüň berilýär. Onda Sefewi soltanlary, welaýatlaryň meşhur emirleridir hanlary, serkerdeler we wezirler barada baý maglumatlar getirilýär. Weliguly begiň döwlet wezipeleri barada berýän maglumatlary has hem gyzykly. Onuň berýän maglumatlaryna görä şol döwürler Sefewi türkmenleriniň döwletinde şeýle wezi-

peler bolupdyr: «beglerbegi» (welaýat häkimi), «möhürdar» (şa möhürini saklaýjy), «işigagasybaşy» (köşkde dabaralary gurnaýan emeldar), «awşikärbaşy» ýa-da «awçybaşy», «wekil» (şanyň orunbasary), «läle» (atabeg), «ýasawulbaşy» (şanyň adýudanty), «myrahyrbaşy» (athananyň başlygy), «myhmandarbaşy» (daşary ýurtly we hormatly myhmanlary kabul edýän emeldar), «supraçybaşy» (köşkde saçak ýazýan), «müneçjimbaşy», «gapyguly» (köşk derwezelerinde we gapylarynda durýan esger), «gullaragasy» (gapy gullarynyň serkerdesi), «jarçy» we başgalar. Harby wezipeler we derejeler barada aýdylanda bolsa olar edil biziň şu günki günlerde ulanyşymyz ýaly: goşun, ýasawyl, ýüzbaşy, nöker we başgalar.

Haýdar beg Iwogly (1664-nji ýylda öldürilen) hem sefewiler döwri boýunça taryhy eser ýazan awtorlaryň biridir. Ol Günorta Azerbaýjanyň günorta-günbataryndaky «Ýywa-oglan» diýen obada eneden bolýar. Şonuň üçin hem onuň familiýasy iki görnüşde (Iwogly, Ýywa-oglan) gabat gelýär. Bu at oguzlaryň «ýywa» taýpasynyň ady bilen bagly bolmagy hem mümkin. Haýdar beg ýaşlygyndan Yspyhanda şa köşgünde «gapyguly» bolup işleýär. 1636-njy ýylda kakasy Abulkasym beg ölenden soň, şa Sefi I ony köşkde «işigagasybaşy» (köşkde dabaralary geçirýän emeldar) wezipesine belleýär. Öň bu wezipede Haýdar begiň kakasy işläpdir. 1664-nji ýylda Haýdar beg Iwogly sefewileriň taryhynda ýakymsyz yz galdyran şa Abbas II-niň (1642–1666) gazabyna duçar bolýar we jezalandyrylyp öldürilýär.

Haýdar beg Iwogly «Majma al-inşa» (Hatlaryň ýygyndysy) eserini döredipdir. Bu eser şa Sefi I-ä bagyşlanypdyr. Adyndan belli bolşy ýaly, bu kitapda türkmenleriň geçmiş taryhy bilen baglanyşykly iş dolandyryş resminamalary, permanlar, ýarlyklar we nusgalyk hatlar ýerleşdirilipdir. Bu esere seljuk türkmen hökümdary Alp-Arslandan (1063–1072) tä Abbas II-niň döwrüne çenli aralykda toplanan resminamalar girizilipdir. Haýdar begiň işiniň taryhy we çeşmeşynaslyk ähmiýeti uludyr.

Sefewiler nesilşalygynyň (1502–1736) irki döwri barada gymmatly maglumatlar sefewileriň nesilbaşysy hasap edilýän Sefieddin şyhyň (1252–1334) halypasy we gaýyn atasy Zahid şyhyň (1300-nji ýylda aradan çykan) neslinden bolan Şeýh Hüseýn ibn şeýh Abdal Zahidiniň «Silsilat an-nasab-i Sefewiýe» (Sefewiler nesilşalygynyň nesil daragty) atly eserinde saklanýar. Bu eser sefewi patyşasy Süleýman şanyň (1666–1694) dolandyran ýyllarynda ýazylypdyr.

Eýranyň taryhynyň XVII asyr döwri ýewropalylardan Petro della Walle (italiýaly, 1617–1627-nji ýyllarda Eýranda boldy), Tomas Herbert (iňlis, 1627–1229), Adam Oleariý (nemes, 1636–1638), Engelbert Kempfer (nemes, 1684–1685), Tawernýe (fransuz, XVII asyryň 40–60-njy ýyllary), Žan Şarden (fransuz, 1664–1670 we 1671–1677), katolik missionerleri Rafael dýu Man (1645–1696) we P. Sanson (1683–1691) ýaly awtorlaryň ýazgylarynda hem beýan edilýär. Eýranyň taryhynyň şu döwrüni öwrenmekde şa Abbas tarapyndan 1600-nji ýylda sefewi ilçihanasynyň düzüminde Ispaniýa ugradylan Oruç beg Baýatyň (1560–1605) ispan

I. Goldsiýer (1850–1921)

dilinde neşir edilen ýazgylarynyň hem uly ähmiýeti bardyr. Oruç beg Ýewropada «Don Huan Persian» ady bilen tanalypdyr.

Muhammet Muhsiniň «Zubdat at-tawarih» (Ýyl ýazgylarynyň özeni) eseri Eýranyň taryhynyň XVII asyryň ikinji ýarymy – XVIII asyryň başlary üçin gymmatly çeşmedir. Bu döwrüň taryhy Zahyd şyhyň neslinden bolan ýene-de bir awtoryň – Şeýh Muhammet Aly Hazin (1692–1766) tarapyndan ýazylan «Tazkirat al-ahwal-i şeýh Hazin, ke hud newişte ast» (Şeýh Haziniň durmuş ykbalyndan onuň özi tarapyndan ýazylan ýazgylar) atly eseriniň hem çeşmeşynaslyk ähmiýeti uludyr.

XVIII asyryň birinji ýarymynda Eýranda we sebitdeş ülkelerde bolup geçen harby-syýasy wakalar Mürze Mehdi han Astrabadynyň we Muhammet Kazymyň işlerinde beýan edilýär. Mehdi han örän sowatly adam bolup, ol türki-pars sözlüginiň awtory hem bolupdyr. Onuň esasy eserleri «Tarih-i Nadiri» (Nediriň taryhy) we «Dürre-ýi Nadiri» (Nediriň dür dänesi) kitaplarydyr. Mehdi han tarapyndan Nedir şanyň döwrüne degişli resminamalaryň ýygyndysyny hem taýýarlapdyr.

Nedir şanyň hökümdarlyk eden döwrüniň taryhyny öwrenmekde Muhammet Kazymyň «Tarih-i alamara-ýi Nadiri» (Älemiň bezegi) eseriniň uly ähmiýeti bar. Üç tomdan ybarat bolan bu eseriň birinji tomunda Nedir şanyň tagta geçmeginden öňki, ikinjisinde – 1736–1743-nji ýyllaryň, üçünjisinde – onuň dolandyryşynyň soňky ýyllary hakynda gürrüň berilýär. Eserde Nedir şanyň döwletiniň maliýe ulgamy, Eýranyň durmuş-ykdysady ýagdaýy bilen baglanyşykly resminalar hem peýdalanylypdyr. Ol Nedir şanyň tarapdary bolsa-da, eserinde onuň içeri syýasatdaky käbir hereketlerini özüniň goldamaýandygyny görkezmekden hem çekinmändir.

Eýranda Nedir şanyň ölüminden soň emele gelen içeri syýasy ýagdaý barada Abulhasan ibn Muhammet Amin Gülüstanynyň iki tomdan ybarat bolan «Mujmal-i tarihi-i ba'd Nadiriýe» (Nedirden soňky taryhyň ýazgylary) eserinde giňişleýin gürrüň berilýär. Eseriň birinji tomunda 1747–1750-nji, ikinjisinde bolsa – Ahmet şa Dürranynyň döwletiniň esaslandyrylmagy bilen baglanyşykly wakalar şöhlelendirilýär.

W. W. Struwe (1889–1965)

Nedir şadan soň Eýranda häkimiýet başyna gelen Zendleriň nesilşalygynyň (1760–1794) taryhy Mürze Muhammet Sadyk Musewi Namynyň (1790-njy ýylda aradan çykan) «Tarih-i gitiguşaý» (Älemi boýun egdirijiniň taryhy) ýa-da «Tarih-i Zendiýe» (Zendleriň nesilşalygynyň taryhy), şeýle hem Aly Ryza Abdyl Kerim Şirazy tarapyndan ýazylan «Tarih-i Zendiýe» eserlerinde beýan edilýär.

Awşarlaryň, Zendleriň we Gajarlar nesilşalygynyň (1796–1925) taryhy boýunça çeşmeleriň hatarynda kürt awtory Abdyrazzak beg Dumbuliniň (1762–1827) «Ma'asiri sultaniýe» (Soltan ýadygärlikleri) we «Tarih-i danabile» (Dumbuli taýpasynyň taryhy), ermeni awtorlary, katolikos Isaýe Hasan Jelalýanyň, Sirgis Gilanensiň, katolikos Awram Kretasiniň işleri uly ähmiýete eýedir. Aýratyn hem, Awram Kretasiniň «Meniň we eýran şasy Nediriň taryhy» eseri ähmiýetlidir. Ol 1736-njy ýylda Nediriň tagta göterilmegi bilen baglanyşykly Mugan çölünde geçirilen gurultaýa – dabaralara gatnaşypdyr.

Eýran musulman ýurdy bolandygy üçin, ýurtda Yslamyň taryhy boýunça-da bellibir işler edilipdir. Bu işde taryhçy we filosof, üýtgeşik ykbally adam bolan Muhammet Sadyk Fahrulyslam (1834–1910) uly işleri bitiripdir. Onuň hakyky ady Möwlana Arakan bolup, ol Urmiýada assiriýaly nestorian-hristian maşgalasynda dogulýar. Eýranyň günbatarynda we Yragyň demirgazygynda hristian dinine nestoriançylyk ugruny wagyz edýän döwürleri ol prawoslaw dinini öwrenýär we ony kabul edýär. Emma 1869–1873-nji ýyllarda Türkiýede prawoslaw wagyzlary üstünlik getirmäninden soň, ondan çykyp, musulmançylygy, onuň hem şaýy mezhebini kabul edýär. 1873–1885-nji ýyllarda Nejefde ýaşaýar we «müjtehid» dini derejesine eýe bolýar. Soňra Nasyreddin şanyň çakylygy bilen Tährana gelýär we şa oňa «Fahr al-Islam» (Yslamyň guwanjy) derejesini berýär. Muhammet Sadyk 10 tomdan ybarat «Hakyň beýany» atly meşhur eseriň awtorydyr.

Umuman alnanda, Eýranyň taryhy boýunça arap, pars we dünýäniň ençeme dillerinde ummasyz köp ýazuw ýadygärlikleri saklanyp galypdyr. Şol eserlerde diňe bir Eýranyň däl, eýsem Merkezi, Günorta we Günbatar Aziýa sebitleriniň, şeýle hem Kawkaz ülkesi barada-da ummasyz köp maglumatlar berilýär. Şonuň üçin hem arap we pars dillerinde saklanyp galan taryhy eserler gürrüňi edilýän sebitleriň, şol sanda Türkmenistanyň orta asyrlar döwrüniň taryhyny öwrenmekde-de gymmatly çeşmeler hasap edilýär.

XIII BAP. EÝRANYŇ TARYHYNYŇ TARYHNAMASY

Eýranyň orta asyr taryhnamasy

Aziýa ýurtlarynyň orta asyr taryhnamasynyň özüne mahsus özboluşly aýratynlyklarynyň bolşy ýaly, Eýranyň taryhnamasynyň hem ýerli aýratynlyklary bardy. Şol aýratynlyklar, esasan, taryhy eserlerde syýasy wakalary guraksy gürrüň bermek, öňki döwürleriň awtorlarynyň eserleriniň böleklerini ulanmak ýa-da olary dolulygyna göçürmek we beýlekiler bilen baglanyşykly boldy. Eserleriň ýene-de



J. Frezer (1854–1941)

bir aýratynlygy, esasan, «daşky» taryh barada gürrüň berlip, «içki» taryhyň meseleleri seýrek gozgalypdyr. «Daşky» taryhda patyşalaryň, belli şahslaryň ömür beýanlary, uruşlar we beýleki syýasy wakalar hakynda gürrüň berilýär.

Emma käbir awtorlaryň işlerinde «içki» taryhyň meselelerine-de bellibir derejede üns berlipdir. Muňa mysal edip Nasyr Hysrowyň «Safarnama» (Syýahat kitaby), Nyzam al-Mülküň «Syýasatnama», Keýkowus ibn Isgenderiň «Kowusnama», şeýle hem taryhy-geografik eserler bolan ady näbelli awtoryň «Hudud al-Älem» (Dünýäniň serhetleri), Hamdullah Kazwininiň «Nuzhat al-Kulub» (Ýürekleriň ynjalygy) eserlerini we başgalary görkezmek bolar. Bu işlerde Orta we Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň, şol sanda Eýranyň taryhy boýunça-da jemgyýetçilik we hojalyk durmuşy bilen baglanyşykly maglumatlar getirilýär.

Gündogary öwreniji alymlaryň biragyzdan bellemeklerine görä, X–XIII asyrlaryň pars dilinde ýazylan taryhy eserleriň dili özüniň ýönekeýligi, düşnükliligi we ýeňilligi bilen tapawutlanýan bolsa, onda XIV asyryň birinji ýarymyndan başlap pars dilindäki taryhy eserleri okamaklyk, olara düşünmeklik we seljerme bermek işleri kynlaşyp ugraýar. Bu ýagdaý çeşmeleriň okalyşyny we dürli dillere terjime edilişini ep-esli kynlaşdyrýar. Munuň özi ýazuwda pars diliniň juda çylşyrymly usullarynyň ulanylmagy bilen baglanyşyklydyr.

Eýranyň çeşmeşynaslygynyň ýene-de bir aýratynlygy, ol hem bolsa VII–IX asyrlarda pars dilli taryhnama ýokdur. Sebäbi VII asyryň ortalarynda Eýranyň araplar tarapyndan eýelenilmegi bilen pars diliniň ulanylyşy ýatyp galýar, ýurduň jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady we medeni durmuşynyň ähli ugurlarynda, şol sanda çeper edebiýatda hem arap dili ornaşdyrylýar. Şol sebäpden hem gürrüňi edilýän döwürde pars dilinde ýazylan bir iş hem duş gelmeýär. Parslaryň özleri diňe arap dilinde ýazypdyrlar, ýerli medeniýet hem şu diliň üsti bilen ösdürilipdir. Eýranda we onuň bilen sebitdeş ülkelerde arap edebi dili, edil orta asyrlarda Günbatar Ýewropada latyn diliniň eýelän orny ýaly ähmiýete eýe bolupdyr. Täze pars (dariý ýa-da täjik) dilindäki ilkinji poeziýa eseri IX asyryň başlarynda, geografik we araplaryň taryhy eserleriniň täze pars dilindäki terjimeleri X asyryň ikinji ýarymyndan, asyl nusgadaky pars dilli taryhy eserler bolsa XI asyryň başlarynda peýda bolup ugraýar.



I. Ý. Kraçkowskiý (1883–1951)

Ýöne orta asyr pars taryhnamasy gözbaşyny sasanylar döwründen alyp gaýdýar. Sasanylar döwrüne degişli «Hudaýnamak» ýa-da orta pars dilinde aýdylyşy ýaly «Hwadaýnamak» (Patyşalar hakynda kitap) eserinde sasany patyşalarynyň eden işleri suratlandyrylypdyr. Bu eser sasanylar döwründe

ýazylan «Ardaşiriň başdan geçirenleri», «Tansaryň hatlary», «Kalila we Dimna»ýaly eserler bilen bilelikde, VIII asyrda Ibn Mukaffa (757-nji ýylda aradan çykan) tarapyndan arap diline terjime edilýär. Çeşmeşynas alymlaryň şaýatlyk etmegine görä, şeýle eserleriň arap diline terjime edilmegi arap taryhnamasynyň ösüşine oňyn täsir edipdir.

Gündogarşynaslyk ylmynda haýsy taryhnamanyň – araplaryňkymy ýa-da parslaryňky – öň dörändigi barada jedeller dowam edip gelýär. I. Kraçkowskiý we I. Petruşewskiý ýaly alymlar arap taryhnamasynyň pars taryhnamasynyň ösüşine uly itergi berendigini tekrarlasalar, alymlaryň başga bir topary munuň tersine bolandygyny belleýärler. Eger-de I. Goldsiýer ir döwürlerde araplarda taryhnama däpleriniň bolandygyny inkär etse, B. Şpuler şeýle däbiň pars taryhnamasynda bolmandygyny subut etmäge çalyşýar. B. Şpuleriň pikirine görä, heniz pars taryhnamasynyň prototipi bolan sasanylar döwrüniň taryhnamasy heniz ýok mahaly, araplarda «Aýýam al-Arabyň» (Araplaryň günleri) bolandygyny tassyklaýar. Şundan ugur alyp, B. Şpuler «XI–XII asyrlaryň pars taryhnamasynyň binýadyny arap taryhnamasyndan gözlemeli» diýip belläpdir. Şol bir wagtda bolsa, B. Şpuler tarapyndan pars taryhnamasynyň resmi suratda seljuklaryň we horezmşalaryň döwründe dörändigi bellenilýär.

Emma IX–X asyrlaryň baý arap taryhnamasynyň wekilleriniň köpüsi gelip çykyşlary boýunça ýa pars, ýa-da bolmasa Orta Aziýadan çykan adamlar bolupdyrlar. Olar taryh baradaky pikirlerini arap dilinde beýan etseler-de, arap taryhnamasyna pars we ýerli ruhlaryny siňdiripdirler. Şunuň esasynda bolsa, arap däl taryhçylarynyň şu'biýa akymy ýüze çykýar. Taryhnamada şu'biýa akymy – munuň özi araplaryň agalygyna garşy arap dilli pars intellektual elitasynyň hereketidir. Wagtyň geçmegi bilen şu'biýaçylar özleriniň öňe sürýän maksatlaryny amala aşyrmak üçin, dariniň esasynda dörän täjik ýa-da täze pars dilini ulanyp başlaýarlar. Taryh ýazmakda şu'biýaçylar at-Tabariniň arap dilinde ýazylan meşhur «Tarih ar-Rusul wa al-muluk» (Pygamberleriň we patyşalaryň taryhy) eserini nusga hökmünde saýlap alypdyrlar.

Eýranda ylmy taryhnamanyň ýüze çykmagy

Eýranyň milli taryhnamasy öz gözbaşyny XIX asyryň ahyrlaryndan alyp gaýdýar. Milli taryhnamanyň ylym hökmünde kemala gelmeginde eýranly taryhçylar Muhammet Hasan han (1896-njy ýylda aradan çykan) bilen Aga han Kermany (1853–1896) uly yz galdyrdylar.

K. Brokkelman (1868–1956)

Muhammet Hasan han (1896-njy ýylda aradan çykan) – XIX asyryň ikinji ýarymynyň belli taryhçylarynyň biridir. Ony «ýaş eýranlylaryň» ilkinji wekilleriniň biri hasap edýärler. Ol Sani ed-Döwle we Itimad es-Seltene lakamlary bilen belli döwlet işgäri bolupdyr. Ol 1851-nji ýylda açylan Tährandaky «Dar-ul-Funun» kollejini tamamlapdyr. Harby gullukda bolupdyr. Eýranyň Pariždäki ilçihanasynda gulluk edýär. Soň Tähranda şa köşgünde metbugat we dolandyryş bilen baglanyşykly wezipelerde işläpdir. Nasyreddin şanyň köşk adamlarynyň birine öwrülipdir. Ol öz hökümdarына bagyşlap 3 tomdan duryan «Tarihe muntazame Nasiri» (Nasyryň tertibe salnan taryhy) (1881–1882-nji ýyllarda çap edilen) eserini ýazypdyr. Eser hronologik taýdan 622–1882-nji ýyllaryň wakalaryny beýan edýär (I tom – 622–1258; II tom – 1258–1779; III tom – 1779–1882). Ol başga-da taryh we geografiýa bilen bagly eserleri döredipdir. Arheologiýa we numizmatika bilen meşgullanypdyr.

Muhammet Hasan han 1884–1886-njy ýyllarda Tähranda çap edilen «Matla aş-şems» (Günüň dogýan ýeri) 2 tomluk taryhy-edebi eseriň hem awtorydyr. Ol 70-nji ýyllarda Nasyreddin şa Horasana (Tährandan Maşada çenli) aýlanan mahaly hökümdarynyň ýanynda bolupdyr we şonuň esasynda şol eseri döredipdir. Onda türkmenler (XVI–XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli) hakda köp maglumatlar bar. Hususan-da, Ahmet şanyň türkmen serdarlaryna şaýylara garşy söweşmäge çagyryş görnüşindäki iberen 2 sany permany ýerleşdirilipdir.

Mürze Aga han Kermany (1853–1896) – publisit we syýasy işgär bolupdyr. Syýasy garaýyşlary boýunça ol eýranly buržuaz-watançylarynyň hataryna degişlidir. Ol Melkum han, Abdyrahman Talybow, Zeýnelabidin Merageýi, Mürze Fatali Ahundow, Jelaleddin Mürze Gajar (Fataly şanyň ogly) ýaly şahslar bilen pikirdeş bolupdyr. Ýöne ol has öňdebaryjy pikirleri öňe sürüpdir. Onuň şahsyýet hökmünde kemala gelmeginde Wolter, Žan Žak Russo we Monteskýe ýaly meşhur fransuz magaryfçylarynyň garaýyşlary uly täsir edipdir. Ol «Üç hat», «Isgenderiň aýnasy» we «Gadymyýetiň kitaby» (bu eser «Isgenderiň aýnasynyň» goşguda beýan edilen görnüşi bolupdyr) eserlerini döredip, onda şa düzgünini tankyt edipdir. Işlerinde absolýutizme, häkimiýetiň eden-etdiliklerine garşy çykypdyr, Eýranda konstitusion-parlament düzgüniniň girizilmegi, ykdysadyýetde, magaryfda, medeniýetde täzelikleri girizmek ugrunda çykyş edipdir. Häkimiýetiň özgerdilmegini, reformalaryň geçirilmegini talap edipdir. Ol Eýran jemgyýetini güýç bilen özgertmegiň tarapdary bolupdyr. Garaýyşlary boýunça eýranly babylaryň tarapdary bolandygy üçin, şa häkimiýetleri tarapyndan yzarlanylypdyr. Sonuň üçin hem Türkiýä gidip, Stambulda işläpdir. Şol ýerde meşhur musulman ulamasy we jemgyýetçilik-syýasy işgäri Jemaleddin al-Afgani (1839–1897) bilen hem duşuşýar. Emma 1896-njy

ýylda Nasyreddin şanyň janyna kast edilenden soň, Mürze Aga han Kermany Eýran tarapynyň haýyşy boýunça gaýtarylyp berilýär we Töwrize getirilip, ýoldaşlary Ahmet Ruhy we Habir al-Mülk bilen bilelikde 1896-njy ýylyň 17-nji iýulynda jezalandyrylyp öldürilýär.

W. A. Žukowskiý (1858–1918)

Eýranyň milli taryhnamasy XX asyryň 20–30-njy ýyllarynda has-da kämilleşdi. Milli taryhnamanyň kemala gelmegine we onuň mundan buýanky ösüşine Eýranda Pehlewiler nesilşalygynyň (1925–1979) esaslandyrylmagy we Reza şa tarapyndan ýurduň jemgyýetçilik-syýasy we medeni-ruhy durmuşynda amala aşyrylan giň gerimli işler hem uly itergi berdi.

Muhammet Hasan hanyň we Aga han Kermanynyň eserlerinde, bir tarapdan, Eýranyň orta asyr taryhnamasynyň belli wekilleriniň (at-Tabari, Ba'alami, ibn al-Asir, Juweýni, Reşideddin, Hamdallah Kazwini, Hafizi Abru, Mirhond we başgalar) garaýyşlary, XVI asyrda peýda bolan «şygaçylyk nazaryýeti» uly täsir edýär. Şunda olar, esasan, harby-syýasy wakalara, nesilşalyklaryň we patyşalaryň dolandyran ýyllaryna üns beripdirler. Şeýle bolansoň olaryň mazmuny durky bilen ylahyýet nazaryýetine ýugrulypdyr. Beýleki bir tarapdan, awtorlaryň işlerinde häzirki zaman ösen daşary ýurt taryhnamasynyň (birinji nobatda, ýewropa taryhnamasynyň), onuň taryhy-filologik usulynyň, ideýalarynyň we nazaryýetleriniň täsiri hem güýçli duýulýardy.

Eýranly taryhçylaryň işlerinde Ahemeniler we Sasanylar döwürlerinde «merkezleşdirilen döwletiň döredilmegi» we «pars milli döwletiniň esaslandyrylmagy», şeýle hem Abbasy halyflarynyň we Sefewiler döwletiniň häkimiýetine garşy göreşler hakyndaky ideýalar uly ösüşe eýe boldy.

Hasan Pirniýa (Moşir ed-Döwle, 1875–1935) Eýranyň milli taryhnamasynda ilkinji bolup ýurduň gadymyýeti barada uly göwrümli iş ýazdy. Onuň «Gadymy Eýran ýa-da Gadymy Eýranyň doly taryhy» (Irane bastan ýa tarihe mofassale Irane gadim) eserinde arheologik maglumatlary, şeýle hem gadymy grek, siriýa, latyn we beýleki dillerde ýazylan ýazuw çeşmelerini ulanmak bilen, Eýranyň iň gadymy döwürden sasanylara çenli taryhy beýan edilýär.

Abbas Ykbalyň, Jemil Guzanlynyň we Gulam Hüseýin Moktaderiň harby taryh boýunça ýazgylarynda, Nasrulla Felsefiniň, Ahmet Täçbahşyň sefewileriň taryhy boýunça barlaglarynda we başgalaryň işlerinde durmuş-ykdysady häsiýetnamalar berilmeýär. Bu taryhnama milli döwletiň döremegi üçin zerur şertleriň biri bolan ykdysady umumylygyň feodalçylyk ýa-da orta asyrlar zamanynda bolmandygyny hem hasaba almaýar.

XX asyryň birinji we ikinji ýarymynyň taryhy eserlerinde Eýranyň Ýewropa ýurtlary, aýratyn hem, Russiýa bilen gatnaşyklaryna uly ähmiýet berilýär. Jemil



E. G. Braun türki lybasynda (1862–1926)

Guzanlynyň «Eýranyň harby taryhy» (Tarih-i Nizami-ýi Iran) atly eseri şeýle meselä bagyşlanan işleriň biridir. Şeýle işleriň hatarynda Aly Akbar Binanyň «Eýranyň syýasatynyň we diplomatiýasynyň taryhy» (Tarih-i siýasi wa diploma Siýi Iran), professor Mahmyt Mahmydyň köp tomluk «XIX asyrda Eýranyň Angliýa bilen syýasy gatnaşyklarynyň taryhy» (Tarih-i rawabit-i Iran wa Inklisi dar karn-i nuzdahum-i miladi), Töwriz uniwersitetiniň professory Ahmet Täçbagşyň «XIX asyryň birinji ýarymynda rus-eýran gatnaşyklary» (Rawabit-i Iran wa Rusiýe dar nime-ýi awwal-i karn-i nuzdahum-i miladi), Nasyr Nejminiň «Eýran tupan içinde ýa-da mirasdüşer şazada Abbas Mürze we rus-eýran uruşlary» (Iran dar miýan-i tufan ýa tarih-i zandagani-ýi; Abbas Mirza Naib as-Saltane, Jangha'ýi Iran wa Rusiýe) atly kitaplary görkezmek bolar.

Aslyýetinde, Eýranyň milli taryhnamasynda goňşy hem-de alysdaky ýurtlar bilen diplomatik gatnaşyklaryň taryhy beýan edilýän işler has köpdür. Nejefguly Husam Moizziniň iki tomluk «Eýranyň syýasy gatnaşyklarynyň taryhy» eserinde Eýranyň Gresiýa, Rim, Ispaniýa, Fransiýa we Russiýa bilen gatnaşyklaryny açyp görkezmäge synanyşyk edilýär. Eserde Ahemenileriň döwründen başlap, tä XIX asyryň ortalaryna çenli döwrüň syýasy wakalary şöhlelendirilýär. Mahmyt Urfanyň «Şa Abbasyň ilçileri Moskwada» atly eserinde sefewileriň Rus döwleti bilen gatnaşyklary beýan edilýär. Nasrulla Felsefiniň «Sefewileriň döwründe Eýranyň we Ýewropanyň gatnaşyklarynyň taryhy» eseriniň birinji tomunda Eýranyň Portugaliýa, Gollandiýa, Angliýa we Germaniýa bilen alyp baran gatnaşyklarynyň taryhy yzarlanylýar.

Edil şeýle meseleler Hanbaba Baýatynyň sefewiler döwründe Eýranyň Ýewropa ýurtlary bilen gatnaşyklary beýan edilýän kitabynda, Abbas Ykbalyň «Eýranyň jikme-jik taryhy», Abbas Perwiziň «Sefewileriň we Gajarlaryň dolandyran döwründe Eýranyň we Ýewropanyň gatnaşyklarynyň taryhy», Nasrulla Felsefiniň «Abbas Birinjiniň ömür beýany», Hasan Sotude Tähranynyň «Ählumumy diplomatiýanyň taryhy», Seýit Muhammet Aly Jemalzadanyň «Eýranyň Russiýa bilen gatnaşyklarynyň taryhy» eserlerinde, Muhammet Tahyr Wehit Kazwininiň beýleki bir sefewi hökümdary şa Abbasyň dolandyran döwrüne bagyşlap ýazan kitabynda hem sefewileriň daşary syýasaty barada gymmatly maglumatlar berilýär. Bu kitaplar barada Hanbaba Moşar tarapyndan 1958-nji ýylda Tähranda çap edilen «Pars dilinde neşir edilen kitaplaryň katalogynda» hem goşmaça maglumatlar berilýär.

Nasrulla Felsefiniň «Çaldyran söweşi» atly eseri Sefewileriň Osman imperiýasy bilen gatnaşyklaryndan söz açýar. Gyzykly ýeri, kitapda şa Ysmaýylyň Mukaddes Rim imperiýasynyň hökümdary Karl V Gabsburg bilen alşan hatlaryn-

dan parçalar hem getirilýär. Eserde Sefewiler döwletiniň XVI asyrdaky durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy bilen baglanyşykly maglumatlar hem berilýär.

Ahmet Kesrawy

Eýranyň milli taryhnamasynda harby-syýasy wakalar hem alymlaryň üns merkezinde bolan meseleleriň biridir. Şu mesele bilen baglanyşykly Muhammet Hüseýin Forugi Zekiniň «Eýranyň gysgaça taryhy», Muhammet Defteriniň «Eýranyň gadymy, orta asyrlar we täze taryh döwürleriniň harby taryhy», Gulam Hüseýin Moktaderiň «Eýranyň harby taryhy», Mir Hüseýin Ýekrangiýanyň «Eýranyň harby taryhyndan» atly işleri neşir edildi. Bu eserler Eýranyň taryhynyň şu mesele bilen baglanyşykly sahypalarynyň täze maglumatlar bilen baýlaşmagynda uly ähmiýete eýe boldy.

XX asyryň eýranly taryhçylarynyň garaýyşlaryndaky hetdenaşa çişirilen subýektiwlik (Hasan Pirniýa, Abbas Ykbal, Parwiz Şähriýary, Ahmet Täçbahş), Eýranyň taryhyny has güýçli millilik ruhunda beýan etmäge ýykgyn etmeklik we sosial häsiýetdäki netijeleri we jemlemeleri çykarmakdan gaça durmaklyk ýaly kemçilikler bu awtorlaryň ylmy işleriniň ähmiýetini ep-esli derejede peseldýärdi. Şeýle kemçilikler Hosrow I we Abbas I ýaly «güýçli şahsyýetleriň» eýran taryhyndaky orunlarynyň çişirilip görkezilmeginde has hem aýdyň ýüze çykýardy. Ýewropa ýurtlarynda edilişi ýaly, Eýranyň taryhy döwürlere bölünende «gadymy dünýä taryhy», «orta asyrlar taryhy» ýaly adalgalar ulanylsa-da, iş ýüzünde taryhy döwürler görkezilmeli bolnanda, alymlaryň bir topary, adatça, «yslamdan öňki» we «yslamdan soňky» ýaly adalgalary ulanýardylar. Eýranyň milli taryhnamasy üçin häsiýetli bolan şeýle adalgalar Abbas Parwiziň, Abbas Halililiniň we başgalaryň işlerinde köp duş gelýär. Muňa Abbas Halililiniň «Eýran Yslamdan soňky döwürde» atly işi aýdyň mysal bolup biler. Eýran taryhnamasynda ýoň bolan döwürleşdiriş usullarynyň biri-de, taryhy döwürleriň dinastiýalaryň çalyşmagy bilen baglanyşdyrylmagydyr.

Eýranyň milli taryhnamasynyň üstünlikli taraplary hakynda gürrüň edilende öňi bilen onuň ýurduň taryhyny jikme-jik beýan etmäge we neşir edilýän işlerde mümkin boldugyça baý çeşme mirasyny ulanmaga ýykgyn edilendigini bellemek gerek. XX asyryň 20–40-njy ýyllarynda Eýranyň milli taryhnamasynda taryhy-filologik mekdebi esaslandyryjylar bolan Muhammet Kazwini (1875–1949), Abbas Ykbal, Seýit Nefisi (1896–1966) we 50–70-nji ýyllaryň taryhçylary orta asyrlaryň ajaýyp golýazmalaryny we wajyp resminamalaryny ýygnamaga we çap etmäge uly ähmiýet berdiler.

Eýranyň milli taryhnamasynyň kämilleşmegine we ösmegine Gündogarşynaslaryň halkara kongresi, 1966-njy ýylda Eýranyň taryhyna we medeniýetine ba-

gyşlanan kongres, 1969-njy ýylda meşhur taryhçy Reşideddiniň hatyrasyna geçirilen halkara kongresi uly itergi berdi. Şol abraýly halkara ylmy forumlarynda daşary ýurtly alymlar bilen bir hatarda eýranly taryhçylar hem köpsanly ylmy habarlar bilen çykyş etdiler.

Pehlewiler döwrüniň taryhnamasynda orta asyrlarda Eýranyň ekerançylyk pudagynyň we oba hojalyk tehnikasynyň taryhyna degişli ýörite ylmy iş neşir edilmändir. Diňe taryhçy Tagy Bähramynyň 1951-nji ýylda neşir edilen «Eýranyň oba hojalygynyň taryhy» atly monografiýasynyň birinji bölüminde, şeýle hem gündogarşynas Abu Akbar Mozaheriniň 1958-nji ýylda Parižde neşir edilen taryhy oçerkinde şu mesele barada azda-kände gürrüň edilýär.

Eýranyň milli taryhnamasynda ýurtda bolup geçen halk hereketleri barada-da azda-kände işler edilipdir. Bu mesele Ahmet Seruşyň 1956-njy ýylda çap edilen «Mätiniň ornuna dalaş edenler» işinde hem giňişleýin beýan edilýär. Babylaryň hereketi hakynda Feridun Adamiýatyň meşhur gajar weziri Mürze Tagy hanyň ömür ýoluna we onuň XIX asyryň ortalarynda Eýranda amala aşyran özgertmelerine bagyşlap 1944-nji ýylda Tähranda neşir edilen üç tomluk «Emir Kebir we Eýran» eserlerinde durlup geçilýär. Ahmet Seruş hem, Feridun Adamiýat hem Babylaryň hereketini ýazgarýarlar we bu hereketi «ýeres» (dinden çykma) hökmünde häsiýetlendirýärler.

Eýranyň milli taryhnamasynda XX asyryň wakalary hem bellibir derejede şöhlelendirilýär. Şu döwre bagyşlanan işleriň hatarynda Muhammet Bagir Wijuýeniň, Ahmet Kesrawynyň, Nazym al-Yslam Kermanynyň, Mehdi Mälikzadeniň, Ýahýa Döwletabadiniň, Abdul Hadi Haýeriniň, Maşal Ajudaniniň, S. Ziba Kalamyň, Muhammet Aly Kotuziýanyň eserlerini görkezmek bolar. Bulardan Nazym al-Yslam Kermanynyň üç tomluk «Eýranlylaryň galkynmasynyň taryhy», Ahmet Kesrawynyň hem üç tomdan ybarat bolan «Eýran konstitusiýasynyň taryhy» eserleri ylmy taýdan ähmiýetliligi boýunça aýratyn tapawutlanýarlar.

Eýranyň taryhynyň daşary ýurt taryhnamasy

Eýranyň taryhy Günbatar Ýewropada, Russiýada, ABŞ-da, şeýle hem Türkmenistanyň taryhçy alymlarynyň işlerinde hem öz beýanyny tapdy. Eýranyň köpasyrlyk taryhyny öwrenmekde rus we sowet taryhçylary uly işleri amala aşyrdylar. Belli rus gündogarşynaslary akademik W. R. Rozen, onuň okuwçysy W. W. Bartold, W. A. Žukowskiý, A. E. Şmidt we A. E. Krymskiý Eýranyň taryhynyň durmuş-ykdysady we syýasy meselelerini öwrenmekde ep-esli işleri bitirdiler. A. E. Krymskiý rus taryhçylarynyň arasynda ilkinji bolup Parfiýanyň döwründe Eýranyň adaty feodal döwleti bolandygy baradaky pikiri öňe sürdi.

A. E. Krymskiý musulman Gündogarynyň taryhy boýunça «Sufizmiň ösüşiniň oçerkleri» (1885), «Musulmançylyk we onuň geljegi» (1899), «Persiýanyň taryhy, onuň edebiýaty we derwüş teosofiýasy» (1906), «Musulmançylygyň taryhy. Dini durmuşyň oçerkleri» (1912), «Babyçylygyň umumy taryhy oçerki» (1913), «Persiýa» (1915) ýaly ençeme işleri ýazdy, olarda Eýranyň taryhynyň möhüm meseleleri gozgalýar.

A. E. Krymskiý (1871–1942)

Eýranşynas alymlarynyň iň görnüklileriniň biri-de W. P. Osetrowdyr (Irandust, 1893–1937). Ol Eýranyň taryhy boýunça «Persiýanyň ykdysady gurluşynyň oçerkleri» (1924), «Persiýa düýn we häzirki zamanda» (1927), «Persiýa» (1928), «Persiýa öwrümde» (1930) ýaly işleri neşir etdi.

1936-njy ýylda meşhur alym W. W. Struwe (S. I. Kowalýowyň gatnaşmagynda) tarapyndan Gadymy Gündogaryň gysgaça taryhy neşir edildi. Emma bu iş çeşme binýadynyň garyplygy, şeýle hem Gadymy Gündogar jemgyýetleri bilen antik jemgyýetleriň jemgyýetçilik-syýasy gurluşlarynyň bir-birine ýakynlaşdyrylýandygy sebäpli, öz döwründe ýiti tankyda sezewar edildi. Şol sebäpden hem soňraky döwürleriň awtorlary jemagatçylyk gurluşynyň dargamagy we orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelmegi ýaly meselelere has içgin üns berip başladylar. Muňa köp babatda Orta Aziýa ýurtlarynda geçirilip başlanan arheologik barlaglaryň netijeleri uly täsir etdi. Şunda A. A. Maruşenkonyň Aşgabadyň golaýyndaky Köne we Täze Nusaý galalarynda, ýagny Parfiýa döwletiniň sallançagy hasap edilýän ýadygärliklerde geçirilen barlaglarynyň uly ähmiýetiniň bolandygyny bellemek gerek. Sebäbi şol döwürler Orta Aziýa respublikalary garaşsyz döwletler bolmandyklary üçin, olaryň taryhy Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhynyň çäklerinde öwrenilmeýärdi. Şonuň üçin hem bu sebitiň iň gadymy, gadymy we orta asyrlar döwürleriniň taryhyna (Ahemeniler, Selewkiler, Parfiýa, Sasanylar, Arap halyflygy, Gaznalylar, Seljuklar, Hulagular, Sefewiler we başgalar) SSSR taryhynyň we şol bir wagtyň özünde-de Eýranyň taryhynyň nukdaýnazaryndan seredilýärdi.

E. Gibbon (1737–1794)

Uruşdan soň, 1948-nji ýylda M. Ý. Massonyň baştutanlygynda GTAKE-niň (ЮТАКЭ) Türkmenistanda (Nusaýda) geçiren işleriniň netijesinde, dünýä ylmy babatynda juda möhüm hasap edilýän parfiýa dilinde ýazylan hojalyk ýazgylarynyň 2,5 müňden gowragy ýüze çykaryldy. Bu resminamalar Parfiýa döwletiniň esasy bölegini tutan Eýranda orta asyr gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly möhüm açyşlar etmäge mümkinçilik berdi.

Eýranda orta asyr gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly meseleleriň aýdyňlaşdyrylmagynda N. W. Pigulýewskaýanyň ylmy-barlag işleri uly ähmiýete eýedir. Onuň «Eýranyň irki orta asyr şäherleri» atly uly göwrümli monografiýasynda we birnäçe makalalarynda Eýranda antik zamananyň esasynda orta asyr gatnaşyklarynyň ýüze çykyşy we ýurduň irki orta asyr şäherleriniň kemala gelşi bilen baglanyşykly meseleler açylyp görkezilýär. Şunuň bilen birlikde, şol döwürler Orta Aziýa respublikalarynyň, Azerbaýjanyň taryhy boýunça köp tomluklaryň neşir edilmegi, Eýranyň taryhyny öwrenmäge-de uly itergi berdi. Bu ugurdan, aýratyn hem, W. W. Struweniň, A. Ý. Ýakubowskiniň, A. A. Alizadeniň, A. A. Semýonowyň, I. P. Petruşewskiniň, Ý. A. Belýaýewiň, L. W. Stroýewanyň, N. D. Mikluho-Maklaýyň, A. Ý. Bertelsiň, A. M. Beleniskiniň, A. I. Nadiradzeniň, T. Kadyrowanyň, A. G. Perihanýanyň, A. A. Arşaruniniň we beýlekileriň işleri, şeýle hem B. N. Zahoderiň ilkinji okuw kitaby ähmiýetlidir.

Bu awtorlardan, aýratyn hem, I. P. Petruşewskiniň işleriniň ylmy ähmiýeti uludyr. Onuň «XIII–XIV asyrlarda Eýranda ekerançylyk we agrar gatnaşyklary», «XV–XIX asyryň başlarynda Azerbaýjanda we Ermenistanda feodal gatnaşyklaryň taryhy boýunça oçerkler» atly monografiýalarynda Eýranyň oba hojalygynyň, şol sanda suwaryşyň we agrotehnikanyň ýagdaýyna çuňňur seljerme berildi, şol döwrüň ekinleri barada köp maglumatlar toplanyldy. Awtor ýer eýeçiliginiň (araziýe, diwani, inji, halise, wakf, mülk, ikta, sýürgal, ýurt, idrar, mukasse we başg.) we salgytlardyr borçlaryň ähli görnüşlerini jikme-jik öwrendi. Şunda ol Gazan hanyň özgertmelerine uly ähmiýet berýär.

Eýranyň taryhy Günbatar Ýewropanyň alymlarynyň hem üns merkezinde boldy. Eýranyň taryhyny ylmy esasda öwrenmäge girişen ilkinji ýewropaly taryhçylaryň biri iňlis alymy E. Gibbon (1737–1794) boldy. Ol özüniň «Rim imperiýasynyň döremeginiň we ýykylmagynyň taryhy» diýen işinde Parfiýanyň we Sasanylar döwletiniň taryhy bilen baglanyşykly köp meseleleriň üstünde durup geçýär. Eýranyň taryhyny öwrenmeklik XIX asyryň ikinji ýarymynda Günbatar Ýewropada giň gerime eýe bolýar. Bu döwürde daşary ýurt alymlarynyň Eýranyň taryhynyň dürli meseleleri boýunça ençeme ylmy işleri neşir edilýär. Olaryň arasynda J. Frezeriň, P. Saýksyň, K. Brokkelmanyň, E. G. Braunyň işleri bellenilmäge mynasypdyr.

W.W. Bartold (1869–1930)

Eýranyň taryhyny öwrenmeklige türkmen taryhçylary hem bellibir goşant goşdular. Bu ugurdan gündogarşynaslar H. Ataýewiň, S. Hatibiniň, O. Ekäýewiň, M. Aýdogdyýewiň, J. Saparowanyň, S. Ataýewiň işlerini görkezmek bolar. Umuman alnanda, Eýranyň daşary ýurt taryhnamasy

giňdir hem-de baýdyr. Muňa ady agzalan ýurtlarda we sebitlerde edilen işler bilen ýakyndan tanşylanda göz ýetirmek bolýar.

XIV BAP. TÜRKIÝÄNIŇ TARYHY BOÝUNÇA ÇEŞMELER

Rumdaky Seljuk türkmenleriniň döwletiniň taryhy boýunça ýazuw ýadygärlikleri

Türkiýäniň taryhy boýunça biziň günlerimize ummasyz köp maglumatlar we eserler gelip ýetipdir. Rumly Seljuk soltanlarynyň we osmanly hökümdarlarynyň köşklerinde diňe bir ýazyjy-şahyrlar, kanunçylar we ulamalar däl, eýsem köpsanly taryhçylar hem bolupdyr. Olar seljukly hem-de osmanly taryhynyň şöhratly sahypalary barada eserler döredipdirler. Araplardan we parslardan taryh ýazmak däplerini kabul edip almak bilen Kiçi Aziýada ýurt tutunan türkmenler taryhnama däplerini has-da ösdüripdirler.

Türkmen taýpalarynyň Kiçi Aziýada ornaşmaklary we Rumdaky Seljuk türkmenleriniň taryhy bilen baglanyşykly wakalar belli taryhçy ibn Bibiniň «Enekäniň ogly» eserinde giňişleýin beýan edilýär.

Türkmenleriň Günbatar Aziýa ýurtlaryna, şol sanda Kiçi Aziýada ýurt tutunmaklary bilen baglanyşykly gürrüňler halk döredijiliginiň önümi bolan «Oguznama», «Gorkut ata» şadessanlarynda, «Seýit Battal Gazy», «Sary Saltyk» we «Mälik Danyşment» ýaly kyssalarda hem bellibir derejede şöhlelenýär. Bularyň arasynda «Mälik Danyşment kyssasy» uly ähmiýete eýedir.

Türkmenleriň Danyşmentler döwleti XI asyryň ikinji ýarymynda Kiçi Aziýada ilkinji dörän türkmen döwletidir. Bu döwletiň döremeginiň gözbaşynda duran meşhur serkerde Mälik Ahmet Gazy Danyşmendiň – Kümüş Teginiň şanly ýeňişlerine bagyşlanyp halk tarapyndan «Mälik Danyşment kyssasy» döredilipdir.

Kiçi Aziýanyň taryhynda uly yz galdyran Danyşmentler nesilşalygy barada dürli asyrlaryň çeşmelerinde ummasyz köp maglumatlar saklanyp galypdyr. Ermeni, grek, gürji we arap awtorlarynyň işlerinde gymmatly maglumatlar bar. Olardan ermeni awtorlary Aristakes Lastiwersi, Edessaly Matweý, ruhany Grigoriý, Anili Samuil, Mhitar Aýriwanesi, Stefan Orbelýan, Siriýaly Mihail; grek taryhçylary Mihail Psell, Anna Komnina, Nikita Honiýat, Ioann Kinnam; osmanly taryhçylary Mustapa Aaly (1541–1599), Hajy Halypa, Müneçjimbaşy Ahmet Efendi, Hüseýin Hazarfen, Öwlüýä Çelebi (1611–1682); arap taryhçylary Ibn al-Asir, Abul Fida aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Danyşmentleriň döwleti hakynda Ibn Alynyň

«Danyşmentnama», Aryf Alynyň «Danyşmentnama» we «Mälik Danyşment kyssasy» ýaly edebi eserler hem döredilipdir. Latyn çeşmelerinden Wilgelm Tirliniň «Iýerusalim patyşalygynyň we haçly ýörişleriň taryhy» eserini görkezmek bolar.

Mälik Ahmet Danyşmendiň ata-babalary türkmen topragyndan çykan adamlar bolupdyr. Hajy Halypanyň «Jahannama» eserinde aýdylyşy ýaly, Ahmet Danyşmendiň kakasy Aly Mizrab ýa-da Taýly beg Danyşment köneürgençli türkmen begi bolupdyr. Ahmet Danyşmendiň ata-babalarynyň türkmen topragyndan gelip çykandygyny, olaryň, hakykatdan hem, türkmen bolandyklaryny osmanly taryhçysy Aalynyň (1541–1599) «Mirkat al-jihad fi tarih Mälik Danyşment Ahmet wa öwladiýe» (Mälik Danyşment Ahmediň we onuň nesilleriniň din üçin alyp baran uruşlarynyň taryhy), şeýle-de «Tarih-i al-i Danyşment» (Danyşment nesliniň taryhy) eserlerinde berilýän maglumatlar doly tassyk edýär.

Akademik B. A. Dorn «Abu ben Mizrab – Taýly beg Danyşment atly bir türkmen emiriniň ogly bolan Mälik Danyşment XI asyryň ikinji ýarymynda Kiçi Aziýa ýöriş geçiripdir we Siwas, Sis, Karkarýa, Amasýa, Kümüşmagdan we Niksar şäherlerini eýeläpdir» diýip ýazýar. Ýeri gelende aýtsak, «Mälik Danyşment kyssasynyň» esasy gahrymanlarynyň biri bolan Artuhynyň (Alp Teginiň) ejesi hem bu ülkelere ýesir edilip getirilen köneürgençli türkmen gyzy bolupdyr. Şonuň üçin hem «Kyssada» Artuhy kähalatlarda «horezminleriň ýadygäri» ýa-da «horezmin pälwany» diýlip atlandyrylýar.

«Oguznama» kitabynyň uýgur hatyndaky golýazmasy

Mälik Danyşment şehit bolandan soň, onuň görkezen edermenlikleri barada halk aýdyjylary bolan rawylar köpsanly hekaýatlary döredipdirler. Başda Mälik Danyşment hakyndaky gürrüňler rowaýat görnüşinde bolupdyr we soňra Danyşmentleriň döwleti öz ornuny rumly seljuklara berenden soň, seljuk soltany Izzeddin Keý Kowusyň (1210–1219) döwründe, onuň kätibi Ibn Aly tarapyndan ýazga geçirilipdir. Hajy Halypanyň ýazmagyna görä, ibn Alynyň ýazgylary, osmanly soltany Myrat I (1359–1389) döwründe Tokat şäheriniň häkimi Aryf Aly tarapyndan täzeden göçürilipdir. Aryf Aly eseriň üstünde mazaly işläp, gyzykly kyssa döredipdir. Şeýdibem ibn Alynyň hekaýaty «Mälik Danyşment kyssasy» atly şadessana öwrülipdir.

Häzirki döwürde «Kyssanyň» dört sany nusgasy saklanyp galyp, olaryň iň irkisi Parižiň

milli kitaphanasynda saklanylýar. Ol 1577-nji ýylda Hajy Ahmet tarapyndan göçürilip, golýazmanyň umumy möçberi 181 sahypadan ybaratdyr. Eseriň iki sany nusgasy Stambulyň Şäher Kitaphanasynda we Millet Kitaphanasynda saklanyp, olar degişlilikde 1607-nji hem-de 1910-njy ýyllarda göçürilipdir. Kyssanyň dördünji nusgasy Sankt-Peterburgyň M. Ý. Saltykow-Şedrin kitaphanasynda saklanyp, ol 1622-nji ýylda Muhammet Bursaly tarapyndan göçürilipdir, onuň möçberi 265 sahypa barabardyr.



Küşt oýny barada «osmanlyja» dilinde ýazylan eser

«Mälik Danyşment kyssasy» mazmuny boýunça «Göroglynyň» hem-de Abdysetdar Kazynyň «Jeňnamasynyň» ruhuna örän golaý eserdir. Gurluşy boýunça ol «Göroglynyň» şahalaryna, wakalarynyň beýan edilişi boýunça bolsa «Jeňnama» meňzeşdir. Eser gurluş taýdan on ýedi sany şaha – mejlise bölünýär. Ondaky ähli wakalar bellibir giňişliklerde, esasan hem, Kiçi Aziýanyň merkezi we demirgazyk-gündogar welaýatlarynda bolup geçýär.

Türkmenler tarapyndan Anadolynyň gündogarynda Saltyklar begligi döredilýär. Bu döwletiň taryhy barada Ibn al-Azrak al-Farikiniň işinde berilýär. Taryhçy döwleti esaslandyran Saltyk begiň ogly Diýaeddin Gazy Alynyň goňşulary bilen gatnaşyklary barada ýazmak bilen «Mardiniň we Maýýafarikiniň hökümdary Timurtaş arzen ar-rumly Gazynyň gyzyna öýlendi. Ondan iki ogul – 1126-njy ýylda Nejmeddin Alpy, 1127-nji ýylda bolsa Jemaleddin Sawty doguldy» diýip ýazýar. Diýaeddin Gazynyň aradan çykan senesi baradaky maglumat al-Aziminiň işinde görkezilýär. Onuň ýazmagyna görä «Arzeniň hökümdary Gazy 1132-nji ýylda aradan çykypdyr».

Saltyklar barada Ymadeddin Yspyhanynyň işinde-de maglumatlar berilýär. Ol saltyklardan bolan hökümdar zenan Mama Hatyn hakynda şeýle maglumat berýär: «Haçanda şehinşahyň ogly Takyeddin Omar Malazgirdi gabanda... Saltygyň gyzy Mama Hatynyň baştutanlygynda Arzen ar-Rumuň goşunlary kömege geldi».

Rumdaky Seljuk döwletiniň taryhyny öwrenmekde osmanly taryhçysy Ýazyjyogly Alynyň «Seljuknama» eseriniň ähmiýeti uludyr. Bu eser başgaça «Oguznama» ady bilen hem bellidir we ol Kiçi Aziýada köne türkmen dilinde ýazylan işleriň ilkinjileriniň biridir. Eser Konstantinopolyň eýelenilmeginiň öňüsyrasy – 1423–1436-njy ýyllarda ýazylypdyr. Ýazyjyogly ibn Bibiniň we ençeme pars dilli

eserleri giňişleýin ulanmak bilen, oguzlaryň-türkmenleriň Oguz handan gaýdýan taryhy, olaryň däp-dessurlary, medeniýeti dogrusynda gyzykly hem-de ygtybarly maglumatlar berýär. Bu eser 2004-nji ýylda iki jilt görnüşinde Türkmenistanyň Milli medeniýet miras merkezi tarapyndan «Seljuk türkmenleriniň taryhy» ady bilen häzirki zaman türkmen dilinde neşir edildi.

Osman imperiýasynyň taryhyna degişli ýazuw ýadygärlikleri

XIV asyryň 30–40-njy ýyllarynda Kiçi Aziýada bolan arap syýahatçysy Ibn-Batutanyň galdyran ýazgylary hem Türkiýäniň taryhyny öwrenmekde juda ähmiýetlidir. Kiçi Aziýada ýaşan ilatyň şol döwürde «türkmenler» diýlip atlandyrylandygyny hem ibn Batutanyň işinden görüp bolýar. Ol osmanly hökümdary Orhan Gazy barada ýazanda şeýle diýip belleýär: «Bu soltan iň baý genji-hazynasy, şäherleri we esgerleri bolan türkmen hökümdarlarynyň iň güýçlüsi. Onuň ýüze golaý gowy berkidilen galalary bolup, öz galalaryna ol hemişe aýlanyp durýar».

Ýagşy Fakih Osman imperiýasynyň taryhy barada eser döreden ilkinji awtorlaryň biri hasaplanýar. Ondan öňki awtorlaryň we olaryň işleriniň atlary saklanyp galmandyr. Ýagşy Fakih XIV asyryň ikinji ýarymynda – XV asyryň başlarynda ýaşap geçipdir. Onuň özi barada juda az maglumatlar saklanyp galypdyr. Ol Türkiýäniň taryhy hakynda «Osmanly neberesiniň Ýyldyrym hana çenli döwürdäki edermenlikleriniň beýany» atly ýyl ýazgysyny döredipdir. Adyndan belli bolşy ýaly,

Küşt oýny hakynda «osmanlyja» dilinde ýazylan eseriň bir parçasy

eserde Osman Gazydan (1299–1326) başlap, Baýezit Ýyldyrymyň (1387–1402) hökümdarlygynyň soňuna çenli aralykda bolup geçen wakalar şöhlelendirilipdir. Gynançly ýeri, eser asyl nusgasynda biziň günlerimize gelip ýetmändir, ýöne ol dolulygyna diýen ýaly giçki döwrüň osmanly taryhçylary Oruç Adylyň, Aşykpaşazadanyň we beýlekileriň ýyl ýazgylaryna girizilipdir.

Myrat II-niň (1421–1451) dolandyran ýyllarynda uly möçberdäki ýyl ýazgylary peýda bolup başlaýar. Bellemeli taraplarynyň biri-de, olaryň aglabasy asyl nusgasynda biziň günlerimize gelip ýetipdir. Şol eserlerde wakalar sene yzygiderliligi boýunça beýan edilýär. Aslyýetinde, XV asyryň ortalaryna çenli ýazylan eserleriň käbirleri bolaýmasa, aglabasynda ýyl ýazgylary saklanmandyr.

XV asyryň çeşmeleriniň hatarynda Dursun begiň Osmanly döwletiniň taryhyna bagyşlanan ýyl ýazgysyny görkezmek bolar. Dursun beg ýokary wezipeli emeldaryň maşgalasyndan gelip çykyp, onuň özi hem Muhammet II (1451–1481) Fatihiň döwründe uly döwlet wezipesini eýeläpdir. Ol hökümdarynyň ähli ýörişlerine, şol sanda Konstantinopoly almak üçin guran ýörişine-de gatnaşypdyr. Dursun begiň ýyl ýazgysynda Muhammet II-niň döwri we onuň ogly Baýezit II-niň hökümdarlygynyň başky ýyllary beýan edilipdir.

Konstantinopolyň eýelenilmegi, onuň kuwwatly Osman imperiýasynyň paýtagtyna öwrülmegi bilen, bu jahan şalygynyň durmuşynda wajyp döwür başlanýar. Bu döwlet Ýewropanyň, Aziýanyň we Afrikanyň ykbalyna ägirt uly täsir edýär. Emma XVII asyryň başlaryndan ýurduň durmuşynda iki ýüz ýyldan hem gowrak wagt dowam eden durgunlyk döwri başlanýar. Osman imperiýasynyň jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady we medeni durmuşynda bolup geçen wakalar XV asyryň ikinji ýarymyndan – XVII asyryň ikinji ýarymyna çenli aralykda eser döreden taryhçylaryň işlerinde özüniň çuňňur beýanyny tapypdyr.

XV–XVI asyrlarda jahan şalygyna öwrülmek bilen Osman imperiýasy Günbatar Aziýada, Günorta-Gündogar Ýewropanyň giň ýerlerinde we Demirgazyk Afrikada tä Marokka çenli aralykda öz häkimiýetini ýola goýýar. Döwletiň şeýle uly güýje öwrülmegi taryhnamanyň ösüşine-de uly täsir edýär. Osman imperiýasynyň taryhyny beýan edýän taryhçylaryň uly topary peýda bolýar. Ýöne XVII asyryň ahyrlaryna çenli osmanly taryhy, esasan, höwesjeň taryhçylar tarapyndan ýazylyp, olar beýan edilýän wakalary Osman döwletiniň esaslandyrylan döwründen alyp gaýdyp, öz ýaşaýan döwürlerine ge-

«Osmanlyja» dilinde ýazylan taryhy eseriň golýazmasy

tirip goýupdyrlar. Şunda olar şol bir wakany dürli-dürli mazmunda beýan edipdirler we düşündiripdirler.

Oruç Adylyň «Tawarih-i Osman» (Osmanly neslиniň taryhy) diýlip şertli atlandyrylýan ýyl ýazgysy hem Türkiýäniň taryhy boýunça möhüm çeşmeleriň biridir. Eseriň awtory Osman döwletiniň Stambuldan öňki paýtagty Edirnede (Adrianopol) ýüpek söwdasyny edýän täjiriň maşgalasynda dünýä inýär. Oruç Adyl öz eserinde osmanly döwletiniň taryhyny onuň döredilen wagtyndan Muhammet II-niň döwrüne çenli beýan edipdir. Aýratyn hem, eserde Muhammet II-niň döwründe bolup geçen wakalar has jikme-jik beýan edilipdir.

Türkiýäniň taryhynyň XIV–XV asyrlar döwri barada gürrüň edilende, Muhammet Neşriniň (1520-nji ýylda aradan çykan) ýyl ýazgysy möhüm ähmiýete eýedir. Onuň eseri «Jahannama» (Dünýäniň kitaby) ýa-da «Neşriniň taryhy» diýlip atlandyrylýar. Kitap alty bölümden ybarat bolup, onuň diňe soňky bölümi Osman imperiýasynyň taryhyna bagyşlanypdyr. Neşri özünden öň ýaşap geçen Aşykpaşazadanyň ýyl ýazgysyndan köp maglumatlary alypdyr. Neşriniň kitabynyň altynjy bölüminde beýan edilýän wakalar Rumdaky seljuk döwletinden başlap, osmanly soltany Baýezit II-niň (1481–1512) hökümdarlygy bilen hem tamamlanýar. «Neşriniň taryhyny» soňraky döwrüň taryhçylaryndan Sadeddin bilen Müneçjimbaşy giňişleýin peýdalanypdyrlar.

Idris Bitlisiniň (1520-nji ýylda aradan çykan) ady XV asyryň ikinji ýarymynda – XVI asyryň başlarynda ýaşap geçen osmanly taryhçylarynyň arasynda aýratyn orun eýeleýär. Asly kürt milletinden bolan bu alymyň doly ady Hekimeddin Idris ibn Husameddin Aly al-Bitlisi bolup, ol soltan Baýezit II-niň we Selim I-niň gullugynda durupdyr. Bitlisi Selim I-niň sefewileriň döwletine, Siriýa, Müsüre we Kürdüstana garşy guralan ýörişlerine gatnaşypdyr. Ol soltan Baýezit II-niň buýurmasy boýunça osmanly döwletiniň taryhyna bagyşlap «Haşt behişt» (Sekiz jennet) eserini ýazypdyr.

Eser gurluş taýdan sekiz baba bölünip, olaryň her birinde osmanly tagtynda oturan soltanlaryň biriniň ömür ýoly we eden işleri beýan edilýär. Sene taýdan eser 1310–1505-nji ýyllaryň wakalary hakynda gürrüň berýär. Eser pars dilinde ýazylandygy üçin, heniz Bitlisiniň özi dirikä, onuň işi türk diline terjime edilýär.

Kemalpaşazadanyň (1468–1534) «Tawarih-i al-i Osman» (Osmanly neslиniň taryhy) ýyl ýazgysy ylmy jähetden ähmiýetli işdir. Kemalpaşazada çeşmeşynaslyk ylmynda «ibn Kemal» ady bilen hem tanalýar. Ol belli osmanly neberesinden gelip çykypdyr we ýokary döwlet wezipelerini eýeläpdir. Onuň 10 jiltden ybarat bolan ýyl ýazgysynda 1481–1526-njy ýyllaryň wakalary beýan edilýär. Eseriň möçberiniň şeýle uly bolmagy, awtora bu ýyllaryň taryhyny jikme-jik beýan etmäge mümkinçilik beripdir. Mälim bolşy ýaly, 1481-nji ýylda osmanly soltany Baýezit II

(1481–1512) tagta çykypdy, 1526-njy ýylda bolsa Süleýman Kanuny (1520–1566) Mohaçyň eteginde wengerleri we olaryň ýaranlaryny derbi-dagyn edipdi.

Süleýman Kanunynyň döwründe Osman imperiýasy özüni harby-syýasy we ykdysady kuwwatynyň çür depesine çykypdy. Bu döwür osmanly taryhnamasynda hem özüniň beýanyny tapypdyr. Süleýman Kanunynyň ýörişleri, ýurtda amala aşyran özgertmeleri «Zafarname» (Ýeňiş kitaby), «Suleýmanname» (Süleýman hakynda kitap), «Tarih-i Suleýman» (Süleýmanyň taryhy), «Suleýmaniýe» (Süleýmannama) eserlerinde, ýörişleriň ýazgylarynda we beýlekilerde giňişleýin şöhlelendirilipdir. Bu eserler beýik wezirler Lütfi paşa we Rüstem paşa tarapyndan ýazylypdyr.

Gelip çykyşy boýunça horwat milletinden bolan Rüstem paşa (1500–1561) başga-da «Osmanly nesilşalygynyň taryhy» eserini hem ýazypdyr. Onuň bu eserindäki wakalar 1560-njy ýyl bilen tamamlanýar. Beýik weziriň wezipesini ýerine ýetiren Rüstem paşanyň Osman imperiýasynda 1451–1560-njy ýyllar aralygynda bolup geçen harby-syýasy wakalar, jemgyýetçilik hadysalary, döwletiň durmuş-ykdysady durmuşy barada berýän maglumatlary has-da ähmiýetlidir.

Osman imperiýasynyň XVI asyr taryhyny öwrenmekde, gelip çykyşy boýunça alban milletinden bolan Lütfi paşanyň (takmynan 1564-nji ýylda aradan çykan) işleriniň hem uly ähmiýeti bardyr. Ol hem edil Rüstem paşa ýaly, Süleýman Kanunynyň döwründe beýik weziriň wezipesinde işläpdir. Emma soňra hökümdaryň gazabyna duçar bolup, Dimotiku adasyna sürgün edilýär. Sürgünde bolan ýyllary ol 20 sany eser ýazypdyr. Onuň, aýratyn hem, 1553-nji ýyla ýetirilip goýlan «Tawarih-i al-i Osman» (Osmanly neberesiniň taryhy) eseri ähmiýetlidir. Şunda ol özünden öňki taryhçylaryň eserlerinden hem giňişleýin peýdalanypdyr. Lütfi paşa eserde özüniň beýik wezir bolup işlän ýyllarynyň taryhyny has jikme-jik beýan edipdir.

Ybraýym Peçewiniň heýkeli

Lütfi paşa aýratyn uly ähmiýete eýe bolan, nusgalyk «Asafname» (Beýik weziriň kitaby) atly ylmy iş hem ýazypdyr. Onda beýik weziriň wezipesi, onuň ýerine ýetirýän wezipe borçlary, amala aşyrýan işleri dogrusynda gürrüň berilýär. Eserde Osman im-

periýasynyň döwlet durmuşynda ýüze çykýan meseleler, olary düzetmegiň ýollary hem-de usullary barada soltana, beýik wezire berilýän maslahatlar, dolandyryşy kämilleşdirmek bilen baglanyşykly öňe sürülýän pikirler ähmiýetlidir.

Şol döwürler arap dilinde ýazylan taryhy eserleriň arasynda stambully kazy Ahmet ibn Mustafa Daşköprizadanyň (1561-nji ýylda aradan çykan) «Aş-Şaka'ik an-nu'maniýa» eseri aýratyn orun eýeleýär. Onda Yslam dinine Kiçi Aziýa ýaýraýşynyň taryhy yzarlanylýar, meşhur ulamalaryň, şahyrlaryň ömür ýollary beýan edilýär, sebitde hereket eden dürli mezhebler we derwüşçilik guramalary barada gymmatly maglumatlar berilýär.

Süleýman Kanunynyň hökümdarlyk eden döwründe ýazylan işleriň hatarynda Kiçi Nyşanjynyň (Küçük Nişanji) «Taryh» atly eseri hem bar. «Nyşanjy» awtoryň eýelän döwlet wezipesiniň ady bolup, oňa «kiçi» diýilmeginiň sebäbi, türk taryhnamasynda «Nyşanjy» ady bilen tanalýan ýene-de bir awtor – Goja Nyşanjy hem bardyr. Ol Uly Nyşanjy (Böýük Nişanji) ady bilen tanalýar. Kiçi Nyşanjynyň hakyky ady Mehmet paşadyr. Uly Nyşanjy «Osmanly taryhy» atly eser ýazypdyr. Onuň eserinde 1299–1561-nji ýyllaryň, ýagny Osman Gazydan tä Süleýman Kanuna çenli döwrüň taryhy beýan edilýär.

Osmanly taryhyna bagyşlanyp ýazylan eserleriň köpüsi pars dilinde ýazylypdyr. Emma XVI asyrda türk dilinde ýazylýan işleriň sany birsyhly artypdyr, pars dilinde ýazylýan işler bolsa azalypdyr. Şu jähetden seredilende Muslih ed-Din Lariniň (1572-nji ýylda aradan çykan) «Mir'at al-adwar» eseri Osman imperiýasynyň taryhyna bagyşlanyp pars dilinde ýazylan iň soňky işdir.

Türkiýäniň taryhynyň XVI asyr taryhyny ýazan belli taryhçylaryň biri-de Sadeddin (1536–1601) bolup durýar. Sadeddiniň osmanly tagtynyň mirasdary, soňra osmanly soltany Myrat III-niň (1574–1595) atabegi bolandygy üçin, ol «Hoja efendi» ady bilen hem giňden tanalypdyr. Ol ýokary döwlet wezipelerinde işläpdir, hatda bir döwürde Osman imperiýasynyň iň ýokary derejeli din adamsynyň – Şeýh al-yslamyň wezipesini hem ýerine ýetiripdir. Sadeddiniň şeýle uly abraýynyň hem-de mertebesiniň bolmagy, oňa imperiýanyň döwlet syýasatyna täsir etmäge-de mümkinçilik beripdir. Sadeddiniň eseri «Taj at-tawarih» (Taryhyň täji) ady bilen meşhurdyr.

Meşhur taryhçy Ybraýym Peçewi (1574–1650) gelip çykyşy boýunça wengriýaly bolupdyr. Wengriýanyň Peç şäherinden bolandygy üçin, onuň adynyň yzyna «Peçewi» lakamy goşulypdyr. Peçewi tanymal osmanly döwlet adamlarynyň biri bolupdyr. Ol başda harby gullukda durupdyr, soňra dürli döwlet wezipelerinde, şol sanda maliýe edarasynda işläpdir. Ömrüniň soňky ýyllaryny ol öz watany Wengriýada geçiripdir. Wengriýa şol döwürler Osman imperiýasynyň düzümindedi. Onuň «Tarih-i Peçewi» atly eseri osmanly ýyl ýazgylarynyň iň ähmiýetlileriniň hatarynda mynasyp orun eýeleýär. Eserde gürrüňi edilýän wakalar 1520–1639-njy ýyllary öz içine alýar. Süleýman Kanunynyň döwrüniň taryhyny ol özünden öňki

taryhçylaryň eserleriniň kömegi bilen, şeýle hem şol döwürlerde ýokary wezipeleri eýelän kakasynyň we Süleýmanyň ýörişlerine gatnaşan belli adamlaryň gürrüňleriniň esasynda ýazypdyr. Peçewi ene dilini bilýändigi üçin, wenger dilli maglumatlary hem eserinde ulanypdyr. Ol öz işinde ýewropa dillerindäki çeşmeleri ulanan ilkinji türk taryhçysy hasap edilýär.

Baýezit Ýyldyrymyň döwründe adat hakynda ýazylan kitap

Osmanly taryhçysy Mustafa Aly (1541-nji ýylda doglan, aradan çykan wagty belli däl) döwletiň maliýe edarasynda ýokary wezipe eýeläpdir, ýöne taryh, geografiýa, bibliografiýa bilen hem gyzyklanypdyr, döwrüniň ylym we medeniýet işgärleri bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyr. Ol resmi taýdan taryhçy bolmandyr, şu ýagdaýyň özi hem onuň eserleriniň mazmunyna bellibir derejede täsir edipdir. Mustafa Alynyň esasy eseri «Künh al-ahbar» (Habarlaryň mazmuny) bolup, onuň soňky, dördünji bölüminde Osmanly döwletiniň Muhammet III-ä (1595–1603) çenli döwri beýan edilýär. Eserde Mustafa Aly Osman imperiýasynyň başyndan inen agyr çökgünlik, döwlet dolandyryş ulgamyndaky nogsanlyklar, käbir ýokary wezipeli emeldarlaryň eden işleri barada köp gürrüň edýär.

Awtoryň beýleki işi – «Menakyb-i hünerweran» (Ussatlar hakynda hekaýat) – Osman imperiýasynyň XVI asyr sungaty hakynda gymmatly çeşme bolup hyzmat edýär. Onda 285 sany görnükli osmanly suratkeşleriniň, hatdatlarynyň, jiltçileriň we sungatyň beýleki ugurlarynyň ussatlarynyň ömri we eden işleri barada gymmatly maglumatlar berilýär.

Osman imperiýasynyň XVI asyrdaky durmuş-ykdysady taryhy Mustafa Selýanikiniň «Taryh» atly kitabynda has düýpli hem-de çuňňur beýan edilipdir. Mustafa Makedoniýanyň Salonik şäherinde doglupdyr, şol sebäpden hem ol «Selýaniki» lakamy bilen tanalypdyr. Ol osmanly köşgünde maliýe edarasynyň ýokary wezipeli emeldary bolup işläpdir, şonuň üçin ol imperiýanyň ykdysady we maliýe ýagdaýyna juda belet bolupdyr.

Mustafa Selýanikiniň eserindäki wakalar 1563–1599-njy ýyllary öz içine alýar. Hut şu döwürde Osman imperiýasynyň ykdysady we maliýe durmuşynda ilkinji näsazlyklar ýüze çykyp ugraýar. Şonuň üçin hem Mustafa öz eserinde şol näsazlyklaryň ýüze çykmagynyň sebäplerini görkezipdir we olary düzetmegiň ýollaryny salgy beripdir. Awtor öz işinde soltanyň ýerlerdäki käbir dikmeleriniň,

wezipeli adamlaryň eden-etdiliklerinden nägile bolup, soltana şikaýat hem edýär. Hatda eseriniň bir bölümini ol «Şikaýet» diýip atlandyrypdyr.

Türkiýäniň durmuş-ykdysady we syýasy taryhy boýunça birnäçe risaleler – kitapçalar hem ýazylypdyr. Ilkinji risaleleriň biri XVI asyryň ikinji ýarymynda – XVII asyryň başlarynda ýaşap geçen türk alymy Aýni Aly tarapyndan ýazylypdyr. Aýni Aly döwlet diwanynyň ýer we salgytlar edarasynda ýokary wezipelerde işläpdir. 1607-nji ýylda soltan Ahmet I-niň (1603–1617) baş weziri oňa gulluk ýerleri hakyndaky hereket edýän kanunlaryň ýygyndysyny düzmegi tabşyrýar. Aýni Alynyň düzen bu ýygyndysy ylymda «Diwandaky osmanly kanunlary we ýazgy depderleriniň mazmuny» ady bilen tanalýar. Bu işde Aýni Aly Osman imperiýasynda sipahi (harbylara we döwlet gullukçylaryna berilýän gulluk ýerleri) ýer eýeçiliginiň düýpli gowşandygyna şaýatlyk edýän maglumatlary getirýär we emele gelen ýagdaýy haýal etmän düzetmek bilen baglanyşykly pikirleri öňe sürýär.

Gürrüňi edilýän mesele bilen baglanyşykly Mustafa Goçybeg Gümrüjeliniň kitapçasy – risalesi hem uly ähmiýete eýedir. Ol Makedoniýanyň Gümrüje (käbir çeşmelerde Gürje) obasynda doglupdyr, şonuň üçin hem, köplenç, Goçybeg (Koçibeý) ady bilen tanalan bu awtor «Gümrüjeli» lakamyna hem eýe bolupdyr. Soltan Myrat IV-niň (1623–1640) buýrugy bilen, ol 1630-njy ýylda Osman imperiýasynyň ekerançylyk pudagynyň, hususan-da, ýer eýeçilik ulgamynyň ýagdaýy barada risale ýazýar. Kitapçada Goçybeg ýer eýeçilik ulgamynyň gowşamagyna sebäp bolýan şertler we onuň öňüni almagyň ýollary hakynda gymmatly pikirleri öňe sürýär. Ol döwletiň ykdysady kuwwatynyň esasy sütüni bolan sipahi ulgamyny güýç bilen dikeltmegi we ony XVI asyryň birinji ýarymyndaky derejesine getirmegi maslahat beripdir. Edil şeýle mazmundaky risaleni ol Myrat IV-niň mirasdary Ybraýym I (1640–1648) üçin hem taýýarlapdyr.

XX asyryň başlaryna çenli türkiýeli taryhçylar Süleýman Kanunynyň diwanynda emeldar bolup işlän Ahmet Feridun Ruksanzadanyň toplan resminamalarynyň ýygyndysyndan häli-şindi peýdalanyp durupdyrlar. Ruksanzada Osman imperiýasy döredileninden, tä Myrat III-niň (1574–1595) hökümdarlygyna çenli aralyga degişli resminamalaryň 1880 sanysyny toplapdyr. Ol öz resminamalar ýygyndysyny «Münşeat as-salatin» (Soltanlaryň hatlary) diýip atlandyrypdyr. Şu resminamalaryň iki jiltden ybarat bolan bir bölegi 1847–1848-nji ýyllarda neşir edilipdir.

Türkiýede ylmyň we magaryfyň taryhyna bagyşlanyp ýazylan işler

Osman imperiýasynda ylym we magaryf döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolupdyr. Asyrlaryň dowamynda osmanly ulamalary, alymlar we kanunçylar ylmyň dürli ugurlary boýunça eserleri ýazyp galdyrypdyrlar. Gynançly ýeri, şeýle eserleriň ep-esli mukdary biziň günlerimize gelip ýetmändir.

Osmanly alymlaryň etika (edep) we didaktika (öwütnama) ylymlaryna bagyşlanan işleri, öz döwründe milli aň-düşünjeleriň ösüşine, osmanly jemgyýetiniň intellektual taýdan has-da kämilleşmegine ýardam etdi. Şeýle mazmunly eserleriň biri kazy Aly ibn Imrullah Kynalyzada (1511–1572) tarapyndan ýazylypdyr. Eser «Ahlaky Alaý» (Ýokary ahlak) diýlip atlandyrylyp, onda öňki döwürleriň şu ugurdan ýazylan arap we pars dillerindäki eserlerden parçalar giňişleýin ulanylypdyr.

Piri Reýs

Gürrüňi edilýän döwürde türk ylmy geografiýa pudagynda hem uly üstünlikler gazanypdyr. Geografiýa ylmynyň ösdürilmegini döwletiň içki zerurlyklary talap edipdir. Çünki Osman imperiýasy üç yklymda – Aziýada, Afrikada we Ýewropada ýerleşýän ägirt uly jahan şalygydy. Şundan ugur almak bilen, osmanly hökümdarlary geografiýa ylmyna degişli arap dilindäki eserleriň Stambulda jemlenilmegini we olaryň esasynda täze eserleriň döredilmegini gazanypdyrlar. XVI asyryň başlarynda Siriýanyň we Müsüriň Osman imperiýasynyň düzümine goşulmagy bilen, bu ýerlerden ylmyň beýleki ugurlary bilen bir hatarda, köp mukdarda geografiýa ylmyna degişli eserler getirilipdir.

Bu döwürde osmanly deňiz goşuny we onuň taryhy barada Hajy Halypanyň «Tuhfat al-kebir fi asfar al-bihar» (Deňiz ýörişleri hakynda beýiklere sowgat) eseri neşir edilipdir. Eser 1656-njy ýylda ýazylyp, ol osmanly deňiz goşunlarynyň şanly ýeňişlerine bagyşlanypdyr. Emma kitabyň ýazylan döwürleri eýýäm osmanly deňiz goşunlary ýewropalylardan birnäçe gezek ýeňlipdiler. Awtor eseri ýazmak bilen, hökümdarlara osmanly deňiz goşunlarynyň geçmişde nähili beýik şöhrata eýe bolandygyny ýatlatmak isläpdir.

Hajy Halypanyň «Jahannama» (Dünýäniň aýnasy) ady bilen tanalýan ýene-de bir eseri bardyr. Belli gündogarşynas I.Ý. Kraçkowskiý Hajy Halypanyň eseriniň adyny «Ählumumy kosmogoniýa» diýip terjime edýär. Eser mazmuny boýunça ählumumy geografiýa häsiýetine eýe bolup, onda Osman imperiýasynyň çäkleri hem beýan edilipdir. Awtor eseri ýazanda arap we ýewropa çeşmelerini ulanypdyr. Günbatar ylmynda Hajy Halypanyň işine kompilýatiw – göçürme häsiýetdäki eser hökmünde baha berilse-de, onda ylym üçin täze maglumatlaryň juda köpdügi hem geografiýa ylmynda ykrar edilen hakykatdyr. Hajy Halypa ilkinji bolup öz şahsy gözegçiliklerіniň esasynda şol döwürler Osman imperiýasynyň çägine giren Öli deňzi beýan edipdir.

XVI asyryň başlarynda türk dilini öwrenmekde hem käbir üstünlikler gazanylypdyr. 1527-nji ýylda dilçi alym Bergamaly Kadry soltan Süleýman Kanunynyň beýik weziri Ybraýym paşa türk diliniň grammatikasyna bagyşlanan «Müýes-



Aşykpaşazadanyň «Tawarih-i a'li Osman» eseri

sirat al-ulum» eserini ýazyp berýär. Bu eser türk diline bagyşlanyp, türk adamsy tarapyndan türk dilinde ýazylan ilkinji ylmy iş bolup durýar.

Osmanly alymlary deňiz geografiýasy boýunça hem eserleri döredipdirler. Görnükli osmanly deňizde ýüzüjisi, şahyr hem-de ýazyjy Sidi Aly Reýs 1554-nji ýylda «Muhit» (Umman) atly eserini ýazyp gutarýar. Onda Hindi ummany beýan edilipdir. Ol bu eseri ýazmak üçin arap deňizde ýüzüjileriniň we geograflarynyň, hususan-da, ibn Mejidiň we Süleýmanyň işlerinden peýdalanypdyr. Emma çeşmelerden alnan maglumatlar bilen bir hatarda, Sidi Aly Reýs özüniň deňizçilik bilen baglanyşykly toplan baý tejribesini hem giňişleýin ulanypdyr. Onuň «Mirat al-malik» (Ýurtlaryň aýnasy) atly geografik eseri hem bardyr. Onda ol özüniň Gündogaryň Hindistan, Owganystan, Eýran, Astrahan hanlygy ýaly ýurtlaryna dört ýyllap dowam eden syýahatyny beýan edipdir.

Osman imperiýasynda deňizçilik we geografiýa ylymlarynyň ösmegine meşhur deňizde ýüzüji Piri Reýsiň döreden eserleri uly itergi beripdir. Onuň doly ady belli däl. Onuň adynyň Muhiddin ibn Piri bolaýmagynyň mümkindigi bilen baglanyşykly pikirler bar. Piri – onuň edebi lakamy, «reýs» bolsa onuň deňiz goşunlarynyň kapitany bolandygyna şaýatlyk edýär. XV asyryň ahyrlarynda ol birnäçe deňiz söweşlerine gatnaşypdyr, XVI asyryň başlarynda bolsa osmanly deňiz goşunlarynyň serkerdesi hökmünde, Wenesiýa bilen Ortaýer deňzinde agalyk ugrunda göreşipdir.

Aşykpaşazada

Piri Reýs özüniň 1523-nji ýylda döreden «Bahriýe» atly deňiz atlasy bilen meşhurlyk gazanypdyr. Ol atlasy soltan Süleýman Kanuna sowgat beripdir. Türk dilinde taýýarlanylan «Bahriýe» atlasynda Ortaýer we Egeý deňizleriniň ähli kenarlary, kenarlardaky deňiz duralgalary, aýlaglar, bogazlar, galalar we dürli maksatly desgalar beýan edilipdir. Piri Reýsiň atlasy Ortaýer, Egeý we Gara deňizlerinde ýelkenli gämilerde ýüzüşleri geçirýän osmanly deňizçileri üçin iň

Öwlüýä Çelebi

ygtybarly gollanma bolup hyzmat edipdir. Ol atlasy düzmek üçin wenesiýa kartalaryny peýdalanypdyr, ýöne bar bolan maglumatlara döredijilikli çemeleşmek bilen, köp mukdarda täze maglumatlary hem girizipdir. Piri Reýsiň ulanan wenesiýa kartalary biziň günlerimize gelip ýetmändir, şonuň üçin hem «Bahriýe» atlasynyň italýan deňizçilik geografiýasynyň gazananlaryny öwrenmek üçin hem örän ähmiýetlidir.

Piri Reýs tarapyndan 1513-nji ýylda düzülen we 1517-nji ýylda osmanly soltany Selim Ýowuza sowgat berlen dünýä kartasynyň kartografiýa ylmynyň ösüşine ägirt uly goşant bolup durýar. Bu kartanyň diňe ýary saklanyp galypdyr. Onda Atlantik ummanynyň, Amerikanyň we Ýewropanyň günbatar taraplary beýan edilýär. Dünýä kartasyny düzmek üçin Piri Reýs 14 sany karta ulanypdyr; olardan dördüsi portugal kartasy bolup, onuň biri Hristofor Kolumbyňky eken. Kolumbyň kartasyny Piri Reýs 1501-nji ýylda Ortaýer deňzinde portugal gämilerini olja alanda ele salypdyr. Kolumbyň kartasy saklanmandyr, şonuň üçin ol hut Piri Reýsiň hyzmaty bilen dünýä geografiýa ylmynyň gazananlarynyň hataryna goşuldy. Piri Reýsiň dünýä kartasy, osmanly deňizçiliginiň diňe bir araplaryňky bilen däl, eýsem, günbatar deňizçilik ylmy bilen hem aýrylmaz baglanyşykda bolandygyny görkezýär.

1598-nji ýylda uly möçberli osmanly geografik eseri bolan «Manazir al-awalim» (Dünýäleriň görnüşi) ýazylyp gutarýar. Eseriň awtory Muhammet Aşyk bolup, ol 1555-nji ýylda Trabzonda mugallymyň maşgalasynda dünýä inýär. Ol Osman imperiýasynyň Ýewropadaky (Rumeliýa) we Kiçi Aziýadaky (Anadoly) Aziýadaky we Afrikadaky mülklerinde, şeýle hem imperiýanyň çäginden daşarda-da bolup görüpdir. Muhammet Aşyk 1596-njy ýylda Osman imperiýasynyň daş-töweregini gurşap alan deňizlerde ýüzüp görenden soň, Siriýanyň merkezi Damaskda ýerleşlýär. Awtoryň eseri orta asyrlar döwrüniň alymlarynyň geografiýa ylmyna degişli işleri bilen kybapdaşdyr.

Öwlüýä Çelebi (1611–1670/1681) XVII asyryň meşhur türk syýahatçysydyr. Ol tanymal türk maşgalasynda dünýä inýär. Onuň atasy we kakasy osmanly soltanlarynyň ýörişlerine gatnaşypdyrlar, emma onuň özi harby işe baş goşmak islemändir. Onuň bar arzuwy syýahat etmek, ýakynu-alys ýurtlary görmek bolupdyr.

Öwlüýä Çelebi ýörişleriň döwründe we diplomatik wekilhanalaryň düzüminde Osman imperiýasynyň ähli ýerlerine, köpsanly daşary ýurtlara baryp görüpdir. Kiçi Aziýanyň ýerlerinden başga-da, ol Türkiýäniň arap mülklerinde, Hebeşistanda (Efiopiýa), Eýranda, Polşada, Awstriýada, Çehiýada, Gollandiýada, Şwesiýada, Germaniýada, Fransiýada, Daniýada, Kawkaz ülkesinde, Moldowada, Ukrainada, Don derýasynyň boýlarynda, Bulgarda we Uralda bolup görüpdir.

Syýahatlar döwründe ol gündelik ýöredipdir we bolan ýurtlarynda, şäherlerinde, obalarynda halklaryň taryhy, däp-dessurlary, dini ynançlary, hojalygy baradaky maglumatlary, gören-eşiden geň-enaýy we gyzykly zatlaryny hökman ýazgy edipdir.

Ýygnan ummasyz köp maglumatlarynyň esasynda Öwlüýä Çelebi «Syýahatname» (Syýahatlar kitaby) atly uly göwrümli eser döredýär. Onda Ýewropanyň, Aziýanyň we Afrikanyň köp ýurtlary we halklary barada giňişleýin maglumatlary ýerleşdiripdir. Şonuň üçin hem awtoryň berýän gymmatly maglumatlary geografik beýany ýerleşdirilen ýurtlaryň taryhyny öwrenmekde uly ähmiýete eýedir.

Türkiýäniň taryhyna bagyşlanyp XVII asyrdan soň ýazylan taryhy eserler

XVII asyryň başlaryndan Osman imperiýasy gowşap ugraýar. Döwlet durmuşynda bolup geçen şeýle ýagdaý şol döwrüň taryhçylarynyň eserlerinde, daşary ýurtlularyň gündeliklerinde, ýatlamalarynda, hatlarynda we diplomatik hasabatlarynda öz beýanyny tapypdyr. Sebäbi Osman imperiýasynyň içeri syýasy we daşary syýasy ýagdaýynyň çylşyrymlaşmagy, imperiýanyň harby-syýasy, ykdysady we maliýe kuwwatyny üpjün edip gelen sipahi ulgamynyň dargap başlamagy, döwletiň ykbalyna jogap berýän we döwrüniň sowatly adamlaryny pikirlenmäge, döwleti çökgünlik ýagdaýyndan çykarmagyň, oňa bir wagtky harby-syýasy kuwwatyny gaýtaryp bermegiň ýollaryny gözlemäge mejbur edýär. Şunuň netijesinde soltanlar ýa-da beýik wezirler tarapyndan tabşyryk berlen ýokary wezipeli döwlet işgärleriniň eserleri peýda bolup başlaýar. Olar döwletiň durmuş-ykdysady we maliýe ýagdaýyny çuňňur öwrenmek bilen, imperiýanyň şeýle ýagdaýa düşmeginiň sebäplerini ýüze çykarmaga çalşypdyrlar, olar kähalatlarda dolandyryş ulgamyny ýiti tankyt astyna alypdyrlar, emele gelen ýagdaýy düzetmek üçin gymmatly maslahatlary beripdirler. Şol döwürde eser ýazan awtorlaryň arasynda Muhammet Solakza-

danyň, Ahmet Feridun Ruksanzadanyň, Hajy Halypanyň, Müneçjimbaşynyň, Daşköprizadanyň atlary aýratyn tapawutlanýar.

Hemdemi lakamly Muhammet Solakzadanyň (1657-nji ýylda aradan çykan) «Osmanly neslinіň taryhy» eseri gürrüňi edilýän döwrüň taryhyny öwrenmekde ähmiýetli işleriň biridir. Bu iş soltan Myrat IV-niň (1623–1640) döwründe ýazylypdyr.

XVII asyryň birinji ýarymynyň türk çeşmeleriniň arasynda «Kätip Çelebi» lakamy, ýöne, esasan, Hajy Halypa ady bilen giňden tanalan awtoryň eserleri Türkiýäniň taryhyny öwrenmekde uly ähmiýete eýedir. Hajy Halypa (1609–1657) uzak ýaşamandyr, ýöne özünden soň baý edebi miras galdyrypdyr. Ol öz döwrüniň iň sowatly adamsy, türk medeniýetiniň ajaýyp wekili bolupdyr. Hajy Halypanyň ady häzir hem Türkiýeden has alyslarda-da tanalýar.



Müneçjimbaşynyň döreden obserwatoriýasy (miniatýura)

Hajy Halypanyň hakyky ady Mutafa Abdylla bolup, harby emeldaryň maşgalasynda dünýä inýär. Ol on dört ýaşynda döwlet diwanynda işläp başlaýar, ýörişlere gatnaşýar. Harby diwanyň kätibi bolup işleýärkä «Kätip Çelebi» lakamyna eýe bolýar. Hajy Halypa ylym bilen meşgullanmaga uly ähmiýet beripdir we XVII asyryň 30-njy ýyllaryndan başlap ylym öwrenmäge uly üns berip başlaýar. 40-njy ýyllaryň ahyrlarynda ol goşunyň maliýe edarasynyň ikinji orunbasarlygyna (Halife – Halypa) bellenýär. Ol 1635-nji ýylda Mekgä haj parzyny berjaý etmäge gidip, hajy bolýar. Şonuň üçin hem oňa Hajy Halypa edebi lakamy dakylýar.

Hajy Halypa ylahyýet, hukuk, syýasat, edebiýat, geografiýa, taryh, bibliografiýa ylymlary boýunça eserleri döredipdir. Onuň taryh ylmyna degişli eseri «Takwim at-tawarih» (Taryhy-hronologik jedweller) diýlip atlandyrylýar. Eser sene taýdan dünýäniň ýaradylmasyndan 1648-nji ýyla çenli döwrüň wakalaryny öz içine alýar.

Hajy Halypa iki bölümden ybarat bolan «Fezleke-ýi tarih» (Taryhyň gysgaça jemi) eserini hem döredipdir. Eseriň birinji bölümi ähliumumy taryha, ikinji bölümi bolsa Osman imperiýasynyň taryhyna bagyşlanypdyr. Eserde Türkiýäniň syýasy we medeni taryhy baradaky baý maglumatlar berilýär.

Türkiýäniň orta asyrlar döwrüniň medeniýetini öwrenmekde Hajy Halypanyň bibliografik häsiýetdäki «Keşf uz-zunun an asam-il kutub wa-al-funun» (Kitaplaryň atlaryna we ylymlaryň pudaklaryna degişli pikirleriň beýany) eseriniň uly ähmiýeti bardyr. Bu eseri ýazmak üçin awtor 20 ýyl sarp edipdir. Onda, esasan, arap, galyberse-de, pars we türk dillerindäki eserleriň awtorlarynyň 8 müňüsiniň eserleriniň 14500 sanysynyň gysgaça beýany ýerleşdirilipdir.

Döwletiň maliýe ulgamy boýunça esasy hünärmen bolandygy üçin, 1653-nji ýylda Hajy Halypa soltan Muhammet IV (1648–1687) tarapyndan maliýe işlerini düzgünleşdirmek bilen baglanyşykly çäreleri işläp düzmeklige çekilýär. Ol şu mesele bilen baglanyşykly risale – habarnama-maglumat kitapçasyny taýýarlaýar we döwletiň şeýh-ul-yslamyna gowşurýar. Onuň kitapçasy «Dustur al-mal fi-islah al-halal» (Näsazlyklary düzetmek üçin [niýetlenen] gözükdiriji) diýlip atlandyrylýar. Onda döwletiň maliýe ulgamynda ýüze çykan kynçylyklar, olaryň döremeginiň sebäpleri görkezilipdir, döwlet işlerini tertibe salmak we onuň öňki kuwwatyny dikeltmek bilen baglanyşykly gymmatly maslahatlar berilýär.

XVII asyrdan başlap Türkiýede taryhy arap dilinde ýazmaklyk doly derejede diýen ýaly ýatyp galýar. Emma bu döwürde-de taryhçy Müneçjimbaşy tarapyndan osmanly taryhyndan söz açýan arap dilinde bir ýyl ýazgysy döredilipdir.

Ahmet Däde Müneçjimbaşy (1631–1702) iň meşhur türk taryhçylarynyň biri hasap edilýär. Ol 1631-nji ýylda Saloniki (häzirki Makedoniýa) şäherinde dogulýar. Halypasy Şekibi Muhammet Efendi aradan çykandan soň, Muhammet IV-niň (1648–1687) döwründe müneçjimbaşynyň (köşk astrology) wezipesine bellenilýär we şu wezipede 22 ýyllap işleýär. 1687-nji ýylyň ahyrlarynda Muhammet IV-niň tagtdan agdarylmagy we Süleýman II-niň (1687–1691) häkimiýet başyna gelmegi bilen, Ahmet Däde wezipesinden çetleşdirilip, Kaire sürgün edilýär. Kairde iki ýyl ýaşandan soň, ol Mekgä haj parzyny berjaý etmäge gidýär we ömrüniň galan 9 ýylyny kä Mekgede, käte bolsa Medinede we Taifde geçirýär. Mukaddes toprakda ol mugallymçylyk we özüniň meşhurlyk gazanan eserlerini ýazmak bilen meşgullanýar. Ahmet Däde Müneçjimbaşy 1702-nji ýylyň 27-nji fewralynda Mekgede 70 ýaşynda aradan çykýar. Ol arap, pars we türk dillerinde taryh, din, astronomiýa, lukmançylyk, müneçjimçilik (astrologiýa) we saz barada eserleri döredipdir. Ol bu dillerde ajaýyp şygyrlary hem ýazypdyr.

Zeki Welidi Togan

Taryhy eserler Müneçjimbaşa uly meşhurlyk getiripdir. Onuň ýazan esasy işi «Sahaifu'l-ahbar fi wekayi'l-a'sar» (Eserleriň wakalary hakyndaky habarlaryň ýazgylary») we «Müneçjimbaşynyň taryhy» ady bilen meşhurdyr. Ýöne bu iş, köplenç, «Jami ad-Duwel» (Döwletler hakynda ýygyndy)

görnüşinde ulanylýar. Müneçjimbaşy döwlet adamsy bolandygy üçin, öz eserinde 70-den gowrak çeşmelerden, esasan hem, osmanly arhiwlerindäki maglumatlardan giňişleýin peýdalanypdyr.

«Jemi ad-Duwel» – ählumumy taryh görnüşindäki eser bolup, onda beýan edilýän wakalar dünýäniň ýaradylmasyndan tä 1672-nji ýyla çenli döwri öz içine alýar. Awtor öz eserinde taryh ylmy, onuň wezipesi we maksady barada aýratyn durup geçmek bilen, taryha ylym hökmünde kesgitleme berýär, taryhçynyň hökmany eýe bolmaly bilimleriniň hem-de endikleriniň derejesi dogrusynda jikme-jik gürrüň edýär. Iki jiltden ybarat bolan bu eseriň bir nusgasy Stambulyň Topgapy köşgünde, Kaýseridäki Reşit Efendiniň kitaphanasynda we Edirnedäki Soltan Selim kitaphanasynda saklanýar. Ahmet Dädäniň eseriniň üstünde daşary ýurt alymlaryndan Hammer, Brokkelman, Frans Babinger, türk taryhçylaryndan bolsa Zeki Welidi Togon, Taýyp Gökbilgin we Nihal Atsyz işläpdirler.

Ahmet Däde Müneçjimbaşynyň eseriniň ählumumy taryh görnüşindäki iş bolandygy üçin, onda seljuklaryň taryhy hem beýan edilipdir. Alymlar eserdäki şu mesele bilen baglanyşykly maglumatlary «Seljuklaryň taryhy» ady bilen aýratyn kitap edip çykardylar.

Türkiýäniň arhiwlerinde saklanylýan «defterleriň» biri

Onuň peýdalanan edebiýatlarynyň 47-si arap, 17-si pars, 8-si bolsa türk dillerinde bolupdyr. Bulardan başga-da, Ahmet Däde köpsanly ylmy işlerden we arhiw depderlerinden peýdalanandygyny hem belläpdir. Eser ýazylyp gutarandan 30 ýyl geçensoň, ol türk diline terjime edilipdir, şonuň üçin hem onuň arap dilindäki nusgasy köp wagtlap unudylypdyr.

Ahmet Däde öz eserinde Täjeddin as-Sübhiniň (1370-nji ýylda aradan çykan) «Taryhçylar üçin kadalar» atly kitabyndan birnäçe pentleri hem getirýär:

1. Taryhy wakalara baha berende, taryhçy hemişe dogruçyl we öz sözüne wepaly bolmaly;
2. Başga awtorlaryň sözleri getirilende, olara nähilidir birhili üýtgetme girizmeli däl;
3. Taryhçy getirýän sözleriniň kimiňkidigini we olary nähili ýagdaýda alandygyny hökman görkezmeli;

4. Taryhçy düşündiriş bermäge ukyply, wakalara dogry we dürs baha berip bilýän, maglumatlary jemlemegi başarýan bolmaly. Sebäbi taryhçy zerur maglumatlary jemlän bolsa, ýöne olary kagyz ýüzünde dogry beýan edip bilmese, onda onuň eseri üstünlige eýe bolup bilmez.

XVIII asyrdan başlap osmanly soltanlarynyň köşgünde taryhnamaçynyň ýörite wezipesi girizilip, ol köşkdäki iň abraýly wezipeleriň biri hökmünde imperiýanyň iň soňky günlerine çenli dowam edýär. Köşk taryhnamaçylary öz ýaşan we işlän döwürlerinde bolup geçen wakalary yzygiderli beýan edipdirler.

Osmanly soltanlary tarapyndan taryhnamaçynyň wezipesine bellenilen birinji adam Mustafa Naima bolupdyr. Ol öz wezipesini ýerine ýetirmäge 1709-njy ýylda girişýär. Mustafa Naima şu wezipede işlemek bilen osmanly taryhynyň 1591–1659-njy ýyllar aralygyny beýan edipdir. Ondan soň taryhnamaçynyň wezipesini ýerine ýetirip, Osman imperiýasynyň taryhyny ýazanlardan Mehmet Reşidiň (ol 1660–1727-nji ýyllaryň taryhyny ýazypdyr), Mehmet Sübhiniň (1730–1743), Süleýman Izziniň (1744–1751), Mehmet Wasifiň (1752–1773), Ahmet Jewdediň (1774–1820), Ahmet Asimiň (1791–1808), Ataulla Mehmet Şanizadeniň (1808–1820), Ahmet Lütfiniň (1825–1876) atlary aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

1925-nji ýylda aradan çykan iň soňky döwlet taryhnamaçysy Adyrahman Şeref sene ýazgylaryny galdyrmandyr, ýöne ol özünden öňki taryhnamaçy Ahmet Lütfiniň işini neşir etmäge gatnaşypdyr. Ol birnäçe taryhy eserleri hem döredipdir. Aýratyn hem, onuň «Osman döwletiniň taryhy» diýen eseri bellenilmäge mynasypdyr. Sebäbi Abdyrahman Şeref Türkiýäniň taryhyna ylmy seljerme bermäge synanyşyk eden taryhçy alymlaryň ilkinjileriniň biri hasaplanylýar.

XVII asyr osmanly taryhy barada gürrüň berýän meşhur eserleriň biri bolan «Beda'i al-wekaýi» Goja Hüseýin tarapyndan ýazylypdyr. Bu eser dünýä taryhynyň özboluşly ýygyndysy bolup, onda dünýäniň dürli yklymlarynda bolup geçen wakalar teswirlenilýär. Kitapda Osmanly taryhy aýratyn orun eýeläp, onda oguzlar zamanyndan tä Muhammet II Fatyhyň döwrüne çenli wakalar beýan edilýär. Goja Hüseýin bu eseri ýazmak üçin arap-pars çeşmelerini we osmanly türkmen taryhçylaryndan Aşykpaşazadanyň, Neşriniň, Goja Nyşanjy Jelalzade Mustafanyň, Kemalpaşazadanyň, Sadeddiniň we başgalaryň işlerinden giňişleýin peýdalanypdyr.

Osman imperiýasynyň taryhyny öwrenmekde meşhur syýahatçy we döwlet işgäri Öwlüýä Çelebiniň «Syýahat kitabynyň» hem ähmiýeti uludyr. Ol 1640–1641-nji we 1646–1648-nji ýyllarda goňşy ýurtlara syýahat edip, alan maglumatlaryny bir ýere jemläp, gymmatly maglumatlary galdyrypdyr.

Türkiýäniň taryhy boýunça arhiw resminamalary

Türkiýäniň taryhyna degişli çeşmeler bilen ilki ýewropaly alymlar gyzyklanyp başlapdyrlar. Başda olar Wengriýanyň, Awstriýanyň we Germaniýanyň arhiwlerinde we kitaphanalarynda saklanýan osmanly türkmen dilli çeşmeleri ylmy dolanyşyga girizipdirler. Soňra olar köp asyrlap Osman imperiýasynyň düzümine giren Bolgariýanyň, öňki Ýugoslawiýanyň düzümine giren döwletleriň (Serbiýa, Çernogoriýa, Bosniýa we Gersogowina, Horwatiýa, Sloweniýa, Makedoniýa, Kosowo), Albaniýanyň, Gresiýanyň arhiwlerinde saklanýan resminamalary köpçülikleýin ulanyp başlaýarlar. Emma Türkiýäniň taryhyna degişli esasy maglumatlar, eserler ýurduň özünde jemlenendir. Stambulyň, Ankaranyň, Bursanyň we beýleki iri şäherleriň arhiwlerinde we kitaphanalarynda olaryň ummasyz köp mukdardakysy saklanýar.

Türkiýäniň arhiwlerinde saklanylýan maglumatlar diňe bir bu ýurduň däl, eýsem, Eýranyň, Balkan ýarymadasynyň halklarynyň, Arap ýurtlarynyň, Kawkaz ülkesiniň, Krymyň, Moldowanyň, Ukrainanyň we beýleki döwletleriň taryhyny öwrenmekde-de möhüm ähmiýete eýedir.

Nihal Atsyz

Stambulyň döwlet arhiwi bolan «Baş wekalet arşiwinde», Ankaranyň Tapu we kadastrlaryň baş arhiw müdirliginde, Ankaranyň şerigat kazyýetiniň arhiwinde, Wakf müdirliginiň arhiwinde we ençeme resmi hem-de şahsy arhiwlerde gymmatly resminamalaryň ummasyz köp mukdary toplanylandyr.

Ähmiýeti boýunça Stambulyň döwlet arhiwi aýratyn tapawutlanýar. Bu ýerde soltan hökümetiniň resminamalarynyň uly toplumy saklanýar. Olardan soltanlaryň permanlary we buýruklary ähmiýetlidir. Şol resminamalar ýörite «defterlerde» (depder) jemlenendir. Özi hem şol defterlerdäki maglumatlar 1553–1869-njy ýyllar aralygynyň taryhyndan habar berýärler. Bu resminamalar «Mühümme defteri» ady bilen belli bolup, olaryň umumy mukdary 263 toma barabardyr.

Resminamalaryň ikinji bir ähmiýetli görnüşi arzalaryň köne ýazgy kitaplary bolan «Atik şikaýet defteridir». Bu ýazgy kitaplary 208 tomdan ybarat bolup, 1649–1813-nji ýyllar aralygyna degişli resminalary öz içine alýar.

«Ahkam defteri» diýlip atlandyrylýan kazyýet kararlarynyň ýygyndysynda 1715–1839-njy ýyllarda Osman imperiýasynyň welaýatlary boýunça toplanylan möhüm resminamalar saklanýar. Olar Osman imperiýasynyň durmuş-ykdysady ýagdaýyny has içgin öwrenmäge mümkinçilik berýän arhiw resminalarynyň üçünji bir görnüşidir.

Türkiýäniň taryhyny öwrenmekde ýazgy kitapçalarynyň hem uly ähmiýeti bardyr. Stambulyň döwlet arhiwinde («Baş wekalet arşiwi») şeýle kitapçalaryň

1155 tomy we Ankaranyň Tapu we kadastrlar arhiwinde bolsa 250 tomy jemlenendir. Olar ilat ýazuwy, mülkler, her welaýatlar we tutuş Osman imperiýasy boýunça alynýan girdejiler hakyndaky maglumatlary özünde jemleýärler.

Osmanly soltanlary tarapyndan dürli asyrlarda düzülen kanunçylyk namalary – «Kanunnamalar» hem ýurduň durmuş-ykdysady we syýasy taryhyny öwrenmekde möhüm ähmiýete eýedir. Osmanly soltanlary Muhammet II Fatyh (1451–1481) we Süleýman Kanuny tarapyndan işlenilip düzülen «Kanunnamalar» şeýle görnüşdäki resminamalardyr.

XV BAP. TÜRKIÝÄNIŇ MILLI TARYHNAMASY

Türkiýäniň milli taryhnamasy we onuň esasy ugurlary

Türkiýäniň taryhyny öwrenmek ir döwürlerden, ýagny orta asyrlarda başlandy. Bu ugurdan köşk taryhçylary tarapyndan onlarça ýyl ýazgylary (olaryň ählisi «resmi taryhnamanyň» eserleridi) ýazyldy we neşir edildi. Aziýa ýurtlarynyň orta asyr taryhnamasyna mahsus alamatlar türk taryhnamasy üçin hem häsiýetlidir. Däp bolşy ýaly, olarda, esasan, patyşalaryň dolandyran ýyllary, olaryň alyp baran uruşlary, gazanan ýeňişleri, köşk durmuşy we başgalar hakynda seneleriň we wakalaryň yzygiderliligi tertibinde gürrüň berilýär. Emma köp ýurtlaryň orta asyr taryhnamasyndan tapawutlylykda, türk ýyl ýazgylarynda durmuş-ykdysady meseleler jikme-jik bolmasa-da, garaz, bellibir derejede gozgalypdyr. Ol ýa-da beýleki ýyl ýazgysynda soltanyň aýry-aýry welaýatlardan ýygnaýan salgydy ýa-da soltan üçin ugradylýan sowgat-serpaýlaryň mukdary barada köp maglumatlar getirilipdir.

Osmanly «resmi taryhlarda» osman jemgyýetindäki durmuş toparlary bolan «raýatlaryň» (ýagny önüm öndürýän we salgyt töleýänler) we «sipahileriň» (ýagny döwlet we harby gullugy ýerine ýetirýänler) ýurduň durmuş-ykdysady ulgamynda eýeleýän orunlary we olaryň hukuk derejesi barada-da maglumatlar berilýär. Mälim bolşy ýaly, şeýle maglumatlar näçe köp bolsa, döwletleriň taryhyny öwrenmeklik işi şonça-da ýeňilleşýär.

Ahmet Refik Altynaý

Orta asyr ýyl ýazgylarynda syýasy meselelere-de jogap bermäge synanyşyk edilýärdi. Mälim bolşy ýaly, Osman imperiýasy öňki kuwwatly Wizantiýa döwletiniň harabaçylygynda döräpdi. Wizantiýanyň synmagy, onuň ornuna kuwwatly musulman döwletiniň döremegi, Ýewropanyň ýyl-ýyldan güýçlenýän merkezleşdirilen milli döwletleriniň

hökümdarlarynyň gahar-gazabyny döredýärdi. Sebäbi şol döwrüň syýasy däplerine we soňky asyrlaryň halkara hukugyna görä, ýaşap oturan döwleti syndyrmak bolmaýardy. Elbetde, başga bir döwleti boýun egdirmek, ony özüňe garaşly ýapja döwlete öwürmek kanunçylyga sygýan zatdy. Emma döwleti bütinleý ýok etmek, onuň esasynda düýbünden başga gymmatlyklara esaslanýan döwleti döretmäge ýol berilmeýärdi. Emma Ýewraziýanyň taryhynda Wizantiýanyň synmagy we onuň ornuna Osman imperiýasynyň döremegi bilen baglanyşykly adamzat ösüşine uly täsir eden taryhy waka bolup geçdi.

Mehmet Fuat Köprüli

Emma bu wakanyň nähili bolup geçendigine garamazdan, bu mesele osmanly taryhçylary tarapyndan inçelik bilen çözülýärdi. Giçki orta asyrlaryň we täze taryh döwrüniň osmanly taryhçylary öz eserlerinde Wizantiýanyň synmagyny we Osman imperiýasynyň döremegini Kiçi Aziýada häkimiýetiň çalyşmagy, ýagny bir nesilşalygyň (wizantiýaly imperatorlaryň nesilşalyklary) ornuna täze bir nesilşalygyň (osmanlylaryň nesilşalygy) gelendigi bilen düşündirýärdiler. Türk «resmi taryhlarynda» osmanly soltanlarynyň häkimiýetini kanunlaşdyrmak üçin taryhçylar hökümdarlaryň görkezmesi boýunça, osmanly soltanlaryny birwagtky wizantiýa imperatorlarynyň nesilleri ýa-da şolaryň dowamy diýip yglan edýärdiler. Şunda olar Wizantiýanyň ýykylmagyny bu döwletiň çäginde dolandyryjy nesilşalygyň çalyşmagy, täze nesilşalygyň häkimiýete gelmegi hökmünde düşündirýärdiler.

Mälim bolşy ýaly, Wizantiýa imperiýasy resmi taýdan «Romaniýa», ýagny Rim ýa-da Gündogar Rim imperiýasy diýlip atlandyrylýardy. Şunuň esasynda Kiçi Aziýadaky Seljuk döwleti hem «Rum soltanlygy» hatda Osman imperiýasynyň başky döwürlerinde onuň özi hem şeýle atlandyrylýardy. Munuň özi Rumdaky Seljuk hem-de Osman döwletlerine özboluşly kanuny esasyň berilmegidi, olaryň dünýä bileleşiginiň subýekti hökmünde ykrar edilmegini gazanmagyň bir usulydy.

Osmanly hökümdarlarynyň Ýewropa babatyndaky syýasaty hem şeýleräk manyda düşündirilýärdi. Osmanlylaryň Gündogar we Günorta-Gündogar Ýewropa ýörişleri bir wagtlar Wizantiýanyň düzümine giren bu ýerleri, onuň mirasdüşeri bolan Osman imperiýasynyň düzümine gaýtadan salmak hökmünde häsiýetlendirilýärdi. Seljuklaryň we osmanlylaryň Kiçi Aziýada mesgen tutmaklarynyň esasynda kemala gelen täze milletiň (ýagny türkleriň) döremegini hem şol döwürleriň taryhçylary ýokardaky terzde düşündirýärdiler. Emma häzirki zaman türk taryhçylaram, dünýä taryhçylaram Kiçi Aziýada ýaşaýan türkleriň ata-babalarynyň Orta Aziýanyň çäginden göçüp gelendiklerini agzybirlik bilen tassyklaýarlar.

Türkiýäniň taryhyny ylmy esasda öwrenmeklik XIX asyryň ikinji ýarymynda, ýurtda özgertmeleriň geçirilip başlanmagy, milli duýgynyň oýanyp ugramagy, ýurt-

da öňdebaryjy aň-düşünjeleriň, ýewropa medeniýetiniň ýaýramagy bilen başlady. Ýöne ylmy esasda ýazylan işler 1923-nji ýyldan –Türkiýe Respublikasy döräninden soň çap edilip ugrady. Dogry, taryhy eserleri ýazmak we olary neşir etmek XIX asyryň ahyrlarynda başlapdy, ýöne olaryň ylmylyk derejesi entekler pesdi. Çünki olaryň ählisiniň awtorlary köşk taryhçylarydy. Şonuň üçin hem olar, esasan, osmanly soltanlarynyň alyp baran uruşlaryny beýan edýärdiler.

XIX asyryň ahyrlarynyň – XX asyryň başlarynyň taryhy eserleriniň hatarynda Abdyrahman Şerefiniň 1897–1898-nji ýyllarda Stambulda neşir edilen iki tomluk «Osmanly döwletiniň döremeginden 1855-nji ýyla çenli taryhy», Ýazyksyz Nejip Asimiň «Türkleriň taryhy» (Stambul, 1898), Altynaý Ahmet Refigiň «Bütindünýä taryhy» (1–6-njy tomlar, Stambul, 1912–1913), Ahmet Rasimiň köp tomluk «Osmanlylaryň taryhy» (Stambul, 1915) eserlerini görkezmek bolar. Emma Türkiýäniň Birinji Jahan urşuna gatnaşmagy we onda agyr ýeňlişe sezewar bolmaklygy, taryh ýazmak işini ep-esli wagtlap togtatdy. Şonuň üçin hem şu döwürde iň soňky neşir edilen iş «döwlet taryhçysy» Abdyrahman Şerefiniň 1918-nji ýylda neşir edilen «Osmanlylaryň taryhy» eseri boldy.

Türk taryhnamasynda konsepsiýa meselesi

Türkiýäniň taryhynyň möhüm meseleleri XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ikinji ýarymyndan, aýratyn hem, 30-njy ýyllardan güýçli öwrenilip başlandy. Şunda ýerli taryhnama babatynda kabul ederlikli ylmy konsepsiýa – baş ýörelge hem işlenilip düzüldi. Bu ýörelge ylymda «milli konsepsiýa» adyna eýe boldy. Bu konsepsiýanyň esasyny türk watançylygy düzýärdi. Şonuň üçin ol konsepsiýanyň esasyny düzýän garaýyşlar dünýä taryhnamasynda-da, türk taryhnamasynda-da «türk milliligi» diýlip atlandyrylýar. Şeýle garaýşa eýermek bilen, türk taryhçylary Aziýa ýurtlarynyň taryhçylarynyň edişi ýaly, Türkiýäniň taryhynyň her bir meselesini çözmäge, beýan etmäge girişenlerinde türk milletiniň, onuň geçmişde döreden döwletleriniň bähbitlerinden ugur alýarlar.



Halyl Ynaljyk

Türkiýede ylmy taryhnamanyň kemala gelýän döwründe, onuň esasy ugurlary hem kesgitlenildi. Şunda türk taryhçylary Türkiýäniň häzirki çäklerini öz içine alýan taryhyny işläp düzmekligi, Günbatar Ýewropanyň taryhnamasyna mahsus bolan «ýewropamerkezçilik» konsepsiýasyny, galyberse-de, Gündogar Ýewropa, hususan-da, slawýan ýurtlarynyň taryhnamasynda ýoň bolan, hamana «türkleriň ikinji derejeli» milletdigi hakyndaky galat garaýyşlary ýalana çykarmagy, türkleriň dünýä taryhynda öçmejek yz galdyrandygy hakyndaky taryhy hakykaty goramagy öz öňlerinde

baş maksat edip goýýardylar. Şunda olar syýasy taryhyň (daşky taryh) meseleleri bilen bir hatarda, durmuş-ykdysady meselelere-de («içki taryh») aýratyn uly üns berýärdiler. Türk taryhçylary «içki taryhyň» meselelerini seljermezden, olary düýpli öwrenmezden, Osman döwletiniň taryhyna düşünip bolmaz diýip hasap edýärdiler. Sebäbi Osman imperiýasynyň XV–XVI asyrlarda dünýäniň iň kuwwatly hem-de uly döwlete öwrülmeginiň syrlaryny hut «içki taryhy» öwrenmegiň esasynda çözüp boljakdygyna gowy düşünýärdiler.

«Milli konsepsiýa» esasynda ýazylan we türk taryhçylarynyň Türkiýäniň taryhyna bolan garaýyşlaryny doly açyp görkezýän ilkinji işleriň biri 1931–1934-nji ýyllarda ýazylan 4 tomluk resmi «Taryh» eseridir. Şol ýyllarda durmuş-ykdysady meselelere bagyşlanan birnäçe işler hem peýda boldy. Şunda agrar gatnaşyklar, aýratyn hem, orta asyrlar döwrüniň meselelerine uly üns berildi. Belli türk taryhçylary M. Fuat Köprüli, O. L. Barkan, Ysmaýyl Hakky Uzynçarşyly, Halyl Ynaljyk öz işlerinde agrar meselelerini bütinleý täzeçe garaýyşlar esasynda öwrenmäge çalyşdylar.

Türk taryhnamasynyň oňyn taraplarynyň biri-de, onda taryhy çeşmeleriň giňişleýin ulanylmagydyr. Taryhçylar Stambulyň, Ankaranyň dürli arhiwlerinde (Döwlet arhiwi, Şerigat kazyýetiniň arhiwi, Tapu we kadastrlar arhiwi, Wakflar arhiwi we başgalar) jemlenen maglumatlary ulgamlaşdyrmaga we olary öz işlerinde ulanmaklyga uly ähmiýet berýärdiler. Sebäbi dürli asyrlarda ýazylan «resmi taryhlar» maglumatlara baý bolsalar-da, bulardan daşgary arhiw maglumatlaryny, kanunçylyk resminamalaryny hem ulanmazdan, ýurduň taryhynyň möhüm meselelerini çuňňur hem-de giňişleýin öwrenmek mümkin däldi. Şonuň üçin hem taryhçylar dürli «Kanunnamalary», sylag ýarlyklaryny (berat) we ýazgy kitapçalaryny (defter) köpçülikleýin ulanýardylar. Sebäbi olarda her welaýat, etrap we obalar boýunça ekerançylyk ýerleriniň mukdary, olardan döwlet hazynasyna gelýän girdejiler, raýat (daýhan, oba ilaty) we sipahi (harby we döwlet gullukçylary)[1] ýerleri hakynda jikme-jik maglumatlar berilýärdi.

Ylmy önümçilige şeýle häsiýetdäki çeşmeleriň girizilmegi türk taryhçylaryna Osman imperiýasynda ýer eýeçilik gatnaşyklarynyň ulgamyny doly işläp düzmäge we ýurduň agrar düzgünlerini açyp görkezmäge mümkinçilik berdi. Mysal üçin, XX asyryň 30-njy ýyllarynda dürli görnüşdäki ýer eýeçiliginiň mazmunyna kesgitleme berildi, «serbest» (erkin) we «serbestsiz» (erkin däl) görnüşlerdäki ýer eýeçiliginiň hukuk taýdan tapawudy ýüze çykaryldy.

Türk taryhçylary oba ilatynyň (raýat) dürli toparlarynyň hukuk derejelerindäki tapawudy, daýhan borçlarynyň görnüşlerini, olaryň döwlet we harby ýer eýeleri (sipahi) bilen gatnaşyklaryny jikme-jik öwrendiler.

[1] Osman imperiýasynyň doly hukukly ilaty iki sany gatlakdan – raýatlardan we sipahilerden ybarat bolupdyr. Olardan – raýatlara önüm öndürmeklik we döwlete salgyt tölemeklik, sipahilerden bolsa harby hem-de döwlet gulluklaryny ýerine ýetirmeklik buýrulypdyr.

Türk taryhnamasynda durmuş-ykdysady we syýasy meselelere ylmy garaýyşlaryň kemala gelmegi

Bu meseleler we olary ylmy esasda düşündirmeklik Türkiýäniň milli taryhnamasynda möhüm ähmiýete eýedir. Aýratyn hem, syýasy taryhyň meselelerini çözmeklik taryhçylardan aýratyn çeýeligi talap etdi. Sebäbi her bir gelnen netijeleri, edilen jemlemeleri ylmy deliller bilen subut etmelidi. Syýasy taryhyň meselelerініň arasynda «türk basybalyşlarynyň» sebäplerini we mazmunyny düşündirmeklik taryhçylaryň öňünde duran esasy wezipeleriň biri boldy. Günorta we gündogar slawýan ýurtlarynyň taryhnamasyndan tapawutlylykda, türk taryhçylary Kiçi Aziýanyň we Balkan ýarymadasynyň eýelenilmegini, bu sebitlerde ýaşaýan halklaryň Osman imperiýasynyň düzümine girizilmegini, olaryň ýerli hökümdarlaryň feodal zulumyndan azat edilmegi hökmünde häsiýetlendirýärler. Mälim bolşy ýaly, Osman imperiýasynyň kemala gelýän döwründe Wizantiýada «krepostnoýçylyk» (ilatyň agramly böleginiň janynyň, hukugynyň we emläginiň az sanly ýerli feodallaryň elinde bolmaklygy) düzgüni dowam edýärdi. Şonuň üçin hem türk taryhçylary bu sebitleriň eýelenilmegini we Osman imperiýasynyň düzümine girizilmegini, Wizantiýanyň hem-de Balkan ýarymadasynyň ilatynyň feodal zulumyndan çykmaklaryna we osmanlylaryň doly hukukly ilatyna (raýat) öwrülmegi, olaryň öz halklaryna zulum eden «milli feodallarynyň» eden-etdiliklerinden çykmagy hökmünde baha berýärler.

Türk taryhçysy Barkanyň ýazmagyna görä, türkler, hakykatdan hem, basylyp alnan ýerlerde özleriniň däp bolup gelýän milli dolandyryş usullaryny berkarar etmek bilen, Wizantiýanyň we Balkanlaryň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň üzül-kesil gowulaşmagyna ýardam etdiler.

Omar Lütfi Barkan milli taryhnamada ilkinji bolup «synplaryň garmoniýasy (özara sazlaşykly ýaşaýşy») hakyndaky nazaryýeti öňe sürdi. Ol özüniň XX asyryň 30-njy ýyllarynyň ahyrynda – 40-njy ýyllarynyň başlarynda neşir edilen işlerinde Osman imperiýasynda XV–XVI asyrlarda jemgyýetde hut şeýle sazlaşygyň höküm sürendigini beýan etdi. Barkan Osmanly döwletiniň taryhynda merkezleşdirmek syýasatynyň ägirt uly ähmiýetiniň bolandygyny bellemek bilen, täze dörän imperiýany «bitewi bir uly soltan «çiftligi» (hojalygy)» diýip häsiýetlendirdi. Şunda ol «Bu bir uly umumylyk bolup, munda her bir adamyň (ýagny raýatyň hem, sipahiniň hem) ýerine ýetirmeli wezipesi hem-de orny soltanyň emri bilen kesgitlenilipdir» diýip belleýär. Türk taryhçysynyň bu pikiri döwletiň feodallaryň elindäki mejbur ediş guraly

Ýusup Akçur

däl-de, eýsem, jemgyýetiň, döwletiň depesinde duran soltanyň emrini beýan edýän gurama bolandygyny tassyklaýar. Barkanyň pikiriçe, bu gurama «kesekilere garşy urşuň umumy bähbitleri üçin soltan her bir adamyň bähbitlerini sazlaşykly birikdiripdir».

Barkanyň osmanly taryhy boýunça şeýle netije çykarmagynyň özboluşly sebäpleri bardy. Mälim bolşy ýaly, osmanly döwletiniň ilaty soltan tarapyndan iki sany durmuş gatlagyna ýa-da synplara bölünipdi. Kabul edilen düzgüne görä, ýurduň ilatynyň esasy köpçüligini düzýän raýatlar diňe önüm öndürmelidi we döwlete salgyt tölemelidi, jemgyýetiň ikinji gatlagyny sipahiler düzüp, olar ýa döwlet dolandyryş edaralarynda gulluk edýärdiler, ýa-da harby gullugy ýerine ýetirýärdiler. Olar önüm öndürmändirler, salgyt tölemändirler. Döwlete gulluk edýändikleri üçin olara hökümet tarapyndan raýatlaryň ekerançylyk ýerleri şertleýin ýagdaýda (diňe gulluk edýän wagtlary) eýeçilige berlipdir. Barkan bu gatlaklaryň birinjisini, ýagny raýatlary «harbylara degişli bolmadyk halk köpçüligi», ikinjisini bolsa «ýörişlere gatnaşýan, buýruk berýän we dolandyrýan harby synp» diýip atlandyrýar.

Barkanyň ýazmagyna görä daýhanlar we «önümçilik synplarynyň» beýleki wekilleri döwlet we harby meselelerde sipahiler bilen hyzmatdaşlyk edipdirler. Wagtlaýyn ýer eýeleri bolan sipahiler bilen raýatlaryň arasyndaky önümçilik gatnaşyklaryny Barkan kärendeçiligiň dürli görnüşlerine syrykdyrypdyr, sebäbi ol türk daýhany – raýaty ýere eýeçilik etmek meselesinde müdimilik kärendeçiniň ýagdaýynda bolupdyrlar diýip hasap edipdir.

Aýdylanlardan çen tutulsa, Osman imperiýasynda ilat köpçüliginiň nähili wezipeleri ýerine ýetirmelidigi kanun esasynda, soltan hökümeti tarapyndan kesgitlenilipdir. Netijede, döwlet şu iki durmuş gatlaklarynyň her biriniň üstüne anyk borçlary ýükläpdir we olar bir-biri bilen özara sazlaşykly birleşdirýän dolandyryş guraly bolup galypdyr.

Türk raýatlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini Ýewropanyň krepostnoý daýhanlarynyňky bilen deňeşdirip, Barkan olaryň hukuk ýagdaýlarynyň arasynda uly tapawudyň bolandygyny belleýär. Şunda ol «Türk daýhany iş ýüzünde-de, kagyz ýüzünde-de özüniň erkinligini hiç haçan ýitirmändir» diýip ýazýar. Türk daýhanynyň hukuk taýdan hem iş ýüzünde-de erkin bolandygyny subut etmek üçin Barkan daýhanyň döwlet häkimiýeti we sipahiler bilen gatnaşygyna ünsi çekipdir. Şunda ol raýatyň garaşlylygy onuň merkezi häkimiýetiň öňündäki borçlarynda (mysal üçin, salgyt tölemeli) ýüze çykypdyr, emma daýhanyň ýeriniň wagtlaýyn eýesi bolan sipahi bilen gatnaşyklarda ol, umuman alnanda, erkin bolup galypdyr, sebäbi daýhanlar babatynda

Ryza Nur

hytaý, koreý, ýapon, ýewropa jemgyýetlerindäki ýaly çäklendirmeler we eziliş türk raýaty babatynda ulanylmandyr.

Türk raýatynda şunuň ýaly hukuk artykmaçlygynyň bolandygyna garamazdan, gündogar ýewropaly taryhçylar, raýatlaryň hukuklary barybir doly däl, çäkli bolupdyr diýip belleýärler. Şunda olar, köplenç, şeýle mysala ýüzlenýärler: eger-de raýat öz ekin ekýän ýerini («çiftlik») taşlap gitse, onda ol ýeriň wagtlaýyn eýesi hasap edilýän sipahä «çift bozan» tölegini tölemeli bolupdyr. Emma bu töleg sipahiniň nukdaýnazaryndan raýatyň ýeri taşlap gitmegi netijesinde özüniň çeken ýitgileriniň öweziniň doldurylmagy bolýan bolsa, onda daýhanyň nukdaýnazaryndan onuň öz erkinligini satyn alan ýaly bir zat bolýar. Şunda Barkanyň «synpy sazlaşyk» nazaryýetiniň ýerliklidigine, ylmy taýdan esaslandyrylandygyna göz ýetirmek bolýar.

Umuman alnanda, türk taryhynyň möhüm meseleleri bilen baglanyşykly şeýle garaýyşlar, Türkiýäniň milli taryhnamasynda häzirki döwürde-de öz ähmiýetini ýitirenok. Şeýle garaýyşlara, aýratyn hem, «Osmanly taryhy» eserinde giň orun berlipdir. Bu eser 7 tomdan ybarat bolup, onuň Ysmaýyl Hakky Uzunçarşyly tarapyndan ýazylan 1–4 tomlary 1947–1959-njy ýyllarda, Enwer Ziýa Karal tarapyndan ýazylan 5–7 tomlary bolsa 1949–1956-njy ýyllarda neşir edildi.

«Osmanly taryhy» 1931–1934-nji ýyllarda neşir edilen 4 tomluk «Taryh» eserinden özüniň ylmylygy boýunça ep-esli ýokarda durýar. Bu iş ylmy önümçilige girizilen çeşmeleriň juda baýlygy, ilkinji gezek peýdalanylýan maglumatlaryň köplügi we köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Türkiýäniň taryhy bilen gyzyklanýan hünärmenler we okyjylar köpçüligi bu işden harby taryha, medeniýetiň hem-de teosofiky pikirleriň ösüşine, belli döwlet işgärleriniň, tanymal maşgalalaryň taryhyna we beýleki dürli meselelere degişli giň gerimli maglumatlar bilen tanşyp bilýärler.

Gündogar ýewropaly marksist taryhçylaryň ýiti tankydyna sezewar edilendigine garamazdan, gürrüňi edilýän köp tomlugyň Uzunçarşyly tarapyndan ýazylan başky tomlary ylmy taýdan has ähmiýetlidir. Uzunçarşyly hem Barkanyň «synpy sazlaşyk» nazaryýetine eýeriji hökmünde çykyş edýär. Ol «Osmanly döwleti özüniň paýhasly dolandyryşy bilen basylyp alnan ýerlerde «garmoniýany» (sazlaşygy) döretmegi başardy. Sipahi bilen raýatyň arasyndaky gatnaşyklar deňhukukly ýagdaýda boldy, sebäbi kanun olaryň ikisi üçin hem deňdi, ýagny eger sipahi häkimiýetini hyýanatçylykly peýdalansa ýa-da eden-etdiliklere ýol berse, şeýle hem daýhan öz borçlaryna sowuk-sala garasa, olary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrsa, ikisine-de temmi berilýärdi» diýip ýazýar. Uzunçarşyly eden-etdilikler zerarly turan daýhanlar gozgalaňlarynyň, sipahileriň kanunçylygy gödek bozmaklarynyň netijesinde bolandygyny belleýär. Şunda ol köpsan-



Ysmaýyl Hakky Uzunçarşyly

ly sipahileriň şeýle etmişler üçin soltan häkimiýetleri tarapyndan ýowuz jezalandyrmalara sezewar edilendiklerine şaýatlyk edýän maglumatlary hem getirýär.

XX asyryň 40-njy ýyllarynda neşir edilen işleriň hatarynda Ahmet Rasimiň «Osmanly taryhy», Ysmaýyl Hami Danyşmendiň «Osmanlylaryň senelendirilen we beýan edilen taryhy», Rza Nuruň «Türkleriň taryhy», Ýusup Akçuryň «Osman döwletiniň bölünmegi (XVIII we XIX asyrlar)», Okçy Ýahýanyň «Türk-rus gapma-garşylyklarynyň XIII asyrdan häzirki döwre çenli taryhy», Gökten Gylyjyň «Karsyň taryhy», Galust Arapýanyň «Ruşşuk aýany Mustafa paşa Baýraktaryň ömri we edermenlikleri. XVIII asyryň ahyrlary – XIX asyryň başlary» eserlerini we başgalary görkezmek bolar.

Ikinji Jahan urşundan soňky döwürde, aýratyn hem, 50-nji ýyllarda Türkiýäniň milli taryhnamasy has-da ösdi we kämilleşdi. Neşir edilýän kitaplaryň sany artdy, olar mazmun taýdan baýlaşdy. Bu döwürde O. L. Barkan, Halyl Ynaljyk, T. Gökbilgin, M. Akdag ýaly taryhçylar has-da öndümli işlediler. Däp bolup gelşi ýaly, türk taryhçylarynyň esasy köpçüligi ýurduň taryhynyň XV–XVII asyrlaryna ýüzlenýärdiler. Sebäbi bu asyrlar Osman imperiýasynyň şöhratly döwrüdi. Ondan soňky asyrlaryň taryhy Osman imperiýasynyň gowşaýan, durmuş-ykdysady yzagalaklygyň güýjeýän döwri bolandygy sebäpli, türk taryhnamasynda bu asyrlar öňki döwürlere garanda birneme gowşak öwrenilendir.

H. Ynaljyk ýurduň taryhynyň agrar meselelerine bagyşlanan işinde ýere döwlet eýeçiliginiň döreýşini we ösüşini Osman imperiýasynyň harby häsiýeti bilen dogry baglanyşdyrmagy başarypdyr. Ol «Osmanlylaryň agrar ulgamy döwletiň harby isleglerini daýhanlar babatynda durmuş adalatlylygyny üpjün etmek bilen bagly baglanyşdyrypdyr» diýip belleýär. Osmanly jemgyýetiniň iki gatlagy bolan «harby adamlaryň» we raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň mazmunyny Ynaljyk hem edil Barkan ýaly olaryň arasynda ýola goýlan «paýhasly zähmet bölünişiginde» görüpdir, ýagny olaryň biri önüm öndürip, salgyt töleýär we döwletiň ykdysady kuwwatyny üpjün edýär, beýlekisi bolsa öz gullugy bilen döwletiň harby kuwwatyna we howpsuzlygyna jogap berýär.

XX asyryň 50-nji ýyllarynda neşir edilen işleriň hatarynda Kurat Akdes Nimetiň «Türk-iňlis gatnaşyklaryna gysgaça garaýyş (1563–1953)», Goçy Reşat Ekremiň «Türk uruşlary», Tülbentçi Feridun Fazylyň «Beýik taryhyň uruşlary», Akşit Nyýazynyň «Taryh», Enwer Ziýa Karalyň «Täze we Iň täze taryh döwürleri», Şakir Ziýanyň «Tanzimat döwründen soň Osmanly goşunynyň taryhy», Unal Tahsiniň «Türkiýäniň syýasy taryhy (1700–1958)» we beýlekileri görkezmek bolar.

XX asyryň 60–70-nji ýyllarynda türk taryhnamasy halkara giňişliklerine-de çykmagy başardy. Olar taryhçylaryň halkara ylmy forumlarynda türk taryhynyň esaslaryny, onuň dünýä taryhyndaky ornuny gorap çykyş edýärdiler. Sebäbi öň Osman imperiýasynyň düzümine giren slawýan ýurtlarynyň taryhçylary her hili usul-

Faruk Sümer

lar bilen bu döwletiň geçmiş taryhyny «garalamaga», onuň slawýan halklary babatynda, hamana, «adalatsyz syýasat ýöredendikleri» bilen baglanyşykly taryhy hakykatdan daşda galýan garaýyşlary öňe sürýärdiler. Bu işde, aýratyn hem, bolgar we serb taryhçylary (olary öz döwründe öňki SSSR-iň taryh ylmy hem goldaýardy) işjeňlik görkezýärdiler.

Şeýle ýagdaý 1964-nji ýylda taryhçylaryň XII halkara kongresinde hem bolup geçdi. Kongresde çykyş etmek bilen taryhçy T. Gökbilgin Türkiýäniň geçmişdäki ornuny peseltmäge çalyşýan garşydaşlarynyň pikirleriniň esassyzdygyny subut etmäge çalyşdy. Ol slawýan taryhçylarynyň XIV–XV asyrlarda Osman imperiýasynyň Ýewropadaky mülklerinde bolup geçen çykyşlaryň feodallara (ýagny türk feodallary) we türklere garşy häsiýetleriniň bolandygy bilen baglanyşykly çykyşlaryna degerli jogap bermegi başardy. Gökbilginiň pikirine görä, birinjiden, bolup geçen şeýle çykyşlaryň feodallara garşy bolup bilmegi mümkin däldi, sebäbi osman imperiýasynda sözüň doly manysynda hiç haçan hem feodalçylyk düzgüni, ýagny «ezýän feodallar» we «ezilýän daýhanlar» bolmandy. Ikinji bir tarapdan, «osmanly agrar ulgamy öz döwrüniň ölçeglerine laýyklykda, durmuş adalatlylygyny gazanmaga gönükdirilipdi we hiç haçan bu ulgam dolandyryjylar bilen dolandyrylýanlaryň arasynda oňşuksyzlygyň ýüze çykmagyna bahana döretmändi».

Türk taryhçylarynyň işlerinde XX asyryň wakalary hem bellibir derejede şöhlelendirildi. Şol döwrüň möhüm wakalarynyň biri 1908–1909-njy ýyllaryň «Ýaş türkleriň» rewolýusiýasydyr. Sebäbi bu waka Türkiýäniň soňraky ykbalyna uly täsir etdi. H. Ynaljyk, A. B. Kuran, T. Tunaý, S. Mümtaz, F. Unat dagylar bu ugurdan birnäçe işleri amal etdiler. Şu mesele bilen baglanyşykly ähmiýetli işleriň hatarynda Ahmet Refigiň «Beýik rewolýusiýa» we «11-nji aprel rewolýusiýasy», Ahmet Jewadyň «Hakyky rewolýusiýa» we «Ykdysadyýetdäki rewolýusiýa», Jewriniň «Rewolýusiýa näme üçin we nähili bolup geçdi?» kitaplary, Ahmet Nyýazy begiň ýatlamalary aýratyn bellemäge mynasypdyr. «Ýaş türkleriň» rewolýusiýasynyň taryhyny öwrenmekde bu waka gatnaşyjylar – Ybraýym Temonyň, Talaat paşanyň, Kazym Garabekir paşanyň, Tahsin paşanyň işleriniň hem bellibir ylmy ähmiýeti bardyr.

XX asyryň ahyrlarynda «Ýaş türkleriň» rewolýusiýasy barada ýazylan işleriň hatarynda Ý. H. Baýuryň, E. E. Karanyň, F. R. Unatyň, Ý. Tekiniň, F. H. Tekiniň, E. Güresiniň, J. R. Atilhanyň, R. Okandanyň, Sin Akşiniň we başgalaryň kitaplaryny görkezmek bolar.

Türkiýäniň milli taryhnamasynda häzirki zaman türk milletiniň etniki taryhy, onuň gelip çykyşy ýaly wajyp meseleleri gozgaýan işler hem bardyr. Şeýle işleriň hatarynda görnükli taryhçy Faruk Sümeriň «Oguzlar – türkmenler» atly meşhur

kitaby aýratyn orun eýeleýär. Bu işiň ylmy ähmiýeti diňe bir Türkiýäniň däl, eýsem, ähli türki kowumly ýurtlaryň taryhçylary tarapyndan hem, dünýä taryhçylary tarapyndan hem ykrar edilendir.

Häzirki zamanda türk taryhnamasy has-da öndürijilikli işleýär. Bu döwürde neşir edilen taryhy işleriň hatarynda Enwer Behnan Şapolýonyň «Iň Täze we Täze döwürler hem-de Türkiýäniň taryhy», Josgun Üçokyň «Syýasy taryh. 1789–1950», Şemseddin Jomoglunyň «Çanakgala bogazy we söweşleri», Mete Izzeddin Göktürküň «Taryhymyzyň ýaňy we dünýädäki ornumyz», Fahir H. Armaoglunyň «Syýasy taryh dersleri. 1789–1919» eserlerini we başgalary görkezmek bolar.

Umuman alnanda, Türkiýäniň türk halkynyň taryhynyň ähli döwürlerini, wakalaryny we türk taryhnamasynyň möhüm meselelerini çözmekde uly ylmy tejribe toplan baý milli taryhnamasy bardyr.

XVI BAP. ARAP ÝURTLARYNYŇ TARYHYNYŇ ÇEŞMEŞYNASLYGY WE TARYHNAMASY

Araplarda taryh ýazmak däpleriniň ýüze çykmagy

Araplarda taryhnama (ilm at-ta'rih) edebiýatyň bir ugry hökmünde ir döwürde ýüze çykýar. Ýöne taryhnama adalga hökmünde edebiýatyň taryhyny däl-de, öz düzüminde, birinji nobatda, ýyl ýazgylaryny we ömür beýanlary jemleýär.

Araplarda taryh ýazmak däpleriniň gözbaşlary we onuň haçan dörändigi hakyndaky mesele dünýä taryh ylmynda entek gutarnykly derejede doly çözülenok. Sebäbi Yslamdan öňki Arabystanyň rowaýata öwrülip giden halk hekaýatlary bilen VIII asyryň anyk ýyl ýazgylarynyň arasynda uly tapawut bar. Käbir häzirki zaman gündogarşynas alymlary araplarda taryh ýazmak däpleriniň döremeginde sasanylar döwrüniň «Hudaýnama» (Patyşalaryň kitaby) kitabynyň uly täsiriniň bolandygy hakyndaky çaklamalary öňe sürýärler. Emma alymlaryň esasy köpçüligi araplarda bu däpleriň taryhy we taryhy däl (rowaýatlar, ertekiler, hekaýatlar) döredijiligiň dürli ugurlarynyň özara birleşmeginden emele gelendigini we tersine, arap taryhnamasynyň pars taryhnamasynyň ýüze çykmagyna uly täsir edendigini belleýärler.

Eýsem-de bolsa araplarda taryh ýazmak däpleriniň ýüze çykmagyna nähili şertler täsir etdikä?!

Birinjiden, araplaryň Yslamdan öňki döwürlerden gelýän geçmişe bolan özboluşly garaýyşlary bolupdyr.

Ikinjiden, tire-taýpaçylyk zamanynda araplarda maşgala we nebere şejerelerini ýöretmegiň has ösen däpleri bolupdyr.

Üçünjiden, ir döwürlerden bäri araplaryň arasynda wakalary beýan etmegiň «aýýam al-arab» (araplaryň günleri) diýen ýörgünli usuly bolupdyr. Şunda diňe bir

Ylymlaryň taryhy hakynda ýazylan arap eseriniň bir sahypasy

tanymal adamlaryň ömür beýanlary däl, eýsem, dürli taýpalaryň arasynda bolup geçen harby-syýasy wakalar jikme-jik beýan edilipdir.

Dördünjiden, araplarda taryhy wakalara, jemgyýetçilik hadysalaryna dogry hem-de dürs baha berip bilýän taýpa şahyrlary, kazylar, danalar, köneden gelýän hekaýatlary aýdyjy rawylar köp bolupdyr.

Bäşinjiden, arap taýpalary üçin syýasy işjeňlik has güýçli bolupdyr, bu bolsa araplaryň taryhyny bezeýän köpsanly wakalaryň bolmagyna, olar barada gyzykly hekaýatlaryň we rowaýatlaryň döremegine getiripdir.

Altynjydan, arap çarwalarynda wagta (gün, aý, ýyl), adam ykbalyna, başdan geçirmelere, gyzykly wakalara baý ömür menzilleri hökmünde garamak mahsus bolupdyr. Bular barada märekede gürrüň etmeklik araplarda juda ýörgünli bolupdyr.

Ýedinjiden, araplaryň öz milli elipbiýi we döwleti bolupdyr.

Netijede, şu şertleriň ählisi birleşip, orta asyr arap taryhnamasynyň kemala gelmeginde we soňraky asyrlarda has-da ösmeginde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

Gadymy döwürlerde Arabystanyň iň ösen ýerleriniň biri bolan Ýemende taryhy hat üsti bilen beýan etmek däpleri bolupdyr. Şol däplerden mysal hökmünde, biziň günlerimize gelip ýeten Mineý, Sabeý we Himýar ýazgylaryny görkezmek bolar. Emma şol ýazgylaryň hem ählisiniň diýen ýaly dilden aýdylýan halk hekaýatlaryna esaslanýandygy anyklanyldy. Olarda gadymy patyşalaryň birnäçesiniň atlary getirilip, gadymy döwürler hakyndaky çyna berimsiz we hyýaly gürrüňler, ýöne Yslamdan öňki ýüzýyllyk hakynda hakykata golaý, emma barybir bulaşyk ýatlamalar beýan edilýär.

Agyzdan-agza, dilden-dile geçip gelen şu taryhnama mirasy hijriniň I asyrynyň (VII asyr) bütin dowamynda üsti ýetirilip, taryhy hekaýatlaryň ägirt uly ýygyndysyna öwrülýär. «Kitab at-tijan» ady bilen saklanyp galan şol ýygyndy Wahba ibn Munabbiha (takmynan, 728–734-nji ýyllarda aradan çykan) tarapyndan ýa-

zylypdyr. Şeýle ýygyndynyň ýene birini Ubeýd ibn Şarýi döredipdir. Bu awtorlaryň ýazgylary arap taryhçylarynyň soňraky wekilleri, hususan-da, Ibn Ishak tarapyndan üýtgewsiz görnüşde kabul edilipdir, Abd al-Mälik ibn Hişam bolsa, Wahbanyň «Kitab at-tijan» kitabyny özüçe işläpdir we şol sebäpden hem bu kitap biziň günlerimize onuň işlän redaksiýasynda gelip ýetipdir.

Dermanlyk ösümlikler hakyndaky arap eseriniň bir sahypasy

Wahbanyň eserinde berilýän maglumatlary at-Tabari özüniň «Tefsirinde» we Ibn Haldun öz işlerinde ulanypdyrlar. Dogry, Ibn Haldun Wahbanyň gürrüň berýän ýemen rowaýatlarynyň taryhynyň hakykatdan daşdygyny belläpdir, ýöne, muňa garamazdan, ol öz taryhy-filosofik nazaryýetlerini beýan etmek üçin şol rowaýatlary ulanypdyr. Netijede, arap taryhnamasynyň ýaşaýşynyň bütin dowamynda bu rowaýatlar taryhy tankydyň kemala gelmegine we gadymy taryha düşünmäge päsgel berýän düşnüksiz bir zat bolup galypdyr. Şonuň üçin hem araplaryň gadymy taryhy bilen baglanyşykly bar bolan şeýle meseleler, araplarda taryhnama däpleriniň haçan ýüze çykandygyny anyklamakda bellibir kynçylyklary döredýär.

Ýemenden tapawutlylykda, demirgazykly araplaryň taryh ýazmak däplerinde durmuş hakykatynyň has aýdyň beýan edilendigini görmek bolýar. Bu ýerlerde her taýpanyň özüniň taryhy hekaýatlary bolupdyr. Bu ýerleriň taryhy hekaýatlarynda ähli taýpalar babatynda bitewi bir demirgazyk arap däpleri bolmadyk bolsa-da, olarda bu ýerleriň ilatynyň umumy kökleri hakyndaky garaýyşlary duýmak bolýar. Şeýle garaýyşlaryň yzlaryny bu ýerlerde gadymy döwürde dörän «taýpa aýýamlary» (taýpanyň günleri, ýagny «taýpanyň öten günleri» manysynda) şolaryň esasynda dörän «Aýýam al-arab» (Araplaryň [öten] günleri) eserini görkezmek bolar. «Aýýamlar» şygyr görnüşinde-de, kyssa görnüşinde-de bolupdyr. Bu eserleriň şygyr ýa-da kyssa görnüşinde bolmagy, üstesine-de, olarda beýan edilýän irki wakalaryň üstüne täzeleriniň hemişe goşulyp durmagy, «aýýamlaryň» dilden-dile, agyzdan-agza geçip, köp asyrlap ýaşamaklaryna sebäp bolupdyr. Şeýle görnüşdäki taýpa hekaýatlary, wakalarynyň birtaraplaýyn we has ulaldylyp beýan edilýändigine garamazdan, olarda durmuş hakykatynyň yzlary aýdyň görünýär. Netijede,

Demirgazyk Arabystanyň gadymy taryhnama däpleri, Yslam döräninden soňky döwrüň taryh ýazmak däplerine uly täsir edýär.

Arabystanyň hem-de Yslamyň taryhyny öwrenmekde musulmanlaryň mukaddes kitaby «Kurany Kerimiň», «Tefsiriň» (Kurany Kerimiň düşündirişi), «Sunnanyň»[1] (Sünnet) we «Hadysyň»[2] uly ähmiýeti bardyr. Şonuň üçin hem Arabystanyň we Yslam dünýäsiniň taryhyny öwrenýän alymlar atlary agzalan mukaddes kitaplara häli-şindi salgylanyp duryarlar.

Araplarda merkezleşdirilen döwletiň – Halyflygyň kemala gelmegi yslam hukugyny, aýratyn hem, onuň durmuş-ykdysady gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän maddalaryny işläp düzmekligi talap edipdir. Şunda musulman kanunçylary öz tejribelerini hem-de keseki tejribesini giňişleýin ulanypdyrlar. Hadyslary ýygnaýjylar we beýan edijiler[3] Muhammet pygamberiň garyndaşlary, egindeşleri we döwürdeşleri bolupdyrlar. Kuranyň tefsiriniň (beýan) we hadyslaryň öwrenilmeginiň esasynda, ylahyýet we hukuk (fykh) ýüze çykyp, olar musulman dini hukugy bolan şerigatyň iki pudagyny düzüpdirler. Şerigatyň esasy çeşmeleri bolup Kurany Kerim, Sunna we Adat hyzmat edipdir.

Köp hadyslar giçki döwürlerde-de öz ähmiýetini ýitirmändirler, sebäbi olar Halyflygyň durmuşynda bolup geçen sosial-ykdysady özgerişleri, şeýle hem hukuk we ykdysady garaýyşlarda bolup geçen ilerlemeleri beýan edipdirler.

Taryhy hekaýatlardan başga-da, demirgazykly arap taýpalarynda taýpa şejereleri hem bolupdyr. Şejereler rawylaryň we nassablaryň dilinden aýdylypdyr. Emma hijriniň II asyryndan (VIII asyr) başlap, rawylaryň we nassablaryň kesbi hasap edilen bu işe edebiýatçylar hem girişipdirler. Olar gadymdan miras galan nusgalary ýygnap we tertibe salyp, olary täze döwrüň talaplary esasynda beýan etmäge girişmek bilen, taryhnama ylmy üçin juda ähmiýetli işleri amala aşyrdylar. Bu işde asly yrakly ulama Abu Ubeýd (728–824) tapawutlanypdyr. Ol iki ýüz töweregi eseriň awtory hasap edilýär. Gynançly ýeri, olaryň

Himiýa ylmy hakyndaky arap eseriniň bir sahypasy

[1] Sunna (eýerilen ýörelgeler) – Muhammet pygamberiň mukaddes ýol-ýörelgeleriniň, edim-gylymlarynyň we maslahatlarynyň toplumy bolup, ol Hadyslara esaslanypdyr. Sünnet soňra Yslam hukugynyň (fykyh) esasy çeşmesi bolup hyzmat edýär.

[2] Hadys – bu, birinjiden, Muhammet pygamberiň aýdan sözleri, eden hereketleri we tassyklanlary, ikinji bir tarapdan bolsa, onuň pähimleriniň, edim-gylymlarynyň, wesýetleriniň we maslahatlarynyň ýygyndysydyr.

[3] Olary muhadisler diýip atlandyrypdyrlar.

biri hem saklanmandyr, ýöne onuň işlerinden bölekler giçki döwrüň eserlerinde öz beýanyny tapypdyr.

Abu Ubeýdiň eserleri demirgazyk arap hekaýatlarynyň uly toplumyny öz düzümine alyp, olarda aýry-aýry taýpalaryň, tireleriň we kowumlaryň taryhy ýörite bölümlerde beýan edilýär. Onuň işlerinde Yslamyň irki döwürleriniň, şol sanda araplaryň ýörişleriniň, döwrüň möhüm wakalary, uly söweşleri, ol ýa-da beýleki welaýatlaryňdyr ýurtlaryň eýelenilişi, şeýle hem Basranyň kazylary, harijiler we ulamalar (maula) baradaky hekaýatlar ýerleşdirilipdir. Abu Ubeýd soňra araplaryň taryhyny ýoýmak we şu'ubiýa ýykgyn etmek ýaly toslamalarda aýyplanylypdyr.

Hişam ibn Muhammet al-Kalbiniň (819-njy ýyllar töweregi aradan çykan) işiniň mazmuny hem edil Abu Ubeýdiň eserlerinňki bilen kybapdaşdyr. Döwründe ol hem köne garaýyşlara eýerýän taryhçylar tarapyndan nätakyklykda we arap taryhyny ýoýmakda aýyplanylypdyr. Abu Ubeýd öz kakasy Awana ibn Abu Mihnafyň (763-nji ýylda aradan çykan) ýygnan maglumatlaryny tertibe salypdyr we olaryň üstüne täzelerini goşupdyr. Hişamyň işi hem edil Abu Ubeýdiň eserlerindäki ýaly meseleleri gozgaýar, ýöne ol ýazuw çeşmelerinden al-Hira şäherine we nesilşalygyna (Yrak) degişli taryhy maglumatlary hem ulanypdyr. Şeýlelikde, al-Hiranyň buthana arhiwiniň we awtor üçin pars dilinden terjime edilen maglumatlaryna daýanylyp ýazylan şu eseriň esasynda arap taryhnamasynda uly öňegidişlik gazanylypdyr. Hişamyň işiniň biziň günlerimize giçki döwürleriň eserlerindäki bölekler görnüşinde gelip ýetendigine garamazdan, onuň berýän maglumatlarynyň hakykata laýyk gelýändigini häzirki zaman gündogarşynas alymlarynyň ylmy-barlag işleri tassyk edýär.

Araplarda merkezleşdirilen döwletiň döremegi we ilkinji taryhy eserleriň peýda bolmagy. Magaziler

Yslamdan soňky döwrüň taryhnamasynyň ilkinji gadamlary Muhammet pygamberiň ömür menzillerini we amal eden işlerini öwrenmek bilen baglanyşykly boldy. Muhammet pygamberiň ömür ýoluny öwrenmekde çeşme bolup, Onuň özi we harby ýörişleri (şu ýerden «magazi», ýagny «harby ýörişler» adalgasy gelip çykýar) hakyndaky hekaýatlar hyzmat etmelidi. Magaziler Hadys bilen hem berk baglanyşyklydyr. Bu işleriň başlangyjy Medine şäherinden gaýdýar we soňra VIII asyrda şu meseläni – magazileri öwrenmekde täze merkezler peýda boldy. Şeýlelikde, şu döwürden başlap arap taryhnamasy ylmylyga eýerýän has ygtybarly häsiýete eýe bolýar.

Abana ibn Osman (723-nji ýylda aradan çykan) we Urwa ibn ez-Zubaýr (711–713-nji ýyllar töweregi aradan çykan) ilkinji magazileri döreden awtorlardyr. Emma olaryň ne işleri, ne-de olardan bölekler biziň günlerimize gelip ýetmändir.

Arap taryhy eseriniň golýazmasynyň bir sahypasy

Harby ýörişler hakyndaky hekaýatlaryň ýygyndysyny döredenleriň hatarynda meşhur alym Muhammet ibn Muslim ibn Şihab az-Zuhri (741–742-nji ýyllar töweregi aradan çykan) mynasyp orun eýeleýär. Ol omeýýa halyfy Omar II-niň (718–720) ýa-da Hişam I-niň (724–743) tabşyrygy boýunça olaryň ýygnan hadyslaryny ýazyp alypdyr. Şol maglumatlar halyflaryň soňra weýran edilen hazynasynda saklanylypdyr. Az-Zuhryny dürli çeşmelerden ýygnanylyp alnan hekaýatlary bir bitewi esere jemläп birinji awtor hasap edýärler. Şeýle bolansoň ez-Zuhrynyň eseriniň esasynda soňra üç sany göçürme (kompilýasiýa) peýda bolýar. Şol göçürmeleriň ikisi we soňra özbaşdak döredilen magazileriň hem ikisi ýitipdir ýa-da olardan käbir bölekler giçki döwrüň işlerinde saklanyp galypdyr. Göçürmeleriň üçünjisi, ýagny Muhammet ibn Ishak ibn Ýasaryň (768-nji ýylda aradan çykan) meşhur «Sirat al-Enbiýa» (Pygamberleriň ömür beýany) eseri özünden öňküleriňkiden we döwürdeşleriniňkiden bellibir derejede tapawut edipdir. Sebäbi onuň işiniň maksady diňe bir Muhammet pygamberiň taryhyny däl, eýsem, pygamberçiligiň taryhyny beýan etmegi hem maksat edinipdir.

Eser başda üç bölümden durandyr diýlip çaklanylýar. Onuň «al-Mubtada'a» diýlip atlandyrylan birinji bölüminde dünýä ýaradylandan tä yslama çenli döwrüň taryhy beýan edilip, şunda Wahba ibn Munabbihiň maglumatlary we ýewreý çeşmeleri ulanylandyr diýlip çaklanylýar. Eseriň «al-Mab'as» diýlip atlandyrylýan ikinji bölüminde Muhammet pygamberiň hijriniň birinji ýylyna çenli ömür ýoly, «al-Magazi» atly üçünji bölüminde bolsa, Pygamberiň ölümine çenli wakalar yzarlanylýar. Bu eser hem nätakyk we galp hekaýatlaryň goşulandygy üçin berk tankytlanylypdyr, ýöne, barybir ol yslamdan öňki we irki yslam taryhyny öwrenmekde ygtybarly çeşme bolup galypdyr.

Lukmançylyk enjamlary (arap golýazmasynyň bir sahypasy)

Az-Zuhrynyň eseriniň birnäçe redaksiýasy saklanyp galypdyr, ýöne, gynançly ýeri, onuň giçki döwürde yrakly göçürijiler tarapyndan ulanylan nusgalary saklanmandyr, olaryň ornuny bolsa, müsürli göçüriji Abd al-Mälik ibn Hişam (823-nji ýylda aradan çykan) tarapyndan düzülen birnäçe ýoýlan nusgalar eýeläpdir.

Magazileriň biziň günlerimize asyl nusgasynda gelip ýeten ýeke-täk nusgasy Abu Abdallah Muhammet ibn Omar al-Wakydiniň (747–823) «Kitab al-magazi» eseridir. Eserde diňe bir Pygamberiň ýörişleri däl, eýsem, onda musulman taryhynyň soňraky wakalary barada-da ýazylypdyr. Wakydynyň eseriniň maglumatlarynyň agramly bölegi, onuň kätibi Muhammet ibn Sa'adyň (844–845-nji ýyllar töweregi aradan çykan) biografik sözlügi bolan «Kitab al-ansab» (Derejeler hakynda kitap) eserinde ulanylypdyr. Bu eser hem Pygamberiň, ashablaryň we tabi'unlaryň (sahabalaryň yzyna eýerijiler) ömür beýanlaryna bagyşlanypdyr. Şeýle biografik sözlügiň peýda bolmagynyň özi taryh ylmynyň ösüşinde uly öňegidişlikdi, şol bir wagtyň özünde-de onuň entekler hem hadys ylmy bilen ýakyn arabaglanyşygynyň saklanyp galýandygyny görkezýärdi.

Ibn Sa'adyň eserinde hezreti Pygamberiň hökümleri we hatlary bilen üsti ýetirilipdir, munuň üçin ol al-Wakydynyň göreldesi bilen elýeterli ýazuw resminamalaryň hem ähli sini ulanypdyr. Ibn Sa'ad eserinde Pygamberiň endikleri we häsiýeti (sifat ahlak en-Nebi), onuň «pygamberçilik wezipesiniň alamatlary» (alamat an-Nubuwa) barada gürrüň berilýän ýörite bölümleri girizipdir. Munuň özi giçki döwrüň «şama'il» (sypatlar, häsiýetler) we «dala'il» (deliller) hakyndaky edebiýat üçin nusga bolup hyzmat edipdir.

Abul Hasan Aly ibn Muhammet al-Medaininiň «Kitab al-magazi» we «Tarih al-hulafa» (Halyflaryň taryhy) işleri hem gürrüňi edilýän eserler bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Gynançly ýeri, onuň kitaplary biziň günlerimize gelip ýetmändir, ýöne bu işlerden bölekler giçki döwrüň taryhçylarynyň işlerinde ýerleşdirilipdir. Şeýlelikde, Hadysyň esasynda kemala gelen taryh ylmy, edebiýatçylar tarapyndan toplanylan taryhy maglumatlar bilen baýlaşdyrylypdyr.

Arap halyflygynyň irki döwrüne degişli taryhy eserler diňe Yrakda ýazylypdyr: ne Siriýada, ne-de Arabystanda ýa-da Müsürde hijriniň başky iki asyrynda taryhçylar tarapyndan şeýle işleriň ýazylandygy ýüze çykarylmandyr. IX asyryň birinji çärýeginde gündelik durmuşa kagyzyň ornaşmagy we 794–795-nji ýyllar töweregi Bagdatda ilkinji kagyz kärhanasynyň döredilmegi bilen taryhy edebiýatyň ösüşinde täze döwür başlanýar. Biziň günlerimize gelip ýeten ýazuw ýadygärlikleriniň iň irki redaksiýalary hem hut şu döwre gabat gelýär. Şol döwürden başlap taryhnama däplerinde täze bir ugur ýa-da usul bolan ählumumy taryh mazmunly işler peýda bolýar. Oňa Ibn Kuteýbanyň (889-njy ýylda aradan çykan) «Bellikler kitaby» (Kitab al-ma'arif), Abu Bekr Ahmet ibn Ýahýa ibn Jabir al-Belazuriniň (892-nji ýylda aradan çykan) «Kitab futuh al-buldan» (Ýurtlaryň basylyp alnyşynyň kitaby), Ahmet ibn Wadih al-Ýakubiniň (892-nji ýylda aradan çykan) «Taryh», Abu Hanifa ad-Dinaweriniň (takmynan, 895-nji ýylda aradan çykan) «Kitab al-ahbar at-tiwal» (Uzak hekaýatlaryň kitaby), at-Tabariniň (833–923) «Tarih ar-Rusul wa al-muluk» (Pygamberleriň we patyşalaryň taryhy), al-Mas'udiniň (956-njy ýyl töweregi aradan çykan) we Hamza al-Isfaganiniň (970-nji ýyl töweregi aradan çykan) eserleri anyk mysal bolup biler.

Algebra ylmy barada golýazma eseri

Al-Belazuri Ibn Sa'addan hem, al-Mada'iniden (830–849-njy ýyllar töweregi aradan çykan) hem öwrenipdir. Emma, eýýäm bellenilip geçilişi ýaly, taryhy eserleriň esasy ýazylyş usuly ählumumy taryh görnüşinde bolupdyr. Şunda ol musulman ýurtlarynyň taryhy bilen bir hatarda, dünýäniň Hudaýtagala tarapyndan ýaradylmasyndan başlaýan taryhyny beýan etmäge-de ýykgyn edilipdir. Bu döwürde siriýa terjimesindäki ýahudy-hristian we grek çeşmelerine, şeýle hem parslaryň «Hudaýnamasyna», siriýa eseri bolan «Hazynalar gowagy» (Me'arat gazze) kitabyna bolan gyzyklanmalar hem artýar. Bu bolsa arap taryhnamasynyň has-da baýlaşmagyna oňyn täsir edýär.

IX asyrdan başlap arap ülkelerinde welaýat taryhçylary ýerli ýyl ýazgylaryny ýygnap başlaýarlar. Al-Azrakiniň «sirat» žanryna degişli «Mekgäniň taryhy» eserini hasap etmeseň, onda arap welaýatlarynyň taryhy barada iň irki işleriň biri Abd ar-Rahman ibn Abdallah ibn al-Hakamyň (871-nji ýylda aradan çykan) «Müsüriň taryhy we Günbatardaky basybalyşlar» eseridir. Eserde arap goşunlarynyň günbatarda (Magrib) alyp baran basybalyşlary hakynda gürrüň berilýär. Onda ýewreý dilindäki Müsürde saklanylýan çeşmeleri we arap hekaýatlary giňişleýin ulanylypdyr.

Ygtybarly ýazuw çeşmeleriniň we arap hekaýatlarynyň esasynda ýazylan işleriň hatarynda Abd al-Mälik ibn Habibiň musulman Ispaniýasynyň (al-Andalus) taryhy beýan edilýän işini we al-Hamdanininiň (945–946-njy ýyllar töwregi aradan çykan) Günorta Arabystanyň gadymyýeti beýan edilýän ensiklopediýasyny görkezmek bolar. Emma arap welaýatlary hakynda ýazylan işleriň arasynda Ibn Abu Tahyr Teýfuryň (893-nji ýylda aradan çykan) «Bagdadyň taryhy» özüniň ylmy taýdan ähmiýetliligi bilen tapawutlanýar. Şu döwürlerde arap şäherleriniň birnäçesiniň taryhy ýazylypdyr, ýöne olardan «Bagdadyň taryhyndan» galanlary saklanmandyr.

X asyryň ikinji ýarymyndan başlap umumy we welaýat taryhlarynyň arasyndaky tapawut ýuwaş-ýuwaşdan ýitip ugraýar. Indiden beýläk ýyl ýazgylary taryhy eserleriň esasy görnüşine öwrülýär. Özi hem şeýle eserleriň awtorlarynyň aglabasy döwlet edarasynda işleýän emeldarlar bolupdyrlar. Ibn Miskaweýhiň (1030-njy ýylda aradan çykan), Hilal as-Sabiniň (1056-njy ýylda aradan çykan), şeýle hem Müsüriň we Ispaniýanyň taryhlaryny ýazan Ubaýdallah ibn Ahmet al-Musabbihiniň (1029-njy ýylda aradan çykan) we Ibn Haýýan al-Kurtubiniň (Kordowaly, 1076-njy ýylda aradan çykan) işleri şeýle mazmundaky ýyl ýazgylarydyr.

Arap çeşmeşynaslygynda biografik häsiýetdäki işler hem az däldir. Biografik häsiýetdäki eserlerde meşhur ulamalaryň, kanunçylaryň, muhadyslaryň ömür-beýanlary berlipdir. Şolardan biziň günlerimize gelip ýeten iň irkilerinden omeýýa halyfy Omar ibn Abd al-Aziziň (718–720) ömür ýoluna bagyşlanan işi görkezmek bolar. Bu iş ýokarda ady agzalan Ibn Abd al-Hakamyň inisi tarapyndan ýazylypdyr. Abu Nu'aýma al-Isfaganynyň (1038-nji ýylda aradan çykan) «Hilýat al-auliýa» kitaby, al-Hatib al-Bagdadynyň (1071-nji ýylda aradan çykan) 14 tomdan ybarat bolan eseri hem şu žanra degişli bolup, onda meşhur din wekilleriniň ömür ýollary yzarlanylýar. Bu işleriň köp böleginiň ýitendigine garamazdan, ibn Asakiriň (1176) «Damaskyň taryhy» işi, şeýle hem ibn al-Faradiniň, ibn Başkuwalyň, ibn al-Abbaryň andalusiýaly ulamalaryň ömür ýollaryna bagyşlanan işleri we birnäçe biografik häsiýetdäki gysga sözlükler ýitip ýok bolup gitmändirler.

Biografik-terjimehal häsiýetdäki taryhy eserler

Arap çeşmeşynaslygynda meşhur dilçiler, şahyrlar we edebiýatçylar hakynda-da köpsanly eserler bolupdyr. Ibn Kutaýbanyň we as-Salibiniň şahyrlar we edebiýatçylar hakyndaky eserleri bellenilmäge mynasypdyr. Edil şeýle mazmundaky işler lukmanlara we älemşynaslara-da bagyşlanypdyr. Muňa Abul Faraj al-Isfaganiniň (967-nji ýylda aradan çykan) «Kitab al-agani» eserini görkezmek bolar. Ýöne terjimehal häsiýetdäki taryhy edebiýatyň ösüp gitmändigi zerarly, biziň günlerimize şeýle mazmundaky diňe iki sany eser gelip ýetipdir, olaryň biri al-Muaýýad ad-Diniň (1087-nji ýylda aradan çykan), beýlekisi bolsa Usama ibn Mürşid ibn Munkiziň (1188-nji ýylda aradan çykan) işleridir.

Biografik häsiýetdäki işleriň özüniň häsiýetli aýratynlyklary bardyr. Olarda ömür ýoly beýan edilýän şahsyýetiň durmuş ýolundaky esasy seneler, aýratyn hem, onuň aradan çykan senesi juda dykgat bilen bellenilýär. Terjimehalda eger gürrüňi edilýän alym bolsa, işleriniň sanawy, eger ol şahyr bolsa, onda şygyrlaryndan setirler getirilýär.

Taryhy we biografik eserleriň özara baglanyşmagy biografik hronikalaryň – ýyl ýazgylarynyň döremegine getirdi. Şeýle žanrda ýazylan eserleriň hatarynda Muhammet ibn Abdus al-Jahşiýariniň (942/43-nji ýylda aradan çykan), Hilal as-Sabiniň (1056-njy ýylda aradan çykan), Aly ibn Munjib as-Saýrafiniň (1147/48-nji ýylda aradan çykan) müsürli fatimi halyflarynyň wezirleri hakynda ýazylan adybir «Wezirleriň taryhy» işlerini görkezmek bolar. Fatimi we Kordowa halyflarynyň kazylary barada ýazylan işler hem bardyr. Olardan Müsüriň kazylary barada iň irki işleriň birini Muhammet ibn Ýusup al-Kindi (961-nji ýylda aradan çykan) we Kor-

Lukmançylyk hakyndaky arapça eseriň bir sahypasy

dowaly kazylaryň taryhyny bolsa Muhammet ibn Haris al-Huşani (970/71-nji ýylda aradan çykan) ýazypdyr. Abbasylar nesilşalygy barada asly oguzlardan-türkmenlerden bolan as-Sulynyň (946-njy ýylda aradan çykan) «Kitab al-aurak» eseri hem syýasy we edebi terjimehallaryň özboluşly baglanyşmasy bolup duryar. Taryhyň şeýle usulda beýan edilmegi tä XI–XII asyrlara çenli dowam edýär. Emma Abbasylar halyflygynyň gündogarynda täze syýasy birleşmeleriň (buidler, gaznalylar, seljuklar, horezmşalar we başgalar) emele gelmegi, taryhy ýazmakda şeýle usulyň ýatyp galmagyna sebäp bolýar. Indi taryhy eserler özbaşdak däl-de, ýörite buýurmalar esasynda ýazylyp başlaýar, bu bolsa taryhy eserlerde şahsyýetleriň ornunyň mahabatlandyrylyp görkezilmegine getirýär we ol täze döwrüň eserleriniň mazmunyna ýaramaz täsir edýär. Taryh ýazmak däplerinde bolup geçen bu üýtgeşmäni käbir gündogarşynas alymlar musulman dunýäsiniň köp ýerlerinde (Eýranda, Hindistanda, Owganystanda, Orta Aziýada, Kiçi Aziýada) pars diliniň döwlet durmuşynda köpçülikleýin ornaşyp başlamagy bilen hem düşündirýärler.

XIII asyryň birinji ýarymynda arap çeşmeşynaslygy biografik häsiýetdäki ýygyndylary döretmekde öz ösüşiniň çür depesine çykdy. Bu döwürde arap edebiýatynyň alty asyrlyk taryhy Ýakut ar-Rumynyň (1229-njy ýylda aradan çykan) «Irşad al-arib» eserinde beýan edildi. Tebigat we lukmançylyk ylymlary boýunça irki musulman alymlarynyň amala aşyran işleri müsürli Ibn al-Kiftiniň (1248--nji ýylda aradan çykan) we damaskly ibn Abu Usaýbi'iniň (1270-nji ýylda aradan çykan) ensiklopedik sözlüklerinde şöhlelendirildi.

Sebitler boýunça biografik häsiýetdäki işler Kemaleddin ibn al-Adimiň (1262--nji ýylda aradan çykan) Halabyň taryhy we ibn al-Hatibiň Granadanyň (Ispaniýa) taryhy bilen baglanyşykly eserlerinde dowam etdirildi. Şol döwürlerde kanunçylaryň we beýleki hünärdäki adamlaryň tabakaty (derejeleri) we gadymyýet hakynda ýazylan işler hem boldy. Olara mysal edip, taryhçy ibn al-Asiriň «Usd al-gaba» (Ashablaryň sözlügi) eserini görkezmek bolar.

Şeýle mazmundaky işler bilen bir hatarda, aýratyn hem, Siriýada uly göwrümli biografik sözlükler ýazyldy. Olaryň ikinjisi ibn Hallikan (1282-nji ýylda aradan

çykan) tarapyndan döredilip, ol ygtybarly maglumatlara esaslanandygy üçin, uly ylmy ähmiýete eýedir. Bu işiň goşmaçasy hökmünde ibn Şakir al-Kutubi tarapyndan üsti ýetirilendigine garamazdan, ibn Hallikanyň eseri maglumatlarynyň gerimi we möçberiniň juda uludygy bilen ähli eserlerden diýen ýaly tapawut edýär. Dogry, XIV asyryň siriýaly belli türkmen taryhçysy Halil ibn Aýbeg as-Safadi (1363-nji ýylda aradan çykan) tarapyndan göwrümi boýunça ibn Hallikanyň eserinden pes bolmadyk ensiklopedik sözlük döredilýär. Halil ibn Aýbeg as-Safadiniň eseriniň möçberiniň juda uly bolmagy, ony çap etmekde häzirki döwürde-de uly kynçylyklar döredýär. Halil ibn Aýbeg as-Safadiniň sözlüginiň üstüni, soňra beýleki bir türkmen taryhçysy Abul Mahasin ibn Taňryberdi özüniň «al-Munhal es-safi» eseri arkaly doldurýar.

Biografik häsiýetdäki işler az-Zehebi (1274–1348), al-Barzali (1339-njy ýylda aradan çykan), ibn Hajar al-Askalani (1449-njy ýylda aradan çykan) we as-Sahawi (1497-nji ýylda aradan çykan) ýaly alymlar tarapyndan hem döredildi. Olardan al-Askalaniniň «Durar al-kamina» we as-Sahawiniň «ad-Dau'al-lami» eserleri aýratyn ähmiýetlidir.

Arap we pars taryhnamalarynyň arasyndaky esasy tapawutlaryň biri, pars dilinde taryhy terjimehal žanrynda aýratyn eserleriň ýazylmanlygyndadyr. Ýöne pars diliniň ýaýran sebitlerinde döredilen taryhy eserlerde meşhur şahsyýetleriň ömür ýollaryna bagyşlanan ýörite bölümler bolupdyr. Emma, ozal bellenilişi ýaly, dolulygyna şu meselä bagyşlanan aýratyn eserler ýek-tük bolupdyr. Olaryň hatarynda Tawakkul ibn Bazzazyň Sefieddin şyhyň ömür ýoluna bagyşlan eserini, şeýle hem «hyrat mekdebiniň» taryhçylary Seýfeddin Fadliniň 1478-nji ýylda ýazylan «Asar al-wuzara» (Wezirler hakynda eser) we Hondemiriň 1509-njy ýylda ýazylan «Dastur al-wuzara» işlerini görkezmek bolar.

Arap halyflygynyň taryhy boýunça durmuş-ykdysady meselelere bagyşlanan işler

Halyflygyň taryhy boýunça biziň günlerimize gelip ýeten irki çeşmeleriň biri Abu Ýusufyň (798-nji ýylda aradan çykan) «Kitab al-haraj» (Hyraç salgydy hakynda kitap) eseridir. Gündogarşynas alymlar Abu Ýusufyň eseri bilen XX asyryň başlarynda gyzyklanyp ugraýarlar. Sebäbi alymlaryň elinde şu temadan iş ýazan beýleki bir arap awtory al-Mawardiniň (1058-nji ýylda aradan çykan) «Al-ahkam as-Sultaniýe» (Dolandyryşyň ýörelgeleri) eseri bardy. Al-Mawardiniň eserinde dolandyryş ulgamynyň meseleleri bilen bir hatarda ýer eýeçiligi we salgyt ulgamy bilen baglanyşykly meseleler hem gozgalansoň, Abu Ýusufyň işi köp wagtlap ünsden düşürilipdir.



Küşt oýnuna bagyşlanan eseriň bir sahypasy

Abu Ýusufyň eserinde, esasan, durmuş-ykdysady meseleler bilen baglanyşykly maglumatlary getirilýär, şonuň üçin hem ol aýratyn uly ähmiýete eýedir. Onuň işde berýän maglumatlary arap jemgyýetiniň ösüşiniň bellibir döwürdäki netijeleriniň özboluşly jemlemesidir. Hyraç hakynda kitap ýazan orta asyr awtorlary ýaly, Abu Ýusuf hem öz işini amaly maksat bilen, ýagny salgyt edarasynyň işgärleri üçin niýetläp ýazypdyr. Şonuň üçin hem kitabyň amaly maksadynyň bolmagy, bu eseri ygtybarly çeşmä öwürýär.

Abu Ýusuf bu işi ýazmak bilen halyflygyň jemgyýetçilik-syýasy, esasan hem, ykdysady durmuşynda bolup geçen ilerlemelerden ugur alypdyr. Eger-de halyflygyň başky döwürlerinde salgytlar döwlet tarapyndan ýörite kesgitlenilen mukdarda ýygnanylyp, salgyt töleýäniň baýlygyna, garyplygyna garamazdan, hemmelerden deň mukdarda hüşür, hyraç ýygnalan bolsa, soňra halyflygyň ägirt uly döwlete öwrülmegi bilen, salgytlar indi her kimiň gazanjyna, öndüren önüminiň mukdaryna görä alnyp başlanýar. Döwletiň salgyt ulgamynda bolup geçen şeýle özgerişler Abu Ýusufyň eserinde öz mynasyp ornuny tapypdyr.

Ýahýa ibn Adamyň (818-nji ýylda aradan çykan) «Kitab al-haraj» eseri hem edil Abu Ýusufyň işi ýaly halyflygyň ykdysady durmuşyna bagyşlanypdyr. Gündogarşynas Berşemiň ýazyşy ýaly, bu eser Ýahýa ibn Adamyň özbaşdak döredijiliginiň netijesi däl-de, halyflygyň irki döwrüniň durmuş-ykdysady meseleleri boýunça Hadys ýygyndylarydyr.

Ýahýa ibn Adamyň öz kitabynda getirýän maglumatlary halyflygy dolandyran omeýýalaryň hökümdarlygynyň ahyrlarynda, abbasylaryň bolsa başky döwürlerinde ýaşap geçen adamlaryň dilinden ýazylyp alnan maglumatlardyr. Ýahýa ibn Adam şol adamlaryň atlaryny hem sanap geçýär: al-Hasan ibn Salyh (783-nji ýylda aradan çykan), Şarik ibn Abdallah (803-nji ýylda aradan çykan), Sufýan ibn Seýit (777-nji ýylda aradan çykan) we başgalar. Atlary sanalyp geçilen şahslar Ýahýa ibn Adamyň halypalary, öz döwrüniň meşhur hukukçylary bolupdyr. Al-Mawardiniň ýaşan döwri çylşyrymly syýasy wakalaryň bolan döwrüne gabat gelýär. Ilki halyflykda häkimiýeti ele alan buidler bilen gaznalylaryň, sonra bolsa gaznalylar bilen seljuklaryň arasynda ýiti häsiýetdäki syýasy göreşler bolup geçýär. 1053-nji ýylda Bagdady müsürli fatimiler hem eýeleýärler, ýöne olary kowup çykarmak sel-

juklaryň baştutany Togrul bege başardýar. Al-Mawardiniň özi syýasy garaýşy boýunça merkezleşdirilen berk syýasy häkimiýetiň, gulluk borjy boýunça bolsa abbasy halyflary al-Kadyryň (991–1031) we al-Kaimiň (1031–1075) tarapdary bolupdyr. Şonuň üçin hem ol halyflaryň merkezleşdirmäge gönükdirilen syýasatlaryny ikelläp goldapdyr.



Haỳwanat dünỳäsi barada ỳazylan eseriň bir sahypasy

Al-Mawardiniň «Al-ahkam as-Sultaniýe» eseri musulman hukuk edebiýatynyň iň ähmiýetlileriniň biridir. Awtoryň durmuş-ykdysady garaýyşlary, irki musulman kanunçylaryň garaýyşlary bilen köp babatda çapraz gelýär. Al-Mawardiniň özüniň şafileriň hukuk mekdebine degişli bolandygyna garamazdan, onuň garaýyşlary bu mekdebiň yzyna eýerijileriňki bilen hem gabat gelmeýär. Bu ýagdaýy gündogarşynas alymlar, şafileriň hukuk mekdebiniň dörän wagtyndan al-Mawardiniň ýaşan döwrüne çenli köp wagtyň geçendigi bilen düşündirýärler. Munuň hakykata golaý bolmagy mümkindir, sebäbi al-Mawardi şafiler hukuk mekdebiniň düýbüni tutujylaryň garaýyşlaryny ep-esli kämilleşdiripdir, köp ýerlerini bolsa üýtgedipdir.

X asyryň belli alymlaryndan Abul Faraj Kudama ibn al-Bagdadynyň 928-nji ýylda döreden «Kitab al-haraj» (Hyraç [salgydynyň] kitaby) eseri durmuş-ykdysady meselelere bagyşlanan gymmatly ylmy işdir. Biz ol barada Eýranyň taryhyna degişli çeşmeler hakynda gürrüň edenimizde belläp geçipdik.

Abbasy halyflygynyň durmuş-ykdysady gurluşy baradaky käbir maglumatlar ibn Miskaweýhiň (Mişkuýe, 1030-njy ýylda aradan çykan) «Kitap tajarib al-umam» (Halklaryň tejribesiniň kitaby) kitabynda hem berilýär. Ibn Miskaweýh döwlet işgäri bolandygy üçin, arhiwlere girmäge ygtyýary bolan seýrek taryhçylaryň biri bolupdyr. Şonuň üçin hem onuň işinde berilýän maglumatlar aýratyn ygtybarlydyr.

Ibn Miskaweýhiň işi bilen baglanyşýan we onuň üstüni ýetirýän iki sany eser bardyr. Olaryň biri taryhçy hem wezir Zahir ed-Din ar-Ruzrawariniň «Zeýl kitab tajarib al-umam» (Halklaryň tejribesi kitabyna goşmaça) atly kitabydyr, beýlekisi bolsa, taryhçy hem emeldar Hilal ibn al-Muhassin es-Sabiniň (1056-njy ýylda aradan çykan) biziň günlerimize käbir bölekleri gelip ýeten ady näbelli eseridir.

X–XI asyrlarda Abbasy halyflygynyň gowşamagy we onuň arap dilli edebiýatyň ösüşine ýetiren täsiri

Ibn Hallikan

X asyrdan başlap Abbasy halyflygynyň gündogarynda pars dili köpçülikleýin ýaýrasa-da, arap dilinde taryh ýazmak däpleri entekler barybir ýaşamagyny dowam etdirýärdi. Arap diliniň hristiançylygyň gündogardaky jemagatlarynyň (Siriýa, Palestina, Yrak) arasyna köpçülikleýin ýaýramagy netijesinde, hristian buthanalarynyň taryhy hakynda ýazylan işlerde Wizantiýanyň taryhy bilen bir hatarda, araplaryň taryhy hem bellibir derejede beýan edilipdir. Şeýle işleriň arasynda patriarh Ýewtihiniň we ýakowit ýepiskopy ibn al-Mukaffanyň eserleri aýratyn tapawutlanýar. Bu döwürde Müsürdäki we Günbatar Aziýadaky hristian ybadathanalarynyň taryhy barada musulman awtory bolan Aly ibn Muhammet aş-Şabuştiniň (998-nji ýyllar töweregi aradan çykan) eseri hem peýda bolýar.

XII asyrda arap we pars taryhnamalary biri-birinden has daşlaşýarlar. Mongol basybalyşlarynyň netijesinde bolsa, arap diliniň parsy we türki medeniýetleriniň ýaýran ýerlerinde pars dili tarapyndan doly gysylyp çykarylmagyna getirýär. Ýöne, öňde bellenilip geçilişi ýaly, arap dilindäki eserleriň sany hem ilki Yrakda, soňra Siriýada, has soňra bolsa Müsürde artypdyr. Soňy bilen Müsür arap diliniň rowaç alan esasy merkezine öwrülýär.

Bu döwürde ählumumy taryh görnüşindäki ýyl ýazgylaryny ýazmaga bolan gyzyklanmalar gaýtadan güýçlenýär. Şunda awtorlar syýasy we biografik häsiýetdäki ýyl ýazgylaryny birleşdirmäge jan edipdirler. Taryhy beýan etmekde şeýle çemeleşmä ibn al-Kalanisiniň (1160-njy ýylda aradan çykan) «Damaskyň ýyl ýazgysy» eserinde, şeýle hem ibn al-Jauziniň, az-Zehebiň, ibn Dukmagyň we başgalaryň işlerinde görmek bolýar.

Arap taryhnamasynyň ösüşine Izzeddin Muhammet ibn al-Asiriň (1234-nji ýylda aradan çykan) «Kämil taryh» eseri uly itergi berýär. Çünki şondan soňky arap dilli awtorlaryň aglabasy onuň eserini we taryh ýazmak usulyny nusga edip alýarlar. Munuň özi köpsanly komplýatiw (göçürme) häsiýetdäki işleriň döremegine getirýär. Müsürli we siriýaly taryhçylar ibn Wasil, Sibt ibn al-Jauzi, Bar Ebreý, Abul Fida, Beýbars al-Mansuri, ibn Kesir, al-Ýafi we başgalar ibn al-Asirden görelde alypdyrlar.

Gürrüňi edilen awtorlardan tapawutlylykda, müsürli taryhçy-ensiklopediýaçy Sihabeddin an-Nwaýriniň (1332-nji ýylda aradan çykan) we ibn al-Furatyň (1405-nji ýylda aradan çykan) ýyl ýazgylary özbaşdak ýerine ýetirilen işler hasap edilýär.



Ylym we tehnika barada awtory näbelli eseriň bir sahypasy

Emma arap dilli hristian awtory Jirjis al-Makin (1273-nji ýylda aradan çykan) Ýewtihiden nusga alypdyr.

Çeşmeşynaslyk taýdan arap dilinde Magribde we Ispaniýada ýazylan işler has ähmiýetlidir. Bu ýerleriň awtorlary musulman dünýäsiniň gündogaryndaky öz döwürdeşlerinden tapawutlylykda, geçmişi has giň hem-de çuňňur garaýyşlar esasynda beýan etmäge ýykgyn edipdirler. Şeýle awtorlaryň hatarynda köpsanly taryhy eserleri döreden ibn Saýid al-Magribini (1274-nji ýylda aradan çykan) görkezmek bolar. Ol syýahatçy hökmünde musulman dünýäsiniň köp ýerlerine aýlanypdyr we hatda özüni Hulagu han ýaly ýowuz hökümdaryň kabul etmegini hem gazanmagy başarypdyr. Onuň işlerinden käbir böleklerіniň saklanyp galandygyna garamazdan, olaryň irki döwürleriň köpsanly we anyk taryhy eserlerine esaslanandyklaryny görmek bolýar.

XII–XIII asyrlarda Siriýada we Müsürde Zeňňileriň we Eýýubileriň hökümdarlyk etmegi arap dilli taryhnamanyň ösüşine uly itergi berýär. Zeňňiler we eýýubiler taryhçylara howandarlyk edipdirler, bu bolsa ylmyň şu ugrunyň ösmegine uly täsir edýär. Şu döwrüň taryhçylarynyň hatarynda Imadeddin al-Isfaganini (1201-nji ýylda aradan çykan) görkezmek bolar. Emma Bahauddin ibn Şaddadyň (1234-nji ýylda aradan çykan) we Abu Şamyň (1276-njy ýylda aradan çykan) işleri ähmiýeti boýunça al-Isfaganiniň eserinden has ýokarda durýar.

Kähalatlarda taryhy sene ýazgylary hem peýda bolupdyr. Muňa mysal edip müsürli kätip ibn Abd az-Zahiriň (1293-nji ýylda aradan çykan) goşgy setirleri bilen soltan Beýbarsa bagyşlap ýazan eserini, Bedreddin ibn Habibiň (1377-nji ýylda aradan çykan) ýa-da damaskly ibn Arabşahyň (1450-nji ýylda aradan çykan) Teýmirleňe bagyşlap ýazan eserini görkezmek bolar. Bu döwürde ýemenli taryhçy Imadeddin Idris ibn al-Hasan (1467-nji ýylda aradan çykan) Müsürde höküm süren fatimiler nesilşalygynyň taryhy barada «Uýun al-ahbar» eserini döredýär.

Meşhur arap taryhçysy Ibn Haldunyň (1332–1406) ylmy garaýyşlary diňe bir arap taryh ylmynyň ösüşine däl, eýsem, dünýä taryh ylmynyň ösüşine-de ägirt uly täsir edipdir. Ol «Üçleme» diýlip atlandyrylan eserleriň («Mukaddime» («Giriş»), «Kitab al-Iber» («Jahan taryhy»), «at-Tarif» («Taryp») atly eserleriň awtorydyr.

Ibn Haldunyň «Mukaddime» atly eseriniň mazmunyny iki jähetden beýan edip bolar. Olardan birinjisi, taryhyň usulyýeti ýa-da filosofiýasydyr, ikinjisi bolsa, eserde berilýän dürli mazmundaky taryhy maglumatlarydyr. Ibn Haldun taryh ylmyna we onuň meselelerine aýratyn uly üns berýär. Ol «Mukaddimede» «Taryh – bu maksady hem-de wezipesi juda ähmiýetli bolan ylymdyr» diýip ýazýar. Ibn Haldunyň pikiriçe, taryh ylmynyň meseleleri öňi bilen geçmişde bellibir asyrda ýa-da jemgyýetde bolup geçen içki hem-de daşky taryhy wakalardyr. Ibn Haldun taryhy filosofiýanyň bir ugry hökmünde häsiýetlendirýär.

Taryhyň usulyýeti ýa-da filosofiýasy hakynda gürrüň gozgamak bilen, Ibn Haldun taryhyň içki meselelerini öwrenmäge we akyl ýetirmäge ünsi çekýär. Şunda ol jemgyýetçilik durmuşynyň içki ýagdaýyny görkezýän gatnaşyklary, durmuş toparlary, döwletiň we jemgyýetiň dolandyrylyşy, ykdysady ösüşiň ýagdaýy, ol ýa-da beýleki wakanyň, hadysanyň bolup geçmeginiň sebäpleri ýaly ençeme meseleleri gozgaýar. Ol taryh hakynda gürrüň edende taryhy hadysanyň we wakanyň içki sebäplerini, bar bolan zatlaryň aslyny derňemek, hakykata akyl ýetirmek, sebäbini düşündirmek, beýan etmek, wakalaryň nähili we näme üçin bolup geçendigini ylmy taýdan esaslandyrmak hakyndaky garaýyşlary öňe sürýär. Şu nukdaýnazardan hem ol taryh ylmyny filosofiýanyň bir ugry hasaplaýar.

Ibn al Asir

Ibn Haldun sosial ylymlaryna, şol sanda taryh ylmyna hem örän möhüm nazaryýetleri, adalgalary girizen alymdyr. Onuň taryhy-filosofik nazaryýetiniň esaslaryny bolsa çarwaçylyk, oturymlylyk, häkimiýetlik ýaly adamzat jemgyýetine mahsus düşünjeler düzýär. Ibn Haldun «Mukaddimede» türkmenleriň paýtagt şäheri Bursa hakynda şeýle diýýär: «Bu taýy biziň döwrümizde türkmenleriň ýeri diýip çak edýärin. Osman ogullarynyň mülki bu ýerde ýerleşýändir, Bursa bolsa olaryň merkezidir. Ir wagtlar bu ýerler rumlulara (Rim) degişlidi. Bu ýerde rumlulary ýeňen milletler

ýaşady, ahyrynda bolsa ol türkmenleriň eline geçdi. Biziň döwrümizde bu ýer indi türkmenleriň elinde, soltanlary bolsa ibn Osmandyr».

Ibn Haldunyň «Mukaddime» (Giriş) atly we beýleki eserleri türkmen halkynyň baý hem-de şöhratly taryhyny öwrenmäge mümkinçilik berýän ähmiýetli maglumatlary özünde jemleýär. Ibn Haldunyň bu eserleri taryh ylmynyň usuly we nazary esaslaryny goýmak bilen birlikde, orta asyrlarda türkmenleriň sosial-ykdysady, syýasy we medeni durmuşy barada gürrüň berýän ajaýyp eserleriň hataryndadyr.

Siriýada we Müsürde mamlýuklaryň hökümdarlyk eden döwründe taryh ylmy has hem ösýär. Damask we Halap şäherleri ylmyň we medeniýetiň merkezleri bolmak bilen, Kairiň taryh ýazmak däplerini dowam etdiripdirler. Kairiň özünde-de mamlýuklaryň hökümdarlygynyň soňky asyrynda köpsanly taryhy eserler döreýär. Olaryň hatarynda Takieddin al-Makriziniň (1442-nji ýylda aradan çykan), al-Aýniniň (1451-nji ýylda aradan çykan), al-Makriziniň okuwçysy türkmen taryhçysy Abul Mahasin ibn Taňryberdiniň (arap ýoýulmasynda ibn Tagri Birdi, 1469-njy ýylda aradan çykan), Aly ibn Daud al-Jauhariniň (1494-nji ýylda aradan çykan), Şemseddin as-Sahawiniň (1497-nji ýylda aradan çykan), Jelaleddin as-Suýutynyň (1505-nji ýylda aradan çykan), ibn Iýasyň (1524-nji ýylda aradan çykan) we Ahmet ibn Zunbulyň eserlerini görkezmek bolar. Bu awtorlaryň arasynda al-Makriziniň işleri aýratyn uly ähmiýete eýedir.



Ylym we tehnika barada awtory näbelli eseriň bir sahypasy

Ýemenli taryhçylar ibn Wahhas al-Hazrajyň (1409-njy ýylda aradan çykan) we ibn ed-Daýbanyň (1537-nji ýylda aradan çykan) eserleri hem mazmun taýdan köp babatda müsürli taryhçylaryň işlerine meňzeşdir. Edil şeýle zatlary Magribiň we Ispaniýanyň taryhy barada ýazylan işler hakynda-da aýtsa bolar. Bu sebitleriň taryhçylarynyň hatarynda Abd al-Wahid al-Marrakuşini (XIII asyr), ibn Abu Zary (XIV asyr), granadaly wezir Lisan ed-Din al-Hatibini (1374-nji ýylda aradan çykan) we ibn Izarini (XIV asyr) görkezmek bolar.

Arap taryhnamasy Türkiýäniň özünde, şeýle hem Merkezi we Günbatar Afrikanyň giçki döwürde yslam dininiň köpçülikleýin ýaýran sebitlerinde gülläp ösüpdir, bu ýerlerde arap dilinde ajaýyp eserler döredilipdir. Türkiýäniň özünde döredilen arap dilli çeşmeler hakynda, bu ýurduň çeşmeşynaslygy beýan edilýän degişli bapda gürrüň edilýär.

Merkezi we Günbatar Afrikada birnäçe ýyl ýazgylary ýazylypdyr. Olaryň hatarynda Ymam Ahmediň Bornunyň hökümdary Maý Idris (dolandyran ýyllary 1504–1526) hakyndaky ýyl ýazgysyny we Abdyrahman as-Sa'diniň (1656-njy ýylda aradan çykan) Songai döwleti hakyndaky ýyl ýazgysyny görkezmek bolar.

Arap taryhy eseriniň golýazmasy

Gündogar Afrikanyň taryhy barada Omanyň ibadit mekdebiniň alymlary tarapyndan ýazylan eserlerden, biziň günlerimize Kilwa şäheriniň taryhy we Ahmet Granyň Abissiniýadaky uruşlary barada 1543-nji ýyllar töweregi Şihabeddin Arabfakih tarapyndan ýazylan ýyl ýazgysy gelip ýetipdir.

Damaskly alymlar al-Biruny, al-Muhibbi, al-Muradi we başgalar XV, XVI we XVII asyrlaryň meşhur adamlarynyň ömür ýollary baradaky ensiklopedik ýygyndylary döretmek işlerini dowam etdirdiler we aýry-aýry sebirtleriň hem-de şäherleriň alymlarynyň atlaryny ebedileşdirýän birnäçe eserleri döretdiler. Bulardan başga-da Müsürde we Siriýada kyssa görnüşindäki biografik sözlükleri döretmek usuly giňden ýaýrady. Bu ugruň esasy wekili Şihabeddin al-Hafajy (1659-njy ýylda aradan çykan) hasap edilýär. Bu eseriň dowamy hökmünde Hindistanda Aly han ibn Masum (1699-njy ýylda aradan çykan) ýörite eser ýazdy.

Arap biografik däpleri Magrib ýurtlarynda-da ösýär we bu däp şol ýerden hem Günbatar Sudana ýaýraýar. Günbatar Sudanyň Tumbuktu sebitinden bolan Ahmet Baba (1627-nji ýylda aradan çykan) şeýle mazmundaky işleriň birini döredýär. Gündogar Sudanda Muhammet wad Daýfallahyň (1809/10-njy ýylda aradan çykan) «Tabakatynda» Funj patyşalygynyň alym we takwa adamlarynyň atlary ebedileşdirildi.

XVI–XVII asyrlarda Arap ýurtlarynyň Osman imperiýasy tarapyndan eýelenilmeginiň we ylym-bilim merkezleriniň başga ýerlere geçmegi bilen, adaty arap ülkelerinde ýerli taryhnama mekdepleri gowşaýar. Bu döwürde al-Makkariniň (1632-nji ýylda aradan çykan) musulman Ispaniýasynyň taryhyna bagyşlanan ýygyndysy ýa-da al-Bakri, al-Diýarbekri, al-Jannabi ýaly awtorlaryň kiçeňräk ýyl ýazgylary bolaýmasa, XIX asyryň başlaryna çenli nähilidir bir ähmiýetli taryhy eserler döredilmändir. Netijede, Müsürde Abdyrahman al-Jabarti (1822-nji ýylda aradan çykan) we Liwanda Haýdar Ahmet aş-Şihabi (1835-nji ýylda aradan çykan) bilen köne arap taryhnamasy öz möwritini tamamlaýar. Emma Arabystanyň merkezinde, gündogarynda we günortasynda, şeýle hem Magribde adaty arap taryhnamasy asyryň ahyrlaryna çenli dowam edýär. Şu döwre degişli taryhçylaryň atlary tutulmaly bolsa, onda diňe kiçeňräk ýyl ýazgylaryny döreden al-Wafrani, az-Zaýýani we zehinli taryhçy an-Nasiri as-Slawi (1897-nji ýylda aradan çykan) bolaýmasa, bu ýerde-de känbir işler edilmändir.

Arap ýurtlarynyň taryhynda oguzlaryň-türkmenleriň orny barada gürrüň berýän arap dilli ýazuw çeşmeleri

Oguzlaryň-türkmenleriň musulman dünýäsiniň taryhyndaky orny barada arap edebiýatynda ummasyz köp maglumatlar saklanyp galypdyr. Olar hakyndaky maglumatlar VIII asyryň ortalaryndan başlap has hem köpelip ugraýar. Çünki Orta Gündogar ýurtlary we Merkezi Aziýa eýelenýän döwründe araplar oguzlar-türkmenler bilen ençeme ýola ýüzbe-ýüz bolupdyrlar. Özlerine ýiti garşylyk görkezen halk hökmünde, şeýle hem VIII asyryň başlaryndan arap döwletiniň syýasy we harby durmuşynda uly orun eýeläp başlandyklary üçin, araplarda türkmenlere, olaryň däp-dessurlaryna, tebigy häsiýetlerine bolan gyzyklanmalar artypdyr.

Gündogarşynas alymlarynyň biragyzdan bellemeklerine görä, türkmenler hakynda ýazylan we olaryň dogabitdi häsiýetlerini açyp görkezýän esasy eserleriň biri XI asyrda Ibn Hassul tarapyndan ýazylan «Kitab tafdil al-Etrak» kitabydyr. Bu kitap öz döwründe elden-ele, ýurtdan-ýurda geçip, giň meşhurlyga eýe bolan hem bolsa, ol soňky asyrlarda ýatdan çykarylypdyr we ylmy jemgyýetçilige nämälim bolup galypdyr. Eseri XX asyryň 30-njy ýyllarynda yrakly aklawçy Abbas al-Az-

zawy bagdatly kitapdar al-Karmawynyň hususy kitaphanasynda tötänleýin ýüze çykarypdyr we ony 1940-njy ýylda Yrakda neşir etdiripdir.

Ibn Hassulyň eseri barada diňe osmanly türkmen taryhçysy Hajy Halypanyň «Keşf uz-zunun» (Nätakyklyklaryň aýdyňlaşdyrylmagy) işinde agzalyp geçilýär, ýöne onda bu kitabyň mazmuny barada hiç zat agzalmaýar.

Eseri ýazan Ibn Hassulyň özi baradaky has doly maglumatlar as-Salibiniň awtorlar we olaryň eserleri hakyndaky ensiklopediýa görnüşdäki «Tatimmat al-Ýatima» atly eserinde berilýär. As-Salibiniň berýän maglumatlaryna görä, Ibn Hassul X asyryň ahyrlarynda dünýä inip, 1058-nji ýylda aradan çykypdyr. Awtoryň doly ady Abu al-Ala Muhammet ibn Aly ibn al-Hassuldyr. Ibn Hassulyň asly Hemedan şäherinden bolup, olaryň maşgalasy ol heniz çagaka Reýe göçüp gelipdir. Ibn Hassul Reýde sowat öwrenipdir we soltan Mahmyt Gaznaly şäheri almazynyň öňüsyrasy döwlet edarasynyň emeldary wezipesinde işleýär eken.

Sowatly hem-de ezber emeldar Ibn Hassul soltan Mahmydyň gözüne ilipdir we ony öz ýanyna alyp Gazna äkidipdir. Soltan Mahmydyň köşgünde Ibn Hassul uly hormatdan peýdalanypdyr, ýöne birnäçe ýyldan soň, ol ýene-de Reýe dolanyp gelip, şol öňki hatdatlyk diwanynyň müdiri wezipesini ýerine ýetirmegini dowam etdirýär. Ibn Hassulyň öz eserinden mälim bolşy ýaly, soltan Togrul beg Reýi eýeländen soň, ol seljukly hökümdary we onuň ilkinji weziri al-Kundury tarapyndan hökümet işine çekilýär.



Ylym we tehnika barada awtory näbelli eseriň bir sahypasy

Ibn Hassulyň «Kitab tafdil al-Etrak» atly eseri türkmenleriň XI asyr taryhyna bagyşlanyp ýazylan ajaýyp eserleriň biridir. Aslyýetinde bu eseriň arap dilinde uzyn ady bolup, ol türkmen diline «Türkleriň beýleki halklaryň esgerlerinden artykmaçlygy we soltan (Togrul begiň) hökmürowanlygynyň (goý, Alla onuň baky beýikligini we onuň döwletini gorasyn) belent mertebesi hakynda kitap» görnüşinde terjime edilýär. Häzirki döwürde bu kitabyň arapça ady birneme gysgaldylyp, ony «Türkleriň beýleki halklaryň esgerlerinden artykmaçlygy hakynda kitap» («Kitab tafdil al-Etrak») görnüşinde beýan edilýär.

Ibn Hassulyň kitabynyň esasy mazmuny, ol Ybraýym as-Sabynyň Buýitleriň taryhyna bagyşlanan «at-Täç» eserini ýiti tankytlaýar we türkmenlere hem-de seljukly nesilşalygyna gysgaça häsiýetnama berýär. Munuň üçin awtor öz öňünde iki sany wezipe goýupdyr: birinjiden, ägirt uly musulman döwleti bolan Abbasy halyflygyny abraýdan düşüren buýitleriň taryhyny yzarlamaly, ikinjiden bolsa, seljukly neslиniň halyflygy gaýtadan dikeltmek ugrunda alyp baran asylly işlerini açyp görkezmeli bolupdyr. Ibn Hassulyň eserini ylmy taýdan öwrenen alymlar awtoryň beýle etmeginiň maksada laýyk bolandygyny biragyzdan belleýärler. Sebäbi Abbasy halyflygynda dünýewi häkimýeti öz eline alan, gelip çykyşy boýunça Hazar deňziniň günortasynda ýerleşýän Gilýan welaýatynyň Deýlem etrabyndan bolan buýitler (olary buweýhitler we deýlemliler diýip hem atlandyrýarlar) ägirt uly musulman döwletiniň güýçden gaçmagyna, welaýatlaryň özbaşdaklyga eýe bolmagyna, eden-etdilikleriň güýjäp, döwletiň dargamagyna sebäp bolupdyrlar.

Buýitler 945-nji ýyldan tä 1055-nji ýyla çenli abbasylaryň köşgünde halyflary hasap etmän hojaýynçylyk edipdirler, döwletiň dünýewi häkimýetini öz ellerine alypdyrlar. Olaryň döwründe halyflar erksiz hökümdarlara öwrülipdirler. Buýitler abbasylaryň köşgünde we goşunynda VIII asyryň ahyrlaryndan bäri gulluk edip gelýän oguz-türkmen serkerdeleri bilen hem oňuşmandyrlar, olar her edip-hesip edip türkmenleri häkimýetden çetleşdirmäge çalyşýardylar. Bu oňşuksyzlyklar kähalatlarda türkmenler bilen buýitleriň arasynda ýowuz çaknyşyklaryň bolmagyna-da getirýärdi. Bu barada ibn Hassulyň eserinde şeýle maglumatlar getirilýär: «Ýesirlikden dynansoň, türk[men] tä baş serkerde ýa-da hajyp, ýa bolmasa uly goşun bölüminiň serkerdesi, ýa-da iň bolmanda goşunda täsirli serkerde bolýança kanagat etmez. Emma bu Horasan üçin häsiýetli däldir, ýogsam, bu welaýat olaryň ýurdy bilen araçäkde ýerleşýär, emma şeýle ýagdaý olaryň ýurdundan örän uzakda ýerleşýändigine hem-de dillerinde tapawut bardygyna garamazdan, Müsürde bardyr. Eger isleseňiz, dürli milletleriň esgerleri: deýlemliler (buýitler), araplar, kürtler ýaşaýan Müsüri mysal getireýin. Ol ýerde öňden bäri türkmenlerden ar almak islegi bilen ýaşaýan we olara duşmançylyk gözi bilen garaýan deýlemliler (buýitler) höküm sürýärler. Ýüzýyllyklaryň dowamynda halyflar we deýlemli hökümdarlar (buýitler) olar bilen güýçlerini synamaly, olaryň hüjümlerini gaýtarmaly, öz döwletlerini saklamaly we beýleki halklaryň üstünden agalyk etmekde olar bilen göreşme-



Awtory näbelli müçenamanyň bir sahypasy

li bolupdyrlar. Emma bu halky boýun egdirmäge, onuň üstünden ýeňiş gazanmaga, oňa hötde gelmäge we ondan ökde çykmaga olaryň güýçleri ýetmändir. Olaryň hökmürowan, beýik, buýsançly hem-de egsilmez güýçli halkdygyna güwä geçýän Allanyň nazar salan Resulynyň «Olar size degmeýän bolsalar, sizem türk[men]leri bimaza etmäň» diýen sözlerini ýatlamak ýeterlikdir. Bu sözleri Allanyň nazar salan Resulynyň: «Men garalaryň hem, gyzyllaryň hem Pygamberidirin» diýen sözleri bilen deňeşdiriň, ýagny bu – araplar hem arap däller diýildigidir. Şonuň üçin hem türk[men]lere beýleki halklara yslama uýmagyň mukaddes sözlerini aýtdyrmak we olary bitewi bir dine jemlemek üçin söweşmek buýrulypdyr. Diňe 1055-nji ýylda Togrul beg Bagdady alandan soň, buýitler abbasylaryň köşgünden kowlupdyr we halyflar ýene-de öz kanuny häkimiýetine eýe bolupdyrlar.

Ibn Hassulyň eseri 1252-nji ýylda dilçi hem-de hadysçy alym Hasan ibn Muhammet as-Sagany tarapyndan (1252-nji ýylda aradan çykan) göçürilen nusgasy görnüşinde biziň günlerimize gelip ýetipdir. Yrakly aklawçynyň Bagdatda ýüze çykaran golýazmasy hem şoldur.

Türkmenler hakyndaky gymmatly maglumatlar XI asyrda Ibn al-Fakih al-Hemedanynyň «Ahbar al-Buldan» (Ýurtlar hakynda maglumatlar) eseriniň «Türk[men]ler hakynda» («al-Etrak») diýlip atlandyrylan bölüminde-de giňişleýin berilýär. Şeýle hem tebip we ýazyjy Aly ibn Muhammet al-Hijazy al-Kaýýini (1151-nji ýylda aradan çykan) seljukly hökümdary soltan Sanjara bagyşlap «Kitab mafahir al-Etrak» (Türk[men]leriň mertebeliligi hakynda kitap) eserini ýazypdyr. Emma gynançly ýeri, bu kitap biziň günlerimize gelip ýetmändir.

Alymlaryň bellemegine görä, Ibn Hassulyň işi orta asyrlaryň ýene-de bir arap alymy, IX asyrda ýaşap geçen belli kyssaçy Abu Osman al-Jahiziň «Türk[men]leriň ähli halyf goşunlaryndan artykmaçlyklary hakynda Fath ibn Hakana iberilen nama» eseri bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Sebäbi bu eserde berilýän maglumatlar bilen Ibn Hassulyň eserindäki maglumatlarda meňzeşlik köp. Ibn Hassul seljukly nesli hakynda gürrüň edende, bu nesilşalygyň gözbaşyny Seljukdan alyp gaýdýar, al-Jahiz bolsa bu nesilşalygyň taryhyny Seljukdan hem aňyrdan alyp gaýdypdyr. Ibn Hassul bilen al-Jahiziň eserleriniň arasyndaky ýene-de bir tapawut, ol hem bolsa, al-Jahiz horasanlylaryň türkmenler bilen ýakynlygyny görkezmäge, hatda olaryň nesil şejeresini hem birleşdirmäge çalşypdyr, emma Ibn Hassul, tersine, olaryň arasynda tapawut goýýar.

Al-Jahiziň «Türkleriň ähli halyf goşunlaryndan artykmaçlyklary hakynda Fath ibn Hakana iberilen nama» işinde getirilýän maglumatlaryň Ibn Hassulyň işindäki maglumatlaryň mazmuny bilen köp babatda gabat gelýändigini, onuň türkmenleriň tebigy häsiýeti barada ýazan şu setirleri hem bellibir derejede subut edýär: «Türk[men]ler öç almagy, ýalan sözlemegi, ikiýüzlüligi, şugulçylygy, hilegärligi, töhmet atmagy, ýakynlarynyň öňünde gopbamsylyk etmegi, ýoldaşlaryna yrsaramagy, dinine dönüklik etmegi, hile bilen kesekiniň emlägine eýe bolmagy bilmeýärler. Olaryň kemçiligi hem-de ezýet çekmekleriniň esasy sebäbi şulardyr: olaryň watanlaryny ýatlap gamlanmaklary, gezendelige hem-de ýörişlere gitmek islegleri, olja almaga ýykgyn etmekleri we öz ata-baba däp-dessurlaryna bagly bolup galmaklarydyr. Bir ýerde uzak wagtlap saklanmak, öz edip biljek zatlary barada töweregindäkileriň bilmezligi, olaryň başarnyklaryna üns berilmezligi hem-de şol başarnyklaryň ulanylmagyna mümkinçilikleriň bardygyna garamazdan, oňa ähmiýet berilmezligi olarda ýigrenç döredýär we olary gaçmaga hem-de yzlaryna dolanmaga mejbur edýär. Haçanda olary keseki esgerler bilen bir hatarda goýsalar, olar yzky hatarlarda durmagy halamaýarlar, ýönekeý esgerleriň hatarynda durmagy, olar bilen goşulyşyp-garyşyp durmagy islemeýärler, olar muny özlerine mynasyp däl diýip hasap edýärler. Olar ýanalmaga we özleriniň ýatdan çykarylmagyna çydam edip gezmeýärler, özlerini kanuny hukuklaryndan mahrum etjek bolýanlary sylamaýarlar. Haçanda olaryň başynda adamlaryň ykballary hakynda aladalanýan, ýaramaz hereketlere garşy duryan, ähli meselede hakykatdan ugur alýan, ahlaksyz hereketlere ýol bermeýän, mesele çözende adalatly çemeleşýän, wezipesini ýokary ussatlyk

bilen ýerine ýetirýän, dolandyryşda diňe hakykatdan ugur alýan parasatly hökümdar goýsalar, ol hökümdar näme iş etse-de, onuň hyzmatynda türk[men]leriň öz kysmatyna kaýyllary, pähim-parasada gulluk edýänleri, ýaramaz endiklerden gaça duryanlary, hakyň ýoluny saýlap alanlary, ata Watanlaryndan umydyny üzenleri, zuluma däl-de, Allatagala sygnýanlary, akylly-başlylary galar».

Elbetde, al-Jahiziň hem-de Ibn Hassulyň eserleri dürli döwürlerde ýazylypdyr. Al-Jahiziň ýaşan döwründe Abbasy halyflygy dünýäniň iň kuwwatly döwletidi, oguz-türkmen esgerleri ýurduň paýtagty Bagdatda, şeýle hem döwletiň dürli sebitlerinde batyrlyk bilen gulluk edýärdiler. Türkmenler abbasylaryň köşgünde halyf Harun ar-Reşidiň (787–810) döwründe peýda bolup ugrapdyrlar. Horasanda, Horezmde, Sogda, Balhda, Gurda, Seýistanda, Amyderýanyň we Syrderýanyň boýlarynda ýaşaýan türkmenlere garşy uruşlarda beýleki arap hökümdarlary ýaly, Harun ar-Reşit hem olaryň gözsüz batyrlygy, mertligi, söweşjeňligi we ugurtapyjylygy bilen ýüzbe-ýüz bolupdyr. Şonuň üçin hem bu ülkeler halyflygyň düzümine gutarnykly goşulandan soň, ol türkmen ýigitlerini goşun we köşk gullugyna alypdyr.

Halyflar uruşlarda ýesir düşen ýa-da gul söwdagärlerinden satyn alnan türkmenleri hem göwünjeňlik bilen goşunçylyga alýardylar. Arap söwdagärleri Oguz hem-de Gypjak sähralary bilen serhetleşýän ülkelere gelip, ýesir alnan türkmen gullaryny satyn alyp, olary Bagdada we halyflygyň dürli ülkelerine äkidýärdiler. Gul bazarynda gullary iňňän eserdeňlik bilen barlap satyn alýardylar. Taryhy ýazgylarda bu barada şeýle maglumat saklanyp galypdyr: «Gul satyn almazdan öň, ony gapdallygyna ýatyr-da, onuň böwürlerini mazaly barlaşdyr, bir ýerleri agyrýan bolaýmasyn» diýip atasy ogluna öwredýär. Gullaryň diňe köpelip biljeklerini satyn al. Türk[men]leriň arassalyk hem-de gedemlik häsiýetleri bardyr. Çakganlykda olar iň gowy gullardyr. Alanlar – edermen, grekler – edepli, hojalykçy, gowy häsiýetli, dillerine eýe gullardyr. Emma ermeniler hojaýynyna biwepa bolýarlar, özi hem olar gaçmaga golaý».

Ibn Hassulyň döwründe türkmenler diňe bir Abbasy halyflaryna gulluk etmek bilen çäklenmän, eýsem olar eýýäm Müsürde Tulunylar (868–905), Ihşidiler (935–969), Horasanda Gaznalylar (977–1186) we Orta Aziýada bolsa Garahanlylar (992–1211) döwletlerini hem döredip ýetişipdiler. Olardan Tulunylar bilen Ihşidiler döwletleri bolsa eýýäm taryha öwrülipdiler. Ýeri gelende aýtsak, tulunylar, ihşidiler we gaznalylar nesilşalygyny hem söweşlerde ýesir düşen türkmen gullarynyň nesilleri esaslandyrypdylar.

XI asyryň 40-njy ýyllarynda musulman dünýäsinde türkmenleriň täze tolkuny – Togrul beg hem-de Çagry beg tarapyndan baştutanlyk edilýän seljuklar nesli peýda bolupdyr. Şonuň üçin hem al-Jahizden tapawutlylykda, Ibn Hassul dargap barýan Abbasy halyflygyny dikeltmek üçin musulman dünýäsinde başlan bu uly hadysany gümansyz göz öňünde tutupdyr. Emma ady agzalan eserleriň dürli asyrlarda

ýazylandygyna garamazdan, awtorlaryň türkmenler baradaky pikirleri birmeňzeş gelýär.

Türkmenleriň Beýik Seljuk döwletiniň diwanynda işleýän döwri Ibn Hassul Togrul bege bagyşlap biziň gürrüňini edýän «Kitab tafdil al-Etrak» eserini ýazypdyr. Ibn Hassulyň kitaby ýazmagynyň baş maksady musulman dünýäsinde häkimiýet başyna gelen täze nesilşalygyň gelip çykyşy, bu döwleti esaslandyran Togrul begiň ýeňişlerini şöhratlandyrmak bolupdyr. Ibn Hassul «Bu kitabyň ýazylmagynyň sebäpleriniň biri-de, türk[men]leriň gelip çykyşyny görkezmek bolup durýar. Olar beýik hem-de hökmürowan patyşanyň nesilleri. Soňra birnäçe asyrdan soň olaryň ygtyýaryna geçen Eýrandaky bu kuwwatly galalar, şol patyşadan hem-de onuň nesillerinden gorkularyna peýda boldular» diýip ýazýar.

Ibn Hassul seljukly döwletiniň syýasy taryhy hakynda we soltan Togrul begiň amala aşyran işleri barada ýazanda ol, esasan, özüniň şaýady bolan wakalaryny esas edip alypdyr. Şunuň bilen birlikde, ol öz gyzyklanýan meselesi barada köp maglumatlary Togrul begiň baş weziri Amid al-Mülkden hem alypdyr we köp meseleler bilen hut onuň özüne ýüz tutupdyr. Aýdylanlary alymyň: «Mundan beýläk men özümiň şaýat bolan we onuň howandarlygynda bolan döwrümde, onuň Allanyň ýardamy bilen amala aşyran ýörişleri barada wyždanymy alan sowgat-engamlarymdan we aýlyklarymdan azat edip gürrüň bererin we Togrul begiň amal eden döwlet durmuşynyň ýokary derejelerindäki haýyrly işleriniň şaýady bolmadyk işlerim hakynda ýazmaly bolanymda bolsa, çuňňur hormatlanylýan Amid al-Mülke (goý, Alla onuň duşmanlaryny ýok etsin) ýüz tutaryn» diýip ýazan setirleri hem şaýatlyk edýär.

Seljuklaryň Merkezi Aziýanyň we Orta Gündogaryň boýun egdirilen halklary babatynda ýöreden parasatly syýasaty gowy netije beripdir. 1038-nji ýylda Nişapur eýelenilende köp seljuk serkerdeleri ilatynyň ýerliksiz garşylyk görkezendigi üçin şäheri talamagy teklip edenlerinde, Togrul beg şäher ilatyna we ilatyň emlägine degmezlik barada berk görkezme beripdir. Türkmen hökümdarynyň bu hereketi boýun egdirilen halklarda kanagatlanma duýgusyny döredipdir.

Edil şeýle ýagdaý Yspyhan eýelenende hem ýüze çykypdyr. Mälim bolşy ýaly, Yspyhan hem seljuklara garşylyk görkezipdir. Emma şäher eýelenenden soň, Togrul beg edil Nişapur babatyndaky syýasatyny ulanypdyr. Bu barada Ibn Hassulyň işinde şeýle maglumat getirilýär: «Onuň (Togrul begiň), goý, Alla onuň mertebesini belent etsin, Yspyhanyň ilaty bilen baglanyşykly hereketi has hem geň galdyrdy, sebäbi olar (yspyhanlylar), gadyr bilmez dinsizler oňa boýun synman, oňa garşy söweş edip, dönüklikleri we gep-gybatlary bilen oňa şäheri gabanda we ilatyň nägileligini hem-de topalaňyny basyp ýatyrmakda kän serişde sarp etmäge mejbur edip, onuň gazabyna duçar boldular. Emma ol şäheri güýç bilen basyp alyp, onuň ilatynyň garşylygyny söweşde syndyryp, olaryň günäsini geçdi. Onuň bu hereketi

Zekerỳa al-Kazwininiň eseriniň bir sahypasy (XIII asyr)

köpügören adamlary geň galdyrdy we öňki patyşalaryň eden ähli işleriniň üstüne atanak çekdi».

Togrul begiň bu ynsanperwer hereketi barada aýtmak bilen Ibn Hassul, şäherler basylyp alnanda hemişe beýle bolmaýandygyny mysallaryň üsti bilen görkezýär. Şunda ol seljuklar Bagdada gelmänkäler, bu ýerde hökümdarlyk eden, halyfyň soltanlary bolan buýitleriň rehim-şepagatsyzlygyndan mysal getirýär. Muňa buýit Adud ad-Döwläniň öz doganoglany Bagtyýara gahar edip bagdatlylary gyrşy we Bagdady oda berşini mysal getirýär: «Emma Adud ad-Döwle özüni başgaça alyp bardy. Haçanda ol Bagdadyň halkyny ýeňip, Bagtyýary öldürende, bagdadlylaryň abadançylygyny bozup, bar gaharyny olardan çykaryp, Bagdadyň halyflygyň paýtagtydygyna, onuň daýanjydygyna garamazdan, ony oda ýandyrdy».

Ibn Hassulyň eserinde Gadymy hem-de Orta asyr taryhy eserlerinde edilişi ýaly, Eýranyň hem-de Turanyň iň gadymy döwürlerden gaýdýan taryhy hem yzarlanylýar. Onda Eýran hem-de Turan hökümdarlarynyň döreýşi, olaryň sebitde agalyk ugrunda bäsleşigi, şeýle hem Aleksandr Makedonskiniň Gündogara ýörişleri hem beýan edilýär.

Türkmenler hakyndaky taryhy eserler Müsürde-de ýazylypdyr. Müsüri dolandyran Tulunylar barada öz döwründe ençeme taryhy eserler döredilipdir. Tulu-

nylar barada taryhy eser döreden alymlaryň ilkinjisi Ýusup ibn ad-Daýa («Enekäniň ogly») hasap edilýär. Tulunylar hakyndaky maglumatlar onuň «Kitab ahbar al-attibba» (Tebipler hakynda hekaýatlar kitaby) eserinde jemlenipdir. Bu kitaby ýazmakda ol Ahmet Tulunyň şahsy tebibi Ybraýym ibn Alynyň gürrüňlerinden peýdalanypdyr. Üstesine-de, ad-Daýa döwlet işgäri bolandygy üçin, tulunylar barada döwlet diwanynyň maglumatlaryny hem ulanypdyr. Bu taryhçynyň eserindäki maglumatlary ibn Haukal, Ýakup ibn al-Kifti, Ibn Abu Usaýbiýe ýaly ýokarda atlary getirilen arap awtorlary öz işlerinde peýdalanypdyrlar.

Teodor Nöldeke

Tulunylar barada jikme-jik iş ýazan taryhçy ad-Daýanyň ogly Ahmet ibn Ýusup ad-Daýa (868/874–942/952) hasap edilýär. Onuň doly ady Abu Jafar Ahmet ibn Ýusup ibn Ybraýym al-Mysrydyr. Ad-Daýa lakamyny ol kakasyndan miras alypdyr. Ahmet ibn Ýusup tulunylar köşgünde ýokary wezipeleri eýeläpdir. Onuň «Katib at-Tulun» (Tulunylar nesilşalygynyň kätibi) derejesi bar eken. Ýakudyň ýazmagyna görä, Ahmet ibn Ýusup tulunylar barada üç sany kitap ýazypdyr. Ol kitaplar «Sirat Ahmet ibn Tulun» (Tulun ogly Ahmediň ömür beýany), «Sirat Abul Jaýş Humarawaýh» (Abul Jaýş Humarawaýhyň ömür beýany), we «Sirat Harun ibn Abul Jaýş wa ahbar gilman bani Tulun» (Abul Jaýşyň ogly Harunyň ömür beýany we tulunylaryň nökerleri barada habarlar) diýlip atlandyrylýar.

Awtoryň bu işlerini giçki döwrüň taryhçylary Ibn Saýid, al-Makrizi, Ýakut, şeýle hem memluklar döwrüniň meşhur türkmen taryhçysy Ibn Taňryberdi giňişleýin peýdalanypdyrlar. Ahmet ibn Ýusubyň üç işi umumy görnüşde «Jami sirat ibn Tulun» we «Jami as-sirat at-Tuluniýýa» atlary bilen hem agzalýar. Ibn Saýidiň işlerindäki tulunylar bilen baglanyşykly maglumatlary 1954-nji ýylda müsürli alym Şöwki Daýf Kairde neşir edipdir.

Ahmet ibn Ýusup Ahmet Tuluna beýik şahsyýet, döwlet işgäri, serkerde we hökümdar hökmünde belent sarpa goýýar. Eserde Müsüriň ykdysady ýagdaýy, döwletiň dolandyryş we maliýe edarasynyň işi, hökümdaryň goşuny we ýerlerdäki dikmeleri bilen gatnaşyklary barada gymmatly maglumatlar berilýär. Ahmet Tulun baradaky maglumatlary taryhçy 26 sany adamyň gürrüňlerinden alypdyr. Olaryň arasynda Ahmet Tulunyň köşk adamlary, hyzmatkärleri, serkerdeleri, çaparlary bar eken. Bu adamlaryň köpüsi gelip çykyşy boýunça türkmen bolupdyr. Ahmet ibn Ýusubyň gürrüňdeş bolan adamlarynyň arasynda hökümdaryň doganoglan agalary hem bar eken. Bu gürrüňleri awtor Ahmet beg ölenden soň, onuň ogly Humarawaýhyň dolandyran ýyllarynda ýazyp alypdyr.

Tulunylar barada eser ýazanlaryň ýene biri al-Balawy hasap edilýär. Onuň işi «Kitab sirat at-Tulun» (Tulunylar nesilşalygynyň taryhy) diýlip atlandyrylýar. Bu eser ýeke-täk nusgada saklanyp galyp, ol 1935-nji ýylda Damaskyň «az-Zahariýe»

G. A. R. Gibb

kitaphanasynda ýüze çykarylypdyr. Bu nusga 1939-njy ýylda Muhammet Gurt Aly tarapyndan Siriýada neşir edilipdir. Eser tulunylar nesilşalygyna bagyşlanan bolsa-da, ondaky gürrüňler, esasan, Ahmet Tulunyň özi hakyndadyr. Al-Balawy eseriň girişinde bu işi Müsüriň tanymal adamlarynyň biriniň howandarlyk etmeginde ýazandygyny belleýär, ýöne «howandaryň» adyny görkezmändir. Al-Balawynyň ýazmagyna görä, şol adam Ahmet ibn Ýusubyň tulunylar baradaky eserini okandygyny, ýöne ondan göwnüniň suw içmändigini aýdypdyr.

Al-Balawynyň eseriniň X asyryň ikinji ýarymynda ýazylandygyny göz öňünde tutsak, ady näbelli «howandar» tulunylar neslinden ýa-da ihşidiler döwrüniň belli şahsyýetleriniň biri bolmaly. Sebäbi eser tulunylar begligi ýykylandan 50 ýyl geçenden soň ýazylypdyr. Bu işiň ähmiýetine alym K. A. Boýko uly baha berýär: «Al-Balawy tarapyndan döredilen Tulun oglunyň ömür beýany bu ajaýyp hökümdaryň dolandyran ýyllarynyň taryhyna we Müsüriň taryhynyň IX asyrynyň ikinji ýarymyna degişli iň irki çeşmeleriň hataryna degişlidir».

Al-Balawynyň eserindäki gürrüňler hökümdaryň kakasy Tulunyň gelip çykyşy bilen baglanyşykly hekaýatdan başlanýar. Şundan soň onuň ähli ünsi eseriň baş gahrymany Ahmet Tulunyň şahsyýetinde jemlenýär. Awtor Ahmet begiň Müsüriň syýasy durmuşynda peýda bolşundan başlap, tä ol aradan çykýança ömür ýoluny jikme-jik yzarlaýar. Al-Balawy nesilşalygy esaslandyran başarjaň we zehinli hökümdaryň çylşyrymly we gapma-garşylykly keşbini görkezip bilipdir. Onuň endiklerini, hüý-häsiýetlerini we dünýägaraýşyny beýan etmek bilen Ahmet Tulunyň gowy häsiýetlerine uly üns beripdir, onuň ýowuzlyklaryny aklaýar. Eserde Ahmet Tulun edenli hökümdar, inçe diplomat, başarjaň serkerde, zehinli gurujy we tanymal deňizçi hökmünde häsiýetlendirilýär. Ahmet Tulunyň şahsyýetiniň çöwre tarapy hökmünde taryhçy onuň ogullarynyň biri al-Abbasy mysal hökmünde görkezýär. Al-Balawynyň ýazmagyna görä, Al-Abbasyň şahsy keşbi nesiller üçin diýseň öwrenerliklidir. Ol döwlet işlerinden başy çykmaýan, emelsiz nalajedeýin, barypýatan tüpbozan bolupdyr. Ol kakasynyň garşysyna topalaň turuzýar, ýöne derbi-dagyn edilip, ryswa bolýar.

Işiň ähmiýetli taraplarynyň biri-de, tulunylaryň ömürbeýany bütin Ýakyn Gündogaryň taryhy bilen baglanyşyklylykda beýan edilýär. Onda Müsüriň, Halyflygyň we Wizantiýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň dürli ugurlary görkezilýär. Eserdäki wakalar Ahmet Tulunyň syrkawlamagy we aradan çykmagy, onuň nesihatlary, baýlyklary we jaýlanyşy bilen tamamlanýar.

Al-Balawynyň işi tulunylar häkimiýet başyndan gideninden köp wagt geçip, Müsüriň ykdysadyýetinde we syýasatynda çöküşler başlandan we häli-şindi bolýan

topalaňlar merkezi häkimiýeti gowşadandan soň ýazylypdyr. Şonuň üçin hem, onuň pikiriçe, Müsüre Ahmet Tulun ýaly ýurdy düzgüne salyp, topalaňlary ýatyryp biljek güýçli şahsyýet zerur bolupdyr. Şeýle şahsyýetiň üstünlikli döwlet işi, awtoryň pikirine görä, ýerli hökümdarlar üçin nusgalyk tejribe mekdebi bolup biljekdi.

W. I. Rozen

Al-Balawy bu işi ýazmak üçin Ahmet Tulun tarapyndan döredilen hökümet edarasyndan – «Diwan al-inşadan» alnan resminamalary we hatlary giňişleýin ulanypdyr. Al-Balawynyň berýän maglumatlaryna görä, Ahmet Tulun şahsy kätibine özüniň dürli adamlar bilen gürrüňdeşligini, gürrüňdeşligiň nirede we kim bilen geçirilýändigine garamazdan, ähli gürrüňleri dolulygyna ýazdyrýar eken. Eger-de kätip şu düzgüni bozaýsa, oňa haýal etmän çäre görlüpdir.

Tulunylar barada eser ýazan taryhçylaryň biri-de Abu Omar Muhammet ibn Ýusup ibn Ýakup ibn Hafs at-Tujibi al-Kindi al-Mysrydyr (897–961). Onuň dürli hili atlandyrylýan «Kitab al-Umara» (Emirler hakynda kitap) eseri saklanyp galypdyr. Bu eserde Müsüriň VII–X asyrlardaky emirleri bilen bir hatarda Tuluny we Ihşidi emirleri barada-da gymmatly maglumatlar berilýär. Al-Kindi beýan edýän wakalaryny dürli şahyrlara degişli goşgy setirleri bilen hem bezäpdir. Şol goşgular Ahmet Tuluna, onuň ogly Humarawaýha bagyşlanyp, arap şahyrlary tarapyndan ýazylan öwgüli, şeýle hem Tulunylar nesilşalygynyň ýykylmagyna gynanç bildirilip, gözýaş edilip ýazylan şygyrlardyr. Onuň işindäki maglumatlar VII asyryň ortalaryndan gaýdyp, Muhammet Ihşidiň ölümine – 946-njy ýyla çenli ýetirilip goýlupdyr.

Al-Kindiniň eseriniň nusgalary Akkadaky (Palestina) Ahmet paşanyň (XI asyryň göçürmesi), Gylyç Aly paşanyň (XII a.), Mustafa efendiniň (XVI asyryň başlarynyň göçürmesi), Esat efendiniň (XVI asyryň ahyrlary) kitaphanalarynda, şeýle hem Angliýanyň Britan mirashanasynda saklanýar.

Müsürde Ihşidiler nesilşalygy barada-da taryhy eserler döredilipdir. Şol eserleriň biriniň awtory meşhur taryhçy Abu Muhammet al-Hasan ibn Ibrahim ibn al-Huseýin ibn al-Hasan ibn Aly ibn Halab ibn Reşid ibn Abdallah ibn Süleýman ibn Zulak al-Leýsidir (919–997). Bu alym ylymda Hasan ibn Zulak ady bilen tanalýar. Ibn Zulak tulunylaryň taryhyny hem gowy öwrenipdir. Ol birnäçe eser döredipdir. Onuň ihşidiler barada ýazan eseri «Kitab sirat Muhammet ibn Tuguç al-Ihşid» (Tuguç Ihşidiň ogly Muhammediň ömürbeýany) diýlip atlandyrylýar.

Ibn Zulak bu işi ýazmak üçin Muhammet ibn Musa ibn al-Mamunyň «Sirat al--Ihşit» (Ihşidileriň ömürbeýany) eserini ulanypdyr. Bu eseri ol 946-njy ýylda al-Mamunyň özi bilen tanyşlykda içgin öwrenipdir. Emma esere ibn Zulagyň göwni ýetmändir. Sebäbi al-Mamun Muhammet Tugujyň gönünü görmek, ondan mal-mülk

hantama bolup, kitapda diňe hökümdaryň adyna aýdylýan öwgüli sözler bilen çäklenipdir. Ibn Zulagyň şaýatlyk etmegine görä, bu esere Muhammet Tugujyň hem göwni ýetmändir. Şonuň üçin hem aradan çykmazynyň öňüsyrasy Müsürden Siriýa gelen Muhammet Tuguç bu kitaby köpeltmegi gadagan edipdir.

961-nji ýylda Muhammet Ihşidiň ogly Abul Hasan Aly (961–966) Ibn Zulaga kakasynyň ömürbeýanyny ýazyp bermegini sorap ýüz tutupdyr. Awtoryň eseri Aly Ihşide-de, onuň ejesine-de ýarapdyr. Ibn Zulagyň ýazmagyna görä, kitap üçin merhum hökümdarýň ogly bilen aýaly awtory sahylyk bilen sylaglapdyrlar we her ýyl oňa halat-serpaý berýär ekenler.

Bu kitapda ibn Zulak Muhammet Ihşidiň jikme-jik ömürbeýanyny döredip, onda bu türkmen hökümdarynyň ata-babalary, onuň 935-nji ýyla çenli ömür ýoly, dolandyryşy, geçiren ýörişleri we alyp baran uruşlary, garşydaşlary bilen gatnaşyklary, onuň gullary, söweş atlary, eýelik eden baýlygy we başgalar barada gymmatly maglumatlar berýär. Ibn Zulagyň bu işi ýazmak bilen baglanyşykly maglumatlary ylym üçin has hem ähmiýetlidir. Bu barada onuň özi şeýle ýazýar: «Bu ömürbeýana men diňe özümiň şaýat bolan wakalarymy we mümkin boldugyça diňe özümiň ynamdar diýip hasap eden adamlarymyň aýdyp beren gürrüňlerini goşdum. Abu Omar Muhammet ibn Ýusup al-Kindi «Ahbar umara Mysr» («Müsüriň emirleri hakynda hekaýat») eserini döretdi we ony al-Ihşidiň ölümi bilen tamamlady. Onda ol Muhammet Ihşid barada az maglumat berýär. Men Omar, onuň inisi Aly, Ahmet ibn Aly al-Ihşid baradaky maglumatlar bilen bu ömürbeýanyň üstüni ýetirdim. Şeýle hem bu ömürbeýana Aly ibn al-Ihşidden soň hökümdarlyk edenler barada-da maglumat goşdum».

Ibn Zulagyň eli bilen ýazylan bu iş Müsürde XV asyrda-da bar eken. Ony 1417–1437-nji ýyllarda arap awtory al-Makrizi peýdalanypdyr we eserden ýazgylary alypdyr. Eýýäm bellenip geçilişi ýaly, ibn Zulak Muhammet Ihşidiň ömürbeýanyny döretmek üçin diňe özüniň we ony ýakyndan tanan, awtoryň özi üçin ynamdar hasap edilen adamlaryň gürrüňlerini ulanypdyr. Hakykatdan hem, «Ömürbeýanyň» biziň günlerimize çenli saklanyp gelen nusgasy dolulygyna Ihşidiler döwletini esaslandyryjyny ýakyndan tanan adamlaryň beren maglumatlaryna esaslanýar. Olar 40-a golaý adamlar bolup, olaryň arasynda Muhammet Ihşidiň maşgala agzalary, kazylar, wezirler, serkerdeler, onuň şahsy goragçylary, kätipleri, müneçjimleri, tebipleri we terjimeçileri bolupdyr. Umuman alnanda, ibn Zulagyň işi hem Müsürde hökümdarlyk eden Ihşidiler nesilşalygy barada gymmatly maglumatlary özünde jemleýär. Gyzykly ýeri, tulunylar we ihşidiler baradaky maglumatlary Müsürde memluklar döwrüniň meşhur türkmen taryhçysy ibn Taňryberdi özüniň «An-Nujum az-Zahira» (Parlak ýyldyzlar) eserinde peýdalanypdyr.

Ibn Zulagyň eserleriniň nusgalary häzirki döwürde Kairiň, Berliniň, Parižiň atly golýazmalar mirashanalarynda, şeýle hem Türkiýedäki Welieddin efendiniň, Myrat Mollanyň kitaphanalarynda saklanýar. Ibn Zulagyň işi 1933-nji ýylda «Müsüriň taryhy» ady bilen Kairde neşir edilipdir.

Ihşidiler baradaky taryhy maglumataryň esasynda 1950-nji ýylda Müsürde Saýýida al-Kaşifiniň «Mysr fi-asr Ihşidiýin» (Müsür ihşidileriň döwründe) eseri hem neşir edilipdir.

1202-nji ýylda Kazwin şäherinde eneden doglan Abu Ýahýa Jemaluddin Zekeriýa ibn Muhammet ibn Mahmyt al-Kazwininiň 674–1275-nji ýylda ýazan «Asaral-bilad we ahbar al-ybad» (Ýurtlaryň ýadygärlikleri we ynsanlaryň habarlary) atly taryhy-geografik eseri musulman halklarynyň, şol sanda türkmenleriň taryhy, baý medeni mirasy hakynda giň we gymmatly maglumatlary özünde jemleýär. Awtoryň «Kitab al-ajaib al-mahlukat we ajaib al-mewjudat» (Ýaradylanlaryň ajaýyplyklary we barlyklaryň ajaýyplyklary hakynda kitap) eseriniň hem çeşmeşynaslyk ähmiýeti uludyr.

XVII BAP. AFRIKANYŇ TARYHY BOÝUNÇA ÇEŞMELER

Afrikanyň taryhy boýunça agzeki çeşmeleri

Orta asyrlarda Afrikanyň dürli sebitleriniň ösüşi birmeňzeş bolmandyr. Yklymyň demirgazygyndaky Arap ýurtlarynyň (Müsür, Liwiýa, Alžir, Tunis, Marokko) taryhy Ýewraziýa halklarynyň ösüşi bilen aýrylmaz baglanyşykda boldy. Şonuň üçin hem Demirgazyk Afrika ýurtlarynyň taryhynyň çeşmeşynaslygy we taryhnamasy Arap ýurtlarynyňky bilen baglanyşykda beýan edildi.

Häzirki döwürde Afrikanyň geçmişini öwrenmekde taryhçylar asyrlaryň dowamynda dilden-dile geçip gelen gürrüňleri giňişleýin ulanýarlar. Ylmy dilde ol «agzeki çeşmeler» diýlip atlandyrylýar. Azgeki çeşmeler Afrikada giň halk köpçüligi üçin elýeterli bolupdyr. Käbir halklarda her gün depregiň gürrüldisi esasynda öten zamanlaryň hökümdarlarynyň, tire-taýpa serdarlarynyň atlary yglan edilipdir we olaryň edermenlikleri wasp edilipdir. Ruandada, ýorubalarda we bakubalarda taryhy gürrüňler täze hökümdaryň tagta geçmegi bilen baglanyşykly dabaralarda aýdylypdyr.

Afrika döwletleriniň hökümdarlarynyň köşklerinde aýratyn döwlet taryhçylary bolupdyr. Dagomeýada bolşy ýaly, bakubalaryň hökümdarynyň ýanynda «aýdyjy taryhçy» (moaridi) bolupdyr. Angolada köşgüň ýanynda ekwewup bolup, oňa serdarlaryň hem-de esgerleriň hormatyna hekaýatlary ýerine ýetirmek buýrulypdyr.

Bu ýerde hatda özboluşly «hünär bölünişigi» hem bar eken. Mysal üçin, XVIII asyryň uruşlary hakyndaky aýdymlary aýtmak diňe köşk aýdyjylary – awabugilere ygtyýar berlipdir. Şeýle aýdyjylar (imbongi) zuluslarda-da bolupdyr we olar serdarlaryň we halk gahrymanlarynyň (izibongo) hatyrasyna kyssalary aýdypdyrlar.

Hut şeýle köşk «taryhçylary» köneden gelýän halky däpleri ýöredijiler, dowam etdirijiler hökmünde kabul edilipdir. Bu zatlary tagt mirasdarlary hem hökman bilmeli ekenler. Mysal üçin, bakubalarda ol ýa-da beýleki mirasdar tagta göterilende, ondan özünden öňki hökümdarlaryň atlaryny birin-birin sanap geçmeklik, öz halkynyň taryhyny ýatdan aýdyp bermeklik talap edilipdir. Şunda köşk «taryhçylary» synagçynyň wezipesini ýerine ýetiripdirler. Öz halkyň geçmişi hakyndaky bilimleri saklamaga hem-de nesilden-nesle geçirmäge bolan borç we hukuk asyrlar boýy dowam edipdir we biziň günlerimize gelip ýetipdir.

Afrikanyň taryhyna degişli agzeki çeşmeler birnäçe toparlara bölünýärler. Afrikaly taryhçy Ž. Ki-Zerbo afrikan agzeki çeşmeleriniň şeýle görnüşlerini sanap geçýär: nesilşalyk poemalary, dini nesihatlar we öwgüli tarypnamalar, maşgala ýatlamalary, gürrüňler, hekaýatlar we rowaýatlar.

Ýewropanyň we Amerikanyň Afrikany öwrenýän köne merkezlerinde agzeki çeşmeleri ýygnamak we ylmy dolanyşyga girizmek bilen baglanyşykly işler dowam etdirilýär. Bu işe, aýratyn hem, afrikaly alymlar uly üns berýärler. Günbatar Afrikanyň ýurtlarynyň taryhyna degişli agzeki çeşmeleri toplamak we seljermek işleriniň alnyp barlyşyny kadalaşdyrmak maksady bilen 1968-nji ýylda Niýemeýada (Niger) döwletara «Agzeki çeşmeleri resminamalaşdyrmak boýunça sebit merkezi» guramasy döredildi. Bu merkeziň üstüne şu meselede Beniniň, Burkina-Fasonyň, Gambiýanyň, Kamerunyň, Kod D'Iwuaryň, Gananyň, Gwineýanyň, Liberiýanyň, Maliniň, Nigeriň, Senegalyň, Sýerra-Leoneniň, Çadyň we Togonyň uniwersitetleridir institutlarynyň özara hyzmatdaşlygyny sazlaşdyrmak wezipesi ýüklenildi. Geçen döwrüň dowamynda agzeki çeşmeleri toplamak hem-de çap etmek bilen baglanyşykly Kongo Halk Respublikasynda, Zairde we beýleki ýurtlaryň käbirlerinde birnäçe işler durmuşa geçirildi. Günbatar Afrika ýurtlarynda alnyp barylýan işler bilen kybapdaş tagallalar Gündogar Afrika ýurtlarynda hem alnyp barylýar.

Afrika ýurtlarynyň geçmişine degişli arap dilli çeşmeler

Afrikanyň Sahara çölünden günortada ýerleşýän ýurtlarynyň taryhyny öwrenmekde arap dilli çeşmeleriň uly ähmiýeti bardyr. XIX–XX asyrlarda geçirilen giň gerimli arheologik barlaglarda alnan maglumatlary hasap etmeseň, onda bu ägirt uly sebitiň Beýik Geografik açyşlaryndan öňki döwürleriň taryhy barada diňe arap dilli çeşmeler maglumat berip bilýär. Beýik Geografik açyşlardan soň Afrika ba-

rada ýazan awtorlardan Rojer Bekon, Matweý Parižli, Raýmund Lulliý dagylaryň berýän maglumatlary hem ahyrsoňunda arap awtorlarynyň ýa-da arapça terjime edilen antik awtorlaryň berýän maglumatlaryna daýanýardy.

Afrika barada gürrüň berýän arap dilli çeşmeleriň giň ýaýran görnüşi ýyl ýazgylarydyr. Gündogar Afrikanyň kenarlarynda ýaşan halklar we suahili şäher döwletleriniň taryhy baradaky ýazgylar, esasan, suahili dilinde ýazylypdyr. Emma bu ýerler barada ýeke-täk arap dilli eser – «Kitab as-sulwa fi-ahbar Kilwa» (Kilwa hakynda gowün göteriji maglumatlary berýän kitap) saklanyp galypdyr. Bu eser ylymda «Kilwanyň ýyl ýazgysy» ady bilen bellidir. Kitabyň aýratyn tarapy, ondaky berilýän maglumatlar suahili dilinde ýazylan taryh eserde dolulygyna gaýtalanýar. Eserde kenarýaka suahili şäher-döwletleriniň iň ululary nyň biri bolan Kilwa-Kisiwaniniň X–XVI asyrlar döwrüniň taryhy beýan edilýär. Onda, esasan, syýasy taryhyň meseleleri gozgalýar, ýöne Kilwanyň durmuş-ykdysady taryhy barada-da az-kem maglumatlar getirilýär.

Awtory näbelli bolan «Kilwanyň ýyl ýazgysy» XVI asyryň 30-njy ýyllarynda ýazylandyr diýlip çak edilýär. Emma eseriň asyl nusgasy saklanyp galmandyr; onuň 1862-nji ýylda göçürilen nusgasy alymlar tarapyndan ýüze çykarylypdyr.

«Kilwanyň ýyl ýazgysy» eseri Gündogar Afrikanyň demirgazyk sebitleriniň taryhy ýazylanda peýdalanylypdyr. Onuň täsiri astynda «Kitab az-zunuj» (Zinjileriň[1] kitaby) eseri döredilipdir. Ondaky wakalar 1902-nji ýyla çenli ýetirilip goýlupdyr.

Gündogar Afrikanyň taryhy barada gürrüň berýän eser «Tuhfat az-zaman» (Döwrüň sowgady) atly ýyl ýazgysydyr. Eser «Futuh al-habaşa» (Abissiniýanyň basylyp alynmagy) ady bilen hem bellidir. Bu ýyl ýazgysy Hindi ummanynyň kenarlarynda däl-de, «Arap Fakih» lakamly Şihab ad-din Abd al-Kadyr ibn Salim ibn Osman tarapyndan 1543-nji ýylda Merkezi Efiopiýada ýazylypdyr. Dokuz bapdan duryan bu ýyl ýazgysynda galla halkynyň «Gran» lakamly serdary ymam Ahmet ibn Ibrahimiň ýörişleri we basybalyşlary beýan edilýär. Arap Fakihiň özi Ahmet Granyň ýakyn adamlarynyň biri bolupdyr. Şonuň üçin hem ol öz hojaýynynyň ýeňişlerini şöhratlandyrmagy maksat edinipdir. Emma eseriň şeýle mazmunynyň bardygyna garamazdan, onda gürrüňi edilýän sebitiň taryhy barada-da juda gymmatly maglumatlar berilýär.

Arap Fakihiň eseri Gündogar Afrikanyň kenar ýakalarynda we Nil derýasynyň sebitlerinde döredilen ýyl ýazgylaryny baglanyşdyrýan özboluşly halka bolup hyzmat edýär. Sebäbi soňra häzirki Sudanyň ýerinde köpsanly arap dilli taryhy eserler peýda bolýar. Gündogar Sudanyň arap dilli çeşmelerini öwrenen G. Mak-Maýkl (1882–1969) bu ýerlerde taryhy eserleriň üç görnüşiniň ýa-da kysmynyň ýaýrandygyny belleýär. Olaryň birinjisi «nisbe» bolup, onda aýry-aýry taýpalaryň ýa-da şerifleriň şejere taryhy beýan edilýär. Eserleriň ikinji görnüşi «tabakat» (sözme-söz

[1] Arap edebiýatynda «jinjiler» diýlip häzirki Zanzibaryň ilatyna aýdylypdyr.

Maliniň Timbuktu şäher kitaphanasynda saklanýan arap, pars we türki dillerindäki golýazmalar

terjime edilende «kysym», «görnüş», göçme manyda bolsa, «ömür menzilleri» manylaryny aňladýar) diýlip atlandyrylyp, olar «nisbe» bilen hem bellibir derejede utgaşýar. Şeýle kysymdaky işler orta asyr arap edebiýatynyň özünde hem giň ýaýrapdyr.

«Tabakat» kysmyna degişli eserleriň hatarynda Muhammet Nur al-Halfawiniň (1809-njy ýylda aradan çykan) «Tabakat fi-hasais al-auliýa wa-s- salihin wa-l-ulama wa-ş-şuara fi-s-Sudan» (Sudanyň öwlatlarynyň, ulamalarynyň, takwalarynyň we şahyrlarynyň ömür menzilleriniň aýratynlygy) kitabyny görkezmek bolar. Onda Gündogar Sudanyň taryhynyň XVII–XVIII asyrlar döwri barada gymmatly maglumatlar berilýär.

Sudanyň arap dilli çeşmeleriniň üçünji görnüşini G. Mak-Maýkl «ýarymtaryhy, ýarymşejere» kysmy işler diýip atlandyrýar. Şeýle işleriň hatarynda awtory näbelli ýylýazgysy bolan «Tarih muluk al-funj» (Funjalaryň patyşalarynyň taryhy) eserini görkezmek bolar. Eserde XVI asyryň birinji çärýeginde funja halkynyň Sennarda (Demirgazyk Sudan) ýerleşen döwletiniň taryhy beýan edilýär. Eserdäki wakalaryň beýany XVI asyryň başlaryndan başlap, tä XIX asyryň birinji çärýegine çenli döwri öz içine alýar. Mälim bolşy ýaly, 1820-nji ýylda bu ýerleri Müsüriň hökümdary Muhammet Aly basyp alypdy.

Merkezi we Günbatar Sudanyň taryhy boýunça arap dilli çeşmeler has hem köpdür. Bar bolan çeşmeler birnäçe toparlara bölünýärler. Olaryň has köp ýaýrany aýry-aýry şäherleriň ýa-da ownuk begliklerin taryhyna bagyşlanan eserlerdir. Şeýle görnüşdäki eserleriň hatarynda «Tarih Sokoto» (Sokotonyň taryhy) eserini görkezmek bolar. Eser Hajž Said tarapyndan XIX asyryň ortalarynda ýazylypdyr. Eseriň awtory barada aýdylanda, ol fulba halkynyň hökümdary Osman dan Fadionyň

Afrikanyň taryhyna degişli golýazma

nesilleri tarapyndan dolandyrylan Sokoto soltanlygynyň (Demirgazyk Niger) dolandyryjylarynyň gullugynda durupdyr. Hajž Saidiň şeýle ýokary wezipäni eýelemegi, oňa Sokotanyň taryhyny jikme-jik beýan etmäge mümkinçilik beripdir.

«Diwan» ýa-da «Bornunyň soltanlarynyň sanawy» eseri hem çeşmeleriň gürrüňi edilýän görnüşine degişlidir. Onda Kanemiň we Bornunyň (häzirki Niger we Çad döwletleriniň ýerlerinde) hökümdarlarynyň ömür beýanlary şöhlelendirilýär. Kitapda ir döwürde Ýemenden gelen Seýf ibn Zu Ýazandan başlap, tä Dunama ibn Ahmediň (1808–1817) hökümdarlygyna çenli döwrüň wakalary beýan edilýär. Şu döwre degişli awtory näbelli «Tazkirat an-nisýan fi-ahbar muluk as-Sudan» (Sudanyň hökümdarlarynyň taryhyny unudýanlara ýatlama) eseri hem saklanyp galypdyr. Eser Tumbuktuda ýazylypdyr (Mali) we ondaky wakalar 1754-nji ýyla ýetirilip goýlupdyr. Tumbuktu şäherinde ýazylandygy üçin, onda bu şäheriň asly Marokkadan bolan dolandyryjylarynyň ömür ýollary we eden işleri jikme-jik beýan edilipdir.

Ýokarda ady agzalan Arap Fakihiň işiniň gurluşyna we mazmunyna meňzeş taryhy eserleriň ýene-de biri Bornunyň patyşasy (maý) Idris Alomyň baş ymamy bolup işlän Ahmet ibn Fartuanyň eserleridir. Ahmet ibn Fartuanyň iki sany ýyl ýazgysy saklanyp galypdyr; olaryň biri «Maý Idris Alomyň hökümdarlygynyň taryhy», beýlekisi – «Kanem uruşlary» kitaplarydyr. Mälim bolşy ýaly, maý Idris Alomyň (1580–1617) döwründe Bornu soltanlygy güýçli döwlet bolupdy. Ahmet ibn Fartuanyň eserlerinde şol döwrüň wakalary, aýratyn hem, maý Idrisiň 1582–1600-nji ýyllarda alyp baran uruşlarynyň, geçiren ýörişleriniň taryhy birin-birin şöhlelendirilipdir. Eserde syýasy wakalar bilen bir hatarda, hökümdaryň durmuşa geçiren möhüm özgertmeleri barada-da baý maglumatlar berilýär.

Sudanyň arap dilli ýyl ýazgylarynyň üçünji bir görnüşini ol ýa-da beýleki ýurtlaryň we sebitleriň taryhy has çuňňur beýan edilen eserler düzýär. Olardan üç sanysy aýratyn bellemäge mynasypdyr: «Tarih al-fattaş fi-ahbar al-buldan wa-l-juýuş wa-akabir an-nas» (Ýurtlar, goşunlar we tanymal adamlar hakyndaky gürrüňleri agtaryjynyň taryhy), «Tarih us-Sudan» (Sudanyň taryhy) we «Infak al-maýsur fi-ta-

rih bilad at-Tukrur» (Tekrur ýurdunyň taryhynyň gysgaça beýany). Eserleriň başky ikisi XVII asyryň ortalarynda Tumbuktuda, üçünjisi bolsa XIX asyryň 30-njy ýyllarynda Sokotoda ýazylypdyr. Ýyl ýazgylarynyň üçüsiniň hem awtorlary belli köşk adamlary bolupdyr. Mysal üçin, «Tarih as-Sudan» eseriniň awtory Abdyrahman as-Sady Tumbuktunyň hökümdarlarynyň köşgünde ýokary wezipeleri eýeläpdir; «Infak al-maýsury» ýazan Muhammet Bello bolsa XIX asyryň başlarynda Demirgazyk Nigerde uly söweşleri alyp baran we Sokotonyň birinji soltany Osman dan Fadionyň ogly bolupdyr. Bu awtorlar öz döwrüniň tanymal adamlary bolandyklary üçin, öz döwründe Günbatar Sudanyň taryhynda uly yz galdyran Songaý döwleti we Sokota barada möhüm maglumatlary berip bilipdirler.

Afrikanyň taryhy boýunça dini-hukuk mazmunly eserler hem möhüm maglumatlary özünde jemleýärler. Muňa Osman dan Fadionyň galdyran ýazgylary mysal bolup biler. Osman dan Fadionyň «Tanbihal-ihwan» (Doganlaryma wesýet) eseri hem şeýle mazmundaky ýazgylardyr. Onda Songaý döwletiniň hökümdary al-Haj Muhammet I-niň (1493–1528) hatlaryndan bölekler hem getirilýär.

Afrikanyň taryhyny öwrenmekde tumbuktuly alym Ahmet Babanyň «Naýlal-ibtihaj bi-tatriz ad-dibaj» ([Biografik sözlük bolan] «Ud-Dibaj» matasyna güýmenje goşundysy) eseriniň hem ähmiýeti uludyr. Ondaky maglumatlar «Sudanyň taryhy» ýyl ýazgysy üçin esasy çeşme bolup hyzmat edipdir.

Resminama häsiýetdäki çeşmeleriň hatarynda arap dilinde ýazylan «mahramami» (erkinlik, tarhanlyk hatlary) diýlip atlandyrylan döwlet hatlaryny görkezmek bolar. Bu hatlar Merkezi Sudanda XI asyrda peýda bolup başlapdyr. Kanemiň patyşasy Umma Jilmi (takmynan, 1086–1097-nji ýyllar) özüne Kurany we musulman ulamalarynyň eserlerini okamagy öwreden Muhammet ibn Mana salgyt erkinliginiň berilýändigi hakyndaky «mahramami» gowşurypdyr. «Mahramamileriň» ýüze çykarylan nusgalarynyň iň soňkusy 1806-njy ýyl bilen senelendirilýär. Häzirki döwre çenli Kanemiň we Bornunyň hökümdarlary tarapyndan berlen «mahramamileriň» köp sanlysy saklanyp galypdyr.

Günbatar Sudanda «mahramamiler» ýüze çykarylmandyr. Emma bu sebitleriň durmuş-ykdysady ýagdaýy barada gürrüň berýän köp mukdardaky ýazuw ýadygärlikleri – patyşalaryň alşan hatlary saklanyp galypdyr. Olaryň hatlarynda asly magribli kanunçy hem-de ulama Abd al-Kerim al-Magiliniň sudanly musulman hökümdarlary bilen alşan hatlary ýüze çykaryldy.

Afrikanyň taryhy barada köne musulman öwlüýälerinde saklanyp galan mazar daşlaryndaky ýazgylar (epigrafik ýazgylarynyň bir görnüşi) hem köp maglumat berip bilýärler. Muňa Gaonyň (häzirki Niger döwleti) patyşalarynyň öwlüýäsindäki ýazgylar mysal bolup biler. Edil şeýle mazmundaky mazar ýazgylary Hindi ummanynyň kenaryndaky ýerlerde hem köp duş gelýär. Şol ýazgylar bu ýerleriň musulman döwletleriniň Arabystan ýarym adasy we Pars aýlagy sebiti bilen ýakyn aragatnaşykda bolandygyna şaýatlyk edýär.

Hausa dilindäki çeşmeler

Hausa halkynyň (Demirgazyk Niger) taryhy boýunça dürli görnüşdäki we mazmundaky köpsanly çeşmeler saklanyp galypdyr. XV asyrdan XVIII asyryň ahyrlaryna çenli hausalaryň taryhnamasy iki ugur boýunça ösüpdir. Olardan birinjisi arap dilli edebiýatyň täsiri bilen kemala gelipdir we ösüpdir. Bu ugruň wekilleri «malami» diýlip atlandyrylyp, olar gelmişek adamlar bolupdyrlar we Afrikanyň bellibir ýerinde hemişelik ýaşamandyrlar. Malamlar ýerli halkdan bolan öz kärdeşlerine musulman ylmy, kelam (musulman hukugy), arap dili we beýleki ugurlar boýunça sapak beripdirler. Malamlaryň öz eserleri, esasan, dini häsiýetde bolup, garaýyşlary boýunça olar magribli we müsürli alymlara golaý bolupdyr. Malamlar dünýewi häsiýetdäki eserleri hem döredipdirler.

Bu ugruň gözbaşynda asly Tlemsenden (Alžiriň demirgazygynda) bolan din ýaýradyjy ulama Abd al-Karim Magili bolupdyr. Ol XV asyryň ahyrlarynda – XVI asyryň başlarynda birnäçe ýyllap Songaý patyşalarynyň we hausa emirleriniň köşgünde ýaşap, hökümdarlaryň dini meseleleri boýunça maslahatçy bolup gulluk edipdir. Mälim bolşy ýaly, Afrikanyň günbatarynda Yslam dini ýaýrasa-da, bu ýerlerde ýerli dinler hem ýaşamagyny entekler dowam etdiripdir. Onuň patyşalar we emirler bilen alşan hatlary sebitiň taryhy boýunça gymmatly çeşme hasap edilýär. Sebäbi Abd al-Karim Magili öz hatlarynda ýerli hökümdarlary Yslamyň ýoluny berk tutmaga we ýerli dinlerden ýüz öwürmäge çagyrypdyr.

Hausa taryhnamasynyň ikinji bir ugry ýerli däplere esaslanypdyr. Edil birinji ugruň döreýşi ýaly, bu ugra degişli eserleriň döredilen ýerleri hem patyşalaryň we emirleriň köşgi bolupdyr. Malamlardan tapawutlylykda, bu ugruň wekilleri arap däl-de, afrika dilli medeniýete köp üns beripdir. Şeýle bolansoň bu ugruň işlerinde Afrikanyň ýerli medeniýetine we halk mirasyna has köp üns berlipdir. Esasy mesele hökmünde dini däl-de, dünýewi temalar saýlanyp alnypdyr.

Hausalaryň orta asyr we täze taryh döwürleri boýunça ýazylan işleriň esasy görnüşi ýyl ýazgylarydyr. Ýyl ýazgylary hausalaryň ähli şäherlerinde ýazylandyr diýlip çaklanylýar, ýöne olaryň käbirleri saklanyp galypdyr. Olardan «Kano ýyl ýazgysy», «Zamfaranyň taryhy», «Zari ýyl ýazgysy», «Abujanyň ýyl ýazgysy», şeýle hem Kano, Kasina, Kebbi, Gobir şäherleriniň geçmişi hem beýan edilýän «Hausalaryň taryhy» eserlerini görkezmek bolar. Hausalaryň şäherleriniň käbirleriniň taryhy ýyl ýazgylary esasynda däl-de, patyşa golýazmalarynda beýan edilýär. Olaryň hatarynda Kasiniň, Dauranyň we Garun Gabasyň geçmişine bagyşlanan golýazmalary görkezmek bolar. Hausalaryň şäherleri hakyndaky ýyl ýazgylaryna meňzeş görnüşli eserler hem saklanyp galypdyr. Mysal üçin, Kanonyň, Dauranyň, Zariniň Zamfaranyň taryhyna bagyşlanan ýyl ýazgylaryndan başga-da, bular hakynda «Baugada hakynda aýdym» (Wakar Bagauda), «Daura – Sarki ýylanyny

ýeňiji» (Daura makas Sarki), «Zamfaranyň taryhy» (Tarihin Zamfara), «Zamfarlylaryň taryhy», «Zamfara» ýaly eserler döredilipdir.

Ýyl ýazgylarynyň we olar bilen kybapdaş eserleriň «Abujanyň ýyl ýazgysyndan» galanlary ady näbelli awtorlar tarapyndan ýazylypdyr. Olar arapça we hausa dilinde ýazylypdyr. Emma olaryň aglabasy asyl nusgasynda däl-de, giçki döwrüň (olaryň köpüsi XIX asyryň ikinji ýarymyndan soň peýda bolupdyr) terjimeleri arkaly biziň günlerimize gelip ýetipdir. Mysal üçin, «Abujanyň ýyl ýazgysynyň» giçki nusgasy köne dessurlar esasynda XX asyrda ýazylypdyr.

Möhüm taryhy hem-de medeni ýadygärlik hasap edilýän «Kanonyň ýyl ýazgysy» hausa dilini we bu halkyň däp-dessurlaryny gowy bilýän awtor tarapyndan arap dilinde ýazylypdyr. Bu eser sene taýdan X–XIX asyrlaryň taryhyny öz içine alýar. Onda hausalaryň ady rowaýata öwrülip giden hökümdary Bagaudan (998–1063) başlap, emir Muhammet Bellonyň (1883–1892) döwrüne çenli aralykdaky wakalar beýan edilýär.

«Zari ýyl ýazgysy» eseri hausa dilinde ýazylypdyr. Bu eser Zazzau emirliginiň taryhyna bagyşlanan arap dilli eseriň hausalaryň diline terjimesi bolup durýar. «Zamfaranyň döreýşi» hem hausa dilinde ýazylan eserdir.

Efiop (amhar) çeşmeleri

Efiopiýa barada köp ýazylypdyr. Çünki Efiopiýa hakyndaky gyzyklanmalar arap ýurtlarynda we Ýewropada ir döwürden başlapdyr. Baryp XII asyrda Ýewropada Afrikada ýerleşýän syrly hristian ýurdy baradaky gürrüňler peýda bolýar. Arabystanyň, Müsüriň we Magrib ýurtlarynyň taryhy barada dürli asyrlarda ýazylan işlerde hem Efiopiýa barada bellibir mukdardaky maglumatlar berlipdir. Efiopiýa hakynda Tropik Afrika ýurtlarynda ýazylan ýyl ýazgylarynda, hausa we suahili dillerinde döredilen eserlerde hem aýdylýar.

XVI asyrda portugallaryň Efiopiýa aralaşyp başlamagy bilen, bu ýurt baradaky maglumatlaryň gerimi has hem giňeýär. Portugal we ispan deňizde ýüzüjilerden Efiopiýa barada köpsanly şaýatnamalar saklanyp galypdyr. XIX asyrda Afrika has giňişleýin öwrenilýän döwürde Efiopiýada iş alyp baran italýan we fransuz monahlarynyň, iňlis diplomatlarynyň ýatlamalary köpçülikleýin çap edilýär.

Efiopiýanyň şertlerine laýyklykda geçmişde ýurduň çäginde iki sany dil ýaýrapdyr. Olaryň biri geez, beýlekisi bolsa amhar dili bolupdyr. Geez Efiopiýanyň hristian buthanasynyň, diýmek, efiop döwletiniň dili bolupdyr, şonuň üçin hem ol halkyň esasy köpçüligi üçin düşnüksiz bolup galypdyr. Amhar dili bolsa giň halk köpçüliginiň – amhar halkynyň dili bolupdyr. Diniň hem-de döwletiň dili bolandygy üçin, geez dili asyrlaryň dowamynda medeniýetiň, ylym-bilimiň we edara işiniň

diliniň wezipesini ýerine ýetirip gelipdir. Geez dilinde baý edebiýat we taryhnama mirasy hem döredilipdir.

Amhar dili barada aýdylanda, ol XIX asyryň ortalaryna çenli doly derejede hat-ýazuwyň diline öwrülip bilmändir. Muňa garamazdan, heniz XIV asyrda köne amhar dilinde efiop patyşalarynyň ýeňişli ýörişleriniň şanyna harby-gahrymançylyk mazmunly aýdymlar ýazgy edilipdir. Ýöne ol döwürler köne amhar dili häzirki amhar dilinden geez diline has golaý bolupdyr.

Efiop golýazmasy

Amhar dilindäki ýazgylaryň peýda bolmagyna XVIII–XIX asyrlarda Efiopiýada iş alyp baran ýewropaly din ýaýradyjylar (missionerler) uly itergi beripdirler. Hristiançylygyň katolikçilik ugruny ýaýratmaga çalşan ýewropaly missionerler Efiopiýanyň prawoslaw buthanasynyň ruhanylary bilen ylahyýet meselesinde ýiti jedelleri, çekişmeleri gurapdyrlar. Şunda ýewropaly missionerler amhar diline ähmiýet beripdirler, sebäbi efiopiýaly ruhanylar diňe geez dilini ulanýardylar, halk köpçüligi bolsa amhar dilinde gürleýärdi. Netijede, missionerler ýerli halky öz tarapyna çekmek maksady bilen, amhar dilinde kitaplary köpçülikleýin neşir edip ugraýarlar. Elbetde, katolikçi missionerler geez dilinde hem kitaplary çap edipdirler. 1810–1840-njy ýyllarda Efiopiýada amhar dilinde birnäçe dini kitaplar neşir edilipdir.

Amhar dilinde kitaplaryň neşir edilmegini Efiopiýanyň neguslary (patyşalary) hem oňlapdyrlar, sebäbi bu dilde ýazylan eserler giň halk köpçüligine düşnükli bolupdyr. Haçanda iňlis missioneri Flad Efiopiýa amhar we geez dilinde ýazylan kitaplary getirende, negus (patyşa) Feodor II Teodros (1855–1868) oňa ýüzlenip: «Siz näme üçin hiç kimiň düşünmeýän dilinde ýazylan kitaplary getirýärsiňiz? Olaryň näme peýdasy bar?» diýip, geez dilinde ýazylan kitaplary görkezipdir. Emma, onuň tersine, efiop buthanasynyň baştutany, göýä Hudaýyň halamaýan hapa zady ýaly, amhar dilinde ýazylan kitaplara elini hem uzatmandyr.

Ýewropaly missionerler amhar diliniň ösmegi, onuň hat-ýazuwyň diline öwrülmeginde köp tagalla edipdirler. Muňa XIX asyryň ikinji ýarymynda Feodor II-niň dolandyran ýyllaryna bagyşlanyp iki sany ýyl ýazgysynyň döredilmegi hem şaýatlyk edýär. Ýyl ýazgylarynyň ikisi hem din adamlary tarapyndan ýazylypdyr.

Olaryň birini Wolde Maryam, beýlekisini bolsa Zenab ýazypdyr. Zenabyň ýyl ýazgysynda 1799–1856-njy ýyllaryň wakalary beýan edilýär.

Ýyl ýazgylary negus Menelik II-ä (1889–1913) bagyşlanyp hem döredilipdir. Eseriň awtory köşk taryhçysy Gebre Selessiýe bolupdyr. XIX asyryň ikinji ýarymynda – XX asyryň başlarynda amhar dilinde köp mukdarda arhiw we gaýry maglumatlar hem toplanypdyr. Emma olaryň köpüsi 1935–1936-njy ýyllaryň italýan-efiop urşy döwründe ýok edilipdir. Şonuň üçin hem Efiopiýanyň taryhynyň şu döwri ýazylanda, esasan, ýewropa çeşmeleri we gözi bilen görenleriň ýatlamalary peýdalanylýar.

Umuman alnanda, Efiopiýanyň taryhy boýunça dürli görnüşdäki we mazmundaky çeşmeler saklanyp galypdyr. Olar Afrikanyň bu gadymy ýurdunyň taryhyny içgin öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Suahili dilindäki çeşmeler

Suahili Gündogar we Merkezi Afrikada giň ýaýran dilleriň biridir. Suahili Tanzaniýanyň döwlet dili, Ugandada ikinji dil hökmünde ulanylýar. Bu dil Keniýada hem giňden ýaýrandyr. Suahili dilinde köp mukdarda ýazuw ýadygärlikleri saklanyp galypdyr. Emma alymlaryň bellemegine görä, olaryň köp bölegi heniz ylmy esasda öwrenilmändir.

Suahili dilindäki çeşmeleri ýygnamaklyk XX asyryň 60-njy ýyllarynda başlandy. Mysal üçin, diňe 1965–1967-nji ýyllarda 25 müň sahypa golaý suahili we 4 müň sahypa töweregi arap dillerindäki golýazmalar toplanyldy.

Suahili dilindäki ýazgylar Gündogar Afrikanyň, şeýle hem dünýäniň köp ýurtlarynyň milli arhiwlerinde saklanýar. Suahili dilindäki golýazmalaryň ummasyz köp mukdaryna Tanzaniýanyň Dar-es-Salam uniwersitetiniň kitaphanasy eýelik edýär. Köpsanly resminamalar Tanzaniýanyň 1962-nji ýylda döredilen Milli arhiwinde toplandy. Bu resminamalar hakyndaky maglumatlar 1966-njy ýyldan bäri çykyp ugran ýyllyk žurnalda yzygiderli çap edilýär. Dar-es-Salam uniwersitetinde saklanýan suahili dilindäki maglumatlar belli Afrikany öwreniji alym J. W. T. Allen tarapyndan taýýarlanylan ýygyndyda beýan edildi. Dar-es-Salam uniwersitetindäki golýazmalaryň ýörite katalogy, şu uniwersitetiň ýanyndaky Suahili dili boýunça ylmy-barlag instituty tarapyndan çap edildi. Bu institutyň özüne degişli «Kiswahili» atly ylmy žurnaly hem hereket edýär.

Suahili dilindäki maglumatlar we çeşmeler Keniýanyň Milli arhiwinde we taryhy muzeýlerinde, şeýle hem Ugandanyň Makerere uniwersitetiniň kitaphanasynda saklanýar.

Gymmatly çeşmeler we maglumatlar Ýewropa döwletleriniň dürli kitaphanalarynda, milli hem-de şahsy arhiwlerinde, aýry-aýry adamlaryň şahsy mirasha-

nalarynda saklanýar. London uniwersitetiniň ýanyndaky Gündogary we Afrikany öwreniş mekdebinde, Oksford uniwersitetiniň kitaphanasynda we Angliýanyň beýleki ylmy merkezlerinde suahili dilindäki golýazmalaryň, mikrofilmleriň we resminamalaryň köp mukdary jemlenipdir. Şeýle görnüşdäki maglumatlar GFR-iň, Watikanyň, Fransiýanyň, Şwesiýanyň we beýleki ýurtlaryň arhiwleridir kitaphanalarynda-da az däl. Hatda suahili dilindäki ýazgylar Hindistanda-da ýüze çykaryldy. XX asyryň 70-nji ýyllarynyň başlarynda Hindistanyň Goa şäherinde arap haty bilen suahili dilinde ýazylan 14 sany hat tapyldy. Şol hatlar XVIII asyryň başlaryna degişli bolup, olar suahili dilinde ýazylan iň irki ýazgylar hasap edilýär.

Suahili dilinde köpsanly ýyl ýazgylary döredilipdir. XX asyryň 50-nji ýyllarynda suahili dilindäki ýyl ýazgylary J. B. Emeri, M. Giýlen, J. M. Til, S. A. Strong, A. Werner, I. K. Beýker, W. T. Piggot, A. K. Hollis ýaly görnükli ýewropaly alymlar tarapyndan toplandy we öwrenildi. Olar «Mombasanyň ýyl ýazgysy», «Kilwanyň ýyl ýazgysy», «Zinjileriň döwletiniň ýyl ýazgysy», «Mafiýa adalarynyň taryhy», «Wumbanyň taryhy», «Pate döwletiniň ýyl ýazgysy», «Lamunyň ýyl ýazgysy» ýaly suahili dilinde aýdylýan halk döredijilik eserlerini ýazyp aldylar. Emma alymlar şol maglumatlaryň XII–XIII asyrlardan bärkileriniň has ygtybarlydygyna kepil geçýärler.

Suahili dilindäki çeper edebi eserler hem Gündogar we Merkezi Afrikanyň taryhy boýunça möhüm çeşmeler hasap edilýär. Suahili dilindäki çeper eserler öz gözbaşyny X–XI asyrlardan alyp gaýdýar. Çeper edebiýatda giň ýaýran ugurlaryň biri gahrymançylyga ýugrulan şygyrlar (maşair) we poemalar, şadessanlar (tendi ýa-da tenzi) hasap edilýär. Bu eserler mazmuny boýunça harby-gahrymançylyga ýugrulan epiki eserlerdir.

Maşair eserleriniň ilkinjileriniň biri 1150-nji ýylda şahyr Liongo Fumo tarapyndan ýazylypdyr. Şahyryň eseri öz döwrüniň durmuş gurluşyny we ruhy durmuşyny beýan edýär. Suahili çeper edebiýatynda Liongo Fumo tarapyndan döredilen edebi däpler XVIII asyrda şahyrlar Abdallah ibn Nasiri (1710–1810) we Saýit Aýdarusi ibn Atmani (1750–?) tarapyndan has-da kämilleşdirilýär.

Suahili dilindäki tenziler (poema, şadessan) has giň ýaýrapdyr. Tenziler şygyr bilen ýazylan özboluşly eserler bolup, olaryň taryhy ýa-da dini äheňdäki mazmuny bardyr. Şeýle mazmundaky eserleriň hatarynda Hemedi ibn Abdalla ibn Saýt ibn Abdalla ibn Masudi al-Buhriýiň «Germaniýanyň Gündogar Afrikanyň kenarlaryny basyp alşy hakynda poemasyny» we Abdul Kerim ibn Jemaliddininiň «Maji-Maji urşy hakynda poemasyny», Hemedi ibn Isanyň «Maji-Maji hakynda poemasyny» görkezmek bolar.

Umuman alnanda, Afrikanyň taryhyna degişli ýazuw çeşmeleri köpdür we köp dürlüdir.

GOŞUNDYLAR

Arap dilinde eser ýazan taryhçylar:

1. Urwa ibn Zubaýr (712-nji ýylda aradan çykan).
2. Wahba ibn Munabbih (735-nji ýylda aradan çykan).
3. Ibn Şihab az-Zuhry (678–748).
4. Ibn Ishak (761-nji ýylda aradan çykan).
5. Abu Mihnaf (774-nji ýylda aradan çykan).
6. Hişam ibn Muhammet al-Kalbi (819-njy ýylda aradan çykan).
7. Al-Wakidi (823-nji ýylda aradan çykan).
8. Ibn Hişam (835-nji ýylda aradan çykan).
9. Ibn Saad al-Bagdady (845-nji ýylda aradan çykan).
10. Halifa ibn Haýat (777–854).
11. Ibn Abd al-Hakam (802–871).
12. Abdallah ibn Kutaýba (828–889).
13. Abu Hanifa ad-Dinaweri (828–896).
14. Al-Belazuri (820–892).
15. Muhammet at-Tabary (838–923).
16. Ýakuby (900-nji ýylda aradan çykan).
17. Ahmet ibn Fadlan (922-nji ýylda aradan çykan).
18. Ahmet ibn Azham (926/7-nji ýylda aradan çykan).
19. Abu Muhammet al-Hamdany (893–945).
20. As-Suly (946-njy ýylda aradan çykan).
21. Al-Masudi (955-nji ýylda aradan çykan).
22. Kadi al-Numan (974-nji ýylda aradan çykan).
23. Sinan ibn Tabit (976-njy ýylda aradan çykan).
24. Ibn al-Kutiýa (977-nji ýylda aradan çykan).
25. As-Sagani (990-njy ýylda aradan çykan).
26. Al-Makdisi (945/46–1000).
27. Ibn Farady (962–1012).
28. Al-Musabihi (1030-njy ýylda aradan çykan).
29. Ibn Miskaweýh (932/36–1030).
30. Al-Utbi (1036-njy ýylda aradan çykan).
31. Al-Biruny (973–1048).
32. Hilal as-Sabi (969–1056).
33. Ibn Hazm (994–1064).

34. Al-Hatib al-Bagdady (1071-nji ýylda aradan çykan).
35. Ýusuf ibn Abd al-Barr (1071-nji ýylda aradan çykan).
36. Ibn Haýan (987–1075).
37. Abul Fazl Beýhaky (995–1077).
38. Al-Udri (1003–1085).
39. Al-Bakry (1014–1094).
40. Kadi Aýad (1089–1149).
41. Ibn al-Kalanisi (1070–1160).
42. Muhammet al-Baýhak (1164-nji ýylda aradan çykan).
43. Ibn Asakir (1176-njy ýylda aradan çykan).
44. Usama ibn Munkyz (1095–1188).
45. Ibn Rüşd (1126–1198).
46. Ymadeddin al-Isfahany (1125–1201).
47. Abul Faraj ibn al-Jöwzi (1116–1201).
48. Nejmeddin Muhammet Rawendi (1204-nji ýyllar töweregi aradan çykan).
49. Abdylwahid al-Marrakuşy (1185–1224-nji ýyldan soň aradan çykan).
50. Abdallatif al-Bagdady (1162–1231).
51. Ibn al-Asir (1160–1234).
52. Bahaeddin Şaddad (1145–1235).
53. Muhammet Aufy (1171–1242).
54. Sibt ibn al-Jöwzi (1256-njy ýylda aradan çykan).
55. Minhaý-i-Siraý (1193–1259).
56. Ibn al-Adim (1192–1262).
57. Abu Şama (1267-nji ýylda aradan çykan).
58. Al-Kurtuby (1214–1273).
59. Ibn Bibi (1281-nji ýyldan soň aradan çykan).
60. Ibn Hallikan (1211–1282).
61. Ata Mälik Juweýni (1226–1283).
62. Abdulaziz al-Malzuzy (1298-nji ýylda aradan çykan).
63. Ibn at-Tiktaky (1302-nji ýyldan soň aradan çykan).
64. Ibn Idhary (1312-nji ýylda aradan çykan).
65. Reşideddin Fazlallah (1247–1318).
66. Ibn Abi Zar (1310/1320-nji ýyllar aralygynda aradan çykan).
67. Ibn al-Fuwaty (1244–1323).
68. Emir Hysrow Dehlewi (1253–1325).
69. Wassaf (1328-nji ýyldan soň aradan çykan).
70. Abul Fida (1273–1331).
71. Al-Nuwary (1332-nji ýylda aradan çykan).
72. Al-Mizzi (1341-nji ýylda aradan çykan).
73. Zehebi (1274–1348).
74. Ziýauddin Barany (1285–1356).
75. Halil ibn Aýbeg as-Safady (1363-nji ýylda aradan çykan)
76. Ibn Kesir (1301–1373).

77. Ibn Batuta (1304–1377).
78. Ibn al-Hatib (1313–1374).
79. Ibn al-Furat (1334–1405).
80. Ysmaýyl ibn al-Ahmar (1387–1406).
81. Ibn Haldun (1332–1406).
82. Ibn Hajar al-Askalany (1372–1448)
83. Hamdallah Kazwini (1381/2–1344/50).
84. Al-Auni (1360–1451).
85. Şerefeddin Aly Ýezdi (1454-nji ýylda aradan çykan).
86. Ibn Taňryberdi (1409/10–1470).
87. Aşykpaşazada (1400–1481).
88. Dursun beg (1488-nji ýylda aradan çykan).
89. Al-Sakhawy (1428–1497).
90. Mirhond (1433–1498).
91. As-Suýuty (1445–1505).
92. Idris Bidlisi (1520-nji ýylda aradan çykan).
93. Muineddin al-Ulami (1456–1522).
94. Ibn Iýas (1488–1522-nji ýyldan soň aradan çykan).
95. Hondemir (1475–1536).
96. Matrakçy Nasuh (1564-nji ýylda aradan çykan).
97. Saadeddin (1536/7–1599).
98. Mustafa Aly (1541–1600).
99. Mustafa Selýaniki (1600-nji ýylda aradan çykan).
100. Abul Fazl Allamy (1551–1602).
101. Abdul Kadyr Badauny (1540–1615).
102. Ferişta (1560–1620).
103. Nizamuddin Ahmet (1551–1621).
104. Isgender beg Münşi Türkmen (1560/1–1632).
105. Ahmet Muhammet al-Makkary (1578–1632).
106. Kätip Çelebi (1609–1657).
107. Ybraýym Peçewi (1572–1650).
108. Inaýatullah Kanbu (1606–1671).
109. Muhammet Salyh Kambuh (1675-nji ýylda aradan çykan).
110. Abul Fazl Mamury (1700-nji ýylda aradan çykan).
111. Ahmet Däde Müneçjimbaşy (1632–1702).
112. Mustafa Naima (1655–1716).
113. Muhammet Aga Silahdar Fyndyklyly (1723-nji ýylda aradan çykan).
114. Muhammet al-Ifrany (1670–1747).
115. Mirza Mehdi Han Astrabady (1760-njy ýylda aradan çykan).
116. Muhammet al-Kadyry (1712–1773).
117. Gulam Hüseýin Tabatabaýy (1781-nji ýylda aradan çykan).
118. Ahmet Rezmi Efendi (1789-njy ýylda aradan çykan).
119. Abdel Rahman al-Jabarty (1753–1825)

120. Ahmet Jewdet Paşa (1822–1895).
121. Ahmet ibn Halid an-Nasiri (1897-nji ýylda aradan çykan).

Meşhur gündogarşynas alymlar

1. Tanymal iňlis taryhçysy Edward Gibbon (1737–1794) Londonyň golaýynda dünýä inýär. Çagalykda Osman imperiýasynyň, araplaryň, rimlileriň we grekleriň taryhy bilen ýakyndan gyzyklanýar. Ol 1752-nji ýylda Oksford uniwersitetine okuwa girýär. Emma dini garaýyşlary üçin uniwersitetden çykarylýar we bäş ýyllap Şweýsariýada ýaşamaly bolýar. 1758-nji ýylda Angliýa dolanyp gelenden soň goşun gullugyna alynýar. Iňlis goşunynyň düzüminde Gresiýada bolup görýär. E. Gibbon 1864-nji ýylda Angliýanyň parlamentine hem saýlanýar. Ol döwlet işiniň daşyndan Rimiň taryhyny ýazmak bilen meşgullanýar. 1776-njy ýylda onuň «Rim imperiýasynyň pese gaçmagy we dargamagy» (History of the decline and fall of the Roman empire) atly meşhur eseriniň birinji tomy neşir edilýär. Onda b. e. II asyryndan 476-njy ýyla çenli döwrüň wakalary beýan edilýär. Şundan soň ol Gündogar Rim imperiýasynyň taryhyny hem ýazyp ugraýar we 1787-nji ýylda Lozannada (Şweýsariýa) bu iş çap edilýär. Edward Gibbon 1794-nji ýylda Lozannada aradan çykýar.

2. Nikita Ýakowlewiç Biçurin (Iakinf, 1777–1853) 1777-nji ýylyň 29-njy awgustynda Kazan Guberniýasynyň Çeboksar uýezdiniň Akulewo obasynda çuwaş maşgalasynda düňýä inýär. Rus prawoslaw buthanasynyň arhimandriti bolupdyr, şonuň üçin hem ol «Iakinf» dini derejesini göteripdir. Ol rus prawoslaw missiýasynyň düzüminde bolmak bilen köp ýyllap Pekinde işleýär we hytaý, mançžur, mongol hem-de türki halklaryna degişli maglumatlary ýygnaýar. Şolaryň esasynda N. Ý. Biçurin Hytaý we onuň bilen sebitdeş döwletleriň taryhy barada uly göwrümli işleri neşir etdirýär. N. Ý. Biçurin 1853-nji ýylyň 11-nji maýynda Sankt-Peterburg şäherinde aradan çykýar.

3. Görnükli fransuz gündogarşynasy, sinology (hytaýy öwreniji) Źan Pýer Abel Remýuza (1788–1832) 1788-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda Pariźde dünýä inýär. Ol ýaşlykdan lukmançylyk bilen gyzyklanýar. Hytaýyň derman ösümlikleri barada ýazylan kitabyny okanyndan soň, ol gündogar medeniýeti, ylmy we lukmançylygy bilen gyzyklanyp başlaýar. Özbaşdak okap bäş ýylyň dowamynda hytaý dilini öwrenýär. 1811-nji ýylda Abel Remýuzanyň ilkinji işi neşir edilýär. 1822-nji ýylda onuň teklibi bilen Parižde Aziýa jemgyýeti esaslandyrylýar. Onuň esasy hyzmaty hytaý çeşmeleriniň esasynda türki we mongol halklarynyň taryhyny düýpli öwrenmegidir. A. Remýuza 1832-nji ýylyň 2-nji iýunynda aradan çykýar.

4. Jeýms Jorj Frezer (1854–1941) görnükli iňlis gündogarşynasydyr. Ol Şotlandiýanyň Glazgo şäherinde dermanhanaçynyň maşgalasynda dünýä inýär. Ol Glazgo we Kembrij uniwersitetlerinde okandan soň, Kembrij uniwersitetinde işleýär. Ol antropologiýa, etnologiýa, kulturologiýa, folklor we dinleriň taryhy ugurlary boýunça dünýä belli alym hasap edilýär. Ol ilkidurmuş dini ynançlaryny, folkloryny, magiýasyny, mifologiýasyny, totemizmi, animizmi öwrenmäge uly goşant goşdy. Ol 12 tomluk «Altyn şaha» («The Golden Bough») atly meşhur eseriň awtorydyr. 1879-njy ýyldan ömrüniň ahyryna çenli Kembrij uniwersitetiniň professory bolup işleýär. Ol birnäçe gezek ýokary sylaglara mynasyp bolýar. J. Frezer 1941-nji ýylda Kembrijde aradan çykýar.

5. Iňlis syýahatçysy, ýazyjysy we gündogary öwreniji alymy Edward Granwil Braun (1862–1926) Angliýanyň Glosterşir şäherinde dünýä inýär. Ol «Pars edebiýatynyň taryhy» atly dört tomluk (1902, 1906, 1920, 1924) meşhur eseriň, «Bir ýyllap parslaryň arasynda» diýen kitabyň we köpsanly makalalaryň, kitaplaryň awtorydyr. Onuň ýazan işleriniň agramly bölegi Eýran hakyndadyr. Ýönekeýligi hem-de sypaýylygy üçin, Eýranda oňa uly hormat goýupdyrlar. Bitiren hyzmatlary üçin ol Eýranyň «Ýolbars we Gün» ordenine mynasyp bolýar. 1902-nji ýyldan başlap ol Kembrij uniwersitetinde işläp başlaýar. E. Braun Kembrijde aradan çykýar.

6. Meşhur wenger arapşynasy we yslamy öwrenijisi Ignas Goldsiýer (1850–1921) Orta Gündogar ýurtlarynyň taryhyny, edebiýatyny we medeniýetini öwrenmäge ägirt uly goşant goşupdyr. Ol Wengriýanyň we Russiýanyň Ylymlar akademiýalarynyň habarçy agzasy bolupdyr. 1894-nji ýyldan Budapeşt uniwersitetiniň professory. I. Goldsiýer yslamyň taryhy, arap filologiýasy, gadymy ýewreý mifologiýasy, şeýle hem arap we gadymy ýewreý folklory boýunça köpsanly eserleriň awtorydyr. Ýewropaly görnükli gündogarşynaslaryň köpüsi ondan sapak alypdyr.

7. Nemes alymy Karl Brokkelmanyň (1868–1956) Gündogaryň taryhy, arap edebiýaty, semitologiýa boýunça ýazan işleri, onuň arap şahyrlarynyň döredijiligi bilen baglanyşykly işläp düzen bibliografik sözlükleri gündogar öwreniş ylmynyň ösüşine ägirt uly täsir etdi. K. Brokkelman Germaniýanyň Breslau, Königsberg, Berlin we Galle uniwersitetleriniň professory bolup işledi. Ol köpsanly ylmy işleriň awtorydyr. 1898–1902-nji ýyllarda onuň iki tomluk «Arap edebiýatynyň taryhy» we 1939-njy ýylda «Musulman halklarynyň we döwletleriniň taryhy» atly eserleri neşir edildi.

8. Ajaýyp nemes gündogarşynasy Teodor Nöldeke (1836–1930) Germaniýanyň Harburg şäherinde dünýä indi. Ol gündogarşynaslygyň semitologiýa, arapşynaslyk, iranistika we türkologiýa ugurlary boýunça möhüm ylmy-barlag işlerini alyp bardy. T. Nöldeke Ýewropanyň Kil, Starsburg uniwersitetleriniň gündogar dilleri boýunça professory bolup işledi. 1885-nji ýylda Peterburg Ylymlar akademiýasynyň habarçy agzasy, 1927-nji ýyldan bolsa SSSR YA-nyň hormatly agzasy boldy. Onuň Yslamyň taryhy, arap, pars we türki dilleri hem-de edebiýatlary boýunça ýazan işleri bütindünýä meşhurlygyny gazandy. T. Nöldeke Germaniýanyň Karlsrue şäherinde aradan çykdy.

9. Görnükli rus gündogarşynasy Wiktor Iwanowiç Rozen (1849–1908) musulman Gündogarynyň taryhyny öwrenmekde uly işleri bitirdi. Ol Estoniýanyň Rewel şäherinde doguldy. W. I. Rozen Peterburg uniwersitetiniň Gündogar fakultetinde arapşynaslyk ugrundan bilim aldy. Okuwy tamamlandan soň Germaniýanyň Leýpsig şäherinde professor Fleýşeriň elinde tälim alýar. 1872-nji ýylda magistrlik, 1883-nji ýylda bolsa doktorlyk ylmy derejelerine eýe boldy. 1885-nji ýyldan başlap ol Rus imperatorçylyk arheologik jemgyýetiniň Gündogar bölüminiň başlygy wezipesine bellendi. 1890-njy ýylda W. I. Rozen Peterburg YA-nyň akademikligine, 1900-nji ýylda bolsa Ylymlar akademiýasynyň wize-prezidentligine saýlandy. Ol Sankt-Peterburg uniwersitetinde arap dilinden talyplara sapak berýär. Onuň arap edebiýatynyň taryhy bilen baglanyşykly rus, nemes we fransuz dillerinde ýazylan ençeme eserleri bardyr. Onuň okuwçylaryndan A. E. Şmidt meşhur alym bolup ýetişdi. W. I. Rozen 1908-nji ýylda Sankt-Peterburgda aradan çykdy.

10. Wasiliý Wladimirowiç Bartold (1869–1930) meşhur rus-sowet gündogarşynasy, türkşynasy, arapşynasy, yslamy öwrenijisi, taryhçysy, arhiwçisi we filology bolmak bilen, Gündogar halklarynyň, şol sanda türkmen taryhyny öwrenmekde-de uly işleri bitirdi. Ol 1869-njy ýylda Peterburgda doguldy. Geljekki alym 1887-nji ýylda Peterburg uniwersitetiniň gündogar dilleri fakultetine okuwa girip, arap, pars, türki we tatar dilleri boýunça düýpli bilim aldy. 1891–1892-nji ýyllarda Günbatar Ýewropa ýurtlarynda ylmy saparda boldy, 1892-nji ýyldan başlap bolsa Peterburg uniwersitetinde işläp başlady. Alymyň ylmy makalalarydyr kitaplary Grek-Baktriýa, Kuman patyşalyklarynyň, Göktürkleriň kaganlygynyň we beýleki birnäçe döwletleriň taryhyna; sogdylaryň, toharlaryň, göktürkleriň we eftalylaryň hat-ýazuwyna; türkmenleriň, gyrgyzlaryň, özbekleriň, uýgurlaryň, täjikleriň etnogenezine; Çingiz hanyň we Teýmirleňiň neberelerine we olaryň döreden döwletleriniň geçmişine bagyşlandy. Ol Orta Aziýanyň taryhy, taryhy geografiýasy we arheologiýasy, şeýle hem Yslamyň irki taryhy we Gündogar Ýewropanyň halklary hakynda ähmiýetli işleri ýazdy. 1963–1977-nji ýyllarda Moskwada W.W. Bartoldyň eserleriniň 9 tomluk ýygyndysy neşir edildi. Meşhur alym 1930-njy ýylda Leningradda (häzir Sankt-Peterburg) aradan çykdy.

11. Aleksandr Eduardowiç Şmidt (1871–1939) W. I. Rozeniň okuwçysy bolupdyr. Ol Astrahan şäherinde harby lukmanyň maşgalasynda dünýä inýär. Tbilisiniň gimnaziýasyny altyn medal bilen tamamlandan soň, 1889–1894-nji ýyllarda Sankt-Peterburg uniwersitetinde W. Rozeniň elinde okap, yslamyň taryhy we arap edebiýaty boýunça ajaýyp alym bolup ýetişdi. 1896-njy ýylda daşary ýurda iberilýär we I. Goldsiýer ýaly meşhur gündogarşynaslardan tälim alýar. Ol köpsanly eserleriň awtorydyr. 1917-nji ýylda Orta Aziýa döwlet uniwersitetini (OADU) döretmäge gatnaşýar. XX asyryň 20-nji ýyllarynda OADU-da dürli wezipelerde işleýär. Talyplara arap dilinden sapak berýär. 1926-njy ýylda SSSR YA-nyň habarçy agzalygyna saýlanýar. 1931-nji ýylda syýasy garaýyşlary sebäpli tussag edilýär. Emma 1932-nji ýylda günäsi geçilip, Orta Aziýadan çykarylýar. 1934-nji ýylda sürgünden gelip, ýene-de Daşkende dolanyp gelýär we Türküstan jemagat kitaphanasyna işe durýar. Ol kitaphanada işlän ýyllary gündogar golýazmalaryny öwrenmek we neşir etmek işi bilen meşgullanýar. A. E. Şmidt 1938-nji ýylda ikinji gezek tussag edildi we stalinçilik eden-etdiliginiň pidasy boldy.

12. Golland arapşynasy Mihael Ýan de Gue (1836–1909) Dronreýp şäherinde doguldy. Leýden uniwersitetini tamamlady. 1866-njy ýyldan başlap Leýden uniwersitetiniň professory boldy. 1886-njy ýylda de Gue Peterburg YA-nyň habarçy agzalygyna saýlandy. Alym, esasan, orta asyr arap dilli awtorlaryň işlerini ýygnamak, öwrenmek we olary çap etmek bilen meşgullanýar. De Gue gündogarşynaslaryň topary bilen at-Tabariniň «Pygamberleriň we patyşalaryň taryhy» eserini neşir etmäge gatnaşýar. Ol al-Belazuriniň «Ýurtlaryň basylyp alnyşy» eserini we başga-da köpsanly eserleri çap edýär. De Gue 1909-njy ýylda Leýdende aradan çykdy.

13. Gamilton Aleksandr Roskin Gibb (1895–1971) görnükli iňlis arapşynasy we Yslamy öwrenijisidir. 1930-njy ýyldan başlap ol ilki London uniwersitetiniň, soňra bolsa Oksford uniwersitetiniň professory bolýar. 1955–1964-nji ýyllarda Garward uniwersitetiniň professory bolup işleýär. G. Gibb köp tomluk «Yslam ensiklopediýasynyň» 2-nji neşirini amala aşyrmaga gatnaşan alymlaryň biridir. Onuň ylmy işleri, esasan, yslamyň we

arap edebiýatynyň taryhyna, şeýle hem musulman taryhnamasynyň meselelerine bagyşlanandyr.

14. Rus we sowet gündogarşynas alymy, akademik Ignatiý Ýulianowiç Kraçkowskiý (1983–1951) 1883-nji ýylyň 4-nji martynda Wilna şäherinde düňýä inýär. 1901–1905-nji ýyllarda Peterburg uniwersitetiniň Gündogar dilleri fakultetinde okaýar. I. Ý. Kraçkowskiý 1938–1945-nji ýyllarda Rus geografiýa jemgyýetiniň wise-prezidenti bolýar. Şol bir wagtda Gündogary öwreniş institutynyň direktory wezipesini ýerine ýetirýär. Ol SSSR-iň we daşary ýurt döwletleriniň birnäçesiniň ylymlar akademiýalarynyň agzasy boldy. I. Ý. Kraçkowskiý 1951-nji ýylda aradan çykdy. Meşhur alym musulman Gündogarynyň taryhyna, edebiýatyna degişli köpsanly işleri ýazmak bilen, Gündogary öwreniş ylmyna saldamly goşant goşdy.

15. Meşhur rus gündogarşynasy, Eýrany öwreniji alym Walentin Alekseýewiç Žukowskiý (1858–1918) Russiýanyň Woronež şäherinde dogulýar. Ol 1883-nji ýylda Sankt-Peterburg uniwersitetiniň Gündogar dilleri fakultetini tamamlaýar. 1889-njy ýylda Peterburg YA-nyň agzasy we Peterburg uniwersitetiniň professory bolýar. W. A. Žukowskiniň ylmy-barlag işleri pars diliniň we edebiýatynyň meseleleri, şeýle hem Eýranyň folkloryny, etnologiýasyny we taryhyny öwrenmek bilen baglanyşykly boldy. Alym 1890-njy ýylda Zakaspi oblastynda ylmy saparda bolmak bilen, Türkmenistanyň taryhyny öwrenmäge-de uly goşant goşdy. W. A. Žukowskiý Petrogradda aradan çykdy.

16. Agafangel Ýefimowiç Krymskiý (1871–1942) gündogarşynaslyk ylmyna ägirt uly goşant goşan ukrain alymydyr. Ol Russiýa imperiýasynyň Wolyn guberniýasynyň (häzir Ukrainada) Wladimir-Wolyn şäherinde dünýä inýär. Ol asly Krym hanlygyndan bolan tatar mollasynyň neslinden bolupdyr. Şol sebäpden hem ol Krymskiý familiýasyny göteripdir. A.E. Krymskiý 1892-nji ýylda Moskwa döwlet uniwersitetiniň ýanyndaky Lazaryewiň Gündogar dilleri institutyny, 1896-njy ýylda bolsa MDU-nyň taryh-filologiýa fakultetini tamamlaýar. Hunäri boýunça terjimeçi, gündogarşynas, türkşynas we semitolog. A. E. Krymskiý 1896–1898-nji ýyllarda Siriýada we Liwanda ylmy saparda bolýar. Ol Ukrainanyň YA-ny esaslandyrmaga gatnaşyjylaryň biri bolupdyr. 1918-nji ýylda Ukraina YA-nyň hakyky agzalagyna saýlanýar. Şol ýyldan tä 1941-nji ýyla çenli Kiýewiň döwlet uniwersitetinde kafedra müdiri bolup işleýär. Ol 60 töweregi dillere suwara bolupdyr. A. E. Krymskiý Ukrainanyň milli özbaşdaklygy ugrunda ýadawsyz göreşiji bolupdyr. Şonuň üçin hem XX asyryň 20–30-njy ýyllarynda sowet düzgüni tarapyndan yzarlanylmalara we jeza çärelerine sezewar edilýär. 1941-nji ýylda tussag edilip, Gazagystana sürgün edilýär we köp wagt geçmänkä aradan çykýar. Ol Türkiýäniň, Eýranyň taryhy, pars hem-de arap edebiýaty boýunça köpsanly eserleriň awtorydyr.

17. Görnükli rus-sowet türkolog alymy Wladimir Aleksandrowiç Gordlewskiý (1876–1956) 1876-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda Finlýandiýanyň Sweaborg şäherinde doguldy. 1899-njy ýylda ol Moskwa döwlet uniwersitetiniň ýanyndaky Lazaryewiň Gündogar dilleri institutyny, 1904-nji ýylda bolsa şol uniwersitetiň taryh-filologiýa fakultetini tamamlady. Ol birnäçe ýyllap Stambulda bolmak bilen, alan bilimlerini we eýe bolan hünärini kämilleşdirdi. W. A. Gordlewskiý Türkiýäniň edebiýaty, folklory we taryhy, şeýle hem türk dili boýunça tanymal alym hökmünde uly yz galdyrdy. Onuň köpsanly ylmy işleri neşir edildi. Ol 1929-njy ýylda SSSR YA-nyň habarçy-agzalygyna, 1946-njy ýyldan bolsa akademiklige saýlandy. W. A. Gordlewskiý 1956-njy ýylyň 10-njy sentýabrynda Moskwada aradan çykdy.

18. Gadymy Gündogaryň taryhy boýunça sowet taryhçylar mekdebini esaslandyryjy Wasiliý Wasilýewiç Struwe (1889–1965) Sankt-Peterburg şäherinde doguldy. Onuň ylmy-barlag işleri gündogarşynaslyk, ýegiptologiýa (müsüri öwreniş) we assiriologiýa ýaly ugurlara bagyşlandy. Ol Sankt-Peterburgyň imperatorçylyk uniwersitetinde B. A. Turaýew, P. K. Kokowsew we M. I. Rostowsew ýaly görnükli alymlardan sapak aldy. 1911-nji ýylda uniwersiteti tamamlandan soň birnäçe ýyl Berlinde meşhur ýegiptolog A. Ermandan sapak aldy. 1916-njy ýyldan tä aradan çykýança Leningrad (Sankt-Peterburg) uniwersitetinde işledi. Ol Gadymy dünýä taryhy boýunça 400-den gowrak işiň awtorydyr. Bu işlerde Gadymy Müsüriň, Mesopotamiýanyň (Şumeriň, Wawilonyň, Assiriýanyň), Demirgazyk Siriýanyň, Urartunyň, Kawkaz ülkesiniň, Eýranyň, Palestinanyň, Kiçi Aziýanyň we Orta Aziýanyň taryhy, şeýle hem gadymy gündogar dilleri beýan edildi.

19. XX asyryň meşhur amerikan sinology Jon King Ferbenk (1907–1991) ABŞ-nyň Günorta Dakota ştatynyň Guron şäherinde dogulýar. Ol Wiskonsin, Garward we Oksford uniwersitetlerinde bilim alýar. XX asyryň 30-njy ýyllarynda Pekiniň Sinhua uniwersitetinde işleýär. 1936-njy ýylda Garwardda doktorlyk dissertasiýasyny üstünlikli goraýar. Ikinji Jahan urşundan soň ol Garward uniwersitetinde işläp başlaýar. Alymyň Hytaýyň taryhyna degişli köpsanly işleri neşir edildi. Ferbenk «Gündogar Aziýa barlaglarynyň merkezi» atly ylmy institut döredýär we köp ýyllap onuň prezidenti bolup işleýär. Jon King Ferbenk 1991-nji ýylyň 14-nji sentýabrynda aradan çykýar.

20. Amerikan magaryfçysy, Ýaponiýanyň we Gündogar Aziýanyň taryhy hem-de medeniýeti boýunça görnükli alym Edwin Oldfater Raýşauer (1910–1990) 1910-njy ýylyň 15-nji oktýabrynda Tokioda doguldy. 1961–1966-njy ýyllarda ABŞ-nyň Ýaponiýadaky ilçisi bolup işledi. ABŞ-nyň Garward uniwersitetini tamamlandan soň, Garward we Kembrij uniwersitetlerinde mugallymçylyk edýär, soňra bolsa Garward-Ýanszy institutynyň direktory bolup işleýär. Onuň Ýaponiýanyň we Hytaýyň taryhyna degişli köpsanly işleri bardyr. E. O. Raýşauer 1990-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda ABŞ-da (Kaliforniýa) aradan çykdy.

21. Tanymal nemes gündogarşynas alymy Bertold Şpuler (1911–1990) 1911-nji ýylyň 5-nji dekabrynda Germaniýanyň Karlsrue şäherinde dogulýar. Alym Eýranyň taryhy, filologiýasy we çeşmeşynaslygy boýunça görnükli alymlaryň hatarynda tanalýar. Ol köp ýyllaryň dowamynda Münhen uniwersitetiniň professory wezipesinde işlemek bilen, Eýranyň taryhy, edebiýaty we çeşmeşynaslygy boýunça köpsanly ylmy işlerini çap etdirdi. B. Şpuler 1990-njy ýylyň 6-njy martynda Gamburgda aradan çykdy.

22. Rus-sowet alymy, taryh ylymlarynyň doktory Lew Nikolaýewiç Gumilýow (1912–1992) Gündogary öwreniş ylmyna, hususan-da, türki halklaryň taryhyny öwrenmek işine mynasyp goşant goşdy. Ol 1912-nji ýylda Sarskoýe Seloda (Sankt-Peterburgyň golaýy) belli şahyrlar Nikolaý Gumilýowyň we Anna Ahmatowanyň maşgalasynda dünýä indi. Kakasy 20-nji ýyllaryň başlarynda syýasy terroryň pidasy boldy, ejesi bolsa bütin ömrüni sowet düzgüni bilen göreşlerde geçirdi. Şol sebäpden hem L. N. Gumilýowyň durmuşy hem uly kynçylyklarda geçdi. Stalinçilik düzgüni tarapyndan yzarlanmalara sezewar edilendigine we köp ýyllaryň dowamynda lagerlerde hem-de türmelerde oturmaly bolandygyna garamazdan, L. N. Gumilýow türki-mongol halklarynyň taryhy boýunça meşhur alym bolup ýetişdi. Ol 1956-njy ýyldan başlap, tä 1986-njy ýyla çenli, ýagny pensiýa çykýança ilki Ermitažda, soňra bolsa Leningrad (Sankt-Peterburg) döwlet uniwersitetiniň ýanyndaky Geografiýa ylmy-barlag institutynda işledi. Onlarça ylmy kitaplaryň hem-de makalalaryň awtory L. N. Gumilýow 1992-nji ýylda Sankt-Peterburgda aradan çykdy.

PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň gumanitar ylymlary boýunça teklip edilýän ylmy-nazary işleri

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. I tom. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007.
7. Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir. Aşgabat, 2008.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. Aşgabat, 2008.
11. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-nji goýberiliş. Aşgabat, 2008.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow.*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. Aşgabat, 2009.
13. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, 2009.
14. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. XI tom. Aşgabat, 2019.
15. *T. Jürdekow.* Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk. Aşgabat, 2009.
16. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 2-nji goýberiliş. Aşgabat, 2009.
17. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I–II t. Aşgabat, 2010.

18. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – melhemler mekany. Aşgabat, 2010.
19. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. Aşgabat, 2011.
20. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Janly rowaýat. Aşgabat, 2011.
21. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet guşy. Aşgabat, 2013.
22. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ynsan kalbynyň öçmejek nury. Aşgabat, 2014.
23. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Medeniýet halkyň kalbydyr. Aşgabat, 2014.
24. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan. Aşgabat, 2014.
25. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. Aşgabat, 2014.
26. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Suw – ýaşaýşyň we bolçulygyň çeşmesi. Aşgabat, 2015.
27. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. Aşgabat, 2015.
28. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ile döwlet geler bolsa. Aşgabat, 2015.
29. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmen medeniýeti. Aşgabat, 2015.
30. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Çaý – melhem hem ylham. Aşgabat, 2016.
31. Paýhas çeşmesi. Aşgabat, 2016.
32. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Arşyň nepisligi. Aşgabat, 2016.
33. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Mertler Watany beýgeldýär. Aşgabat, 2016.
34. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar. Aşgabat, 2017.
35. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. Aşgabat, 2017.
36. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. 2-nji kitap. Aşgabat, 2018.
37. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Enä tagzym – mukaddeslige tagzym. Aşgabat, 2018.
38. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Atda wepa-da bar, sapa-da. Aşgabat, 2019.

Esasy ylmy edebiýatlar:

1. Абдулхалимов Б. Калиф аз-Зухур. – Ташкент, 1994.
2. Abdysetdar Kazy. Jeňnama. – Aşgabat, 1992.
3. Abul Gazy. Şejereýi terekime. Aşgabat, 1992.
4. Ал-Хусейни, Садр-ад-Дин Али. Ахбар ад-Доулат ас-Сельджукия. – М., 1980.
5. Annaorazow J. we başgalar. Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhy. – Aşgabat, 2012.
6. Annaorazow J. we başgalar. Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhy. – Aşgabat, 2013.
7. Annaorazow J. we başgalar. Orta asyrlar taryhy. – Aşgabat, 2012.

8. Awesta. Aşgabat, 2004.
9. Арабские источники VII–X вв. – Москва-Ленинград, 1960.
10. Арабские источники X–XII вв. – Москва-Ленинград,1965.
11. Арабо-персидские источники о тюркских народах. – Фрунзе, 1973.
12. Ал-Хусейни Садр ад-Дин Али. Ахбар ад-Доулат ас-Сельджукия. – Москва, 1980.
13. Аннинский С. А. Известия венгерских миссионеров XIII века о татарах и Восточной Европе // Исторический архив. Т. 3. – Москва-Ленинград, 1940.
14. Армянские источники о монголах. – Москва, 1962.
15. Артхашастра или наука политики. – Москва, 1993.
16. Базарова Б. Э. Летопись «Монгол борджигид обогун теукэ» как источник по истории Монголии. Автореф. канд. дис. – Москва, 1981.
17. Балданжапов П. Б. [Мэргэн-гэгэн]. Altan Tobci. Монгольская летопись XVIII в. – Улан-Удэ, 1970.
18. Балданжапов П. Б. Монгольская летопись «Эрдэнийн Эрихэ» и ее значение в монгольской историографии. – Монгольский сборник. Экономика, история, археология. – Москва, 1959.
19. Бейсембаев Т. Тарихи Шахрухи. – Ташкент, 1983.
20. Бейхаки Абул Фазл. История Масуда. – Москва, 1969.
21. Бичурин Н.Я. Собрание сведений о народах, обитавших в Средней Азии в древние времена. – Москва-Ленинград, 1950.
22. Бичурин Н.Я. История первых четырёх ханов из дома Чингизова. – Москва, 1996.
23. Бира Ш. Монгольская историография XIII–XVII вв. – Москва, 1978.
24. Ближний и Средний Восток (История, культура, источниковедение). Сб.ст. – Москва, 1968.
25. Бойко К. А. Арабская историческая литература в Египте (VIII–IX). – Москва, 1983.
26. Бойко К. А. Арабская историческая литература в Египте (X–XII). – Москва, 1983.
27. Бонгард-Левин Г. М. Древнеиндийская цивилизация. – Москва, 2000.
28. Бонгард-Левин Г. М. Древняя Индия: История и культура. – Москва, 2008.
29. Бонгард-Левин Г. М. Индия: этнолингвистическая история, политико-социальная структура, письменное наследие и культура древности. – Москва, 2003.
30. Бонгард-Левин Г. М., Ильин Г. Ф. Индия в древности. Санкт-Петербург, 2001.
31. Вахидов Ш. Аваз Мухаммед «Тарих-и Джаханнама». – Ташкент, 1990.
32. Вигасин А. А., Дандамаев М. А., Кузищин В. И. и др. История Древнего Востока. – Москва, 2001.
33. «Великая хроника» о Польше, Руси и их соседях XI–XIII вв. – Москва, 1987.

34. Вигасин А. А., Самозванцев А. М. «Артхашастра» (проблемы социальной структуры и права). – Москва, 1984.
35. Вигасин А.А. Южная Азия. – В кн.: Источниковедение истории Древнего Востока. – Москва, 1984.
36. Владимирцов Б. Я. Общественный строй монголов. Монгольский, кочевой феодализм. – Ленинград, 1934.
37. Горохова Г. С. Очерки по истории Монголии в эпоху маньчжурского господства (конец XVII – начало XX в.в.). – Москва, 1980.
38. Гумилев Л.Н. Хунну. – Москва, 1960.
39. Гумилев Л.Н. Древние тюрки. – Москва, 1967.
40. Далай Ч. Монголия в XIII-XIV веках. – Москва, 1983.
41. Джиованни де Плано Карпини. История монголов. Гийом де Рубрук. Путешествие в восточные страны. Марко Поло. Путешествие. – Ленинград, 1997.
42. Ермаченко И. С. Политика династии Цин в Южной и Северной Монголии в XVII в. – Москва, 1974.
43. Жамцарано Ц.Ж. Монгольские летописи XVII в. – Москва-Ленинград, 1936.
44. Златкин И.Я. Очерки новой и новейшей истории Монголии. – Москва, 1957.
45. Златкин И. Я. История Джунгарского ханства. 1653–1758. Изд. 2. – Москва, 1983.
46. Ибн Джубайр. Путешествие. – Москва, 1961.
47. Ибн Хордадбех. Книга путей и стран. – Москва, 1955.
48. Исмаилова Ю. Тарих Мухтасар. – Ташкент, 1995.
49. Исматов М. Тарихи – Табари. – Душанбе, 1994.
50. История Востока. Восток в Средние века. М., 1995. Т. 2.
51. Игорьев А. П. Монгольская дипломатия XIII–XV вв. (Чингизидские жалованные грамоты). – Москва, 1978.
52. История Востока. – Москва, 2001.
53. История Ирана. – Киев, 2003.
54. История Ирана с древнейших времен до конца XVIII в. – Москва, 1958.
55. Источниковедение и текстология средневекого Ближного и Средного Востока. – Москва, 1981.
56. Источниковедение Африканской истории. – Москва, 1977.
57. Историография и источниковедение истории стран Азии и Африки. Сб. ст. – Москва, 1965.
58. Историография и источниковедение стран Зарубежного Востока, Дальнего Востока и Юго-Восточной Азии. – Москва, 1967.
59. Кара Г. Книги монгольских кочевников. – Москва, 1972.
60. Китайские документы из Дунхуана (IV–XI вв). – Москва, 1961.
61. Козин С. А. Сокровенное сказание. Монгольская хроника 1240 г. – Москва-Ленинград, 1941.

62. Король Б. И. Монгольская летопись «Болор толи». – Монгольский сборник. Экономика, история, археология. – Москва, 1959.
63. Конрад Н. И. Японская литература в образцах и очерках. – Ленинград, 1927.
64. Конрад Н. Повесть о Гэндзи, блистательном принце. //«Восток», кн. IV. – Москва, 1924.
65. Крадин Н.Н., Скрынникова Т.Д. Империя Чингиз-хана. М., 2006.
66. Кычанов Е. И. Кочевые государства от гуннов до маньчжуров. – Москва, 1997.
67. Курпалидис А.А. Ступени совершенствований катибов. – Москва, 1982.
68. Литература Востока в средние века. – Москва, 1970.
69. Кюнер Н.В. Китайские известия о народах Средней Азии, Южной Сибирии и Дальнего Востока. – Москва, 1962.
70. Лауфер Б. Очерк монгольской литературы. – Ленинград, 1937.
71. Лубсан Данзан. Алтан Тобчи («Золотое сказание»). Пер. с монг., коммент. и примеч. Н. П. Шастиной. – Москва, 1973.
72. Meredow Aşyrpur. Seljuklar döwrűniň tűrkmen edebiýaty. – Aşgabat, 1982.
73. Майданов А. С. Тайны великой «Ригведы». – Москва, 2002.
74. Малик-ал-Джувейни. История миропокорителя. – Ташкент, 1952.
75. Михайлов Г. И. «Сокровенное сказание» и «Алтан Тобчи». Материалы по истории и филологии Центральной Азии. – Улан-Удэ, 1962.
76. Михайлов Г. И. Литературное наследство монголов. – Москва, 1969.
77. Михайлов Г. И., Яцковская К. Н. Монгольская литература. Краткий очерк. – Москва, 1969.
78. Мункуев Н.Ц. Китайский источник о первых монгольских ханах. – Москва, 1974.
79. Мухаммед ал-Хамави. Ат-Тарих ал-Мансури. Ленинград, 1960.
80. Мухаммед Казим. Намеи аламараи Надири (Мироукрашающая Надирова история). – Москва, 1966.
81. Мэн-да бэй-лу («Полное описание монголо-татар»). – Москва, 1975.
82. Nesewi Muhammet. Soltan Jelaleddin Meňburnuň öműr beýany. – Agabat, 2001.
83. Nyzam al-Műlk. Syýasatnama. – Aşgabat, 1998.
84. Познер П.В. Древний Вьетнам. – Москва, 1980.
85. Познер П.В. Древний Вьетнам Проблемы летописания. – Москва, 1980.
86. Полное собрание русских летописей. Т. 1. Лаврентьевская летопись. – Москва, 1997.
87. Полное собрание русских летописей. Т. 2. Ипатьевская летопись. – Москва, 1998.
88. Полное собрание русских летописей. Т. 9. Никоновская летопись. – Москва, 1965.
89. Полное собрание русских летописей. Т. 25. Московский летописный свод конца XV века. – Москва-Ленинград, 1949.
90. Полосин В.В. Фихрист. – Ленинград, 1984.

91. Пучковский Л. С. Монгольская феодальная историография XIII–XVII вв. – Москва–Ленинград, 1953.
92. Рахмани А.А. «Тарих-и аламарайи Аббаси» – как исторический источник по истории Азербайджана. – Баку, 1982.
93. Рашид ад-Дин. Джами ат-Таварих. Сборник летописей. – Москва-Ленинград, 1946-1960.
94. Рашид-ад-Дин. Сборник летописей. Т. 1–3. – Москва-Ленинград, 1952–1966.
95. Рахматов И. Зарар-намай-и Хусров. – Душанбе, 1988.
96. Rejepow R. Gadymy tűrkmen edebiýaty. – Aşgabat, 1990.
97. Сапаров М. «Дженги – Мерв» – как исторический источник по истории Туркменистана. – Ашхабад, 1988.
98. Современное зарубежное источниковедение. – Москва, 1983.
99. Сокровенное сказание монголов. – Улан-Удэ. 1990.
100. Тарихи Систан. – Москва, 1964.
101. Термези Х.С. Дастур ал-Мулук. – М., 1971.
102. Тер-Мкртчян Л.Н. Армянские источники о Средней Азии VIII–XVIII вв. – Москва, 1985.
103. Трепавлов В.В. Государственный строй монгольской империи XIII века. Проблемы исторической преемственности. – Москва, 1993.
104. Хамраев У. Мухаммед Амин и его сочинение «Мухиб ат-Таварих». – Ташкент, 1970.
105. Хачатрян А.А. Корпус арабских надписей в Армении в VIII–XVI вв. – Ереван, 1987.
106. Шара Туджи. Монгольская летопись XVII в. Сводный текст, пер., коммент. и примеч. Н. П. Шастиной. – Москва-Ленинград, 1957.
107. Шарма Р. Ш. Древнеиндийское общество. – Москва, 1987.
108. Шохин В.К. Брахманистская философия: начальный и раннеклассический периоды. – Москва, 1994
109. Эвлия Челеби. Книга путешествий. – Москва, 1972.

MAZMUNY

Giriş 7

I bap. Hytaýyň taryhy boýunça gadymy we orta asyr çeşmeleri

Hytaýyň taryhynyň Sýa, In we Günbatar Çžou döwürlerine degişli ýazuw çeşmeleri (b. e. öňki II müňýyllyk – b.e. öňki VIII asyr) 13
Çunsýu-Çžango döwrüniň çeşmeleri (b. e. öňki VIII–III asyrlar) 15
Sin-Han döwrüniň ýazuw ýadygärlikleri (b. e. öňki III – b. e. III asyrlary) 18
Hytaýyň orta asyrlar döwrüniň çeşmeleri (III–XVII asyrlar) 21
Dunhuan resminamalary 24
Hytaýyň taryhy boýunça taryhy ensiklopediýalar we syýahatçylaryň ýazgylary . . . 25
Türkmenleriň we türki halklarynyň taryhy boýunça hytaý dilli çeşmeler 26

II bap. Hytaýyň taryhynyň taryhnamasy

Hytaý taryhnamasy b. e. I asyryna çenli döwürde 31
Hytaýyň taryhynyň orta asyrlar döwrüniň taryhnamasy 34
Hytaýyň Täze taryh döwrüniň taryhnamasy 35
Hytaýyň taryhynyň daşary ýurt taryhnamasy 37

III bap. Koreýanyň taryhy boýunça ýazuw çeşmeleri

Koreýanyň taryhy boýunça hytaý çeşmeleri 39
Koreýanyň taryhy boýunça ýerli ýazuw çeşmeleri 42
Kim Busigiň «Samguk sagi» eseri we onuň Koreýanyň taryhyny öwrenmekde ähmiýeti 43
Li nesilşalygy döwrüniň (1392–1910) ýazuw ýadygärlikleri 44

IV bap. Koreýanyň milli taryhnamasy

Koreýada ýerli taryhnama däpleriniň ýüze çykmagy 45
Ösen orta asyrlar zamanynda resmi taryhnamanyň kemala gelmegi 47
Konfusiýaçy-sarimleriň taryhnamasy 47
Sirhaklaryň taryhnamasy 49
Koreýada buržuaz-watançy taryhnamanyň ýüze çykmagy 49
Koreýanyň ýapon kolonial taryhnamasy 50
Koreýanyň häzirki zaman taryhnamasy we onuň esasy ugurlary 51

V bap. Ýaponiýanyň taryhy boýunça ýazuw çeşmeleri

Ýaponiýada taryhy eserleriň peýda bolup başlamagy 53
Ýaponiýanyň taryhy boýunça kanunçylyk eserleri 54
Fudokiler 56
Kogo-sýui 57
Mokkan ýazgylary 58
Norito 59
Ýaponiýanyň geçmişi hakynda taryhy hekaýatlar 59

VI bap. Ýaponiýanyň taryhynyň taryhnamasy

Ýaponiýada ylmy taryhnamanyň ýüze çykmagy 62
Ýaponiýanyň milli taryhnamasynyň esasy ugurlary we ylymda ýapon taryhynyň meseleleriniň goýluşy 63
Häzirki zaman ýapon taryhnamasynda feodalçylyk döwrüniň meseleleriniň öwrenilişi 65
Ýaponiýanyň milli taryhnamasynda döwürleşdiriş meselesi 67

VII bap. Mongoliýanyň taryhy boýunça çeşmeler

Mongollaryň irki döwrüne degişli ýazuw ýadygärlikleri 69
Mongoliýanyň taryhy boýunça hytaý çeşmeleri 72
Mongollaryň ýörişleri barada keseki ýurtly taryhçylaryň eserleri 74

VIII bap. Mongoliýanyň taryhynyň taryhnamasy

Mongoliýanyň milli taryhnamasy 78
Mongoliýanyň rus we sowet taryhnamasy 81
Mongoliýanyň taryhy boýunça Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň alymlarynyň işleri 83

IX bap. Günorta – Gündogar Aziýa ýurtlarynyň çeşmeşynaslygy we milli taryhnamasy

Wýetnamyň taryhy boýunça çeşmeler 85
Wýetnamyň taryhynyň taryhnamasy 88
Indoneziýanyň häzirki zaman milli taryhnamasy we onuň esasy ugurlary 90
Taýlandda milli taryhnamanyň döremegi 93
Mýanmanyň XX asyr taryhnamasy 96

X bap. Hindistanyň taryhy boýunça çeşmeler

Weda edebiýaty 99
Dharmaşastrlar 102
Hindistanyň taryhy boýunça musulman çeşmeleri 105
Adylşalar we Kutubşalar döwletleriniň taryhyna bagyşlanan eserler 111
Beýik Mogollar döwletiniň döwründe ýazylan taryhy eserler 111

XI bap. Hindistanyň taryhynyň taryhnamasy

Hindistanyň ýewropa taryhnamasy 114
Hindistanyň milli taryhnamasy 125

XII bap. Eýranyň taryhy boýunça çeşmeler

Eýranyň gadymy taryhy boýunça çeşmeler 130
Eýranyň orta asyr çeşmeşynaslygy 132
Eýranyň taryhy boýunça arap dilli geografik çeşmeler 135
Gaznalylar we Seljuklar döwründe Eýranyň taryhy barada ýazylan eserler 138
Eýranda Hulagulary we Teýmirileriň hökümdarlygy baradaky çeşmeler 142
Eýranyň taryhynyň sefewiler, awşarlar we gajarlar döwürleriniň taryhy boýunça çeşmeler 149

XIII bap. Eýranyň taryhynyň taryhnamasy

Eýranyň orta asyr taryhnamasy 157
Eýranda ylmy taryhnamanyň ýüze çykmagy 159
Eýranyň taryhynyň daşary ýurt taryhnamasy 164

XIV bap. Türkiýäniň taryhy boýunça çeşmeler

Rumdaky Seljuk türkmenleriniň döwletiniň taryhy boýunça ýazuw ýadygärlikleri 167